


*Reşat Nuri Güntekiniň «Saýrak guş» romany 1922-nji ýylda çap edilip, ýazyja dessine şöhrat getiripdir. Bu roman häzir hem dünýäniň birnäçe ýurtlarynda söýlüp okalýan eserleriň biridir. Romanyň şeýle şöhrat gazanmagynda 1986-njy ýylda düşürilen ýedi bölümli çeper filmiň hem ähmiýeti uludyr.*

*Eserde Feride atly ýaş mugallyma hakda gürrüň berilýär. Onuň başdan geçiren kynçylyklarynyň üsti bilen ýazyjy Osman döwletiniň soňky ýyllaryndaky durmuşyny, halkyň hal-ýagdaýyny ussatlyk bilen suratlandyrýar, jemgyýetiň nogsanlyklaryny açyp görkezýär. Zenanyň jemgyýetdäki orny eseriň baş mowzugydyr.*

*Roman iňlis, rus, nemes, fransuz, italýan, ispan we başga-da birnäçe dillere terjime edilip, dünýä edebiýatynyň nusgawy eserine öwrüldi. Bu gün ol iň belli türk romanlarynyň biri hasaplanylýar.*

## Birinji bölüm

*B..., sentýabr, 19... ý.*

Men dördünji synpda okaýardym. Ýaşymam on iki töweregidi. Fransuz dili mugallymamyz Aleksi hanym bir gezek bize bir ýumuş tabşyrdy:

— Özüňizde çagalykdan galan täsirleriň ilkinjilerini beýan etjek bolup görüň. Göreliň, nämeler ýadyňyza düşýärkä?.. Munuň özi siziň huşuňyz üçin gowy maşk bolar.

Men özümi bilelim bäri örän garagoldym, ýaňradym. Şonuň üçin hem meniň bezzatlyklarymdan bez bolan terbiýeçiler bir gün meni ýoldaşlarymdan aýryp, çetdäki bir adamlyk parta geçirdiler oturyberdiler.

Müdirimiz bolsa:

— Köp geplemäňi we joralaryňa päsgel bermäňi bes edinçäň, sapak wagty özüňi idili alyp barmany öwreninçäň, sen şu ýerde — sürgünde ýeke özüň oturmaly bolarsyň — diýdi.

Meniň sag tarapymda jaýyň ýokarsyna çenli uzalyp gidýän agaç sütün bardy. Ony agras, dymma, şilliň, uzyn bir kişä meňzetmek boljakdy, hernäçe jan etseňde, ony sabyr-takatdan düşürip bolanokdy. Men çakgymyň ujy bilen onuň dumly-duşuny çyzym-çyzym edip çyksam-da, ol bularyň baryna döz gelýärdi.

Beýleki tarapymda tagta gapylary hiç haçan açylmaýan uzyn bir penjire bardy. Göwnüme bolmasa, ol penjire keşişhana terbiýesiniň berlişi ýaly, ýörite bir salkynlyk we içgysgynç alagaraňkylyk döretmek üçin goýlan ýalydy. Men möhüm bir açyş etdim. Döşüňi parta diräp, kelläňi çala galdyrdygyň, penjiräniň gapysynyň yşlaryndan gögüň bir bölejigini, gök akasiýanyň şahajygyny, ýalňyz oturan penjiräni we eýwanyň gözenegini görse bolýardy.

Gepiň keltesi, bu görnüş onçakly göwünden turýan zat däldi. Penjire-hä hiç haçan açylmaýardy, eýwanyň gözeneginde bolsa hemişe diýen ýaly kiçijik çaga düşekçesi bilen ýorgany asylgy durardy. Ýöne men muňada şükür edýärdim.

Sapak wagty men kellämi gowşurylgy gollarymyň üstüne goýup oturýardym, meniň bu oturyşym mugallymlaryň göwnünden turýardy, penjiräniň gözeneklerinden görünýän hakyky mawy asmana seredenimde bolsa, olar meni düzelip başlandyr öýdüp, öňkülerinden hem beter begenýärdiler. Şeýdip, terbiýeçilerimi aldaýanlygyma, arymy alýandygyma monça bolýardym. Göwnüme bolmasa, olar bizden penjiräniň aňyrsyndaky durmuşy ýaşyrýan ýalydy...

Işi nähili ýazmalydygyny düşündireninden soň, Aleksi bajy bizi öz erkimize goýberdi.

Birinji hatarda oturýan, synpyň bezegi hasap edilýän gyzlar şobada işe girişdi. Men olaryň ýanynda oturamokdym, eginleriniň üstünden depderlerine-de seredemokdym, ýöne näme ýazýandyklaryny bilýärdim. Ol şeýleräk manydaky goşgy äheňinde ýazylan toslamady:

«Durmuşda ilkinji ýat beklän zadym, ol hem mähriban ejem janyň kiçijik ýatyş sekimiň üstünden mähirdir söýgi bilen maňa bakýan asman reňkli mawuja gözleridi, onuň zülplerem altynsowdy...»

Aslynda, eje görgülilerde altynsow we mawy reňkler bolman, beýleki reňkleriň bolmagy hem mümkin, emma bu iki reňk soeurs gyzlary bolan biz üçin hökmany reňklerdi hem-de kadady.

Özüm barada aýdylanda bolsa, men üýtgeşik çagadym. Men ejemden juda ir galdym. Ol çala ýadyma düşýär, ýöne bir zat welin hakydamdan çykanok, onuň altyn öwüsýän saçlary, asman reňkli mawy gözleri ýokdy. Hakydamda galan ejemiň keşbini başga keşp bilen çalşyrmaga meni dünýäde mejbur edip biljek güýç ýokdy.

***

Men kelläme agram salyp oturdym. Näme hakda ýazsamkam? Merýem enäniň diwardaky suratynyň aşagynda asylgy duran jykgyldaýan sagat dynman işleýärdi, meniň bolsa şol oturyşymdy. Kellämdäki talasy çözüp, saçlarymy düzedişdirdim, olary gözlerime düşer ýaly edip goýberdim. Bir elim bilenem galamymy agzyma saldym-da, çeýneşdirip kül owram etdim...

Pelsepeçileriň, şahyrlaryň bir zat ýazanlarynda burnuny gaşamak, ellerini alkymlaryna diremek endikleriniň bardygyny eşidýärdim. Galamy dişlemek we saçlarymy gözlerimiň üstünden goýbermek hem çuňňur oýa batanlygymyň alamaty bolsa gerek. Bagtyma, beýle ýagdaýlar seýrek duş gelýärdi.

Bagtyma diýýänmi?.. Hawa! Ýogsam biziň rowaýatlarymyzdaky meşhur Çarşenbe-karysy we Ojak enesi ýaly hekaýalaram çöşlemesi kyn ýumaga meňzärdi.

***

Ýyllar geçdi... Ynha, indi men ýat bir şäherde, ýat bir myhmanhanada ýeke özüm oturyp, ýadyma düşen zatlaryň baryny gündeligime ýazyşdyrýardym. Ýazýanlygymyň sebäbi hem bäri-bärlerde tamamlanmajak gijäni birneme gysgaltmak üçindi!.. Ýene-de çagalykda edişim ýaly, saçlarymy seçelendirip, gözlerimiň üstünden goýberdim.

Bu endik nireden peýda bolduka? Göwnüme bolmasa, men kiçijikkäm juda geleňsiz, juda ýeňilkelle, durmuşyň ähli hadysalaryna lükgeligi bilen uýup, takdyra ten beren çaga meňzeýän. Soňra bolsa maňa lapykeçlik aralaşan bolarly, şol sebäpli-de, öz içki dünýäm bilen gümra bolmak üçin saçlarymdan perde ýasanyp, dünýäden üzňe bolmak isleýän bolsam gerek.

Çişligiň syhy ýaly edip, galam çeýnemek endiginiň mende haçan dörändigi, dogrymy aýtsam ýadyma düşenokdy. Men diňe bir zady bilýärin, syýa zerarly dodaklarym hemişe melewşe öwser durardy. Mekdepdekäm (men o wagtlar eýýäm uly gyzdym) meni nätanyş adamyň ýanyna alyp bardylar. Ol adamynyň murtlary syh-syh bolup durdy. Onuň näme üçin gelenini aýdanlarynda men utanjymdan ýaňa ýere girip bilmedim.

Men nämäni gürrüň berip otyrdymkam?.. Hawa... Aleksi hanym ýazuw sapagynda «Ilkinji ýatlamalarym» diýen mowzukdan beýannama ýazmagy tabşyrypdy. Hernäçe jan etsem-de, diňe: «Men balyk kimin kölde doglan bolmaly... Ejem çala ýadymda... Kakamam, hyzmatçymyz Hüseýinem ýadymda... Köçede yzymdan kowalan keltaýak gara köpek hem ýadymda... Bir gezek sebetden üzüm ogurlanym, şonda arynyň barmagymdan çakany hem ýadymda... Gözüm agyryp, oňa gyzyl derman damdyryşlary hem ýadymda... Sarpaly hyzmatçymyz Hüseýin bilen Stambula barşymyz hem ýadymda... Başga-da köp zatlar ýadyma düşýär... Ýöne bularyň hiç biri-de ilkinji ýatlamalarym däldi. Bular has soň bolup geçipdi.

Ýadyma düşýär, men birwagtlar söýgüli kölümde suwa düşerdim. Kölüň uç-gyrasy ýokdy, ol deňze meňzeýärdi. Onuň içinde iri-iri ýapraklar ýüzer ýörerdi, dört tarapy bolsa agaçlar bilen gurşalgydy... Siz ýüzi ýaprakdan doly, çar tarapy agaç bolup duran köl nädip deňze meňzeýär? — diýip geňirgenersiňiz. Walla çynym, ýalan sözlämok, bu ýagdaýa siz ýaly özümem geňirgenmän duramok... Emma bu şeýle-dä... Etjek alajyň ýok...» diýip ýazdym.

Soň synpda düzmämi okanlarynda gyzlaryň bary maňa tarap öwrülip, hezil edip gülüşdiler. Aleksi hanym görgüli olaryň gülkülerini zordan goýduryp, ümsümligi kynlyk bilen ýola goýupdy.

***

Onuň gözuňi gamaşdyryp barýan ýakasy ak gara paltosy aýal pürenjegini ýada salýardy. Egerde şu mahal naryň gülüni ýadyňa salýan gyrmyzy dodakly Aleksi hanym öňümden çykaga-da, öňki soragyny berse, megerem, şol fransuz dili sapagynda beren jogabymdan başga jogap berip bilmezmikäm diýýän, ýene-de — balyk ýaly kölde dogulypdyryn diýerdim.

Soň-soňlar ondan-mundan eşidişime görä, meniň diýýän kölüm Mosulyň töweregindäki ady ýadymda durmaýan kiçijik obanyň ýanynda eken. Meniň bu uçgyraksyz hasap edýän kölüm hem gurap barýan derýanyň gapdalyndaky daş-töweregi birnäçe agaçly ýata suw ekeni.

***

Kakam şol wagtlar Mosulda gulluk edýän eken. Menem iki ýarym ýaş töwereklerinde ekenim. Tomus jöwzaly bolansoň, şäherde galmak gaty kyn bolupdyr. Kakam her gün ir bilen atyna atlanyp, Mosula gidip, agşam Gün ýaşanyndan soň bolsa gaýdyp gelýän ekeni.

Ejem agyr hassa bolansoň, maňa idi-yssuwat edip bilmändir. Esli wagtlap ugruma sereden bolmandyr, men ertirden agşama çenli wagtymy boş otaglarda emedekläp geçiripdirin. Ahyrsoňy goňşy

obadan Patma atly hossarsyz bir aýaly tapypdyrlar. Patmanyň golaýda oguljygy ýogalan eken. Ol aýal meni öz göwsünden emdirip, ene söýgüsiniň näzik mähirini maňa siňdiripdir.

Men bu sähraýy ülkäniň ähli çagalary ýaly ösüp-ulalypdyryn. Patma edil çuwal baglan ýaly meni arkasyna daňyp, Günüň astynda gezdiripdir, hurma agaçlarynyň depesine alyp çykypdyr.

Şol wagtlar biziň oba göçüp gelen döwrümiz eken. Patma her gün ir bilen iýer-içer ýaly zat alyp, meniň bilen tokaýa gider eken we eşiklerimi çykaryp, suwda oturdar ekeni. Biz agşama çenli şol ýerde bolupdyrys, suwa düşüpdiris, aýdym aýdypdyrys, oduk-buduk garbanypdyrys. Ukymyz gelende gum üýşürip, ýassyk edinipdiris we biri-birimize gysmyljyraşyp, gujaklaşyp uka gidipdiris. Şonda biziň göwrämiz suwda, kellelerimiz bolsa daşynda galypdyr.

Suwuň içinde oýnamaga şeýlebir öwrenişipdirin welin, Mosula gaýdyp gelenimizde özümi deňizden jyda düşürilen balyk ýaly duýýardym. Hemişe birsyhly hötjetlik edip, pursat tapdygym eşiklerimi çykarýardymda, ýalaňaç halda köçä çykardym. Patmanyň ýüzi we elleri sanjylyp çekilen suratlar bilen bezelgidi. Muňa halys öwrenişenim sebäpli, suratsyz ýüzler maňa bedroý bolup görünýärdi. Meniň ilkinji hasratym Patma bilen aýrylyşmagym sebäpli boldy. Şäherden şähere göçüp ýörşümize biz ahyrsoňy Kerbela ýetdik. Dört ýaşym dolupdy. Şol ýaşda adam eýýäm ähli zada düşünip başlaýar eken...

Patmanyň bagty açylyp, durmuşa çykdy. Onuň ýene täze gelin bolşy şu günki ýaly ýadymda: ýüzlerinde Patmanyňky ýaly sanjylyp çekilen suratlar bar bolansoň, juda owadan görünýän aýallar meni gujakdan gujaga geçirip, ahyrsoňy Patmanyň ýanynda oturtdylar. Ortada goýlan uly tegelek mejimelerdäki tagamlary alyp iýişimiz şu günki ýaly ýadymda. Depleriň sesinden, suw küýzesi ýaly mis depreklerden çykýan gümmürdiden ýaňa kelläm güwläp durdy. Ahyrsoňy ýadawlyk öz emrini ýöredip, enekämiň dyzynda uklap galypdyryn.

Ogly Hüseýin Kerbelada şehit bolanda Fatima enemiziň diri bolandygyny-bolmandygyny-ha bilemok, ýöne betbagt ene şol elhenç güne çenli ýaşan bolsa, onuň çeken ahy-zary toý gününiň ertesi nätanyş aýalyň gujagynda oýananymda çeken ahy-nalamyň ýanynda hiç zat bolsa gerek.

Gepiň keltesi, şunuň ýaly elhenç hasraty Kerbela düýbi tutulaly bäri görmedimikä diýýärin. Aglamakdan ýaňa sesim gyrlyp gidensoň, uly adamlar ýaly, açlyk yglan etdim.

Ençeme aý geçeninden soň, Hüseýin diýen atly goşun esgeri enekäm baradaky gussamy köşeşdirmäge kömek etdi. Ol okuw-türgenleşik wagty atdan ýykylyp, maýyp bolupdy. Kakam ony öz ýanyna günlükçi edip aldy.

Hüseýin täsin adamdy. Ol maňa gaty bahym öwrenişdi, ýöne başda ondan hötjetlik bilen ýüz öwürýärdim. Onuň bilen Patma bilen ýatyşym ýaly gujaklaşyp ýatamokdym, emma her gün säher horaz gygyrdygy, ýerimden syçrap turardym-da, Hüseýiniň otagyna kürsäp girerdim, kükreginiň üstüne atlanyp, barmaklarym bilen gabaklaryny açardym.

Öňler Patma meni baga aýlaýardy. Indi bolsa Hüseýin meni kazarmadaky esgerleriň ýanyna äkidýärdi. Bu äpet, uzyn murtly adamyň dürli oýunlary oýlap tapmakda täsin ukyby we zehini bardy. Bu oýunlaryň ähli lezzeti hem olaryň gaty gorkuly başdan geçirme häsiýetde bolanlygyndan ybaratdy, olary her gezek oýnanyňda gorkudan ýaňa ýüregiň agzyňdan çykara gelerdi. Mysal üçin, Hüseýin meni rezin pökgüjik ýaly edip, ýokaryk bökdürerdi, soňam ýere ýetip barýarkam gapyp alardy ýa-da telpeginiň üstünde oturdardy we aýaklarymy gujaklap bökerdi, soňra bolsa bir duran ýerinde durup pyrlanardy. Meniň saçlarym hüžžerip, gözlerim ümezläp giderdi, demim demime ýetmän, çirkin-çirkin gygyrardym hem-de mundan uly lezzet alardym. Beýle-beýle lezzetlere soň ömrümde hiç haçan gabat gelmedim!..

Elbetde, şowsuzlyklar hem bolman duranokdy. Ýöne Hüseýin bilen oýun oýnaýarkak, maňa bir zat bolaýsa, aglamazlygym we özi barada hiç kime arz etmezligim hakynda berk wadalaşypdyk. Men uly gyz hökmünde syr saklamany öwrenipdim. Gep meniň dogruçyllygymda däldi. Diňe Hüseýin özüm bilen oýnamasyny bes eder öýdüp gorkýardym.

Çagakam maňa gopbamja diýýärdiler. Megerem, bu hakykata dogry gelýän bolsa gerek. Çagalar bilen oýnanymda hemişe kimdir biriniň göwnüne degýärdim, ony aglatman goýamokdym. Ähtimal, bu Hüseýiniň öwreden oýunlarynyň netijesi bolsa gerek. Hüseýinden ýene bir gylyk öwrenipdim: kyn pursatlarda ruhdan düşmän, kynçylyklary gülüp kabul etmelidim. Ol saz çaldyrardy-da, meni kellesiniň üstünde küýze ýaly oturdyp, täsin tanslar ederdi.

Biziň «at ogurlamak» bilen meşgullanan wagtlarymyz hem boldy. Kakamyň ýok wagty ol athanadan bildirmän at alyp çykardy, meni gujagynda oturdardy-da, telim sagatlap meýdanda gezdirerdi. Emma biziň oýunlarymyz uzaga çekmedi. Anyk bir zady aýdyb-a biljek däl, ýöne bizi kakama aşpez ýamanlan bolaýmasa. Hüseýin görgüli iki ýola şapbat iýensoň, gaýdyp ýabynyň ýanyna barmaga milt etmedi.

Aýdyşlaryna görä, hakyky dostluk gyk-baksyz bolmaýar diýýärler. Biz Hüseýin bilen günüň dowamynda bäş gezek dagy sögüşýärdik. Meniň özboluşly gatyrganmak häsiýetim bardy. Otagyň bir çüňküne geçerdim-de, diwara tarap sereder oturardym. Hüseýin ilki-ilkiler maňa üns bermedik bolardy,soňam nebsi agyryp, ýerimden galdyrardy-da, tä çirkin gygyrýançam ýokaryk bökdürerdi. Men esli salym Hüseýiniň gujagynda eljiränimden soň, ahyry onuň dulugyndan öpmäge razy bolardym. Şeýdibem, biz ýaraşardyk.

Hüseýin ikimiziň dostlugymyz iki ýyllap dowam etdi. Ýöne ol ýyllar beýleki ýyllara düýbünden meňzemeýärdi. Olar şeýlebir uzyn, şeýlebir tükeniksizdi!..

***

Çagalygymy ýatlanymda hemişe Patma bilen Hüseýin barada gürleýänim aýyp görünýän bolmagam mümkin..

Kakam atly goşunyň serkerdesidi. Adyna-da Nizametdin diýýärdiler. Ejeme öýleneninden soň, bahym ony *Diýarbekire*(*Türkiýäniň bir şäheri; Mosul, Bagdat, Kerbela — Yragyň şäherleri, bu şäherler Birinji Jahan urşundan öň Osman döwletiniň düzümine girýärdi.*) geçiripdiler. Biz Stambuldan çykanymyzdan soň, gaýdyp ol ýere dolanmadyk. Soň kakamy Diýarbekirden Mosula, Mosuldan Hanykyna, ol ýerdenem Bagdada, Kerbela geçiripdiler. Biz bu şäherleriň hiç birinde bir ýyldan artyk ýaşamadyk.

Hemmeler meni ejeme meňzeş hasap edýärdi. Kakam bilen ejemiň toýdan bir ýyl geçensoň aldyran suratlary bar. Dogrudan hem, men onuň agyn özi. Ýöne ejem görgüliniň saglygy meniňki ýaly däl eken. Dogabitdi näsag bolansoň, ol dag howasyna, çölüň jöwzasyna öwrenişip bilmeýärdi, üznüksiz göçüp-gonmalara juda kynlyk bilen döz gelýärdi. Mundan başga-da ol, göwnüme bolmasa, agyr kesellidi. Ejem bütin ömrüniň dowamynda şol keselini gizläp gezipdi. Nätjek-dä, ol kakamy juda gowy görýärdi we ondan zorluk bilen jyda düşürerlerinden eýmenýärdi.

Kakamy birsyhly Stambuldan barha we barha daşa geçirýärdiler. Ol her gezek ýola düşmeziniň öň ýany ejeme:

— Gel, seni bir möwsümlik, hiç bolmanda iki aýlyk ejeň ýanyna äkideýin. Garry görgüli... belki, seni juda göresi gelýändir — diýerdi.

Ejem bolsa gaharlanyp:

— Eýsem, biz şeý diýip şertleşdikmi? Biz Stambula bileje gaýdyp baraly diýipdik ahyryn! — diýip gatyrganýardy.

Gürrüň onuň keseline syryganynda bolsa, ejem dergazap bolup:

— Az-kem ýadawrak bolaýmasam, agyrýan ýerim ýok. Howa üýtgedi, şonuň üçindir-dä... Aý, geçer-le — diýerdi.

Ol Stambuly göresiniň gelýänini kakamdan gizlejek bolýardy. Ýöne bu mümkinmi näme?

Ol birsalym ymyzganyp oýananyndan soň, kakamy turzup, oňa düýşünde Galenderdäki köşgümizi we jeňňellikleri, Bosfor bogazynyň suwlaryny görendigini gürrüň bererdi. Sähel salymlyk ukuda şunça uzyn düýşi görmegi başarýan adamynyň kalbyny nähili gam-gussanyň basmarlaýandygy öz-özünden düşnüklidi.

Meniň mamam harby ministrlige telim gezek ýüz tutup, uly başlyklaryň üstüne baryp gördi, aglady, ýalbaryplar çykdy, emma onuň kakamy Stambula geçirmek baradaky aladalary hiç hili netije bermedi.

Ejemiň keseli oslaman durkak beterledi oturyberdi. Kakam ony Stambula äkidermen boldy, bir aý rugsat sorap, haýyşnama ýollady. Ahyry hem jogaba garaşyp durman, ýola düşdi.

Düýäniň üstündäki kejebä münüp, çöl söküşimiz şu günki ýaly ýadymda.

Beýruta ýetip, deňze gözümiz düşeninde, ejemiň haly ýeňlän ýaly boldy. Biz tanyşlarymyzyňkyda düşledik. Ejem meni sekide — ýanynda ýatyrdy, saçlarymy darady, kellesini döşümde goýdy-da, kirli ellerime, ýeke iligi-de bolmadyk köýnejigime bakyp, aglady.

Iki günden soň onuň ýagdaýy gowulaşdy, ýerinden galmaga ragbaty çatdy, hatda sandykdan täzeje köýnegini hem çykaryp, üst-başyna timar berdi. Agşam biz kakamyň öňünden çykmak üçin aşak düşdük.

Kakam — yzgytsyz esger, agras, birneme wagşyýana adam hökmünde ýadymda galypdyr. Ýöne ejemiň aýak üstüne galanyny göreninde onuň begenişini, ýaňy ýörjenýörjen bolan çaganyň ellerinden tutýan ýaly, ellerinden tutup aglaýşyny ömrylla ýadymdan çykarmaryn.

Bu başymyzyň jem bolup geçiren iň soňky gijämiz boldy. Ertesi güni görseler ejem açyk sandygyň ýanynda agzy ak köpürjikli demsiz-düýtsüz ýatan ekeni. Onuň kellesi içi egin-eşikli düwünçegiň üstünde ekeni.

Alty ýaşly çaganyň eýýäm köp zatdan başy çykmaly. Emma men hiç zady aňşyrmaýan ýaly, ap-arkaýyndym.

Düşlän jaýymyzyň ýaşaýjylary köpdi, ýadyma düşýär, men her gün uly bagda oglanlar bilen urşardym. Hüseýin bilen şäheriň köçelerinde, deňiz kenarlarynda gezim edişimiz, metjitleriň howlularyna girişimiz, olaryň gümmez şekilli gerişlerine syn edişimiz ýadymdan çykanok.

Ejemi ýat ýerde jaýladylar. Indi kakamyň Stambula gidip oturasy işi ýokdy. Onuň mamam bilen, köpsanly daýzalarym bilen duşuşasy gelmeýän ýalydy. Emma kakam meni olaryň ýanyna ibermen boldy. Megerem, ol uly gyz halyma esgerleriň arasynda ýaşamagyň onçakly gelşikli däldigine düşünen bolarly.

***

Meni hyzmatkärimiz Hüseýin Stambula alyp gitdi.

Kaşaň gämide, horaşaja geýnen arap esgeriniň gujagynda oturan gyzjagazy bir göz öňüne getirjek boluň. Daşyndan göräýmäge bu görnüş diýseň gözgyny, diýseň gülkünç görünýän bolmagam mümkin. Ýöne başga biri bilen däl-de, Hüseýin bilen syýahat edýänime begenip, iki bolup bilemokdym.

Biziň ýaýlagymyz deňziň kenarynda ýerleşýärdi. Jaýyň ýeňse ýüzündäki tokaýlykda bolsa daş howuz bardy. Howzuň boýunda gollary çigninden aýrylan ýalaňaç oglanjygyň heýkeli oturdylgydy. Ilkinji gelen günlerimiz Gündür zeýden ýaňa garört bolan bu bedroý keşp maňa golak arap oglanjygy bolup göründi.

Göwnüme bolmasa, o wagtlar güýzdi, çünki howzuň ýaşylymtyk suwy gyzyl ýapraklar bilen örtülgidi. Siňesiňe seredip, onuň düýbünde altyn balyjaklaryň ýüzüp ýörenini gördüm. Men şobada täzeje köwşüm hem-de mamamyň yhlas bilen ütüklän ýüpek köýnegi bilen howza bökdüm.

Tokaýlygyň içi bada-bat elhenç gykylyga gaplandy. Eýläme-beýläme garamaga ýetişmänkäm, meni suwdan çekip çykardylar-da, gujaklaryna alyp, geýindirdiler. Olar maňa hem käýeýärdiler, hemem ýüzümdengözümden ogşaýardylar.

Bu gykylyklar, bu nalalar meni diýseň gorkuzdy, şonuň üçin gaýdyp howza girmedim, diňe onuň gyralaryndaky çagyllykda ýüzin ýatyp, kellämi aşak sallamak bilen oňdum.

Günlerde bir gün howzuň gyrasynda balyjaklary synlap ýatyrdym. Arka ýanymdaky oturgyçda mamam otyrdy, egninde hem mydam atynyp ýören gara ýaglygy bardy. Onuň ýanynda bolsa edil namaz okap oturan ýaly, çöküne düşüp Hüseýin otyrdy. Olar mahal-mahal maňa tarap seredişip, bir zatlar barada ýuwaşja gürleşýärdi. Megerem, türkçe gürleşýärdiler, çünki olaryň bir sözüne-de düşünemokdym. Olaryň syrly gürleýişleri, syrly bakyşlary meni birneme howsala saldy. Men towşanjyk ýaly gulaklarymy keýertdim, indi çeýnäp howza taşlan çöregimiň daşynda pelesaň urýan altyn balyjaklar hem gözüme ilmeýärdi. Men mamamyň we Hüseýiniň ýaşylymtyk suwuň ýüzüne düşýän keşplerine seredip ýatyrdym. Hüseýin ägirt uly ýaglygy bilen gözlerini süpürip, zol-zol maňa seredýärdi.

Käte çagalaryň ýaşyna bap gelmeýän duýgurlyk häsiýetleri bolýar. Men bolgusyz bir zadyň bolup geçýändigini aňdym: meni Hüseýinden aýra saljak bolýardylar. Ýöne näme üçinkä?.. Ol wagtlar beýle inçeliklere düşünerden juda kiçijikdim. Emma bu aýralygyň öňüni almagyň edil Günüň ýaşmasynyň, ýagşyň ýagmasynyň öňüni alyp bolmaýşy ýaly, mümkin däldigine düşünýärdim.

Şol gije duýdansyz oýanypdyryn. Meniň ýatalgajygym mamamyň ýatýan ýeriniň ýanyndady. Başujymyzdaky gyzyl örtükli çyrajyk birden söndi-de, otagyň içine penjireden düşýän Aýyň ýagtysy aralaşdy. Ukym gelenokdy. Meni çekip-çydardan çökder öýke duýgusy gysyp-gowrup barýardy. Tirsegime galyp, esli salymmamamy synladym. Onuň süýji ukuda ýatanlygyna göz ýetirdim. Seresaplyk bilen ýatalgamdan düşdüm-de, daraklygyma basyp, otagdan çykdym.

Men birentek joram ýaly, gijelerine ýeke özüm daş çykmaga ýaýdanamokdym. Aşak düşüp gelýärdim welin, aýagymyň astyndaky agaç basgançaklar jygyldap ugrady, ýüregim agzymdan çykara gelip, derrew aýak çekdim we diňşirgäp durdum. Meniňki ýaly seresaplylyk uly adamlarda hem ýok bolsa gerek.

Ahyrsoňy dälize çykdym, gapy gulply ekeni. Ýöne gapynyň ýanyndaky baga bakyp duran açyk äpişgä gözüm düşäýdi. Göz açyp-ýumasy salymyň içinde ondan çykyp, baga düşdüm.

Hüseýin bagyň aňrybaşynda bagbanyň garawulhanasynda ýatyrdy. Men ol ýere bakan ylgadym. Ýatanymda geýýän ak köýnegimiň etegi aýaklaryma çolaşýardy. Garawulhana girip, Hüseýiniň ýatan sekisine çykdym. Hüseýin berk ukudady. Men muny baryp *Arabystanda*(*Arabystan — Osman imperiýasynyň arap welaýatlary.*) ýaşaýarkak hem bilýärdim. Ertirlerine ony oýarmak uly hyllallady. Onuň gözlerini açdyrjak

bolsaň, ata atlanan ýaly, döşüniň üstünde abşarylyp oturmalydy, jylawdan ýapyşýan ýaly, uzyn murtlaryndan ýapyşyp, üstesine-de, çirkin-çirkin gygyrmalydy.

Emma şol gije Hüseýini oýarmakdan çekindim. Ol oýanaýdygy öňküleri ýaly meni gujagynda ýatyrmajakdygyny bilýärdim hem-de ähli ýalbarmalaryma garaman, göterip, mamamyň ýanyna eltjekdigine gözüm ýetýärdi.

Meniň bolsa bar arzuwym soňky gije onuň ýanynda bolmakdy.

Şu ýersiz hereketlerim barada heniz-henizlerem öýümizde gürrüň edýärdiler.

Daňdanlar mamam oýanypdyr-da, ýatalgamyň boş durandygyny görüpdir. Kempir tas dälirän ekeni. Sanlyja salymyň içinde ol içerdäkileriň baryny aýaga galdyrypdyr... Çyralary, şemleri ýakyp, baga, deňziň boýlaryna aýlanypdyrlar, üçegi, köçeleri, gaýyk saklanýan saraýy, howzuň düýbüni, aý, garaz, bar ýeri dörüp çykypdyrlar. Goňşy ýerdäki ekin suwarylýan guýa hem çyra sallap görüpdirler...

Ahyrsoňy Hüseýin ýadyna düşüp, mamam bagbanyň garawulhanasyna okdurylypdyr hem-de meni esgeriň boýnundan berk ýapyşyp ýatan ýagdaýda tapypdyr.

Aýrylyşan günümiz ýadymda berk galypdyr. Munuň özi duranja bir betbagtçylykdy. Häzir ony ýatlanymda gülesim gelýär... Şol günki kiçelişim ýaly, ululary̆ň öňünde şol günki ýallaklaýşym ýaly, ömrümde hiç haçan kemsinen däldirin. Hüseýin gapynyň ýanynda çök düşüp otyrdy we utanman uly ili bilen aglaýardy. Onuň uzyn murtlarynyň üstünden gözýaşlar dynman syrykýardy. Bagdatda we Siriýada arap gedaýlaryndan öwrenen dogalarymy dile getirip, men mamamyň we daýzalarymyň köýneginiň eteklerini ogşaýardym hem-de bizi aýra salmazlyklaryny haýyş edýärdim.

***

Romançylar betbagt adamlary suratlandyranlarynda, olaryň eginleri salyk, gözleri öçük, dymma, bir söz bilen aýdanyňda, mejaldan gaçan gözgyny adamlar edip görkezmäni gowy görýärler.

Meniň ýagdaýym bolsa hemişe munuň tersinedi: bir derde ulaşdygym, derrew gözlerim ýanyp, ýüzüm ýagtylyp, hereketlerim janlanyp giderdi; degşip, bälçiräp başlardym; dünýäni sil alsa-da, topugyma çykmajak ýaly, tä ysgynym gaçynça, jak-jaklap gülerdim; dilim dynman lakgyldardy, özümem her hili samsyklyk etmäge ýakyndym. Munuň hem sebäbi: meniň pikirimçe, ilkinji duş gelen tanşyna ýa-da ýakynyna ýüregini açyp bilmeýän ynsan üçin şeýdip ýaşamak aňsatdy.

Ýadyma düşýär, Hüseýin bilen aýrylyşanymyzdan soň, özümi hut şeýle-de alyp bardym. Meniň ähli guduramalarymy, ähli garagolluklarymy sanap çykmak mümkin däl. Edil dälirän ýaly boldum. Ulular meni köşeşdirjek bolup, ýaşajyk garyndaşlarymy öýe getiripdi, olar hem menden ýaňa kötek baryny iýipdi.

Emma Hüseýini juda bahym ýatdan çykardym, muny keseden synlanlaryň meni wepasyzlykda aýyplan bolmaklaram mümkin. Bilmedim, belki, ondan, hakykatdan hem, öýkeländirin. Biri ýanymda onuň adyny tutdugy, ýüz-gözümi turşadyp, ýaňy öwrenip ugran türk dilimde: «Hüseýin erbet... Hüseýin gowy däl...» diýip käýinip ugrardym we tüf edip, tüýkürinip goýbererdim.

Şeýle-de bolsa, biçäre Hüseýiniň Beýruda baran dessine maňa iberen bir guty hurmasy şobada öýkämi ýazana meňzedi. Gutynyň gitdigiçe boşap barşyna gynanyp-gynanyp seretdim, emma, barybir, ähli hurmany bir oturyşyma lak-luk atdym. Bagtyma, hurmalaryň şänikleri galyp, olary telim hepde oýnadym. Olaryň bir bölegini bolsa, göz degmezlik üçin gatyrlaryň boýnundan asylýan uly monjuklar bilen garyşdyryp, bir sapaga düzdüm. Şeýlelikde, mende laýhorlaryň dakynýan ajaýyp monjugy emele geldi.

Galan şänikleri bagyň dürli künjeklerinde ýere sançdym we telim aýlap her säher olary kiçijik setil bilen suw çekip suwardym, şeýdip, hurma tokaýynyň döremegine garaşdym.

Mamam görgüliniň ýagdaýy kyndy. Meni ýola salmak düýpden mümkin däldi. Men juda ir, Gün dogup-dogmanka oýanýardym hem-de gijäň bir wagtyna çenli, tä ýadawlykdan ýykylynçam gykylyk turzup, däli-porhan bolýardym. Sesim kesildigi öýdäkiler howsala düşüp ugraýardy. Çünki bu ýagdaý elimi sypjyrdyp, bildirmezden ganymy saklamaga çalyşýanlygymy ýa-da bir ýerden ýykylyp, agyrydan ýaňa gygyrmajak bolup, tükge düşüp ýatanlygymy, ýa-da oturgyçlaryň aýaklaryny kesmek, düşekçeleriň daşyna reňk çalmak ýaly, jenaýatçylykly işlere baş goýanlygymy aňladýardy.

Men agaçlaryň üstüne çykyp, esgidir ýonuşgalardan guş höwürtgelerini ýasaýardym, jaýyň üstüne dyrmaşyp, aşpezi gorkuzmak üçin turbadan daş taşlaýardym.

Käte biziň öýümize lukman gelip giderdi. Bir gezek lukmanyň derwezäniň öňünde goýan paýtunyna atlanyp, atlary gamçylap ugradym we olary ýüzin saldyryp gitdim. Beýleki bir gezegem deňziň kenaryna kir ýuwulýan uly legeni togalap eltdim-de, ony suwa salyp, tolkunlaryň arasynda ýüzüp başladym.

Beýleki maşgalalarda nähilidigini-hä bilemok, ýöne biziň maşgalamyzda ýetimi urmak günä hasaplanýardy. Eger juda agyr etmiş edäýsem, elimden tutup, bir otaga salardylar-da daşymy gulplamak arkaly temmi bererdiler.

Biziň «sakgallak daýy» diýip atlandyrylýan garyndaşymyz bardy. Ynha, şol «sakgallak daýy» meniň ellerime «keramatlylaryň gözenegi»*( Türkiýede şeýle bir däp bardy: keramatly adamlaryň mazaryna zyýarata gelen aýallar aýlançagyň üstüne ýüpek sapaklar ýa-da esgi lentalary asýardylar we şeýdip, merhumyň ruhuna dileg edýärdiler.)* diýip at bererdi. Çünki ellerim bir gün hem ýarasyz, sypjyryksyz bolmazdy, hemişe dyrnagyma hyna çekilen ýaly, esgi bilen saralgydy.

Öz boýdaşlarym bilen hiç haçan oňuşmazdym. Has uly oglanlar hem menden eýmenýärdi. Setanda-seýranda ýüregimde söýgi peýda bolaýsa hem, göwün beren kişim oňlulygyň üstünden barmazdy. Men ynsan kimin gowy görüp, gowy görenini apalamany öwrenmändim.

Men gowy gören adamymyň üstüne şir kimin topulyp, ýüz-gözlerini sypjyryk-sypjyryk ederdim, gulaklaryny dişlärdim, gepiň keltesi, ony şeýlebir darardym welin, ol dälilik derejesine ýeterdi.

Kiçijik garyndaşlarymyň arasynda maňa düşnüksiz bir ýygralyk, aljyraňňylyk aralaşdyrýan diňe biri bardy, olam Besime daýzamyň ogly Kamrandy. Ýöne oňa çaga diýmek onçakly dogry däldi. Birinjiden, Kamran menden esli ýaş uludy, ikinjiden bolsa, ol örän düşbi, agras oglandy. Ol çagalar bilen oýnamany halamazdy, hemişe ellerini jübüsine sokup, deňziň kenarynda ýeke özi gezmelär ýörerdi ýa-da agajyň aşagynda kitap okap oturardy. Onuň sary saçlary seçelenip, näzijek ak ýüzi buldurar durardy. Göwnüme bolmasa, onuň gulaklaryndan agyz salyp, al ýaňaklaryny ýakyndan synlasaň, öz keşbiňi aýnada gören ýaly synlasa boljakdy.

Kamranyň ýanynda ýöwsellik edýänime garamazdan, bir gezek onuň bilen hem garpyşdym. Deňziň kenaryndan sebede salyp, alyp gelýän daşymy bir säwlik bilen Kamranyň aýagyna gaçyrdym oturyberdim. Ýa daş agyr geldi, ýa-da çykanymyň aýagy näzik çykdy, bilmedim, ýöne şunuň yzysüre eşidilen iňňildi meni allaniçigsi etdi. Özümi ýitirip, maýmyn çaltlygynda bagda ösüp oturan äpet çynara dyrmaşdym. Käýinjiräbem, haýbat atybam, ýalbarybam meni agaçdan düşürip bilmediler. Ahyrsoňy olar bagbana ýüz tutdular. Ýöne ol näçe ýokaryk çykdygyça, men ondan hem ýokaryk — agajyň çür depesine tarap dyrmaşýardym. Bagban görgüli kowgy dowam etse, meniň hem ýokaryk çykjakdygyma, şeýde-şeýde, bir inçejik şahanyň üstüne münjekdigime, onuň hem meni götermejekdigine, şeýdibem, bir belanyň üstünden baryljakdygyna düşünen bolara çemeli, ol aşak düşdi. Men bolsa guş ýaly, tä iňrik garalýança agajyň şahasynda oturdym.

Men zerarly mamam pahyr ynjalykdan gaçyp, ukudan mahrum boldy. Garry görgüli men zerarly dat-bidat edýärdi. Käte ol säher bilen meniň hysyrdylaryma oýanardy-da, çignimden ýapyşardy we zeýrenjiräp, ejem pahyry ýatlardy: «Wah, gyzym, sen meni taşladyň ötägitdiň. Şu garran çagymda bu aýbygadymy başyma dert etdiň goýaýdyň» diýip, meni siltelärdi. Ukusyny almansoň, şeýle pursatlarda onuň endam-jany soka salnan ýalydy.

Ýöne başga bir zady-da bilýärdim, eger-de şu pursat ejem pahyr peýda bolup, mamamdan: «Sen haýsymyzy gowy görýäň: bu aýbygadymymy ýa meni?» diýip soraýsa, mamam hökman agtyjagyny saýlap, ondan ýüz döndererdi.

Elbetde, agşam dynjyny alman, her gün irden ýadaw halda oýanmak keselbent garra ýeňil däldi... Ýöne dynjyňy alan ýagdaýyňda-da, ýalňyzlykda geçen günleriň barada içiňi hümledip, ýanyp-bişip oturmagyň ondan hem hupbatlydygyny ýatdan çykarmak bolmaz.

Gepiň tümmek ýeri, öýdäkilere hernäçe ezýet bersem-de, mamamyň menden teselli tapýandygyna gözüm ýetýärdi.

***

Mamamy ýitirenimizde dokuz ýaşymdadym. Kakam şol wagtlar tötänden Stambuldady, ony Tripoliden Albaniýa geçiripdiler. Onuň Stambulda diňe bir hepde galmaga ygtyýary bardy.

Mamamyň ölümi kakamy agyr ýagdaýa saldy. Serkerde adam dokuz ýaşly gyz maşgalany haçana deňiç tükeniksiz sergezdançylykda yzyna tirkesin ýörsün? Ol meni daýzalarymyň elinde goýup gitmegi hem islänokdy. Sebäbi meniň nan ýagysy bolarymdan gorkýan bolmagam mümkin. Şonda kakam şeýle netijä geldi...

Bir gün ol elimden tutup, meni daşaryk alyp çykdy; biz duralga ýetip, gämä mündik we Stambula geldik. Galata köprüsiniň ýanynda paýtuna mündük. Biz baýyrlygyň içi bilen, soňra köpsanly bazarjyklaryň deňinden ep-esli wagtlap gitdik. Ahyrsoňy daşdan örülen uly jaýyň öňünde peýda bolduk. Ol «Bajylar mekdebi» diýilýän ýer ekeni. Bu jaý meni on ýyllap tussaglykda saklady.

Bizi äpişgeleriniň tutulary goýberilip, gabsalary jebis ýapylan garaňky bir otaga eltdiler.

Bu zatlaryň barynyň öňünden gepleşilendigi we ylalaşylandygy görnüp durdy. Az salymdan içerik gara lybasly bir aýal girdi. Ol maňa tarap egildi, şonda onuň başyndaky ak ýaglygyň ujy täsin guşuň ýelegi ýaly bolup, saçlarymy sypap geçdi. Ol aýal meniň ýüzüme seretdi-de, ýaňaklarymdan sypalady.

Ýadyma düşüşine görä, mekdebe baran günüm bir waka gabat geldi.

Kakam müdir bajy bilen gürleşip durka, otaga aýlanyp çykdym, ähli zady synlap, ähli ýeri gözden geçirdim. Ala-mula edilip surat çekilen güldan ünsümi özüne çekdi, men onuň suratlaryny elläp görmekçi boldum. Emma güldan ýere gaçyp, kül-uşak boldy.

Kakam gylyjyny şakyrdadyp ýerinden turdy-da, elimden ýapyşdy. Onuň lapykeç bolup, oňaýsyz ýagdaýa düşüşini söz bilen beýan etmek çetindi. Döwlen güldanyň eýesi müdir bajy barada aýtsam, ol, tersine, hezil edip güldi we kakamy köşeşdirjek bolup, ellerini silkip goýberdi.

***

Haýp, bu nälet siňmiş güldandan başga mekdepde ýene, gör, näçe gowy zatlary döwmeli boldum! Gepiň gysgasy, öýdäki edýän garagolluklarym bu ýerde-de dowam etdi. Biziň terbiýeçi bajylarymyz ýa-ha perişde kimin sabyrlydy, ýa-da maňa ýürekleri awaýardy. Ýogsam meniň ýuwutdyrýan hupbatlarym, eger-eger, çydar ýaly däldi.

Sapak wagty dynman gürleýärdim, eýläk-beýläk gezmeleýärdim... Beýleki gyzlaryň edişi ýaly, basgançakdan arkaýyn münüp-düşmeklik maňa ýatdy. Joralarymyň barysy düşýänçä, garaşyp durardym. Soňam germeje atlanyp, edil ýyldyrym süýnen ýaly, aşaklygyna inerdim. Ýokarlygyna bolsa aýaklarymy jüp goýup, birbada telim basgançagyň üstünden böküp münerdim.

Bagymyzyň içinde gurap giden gojaman agaç otyrdy. Pursat bolan dessine, onuň üstüne çykyp, enekeleriň haýbatyna-da bakman, şahadan şaha böküýärdim. Meniň maşklarymy synlap duran terbiýeçileriň biri bir gezek:

— Eý, toba, bu nähili çagaka? Bu bir adam däl-de, duranja bir çalyguşy-da*(Çalyguşy — «Gyrymsy agaç guşy», serçeler maşgalasyndan bolup, hurmajyk diýmekdir.)* — diýip gygyrdy.

Şodur-da şudur, hakyky adym ýatdan çykarylyp, bar kişi maňa Çalyguşy diýip ýüzlendi.

Munuň nähili şeýle bolanyny bilemok welin, öýümizdäkiler hem lakamymy tutanlaryny kem görenokdylar. Feride adym resmi bir zada öwrülip, edil baýramçylyk lybasy ýaly, juda seýrek ulanylyp başlandy.

Çalyguşy ady özüme-de ýaraman duranokdy, ol hatda meni köp belalardan hem halas edýärdi. Kimdir biri etmişlerimden zeýrenip başlaýsa, oňa: «Men nädeýin. Bolmanda Çalyguşydan näme tama edýäňiz?!» diýýän ýaly, egnimi gysýardym.

Mahal-mahal mekdebimize eňegi geçi sakgally, gözi äýnekli bir keşiş gelip-gidýärdi. Bir gezek gaýçy bilen saçymdan bir çogdam kesip aldym-da, ony eňegime ýelmedim. Ruhany maňa tarap seretdigi derrew elim bilen ýüzümi ýapdym, beýlesine öwrülen badyna bolsa, ýüzümi açdym hem-de oňa öýkünip, kellämi saga-sola buladym. Otagyň içi alawakyrdy boldy. Ruhany biziň nämä gülýänimize hiç düşünip bilmän, gahardan ýaňa dergazap boldy, hatda käýindem.

Men birden otagyň dälize tarap açylyp duran penjiresine tarap öwrüldim, görsem müdir bajy ol ýerden meni synlap duran ekeni. Aljyradym, ýöne nädendirin öýdýärsiňiz?.. Parta tarap egildim-de, «çüş-ş» diýýän şekilli barmagymy dodagyma ýetirdim, soňam oňa howa posasyny ýolladym. Müdir bajy mekdepde esasy adamdy. Hemmeler, hatda iň garry enekeler hem ony Hudaýa deňeýärdi. Ýokary wezipeliligine bakmazdan, bu agras hanym ýylgyryp goýberdi, megerem, ony batyrgaýlygym heýjana salan bolarly, çünki ony öz garagollugymyň şaýady bolmaga çagyrýardym. Onsoňam, göwnüme bolmasa, ol synpa gireninde öz agraslygyny saklap bilmez öýdüp çekinýän ýalydy. Ol diňe maňa barmagyny çommaltdy-da, garaňky dälizde gözden ýitip gitdi. Bir gezek müdir bajy başga bir etmişimiň üstünde tutdy. Bu naharhanada bolup geçipdi. Men iýilmän galan galyndylary bildirmän getiren kagyz atylýan sebedime salyp durdum.

Müdir hanym azymly sesi bilen meni ýanyna çagyrdy-da:

— Hany, Feride, bäri gel-de, näme edýäniňi düşündir — diýdi.

Edip duran işimde hiç hili şumluk görmämsoň, müdir hanymyň gözlerine dikanlap seretdim-de:

— Eýsem, itleri naharlamak aýypmydyr, hanym? — diýip soradym. — Haýsy itleri?.. Näme üçin olary naharlamaly?..

— Itleri-dä... Harabalykdaky itleri... Wah, hanym, olaryň meni görüp begenäýişlerini bir görsediňiz! Öten agşam köpekler meni jaýyň künjeginde garşy aldy. Olar daşymda şeýlebir pelesaň urdy welin, heý goýaý... Olara: «Howlukmaň... Ýeri, näme boldy... Harabaçylyga ýetýänçäk, size hiç zat bermekçi däl...» diýdim. Emma zalymlar ynsan diline düşünmek islemeýärdi. Olar meni tas ýere ýykypdy... Onsoň menem olaryň gaňryşyna gaýtdym... Sebedimi aýaklarymyň arasynda gysyp durdum... Olar meni tas dalapdy. Bagtyma golaýdan külçe satýan geçip barýan ekeni... Ol dadyma

ýetişäýdi. Müdir hanym gözlerini maňa dikip, üns bilen diňleýärdi. Ol: — Bolýar, ýöne sen mekdepden nädip çykdyň? — diýip sorady. Men birjik-de çekinmän: — Geýim ýuwulýan jaýyň ýanyndaky haýatdan böküp geçdim — diýip jogap berdim.

Müdir hanym elhenç bir habary eşiden ýaly, elleri bilen kellesini tutup:

— Sen nädip het etdiň? — diýip gygyrdy.

— Birahat bolmaň, hanym, haýat örän pessejik... Onsoňam näme... Nädip gapydan çykaýyn?.. Derwezeban goýberer öýdýäňizmi?.. Dogry, bir gezek ony aldadym... Oňa: «Seni Tereza hanym çagyrýar» diýdim. Şeýdibem gaçyp gitdim. Ýöne bu aýdanlarymy oňa aýdaýmaň, haýyş edýän... Sebäbi köpekler aç galsa, gowy bolmaz...

Enekeler gaty geň adamlar. Bu garagollygy başga bir mekdepde eden bolsam, ýa meni tussag ederdiler, ýa-da başga bir jeza alardym. Müdirimiz öňümde çommalyp oturdy, biz ýüzbe-ýüz bolduk.

— Ezizim, haýwanlary goramak asylly iş, ýöne diýenetmezlik aýyp zatdyr... Hany, sebedi maňa ber... Köpeklere bu ýuwundylary derwezebandan ibererin...

Göwnüme bolmasa, meni bu aýalyň gowy görşi ýaly, hiç kim gowy görenokmyka diýýärin.

Maňa şol wagtlar beýle terbiýeçilik usullary gaýadan öwsüp gelýän şemaldan idili däldi. Juda başyna giden yzgytsyz häsiýetime bu zatlaryň hiç biriniň edibiljek täsiri ýokdy. Ýöne wagt geçdigiçe mekdepdäki ýagdaý, enekeleriň döreden durmuş şertleri kem-kemden kalbyma ornaşyp, öçmejek yz galdyrdy hem-de ýüregimde nähilidir bir duýgudaşlyk duýgusyny oýardy.

***

Hawa, men, hakykatdan hem, juda geň, kelesaň bir gyzdym. Enekelerimiziň gowşak taraplaryny gowy öwrendim we kimi, nähili edip gahar-gazaba mündürmelidigini gaty gowy bilýärdim.

Mysal üçin, biziň Matilda atly juda hydaýhon garryja saz mugallymamyz bar. Ol ýarym-ýaş bolup, Merýem enäniň heýkeliniň öňünde yhlas bilen sežde edip duran wagty, howada gaýmalaşýan siňeklere tarap elimi uzadardym-da:

— Hanym, serediň, perişdeler eziz enemize zyýarat etmäge gelipdirler — diýip, onuň çetine degerdim.

Biziň juda yzgytsyz we hötjet enekelerimiziň biri özüniň öte arymsylygy bilen tanalýardy. Şonuň üçinem her gezek onuň duşundan geçenimde syýagalamym erbet ýazýan ýaly, elimde baryny edip silkýärdim, onsoň ol görgüliniň ak gar ýaly akja ýakasy syýa tegmilleri bilen örtülýärdi.

Başga bir ýaş enekämiz bolsa mör-möjeklerden öler ýaly gorkýardy. Kitaplaryň birinden içýanyň reňkli suratyny tapdym-da ony yhlas bilen gyrkyp aldym. Soň naharhanadan ullakan gögeýin tutup, ýaňky suraty onuň arkasyna ýelmedim. Agşamky okuw wagtynda bir zady bahanalap, enekämiziň ýanyna baryp, «içýany» münberiň üstüne taşladym.

Enekäni gürrüňe güýmeýänçäm, gögeýin gymyldap ugrady. Görgüli aýal nebit çyrasynyň ýagtysyna elhenç içýanyň gysaçdyr guýrugyny jaýtardyp gös-göni üstüne süýşüp gelýändigini gördi. Ol çirkin gygyryp, gapdalynda ýatan çyzgyjy eline aldy-da, bir uranda gögeýini münbere ýelmedi. Şondan soň diwara arkasyny berip, elleri bilen ýüzüni tutdy-da, bir pursat huşuny ýitirdi.

Şol gije düşegime geçip, eýläme-beýläme agdarylsam-da, wagty bilen uklap bilmedim. Men eýýäm on iki ýaşymdadym, utanç-haýanyň nämedigini gowy bilýärdim. Enekelerime görkezen

hokgalarymy ýatlap, ezýet baryny çekýärdim. Şeýle-de bolsa bu gezekki çykaran hokgam bagyşlanarly däldi. Ir bilen soraga çagyryljakdygymy we başyma bir belanyň injekdigini duýýardym.

Düýşümde telim sapar müdir hanymy görüpdirin. Onuň yzgytsyz ýüzi, alarylyp duran gözleri maňa tarap dikilgidi, ol bir zat-bir zatlar diýip gygyrýardy.

Ertesi gün birinjisapak gep-gürrüňsiz geçdi. Ikinjisapagyň ahyrynda gapy çalaja açylyp, enekeleriň biri içerik girdi. Ol mugallymyň gulagyna bir zatlar pyşyrdady, soňra yşarat edip, yzyna düşmegimi talap etdi. Elhepus! Daş-töweregime garanjaklaman, egnimi ýygryp, dilimi dişläp, çykalga tarap ýöneldim. Gyzlar yzymdan hikirhikir edişip galdy, mugallyma otagda imisalalygy saklamak üçin çyzgyjy bilen münberi çalaja kakdy.

Biraz wagtdan soň müdir hanymyň iş otagynda peýda boldum. Emma geň ýeri, onuň ýüzi düýşümde gören ýüzüme meňzänokdy. Birdenem maňa gögeýindir içýanly oýny toslap tapan hem-de enekäni özünden gideren men däl-de, müdir hanym ýaly bolup göründi.

Müdir hanym gamgyndy, dodaklary titir-titir edýärdi. Ol elimden tutup, gujagyna gysjak bolýan ýaly, çalaja özüne çekdi, soňam elimi goýberip, maňa ýüzlendi:

— Feride, gyzym... Men saňa bir habar aýtmakçy! Hawa, ajy habar. Seniň kakaň çalarak näsaglapdyr... Men «çalarak» diýýän welin, aslynda, onuň haly juda teňmişin... Müdir hanym elinde nähilidir bir haty lokgalaýardy. Oňa soňuna çenli gürlemek kyn düşýän bolarly. Birdenem meni getiren eneke ýaglygy bilen ýüzüni tutup, otagdan ylgap çykdy.

Şonda nämäniň-nämedigine düşündim. Bir zatlar diýjek boldum, emma müdir hanym ýaly, meniňem dilim tutuldy. Beýläme öwrülip, açyk penjireden agaçlara seretdim. Gün nury düşüp duran şahalaryň arasynda garlawaçlar pelesaň urýardy. Birden meni düşnüksiz bir gödeklik gurşap aldy.

Men:

— Maňa bary düşnükli, hanym... Hapa bolmaň... Nätjek-dä? Hemmämiziň başymyzda ölüm bar — diýdim.

Müdir kellämi bagryna basyp, esli salym goýbermedi.

Bahym daýzalarym hem mekdebe geldi, ýogsam ol gün çagalaryň yzyndan gelinýän gün däldi. Olar meni öýe goýbermegi haýyş etdi. Ýöne öňde duran synaglary bahanalap, kes-kelläm garşy çykdym. Emma şol synaglaram meniň bezzatlyklaryma päsgel berip bilmedi. Şol sebäpli-de agşamky sapaklarda gyzgynym galyp, ýagdaýym agyrlaşdy. Men ýalta okuwçylaryň edişi ýaly, kellämi ellerimiň üstünde goýup, uka gidipdirin, hatda agşamlyk naharynam iýmändirin.

***

Tomusky dynç alyşlygy Besime daýzamyň Kozýatagyndaky öýünde geçirdim.

Bu ýerdäki çagalar meniň diýjek hemşerilerim däldi. Besime daýzamyň gyzy Nejmiýe ejesiniň gujagyndan düşmezdi, ol dymmady, üstesine-de, keselbent çagady hem-de bir almany iki bölen ýaly, agasy Kamrana meňzeýärdi.

Bagtyma golaýymyzda Balkan ýarymadasyndan göçüp gelen bosgunlar ýaşaýardy. Olaryň çagalary her gün biziň bagymyza üýşýärdi. Men şol oglanlara kethudalyk edip, tä gije bir çene barýança gudurap gezerdim.

Emma biçäre ülpetlerim bärdäkileriň göwnünden turmaýardy, şonuň üçin hem bagbanymyz olary bahym bu ýerden kowdy. Emma oglanlar beýle çemeleşilmegine onçakly gatyrganmady, olar namysjaň däldi, öňküleri ýaly bu ýere gelmelerini we meni ogurlap gitmeklerini dowam edýärdiler. Biz uzynly güni meýdanda ygyp geçirýärdik, haýatlaryň üstüne dyrmaşyp, baglardan ir-iýmiş ogurlaýardyk.

Men garaňky gatlyşanda öýe gaýdyp gelerdim. Ýüzgözüm Günüň ýalnyndan ýaňa garörtdi. Sypjyrylan ellerim bilen köýnegimiň ýyrtyklaryny gizlejek bolardym. Besime daýzam meni görüp, ör-gökden gelerdi hem-de ýaldyrap, seçelenip duran saçly, gülgün dodakly, hemişe pallaýan, şonuň üçinem samsyk we ýalta pişigi ýada salýan Nejmiýäni maňa görelde hökmünde mazamlardy. Üstesine-de, daýzam çykanym Kamrany edeplilikde, sypaýylykda, mylakatlylykda, okumyşlykda we ýene-ýenelerde öwüp arşa çykarardy.

Nejmiýe barada aýdyp oturmaýyn, goý, ol enesiniň dyzyndan düşmän ulalan ýyljajyk, ýumşajyk, düşbüje bir pişik diýeli. Men, aslynda, gyzlaryň hut şeýle bolmalydygyny ret edemok ahyryn. Emma Kamrana — ep-esli ýaşan Kamrana näme diýjek diýsene! Ol ýigrimi ýaşap barýar. Onuň inçejik dodaklarynyň üstünde ýarym aý şekilli murtjagaz peýda bolupdyr. Ol ýüpek jorap bilen gönden tikilen köwüş geýerdi welin, gyzlaryňky ýaly kindiwanja aýaklary öňküden hem kiçi görnerdi. Kamran ýöräp ugranda, onuň syrdam katdy inçejik, maýyşgak şaha ýaly bükülerdi. Ýüpek köýneginiň ýakasyndan uzynja ak boýny çykar durardy. Ýok, ol erkek kişi däl-de, agynjak gyzdy. Wah, onuň nähili ýüregime düşüşini bir bilsediňiz! Garyndaşlarym we goňşularym ony ýagşyzada deňäp, birsyhly öwüp ugranlarynda çydam edip bilmeýärdim.

Onuň ýanyndan ylgap geçerdim, büdrän kişi bolup, ony telim ýola iteklänim ýadyma düşýär. Men, gör, näçe gezek onuň kitaplaryny ýyrtdym! Onuň bilen garpyşjak bolup, oýlap tapmadyk zadym galmady. Öz ýanymdan: «Eý, Allanyň bendesi, hany, bir janlansana, gaharlanyp, gaňryşyma gaýtsana. Pişik kimin boýnuňa böküp, seni bir tot-tozana garsadym, saçlaryňy ütüm-ütüm edip, ýylanyňka meňzeýän gök gözleriňe barmaklarymy soksadym...» diýip göwün ýüwürdýärdim.

Şol gün daş bilen urup aýagyny agyrdanym hem-de onuň agyrydan ýaňa düwdek bolşy ýadyma düşende, hem begenip, hem ýigrenip, titir-titir edýärdim.

Emma Kamran eýýäm özüni uly adam saýýardy, şol sebäpli-de maňa äsgermezçilikli ýylgyryş bilen garap:

— Bu çagalygyň haçan soňy geler, Feride? — diýdi. «Ýagşy, ýöne sen haçana çenli gyllygyňy akdyrjak ýörjek? Haçana çenli synlanýan gyz ýaly, näz-kereşme edip, aýnan bolup ýörjek?..».

Elbetde, bu zatlary daşymdan aýtmadym. Sebäbi on üç ýaşly gyzyň eden gödekligi birsyhly ýalan sypaýylyga meňzäp duran bolsa, ol zol-zol bir ýaş ýigidiň ýüregine düşüp bilmez ahyryn. Men köplenç agzymdan paýyş sözüň çykaryndan gorkýardym hem-de Kamrana sögünip keýpden çykmak üçin agzymy tutup, bagyň jümmüşine siňip gidýärdim.

Bir gezek, ýagyşly gün, jaýyň aşaky gatynda zenanlar üýşüp, ýoň bolan geýimler barada jedelleşýärdi. Kamran hem şol ýerdedi.

Burçda oturan ýerimden üns berip, olaryň gürrüňini diňleýärdim we dilimi çykaryp, gözümi süzüp, köýnegimiň ýeňiniň ýyrtygyny ýamaýardym.

Aýallar gyş üçin tikdirjek eşikleriniň reňki barada Kamranyň pikirini soraýardylar.

Men durup bilmän, jak-jak güldüm.

Garyndaşym:

— Nämä gülýäň? — diýip sorady.

— Aý, hiç. Kelläme bir pikir geldi-de...

— Mysal üçin, nähili pikir?

— Aýtjak däl...

— Aýdaý, näz eden bolma. Ýogsa-da sen içinde gep saklap bilýän adam däl. Barybir, aýdarsyň!
— Ýeri bolýar-da, ýöne gatyrganma. Sen egin-eşik baradaky gürrüňe şeýlebir gyzykdyň welin, men: «Hudaý ýalňyşyp, seni erkek edip döredipdir. Sen edil gyz ýaly!» diýip pikir etdim. Hawa, ýaşyňy hem birneme kemeldäýseň, senden on üç ýaşly gyz çykjak.

— Ýeri, onsoň näme?

— Soňy, ynha, şeýle... Men biderek bir zady tiken bolup, ähli barmaklarymy eleme-deşik etdim. Diýmek, men — oglan bolmaly, ýaşymam ýigrimi — ýigrimi iki.

— Onsoň näme? — Onsoňmy? Soňra men Allanyň emri hem-de pygamberiň ýörelgesi bilen saňa öýlenerin, wessalam — sözem tamam.

Otagyň diwarlary gülküden ýaňa sarsyp gitdi. Başymy galdyrdym, görsem ähli gözler maňa tarap seredýärdi.

— Ýöne bu häzirem mümkin ahyryn, Feride! — diýip, myhmanlaryň biri degişdi.

Aňk-taňk bolup, gözlerimi petretdim:

— O nädip?

— O nähili nädip? Kamrana durmuşa çykaýarsyň. Ol seniň egin-eşikleriňe gözegçilik eder, ýyrtyk eşikleriňi ýamar. Sen bolsaň beýleki işler bilen meşgullanarsyň.

Dergazap bolup ýerimden turdum. Has hem beteri, öz-özüme kejigdim. Dilewarlygyma suw sepilen ýaly boldy. Ýaňrama sungatynda tejribäň bolmasa, ine, şeýle bolýan eken. Onsoňam ýeňe salan näletsiňmiş ýamam, meni halys surnukdyrypdy.

Şeýle-de bolsa, garşylykly hüjüme geçmäge gurbatym çatdy.

Men:

— Mümkin, bolup biler... Ýöne Kamranyň işi pyrryk bolaýmasa. Alla saklasyn, birden öýde bir dawa turaýsa... Şonda garyndaşym näderkä?.. Onuň näzijek aýaklaryna daş atyp agyrdanymda, nämeleriň bolup geçendigi, megerem, hemmeleriň ýadynda bolsa gerek... — diýdim.

Otagda ýene-de gülki sesleri ýaňlandy. Agraslygymy saklap, öz otagyma tarap ugradym, ýöne bosaganyň öňünde yzyma gaňryldym-da:

— Ýaňy on dördüni dolduran gyzjagaza beýle-beýle zatlary aýtmak aýyp bolmagam mümkin. Siz meni bagyşlaweriň — diýdim.

Merduwanyň agaç basganҫaklaryndan köwşümi şarkyldadyp, gapyny batly ýapdym-da, öz otagyma ylgap girdim, barybam ýatalgama özümi okladym.

Aşakdan henizem gülki sesleri gelýärdi. Kim bilýär, belki, olar meniň üstümden gülýändir. Aýby ýok, menem hakymy gidermen!

Göwnüme bolmasa, Kamrana durmuşa çykmak hiç neneň däl ýalydy. Wagt geçip durdy, biz ulalýardyk, onuň bilen garpyşmak pursady barha uzaklaşýardy. Ine, onsoň onuň bilen hasaplaşmak, gaharymy çykarmak üçin Kamrana durmuşa çykmakdan başga çäre ýokdugyna gözüm ýetdi.

***

Tomus dynç alyşlykdan soň, mekdebimiziň içindäki höwesdir-yhlas gaýnap joşýan ýanardagy ýada saldy. Bu hyjuwlar üç aýa dagy çekip, diňe synaglar golaýlaşan döwürleri ýatyşdy.

Katolik dinine uýýan joralarym baharda — pasha baýramçylygynda özleriniň ilkinji dini däplerini berjaý etdiler. Olar durmuşa çykjak gyz ýaly, uzyn ak ýüpek köýnek geýip, Isa pygambere wepalydyklaryny bildirmek üçin kilisä tarap ugradylar.

Ybadathana şemiň yşygyna ýap-ýagtydy. Organ saz guralynyň owazy ýaňlanýardy. Dumly-duşda sena sesleri eşidilýärdi. Bahar gülleriniň ysy bark urýardy. Ladanyň*(Dini däp-dessurlar berjaý edilende ýakylýan gowy ysly şepbeşik jisim.)* we aloeniň turşumtyk ysy hem şol yslar bilen garyşyp gidýärdi. Bu däp-dessurlarda, gör, näçe ýakymlylyk bardy. Emma pashanyň yzysüre dynç alşa çykan bu wepasyz gyzlaryň, adaglysy bolan mawy gözli Isany derrew ýatdan çykaryp, ilkinji öňlerinden çykan adam bilen ýa-da birnäçe adam bilen biwepalyk edişlerini göreniňde, olara haýpyň gelýärdi.

Dynç alyşlykdan soň, mekdebe gaýdyp gelýän joralarym horjunlary bilen ýaşyryn ýazgylary, suratlary, guradylan güljagaz görnüşindäki sowgatlary we beýleki birnäçe zatlary alyp gelerdiler. Olar ikibir gol tutuşyp, bagda gezim edýärkä, näme hakda pyşyrdaşýandyklary maňa aýandy. Adatça, iň päk hem-de hudaýhon gyzlara peşgeş berilýän Isanyň we perişdejikleriň şekili çekilen, altyn çaýylan bukjalaryň astynda ýaş ýigitleriň suratlarynyň saklanýandygyny aňmak kyn däldi. Bagyň çolaja künjünde pyşyrdaşýan okuwçylary ýygy-ýygydan görse bolýardy. Ol ýerdäki joralar pynhan syrlaryny hiç kim, hatda töwerekde gaýmalaşyp ýören möjejikler hem eşitmez ýaly, bir-birine aýdýardy. Şeýle güýz aýlary gyzlar bir-birine gysmyljyraşyp, gujaklaşyp gezerdi.

Men şum maňlaý bagda-da, mekdepde-de hemişe ýekedim. Meniň bar wagtym gyzlar özlerini örän sabyrly, örän seresap alyp barýardy. Olar menden enekelerden gorkuşlaryndan hem beter gorkýardy. «Näme üçin?» diýip soraň. Sebäbi biziň dostumyz «sakgallak daýynyň» aýdyşy ýaly, men örän ýaňradym. Eger-de terbiýelenýän gyz bilen bir ýaş ýigidiň bagyň gözeneginden gül alyşýandyklaryny göräýsem, şol bada bütin baga jar çekip çykardym. Sebäbi beýle etmişler juda degnama degerdi.

Bir gezek aýazly agşam sapaga taýýarlanyşymyz hiç haçan ýadymdan çykmaz. Örän ukyply joram Mişel yzky partada oturmak üçin enekäniň rugsadyny alyp, bir ýalta gyza rim taryhyndan geçilen sapagy düşündirip otyrdy. Onýança ýygy-ýygydan çykýan horkuldy sesi oturan otagymyzyň ümsümligini bozdy.

Eneke başyny galdyryp:

— Mişel, näme boldy? Aglaýan senmi? — diýip sorady.

— Mişel karfagenlileriň ýeňlendigine gynanýar, şol sebäplem aglaýar — diýip, oňa derek men jogap berdim.

Otagda gülki sesi tutaşdy.

Gepiň keltesi, meni öz toparlaryna goşman joralarym hak edýärdi. Gapdalda galyp, özüňe ýeňilkelle gyz hökmünde garamak onçakly ýakymly däldi, ýogsam men bireýýäm uly gyzdym. On bäşime gidipdim, bu ýaşda ejelerimiz eýýäm gelin bolupdy, garry enelerimiz bolsa, Eýýubdaky Haýýat*(Eýýub — Stambulda bir etrap, bu ýerde Muhammet pygamberiň sahabalaryndan Ebu Eýýub Ensarynyň mazary bar. Haýýat guýusy bolsa,*

*dilegleriň hasyl bolýan keramatly ýeri hasaplanýar.)* guýusyna gidip: «Eý, Alla, garaşyk et! Biz öýde halys garrap barýarys!» diýip nalyş edýärdiler.

Boýum gaty uzyn däldi, ýöne göwräm ýaşyma garanyňda berdaşlydy... Ýüzümiň reňki täsindi, göwnüme bolmasa, tebigatdaky reňkleriň bary maňlaýymda, ýaňaklarymda, dodaklarymda öwşün atyp, ýalkym saçýan ýalydy.

Biziň «sakgallak daýymyz» elimden tutup, ilki penjiräniň ýanyna eltdi, soňra özüniň şowakör gözleri bilen maňa dikanlap seredip, ýaňagymy emaý bilen sypalady-da:

— Gyzym, ýüzüň nähili nurana! Öwşün atyp dur! Beýle ýüzler hiç haçan solmaýar — diýdi.

Men aýnadaky keşbime seredip: «Toba, gyz maşgala şeýle bolmalymyka? Katdy-kamatym-a tos-togalak pyrlampaç ýaly, ýüzüm bolsa suratçynyň çeken reňkli suraty ýaly» diýip içimi gepletdim. Göýä, köpugurly dükanyň tekjesindäki gurjagy synlaýan ýalydym. Özözüme gülüp, dilimi çykardym we ýüzümi-gözümi gyşartdym...

***

Iň gowy görýän zadym pasha baýramçylygyndaky dynç alyşlykdy. Iki hepdäni şol ýerde geçirmek üçin Kozýatagyna baranymda, uly bagdaky tutuş diwaryň öňüni tutup oturan çereşniýa tokaýlygy ýetişen miweleri bilen basyrynar oturardy.

Men agaçlary gaty gowy görýärdim! Şonuň üçinem on bäş günläp edil garga ýaly, çereşniýadan başga zat iýmezdim hem-de agaçlaryň çür başynda galan iň soňky miwesiniň soňuna çykýançam, mekdebe dolanyp barmazdym.

Ine, onsoň bir gün agşamaralar ýene-de agajyň çür depesine çykdym. Iki owurdyma çereşnýa alyp, şäniklerini bolsa köçä — haýadyň aňyrsyna tüýkürmek bilen gümradym. Görsene bolýan zady, şänikleriň biri ýoldan geçip barýan ýaşuly goňşymyzyň burnuna degäýen bolsa nätjek! Goja bir bada nämäniň-nämedigini aňşyrmady, aljyrap, daş-töweregine garanjaklady, başyny galdyryp ýokarsyna seretmek gojanyň huşuna-da gelmedi.

Men sesimi çykarman ümsümje oturan bolsam, ol meni, belki, görmese-de görmezdi we duşundan uçup barýan guşlaryň biri agzyndaky şänigi gaçyrandyr öýderdi. Emma durup bilmedim. Gorkup, utanyp duranyma garamazdan, jak-jaklap güldüm. Goja başyny galdyrdy, görse, şahanyň üstünde daýaw bir gyz bihaýalyk bilen gülüp otyr. Gojanyň gaşlary bürülip gitdi.

— Berekella, gyzym, berekella. Ýöne bu saňa ýaraşjak zat däl. Seniň ýaly, boýy ýeten uly gyz beýle garagolluga baş goşmaly däldir — diýip, ýaşuly seslendi.

Şol pursatda ýer ýarylmady, menem girmedim. Onsuz hem çym gyzyl bolup duran ýüzüm öňküdenem beter gyzardy. Agaçdan ýykylmak howpuna garaman, ellerimi döşümiň üstünde goýdum--da:

— Meni bagyşlaň, agam, ýokarymda Alla bar, bu bir atanlykda bolan zat. Dogrusy, bu aljyraňňyllykdan boldy... — diýdim.

Äm-sämsirän bolup eden bu oýnum ençeme gezek barlanyp görlüpdi we synagdan geçipdi. Men muny Merýemdir Isa çokunýan enekelerden we dindar okuwçy gyzlardan öwrenipdim.

Ýalňyşmandym, goňşym çeňňege düşüpdi. Ýalandan puşman etmegim, sesimiň titrän bolmagy ony aldawa saldy. Ol ýumşady, onsoň maňa bir ýakymly zat aýtmagy ýüregine düwdi öýdýän:

— Hanym, beýle aljyraňňyllygyň özüňiz ýaly owadan, uly gyza zeperi ýeter öýdeňzokmy? — diýip ýylgyrdy.

Gojanyň degişjek bolýanlygyna birkemsiz düşünýärdim, ýöne gözlerimi giňden açyp, geň galan bolup:

— O näme üçin, agam? — diýip soradym.

Goja elini kölegeledip, maňa siňe-siňe seretdi we ýylgyrmasyny dowam edip:

— Birden sizi ogluma gelin edip aljak bolsam, bu meni ýaýdandyraýmazda? — diýdi.

— Ondan arkaýyn-la, agam. Örän edepli bolamdada, siz meni almazdyňyz — diýip, gülüp jogap berdim.

— Siz näme üçin beýle pikir edýäňiz?

— Agaja çykyp, şäniklerini taşlamak nämemiş?.. Meniň ondan has beter aýyplarymam bar. Ilki bilen-ä, men baý däl, garyp gyzlaryň bolsa gadyr-gymmaty ýokmuşyn diýip eşitdim. Ondan başga-da meniň görkgörmegim ýok... Meniň pikirimçe bolsa, bu garyplykdan has çökdermikä diýýän.

Aýdýan zatlarym gojany has-da heýjana getirdi.

— Gyzym, eýsem, siz owadan dälmi näme? — diýip sorady.

— Siz näme diýseňizem, özümi gowy tanaýan. Eýsem, gyz maşgala şunuň ýaly bolmalymydyr? Gyz maşgala diýeniň — uzyn boýly, sary saçly, mawy gözli ýa-da iň bolmanda, gök gözli bolmalydyr... — diýdim.

Görýän welin, bu goja öz wagtynda bälçik bolan bolara çemeli. Ol maňa geň halda seretdi-de, sandyrawuk sesi bilen: — Wah, görgüli balam, özüňize baha bererden we owadanlygyň nämedigine düşünerden siz entek juda ýaş. Hawa, şeýle... Ýogsa-da siziň adyňyz näme? — diýip sorady.

— Çalyguşy.

— Bu neneňsi at bolýar?

— Bagyşlaň, mekdepde adymy şeý diýip tutýarlar... Umuman-a, meniň adym Feride. Adymam özüm ýaly, togalajyk, betgelşik bolup durandyr...

— Feride hanym... Ynanaýyň, siziň adyňyz hem özüňiz ýaly, juda owadan. Wah, ogluma siz ýaly gyz tapyp biläýsemdim!

Bilmedim, belki, asylly häsiýetindendir, mümkin hoş sözlüligindendir, bu adam bilen gürrüňdeş bolmak, näme üçündir, göwnümden turýardy.

Men:

— Beýle bolsa, ýaşlaryň üstüne çereşnýa şänigini ýagdyrmaga hem bize mümkinçilik bolar — diýdim. — Elbetde, elbetde... Hökman!

— Indi bolsa size çereşnýa hödür etmäge rugsat ediň. Siz günämi ötýänligiňizi subut etmek üçin, hökman ony dadyp görmeli bolarsyňyz. Azajyk tagapyl ediň — diýdim-de senjap kimin şahadan şaha böküp başladym.

Goja bolşumy görüp, ör-gökden geldi, ol eli bilen gözlerini kölegeledip:

— Eý, Taňrym, şahalar şatlaşýar-la... muňa men günäli bolaýmaýyn. Feride hanym, ýykylaýmaň... — diýip gygyrdy.

Gojanyň nalasyna baş galdyrman:

— Arkaýyn boluň. Men ýykylmaga gaty öwrenişipdirin. Eger-de, biz, hahykatdanam, garyndaş bolaýsak, sen çekgämdäki çapyk yzyny görersiň. Ol görküme hasam görk goşýar — diýip, jogap berdim.

— Wah, gyzym, ýykylýaňyz-la! — Boldy, agam boldy... Ýöne bu ir-iýmişleri size nädip gowşurarkam? Ä-hä, bildim. Öňlügimiň jübüsindäki elýaglygymy çykaryp, çereşnýalary onuň içine saldym.

— Göwnüňize güman gitmesin. Ýaglyk juda arassadyr... Men entek onuň bilen burnumy süpürmäge ýetişmedim... Indi bolsa ýere gaçyraýman gapyň. Bir... Iki... Üç... Goja goňşy garaşylmadyk çalasynlyk bilen düwünçegi gapdy.

Ol:

— Köp sag boluň, gyzym! Ýöne indi ýaglygyňyzy nädip yzyna gaýtarsamkam? — diýdi.

— Aýby ýok, goý, ol size sowgadym bolsun.

— Beýtmek bolmaz-a?

— Bolmaz diýýäňizmi?.. Bu örän ýerlikli bolar. Onsoňam näme diýseňizläň? Men birnäçe günden soň mekdebe gaýdyp barmaly. Bizde bolsa, bir edähet bar: gyzlar dynç alyş günleri ýaş ýigitler bilen söýüşýärler, soňam sapak başlananda muny biri-birine gürrüň berýärler. Mende bolsa henize çenli beýle zat bolanok, şonuň üçinem gyzlar meni adam hasabyna-da alanok. Maňa aç-açan gyjalat bermäge olar çekinýär, ýöne ýeňsämden gülünýändigini welin, anyk bilýän. Bu gezek bir zatlar etsem diýýän... Mekdebe gaýdyp bararyn-da, edil gizlin bir syrym bar ýaly, başymy galdyrman, gamgyn bolan bolup gezerin, göwünli-göwünsiz ýylgyran bolaryn. Gyzlar: «Aý, Çalyguşy, saňa bir zad-a bolupdyr!» diýerler. Menem äwmezlik bilen: «Aý, ýok-la... Maňa näme bolsun?» diýerin. Olar, elbetde, ynanmazlar, biljek bolup jan ederler. Ana, şonda: «Ýeri, bolýarda... Ýöne hiç kime aýtmajakdygyňyza ant içiň» diýerin. Soňam ýok zatlary toslap tapyp, olary köşeşdirerin.

— Mysal üçin, nähili zatlary...

— Siz bilen tanyşlygymyň peýdasy degermikä diýýän... Joralaryma şeýle diýerin: «Uzyn boýly, sary saçly bir ýigit bilen henek atyşdym, haýadyň gözeneginden bir-birimize seredişdik» diýerin. Ýöne, elbetde, siziň saçyňyzyň akdygyny aýtmaryn! Ýogsa-da siz ýaşkaňyz saryýagyz bolan bolmaly!.. Wah, joralaryma belet-le. Olar: «Onsoň siz näme hakda gürleşdiňiz?» diýip sorarlar. Menem ant içen kişi bolup: «Ol meni owadan hasap edýär» diýerin. Size ýaglyga salyp çereşnýa sowgat berenimi aýdyp oturmagyň geregi ýokmuka diýýän. Şonuň üçinem diňe bägül berenimi aýdaryn. Aý, ýok, güli ýaglyga salyp sowgat edenoklar ahyryn. Diňe size ýaglygymy ýadygärlik berenimi aýdaryn. Ine, bar bolany...

Az salym mundan öň, biz goja goňşy bilen tas sögüşipdik, ynha, indi bolsa hezil edip gülşüp otyrys, biz hoşlaşanymyzda hatda bir-birimize elimizi hem galgadyşdyk.

***

Şol tomus agaçlara çykmak höwesim ýene bir wakanyň üstünden eltdi.

Awgustyň aý-aýdyň gijeleriniň biridi. Jaýyň içi myhmandan ýaňa hyň berýärdi, olaryň arasynda Neriman atly ýaş, dul aýal aýratyn saýlanýardy, ol bize setanda-seýranda gelerdi. Onuň gelmegi biziň maşgalamyz üçin hemişe uly wakady. Dünýäde özlerinden başga hiç kimi halamaýan daýzalarymdan başlap, tä kemakyl hyzmatkärlerimize çenli bu hatyny öwüp, ýerde-gökde goýmazdylar.

Nerimanyň adamsy bir ýyl mundan öň dünýäden ötüpdi (aýtmaklaryna görä, ol ony örän söýýän eken). Şonuň üçin hem dul aýal hemişe gara lybaslydy. Ýöne, näme üçindir, gara reňk onuň sary saçly kellesine gelişmeýän ýalydy hem-de ýas günleri bireýýäm tamamlanyp, bu gara lybaslar hem zibile taşlanaýmaly ýalydy.

Neriman meniň bilen edil itdir pişik ýaly, oýun edýärdi. Ýöne ony onçakly sulhum almansoň, onuň bilen sowuk-sala gürleşerdim, maňa edýän aladalaryny göwünli-göwünsiz kabul ederdim.

Gatnaşygymyzyň heniz-henizlerem şol durşudy, şeýle-de bolsa, Nerimanyň örän owadandygyny boýun almaga mejbur bolýardym. Ýöne meni has azara goýýan zat onuň näz-kereşmeli hereketleridi. Ol diňe aýallaryň ýanynda az-kem parahatdy. Ýöne erkeklerden biri peýda boldugy, onuň ýüz-gözi, sesi, gülküsi, garaýşy, umuman, hemme bolşy üýtgäp gidýärdi. Gepiň keltesi, saman astyndan suw goýberen joralarym onuň ýanynda juda ejizdi.

Adamsy barada gürrüň gozgalanynda bu aýal: «Wah, meniň üçin indi durmuşyň manysy ýok!» diýip, ýalandan nadaralyk ederdi. Ol her gezek bu oýnuna başlanynda gahar-gazapdan ýaňa huşum başymdan uçardy, onsoň: «Hany, göreli bakaly, seniňem birini sulhuň alyp başlar, şonda özüňi nähili alyp barýandygyňy göräýeris...» diýip içimi geplederdim.

Öýümizde Nerimanyň deň-duşy ýokdy. Lälijek Nejmiýe oňa taý däldi. Daýzalarymyň bolsa bireýýäm saçyndan ak giripdi, olar diňe tanyş-bilişleriniň gybatyny edäýmeseler, başga edere gürrüňleri ýokdy.

Eger ýagdaýlar şeýle bolsa!..

Jaýymyzyň Nerimana näme üçin ýaraýandygyny aňaýdym öýdýän. Ähtimal, ol ýeňilkelle çykanymy öz pidasy etmek üçin, göz astyna alýan bolmaly. Oňa durmuşa çykmak üçinmikä? Men-ä beýledir öýdemok. Otuz ýaşy arka atyp barýan zenan ýigrimi ýaşly gögele oglana äre çykmak barada pikir edip bilermi? Beýle hyýal masgaraçylygyň aňry derejesi ahyryn. Ýogsa-da ol muňa milt edäýende-de, meniň mekirje daýzalarym ojagaz çaganyň bu pelesaň kakýan gyrgynyň penjesine düşmegine ýol beräýerlermikä?

Eger ýagdaýlar şeýle bolsa!.. Onda işler-ä pyrryk! Ýyldyza toýnak salýan dul aýal bagty çüwüp, diliniň aýdanyny edip duran äre duşýança, çykanym bilen göwnüni açmagy ýüregine düwen bolmalyda.

Kamrana ýeňilkelle diýdim, ýöne muny gaharyma aýdypdyryn. Aslynda, ol hilegär sary içýandy, üstesine-de, bildirmän gelip, awuly neşderini sokýanlaryň hilindendi. Neriman bilen gürleşende, ol hemişe bir zady aýtman goýýan ýalydy, bu ýagdaý bolsa gözümden sypmaýardy.

Çagalar bilen tirkeşsemem, ýüpbökdi oýnap ýörsemem, ýüzin ýatyp kart oýnasamam, hemişe olardan gözümi aýramokdym.

Çykanymyň ol aýalyň penjesine düşmegine az galypdy. Käte-käte hiç zat bilmeýän kişi bolup, ýanlaryndan geçenimde, olar derrew seslerini kesýärdi ýa-da gürrüňleriniň hörpüni başga ýana sowýardylar. «Goý, islän zatlaryny etsinler, saňa näme?» diýip soramagyňyz mümkin. Kamran duşmanym bolsa-da, ol meniň çykanymdy... Onsoň niredendir bir ýerden peýda bolan bu aýalyň onuň başyny aýlaýşyna biperwaý garap bilmerin ahyryn.

Men näme hakynda gürrüň berip otyrdym-a?.. Hawa, awgustyň aý-aýdyň gijeleriniň biridi. Myhmanlar ullakan nepýag çyranyň şöhlesi düşüp duran eýwanda gürleşip otyrdy, gepiň gerdişine görä aýtsam, olara çyra şöhlesi geregem däldi, gülüşýärdiler, degişýärdiler. Nerimanyň çasly gülküsi ýüregime-bagryma düşýärdi, şonuň üçin bagyň aýagujyna — agaçlaryň kölegesine tarap gitdim.

Bagyň aňrybaşynda — goňşular bilen aralykda çynar agajy ösüp otyrdy. Daragt miwe bermeýänem bolsa, ony kaşaň görnüşi üçin diýseň gowy görýärdim, ýygy-ýygydan onuň üstüne çykyp, berdaşly şahalaryna münerdim — ol ýerde edil diwanda oturan ýaly otursa bolýardy ýa-da ätiýaç etmän gezmelese bolýardy.

Şol agşam juda ýokaryk dyrmaşyp, şahada ornaşyp oturdym. Birden gulagyma adaja aýak sesi, soňam güňleç gülki eşidildi. Çiňerilip seretdim... Onsoň näme görendirin öýdýärsiňiz?.. Çykanym dul galan bagtyýar Neriman bilen bile göni çynara tarap ýöräp gelýär...

Çeňňegine balygyň ýakynlaşýandygyny gören balykçy ýaly bada-bat üşerildim. Onsoň oturan şahamyň şatyrdap ses ederinden gorkdum. Emma nahak gorkan ekenim! Ýaş juwanlar biri-biri bilen şeýlebir gümrady welin, agajyň ýokarsynda deprek kaksaň-da, olar ony piňlerine aljak däldi.

Neriman öňden ýöräp gelýärdi. Kamran bolsa, edil bendiwan arap ýaly, onuň dört ädim yzyndady. Olar ýollaryny dowam etmek üçin haýatdan böküp biljek däldi, şol sebäpli hem, oturan agajymyň astynda aýak çekdiler.

Geliberiň, ezizlerim, geliberiň! Sizi ýanyma hut Allatagalanyň özi ýollady. Biz siz bilen gaty bahym duşuşarys. Bu ajaýyp Aýly agşam ömürboýy ýadyňyzdan çykmaz ýaly, elimde barymy etjek bolaryn!

Birdenem bir çyrlawuk möjejik golaýjagymda çyrçyr edip, çykanymyň hoşwagt dula aýdýan sözleriniň üstüni basdy. Lapykeç bolup tas akylymdan azaşypdym. «Haramzada nämeden gorkýarsyň?.. Bu ýerde adam ogly ýok!.. Gatyrak gürle!..» diýip gygyryberesim geldi.

Onsoň Kamranyň: «Neriman... Gülüm... Melegim...» diýen birnäçe sözüni eşidip galdym. Men galpyldap başladym. Özümiň saklanyp bilmän gürläýmegimden, olaryň ýapraklaryň çygşyldysyny eşidäýmeklerinden juda gorkýardym.

Mahal-mahal Neriman hanymyň: «Haýyş edýän, Kamran beý...» diýen sözleri hem gulagyma degýärdi.

Ahyrsoňy sesler ýatyşdy. Neriman seresaplyk bilen haýada golaý bardy, daraklygyna galdy, özlerini hiç kimiň görmeýänligine göz ýetirjek bolýan ýaly, goňşularyň bagyna ser saldy, soňra özüni nähili alyp barmalydygyny bilmeýän Kamrana tarap öwrüldi.

Birdenkä çykanymyň elini galdyryp, oňa tarap ýöräp ugrandygyny gördüm. Ýüregim öňküsinden hem çalt urup başlady... «Kamrana ahyrsoňy akyl geldi... Häzir ol bu nejis aýala şapbat çalar» diýip içimi gepletdim. Wah, Kamran şeýdäýse, belki, gözüme ýaş aýlap, agaçdan böküp düşerdim we onuň bilen ömürlik ýaraşardym. Emma ol peläket Nerimany uraýyn diýenokdy. Onuň gyzlaryňky ýaly inçejik ak gollary garaşylmadyk güýç bilen ol aýalyň çiginlerini, bileklerini sermeläp ugrady. Soňra gysgajyk çekeleşme, gujaklaşma başlandy... Çynaryň gür ýapraklarynyň arasyndan düşýän Aý yşygynda olaryň saçlarynyň bir-birine garyşyp gidendigini gördüm.

Eý, Hudaý, bu nä ahwalat, bu näme boldugy!.. Biraz mundan öň, olaryň başyna gowy bir oýun saljak bolup durdum, häzir bolsa bütin göwräme galpyldy aralaşyp, meni sowuk der basypdy. Olaryň özümi görerlerinden gorkup ugradym... Şol pursatda guş bolup göge galmagy we Aý şöhlesine siňip gitmegi hem-de gaýdyp bu dünýäniň adamlaryna sataşmazlygy isledim!

Hernäçe agzymy tutsam-da, bokurdagymdan bir sesiň zogdurylyp çykandygyny aňdym. Megerem, ol dady-perýat bolsa gerek! Emma sesimiň ýaş juwanlara eden täsirini gören badyma gülkim tutdy. Bu utançsyz bendeleriň gorkup, aljyraňňylyga düşüşlerini siz bir görsediňiz!..

Biraz mundan öň, bu hoşwagt dul aýal bärik gelýärkä, Aý yşygynyň astynda aýagy ýere degenokdy. Ynha, häzir bolsa, ol ýol-ýodany saýgarman, agaçlara büdräp, bu ýerden şeýlebir gaçýardy welin, söz bilen beýan eder ýaly däldi.

Meniň çykanym hem onuň göreldesine eýerip, gaçyp ugrady, ýöne birnäçe ädim ädeninden soň, birden aýak çekdi we utana-utana yzyna öwrüldi.

Näderimi bilmän, jak-jaklap gülmegimi dowam etdim. Kamran edil «Garga we tilki» atly belli basnýanyň hilegär gahrymany ýaly, agajyň aşagynda gezim edýärdi.

Ahyrsoňy utanyp-uýalyp durmagyndan açylyşyp, maňa ýüzlendi:

— Feride, ezizim, aşak düşsene... Men gülmegimi bes edip:

— O näme üçin? — diýip soradym.

— Aý, hiç... Seniň bilen gürleşäýjekdim.

— Biziň hiç hili gürrüňimiz bolup bilmez! Maňa päsgel bermäň...

— Feride, oýun etmäňi goýsana!

— Oýun? O nähili oýunmyş?..

— Munyň-a has çökder bolýar! Eger sen aşak düşesiň gelmese, men ýokaryk çykaýaryn.

Men öte eşidýän däldirin-dä? Ol ýolunda bir kiçijik batgalyk duşanda aljyraňňylyga düşüp, geçmezden ozal bir köwşüne, bir-de suwa seredip, on gezek dagy ölçerip-dökerdi. Oturmazdan öň bolsa, barmajyklary bilen balagynyň gonçlaryny ýokary-ýokary çekerdi. Onuň şu hili näzijek adamdygyny bilibem, lälik çykanymyň agaja çykmaga hyýallanýandygyny eşidip, neneň gülmäýin?!

Emma şol agşam Kamran, hakykatdan hem, bolmajyny boldy. Ol aşaky şahadan ýapyşyp, agaja dyrmaşyp ugrady we ýokaryk çykmaga hyýallandy.

Agajyň üstünde oturyp, onuň bilen ýüzbe-ýüz boljagymy sähelçe salym göz öňüme getirenimde, tas däliräpdim. Bu bir gabahat iş boljakdy! Onuň ýylanyňky ýaly ýaşyl gözlerini golaýdan göräýdigim edil ýyrtyjy guş ýaly tutluşyp, şahalaryň arasynda boguşjakdym. Gözlerini dyrçanak-dyrçanak edip, özüni ýere zyňjakdym ýa-da özümi ýere oklajakdym. Emma az salymdan beýtmeli däldigime düşündim. Men dikelip:

— Duruň!.. Butnamaň!.. — diýip gygyrdym. Kamran meniň sözlerime pitiwa etmedi, hatda jogap bereýin hem diýmedi. Ol şahanyň üstüne atlanyp, ýokarsyna seretmäge durdy.

— Duruň diýýän, ýogsa erbet bolar. Siz meniň Çalyguşudygymy bilýäňiz ahyryn. Agaçlar meniň ýaýlagymdyr. Bu ýerlere özümden başga biri aýak bassa, çydam edip bilmerin.

— Bu nä geň gürrüň, Feride?..

Dogrudan hem gürrüň örän geňdi.

Men biygtyýar degişme äheňine geçmeli boldum. Kamran aýak çekmese, has-da ýokaryk çykmaga häzirlenip:

— Sizi nähili hormatlaýanymy bilýäňiz ahyryn! Şonuň üçinem sizi agaçdan ýere oklaýsam, gelşiksiz bolar. Az salym mundan öň, söýgi goşgujygyny aýdýan ýigit, birdenkä çirkin sesini edip:«Kömege ýetişiň, kömege ýetişiň!» diýip gygyryp dursa, bu juda gözgyny bolmazmy?! — diýdim.

«Kömege ýetişiň!» diýen sözleri men batly gülüp we Kamrana öýkünip aýtdym. Ol meniň haýbatyma bakman, şahalaryň arasy bilen ýokaryk dyrmaşmasyny dowam edýärdi.

— Biz häzir duşuşarys! — diýip, Kamran gygyrdy. Gorky oňa dogum berip, hereketlerini çalasynlandyrypdy.

Biz agajyň üstünde tutdum-gaçdym oýnaýana meňzeýärdik. Kamran golaýlaşdygyça, ýokaryk dyrmaşýardym, şahalar bolsa gitdigiçe inçelýärdi... Birdenkä haýadyň üstüne böküp, gaçyp gitme pikiri hem kelläme geldi. Ýöne şeýtsem, elimi ýa aýagymy döwdüräýmegim mümkindi. Şonda çykanym däl-de, men aglap-eňremeli boljakdym.

Her näme-de bolsa, Kamran bilen agajyň üstünde birjik-de duşuşasym gelenokdy. Onsoň mekirlige ýüz urmaly boldum.

— Siziň näme üçin meniň bilen duşuşasyňyzyň gelýändiginiň sebäbini bilip bolmazmyka? — diýip, ondan soradym. Meniňki şowuna boldy. Kamran birden aýak çekip, agras gürlemäge başlady:

— Biz oýun eden bolýas, Feride, mesele bolsa örän düýpli. Men senden çekinýän...

— Şeý diýsene? Sen nämeden çekinýärmişiň?

— Ýaňrarmykaň öýdüp gorkýan.

— Eýsem, bu meniň her günki edýän işim dälmi näme?

— Ýöne bu gezekki ýaňramaň düýbünden başga zatlar barada bolarmyka diýip ýaýdanýan...

— Bu gün agşam, näme, bolmasy iş bolupmy?

Kamran ýadap, ysgyndan gaçypdy. Ol ütüklenen jalbaryny mundan beýläk aýaýyn diýmedi öýdýän, şahanyň üstüne çökdi. Ol juda tutuk, ünjüli görünýärdi, emma şonda-da ol wäşilige salmakçy boldy!

Meniň Kamrana haýpym gelenokdy, gaýtam ondan bahymrak dynyp, ýeke özüm galasym gelýärdi. Şonuň üçin:

—Närahat bolma. Maňa ynanaý, gorkup oturasy iş ýok. Bahymrak myhmanlaryň ýanyna bar. Gelşiksiz bolar — diýdim.

— Söz berýäňmi, Feride, ant içermiň?

— Sözem bereýin, ant hem içeýin... Näme diýseň edeýin.

— Saňa ynanyp bilerinmi?

— Ynanmalymykaň-a diýýän. Men indi çaga däl ahyryn.

— Feride...

— Onsoňam, men seniň nämeden gorkýanyňy nireden bileýin? Men nämäni ýaňramalymyşym? Men agajyň üstünde ýeke özüm otyryn ahyryn.

— Bilmedim, ýöne, näme üçindir, ynanamok!..

— Men indi çaga däl-de uly adam diýip saňa aýtdym ahyryn. Diýmek, ynanmaly bolarsyň. Bar, gadyrdan çykanym, närahat bolma... Dünýäde çagalaryň görüp, uly gyzlaryň üns bermeýän zatlary hem bolýar. Bar arkaýyn bol...

Göwnüme bolmasa, Kamranyň gorkusy ýuwaş-ýuwaşdan geň galmaklyga öwrüldi, onuň meni göresi gelýänligi bildirýärdi, şonuň üçin hem hötjetlik bilen ýokaryk ümzük atýardy. Ol:

— Seniň gepiň-gürrüňiň düýbünden üýtgäpdir, Feride... — diýdi.

Gürrüňiň wagty bilen gutarmajagyndan çekinip, gaharlanan kişi boldum-da:

— Ýeri, besdir... Gepiňi uzaltsaň, sözümi yzyna alaryn. Galanyny hem özüň bil — diýdim.

Meniň haýbatym Kamrana täsir eden bolarly. Ol ynamsyz ýagdaýda ýuwaşjadan aýagy bilen agajyň şahalaryny gözläp, bagdan düşmek bilen boldy. Nerimanyň giden ugruna gitmekden utanyp, aşaklygyna tarap ýöneldi.

***

Şu wakadan soň, hoşwagt dul aýalymyz öýümize gelmesini bes etdi. Kamran barada aýdylanynda bolsa, onuň özümden çekinýändigini aňdym. Ol her gezek Stambuldan gaýdyp geleninde maňa sowgat getirýärdi: bir gezek gülli ýapon saýawanyny getirse, beýleki gezek ýüpek jorap getirýärdi, ýene bir gezek ýürek şekilli aýna getirse, beýleki gezek owadan torba getirýärdi... bu zatlaryň bary garagol çaga däl-de — uly gyza niýetlenendi.

Ýöne bu sowgatlaryň aňyrsynda näme ýatyrka? Megerem, ol Çalyguşynyň göwnüni göterip, onuň hiç kime hiç zat aýtmazlygyny, diline berk bolmagyny isleýändir.

Eýýäm kimdir biriniň özüm barada alada edip, ýatlaýandygyhem-de meni unutmaýandygy baradaky pikiriň lezzet berýän döwürlerine ýetipdim. Onsoňam owadan zatlary juda gowy görýärdim.

Ýöne bu sowgatlaryň özüm üçin ähmiýetiniň bardygyny Kamranyň hem, beýlekileriň hem bilerini islämokdym. Ýüzüne bambukdan edilen jaýlaryň, badam gözli ýapon gyzlarynyň şekilleri çekilen saýawanym guma gaçan pursady, ony almaga howlukmazdym, şonda daýzalarymyň biri:

— Wah, Feride, sen özüňe berlen sowgatlara, gör, nähili garaýaň! — diýip igenerdi.

Kamranyň sowgatlarynyň arasynda ýumşajyk, ýaldyrawuk gönden tikilen torbajyk bardy. Ony sypalamagyň maňa nähili lezzet berýändigini söz bilen beýan edip biljek däl, ýöne günlerde bir gün ony şireli miwelerden doldurmakçy bolan boldum. Hana, siz şonda daýzalarymyň bolşuny gören bolsadyňyz...

Azajyk mekirräk bolan bolsam, Kamrany gorkuzyp, entek-enteklerem peýdalanardym we ondan dürli zatlary ýonardym.

Onuň sowgat beren zatlaryny diýseň gowy görýärdim, emma käte olary jyrym-jyrym edip ýyrtasym, aýak astyna taşlap, irginsiz depeläsim gelýärdi. Çykanyma bolan gahar-gazabym köşeşerli däldi.

Öňler mekdebe gitmeli wagtymyz golaýlaşdygyça, meni gaýgy-gam basmarlardy, indi bolsa, tersine, garyndaşlarym bilen hoşlaşjak wagtyma sabyrsyzlyk bilen garaşardym.

***

Sapaklar başlanansoň, ilkinji ýekşenbe güni bizi Kagythana*(Kagythana — Stambulyň etegindäki derýanyň we etrabyň ady.)* gezelenje äkitdiler. Enekeler köçede kän gezenimizi halamaýardy, emma bu gezek welin, şol ýerde garaňky gatlyşýança galdyk.

Men iň yzdan mytdyldap gelýärdim. Bir görsem, töweregimde iňlär siňek ýok. Beýle yza galanyma, hiç kimiň hem muňa ähmiýet bermändigine haýranlar galdym. Megerem, enekeler meni hemişekileri ýaly, öňden barýandyr öýdendir. Oslaman durkam, ýanymda kimdir biriniň kölegesi peýda boldy. Siňe seretsem, Mişel eken.

— Çalyguşy, bu senmi? Näme üçin haýaljak ýöreýäň? Seniň ýeke özüňmi? — diýip, ol haýran galdy. Ýaglyk bilen saralan sag topugymy görkezdim.

— Sen, näme, bileňokmy? Oýnap ýörkäm ýykylyp, aýagymy agyrtdym.

Mişel gowy gyzdy. Onuň maňa ýüregi awady, şonuň üçinem:

— Kömek gerek bolsa edeýin — diýdi.

— Näme, arkaňa alaýsam diýýärmiň?

— Aý, ýok-la... Bu mümkin däl... Ýöne goltugyňa girip, saňa söýget berip biljek. Neneň görýäň? Ýok, ýok, beýle däl... Eliňi egnime at. Berk ýapyş, özüm biliňden tutaryn. Şeýtseň halyň birneme ýeňilleşer. Ýeri, nähili? Agyrysy azaldymy?

Mişeliň diýeni bilen boldum, ýöremäm has ýeňilleşipdi.

— Mişel, taňryýalkasyn. Ýoldaş diýibem saňa aýdaýsaň — diýip ýylgyrdym.

Biraz ýöränimizden soň, Mişel:

— Feride, şeýdip barşymyzy göräýseler, gyzlar näme diýer öýdýäň? — diýdi.

— Näme diýerler?..

— Olar: «Feride-de birine maýyl bolandyr, indi bolsa derdini Mişele gürrüň berýär» diýşerler. Aýak çekdim.

— Seniň çynyňmy?

— Hawa-la...

— Beýle bolsa, goýber. Häziriň özünde goýber! Men muny buýruk berýän serkerdäniň äheňinde aýtdym.

Mişel elini bilimden aýyrman:

— Haý, ulalyp oňalmadyk samsyjak diýsänim! Eýsem, degişýändigime-de düşüneňokmy? — diýip güldi.

— Maňa näme üçin samsyjak diýýäň?

— Näme, gyzlar seni tanamaýandyr öýdýäňmi?

— Sen näme diýjek bolýaň?

— Seniň hiç kim bilen baş goşmajakdygyňy uly il bilýär. Bu görlüp-eşidilen zat däl ahyryn.

— O näme üçin? Sen meni görmeksiz hasap edýärmiň?

— Ýok-la, näme üçin görmeksiz hasap edeýin? Sen örän owadan gyz. Ýöne birneme kelesaň, üstesine-de, juda sada.

— Men hakynda, hakykatdanam, şeýle pikir edýäňmi?

— Diňe men däl, hemmeler şeýle pikirde. Gyzlar: «Söýgä gezek gelende Çalyguşy barypýatan «gourde»...» diýýärler.

Men türk diline onçakly ökde däl, ýöne fransuzça bu söz suw gaby, küýze we şuňa meňzeş zatlar diýmekdi, bir söz bilen aýdanyňda, bu söz haýsy manyda gelsede, bolgusyz bir zat diýmekdi. Onsoňam boýum gysga, göwräm dolmuş bolansoň, maňa bu gaplaryň hiç birine meňzänok diýip aýdyp boljak däldi. Elhepus, Çalyguşy lakamynyň üstüne «gourde» lakamyny hem alaýsam, bar onsoň! Her etmelidi welin, öz at-abraýyňy goramalydy. Şobada Mişeliň egnine başymy goýdum — bu meniň joralarymdan öwrenen usulymdy — soň oňa köpmanyly bakyp, tukat ýylgyrdym:

— Aý, bolýar-da, şeýle pikir edýän bolsaňyz, ediberiň... Mişel aýak çekdi-de, maňa geň galyp seretdi.

— Feride, diýýäniň näme?

— Hawa, gynansam-da, şeýle — diýip, men sözüme ynanary ýaly, başymy atdym-da, uludan demimi aldym.

Indi Mişel geň galmadan ýaňa çokunyp ugrady.

— Gaty gowy-da, Feride, örän gowy, emma, gynansagam, ynanyp biljek däl.

Mişel görgüli söýgi bilen baglanyşykly wakalaryň ölemen muşdagydy. Ol başga biriniň söýüşýändigini eşideninde, ondan tükeniksiz lezzet alardy. Emma oňa idili gürrüň aýtmaýanlygym sebäpli, maňa ynanyp, öz şatlygyny aç-açan bildirmäge ýüregi etmedi.

Dogrusyny aýtsam, ýalan sözläp, juda öte geçen ekenim, indi bolsa muny dowam etdirmesem, ryswa boljakdym. Oňa:

— Hawa, Mişel, menem aşyk boldum — diýdim.

— Diňe sen aşyk bolduňmy, Çalyguşy?

— Elbetde, ol hem meni söýýär, «grand gourde».

Şeýle diýmek bilen, Mişeliň birneme öňräk maňa beren «gourde» lakamyny özüne gaýdyp beripdim, üstesine-de, bu lakamy has mahabatlandyryp aýdypdym, emma «seniň özüň gourde. Bu seniň lakamyň» diýip, ol gatyrganyp durmady.

Ýalan sözler bilen söhbetdeşiňi has-da özüňe imrindirse bolýardy. Gör, munuň hezildigini! Mişel indi meniň goltugyma giräýjek bolýardy.

—Aýt, Feride, aýt... Bu nähili boldy? Diýmek,senem söýüşýäň-dä, hä? Söýüşmek, ajaýyp zat, şeýle dälmi?

— Elbetde, gowy zat...

— Onsoň ol kim? Seniň söýýän ol oglanyň owadanmy?

— Örän owadan...

— Sen oňa nirede duşduň? Nähili tanyşdyňyz? Men jogap bermedim.

— Ýeri, ýeri, gizlejek bolma!..

Men gizlemejek bolup, heläk boldum. «Wah, näme toslasamkam? Näme diýsemkäm?» Emma kelläme gelýän zat ýokdy. Maňa joralarymyň baryny heýjana saljak hakyky aşyk gerekdi. Emma iň bolmanda hyýaly bir aşygy toslap tapmagam kyndy, juda kyndy.

— Hany, Feride, aýtsana, uzaga çekmesene. Ýogsam gyzlara seniň oýun edendigiňi aýdaryn.

Birden aljyraňňylyga düşdüm. O nähili oýunmyş? Hudaý saklasyn! Muny gyzlar eşidäýse adymy diňe bir «Suw gaby» ýa-da «küýze» diýip tutmak bilen oňaýmazlar. Derrew Mişeli aňk edäýjek söýgi bilen baglanyşykly bir wakany toslap tapmagy ýüregime düwdüm.

Siz «aşyk ýigidim» diýip kimiň adyny tutandyryn öýdýäňiz? Elbetde, Kamranyň adyny! Men:

— Biz çykanym bilen halaşýarys — diýdim.

— Meniň bir ýyl mundan ozal daşky jaýda gören sary saçly ýigidim bilenmi?

— Hawa-la...

— Ol örän owadan ýigit!

Mişeliň söýgi bilen baglanyşykly wakalaryň ölemen aşygydygyny eýýäm aýdypdym. Bütin ömrüme Kamran mekdebe — ýanyma bary-ýogy iki gezek gelipdi. Görnüşine görä, pişigiň et ysyny alşy ýaly, Mişel hem ýaş ýigidiň mekdebe gelendigini aňyp, daşky jaýda gürleşip durkak, ogrynça bizi synlan bolmaly. Gör-ä, bu bolýan zatlary?

Asmanda ýyldyzlar peýda boldy. Güýz aýy bolsa-da, howa maýyldy; howadan orulmadyk otuň ysy gelýärdi.

Men bütin labyrymy Mişeliň üstüne atdym. Ýaňaklarym onuň ýaňaklaryna degip durdy. Oňa ýok söýgimiň taryhyny gürrüň bermäge durdum.

— Ol gije bu günküden hem ajapdy. Biz öýdäki myhmanlarymyzdan saýlanyp, arany ep-esli açypdyk. Men öňden barýardym, çykanym bolsa yzdan... Ol maňa ýakymly-ýakymly bir zatlar aýdýardy. Olary häzir gaýtalap biljek däl, çünki olary gaýtalasym gelenok... Teneçirleriň sesinden gulagym kamata gelýärdi. Biz şol gidip barýardyk... Biziň ýöräp barýan ýodamyza Aý şöhlesi düşüp durdy. Soň biz agaçlaryň kölegesine, soňam ýene Aý yşygynyň düşýän ýerine çykdyk. Birsalymdan soň bolsa, tümlüge siňip gitdik...

— Eý, Hudaý, bagyňyz, gör, nähili uly eken, Feride? — diýip, Mişel durup bilmän gürledi.

«Aýdýan zatlarym ynandyryjy däl bolaýmasyn!» diýip azara galdym.

— Ýok-la, onçakly uly däl-le, biz ýöne alňasamyzokdyk — diýip, men dowam etdim. — Biz ahyrsoňy bagyň aňry başyndaky goňşular bilen araçäkde ýerleşýän ägirt çynaryň ösüp oturan ýerinde peýda bolduk. Ine, şol ýere ýetibem aýak çekdik. Men ökjämi galdyryp, haýadyň aňyrsyna sereden boldum. Çykanym bolsa bir zatlar etjek bolup, oňa-da bogny ysman, alasarmyk ýagdaýda ellerini owkalady durdy...

— Sen goňşularyň bagyna seredip dursuň ahyryn! Onsoň o zatlary nireden görýärmişiň?

— Çykanymyň kölegesi haýada düşensoň, ähli zat görnüp durdy. Oýnaýan keşbime gowy giren bolara çemelim: çünki göwräm galpyldap, sesim sandyraýardy, gözlerime bolsa ýaş aýlanypdy.

— Ýeri, Feride, soň näme boldy, yzyny aýtsana?..

— Birden çykanym elimden ýapyşdy...

— Gowudygyny, onsoň...

— Onsoňmy?.. Men nireden bileýin...

— Eý, toba, sen gürrüňiň iň gyzykly ýerinden kesýäň-dä!

— Soňra agajyň üstünde oturan bir ýigrenji, nejis guş çirkin sesini etdi... Biz allaniçigsi bolduk-da, ökjäni göterdik.

Gözýaşymy saklap bilmän, kellämi Mişeliň döşüne atdym-da, möňňürmäge durdum.

Meniň ýene näçe wagt aglajagym belli däldi, ýöne ýoklugymyzy aňyp, gyzlar bizi gözleýän bolara çemeli, olaryň sesleri eşidilip ugrady. Mişel:

— Barýas, barýas... Biz çalt ýöräp bilemzok... Çalyguşynyň aýagy agyrýar — diýip jogap berdi. Men:

— Sen dogry aýtdyň, Mişel... Menem hut şonuň üçin aglaýanda. Indi biz tizräk gitjek bolarys — diýdim. Şol gije, ähli gyzlar uka gideninde, düşegimde horkuldap agladym. Ýöne oýnumy dowam etmek üçin gözýaş dökemokdymda, özüme gahar edip aglaýardym. Joralaryma özümiň «gourde» däldigimi subut etmekçi bolup, aldawa ýüz uranam ekenim, näme, ýeriň ýüzünde şondan başga at gytmy diýsene? Näme üçin men itden beter ýigrenýän çykanym Kamranyň adyny tutdumkam? Irden turdugym, Mişeliň elinden tutup, bir gyra çykarmagy we söýgim hakyndaky gürrüňleriň barynyň toslamadygyny aýtmagy ýüregime düwdüm.

Ýöne, arman, ertesi ir bilen oýansam, öýke-kinämden, gahar-gazabymdan nam-nyşan galmandyr.

Şeýdip, hakykaty aýtmaga ýürek edip bilmedim. Indi Mişel maňa düýbünden başga göz bilen garaýardy hem-de meni näsag çaga ýaly görýärdi.

Kem-kemden bu toslamam hemmelere aýan boldy. Dogry, Mişel bu syry berk saklamagy olara tabşyran bolmaly, çünki hiç kim ýüzüme zat diýmedi. Ýöne gyzlaryň bakyşyndan, gülküsinden näme aýtjak bolýandyklaryna düşünýärdim. Bu ýagdaý ýüregimi guwançdan doldurdy. Hatda ýaňramalarymy, garagolluklarymy hem goýmaly boldum. Indi joralarymyň alnynda çykanymy söýýän magşuk gyz ýaly bolan bolup ýördüm. Bu ýagdaýda maňa garagolluk etmek, guduz açmaklyk birjik-de gelşenokdy... Emma gan bilen giren jan bilen çykar diýleni. Agşamlaryna, soňky arakesme mahaly, Mişeliň goltugyndan tutup, oňa täze-täze toslamalarymy pyşyrdaýarkam, käwagtlar öňki katdyma gaýdyp gelýärdim.

***

Günlerde bir gün ýene-de biz gezelençden gaýdyp gelýärdik.

Mişel ol gün, näme üçündir, aramyzda ýokdy. Ol meni derwezäniň öňünde garşy aldy, elimden tutup, howlukmaçlyk bilen bagyň jümmüşine çekdi. Ol:

— Size aýtmaly täzeligim bar. Siz oňa hem-ä begenersiňiz, hemem gynanarsyňyz — diýdi. Ýüzüm boz-ýaz boldy.

— Bu gün mekdebimize seniň saryýagyz çykanyň gelip gitdi.

Aňk-taňk boldum.

— Ol, elbetde, seniň bilen duşuşmaga gelendir. Wah, sen galan bolsaň bolmaýarmy!..

Ynanmadym. Eýsem, düýpli bir sebäp bolmadyk ýagdaýynda, heý-de, Kamran mekdebe gelermi?! Megerem, Mişel ýalňyşan bolsa gerek!

Emma Mişele öz şübhelerimi aýtmadym we ynanan kişi bolup:

— Ýaş ýigidiň söýýän gyzyny görmäge gelmegi tebigy zat ahyryn — diýdim.

— Ýöne ol seniň bolmanlygyňa gynanandyr, şeýle dälmi?

— Elbetde.

Mişel duluklarymy sypalady.

— Eger ol söýýän bolsa, ýene-de geler...

— Hökman.

Şol agşam Matilda bajy ýanyna çagyrdy-da, daşy dolangy iki sany süýjili gutyny uzadyp:

— Muny saňa çykanyň getirip gitdi — diýdi.

Matilda bajyny sulhum alanokdy, ýöne şu gezek welin, onuň boýnuna böküp, ýaňaklaryndan taýly gezek ogşamakdan zordan saklandym.

Diýmek, Mişel ýalňyşmandyr. Kamran, hakykatdanam, mekdebe gelip giden eken. Eger-de şu çaka çenli enekelerimiň arasynda-da, toslamalarymyň dogrudygyna ýa nädogrudygyna şübhelenýäni bar bolsa, onda bu iki gap süýjini görüp, olar öz pikirlerini üýtgetmeli bolar. Bä, şuýa gowy bolaýdy!

Gutularyň birinde içi likýorly dürli reňkli süýjüler, beýlekisinde bolsa daşyna zer kagyz çolanan şokolad bardy. Bu bir ýyl mundan ozal bolup geçen bolsa, bu süýjüleri iň ýakyn joralarymdanam gizlärdim. Emma häzir, agşamky sapaklarymyza taýynlanyp oturan pursadymyz gutularym elden-ele geçdi.

Gyzlaryň hersi ynsaplaryna görä, ikiden ýa üçden süýji alýardy. Gyzlaryň käbiri maňa uzak aralykdan manyly yşaratlar edýärdi. Menem utanan kişi bolup, beýläme öwrülýärdim-de, ýylgyran bolýardym. Nähili ajaýyp!..

Eýýäm düýbi görnüp ugran, altyn çaýylan gutulary yzyna gaýtaran Mişel pyşyrdady:

— Feride, muny öýleniş toýuňa berlen süýjüler diýip hasap et.

Toslamalarym maňa diýseň gymmat düşüpdi. Ýöne nädeýin-dä?!

Aradan üç gün geçdi.

Geografiýa sapagydy. Synaglar üçin reňkli kartany taýýarlamak bilen gümradym. Reňkli surat çekmek maňa hemişe-de kyn düşýärdi; ebeteýsizligimi edip, reňkleri biri-birine garym-gatym ederdim-de, ellerimi, dodaklarymy görer ýaly etmezdim.

Ynha, şeýdip, reňklere bulaşyp otyrkam, hyzmatkär aýalyň gyzy geldi-de, daş işikde çykanymyň oturandygyny, meni görmekçi bolýandygyny aýtdy. Aljyrap, töweregime garanjakladym hem-de näme etjegimi bilmän, enekäme tarap öwrüldim. Ol:

— Feride, nämä ýaýdanyp dursuň, kartany ýerinde goý-da, myhmanyň bilen bol — diýdi.

Kartany goýmak kyn däl-le. Ýöne Kamranyň ýanyna nädip barsamkam?

Ýanymda oturan gyzjagaz güldi-de, kiçijik aýnajygy uzatdy. Ýüzüm, has beteri dodaklarym görer ýaly däldi. Ýazuwda mydama syýagalamymy agzyma salardym, ynha, häzirem surat çekip oturyşyma, çotgajygy öllejek bolup, ýüz-gözümi çyr-çyrşak edipdirin, şol zerarly dodaklarym durşy bilen saryly-gyzylly, hatda melewşe reňkli tegmil bolup durdy. Nätsemkäm? Ýaglyk bilen süpürinseň has hem beter boljakdy, sabynlanyp ýuwunmak bolsa mümkin däldi, sebäbi reňkleri öňküden hem beter çyrşaşdyryp goýbermegim ahmaldy.

Gep, elbetde Kamranda däldi. Onuň ýanyna her hili görnüşde-de baryp biljekdim. Emma kimiň gelenligini aňyp, eýýäm misginsokarlyk bilen ýylgyryşýan joralarymyň ýanynda söýüşýän gyz, hatda gelinlik bolan bolmalydym. Wah, bu toslamalarym jähenneme gitse bolmaýarmy!

Dälizden geçip barşyma, aýna seretdim. Eý, toba, nätsemkäm? Eger häzir daş işikde ýeke özüm bolan bolsam, ol ýere girmäge hiç haçan het etmezdim. Ýöne, arman, ol ýerde hereketlerime tersine düşünjek ýat adamlar otyrdy.

Şeýlelikde, başga alaç ýokdy. Men gapyny batly itekledim-de, daşky jaýa girdim. Kamran penjiräniň öňünde durdy. Göni ýanyna baraýsammykam? Ýöne beýtsem, onuň bilen elleşip görüşmeli boljakdym hemde çykanymyň arassaja, näzijek ellerini hapalajakdym.

Gözüm ýene-de stoluň üstünde duran daşy daňylgy iki sany guta düşdi. Olaryň maňa niýetlenip getirilendigini aňmak kyn däldi. Men üst-başymyň hapalygyny oýunlyga saldym-da, çaga kelesaňlygynyň üstüne atdym. Soňra gara öňlügimiň etegini ýokaryk galdyrdymda, gutularyň öňünde owadan hem näzli tagzym etdim. Soňra bolsa barmaklarymy köýnegimiň etegine süpürip, elim bilen gutulara birnäçe posa ýolladym, şeýtmek bilen, dodaklarymdaky reňki az-kem azaltdym.

Kamran ýylgyrjaklap, ýanyma geldi. Oňa minnetdarlyk bildirip ugradym:

— Beýle uly alada galmasaňyzam bolardy, Kamran beg... Şokoladdyr likýorly süýjüler bellibir derejede dymmaklygymyň haky bolýan bolsa-da, meni indi, näme üçindir, ynsabym horlaýar... Näme bolýar?.. Birnäçe gün mundan ozal hem siz maňa süýji getiren ekeniňiz? Görýän welin, bu gaplarda-da şeýle süýjüler bar ýaly. Dogrymy aýtsam, bu süýjüleriň tarypyny etmäge söz ýok! Ýöne olaryň agzymda eräp gidişi ýaly, ýüregimem ýumşarmyka diýýän.

Kamran:

— Bu gezek siz has arzyly zady görersiňiz, Feride — diýdi.

Ýasama tolgunma we sabyrsyzlyk bilen Kamranyň uzadan gutusyny çözdüm. Ol ýerde täze ýyl baýramynda çagalara sowgat edilýän suratly ertekiler ýaly, zer çaýylan iki sany kitap bar ekeni. Belki, çykanym düşnüksiz sebäbe görä üstümden gülmekçi bolandyr. Eger-de ol bu ýere diňe şu sebäpli gelen bolsa, onda gowulyg-a bolmaz.

Çydam edip bilmän, derrew ony gyssap ugradym. Durşy bilen reňk bolup duran dodaklaryma gelişmeýän teýeneli äheňde:

— Siziň her bir sowgadyňyz minnetdarlyga mynasyp. Ýöne maňa kiçiräk bellik etmäge rugsat ediň. Birnäçe ýyl mundan ozal siz çagadyňyz. Dogry, siz agras we ulumsy görnüşiňiz bilen uly adama meňzeýärsiňiz emma, barybir, çagalygyňyza galýarsyňyz. Şeýle dälmi? Hudaýa şükür, ýyl geldigi saýy ulalyp, içi suratly romanlaryň gahrymanlaryny ýada salýan ýaş ýigide öwrüldiňiz... Emma, näme, meni bir duran ýerimde durandyr öýdüp pikir edýäňizmi?

Kamran gözlerini petredip:

— Bagyşlaň, Feride, size düşünmejek bolýan — diýdi.

— Bu ýerde düşünmez ýaly zat ýok. Diýmek, siz-ä ösüp ulalýarsyňyz, men bolsam «Altyn kitaphanalardaky» ertekileri okaýan çagajyk bolup galýan-da? Meniň on bäş ýaşandygymy unutmaň! Kamran, öňküleri ýaly, maňa geň galmak bilen seretdi.

— Ýene-de hiç zada düşünýän däldirin, Feride! Munuň körzehinligine haýran galýan kişi bolup, dodaklarymy ýumdum, emma, çynymy aýtsam, näme diýjek bolýandygyma özümem düşünemokdym. Aýdanlaryma puşman edip, düşen ýagdaýymdan çykalga gözledim.

Gyzmalyk bilen ikinji gutynyň daňysyny çözdüm. Görsem, ol ýerde içi likýorly süýjüler bar eken. Kamran resmi häsiýetde diýen ýaly, tagzym edip:

— Siz bilen uly gyz ýaly gürleşmelidigini öz agzyňyzdan eşidenime örän begenýän, Feride. Kitaplar üçin bolsa, ötünç soramagyň zerurlygy ýokmuka diýýän, çünki kitaplaryň berilmeginiň degişmedigine süýjüler güwä geçýär ahyryn. Eger size, hakykatdanam, kitap sowgat etmekçi bolan bolsam, onda ýap-ýaňyja ýatlan romanlaryňyzyň birini getirmäge çalşardym.

Kamranyň degşendigi jedelsizdi. Şeýle-de bolsa, onuň mylaýymlyk bilen janygyp gürlemesi maňa diýseň ýakymly eşidilýärdi.

Onuň gürrüňlerine jogap bermezlik üçin, gollarymy gowşuryp durdum-da, haýran galýan kişi boldum. Kamran gürrüňini soňlanynda bolsa, onuň ýüzüne seretdim-de, gözüme düşüp duran saçlarymy arkan serpmek üçin kellämi silkdim. Soňra bolsa oňa:

— Siziň gürrüňiňize üns bermändirin. Süýjüler şeýlebir täsin eken welin,.. olary görüp, badabat günäňizi ötdüm. Ýeri bolýar-da. Size örän minnetdar, Kamran — diýdim.

Göwnüme bolmasa, onuň sözlerini diňlemänligimi boýun almagym Kamranyň çetine degen bolarly, emma ol, näme üçündir, muny bilmezlige salmaga çalyşdy we jögüsireýän tutuklygy bilen uludan demini aldy-da:

— Nätjek-dä! Eger siz çaga sowgatlaryny halamaýan bolsaňyz, indiki gezek uly adamlara sowgat edilişi ýaly, ähmiýetli bir zat getiräýmeli bolar-da — diýdi.

Bar ünsümi süýjülere beren kişi boldum, gymmatbahaly şaý-seplerden doly gapyrjaga seredýän ýaly, guta seretdim, ol ýerdäki süýjüleri çykaryşdyrdym, olary hatarlap goýdum-da, dyngysyz gürläp başladym:

— Bulary iýmek üçinem ussatlyk gerek, Kamran. Ol sungat bolsa siziň sadyk guluňyza degişli. Seret... Mysal üçin, sen bu sary süýjini gyzyl süýjüden öň iýmelidigini bileňok. Şeýle dälmi? Eger şony şeýtmesek bary biderek! Çünki gyzyl süýji örän tagamly, üstesine-de, az-kem narpyzly. Eger sen ony öňürti iýseň, sary süýjiň näzik tagamyny, melul ediji ysyny duýman galarsyň. Wah, meniň arzyly süýjüjiklerim...

Olaryň birini alyp, dodaklaryma golaý getirdim-de, edil kindiwanja çaga guş bilen gürleşýän ýaly, onuň bilen söhbede başladym.

Çykanym maňa tarap elini uzadyp:

— Feride, ony maňa beräý — diýdi. Men düşünmän, Kamranyň ýüzüne seretdim:

— O näme diýdigiň boldy?

— Iýäýsem diýýän...

— Gutyny seniň ýanyňda nähak açypdyryn öýdýän. Getiren zadyňy özüň iýip otursaň, nähili bolar?

— Maňa diňe birini — ynha, şuny beräý.

Dogrudanam, bu näme boldugy? Bu adam agzyma atjak bolup duran süýjimi soraýar welin, neneň keşdi çekjekkä!

Aljyran bolara çemelim... Çykanym bolsa oslaman durkam, süýjini aljak bolup, elini uzatdy. Emma çalasynlyk bilen süýjimi gizledim-de, oňa dilimi çykardym.

— Ozallar-a siz beýle hilegär däldiňiz. Bu zatlary nireden öwrenip ýörsüňiz? Serediň, size bu süýjüleri nähili iýmelidigini görkezeýin, ana, şondan soň alyp bilersiňiz — diýip, wäşilige saldym.

Men kellämi arkan atdym-da, dilimi çykaryp, üstünde süýji goýdum. Süýji agzymyň içinde eräp ugrady, onuň juda süýjüligini Kamrana bildirjek bolup, dürli yşaratlar etdim-de, başymy ýaýkadym, sebäbi heniz agzymda süýji bardy.

Çykanym aljyraňňy ýagdaýda haýran galyp, aňkaryp galdy, men durup bilmän batly-batly güldüm, emma şobada özümi ele aldym, gutyny Kamrana yzatdym-da, agraslyk bilen:

— Indi süýji iýmäni öwrenen bolsaňyz gerek. Size birini almaga rugsat edýän — diýdim.

Kamran hem oýunlyga salyp, hem gaharly ýagdaýda gutyny yzyna itdi-de:

— Gerek däl. Goý, olaryň bary seniňki bolsun — diýdi.

— Munuň üçin sag boluň!

Bize başga edere gürrüň galmandy. Sypaýyçylyk üçin öýdäkileriň hal-ahwalyny soraşdyryp, olara salam ýolladym we gutyny goltugyma gysyp, çykjak boldum welin, birden goňşy otagdan ýuwaşja tarkyldy eşidildi. Durşum bilen gulaga öwrülip, doňup galdym.

Tarkyldy biziň okuw kartalarymyz we şuňa meňzeş zatlar saklanýan jaýymyzdan çykypdy. Soňra şol kartalaryň biriniň ýere gaçandygyny eşitdim. Aýna gapynyň aňrysynda syçan şygyrdysy başlandy.

Çykanyma bildirmän, göz astyndan gapy tarapa seretdim, şonda näme görendir öýdýärsiňiz?! Dury däl aýnanyň aňyrsynda kelläniň ullakan kölegesi bardy... Nämäň nämedigine şobada düşündim. Ol Mişeldi. Ähtimal, ol karta gerek bahanasy bilen kemakyl enekämizden rugsat alandyr-da, bu otaga gelip, bizi synlamaga başlandyr.

Kölege ýitdi. Indi Mişel gapynyň açar sokulýan deşiginden jyklaýardy. Nätsemkäm? Bizi aşykmagşukdyr öýdüp, ol, elbetde, üýtgeşik bir zada garaşýandyr. Eger çykanym bilen hoşlaşan wagtym: «Bolýar onda, sagsalamat bol, öýdäkilere salam aýt!» diýen ýaly adaty diýilýän zatlary aýdanymy göräýse, ol şobada ähli zada düşüner, soňra bolsa: «Hä, sen maňa erteki otarýan ekeniň-ow» diýip çasly güler.

Aýybym açylar gorkusy meni bir bolgusyzlyga baş goşmaga mejbur etdi. Bu gelşiksizdi. Ýöne bir zady başlaňsoň, ony ahyryna çenli dowam etmelidi.

Aglaba joralarym ýaly, Mişel türkçe bilenokdy. Şonuň üçinem biz nähili gürrüň edenimizde näme, biziň sesimiz, hereketlerimiz söýüşýän juwanlaryňky ýaly bolsa bolýar-da.

— Wah, tas ýadymdan çykan eken. Ol enekäniň agtygy öýdemidir? — diýip, oslagsyz ýerden soradym.

Agtyk diýýänim birnäçe ýyldan bäri öýümizde ýaşaýan ýetim oglandy. Kamran geň galdy.

— Elbetde, öýde. Başga nirede bolsun?

— Hawa-la... Bilýän-le... Ýogsa-da... Biler bolsaň... ol çagany şeýlebir gowy görýän welin...

Çykanym ýylgyrdy.

— Beýle söýginiň nireden peýda bolandygyna men-ä düşünemok. Ýalňyşmaýan bolsam, sen ol neressäniň ýüzüne-de seretmeýärdiň.

Men düşnüksiz bir yşarat edip:

— Ýeri, seretmäm-de näme? — diýdim.

— Bu ony gowy görmeýänligimi aňladanoga? Sen biderek gürrüň edýäň! Tersine, men ol oglanjygy janym-tenim bilen gowy görýän. Şeýlebir gowy görýän welin...

Men «Gowy görýän» diýen sözleri edil «Kameliýaly hatyny» oýnaýan aktrisa ýaly boýnumy burup, ellerimi döşümde goýup, aýratyn duýgy bilen aýtdym. Iki gözüm bolsa, birsyhly aýna gapynyň aňrysyndady. Egerde, Mişel türk dilinde alty sany söz bilýän bolsa, olaryň üçüsi «Gowy görýän» diýen sözler bolmaly. Ýöne ýalňyşýan bolmagymam mümkin. Beýle bolsa joram sözlüge sereder ýa-da türk dilini bilýän adamdan «Şeýlebir gowy görýän» diýen sözleriň manysyny sorap, onuň ähmiýetiniň uludygyna bada-bat düşüner.

Emma diňe bir Mişel barada däl, eýsem, Kamranyň ýagdaýynam göz öňünde tutmalydym; ýöne bu meselede öte geçene meňzeýärdim. Aýdan sözlerim we yşaratlarym çykanymyň gülküsini tutdyrdy. Ol:

— Feride, saňa näme bolýar? Beýle mylaýym häsiýet sende nireden peýda boldy? — diýip geňirgendi.

Beýle duýgularyň nireden peýda bolandygynyň parhy ýokdy, üstesine-de, häzir pelsepe otarmagyň wagty däldi.

— Etjek alajyň ýok, bu şeýle-dä! Ony söýýän, wessalam — diýip, öňkim ýaly, bir depen ýerimi depdim durdum. — Öýe bardygyň meniň adymdan ol oglanjyga bir zatlar sowgat berjekdigiň barada söz ber. Oňa näme bermelidigini bolsa, özüň gowy bilýäň.

Mişeliň gözüniň öňünde hyzmatkäriň agtygy üçin bir zatlar berjek bolup, baý örtendim-ä. Emma, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, kisämde bir tokga kagyzdan başga zat ýokdy, ony agşamky sapaklara gatnaşýan hem-de sapak wagty irkilip oturýan garry kempiri atjak bolup, tokgalap goýupdym. Şonda çykgynsyz ýagdaýa düşüp, başga bir täri ulanmaly boldum. Göýä, Kamrany gujaklajak bolýan ýaly, onuň ellerine ýapyşdym.

— Sen ol oglanjygy maňa derek gujakla hem-de ýüzünden-gözünden ogşa. Şeýtmegi maňa wada berermiň?

Biz edil biri-birimiz bilen gujaklaşyp duran ýalydyk. Demimiz demimize galtaşyp gidýärdi. Hiç zatdan habarsyz çykanym, bu ýagdaýa düşünip bilmän, alasarmyk ýagdaýda galdy. Oýun diýseň gowy oýnalypdy. Indi perdäni ýapsagam boljakdy. Men Kamranyň ellerini goýberip, demim-demime ýetmän otagdan atylyp çykdym hem-de Mişel dälizde yzymdan ýetip, boýnuma böker diýip garaşdym. Emma bu diýenim bolmady. Yzymda hiç hili aýak sesi ýokdy, şonuň üçinem aýak çekdim-de, aňry-bäri saklanýan otaga assa-assa ýöräp bardym we diň saldym. Jaýyň içinde adam bara meňzänokdy. Durup bilmän, gapyny itekledim. Şonda kimi görendirin öýdýärsiňiz? Ol Ksawýe atly gojady, ol mahal-mahal bize saz ugrundan sapak bermek üçin gelerdi. Ol kürsiniň üstüne çykypdyr-da, ýokarky tekjelerden saz depderini gözleýärdi.

Haý, näletsiňen garry diýsänim! Ony Mişeldir öýdüp, Kamranyň öňünde masgara bolupdyryn.

Ysytma tutýan ýaly, ýüzüm lap-lap gyzdy. Sapaga barman, baga gitdim we çeşmä baryp, kellämi buz ýaly suwa sokup çykardym. Suw saçlarymdan, ýüzümdengözümden syrygyp, içki eşigime aralaşýardy, şondan soň maňa galpyldy aralaşdy.

Men içimi gepledýärdim: «Eger oýundan söýgi adamyny gyzardyp, galpyldadýan bolsa, onda çyn söýgi dagy nähilikä?»

***

Şol ýyl Kamran ýanyma ýygy-ýygydan gelip ugrady, her gezek otagyň gapysy açylanynda yzymdan ýene-de Kamran gelendir öýdüp, ýüregim gürsüldäp ugraýardy. Kamranyň getirýän süýjüleridir kökeleri bütin synpa ýetýärdi diýsegem boljakdy.

Diňe janypkeşligi bilen däl, eýsem, hajymelikligi bilenem meşhurlyk gazanan synpdaş joram Mari Pyrlantäjiýan süýjülerimi ullakan dişleri bilen gemrip oturyşyna, gözgitmedir haýran galmak bilen:

— Şeýle lezzetli zatlary getirýän bolsa, aşygyň seni jany-teni bilen söýýän bolmaly — diýerdi.

Şeýle-de bolsa, bu toslamalaryň bary ýüregime düşüp ugrady. Meni birsyhly wyždanym horlaýardy: Kamranyň sowgatlary — munuň özi: «Ýaňra gyz diliňi sakla» diýen ýaly tölegdi, men bolsam, olary joralaryma sylag-hormatyň alamaty hökmünde görkezýärdim. Bu örän namartlykdy! Onsoňam, näme üçindir, Kamran mekdebe ýygy-ýygydan gatnamany çykardy, her gezegem «Şu golaýda ýaşaýan näsag ýoldaşymy soramaga geldim...» ýa-da «Taksim bagyna saz diňlemäge geldim...» diýen ýaly, ýok bahanalar tapardy.

Bir gezek Kamran gelen wagty hiç zat soramasamda, ol:

— Nişantaşide — kakamyň goja dostunyňkyda boldum. Kakam ony gaty gowy görýärdi — diýdi.

Çydap bilmän, hüjüme geçdim:

— Onuň ady näme? Ol näme işleýän adam? Haýsy ýerde ýaşaýar?

Çykanym aljyraňňylyga düşdi. Hüjüm oslagsyz bolan bolsa gerek, ol hatda onuň adyny, salgysyny-da toslap ýetişmedi. Ol utanjyna çym gyzyl boldy-da, meni aldamaga çalyşdy:

— Ony bilmek saňa nämä gerek? Baý, seniň bilesigelijidigiňi? Sorag juda möhüm ýaly gürledim:

— Bolýar-da. Ony indiki hepdede daýzamdan soraýaryn. Kamran öňküsindenem beter gyzardy.

— Haýyş edýän, muny ejeme bir aýtma. Ol biziň duşuşmagymyzy islänok — diýip özelenmäge durdy.

Mekir içýan, sen meni haçana çenli aldajak ýörjek!.. Seniň nähili adamdygyňa gaty beletdirin! Der-gazap bolup, kürsüden böküp düşdüm-de, öňlügimiň jübüsine elimi sokdum, ol bolsa ellerime ýapyşýardy. Men oňa:

— Eger-de siz meni kakaňyzyň dost-ýarlary ýa-da öz dost-ýarlaryňyz gyzyklandyrýandyr öýdýän bolsaňyz, onda gaty ýalňyşýarsyňyz — diýdim. Bu sözleri hiç zat ýok ýerden aýdypdym. Soňam jaýdan çykyp gitdim.

Şondan soň Kamran her gezek mekdebe geleninde, dürli bahanalar tapyp, onuň ýanyna barmadym. Onuň getirýän gutularyny bolsa, bagda ýa-da otagda açyşdyryp, süýjülere elimi hem degirmän joralaryma paýlaşdyryp çykýardym.

Bar zat düşnüklidi. Ol hoşwagt dul hatyn şu golaýlarda — mekdebiň töwereginde ýaşaýan bolara çemeli. Olar şol gije gürleşen bolmaly... Çykanym olara ýygyýygydan myhmançylyga gatnap, gaýdyşynam bärik — meniň ýanyma degip geçýär eken-dä.

Olaryň ahlaksyzlygy bilen näme işim bar diýsene?! Ýöne onuň oýunjagyna öwrülenim meni gazap atyna atardy. Her gezek bu hakda oýlanamda gaharym gelerdi-de, galpyldap başlardym hem-de aglamazlyk üçin hyrçymy dişlärdim.

Elbetde, öýdäkilerden sorap, Nerimanyň nirede ýaşaýandygyny bilmek örän aňsatdy. Ýöne bu aýalyň adyny tutmak meniň üçin duranja bir jebirdi.

Bir gün öýümize gezmäge bardym. Kimdir biri:

— Iki gün mundan ozal Nerimandan hat aldym. Ýagdaýy gowy ýaly — diýip Nejmiýä ýüzlendi.

Şol wagt kiçijik gürjimizi howuzda suwa düşürmek üçin, daş çykjak bolup durdum. Bu habary eşidip, bosaganyň ýanynda aýak çekdim-de, eglip gürjini ýerde goýdum. Bu dul heleý barada hiç wagt adamdan zat sorajak däldim, ýöne meniň gulaklarymy dykyp biljek adam hem ýokdy.

— Neriman adamsyndan örän göwnühoş. Wah, bu gezek bir görgüliniň alny-bagty açyk bolsun-da! — diýip, myhman aýal sözüni dowam etdi.

Nejmiýäniň sesi hammamyň gümmeziniň aşagyndan çykýan ýaly, ýaňlanyp gitdi:

— Hawa-hawa, bu gezek bir görgüliniň alny-bagty açyk bolaýbilsedi — diýip aýdylany gaýtalady.

Şunuň bilenem gürrüň gutardy. Ähli zat öz-özünden aýan bolupdy. Men bälçiräp:

— Biziň hormatly hanymymyz ikinji gezek durmuşa çykaýdymy? — diýip soradym.

— Sen kimiň gürrüňini edýäň?

— Siziň şol hat alan hanymyňyzyň. Neriman hanymyň.

Myhmanyň ýerine Nejmiýe jogap berdi:

— Näme, seniň habaryň ýokmudy? Ol bireýýäm durmuşa çykdy ahyryn!.. Neriman inžener ýigide bardy? Olar ýarym ýyl bäri Izmirde gezip ýör. Men doga okaýan ýaly:

— Wah, bu gezek bir görgüliň alny-bagty açyk bolsun-da! — diýdim-de, gürjimi elime alyp, jaýdan çykdym.

Ýöne men häzir howza däl-de, ýol-ýodany saýgarman, baga tarap ylgap barýardym.

***

Şol tomus Tekirdaga*(Türkiýäniň Ýewropa böleginde ýerleşýän bir şäher.)* kiçeňräk syýahata gitdim. Bilşiňiz ýaly, Allatagala maňa daýza baryny beripdir. Olaryň biri hem Tekirdagda ýaşaýardy. Onuň adamsy Aziz beý telim ýyldan bäri şol etrabyň baştutanydy. Olaryň Müjgän atly gyzlary bardy. Köpsanly çykanymyň, doganoglan bajylarymyň içinde ony has gowy görerdim.

Müjgän juda görmeksizdi, ýöne onuň parhy ýokdy. Ondan bary-ýogy üç ýaş kiçi bolsamam, kiçijikkäm, ony uly gyz hasaplardym. Ynha, indi ýaş tapawudymyz onçakly göze ilmese-de, gatnaşygymyzda üýtgän zat ýok, men öňkülerim ýaly, oňa abla*(bajy)* diýip ýüzlenýärdim.

Müjgän bajy bütinleý meniň tersime ýasalan adamdy. Men näçe kelesaň, garagol hasaplanýan bolsam, ol şonça-da agras, paýhasly hasaplanýardy. Üstesine-de, ol diýseň ýowuz häsiýetlidi. Maňa islän zadyny etdirýän diňe şol diýseňem boljak. Onuň nesihatlary çetime degip, diýenlerine hötjetlik etsem-de, barybir, oňa tabyn bolmaly bolýardym. Näme üçin diýýäňizmi? Bilmedim. Belkem, söýgi hasratyna uçran ynsanyň onuň ýesirine öwrülýänligi üçindir.

Adatça, Müjgän ejesi bilen iki-üç ýylyň dowamynda bir gezek Stambula gelip-giderdi, şonda ol bize ýa-da daýzalarymyň birine myhman bolardy.

Ýöne şol tomus Tekirdagdan maňa resmi ýagdaýda diýen ýaly, çakylyk haty geldi. Aýşa daýzam doganyna: «Sizden-ä tama edemok, ýöne öňümizdäki dynç alyşlykda Feridäniň bolmanda iki aýlyk myhmançylyga gelmegine garaşýandyrys. Sebäbi, her näme diýseňem, menem onuň daýzalarynyň biri. Eger-de Feride gelmese, Aziz daýysy, men, Müjgän — hemmämiz ondan gaty göreris» diýip ýazypdyr.

Besime bilen Nejmiýe ikisine Tekirdag dünýäniň aňrujy bolup görünýärdi. Olar alysdaky ýyldyzlara bakýan ýaly, gözlerini süzüp:

— Heý, beýle-de bir zat bolarmy? Bu mümkin zatmydyr? — diýip hüňürdeýärdiler.

— Ejaza berseňiz, size mümkin däl zadyň ýokdugyny subut edeýin — diýip, edep bilen tagzym etdim.

Joralarymyň birentegi tomusky dynç alyşlykda eneatalary bilen nirädir bir ýere giderdiler, soňam beýleki gyzlaryň ýanynda çensiz öwnerdiler. Diýmek, okuw başlandygy maňa-da şeýtmäge mümkinçilik boljakdy. Bir ýyl mundan ozalky söýgi ertekisine bu ýylky syýahaty hem goşsaň, hiç neneň boljak däl!

Elime portfelimi alyp, romanlarda okan amerikan gyzlarym ýaly, özbaşyma gäminiň üstüne çykasym gelýärdi. Emma daýzalarym bu hyýalymy eşidip-eşitmänkä, uly gopgun turzup, ýanym ýoldaşsyz Tekirdaga goýbermejekdiklerini aýtdylar. Üstesine-de: «Garaňkyda palubadan eglip seretme... Hiç kim bilen gürleşme... Gäminiň içinde dälirän ýaly ylgama...» diýip, kemsidiji nesihatlary bilen ähli keýpimi gaçyrdylar. Eýsem, Tekirdaga gatnaýan kindiwanja köne gämide ummanlary ýüzüp geçýän äpet gämilerdäki ýaly, ýüz metrlik meýdança barmy diýsene!

Müjgän bilen biz iki ýyldan bäri görüşmändik. Şu döwrüň içinde ol ulalyp, hakyky hanym bolupdyr. Onuň bilen gürleşmäge-de heder etdim. Emma, muňa garamazdan, biz ýene-de ysnyşdyk.

Daýzam Aýşanyň we Müjgäniň tanyşlary köpdi. Şonuň üçinem her gün olaryň biri bizi ýa şähere, ýa-da öýlerine myhmançylyga çagyrardy. Daýzam maňa: «Sen indi uly gyz bolupsyň, birden ýeňilkellelik edip, ýüzümizi gyzardaýma!» diýip birsyhly sargaýardy. Şonuň üçinem öz hereketlerime juda ünsli garaýardym. Nätanyş aýallar bilen gürrüňdeş bolanymda, sowallaryna agras we sypaýyçylyk bilen jogap bermäge çalşardym hem-de özümi, «myhman, myhman» diýlip, oýnalýan çagalara meňzederdim! Ýöne, çynymy aýtsam, ulular bilen söhbetdeş bolmak maňa uly lezzet berýärdi.

Bu myhmançylyga gidişlikler, elbetde, keýpimi göterýärdi, ýöne Müjgän bilen ikiçäk galýan sagatlarymy bar zatdan gowy görerdim.

Aziz daýymyň jaýy deňiz kenarynda — uçut ýerde ýerleşýärdi.

Ilki-ilkiler Müjgän abla kert gaýa çalym edýän uçutdan düşüşimi görüp, ör-gökden gelerdi, ol muny gadagan etjegem bolýardy, emma soň-soňlar bu ýagdaýa öwrenişip gitdi. Biz telim sagatlap çägäniň üstünde ýüzin düşüp ýatardyk we kenarda durup, ýasyja daşlary suwa zyňyp oýnardyk, olaryň suwa baryp degşine hemde böküp-böküp gidişine syn ederdik. Käwagtlar bolsa, deňziň boýy bilen uzaklara gidip, aýlanyp gelerdik.

Deňiz häzir ajaýypdy, ümsümdi, ýöne ýürekgysgynçdy. Kähalatlar deňizde telim sagatlap ýelkenem, inçejik tüsse-de görjek gümanyň ýokdy. Aýratynam, agşam çaglary suwuň ýüzi giňän ýaly bolup, boşluga çalym edýärdi we ýüregiňi gysdyrýardy.

Bir gezek Müjgän ikimiz öňünden wadalaşyp, alysda görünýän burna tarap ugradyk. Biziň niýetimiz kenaryň beýleki tarapyndaky burny emele getirýän aýlaga çykmakdy. Emma, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, suw joşup, kenary basyp ugrady. Aýakgaplarymyzy çykaryp, suwa girmekden başga alajymyz galmandy. Men öz ýanymdan bu müşgillige begendim. Ýöne Müjgän nätsin? Ol uly gyzdy.

Oňa jorabyny, köwşüni çykardybilmejegimi bilýärdim, şonuň üçinem:

— Müjgän abla, gel, seni arkama hopba edip geçireýin! — diýdim.

— Haý, akylyndan azaşan, sen, näme, meni göterip bilerin öýdýärmiň? — diýip, ol ör-gökden geldi.

Müjgän görgüli ýaşy uly, boýy meniňkiden uzyn bolansoň, özüni götermäge güýjüm ýetmez öýdýärdi.

Şonda bildirmän onuň ýanyna bardym-da:

— Synanyşyp bir göreli, belki, güýjim ýeter — diýip, ony elime alyp, suwa tarap ugradym. Müjgän ilkibada muňa parhsyz garady. Soňra ol şadyýan halda elimden sypjak bolup:

— Sen, akylyňdan azaşypsyň öýdän! Goýber meni! Barybir, göterip bilmersiň — diýip gygyrdy.

Soňra suwda aýakýalaňaç şalpyldap ýörenimi görüp, ol hasam dälirän ýaly boldy.

—Abla, sen ýelek ýaly ýeňiljek ahyryn — diýip, ony köşeşdirmäge durdum.

— Sen deprenäýseň, ikimiz hem suwa ýykylarys. Rahat dursaň welin, hiç zat bolmaz.

Müjgän görgüli gorkusyna çym ak boldy, saçymdan ýapyşyp, gözlerini ýumdy-da, dişlerini gysdy, bir zat diýdigi, deňagramlylyk bozulyp, ikimizem ýykylarys öýdendir-dä.

Suw dyzlaryma ýetýärdi, bagtygara Müjgän bolsa, edil uçudyň gyrasyndan barýan ýaly, gymyldamakdanam gorkup, gözlerini ýumup otyrdy.

Buruna gelip, näme görendiris öýdýäňiz? Suwuň gyrasyndaky gaýygyň ýanynda üç sany balykçy garbanyp otyrdy, özlerem bize seredýärdi. Müjgän allaniçigsi bolup, ellerimi berk gysdy-da, pyşyrdap:

— Ahyry arzuwyňa ýetdiňmi? Indi näderkäk? — diýdi.

Men güldüm-de:

— Olar adam iýýän laýhorlar däl-de, balykçy — diýdim.

Biziň ýagdaýymyz, dogrudanam, çylşyrymlydy. Aýratynam, meniň ýagdaýym şeýledi. Aýaklarym dyzyma çenli ýalaňaç bolansoň, elim joraply halda adamlaryň arasyna çykyp biljek däldim.

Müjgän sübsäniň ujundan gaçan düşdüş ýaly, eýýäm ökjäni götermäge taýýar bolup durdy, bu ýagdaýa utanjyma ýere girip bilemokdym, emma syr bildirmän, balykçylar bilen gürleşip başladym.

Olardan näme üçin bu gün suwuň kenary basandygyny soradym, olaryň haýsy wagtlarda, nirelerde balyk tutýandyklary bilen gyzyklandym. Umuman aýdanyňda, bu bolgusyz soraglardy, bu zatlary diňe bir zatlar gürlemekçi bolup sorapdym.

Balykçylaryň ikisi ýigrimi-ýigrimi bäş ýaşly ýigitlerdi, üçünjisi bolsa sakgallak ýaşuludy.

Ýigitler utanjaň görünýärdi. Sowallaryma diňe goja jogap berýärdi. Ýöne onuňam söz tapman kösenýänligini duýýardym.

Ol meniň kimdigimi sorady. Az salym dymyp durdym-da:

— Adym Marika, özümem Stambulda ýaşaýan. Bu ýere söwdagär daýymlara myhmançylyga geldim — diýip jogap berdim. Müjgän elimden ýapyşyp, bir gyra çekdi-de:

—Alladan gork. Näme üçin ýalan sözleýäň? — diýdi.

— Beýle näme diýipmişim? Stambuldaky daýzalarym maňa: «Diliňe berk bolgun. Tapan-tupanyňy samahyllap ýörmegin. Ol ýeriň adamlarynyň bary gybatkeşdir...» diýip, sargap-sargap goýberdiler. Ine, şonuň üçinem balykçylaryň: «Bu nähili musulman gyz bolýarmyş, onuň diňe ýüzi däl, eýsem, aýaklaryna çenli açyk» diýenlerini islemedim.

Gepiň keltesi, gorkajyk Müjgäne ygtyýar berseň, peşeden pil ýasajakdy.

***

Agşam Müjgän bilen gol tutuşyp, gezim edýärkäk, golaýymyzda bir ýaşajyk serkerdäniň atyny säpjedip ýörendigini gördüm. Ol, göýä, atyna tälim berýän ýalydy. Eýsem, atly gezim etmek üçin sährada ýer gytmy diýsene? Emma ol öňe-yza at salyp, çapmagyny dowam edýärdi, deňimize gelende bolsa, ol şeýlebir syrly ýagdaýda bize seretdi welin, men-ä atyny saklap, biz bilen gürrüňdeş bolar öýtdüm.

Ine, onsoň bir aýlawda bizi, tas ata kakdyryp diýen ýaly geçeninde, biz gaçyp, agajyň aňyrsynda gizlendik, men ýuwaşja gülüp, üsgürdim-de, Müjgäne:

— Müjgän abla, hemmesi düşnükli — diýdim. Müjgän maňa haýran galyp seretdi-de:

— Feride, sen näme diýmekçi bolýaň? — diýdi.

— Biz indi öňkülerimiz ýaly, çaga däl diýjek bolýan... Sen jenap serkerde bilen näz-kereşme etmän-ä oňarýan ekeniň

! Müjgän güldi.

— Menmi?.. Haý, telbe diýsänim...

— Siz onuň bilen dostlarça gürrüň edäýseňiz, nähili bolarka?

— Seniň pikiriňçe, serkerde maňa görünjek bolup, atyny säpjedýär-dä?

— Alasamsyk adam bolaýmasa, muňa öňýeten düşüner. Müjgän ýene-de gülümsiredi, ýöne bu gezek onuň gözlerinde hasrat bar ýaly göründi. Ol:

— Ezizim, men yzynda ser-sepil bolunýan gyzlardan däl ahyryn. Ol bu ýere sen diýip gelipdir — diýdi.

— Diýýäniň näme, abla? — diýip, gözlerimi petretdim.

— Hawa, hawa, sen diýip gelipdir. Men ony sen gelmänkäňem gördüm. Ol şonda meni ýoluň gyrasynda gögerip oturan agaçça-da görmedi, gapdalymdan okdurylyp geçdi-de, gaýdybam görünmedi.

Şol gün agşam Müjgän ikimiz agşamlyk naharyny edinip, öýden çykdyk-da, deňze tarap ugradyk. Biz dymşyp barýardyk. Ahyrsoňy dymyşlygy Müjgän bozdy.

— Feride, sen bir derde dagy uçran-a dälsiň-dä, hernä? Hiç sesiň çykanok-la?! — diýip sorady.

Birneme içimi gepledip duranymdan soň:

— Gündizki aýdan bolgusyz sözleriňi ýadymdan çykarybilemok, içim gysýar — diýip jogap berdim.

— Näme üçin? Men näme diýipmişim? — diýip, Müjgän ör-gökden geldi.

— Sen: «Men yzynda ser-sepil bolunýan gyzlardan däl» diýdiň.

Müjgän ýuwaşja güldi.

— Diýenimde näme? Saňa nä dahyly bar?

Gözlerimiň owasy ýaşdan doldy, onuň ellerinden ýapyşdym-da:

— Eýsem, sen bigörkmi, ablam? — diýip hamsygdym.

Ol ýene-de güldi, soňra dulugyma çalaja çalyp:

— Elbetde, özüme bedroý-a diýip biljek däl, ýöne owadanam däl, ortaça bir zenan-da, şonuň üçinem, gel, bu barada jedelleşip oturmaly. Ine, sen welin... duranja bir peri! — diýdi.

Ellerimi Müjgäniň boýnuna atdym-da, burnumy onuň burnuna degräýjek bolup:

— Gel, meni-de ortaça zenan hasaplaly! Şunuň bilenem, bu gürrüňi bes edeli — diýdim.

Biz uçuda ýetdik. Men ýerden daş aldym-da, deňze zyňyp ugradym. Müjgänem meniň yzyma eýerdi, emma görgüliniňki ugruna bolanokdy, elleri juda ysgynsyzdy.

Zyňan daşym göz açyp-ýumasy salymda gözden ýitýärdi, soň ýyldyzy ýada salýan damjalaryň ýüzlerçesini çar tarapa seçelendirip, suwa düşýärdi. Müjgäniň zyňýan daşlary bolsa zordan deňziň kenaryna ýetip, çagyllygyň üstüne düşýärdi we gülkünç ses edýärdi. Bu bolsa biziň göwnümizi göterýärdi. Göwnüme bolmasa, Aý şöhlesine ýalpyldap ýatan deňiz bizi ruhlandyraýjak ýalydy, emma biz bezzatlyk edýärdik. Bahym Müjgän ýadap, uly daşyň üstünde oturdy, menem onuň öňünde — ýerde oturdym.

Müjgän menden mekdep joralarym barada soraşdyrdy, menem oňa Mişel bilen bagly birnäçe wakany gürrüň berdim. Soňam bilmezden, toslan söýgim baradaky gürrüňe geçipdirin.

Muňa näme sebäp bolduka ýa-da ýaňrama zerurlygy çykdymyka?.. Bilmedim. Men gürrüňimiň ýerliksizdigini aňyp, ençeme ýola saklanjak boldum, emma başarmadym. Umuman, joralaryma «Bitmedik ýowşanyň düýbünde dogmadyk towşany görendigimi» aýtdym. Mekdepde men gam çeken kişi bolýardym, sebäbi bu oýny özüm gurapdym, ynha, bärde bolsa, hiç hili mejburlyk ýok ýerinden meni gam-gussa basdy. Sesim sandyrap, gözlerime ýaş aýlandy... Men Müjgäniň ýüzüne bakmaga çekindim, onuň köýneginiň eteklerini dyrmalap, kellämi dyzynyň üstünde goýdum-da, uzaklara — deňiz giňişligine seretdim...

Başda bu toslamanyň gahrymanyny Müjgänden gizlemekçi boldum, soňra bolsa saklanyp bilmän, dilimden gaçyrdym.

Müjgän sesini çykarman diňleýärdi hem-de elleri bilen saçlarymy sypalaýardy.

— Hawa, meni utandyrýan ýeri — joralaryma ýalan zady çyn, toslamany hakykat hökmünde gürrüň bermegim... — diýip, gürrüňimi paýawladym.

Bu gürrüňlerden soň, Müjgän näme diýendir öýdýärsiňiz? Ol:

— Görgüli, Feride, sen, hakykatdanam, Kamrana aşyk bolupsyň! — diýdi.

Men çirkin sesimi etdim-de, Müjgäniň boýnuna bökdüm hem-de ony gury otuň üstüne ýykdym-da, güýjümde baryny edip, silkeläp başladym.

— Näme diýdiň, abla? Sen näme diýdiň? Menmi? Men ol çypar içýanymy?.. Müjgän çabalanyp, demi-demine ýetmän elimden sypjak bolýardy.

— Goýbersene... Köýnegimi ýyrtdyň... Biri göräýse nätjek!.. Ryswa bolarys! Taňrynyň haky üçin, goýber! — diýip, ol ýalbarýardy.

— Sen ojagaz sözleriňi yzyna gaýdyp almaly bolarsyň!

— Hökman alaýyn, näme diýseň edeýin, ýöne meni goýber.

— Ýöne meni öýkeletmezlik ýa-da al salmak üçin bolmasyn...

— Bolýar, bolýar. Aldaman, çynym bilen aýdýan...

Müjgän ýerinden turup, köýnegini düzedişdirdi. Soňra güldi-de:

— Sen, dogrudanam, däli, Feride — diýdi. Men galpyldap oturyşyma:

— Maňa neneň töhmet atýaň! Hudaýdan gork, abla! Men entek çaga ahyryn! — diýdim. Soňra bolsa saklanyp bilmän aglamaga başladym.

***

Şol gije erbet gyzdyrdym. Gözüme hiç uky gelmedi. Ýatalganyň üstünde samrap, tora düşen balyk ýaly, birsyhly çabalanyp çykdym.

Bagtyma, häzir gijeler gysgady. Müjgän daňdana deňiç ýanymdan aýrylmady. Men özümde gorky gatyşykly ýigrenç duýgusyny duýýardym. Göwnüme bolmasa, süňňümde bir üýtgeşiklik bolup geçen ýalydy. Müjgäniň goltugyna gysyldym-da, hötjet çaga ýaly möňňürip:

— Abla, sen näme üçin beýle diýdiň? — diýip, birsyhly gaýtalaýardym.

Müjgän sesini çykarmaýardy, belki, täzeden hüjüm ederimden gorkýandyr, ol diňe kellämi dyzynyň üstünde goýup, saçlarymy sypalaýardy hem-de meni köşeşdirjek bolýardy. Emma daňa golaý Müjgäniň sabyr käsesi doldy, ol gazaba mündi-de, azmly gygyrdy:

— Haý, akylyndan azaşan! Eýsem, söýmek aýypmydyr? Munuň üçin ahyrzaman gopanok ahyryn. Eger geljekde bir zatlar ýüze çykaýmasa, siz öýli-işikli bolarsyňyz... Wessalam. Hany, indi bolsa aglamaňy goý-da, ýat, men seniň hyk-çokuňdan bizar boldum — diýdi.

Men şol bada ýöwselläp ugradym. Oslanmazdan peýda bolan bu hüjüme garşylyk görkezmäge gurbatym çatmady. Men edil ertekidäki uzakly gije möjek bilen söweşen, ahyrsoňy daňdanlar oňa aw bolan geçi ýaly, derrew boýun sunmaly boldum.

Ukynyň arasynda Müjgäniň:

— Olam saňa göwünsiz däl — diýýän mylaýym sesini eşidip galdym. Kemtersinden, gatyrganmaga-da mejalym bolmany üçin, uklap galypdyryn.

***

Ertesi gün bizi ýerli baýlaryň biriniň mülküne çagyrdylar.

Göwnüme bolmasa, şol günki ýaly, şatlanan, guduran gezegim ýok bolsa gerek.

Daýzam bilen Müjgäni uly adamlar bilen gybat etmäge goýup, mülküň körpeje ýaşaýjylaryny ýanyma aldym-da, edil aýagym bişen ýaly, ýolumda duş gelen ähli zady ýykan-ýumran edip, bagda ikibaka at salyp ugradym. Men hatda eýersiz ata atlanmaga-da çekinmedim, ýöne bu başa barmady. Daýzam bilen Müjgäniň gözlerine ilemde, olar maňa azmly yşaratlar etdi. Olaryň näme diýjek bolýanlaryny bilýärdim, emma bilmezlige salýardym, yşaratlaryna düşünmedik kişi bolup, ýene-de agaçlaryň arasynda gözden ýitdim.

Elbetde mülküň hyzmatkärleriniň we işgärleriniň arasynda başaçyk, aýakýalaňaç halda, edil mesirgän ýabyýaly, ylgaşlap ýörmek on bäş ýaşly uly gyza aýypdy. Muny özümem gowy bilýärdim, ýöne akyl-paýhasa eýermäge özümi hiç mejbur edip bilemokdym.

Müjgäniň ýeke galan pursadyny peýläp, onuň eline ýapyşdym.

— Sen edil ermeni gelni ýaly, ejap eden bolup, bu hanymlardan näme lezzet alýarsyň? Ýör, biziň bilen oýna. Ol der-gazap boldy:

— Sen maňa gijagşamdan tä ertire çenli ezýet baryny çekdirdiň! Sen, dogrudanam, geň adamaý! Saňa nägehan diýseňem boljak. Sen gije nähili ýagdaýda bolanyňy bir bilýärmiň? Turanyňa iki sagadam-a bolanok welin, argyn adama meňzäňok-la. Ýüzüň lowurdap, gözleriň ýaldyrap dur. Meni bolsa, gör, ne hala saldyň? Müjgän görgüliniň, dogrudanam, haly harapdy. Gijeki ukusyzlyk sebäpli, onuň ýüzi-gözi mum ýaly sarydy. Men:

— Gijeki bolan zatlardan habarym ýok — diýdimde, ýene-de ökjäni göterdim.

***

Agşamara öýe pyýadalap gaýtdyk, biziň paýtunymyz nirededir bir ýerde eglenen bolara çemeli. Meniň üçin-ä bu has ýakymly boldy, onsoňam biziň mülkümizem uzakda däldi. Aýşa daýza bilen onuň ýaşlaryndaky iki sany goňşy aýal yzdan mytdyldaşyp gelýärdi. Birneme özüne gelen Müjgän ikimiz bolsa has öňdedik. Ýoluň bir tarapy baglykdy, onuň daşyna çybykdan örülen aýmança aýlangydy, käte-käte baglygyň içinde köne jaýlaryň galyndy diwarlary görünýärdi. Ýoluň beýleki tarapynda bolsa, sussupes halda deňiz ýaýylyp ýatyrdy.

Häzir güýz hökümini ýöredip ugrapdy. Aýmançalardyr haýatlaryň daşyny jähekläp oturan otlar solşupdy. Setanda-seýranda saralyşyp giden meýdan gülleri göze ilýärdi. Biri-birinden esli aralykda duran gyrymsy agaçlaryň solgun kölegeleri gumak ýoluň üstüne düşüp durdy. Agaçlardan ilkinji ýapraklar gaýyşyp ýere düşýärdi.

Uzakda — ugruna seredilmeýän baglaryň jümmüşinde böwürslen jeňňelligi gyzaryşyp otyrdy. Biribaryň bu ir-iýmişleri atdaşlarym bolan çalyguşlaryň iýip hezil edinmekleri üçin döredenine şekşübhe ýokdy. Şonuň üçinem tutuksy deňze ýeňsämi öwrüp, Müjgäniň golundan tutdum-da, böwürslenlige tarap ugradym.

Ýoldaşlarymyz eýýäm yzymyzdan ýetipdi, ýöne olar pyşdyl ýörişini edip, burça ýetinçäler, biz böwürslenlige ýüz gezek dagy özümizi atyp biljekdik.

Müjgän şeýlebir nalajedeýin, şeýlebir gowuşgynsyzdy welin, ol diňe men ýaly sabyrsyzy däl, eýsem, çem gelen adamynyňam akylyny çaşyryp biljekdi. Meýdanyň içi bilen barýandyrys, birden köwşüniň ökjesi gaňrylaýsa, ol aýaklaryny saman gylçyklary ýaralar öýdüp gorkýardy, öňünden insizje ganaw çykdygy dagy, üstünden böküp bilmän iki jahan owarrasy bolup durandyr.

Oslaman durkak, ýanymyzda bir güjüjek peýda boldy. Ol Müjgäniň el torbasyna-da ýerljek kiçijik gürjüdi welin, ablam eýýäm aman diläp, ökjäni götermäge taýyn bolup durdy. Mundan başgada, ol böwürslen iýmekden-de gorkýardy.

Ol elimden böwürslenleri kakyp alyp:

— Hassalarsyň, içiň agyrar! — diýip gygyrdy.

Onuň bilen birneme harçaňlaşmaly boldum. Biziň çekeleşmelerimizden ýaňa böwürslenler mynjyrap, ýüzümize syçrady, giň ýakasyna iki sany kümüş labyryň şekili çekilen ak köýnegim durşuna tegmilden doldy.

Men ulular burça ýetinçä, böwürslenden doýup ýetişeris diýip oýlanypdym, emma olar eýýäm ýetip gelýärdi, biz bolsa bir gysym böwürsleniň üstünde dawa turuzýardyk.

Olar biynjalyk bolýan bolarly, sebäbi zol-zol bize tarap seredýärdiler. Ýanlarynda bolsa bir erkek kişi bardy.

— Görsene, ol kimkä? — diýip, Müjgän menden sorady.

— Kim bolar öýdýäň? Geçip barýan bir ötegçidir ýada daýhandyr-da...

— Aý, ýok, beýle däl ýaly...

— Çynymy aýtsam, menem şeýle pikir edýän...

Iňrik garalyp ugrapdy, üstesine-de, ýoluň boýunda ösüp oturan agaçlaryň kölegesinden ýaňa nätanşyň ýüzüni saýgarmak kyndy.

Birden ol adam bize elini salgady-da, zenanlaryň arasyndan sogrulyp, bärligine tarap ýöneldi. Biz howsala düşdük.

— Geň zat... Ol biziň tanyşlarymyzyň biri bolaýmasa — diýip, Müjgän seslendi. Şol bada-da aljyraňňy halda:

— Wiý, Feride, ol Kamran ýaly-la... — diýdi. — Bolup bilmez. Onuň bu ýerlerde näme işi bar?

— Walla, çynym, bu şol!

Müjgän oňa tarap ylgap gitdi. Men bolsa demim demime ýetmeýänligi, aýaklarym diýen etmeýänligi sebäpli, ýuwaşja ýöräp ugradym.

Men olara ýetmän saklandym. Aýagymy ullakan daşyň üstünde goýdum-da, köwşümiň bagjyklaryny çözüşdirdim we ýene-de olary haýaljakdan daňdym.

Kamran bilen pete-pet gelenimde bolsa, özümi arkaýyn alyp barmaga çalyşdym, hatda ýaňsa alybrak:

— Geň zat! Siz nire, bu ýerleri nire?.. Siz beýle uzak ýola çykmaga neneňsi ýürek edip bildiňiz? — diýdim.

Ol jogap bermedi, diňe keseki bir adamyň öňünde duran ýaly, çekinjeňlik bilen ýylgyryp, ýüzüme seretdi durdy. Soňam maňa elini uzatdy. Men derrew elimi çekip, arkamda gizledim.

— Biz, Müjgän abla bilen böwürslen toýuny etdik. Şonuň üçinem ellerim şire bolup dur, üstesine-de, olara tozanam ýokupdyr... Hawa, daýzalarymyň haly niçik? Nejmiýe gurgunmydyr?

— Olar saňa köp-köp salam aýtdy, Feride.

— Mersi.( sag boluň.)

— Ýüzüň garalyp, menek-menek bolupdyr, Feride.

— Günden-dä... Şol aralykda Müjgän gürrüňe goşuldy-da:

— Senem şonuň ýaly, Kamran! — diýdi. Men özümi saklap bilmän:

— Kim bilýär, belki, ol Aý yşygynda saýawansyz gezendir... — diýdim.

Biz gyzyl-gyran gülşüp, ýöräp ugradyk.

Az salym geçmänkä, Aýşa daýzam bilen Müjgän çykanymyň goltugyndan tutup ýöräp ugrady. Goňşularymyz ýaşy kyrkdan geçenem bolsa, özlerini gelin, Kamranam erkek kişi saýyp, birneme çeträkden ýörediler.

Men çagalar bilen öňden ýöräp barýardym, emma gulagym yzdady. Çykanym daýzama we Müjgäne bu ýere düşmesiniň sebäbini gürrüň berýärdi. Ol:

— Bu tomus Stambulda bolanymda şeýlebir ýüregim gysdy welin, ony söz bilen beýan etmek mümkin däl — diýdi.

Men aýagym bilen ýeri batly depdim-de, öz ýanymdan: «Elbetde, ýüregiň gysar... Hoşwagt duluňy del ýurda iberseň, dagy nähili bolsun?» diýip içimi gepletdim. Kamran bolsa sözüni dowam etdi:

— Iki gün mundan ozal, ýagny aýyň on bäşi güni, biz birtopar bolup Älemdaga çykdyk. Gije diýseň gözeldi. Ýöne, biler bolsaňyz, men ýüregedüşgünç güýmenjeleri halamok-da. Hawa, onsoň daňdanlar hiç kime bildirmän, ýeke özüm şähere gaýtdym. Gepiň keltesi, ýaman ýüregim gysansoň birnäçe günlük Stambuldan çykyp, nirädir bir ýere gitmegi ýüregime düwdüm. Emma nirä gitjek? Ýalowamy? Ýöne ol ýerde entek möwsüm däl. Bursada häzir ot bilen ýalyndyr. Birdenem Tekirdag ýadyma düşdi. Onsoňam sizi örän göresim geldi — diýdi.

***

Şol agşam daýzam bilen adamsy bagda bolup, Kamrany ýanlaryndan aýyrmady. Ýadawlykdan ýaňa aýak üstünde durmaga mejaly galmadyk Müjgänem olaryň ýanyndan aýrylmady.

Men bolsam hemişe olardan çetde durmaga çalyşýardym, kä öýe girsem, kä bagyň jümmüşine gidýärdim.

Näme üçindigini bilemok, ýöne bir sebäp bilen olaryň ýanyna barmaly boldum. Şonda Kamran gatyrganyp:

— Görýän welin, bu öýde myhmana ýüz bermek islemeýänem bar — diýdi.

Gülüp, eginlerimi gysdym-da:

— «Myhman myhmany gysganar» diýip, aýtmanmydyrlar näme — diýdim.

Müjgän gitmegimden ätiýaç edýän ýaly, elimden, köýnegimiň eteginden ýapyşdy. Emma, barybir, onuň elinden sypdym-da, ukym tutýar bahanasy bilen öýe tarap ugradym.

Ýarygije Müjgän otagymyza geleninde, entek ýatmandym. Ol düşeginiň gyrasynda oturdy-da, ýüzüme seretdi. Gülkim tutaýmasyn diýip, beýläme öwrüldimde hor çeken kişi boldum. Müjgän: — Jögülik eden bolmasana! — diýip, meni turmaga mejbur etdi.

— Walla, çynym, ýatyrdym — diýip, oňa gözlerimi mölerdip seretdim. Ikimiz hem saklanyp bilmän gülüşdik. Müjgän ýaňagyma çalaja kakyp:

— Çakym dogry bolup çykdy — diýdi. Men tarsa ýerimden turup, ýatalganyň üstünde ornaşyp oturdym welin, ýatalga muňa döz gelmän jygyldap ses etdi. — Sen näme diýjek bolýaň? Müjgän allaniçigsi boldy. Ol:

— Hiç zat, hiç zat — diýip ýylgyrdy. Soňundan bolsa:

— Taňrynyň haky üçin, meni bogaýma. Ýadawlykdan ýaňa, ölüp barýan — diýdi. Ol çyrany öçürdi-de, ýerine geçip ýatdy.

Az wagt geçeninden soň, onuň ýanyna bardym-da gujakladym, emma ol biçäre eýýäm uka giden eken. Ol gözlerini süzüp:

— Ýatmaga goýsana, Feride! — diýip ýalbardy. — Bolýar. Ýöne sen bir zady bilip goý. Aýtjak zadymy aýdaýmasam, barybir, gözüme uky gelmez — diýdim.

Otagyň içiniň garaňkylygyna, Müjgäniň gözleriniň ýumuklygyna garamazdan, dodagymy onuň gulagyna golaýlatdym-da, pyşyrdadym:

— Seniň kelläňde biderek pikirler at salýar. Men oňa düşünýän... Ýöne sen oýun edibem oňa bir zatlary aýdaýsaň, seni tutaryn-da, özüm bilen bilelikde deňze oklaryn.

— Bolýar... bolýar... — diýip, Müjgän hümürdedi-de:

— Seniň özüň näme isleýäň? — diýip sorady.

Ol şeý diýdi-de, yralaýandygyma garamazdan, ýene uka gitdi.

Kamranyň gelmegi, dogrudanam, keýpimi bozdy. Men oňa gahardyr ýigrenç duýgulary bilen garaýardym. Bu duýgular bolsa, gün-günden möwjeýärdi. Çykan ikimiz ikiçäk galan wagtymyz, sebäpsiz ýerden onuň ýüzüni alardym hemde çaltrak ýanyndan gaçanymy kem görmezdim.

Bagtyma, daýzamyň adamsy Aziz daýym myhmanyň azaryny hiç kime ýetirmedi. Ol her gün diýen ýaly, dost-ýarlaryny öýe çagyryp, Kamran bilen tanyşdyrýardy, günüň-gününe ony paýtuna mündürip, irginsiz gezelençlere ýa-da ýerli baýlaryň birine myhmançylyga äkiderdi.

Bir gün ir bilen çykanyma basgançakda gabat geldim. Kamran ýene-de bir ýere myhmançylyga gitmäge hyýallanýan eken. Ol meniň ýolumy kesip, hiç kimiň eşitmeýändigine göz ýetirmek üçin, töweregine garanjaklady-da:

— Feride, men beýle myhmansöýerlikden ölsem gerek — diýip pyşyrdady.

Oňa golaý barman, basgançakdan düşüp bilmejegimi bildim-de:

— Eýsem. Bu erbetmi, näme? Sizi her gün gezdirýärler, wagtyňyzy hoş geçirýärsiňiz — diýdim.

Kamran ýaňsyly gülümsiredi-de, gözlerini asmana dikip:

— «Myhman myhmany gysganar» diýsene. Ýöne sen gadymdan gelýän kada-kanunam unutma: myhman myhmanyň gybatynam etgiçdir. Meniň hem bir zatlar aýdaýmagym ahmal — diýdi.

Kamran, näme üçindir, gelen agşamy «Myhman myhmany gysganar» diýip aýdan sözlerime gaharlanýardy. Özi-de çetime degmäge jan edip, muny birsyhly ýatladýardy.

— Ýagşy. Emma meniň üçin-ä size zeýrenere bahana ýok. Sizi her gün täze ýerlere, täze adamlar bilen tanyşdyrmaga äkidýärler...

Kamran ýene-de ýüzüni bürüşdirdi. Ol:

— Eýsem, tanyşýan adamlarym meniň göwnümden turýandyr öýdýärmiň? — diýdi.

Men saklanyp bilmän:

— Wah, biçäre garyndaşlarym saňa ýaraýan adamyny nireden gözläp tapsyn? — diýdim.

Meniň kimi göz öňünde tutýandygyma Kamran derrew düşündi. Ol bir ädim öňe ätdi-de, ellerini maňa uzadyp we howsalaly halda:

— Feride!.. — diýdi.

Emma onuň uzadan elleri boş galdy. Men onuň bilen basgançak gözeneginiň arasyndaky dara-jyk ýere çykdym-da her gezek iki basgançaga böküp, haýsydyr bir aýdyma hiňlenip, baga tarap gaç-dym.

Barybir, Müjgän meniň syrymy açdy oturyberdi.

***

Günlerde bir gün irden biz deňziň kenaryndaky gaýada gezmeläp ýördük. Gije ýagyş ýagypdy, güýzüň ýakymly sergin şemaly jana şypa berýärdi. Ümre ýa-da tüssä meňzäp gaýmalaşyp ýören bulutlar Günüň öňüni tutupdy, deňziň ýüzünde ýiti şöhlejikler oýnaklaşýardy. Uzakda kölege ýaly gymyldaman duran ýelkenleri salparan birnäçe balykçy gaýyklary görünýärdi. Birden Kamranyň köçeden geçip barýanyny gördüm. Bu gün ol, näme üçindir, hiç ýaňa gitmän ekeni. Ullakan tööňäniň üstünde oturan Müjgäniň ýüzi kenara sary bolany üçin çykanymy görmändir, menem görmedik kişi bolup, ýüzümi deňze tarap sowdum. Bedenimde bolgusyzja bir galpyldy peýda boldy.

— Näme boldy, birden sustlandyň oturyberdiň? — diýip, Müjgän sorady. Ol maňa tarap öwrüldi. Bizden birnäçe ädim aňyrda Kamran durdy. Biziň gürrüňçilikden gaçyp bilmejegimiz düşnüklidi. Çykanym bälçiräp, Müjgäne ýüzlendi:

— Siz bu günem saýawanyňyzy ýatdan çykarmansyňyz-ow?

— Hawa, bu gün hem ýagyş ýagmagy ahmal — diýip, Müjgän güldi. Kamran özüniň tutuk we ýaýdanjaň häsiýetine muwapyk şeýle howanyň özüne diýseň ýaraýandygyny aýtdy. Müjgän ony diňläp oturyşyna saýawanyny açyp-ýapmak bilen gümra boldy. Ol:

— Howa-ha gowy welin, ýöne ýüregiňe gubar inderýär — diýip, oňa garşy çykdy.

— Ýylyň bu wagtlary ähli günler şeýle. Soňam gyş düşer. Bu ýerde gyşyň nähili ýürekgysgynç bolýanlygyny siz bilýänem dälsiňiz! Atam, munuň tersine, bu taýa şeýlebir öwrenişipdir welin, ol başga ýere göçürilmeginden gorkýar.

— Bu ülkäni beýle bir ýamanlabermäň! Belki, ýerli baýlaryň birine durmuşa çykmagyňyz mümkin — diýip, Kamran degişdi. Müjgän muňa çyny bilen ynanyp, başyny silkdi:

— Hudaý saklasyn. Şol wagt aýakýalaňaç bir balykçy ýanymyzdan geçip gitdi, onuň kellesine gyzyl ýaglyk daňylgydy. Bu şol gezek adym Marika diýip tanşan gojamyň özüdi. Ol:

— Esli wagtdan bäri görneňzok-la, Marika — diýdi. Men:

— Ynha, siziň bilen balyk tutmaga taýynlanýan — diýdim. Goja bilen gürleşip biz gaýa tarap ugradyk. Bahym yzyma gaýdyp gelenimde, Müjgän Marika adynyň taryhyny çykanyma gürrüň berip oturan ekeni. Ol gürrüňiniň soňunda elimden ýapyşyp:

— Belki, meni däl-de, Feridäni hemişelik Tekirdagda goýup gideris! Onuň kysmaty şeýle. Oňa balykçynyň Isa-kapitan lakamly ogly sawçylyga gelýär. Siz oňa balykçy diýmäň. Ol örän baý adam — diýdi. Kamran gülümsiredi.

— Millioner-de bolsa, biz o derejede demokrat bolup bilmeris. Şeýle dälmi, Feride? Çykanyň hökmünde men muňa kes-kelläm garşy.

Asly akylly we salykatly Müjgäne bu gün ne döw çaldyka? Bu barada Müjgän Kamrana näme diýdi diýseňizläň?

— Entek bu-da bary däl. Feridäniň bagtynyň hasda çüwmegi ahmal. Meselem, atly bir serkerde Gün ýaly ýaldyrap, her gün agşamaralar öýümiziň ýanyna gelýär-de, Feridä görünjek bolup, at üstünde dürli oýunlar edýär. Kamran hezil edip güldi. Ýöne bu gülküde onuň adaty gülküsine meňzemeýän bir ýasamalyk, birhili ynjy bardy.

— Men muňa garşy bolup bilmen. Onuň islän ýigidini saýlamaga haky bar. Men assyrynlyk bilen «duruber häli» diýýän äheňde Müjgäne haýbatly yşarat etdim-de:

— Sen halys hetden aşýarsyň. Beýle gepleri halamaýanymy bilmeýärmiň, näme? — diýdim. Müjgän ätiýaç üçin Kamranyň arkasyna dulanyp, maňa gözüni gypdy:

— Emma ikiçäk bolanymyzda, biz beýle gürleşmeýäris.

— Ýalançy! Töhmetçi! — diýip, köşeşer ýerde köşeşmedim. Bu gezek Kamran: — Müjgän, sen baryny maňa gürrüň ber. Men keseki däl ahyryn — diýip dillendi. Men ýer depip: — Wah, şeý diýseňizläň! Ýok, siz bilen sögüşmän gürleşip bolanog-a. Hoş wagtyňyz! — diýdim-de, gaharlanyp, deňze baka ugradym.

***

Men gidip barýardym. Ýöne başlanan gürrüňiň munuň bilen tamamlanmajagyny aňýardym. Gaýanyň gyrasyna baryp gaharyma deňze daş zyňmaga başladym, mahal-mahal ýere eglip, göz astyndan yzyma seredýärdim. Görýän zadym ýüregime jaý däldi. Müjgän meni ýene-de ryswa etmäge taýyndy. Ýöne nädip oňa böwet bolaýyn?

Olar ilkibaşda gülşüp gürleşdiler, soň bolsa birden agraslanyp, terzlerini üýtgetdiler. Müjgän diýjek sözüni tapmaýan ýaly saýawany bilen ýerde nämedir bir zatlary çyzyşdyrýardy. Kamran gapdalda, agaç ýuwdan ýaly gymyldaman durdy. Soňra men onuň maňa seredýändigini gördüm — eý, toba! — olar bärik ugradylar.

Indi bar zada düşündim. Göz açyp-ýumasy salymda gaýanyň dik depesinden aşak, gumaklyga togalanyp gaýtdym! Şonda aýaklarymy döwdürmän, endam-janymy ýaralaman sypanyma oturyp-oturyp, haýranlar galýaryn.

Barybir, töwekgelçilikli biweçligim meni olardan halas etmedi. Yzyma gaňrylyp seretsem, olar hem gaýadan, ýöne beýleki, has oňaýly ýerden düşüp gelýärler.

Elbetde, ökje göteren bolsam, ol näzijek bendeler atly bolsalar-da yzymdan ýetip bilmezdiler. Ýöne men gaçaýsam ähli zady aňýanlygymy, iň bolmanda, bir zady güman edýänligimi bilerler diýip oýlanýardym. Şonuň üçinem kenarýakadan gaty-gaty ýöräp barýardym, käte bir aýak çekip, hiç zatdan ätiýaç etmeýänligimi bildirjek bolýan ýaly, deňze daş zyňýardym. Men öňde görünýän burunjykdan geçdigim yzymdan gelýän kowgudan halas bolaryn diýip tama edýärdim, olar suwuň içi bilen kowalap gelmezler öýdýärdim. Emma içiňi ýakaýyn diýen ýaly, ir bilen gaýtgyn bolupdyr-da, gerişleriň arasy gurap, ýoda döräp gidipdir.

Pikirimi birneme üýtgetdim. Ýene çägesöw kenary ýakalap gitmegi, soňam insizje ýoda bilen ýene gaýa galmagy ýüregime düwdüm. Onuň bu ýeri juda kert bolansoň, hatda geçiler hem ol ýere kynlyk bilen çykýardylar. Şeýlelikde, yzymdan gelýänler meni gözden salarlar we kowgyny bes ederler diýip umyt edýärdim.

Emma burundan aýlanyp geçmäge ýetişmänkäm, gözümiň alnynda bolan gülkünç, has dogrusy, hasratly waka maňa ähli zady unutdyrdy. Häliräk ýanymyzdan geçip giden goja balykçy eline kürek alyp, eýesiz gara iti kowalaýardy. Haýwan çyňkyryp dar köçede iki ýana urunýardy. Goja onuň yzyndan ýetip, janawaryň çem gelen ýerine saýgylap başlady.

Birbada it guduzlandyr öýdüp, ýaýdanyp, aýak çekdim. Emma birhaýukdan soň görsem, guduzlan ol däl-de, kenarda jynssyz ses edip, öz pidasyny kowalap barýan goja balykçy ekeni.

Gojanyň golaýyna barmaga çekinip:

— Eý, sen bu janawary nätjek bolýarsyň? — diýip gygyrdym.

Goja iti öz ugruna goýberdi, küregine söýenip, uludan dem aldy-da, aglamjyrap jogap berdi:

— O nähili nätjek bolýarmyşym?.. Myrtar köpek içi garaýagly gazanjygy agdarypdyr. Şeýdip, ol otuz kuruşyma(*Kuruş — türk pul birligi.*) zyýan etdi. Ýöne sen gorkma, ony seniň töweregiňe goýbermen...

Gojanyň näme üçin dergazap bolany belli boldy. It şol ýerde ýanyp duran oduň üstündäki garaýagly gazanjygy agdaran bolsa nätjek! Elbetde, bu gowy zat däl. Ýöne her hili bolanda-da, bu ol janawaryň kürek bilen öldürilmegine sebäp boljak ullakan günä däldi.

It gaýalaryň arasyndaky jaýryga, öz ketegine garanyňda howpsuz saýan ýerine girip gizlendi, eli kürekli duşmany ikinji gezek hüjüm edäýse nätjegini, öz aýagy bilen düşen bu ýagdaýyndan nädip gutuljagyny bilmän, zaryn-zaryn uwlady. Elbetde, ol janyny halas etmek üçin deňziň boýy bilen gaçyp gitse ýa-da meniň sulhum alan ýodam bilen gaýa dyrmaşsa, has gowy bolaýjak ýalydy.

Wagtym bolan bolsa, biçäre jandary beladan gutarmak üçin bir çäre tapardym, emma öz derdim hem başymdan agdykdy. Meni hem, edil bu it ýaly yzarlaýardylar. Müjgän bilen çykanymyň hä diýmän, burnuň aňyrsyndan çykjakdygy ýadyma düşdi.

Kenar bilen ýene telim ädim aralygy çalt-çalt ýöräp geçenimden soň, gaýa dyrmaşyp ugradym. Ýöne, dogrymy aýtsam, Müjgän bilen çykanymdan gaçyp gidesim gelenokdy. Men ýygy-ýygydan aýak çekip, yzyma, has dogrusy, aşak garanjaklaýardym.

Oduň ýanynda bolan waka yzymdan gelýänleriň hem ünsüni özüne çeken bolmaga çemeli, olar agdarylyp ýatan gazanjygyň ýanynda aýak çekdiler we ellerini kelemenledip, goja bir zatlar diýişdirdiler. Soňra balykça Kamranyň gapjygyndan çykaryp pul berýänligini gördüm. Onýança geň bir hadysa boldy. Keýpi göterilen balykçy şobada elindäki küregi çägäniň üstüne taşlady, gaýa tarap öwrüldi, öz ýanlaryna çagyrýan ýaly, maňa elini salgady.

Bu ne gowulyk! It janawar halas boldy duruberdi! Çakylyga baş galdyrman, men öýe tarap tutduryp ugradym. Müjgäniň etmişi hakydamdan çykmady. Onuň ygrarsyzlygy ýadyma düşeninde

inim dygyrdaberýär. Men ýumruklarymy gaharly düwüp: «Ryswa bolaýdyň gerek! Ryswa bolaýdyň gerek! Aýby ýok, Müjgän, men senden arymy alaryn!» diýip içimi gepletdim.

Men şeýlebir çalt ýöräp gitdim welin, bir sagatda Stambula hem ýetäýjek ýalydym. Öýüň derwezesiniň ýanynda maňa Aziz daýym duşdy:

— A gyz, ýüzüň-gözüň dagy näteňet? Şugundyr ýaly gyzarypsyň. Näme, yzyňdan ýagy gelýärmi?

Men janagyryly güldüm:

— Aziz daýy, näme üçin beý diýdiňiz? Men şeýle diýdim-de, çagalaryň sesi gelýän baga tarap eňdim.

Jaýyň aňyrsyndaky bagda, ägirt uly gürgen (grab) agajynyň ýogyn şahalarynda hiňňildik asylgy durdy. Käte men goňşularymyzyň çagalaryny ýygnap, bagy baýramçylyk meýdanyna öwürýärdim. Bu gün bolsa meniň körpeje dostlarym bu ýere çakylyksyz-zatsyz gelip, hiňňildigiň ýanynda hümerlenişip durdular.

Bu gowy bolaýdy. Otagyma geçip, içinden kilitläýin diýip durdum. Müjgän bilen çykanymyň hökman otagyma geljekdigi, gapyny açmaga synanyşjakdygy, uly ili örüzjekdigi görnüp durdy. Indi bolsa men çagalaryň arasynda gizlenip, ýa bolmasa kowgy golaýlaşmaga milt etmez ýaly, olar bilen oýun oýnan kişi bolup biljekdim.

Goh-galmagal başlandy. Çagalaryň hersiniň hiňňildige beýlekilerden öňürti münesi gelýärdi. Dawa özüm goşulmaly boldum. Men çagalary köşeşdirdim-de:

— Iki tarapda hatara duruň. Sizi nobatma-nobat özüm üwrejek — diýdim.

Men hiňňildige mündüm, öňümde bir oglanjygy goýup, uçmaga başladym. Onýança kowgy hem gelip ýetipdi. Müjgän demini sojap alýardy we birsyhly eli bilen ýüregini tutýardy. Kamran ony birneme ylgadan bolara çemeli.

Olar çagalaryň aňyrsynda aýak çekdiler.

Men: «Saňa geregi hem şol, dönük!» diýip içimi gepletdim we öňkimden-de batly uçmaga başladym.

Öz uçmak nobatlaryna garaşyp duran çagalar ýerli-ýerden:

— Besdir... Bizem münjek!.. Bizem! — diýşip, darygyp ugradylar.

Men barha çalt uçup oturyşyma olara gulak hem gabartmadym. Gürgen agajynyň ýapraklary ygşyldaýardy.

Garaşmadan ýaňa lapykeç bolup ugran çagalar hiňňildige dyzaýardylar. Indi olary meniň ýerde çyzan çyzygym saklap bilenokdy. Müjgän bilen çykanym olaryň gollaryndan tutup, hiňňildik bir ýerine degmez ýaly, çete çekdiler. Şol wagt meniň bilen uçýan çagada ýöwselläp başlady. Ol ulili bilen gygyransoň, men çaga ýüpleri goýberip ýykylar-da, heläk bolar öýdüp gorkdum.

Men, islesem-islemesem, hiňňildigi duruzmaly boldum. Oglanyň üstüne gygyryp, ony köteklemäge başladym, beýle çala üwrelende gorkýan çaganyň hiňňildigiň ýanynda näme işi bar, beýle çagalar öz öýlerindäki jigileriniň sallançagynda uçsalar gowy bolardy diýip igendim. Men başga-da bir topar zat diýdim. Bu igençler-iňirdiler Kamranyň meniň bilen gepleşmegine ýol bermezlik üçindi. Bagtyma, beýleki çagalar hem sesinde baryny edip gygyrýardylar. Gepiň keltesi, bagyň içi dowzaha dönen ýaly boldy.

— Feride daýza, meni-de! Meni-de! Meni-de!..

— Ýok, hiç kimi mündürjek däl, gorkýaňyz...

— Gorkamzok, Feride daýza! Gorkamzok!.. Gorkamzok!..

Onýança äpişgeden daýzamyň:

— Feride janym, olary hem az-owlak uçur — diýen sesi geldi. Men jaýa tarap gaňrylyp seretdim, şol bada-da uly jedel turdy:

— Daýza, häzir siz uçur diýýäňiz welin, birden biri ýykylyp, kellesini ýaraýsa, men jogap bermeli bolaryn...

— Gyzym, çagalar ýykylyp, kellelerini agyrdar ýaly gaty uçmak nämä gerek? Çalaja uçaýyň...

— Daýza, düşünmeýän zadyňyzy aýtmasaňyzlaň! Eýsem, siz Çalyguşyny tanaňzokmy näme? Eýsem, maňa bil baglamak bolarmy? Men hemişe seresaplylyk bilen ýuwaşja üwräp başlaýaryn, hiňňildik bat alyp ugraýaram welin, şeýtan böwrüme dürtüp goýanok. «Hany gatyrak üwresene!..» «Has gatyrak üwresene!» diýýär. Menem oňa: «Goýsana, gerek däl..., ýanymdakylar çaga ahyryn!» diýip jogap berýärin. Emma şeýtan per berenok. «Has gatyrak üwresene!..» «Hiç zat bolasy ýok-la...» diýýär. Agaçlaryň şahalary, ýapraklary hem şeýtana gop berip: «Batlandyrsana, Feride, batlandyrsana!..» diýýärler. Özüňiz pikir edip görüň, şondan soň Çalyguşy biçäre beýle meçewlere nädip döz gelsin?

Şu ýerde meniň dilewarlygyma suw sepilen ýaly boldy. Men yzyma garanjaklamokdym, ýöne yzymda Kamranyň duranlygyny we gürlemämi goýdugym onuň gepläp ugrajakdygyny duýýardym. Nätsemkäm? Onuň bilen çaknyşmaklykdan nädip gaça dursamkam?

Birden görsem, kimdir biriniň eljagazy etegimden çekýär. Ol meniň myhmanlarymyň iň körpejesi — ýedi ýaşly tokarja çagady. Men onuň goltugyndan göterip, ýokary galdyrdym-da:

— Gatyrganma, edip biljek zadym ýok. Ýykylarsyň, onsoň bu posalak ýaňaklar hem ganar... — diýdim.

Çaganyň arkasynda kimiňdir biriniň kölegesi peýda boldy... Bu Kamrandy. Çagany ýerde goýdugym, onuň bilen ýüzbe-ýüz bolaýmalydy.

Nätjek, gutulma ýok. Gorkan kişi bolup gaçmaga bognum ysjak däldi. Şonuň üçin çagany ýerde goýdum-da, yzyma öwrülip, çykanymyň ýüzüne dikanlap seretdim.

— Bar, jigim, agaň Kamranyň ýanyna bar. Ol hanym ýaly näzik, nepis oglandyr. Ol seni eneke kimin adaja üwrär. Ýöne hiňňildikde dek oturgyn, ýogsam onuň ysgynsyzja eljagazlary seni saklap bilmez, onsoň ikiňiz hem ýere gütläp düşersiňiz. Men ýekme-ýek söweşe döz gelip bilmän, ýeňse berip gaçar öýdüp, Kamranyň bäbenegine dikanlap seretdim. Haýp! Edil: «Nähak azara galýarsyň, men baryny bilýärin ahyry» diýjek bolýan ýaly, ol hem meniň gözlerime dikanlap seretdi. Men şobada oýunda utulanymy bildim. Ýüzümi aşak salladym-da, ýaglygym bilen hapa ellerimi süpürmäge başladym.

Birden Kamran maňa:

— Oýun eden bolýaňmy, garagol? Hany göreli... Ikimiz bileje uçmaly bolaýmasak! — diýip ýüzlendi. Ol çalasynlyk bilen penjegini Müjgäne tarap oklap goýberdi.

— Aýu, Kamran! — diýip, äpişgeden daýzamyň sesi eşidildi.

— Oglan bolma! Sen ony başarmarsyň, bir ýeriňi agyrdarsyň!

Oglanjyklar bir zadyň gopjagyny aňdylar-da yza çekildiler. Hiňňildigiň ýanynda täk ikimiz galdyk.

— Hany, Feride, nämä garaşýarsyň? Ýa gorkýaňmy? — diýip, çykanym gülümsiredi. Men:

— O näme diýdigiň bolýar? — diýsemem, onuň ýüzüne bakmaga ýürek etmedim we baryp hiňňildige mündüm.

Ýüpler dartylyp jygyldaşdylar, hiňňildik emaý bilen ýerinden gozgandy.

Men seresaplylygy elden bermejek bolup jan edýärdim, bat alanymda diňe dyzlarymy epýärdim, meniň çaklaýşym ýaly, bu ýaryş maňa ýeňil düşjek däldi, şonuň üçinem güýjümi aýamaga çalyşýardym.

Hiňňildik gitdigiçe bat alýardy. Agaç yranyp, ýapraklar titreşip gidýärler. Bizi ýekeje söz güýçkuwwatdan mahrum edäýjek ýaly, dişlerimizi gysyp dymýardyk.

Men hiňňildigiň badyndan lezzet alyp, kelläm göçen we beýhuş bolan ýaly boldum. Kamranyň kellesi gürgen agajynyň gür şahalarynyň arasynda gözden ýitdi. Onuň uzyn saçlary seçelenip, ýüzüni ýapdy. Men:

— Ýeri, onsoň siz puşman edip başlamadyňyzmy? — diýip, ondan kinaýaly soradym.

— Hany, göreli, kim puşman etmeli bolaýarka? — diýip, Kamran hem ýaňsyly jogap berdi.

Onuň bulaşyk saçlarynyň arasyndaky bakyşy meniň kalbymda ýigrenç, hatda gazap duýgusyny oýarýardy. Men bar güýjümi jemläp dyzadym welin, hiňňildik öňküsinden-de batlandy. Indi her gezek ýokaryk çykanymyzda, kellelerimiz ýapraklaryň arasynda gözden ýitýärdi. Daýzamyň:

— Besdir!.. Besdir!.. — diýip, gygyrýan sesi düýşdäki ýaly eşidilip gitdi. Kamran hem:

— Besmi, Feride? — diýip gaýtalady.

— Ony sizden soramaly — diýip jogap berdim.

— Meniň üçin-ä bes däl! Müjgänden eşiden ajaýyp habarymdan soň, men hiç haçan ýadaman. Birden dyzlarymyň gurby gowşan ýaly boldy we ýüpüň elimden sypmagyndan gorkup başladym.

— Beýle tama edemokdym, Feride. Men bu ýere sen diýip geldim ahyryn — diýip, Kamran sözüni dowam etdirdi. Men indi bat alamokdym, emma hiňňildik, öňküleri ýaly, aýylganç tizlik bilen hereket edýärdi. Men gollarymy ýüpüň daşyndan aýlap, ellerimiň aýasyny gaýym gysdym-da:

— Besdir!.. Düşeliň... Men ýykylýan... — diýip gygyrdym. Kamran meniň ýagdaýymyň gowy däldigine ynanmady.

— Ýok, Feride, ýa-ha biz bile ýykylyp, bile heläk bolarys, ýa-da maňa durmuşa çykmaga razylygyňy öz diliňden eşitmeli bolaryn — diýdi.

Kamranyň dodaklary meniň saçlaryma, gözlerime degip durdy, şonuň üçin dyzlarym epilip barýana döndi. Men ellerimi açmadym, ýöne olar ýüpden aşaklygyna typyp başlady. Şol pursat Kamran gujaklamadyk bolsa, men hökman ýykylýardym. Ýöne onuň meni saklamaga güýji çatmady, hiňňildigiň ýüpi çolaşdy. Biz deňagramlygymyzy ýitirip, ýere zyňlyp gitdik.

Gözlerimi açsam, men eýýäm daýzamyň gujagynda ýatyryn. Ol çekgelerime öl ýaglyk goýup oturyşyna:

— Gyzym, bir ýeriň agyrýarmy? — diýip sorady.

— Ýok, daýza...

— Onda näme üçin aglaýarsyň?

— Eýsem, men aglaýanmy? — Seniň gözleriňde ýaş görünýä.

Men daýzamyň döşüne gysmyljyrap:

— Megerem, men ýykylmankam aglandyryn — diýip jogap berdim.

***

Üç günden soň biziň hemmämiz (Aýşa daýzam bilen Müjgän hem bize goşuldy) Stambula gaýdyp barýardyk. Besime daýzam bu habary oglunyň iberen hatyndan okap, Galat duralgasyna ylgap gaýdypdyr we Nejmiýe bilen bile bizi garşylamaga çykypdyr. Adaglanmadan soňky günler men bar kişiden, ozaly bilen-de, Kamrandan gaça durdum. Ol bolsa birsyhly meň bilen ikiçäk galjak, seýil etjek, gürleşjek bolup janserekdi. Men öýlenýän ýigitleriň bary ýaly, onuň hem muňa haky bar diýip pikir edýärdim. Emma men dünýädäki iň emelsiz, iň tereň gyz bolsam nädeýin? Kamranyň özüme tarap ýöräp gelýänini görsem, sarç mal ýaly, şobada ökjäni göterýärdim. Men Müjgäniň üsti bilen oňa şertli talap iberdim: Kamran meň bilen duşuşanda, maňa gelnine ýüzlenýän ýaly ýüzlenmek gadagan edilýär. Eger ol sözüme pitiwa etmese, men nikamyzy bozjakdygyma ant içýärin diýdim. Käte Müjgän, Tekirdagdakysy ýaly, ýerime geçenimden sowal berip, ýüregime düşýärdi:

— Feride, sen näme üçin bu telbeligiňi goýaňok? Men seniň Kamrany söýüp, ölüp barýanyňy bilýärin ahyryn. Bu siziň iň ajap döwrüňiz-ä. Onuň ýüreginde nähili ajap sözleri besleýänligini kim bilýär?

Mahal-mahal Müjgän munuň bilen hem oňanok, ol meniň saçlarymy näzijek elleri bilen sypalap, Kamranyň ýollan namalaryny gowşurýardy.

Men düşekde ýygrylyp ýatyşyma:

— Islämok, gorkýan, utanýan... — diýip, nadaralyk baryny edýärdim.

Geň zat, dogry dälmi? Men Müjgänden sypjak bolup, zarynlap-zarynlap görýärdim, ol juda bizar ediberse bolsa, aglamaga başlaýardym. Emma Müjgän ýanymdan turup ýatmaga gideninde, men öz içimden Kamranyň sözlerini gaýtalaýardym, olaryň hüwdüsine uka gidýärdim.

Daýzam meniň üçin Stambulda gymmat bahaly gyzyl gaşly nika ýüzügini ýasatdy, ýöne ýaraly barmagym oňa sygmady. Sargyt taýýar bolup, öýe getirileninde daýzam ýakymly sowgat etmek üçin meni äpişgäniň ýanyna çagyrdy. Ýüzük hä diýmän bag agaçlarynyň aňyrsynda ýaşjak-ýaşjak bolup duran Günüň şöhlesine ýylpyldap, gözüňi deşip gelýärdi. Men bir pursatlykça gözlerimi süzüp, yza çekildim. Ellerimi arkamda tutup, ýüzümiň gyzarýanyny bildirmejek bolup, tutynyň aňyrsynda gizlendim. Daýzam meniň bolşuma düşünmedi, meniň begenmekden ýaňa boýnuna bökmändigime haýran galyp:

— Belki, sen muny halan dälsiň, Feride? — diýip sorady.

— Örän owadan, mersi, daýza — diýip, men sowuk-sala jogap berdim. Göwnüme bolmasa, meniň bolşum daýzama ýaramadyk bolarly. Emma ol ýene-de ýylgyryp:

— Hany, eliňi bäri ber, dakyp göreli. Men ony seniň köne ýüzügiň biçüwinde buýrupdym. Enşalla, ol saňa kiçi bolmaz — diýdi. Göýä, daýzam ýüzügi barmagyma zor bilen dakmakçy bolýan ýaly, men ellerimi arkamda tutup, barmaklarymy biri-biriniň içinden geçirdim.

— Häzir däl, daýza, soň bir gezek deňäp göräýeris...

— Oglanlyk etme, Feride! Men kesirlik bilen başymy salyp, köwşümiň burnuny synlap başladym.

— Birnäçe günden soň golaý-goltumlarymyzy çagyryp, kiçeňräk toý ederis, sizi adaglarys... Ýüregim elhenç gürsüldäp ugrady.

— Ýok, gerek däl. Eger bu juda zerur diýip hasap edýän bolsaňyz, ony men mekdebe gidenimden soň guraýyň... Maňa ýagşyja daralsa gowy bordy. Ol öz diýenini gögertmek islemeýärdi. Daýzam ýylgyrdy, hyrçyny dişläp, kinaýaly gürlemäge durdy.

— O nähili? Belki, nikalaşma dabarasynda saňa derek başga birini oturtsa-da bolardy. Nika gyýlanynda şeýtse bolar, ýöne ýüzük gowşurylanda, gyzym, beýtmek adaty ýokdur. Muňa jogap tapmamsoň, ýene ýüzümi sallap durmaly boldum. Berjek pentleriniň yzasyny ýumşatmak üçin daýzam meni bagryna basyp, ýüz-gözümden sypalady.

— Feride, oglanlygy bes etmäge çen boldumyka diýýän. Indi men saňa diňe bir daýza däl, eýsem, eje-de. Meniň muňa aşa şatdygymy hetjikläp oturmagyň hajaty ýok. Şeýle dälmi? Kamrana senden gowy gelinlik tapylar öýdemok. Seň ýeriňe başga bir ýat gyz bolan bolsa näderdik. Ne häsiýetini bilerdik, ne-de aslyny... Diňe... Sen birneme ýeňles. Çagalykda bolsa bu ýene ýagşy. Emma indi sen gün geldikçe uly gyz bolup barýaň. Elbetde, wagty gelende, sen agraslanarsyňam, akyllanarsyňam. Mekdebi gutaryňçaň, ýagny öýli-işikli bolýançaňyz ýene dört ýyl dagy bar. Bu az wagt däl. Indi sen eýýäm adaglanan gyz. Sen meniň näme diýjek bolýanyma düşünýäňmi — ýok, bilmedim. Sen indi agraslanyp, akylly-paýhasly bolmalysyň. Bar garagolluklaryňy, bälçikligiňi, kesirligiňi bes etmäge wagt ýetdi. Sen Kamranyň nähili salykatlydygyny, nähili ýumşakdygyny bilýärsiň ahyryn.

Kalbyma sözme-söz diýen ýaly ornaşan bu nesihatyň aýyp ýa-da gödek bir zat bolanyny-bolmanyny häzir biljek däl, ýöne birden daýzam meni özüniň eý görýän ogluna onçakly mynasyp hasap etmeýän ýaly göründi...

Öz nesihatynyň maňa nähili täsir edenligine göz ýetirjek bolýan ýaly, ol:

— Biz düşünişdik gerek, Feride? Şeýle dälmi? — diýip sorady. Adaglama şamlygyny diňe garyndaşlarymyz we dost-ýarlarymyz bilen bile geçireris.

Men özümi güllerdir şemdanlar bilen bezelen stoluň başynda, häzire çenli geýip görmedik lybasymda, täzeden timar berlen saçly, üýtgeşik keşpli Kamranyň ýanynda oturyşymy we hemmeleriň gözleriniň maňa dikanlap seredişini hakydama getirdim... Men birden galpyldap ugradym.

— Ýok, daýza, beýdibiljek däl!

— Şeý diýdim-de, otagdan çykdym. Şol günler Müjgän meniň üçin bajymdan-da zyýatdy, hatda ejemiň ornuny tutýardy diýseňem boljakdy. Gijelerine otagda ikiçäk galanymyzda, men çyrany öçürip, onuň juda täsin horja göwresini bagryma basýardym (häzire çenli, gör, nähili ejir çekipdir), sesini çykarmasyn diýip, elim bilen agzyny tutýardym-da:

— Olara ýalbar, hiç kim maňa adagly gyz diýmesin! Adagly gyzlar diýilýänleri meniň elmydama üstlerinden gülüp ýören, hemişe haýpym gelýän gyzlardy. Ynha, menem entek kiçijik gyz ahyryn. Öňde ýene dört ýyl bar. Oňa çenli men ulalaryn, öwrenişer giderin. Emma häzir welin, hiç kim maňa adagly gyz hökmünde garamasyn — diýip özelenerdim.

Ahyrsoňy geplemäge maý tapan Müjgän:

— Bolýar, ýöne bir şert, has dogrusy, iki şert bilen. Birinjiden-ä, sen meň bilen garpyşmaňy, meni bogmaňy goýmaly bolarsyň. Ikinjidenem, sen ony juda söýýänligiňi maňa, diňe maňa ýene bir gezek gaýtalarsyň — diýdi.

Men ýüzümi Müjgäniň döşünde goýup, «Hawa, hawa, hawa» diýen terzde başymy atdym...

***

Müjgän wadasynda tapyldy. Öýdäkiler hem, tanyşlarym hem adaglylyk hakynda gaýdyp ýanymda gürrüň gozgamadylar. Kimdir biri säwlik bilen maňa degjek bolsa, ol şobada dilewarlygy üçin almytyny alýardy we sem bolýardy. Emma bir adam welin, menden mazaly şapbat datmaly boldy, bagtyma, ol meniň garyndaşymdy, çykanymyň hut özüdi. Göwnüme bolmasa, şapbat ýerliklidi. Ýöne muny Besime daýzam bir eşitmäbilseýdir. Eşidäýse, işim gaýdýardy...

Dogrusyndan gelsem, köşkde maňa rahatlyk ýokdy. Adaglylygym üçin bir gün meni öýüň iň gowy otagyna göçürip, tutulary, ýatalgany, geýimasary çalyşdylar. Elbetde, men özüme edilýän beýle hezzetleriň sebäbini sorap bilmedim.

Bir gezek biz paýtunly Merdiwenköýe toýa gitmeli bolduk. Paýtunyň içi hyryn-dykyndy, şonda men:

— Paýtunçynyň ýanyna münjek! — diýdim.

Muňa hemmeler gülüşdiler. Men çym-gyzyl bolup, paýtuna münmeli boldum. Käte men, öňkülerim ýaly, aşhana girip, bir gysym erik kişdesini ýa başga bir miwe alýardym, şonda ýigrenji aşpez:

— Islän zadyňyzy alyň-da iýiberiň, kiçijik hanym. Indi size ogurlyk etmek ýaraşanok — diýip degşen bolýardy.

Maňa hiç kim hiç zat diýmese-de, çagalary öýe çagyryp bilemokdym. Setanda-seýranda agaja çykmak üçin adamlardan gizlenip, garaňky düşýänçä garaşmaly bolýardym. Emma bularyň iň çydamsyzy, elbetde, Kamrandy. Köşkde bolýan soňky günlerim biz gizlenpeçek oýnaýana meňzeýärdik. Çykanym maňa ýekelikde duşmaga pursat aňtaýardy. Men bolsam, onuň bu hyýalyny başa bardyrmazlyk üçin ähli mekirliklerimi ulanýardym. Onuň paýtunly gezelenç etmek baradaky tekliplerinden birsyhly ýüz dönderýärdim. Eger ol halys ýürege düşüp dursa, onda Müjgänden başga-da ýene birini ýanyma alýardym-da, ýolboýy şonuň bilen gürrüňleşip gidýärdim. Müjgänden başga biri diýýänim — ol ýa biderek bir gürrüňe tutduryp ugrajakdy ýa-da Kamran ikimizi ýeke goýup gaçyp gitjekdi. Bir gezek Kamran maňa:

— Feride, sen meniň bagtymy ýatyrýanlygyňy bilýärmiň? — diýip sorady.

Men saklanyp bilmän:

— Eýýämdenmi? — diýip soradym. Sowal şeýlebir gülkünç äheňde çykdy welin, ikimiz hem gülüşip goýberipdiris.

— Men Müjgäniň aýdanlaryny, iň bolmanda, birje gezek bir özüňden eşidäýsem diýýärin. Muňa meniň hakym barmyka öýdýärin. Müjgäniň näme diýenini bilmediksirän kişi bolup, gözlerimi petretdim, oýlandym-oýlandym-da;

— Düşnükli. Ýöne Müjgän uly gyz ahyryn.. Onsoňam, ýalňyşmaýan bolsam, ol siziň sadyk guluňyz. Biziň onuň bilen edýän gürrüňlerimizi öňýetene aýdyp ýörüp bolmaz-a.

— Eýsem, men öňýetenmidirin?..

— Ýalňyş düşünmäň... Zenan kysmy bolsaňyz-da, siz her hal erkek kişisiňiz! Joraňa aýdýan zatlaryňy erkek kişä aýdyp bolmaz ahyryn!

— Eýsem, men seniň adaglyň dälmidirin?

— Adaglylygy bozmaly bolarmyka diýýärin. Meniň bu sözi ýigrenýändigimi siz bilýäňiz ahyryn!

— Ynha, görýäňizmi, bagtymy ýatyrýaň diýenimde mamla ekenim. Mundan artyk gürlemäge-de het edip biljek däl, ýene-de bir şapbat iýerin öýdüp gorkýan. Ýöne meniň kalbymda senden başga niýetläp bilmejek duýgym ýatyr ahyryn...

Şol wagt men köpden bäri ökdelik bilen gaça duran gapanyma düşüp barýanlygymy syzdym. Gürrüňi mundan artyk uzaltsam, sesim sandyrap çykjakdy ýa başga bir bolgusyzlyga ýüz urjakdym. Kamranyň sözüni gutararyna garaşman, köçä tarap okduryldym.

Men ol yzymdan kowalar öýtdüm. Emma kowgy bolmady. Men ädimimi haýalladyp, yzyma gaňryldym. Kamran yzymdan ylgamady, ol agajyň astyndaky örme diwanjygyň üstünde otyrdy. Men: «Edýänim telek ýaly-la...» diýip, içimi gepledip ugradym. Eger şol pursat maňa tarap sereden bolsa, ol meniň ökünýänligime düşünerdi we yzymdan kowup ýeterdi, şondan soň bolsa men ondan gaçyp gutulyp bilmezdim.

Çykanym diwanjykda, hakykatdan hem, betbagt kişi ýaly bolup otyrdy. Men öz-özüme teselli bermek üçin: «Melgun, sary içýan! Seniň bu bagyň içinde hoşwagt duluň yzynda ser-sepil bolup ýörşüňi men heniz hem ýadymdan çykaran däldirin. Men hemmesini örän oýlanyşykly edýändirin» diýdim. Dynç alyşlygyň soňky günlerinde başyma düşen bir towky barada hem gürrüň etmän biljek däl. Köşgüň ýaşaýjylary bir gün sag elimiň bir barmagynyň ýasy sargy bilen saralandygyny görüpdirler. Men soranlara:

— Bolan zat ýok! Az-kem sypjyrdypdyryn. Zyýany ýok, gutular — diýip jogap berdim. Emma daýzam meniň ony görkezesimiň gelmeýänligini aňan bolara çemeli.

— Seniň bir zat edenligiň görnüp dur. Eger görkezmeýän bolsaň, düýpli bir zadyň barlygy düşnükli. Gel, lukmana görkezeli. Hudaý saklasyn, birden beterläýse...

Aslynda bolsa şeýle bolupdy. Bir gezek daýzam geýimasardan ýaglyk alyp gel diýip, meni öz ýatýan otagyna iberdi. Sandyklaryň biri jebis ýapylman ekeni. Şonuň üçin daşy mawy mahmal bilen saralgy owadan gutujyk gözüme ildi. Onda meniň adaglylyk ýüzügim ýatan ekeni. Ony bir pursatlykça barmagyma dakyp görmek meýlinden saklanyp bilmedim. Emma bu islegim maňa juda gymmat düşdi. Ýüzük, daýzamyň aýdyşy ýaly, juda kiçi ýasalypdyr. Şonuň üçin hem ony barmagymdan çykaryp bilemokdym. Ony dişlerim bilen çykarjak boldum. Bolmady! Men hernäçe jan etsemde, bolmady, barmagym çişip, ýüzük elime gitdigiçe beter girdi.

Eger men wagtynda boýnuma alan bolsam, garyndaşlarymyň barmagymdan ýüzügi çykarmagy-da mümkindi. Ýöne men adaglylyk ýüzügi bilen hiç kimiň gözüne görnesim gelenokdy. Bu meniň mertebäme degildigi boljakdy. Ana, barmagymy daňmak pikiri hem kelläme şonda geldi. Iki günläp maý boldugy, men öz otagymdan çykman, barmagymyň sargysyny çözüp, telim sagatlap ýüzügi çykarjak bolup dyrjaşdym. Üçünji gün men utanjyma ýere girip bilmän, daýzama bar zatlary gürrüň bereýin diýip durkam, ýüzügiň öz-özi barmagymdan çykdy duruberdi. Näme üçin? Ähtimal, men bu iki günde gaýgydyr tolgunmadan ýaňa juda horlanan bolara çemelim. Dynç alyşlygyň soňky güni men ýol şaýymy tutmaga başladym. Kamran:

— Feride, howlukmak nämä gerek? Sen ýene birnäçe gün bolaýmaly ekeniň-dä — diýip nägile boldy. Ýöne men, yhlasly okuwçysyran bolup, göwnemedim, çaga ýaly biderek sebäpleri oýlap tapdym:

— Enekeler hökman okuwyň ilkinji güni gelmegimi tabşyrdylar. Bu ýyl gatnaşyk meselesine gaty berk seretjekmişler.

Bu bahanam Kamrany ýene lapykeç etdi. Ertesi mekdebe ugradyp barýarka, ol meniň bilen gürleşmedi, diňe hoşlaşjak bolanymyzda:

— Seniň menden şeýle çalt gaçjak bolýanlygyňa oturyp-turup ynanybilemok, Feride — diýip igendi.

***

Aslynda bolsa, men beýle yhlasly, beýle paýhasly okuwçy däldim. Üstesine, soňky aýlarda bolup geçen wakalar meniň gözümi-başymy aýlapdy. Birinji çärýekdäki bahalarym juda erbetdi. Meniň tijenip, yhlas edäýmesem, ikinji ýyla galjagym köre hasady. Şol günüň agşamy ýetişik belliknamasyny aldyk, Aleksi bajy meni bir gyra çekip:

— Feride, bahalaryňy nähili görýäň? — diýip sorady.

Men lapykeç halda başymy ýaýkap:

— Bahalaryň ugry ýok — diýdim.

— Diňe bir ugursyz däl, olar asla pes baha... Siziň haçandyr bir wagt şeýle yza galanlygyňyz ýadyma düşýän däldir. Üstesine, siz bu ýyl düýpden başgaça okarsyňyz diýip umyt edýärdim. — Siz mamla. Sebäbi men geçen ýyldakydan bir ýaş ulaldym ahyryn...

— Eýsem, bar bela şondamy?.. Geň zat, Aleksi bajy ýaňagymdan sypap, köpmanyly ýylgyrdy. Men aljyrap, beýläme sereden kişi boldum. Wah, bu enekeler diýsänim! Olar dünýädäki ähli zatdan bihabarmyşlar, aslynda bolsa, töwerekde bolup geçýän zatlar, hatda iň biderek gürrüňler hem olara aýan bolsa nätjek! Olar bu zatlary kimden, nähili eşitdilerkä? Olaryň arasynda on ýyllap diýen ýaly ýaşaýan bolsamam, muňa hiç haçan düşünip biljek däl, ýogsam özümi onçakly samsyk gyz hem saýamokdym ahyryn. Men öz mertebämi gorajak bolup bir zat-bir zatlar toslaşdyranymda, Aleksi bajy öňküsindenem beter açyk gürleşmäge durdy.

— Göwnüme bolmasa, siz ýetişik belliknamasyny ile görkezmäge çekinýän bolmaly... Şeýle dälmi?

— Şondan soň ol meniň bakjama ýene bir ullakan daş oklady:

— Eger siz indiki synpa geçmeseňiz, onda siz mekdepde ýene bir ýyl galmak howpuna uçraýarsyňyz — diýdi...

Men özüm hüjüme geçäýmesem, Aleksi bajydan sypyp bilmejegime göz ýetirdim. Çäresizlikden utanmany taşlap, men mönsürän kişi boldum:

— Howp?! Ol nähili howpmuş? — diýip soradym.

Ýöne Aleksi bajy onsuz hem juda açyk gürläpdi. Mundan aňry geçmek ýuwnuksyzlyk etmek boljakdy. Ol aýny bir görnüşe girip, öz ýeňlenligini boýun alýan ýaly, eda bilen dulugyma çalyp goýberdi-de:

— Muňa seniň özüň düşünmelisiň — diýdi. Ol şeý diýdi-de, öz ugruna gitdi.

***

Bu ýyl mekdepde Mişelem ýokdy, ýogsam hökman meni boýun almaga yryp, ýüregimdäki perişanlygy uly ile jar etjekdi.

Bir ýyl mundan ozal joralaryma ýok zatlary gürrüň berenimde, men özümi arkaýyn we şähdaçyk duýupdym. Häzir bolsa adagly gyz ýagdaýyna düşüp, juda gorkak bolupdyryn. Meni gutlaýan gyzjagazlardan göwünli-göwünsiz minnetdarlyk bilen sypýardym, özüme gysmyljyraýan gyzlara bolsa ýüz beremokdym. Men diňe bir jorama, kozýadagly ermeni lukmanynyň gyzyna ynanýardym we oňa garaýşym gowudy.

Boş günlerimi men mekdepde geçirýärdim. Şeýlelikde, üç aýyň dowamynda öýde iki ýa üç gezek boldum. Bu kesirligiň sebäbine özümem idili düşünemokdym, ýöne ol Besime daýzamy we Nejmiýäni diýseň gatyrgandyrýardy. Kamran bolsa näme edip, näme goýjagyny-da bilmän, elewräp ýördi.

Ilkinji aýlar ol hepde yrman mekdebe gelip-gidýärdi. Enekeler onuň gelmegine aç-açan garşy bolmasalar-da, öýlenjek ýigidiň okuwçy gyz bilen şeýdip duşuşyp durmagyny gelşiksiz hasap edýärdiler we her gezek çykanymyň girelgede maňa garaşýandygyny habar berenlerinde ýüzlerini kürşerdýärdiler.

Adatça, men gapylary bilgeşleýin açyk goýup, bosagada aýak çekýärdim we mekdep köýnegimiň gaýyş kemerinden ellerimi geçirip, Kamran bilen bäş minutlap dik durup gürleşýärdim. Çykanym ilki-ilkiler maňa hat alyşmagy teklip edip başlady. Men enekeleriň beýle hatlary türk dilini bilýän birine barlamaga berip, soňam ýok etmek endiklerine salgylanyp, kes-kelläm garşy çykdym. Şeýle saparlaryň birinde aramyzda onçakly ýakymly bolmadyk bir gürrüň boldy. Kamran meniň özünden ep-esli aralykda durýanlygyma gatyrganyp, gapyny güýç bilen ýapmakçy boldy. Ýöne ol golaý ýanyma gelende, men otagdan çykyp gaçmaga häzirlenip, ýuwaşja:

— Kamran... Haýyş edýärin.. Bilip goýuň, otagda göze görünýän-u-görünmeýän näçe deşik bolsa, olaryň hemmesinden bizi synlap durlar — diýdim. Kamran sakga saklandy.

— Bu nähili beýle bolýar, Feride? Biz adagly ahyryn... Men eginlerimi gysdym.

— Gepem şonda-da. Päsgel berýänem şol-da. Ýa siziň bir gün: «Siziň gelip-gitdileriňiz halys ýygjamlady... Bagyşlaň, ýöne siz bu ýeriň mekdepdigini hem bilip goýuň» diýen sözleri eşidesiňiz gelýärmi?

Kamranyň ýüzi ak tam boldy. Şondan bäri ol gaýdyp mekdepde görünmedi. Men oňa gazaply daraşan ekenim, ýöne başga çykalga-da ýokdy. Kamran bilen duşuşykdan soň, synpa gaýdyp gelmek, ähli kişiň özüňe tarap gaňrylyp seredýänini görmek duranja bir güzapdy.

Men size nämäni gürrüň berjek boldum-a? Hä. Bir gezek şol ermeni lukmanyň gyzy bazar gününiň ertesi mekdebe gaýdyp gelip, menden:

— Kamran beý Ýewropa gidýär diýýärler-le. Bu dogrumy? — diýip sorady. Men howsala düşdüm.

— Sen nireden eşitdiň?

— Kakam aýtdy. Seniň çykanyňy Madridde işleýän daýyň çagyrypmyş... «Bilemok» diýmäni özüme kiçilik bildim:

— Hawa-da... Şeýle bir çaklama bar... Kiçijik bir syýahat boljak eken-dä...

— Düýpden kiçijik syýahat däl. Ol ilçihananyň kätibi bolup işlemelimiş...

— Ol şol ýerde köp eglenmez...

Şondan soň gürrüň tamamlandy. Joramyň kakasy biziň öýümize ýygy-ýygydan gelerdi we maşgala lukmany hasaplanýardy. Şonuň üçin bu habara ynanaýmalydy. Ýöne näme üçin maňa hiç kim hiç zat aýtmadyka? Men hasaplap görsem, ýigrimi günden bäri öýden hiç hili habar-hatyr ýok ekeni. Şol gije esli salym uklap bilmedim. Men Kamrandan hemişe gaça duranyma örän utandym, ýöne şeýle möhüm waka barada onuň hiç zat aýtmanlygyna öz ýanymdan gatyrganman hem durmadym. Çünki, her näme diýseňem, biz biri-birimiz bilen baglanyşyklydyk ahyryn. Ertesi hepdäniň penşenbe günüdi. Howa açykdy. Günorta naharyndan soň gezelenç etmelidik. Bir ýerde durup bilemokdym. Ýene bir gijäni pikirlerime gümra bolup geçirmeklik ýaýdandyrýardy. Daýzamyň nähoşlandygyny bahanalap, müdiriň ýanyna bardym we öýe goýbermegini haýyş etdim. Bagtyma, enekeleriň biri şol gün Gartala gidýän ekeni. Müdir hanym ylalaşdy, ýöne Erenköý demir ýol menziline çenli bile gitmek şerti bilen. Elime kiçijik ýantorbamy alyp köşgümize ýetenimde eýýäm iňrik garalypdy. Derwezäniň ýanynda meni köşgüň garry köpegi garşy aldy. Ol mekir we ýalynjaňdy. Ýantorbajygymda hemişe garbanar ýaly bir zadyň bolýandygyny bilýärdi. It aýagymyň astynda togalanyp, ýöremäge maý bermeýärdi, yzyna-yzyna tesip, yzky aýaklaryna galýardy, kellesini döşüme ýetirjek bolýardy. Agaçlaryň aňrysynda Kamran peýda boldy. Ol bize tarap ýöräp ugrady. Muny görüp, men çommaldym-da köpegiň üsti-başymy hapalamagyndan gorkup, onuň öň aýaklaryny elime aldym. It ýylgyrýan ýaly, ullakan agzyny açdy, dilini çykardy. Men onuň burnundan ýapyşdym.

Gepiň keltesi, biz başardygymyzça oýnap, hezil edindik. Kamran has golaýyma gelende, men açyş edýän ýaly bolup:

— Görseňizläň, munuň güläýşini! Munuň agzynyň uludygyny! Eýsem, ol krokodile meňzänokmy näme? — diýdim. Kamran ajymtyk ýylgyryp, maňa seretdi. Ýerimden turdum, üsti-başymy kakyşdyrdym, bir elimi ýaglygym bilen süpürip, sag elimi çykanyma uzatdym.

— Bonžur, Kamran. Daýzamyň hal-ahwaly niçik? Enşalla, ol beýle kesel däldir-le...

Kamran ör-gökden geldi:

— Sen ejemi soraýarmyň? Ejeme bolan zat ýok. Saňa ol nähoş diýip aýtdylarmy?

— Hawa, ol näsaglapdyr diýip eşitdim, örän howsala düşüp, bazar gününe-de sabyr edip bilmedim. Ine, şeýdibem gelşim boldy.

— Kimden eşitdiň? Ýene bir ýalany toslap tapmaga wagt bolmansoň:

— Lukmanyň gyzyndan — diýdim.

— Saňa şol aýtdymy?

— Hawa, men onuň bilen gürrüňdeş boldum, şonda ol: «Kakamy size çagyrypdyrlar. Megerem, daýzaň nähoşlandyr» diýdi. Kamran aňk-taňk boldy.

— Ol, ähtimal, ýalňyşan bolmaly. Soňky günler lukman bize düýpden gelenok. Ejemi görmäge-de, başga birini görmäge-de gelenok...

Bu ynjyk meseläni çişirmejek bolup:

— Gaty gowy-da... Ýogsam juda howsala düşüpdim! Biziňkileriň hemmesi öýdemi? — diýip soradym. Ýerde duran ýantorbamy alyp, öýe tarap ýöräp ugradym, emma Kamran elimden ýapyşyp:

— Näme beýle howlugýaň-la, Feride? Görýän welin, sen menden gaça durýan ýaly — diýdi.

— Beýle pikir nireden kelläňize geldi? Diňe köwşüm aýagyma degýär. Onsoňam öýe ikimiz bile gidemizokmy, näme?

— Hawa-la, ýöne biz öýde hemmeleriň ýanynda gürleşmeli bolarys. Meň bolsa seň bilen ikiçäk gürleşesim gelýär.

Tolgunýanymy bildirmejek bolup, gülküliräk äheňde:

— Keýpiňiz kelläňizde — diýdim.

— Mersi. Onda, isleseň, hiç kime görünmäli-de, azowlak bagda gezim edeli.

Men gaçyp gidäýjek ýaly, Kamran barmaklarymy berk gysyp durdy. Beýleki eline bolsa ýantorbamy aldy. Adaglananymyz bäri biz ilkinji gezek ýanaşyk ýöräp gitdik. Meniň ýürejigim ýap-ýaňy tutulan guşuňky ýaly gürsüldeýärdi. Emma, göwnüme bolmasa, ol meni beýle berk tutup durmanda-da, barybir, gaçyp gidere mejalym ýokdy.

Biz sesimizi çykarman, bagyň o çetine çykdyk. Kamran meniň çak edişimden-de beter keýpsiz we aladaly göründi. Soňky üç aýyň içinde biziň gatnaşygymyzda nämäniň bolup geçenligine, nämäniň üýtgänligine düşünemok welin, edil şu pursatda oňa soňky wagtlarda gödek daranym üçin, özümi diýseň ýazykly duýdum. Agşam diýseň ümsüm, diýseň gözeldi, hatda gyşyň ortalarydygyna hem ynanasyň gelenok. Töwerekdäki daglaryň ýalaňaç gerişleri merjen kimin gyzyl öw süp durdy. Kamranyň öňündäki günämi öz ýanymdan beýle aňsat boýun almagymda, belki, tebigatyň hem ýazygy bolsa bardyr. Men häzir Kamrana göwnüni göterip biläýjek bir hoş söz aýtmalydym. Emma kelläme hiç zat gelenokdy.

Ahyrsoňy yza gaýtmakdan başga zat galmansoň, Kamran:

— Belki, az-kem dyz eperis, Feride? — diýdi. Men hem:

— Keýpiň kelläňde — diýip jogap berdim. Adaglananymyz bäri oňa ilkinji gezek «sen» diýip ýüzlendim. Kamran jalbarynyň hapalanjagyna parh etmän, ullakan daşyň üstünde oturdy. Men şobada onuň eline ýapyşyp, ony ýerinden turuzdym:

— Sen näzijek ahyryn. Ýalaňaç daşyň üstünde oturmaň näme? Men şeý diýdim-de, gök içmegimi çykaryp, ýere ýazdym. Kamran gözlerine ynanman:

— Edýäniň näme, Feride? — diýdi.

— Seniň kesellemezligiň hakda aladalanmak indi meniň borjummyka diýýärin. Bu gezek çykanym gulagynyň eşidenine ynanmady. Ol:

— Men, gör, nämeler eşidýän, Feride? Bu seniň sözleriňmidir? Adaglananymyz bäri senden eşidýän iň şirin sözüm-ä ol — diýip seslendi. Men başymy aşak salyp, geplemän oturdym... Kamran daşyň üstündäki içmegimi galdyryp, onuň ýeňlerini, ýakasyny, iliklerini emaý bilen sypalaşdyrdy.

— Feride, men saňa igenjek bolup otyrdym. Emma indi hemmesini unutdym. Men başymy galdyrman:

— Meniň saňa eden zadym ýok — diýdim. Kamran meniň ýene-de kesirligimden gorkýan ýaly, golaýyma gelmäge het etmedi.

— Edensiň, Feride, edensiň, hatda artykmajy bilen edensiň. Eýsem adagly ýigidiňden beýle gaça durmak bolarmy? Men hatda Müjgän ýalňyşan bolaýmasyn hem diýip pikir etdim... Men

biygtyýar güldüm. Kamran geň galyp, onuň sebäbini sorady. Ilkibada muňa jogap beresim gelmedi, ýöne Kamran birsyhly haýyş etdi durdy.

— Eger Müjgän ýalňyşan bolaýanda-da, beýle bolmazdy — diýip, ýüzümi kesä sowdum.

— O nähili beýle? Näme, sen meniň adaglym bolmazmydyň? Men gözlerimi ýumup, iki gezek başymy atdym.

— Feridäm!..

Bu ses, has dogrusy, perýat heniz-henizlerem gulagymda ýaňlanyp dur... Men başymy galdyrdym we onuň peträp duran gözlerinde iki düwme ýaş gördüm.

— Sen göz açyp-ýumasy salymyň içinde bagtymy açyp, meni şeýlebir begendirdiň welin, men ölüm ýassygyndakam hem, bu pursady ýatlap, gözlerime ýaş aýlaryn. Sen ýüzüme beýle bakma. Sen entek çaga. Sen entek muňa düşünmersiň... Men eýýäm bar zady unutdym!..

Kamran ellerime ýapyşdy. Men ellerimi çekmän «hork-hork» edip aglamaga durdum. Şeýlebir agladym welin, Kamran gorkuberdi. Biz yzymyza şol giden ýolumyz bilen gaýtdyk. Men birsyhly sojap, agladym bardym, şondan soň Kamran maňa elini degirmäge-de çekindi. Emma onuň ýüreginiň ýerine gelendigine düşünýärdim, şonuň üçin hem keýpim gowudy.

Öýüň ýanynda men oňa:

— Sen öňden git. Men howuzda el-ýüzümi ýuwaýyn, ýogsa bu sypatda görünsem, il maňa näme diýer! — diýdim.

***

Men edil şu wagt ýadyma düşen ýaly bolup Kamrandan:

— Sen Ýewropa gitmekçi bolýan ýaly-la? Bu çynmy? — diýip soradym.

— Şeýle gürrüň-ä bar, ýöne, dogrusy, ol meniň öz islegim däl-de, Madridde işleýän daýymyň teklibi.

Muny sen nireden bilýäň? Biraz aljyraňňylykdan soň men:

—Lukmanyň gyzyndan — diýip jogap berdim.

— Lukmanyň gyzy saňa, gör, nähili köp täzelik aýdýar eken, Feride!

Men hiç hili jogap bermedim. Kamran ýüzüme dikanlap seretdi. Men çym-gyzyl bolup, beýläme öwrüldim.

— Onsoň ejemiň nähoşlanlygyny kimden eşitdiň?.. Ýa sen muny toslap tapdyňmy? Men ýene-de dymdym.

— Feride, çynyňy aýt, sen bu ýere şol sebäpli geldiňmi?

Kamran golaýyma geldi, ol kellämi sypamak isledi, emma ýene-de meniň hötjetlik edip, aramyzyň bozulmagyndan heder etdi. Men bolsam eýýäm oňa öwrenişip ugrapdym.

— Meniň çakym dogrumy, Feride? — diýip, Kamran sowalyny gaýtalady. Men onuň göwnüni göterip biljegimi duýýardym, şonuň üçinem «hawa» diýen manyda başymy atdym.

— Ne ajap jogap!.. Düýnden bäri meniň bagtym çüwüp ugrady!

Kamran meniň oturan kürsimiň arkasyna ýapyşyp, üstüme abandy. Şeýle ýagdaýda men özümi ähli tarap dan gabalan ýaly duýdum. Mekir tär!.. Ol maňa elini degirmezden golaýjygyma geldi. Men oturan ýerimde kirpi kimin çugutdyryp, kürsiniň arkasyna gysmyljyradym, egnimi ýygyrdym. Kamranyň ýüzüne seredibilmän, elýaglygymy elimde berk gysdym.

— Onsoň seň daýyň näme teklip edýär?

— Akylyma sygjak iş däl. Ol meni öz ýanyna ilçihananyň kätibi edip aljak bolýar. Onuň pikiriçe, erkek adamyň belli bir hünäri, belli bir wezipesi bolmasa, uly kemçilikmiş. Men, elbetde, onuň sözlerini gaýtalaýaryn. Ol: «Ilçiniň ýanýoldaşy bolup Ýewropa gitmäge, belki, Feride-da begener...» diýýär. Şular ýaly, aýdýan zatlary köp...

Biziň gürrüňimiz düýpli ýagdaýa geçip ugransoň, Kamran ellerini kürsiniň arkasyndan aýyrdy-da dikeldi, menem şol salymda oturan ýerimden böküp düşdüm.

Gürrüňimiz dowam etdi. Men:

— Sen näme üçin ol teklibi akyla sygjak iş däl hasap edýäň? — diýip soradym.

— Eýsem, Ýewropa gitmek seni gyzyklandyrmaýarmy näme?

— Men bu barada aýdamok... Indi men edenimi edip ýörer ýaly erkana adam däl. Meniň durmuşyma degişli ähli zatlary biz indi bilelikde çözmeli. Şeýle dälmi?

— Şeýle bolsa, sen gidip bilersiň.

— Diýmek, sen meniň Stambuldan gitmegime razy-da?

— Eger erkek adama haýsydyr bir hünär gerek bolsa...

— Meniň ýerimde sen bolsaň, gidermidiň?

— Ähtimal, giderdim. Men senem şeýtmelimikäň diýýärin...

Dogrusyny aýtsam, bu sözleri diňe dilim aýdýardy, ýüregim bolsa başga-başga zatlary küýseýärdi. Şeýle jogap bermäge meniň doly hakym bardy. «Men seni taşlap, gidibersem bolarmyka?» diýip duran adama başgaça nähili jogap berjek?

Aýralyga aňsatlyk bilen ylalaşýanlygym Kamranyň lapyny keç etdi. Maňa tarap seretmezden, ol otagda birnäçe ädim ätdi, soňra gaňrylyp, sowalyny gaýtalady:

— Diýmek, sen daýymyň teklibini kabul etmeli diýip hasap edýärmiň?

— Hawa... Kamran uludan dem aldy.

— Onda biz oýlanaly. Gutarnykly pikir aýtmaga entek wagtymyz bar.

Ýüregim gürsüldäp gitdi. Eýsem, «oýlanaly» diýmek mesele eýýäm çözüldi diýmek dälmi näme?

Maňa uly adam ýaly agras bolmaly diýip tabşyryşlary ýaly, men agras gürledim:

— Bu işde uzak oýlanyp oturar ýaly zat göremok. Seniň daýyň teklibi, dogrudanam, gowy teklip. Gysga syýahat ýaman zat däldir.

— Sen bu sapar uzaga çekmez öýdýärmiň?

— Ýöne gaty uzak hem bolar öýdemok. Bir ýyl, iki, üç, goý, dört ýyl diýeli. Wagt diýeniň göz açypýumasy salymyň içinde geçýär. Elbetde, käýarym gelersiň-ä...

Men barmaklarymy büküp: bir, iki, üç, dört diýip, aňsatja sanap çykdym.

***

Bir aý geçip-geçmänkä, biz Kamrany ugratdyk. Gämi Galata duralgasyndan çykyp ugrady. Garyndaşlarymyň bary meni gutladylar, çünki ony Ýewropa gitmäge men yrypdym. Mundan diňe Müjgäniň göwni hoş däldi. Tekirdagdan maňa iberen hatynda şeýle ýazypdyr: «Oňarmansyň, Feride, sen oňa garşy bolmaly ekeniň. Iň gowy ýyllaryňyzy aýralykda geçirmegiň ne manysy bar? Dört ýyl diýýäniň oýun işmidir?»

Emma dört ýyl Müjgäniň garaşyşyndan has çalt geçdi.

Kamran meniň mekdebi gutaranyma bir aý geçenden soň işden aýrylyp, daýysy bilen Stambula bile gaýdyp geldi. Mekdebi tamamlamak! Okaýarkam, bu tutuksy jaýy «kepderi ketegi» diýip atlandyrýardym. «Elim şahadatnamaly erkinlige gaýdyp gelen günüm meniň üçin azatlyk baýramy bolar diýip hasap edýärin» diýýärdim. Ýöne «kepderi ketegiň» gapylary açylan gün egnim boýumy uzyn görkezýän köýnekli, aýagym uzyn ökjeli köwüşli köçede näme bolandygyna düşünibilmeýän ýaly aljyradym. Üstesine, Besime daýzam hem derrew toýa taýýarlanyp başlady. Bu bolsa meni ymykly lapykeç hala saldy. Biziň öýümiz gijäniň bir mahalyna çenli adamdan ýaňa hyň berýärdi, olaryň arasynda reňkleýjiler-de, agaç ussalary-da, tikinçiler-de, garyndaşlarymyz-da bardy. Her kim öz işi bilen gümrady. Olaryň biri eýýäm toý çakylygyny ýazyp oturan bolsa, beýlekileri bazarlara, dükanlara aýlanýardy, ýene biri tikin işleri bilen meşguldy.

Men halys aljyraňňy bolamsoň, ähli zady başymdan aýlap taşladym. Beýlekilere kömek bermekden-ä geçen, gaýtam, samsyklyk edip, olara päsgel berdim. Meniň däliligim ýene-de möwç alyp başlady. Öňkülerim ýaly, öýümizde myhman bolýan çagalary ýanyma alyp, içerini agdar-düňder edýärdim. Aşhanada abatlaýyş işleri geçirilýärdi. Täze aşpez ähli goş-golamlaryny öýüň ýeňsesindäki bagda goýlan çadyra çekýärdi we naharyny daşarda bişirýärdi.

Bir gezek men onuň öz çadyrynyň ýanynda gümra bolup, köke bişirip ýörendigini gördüm. Şol wagtyň özünde-de kelläme elhenç bir pikir geldi.

— Çagalar, şu towuk keteginiň arkasynda gizleniňde, sesiňizi çykarman oturyň. Men aşpeziň bişiren kökelerini ogurlap, size getirip bereýin — diýdim.

Bir minut geçip-geçmänkä, bir mejimäni kökeden dolduryp gaýdyp geldim. Şobada oljany ýaşajyk dostlaryma paýlap, olary bagyň dürli künjüne ibermelidim, mejimäni bolsa towuk keteginde gizlemelidim. Aşpeziň ýitgini aňyp, gözlege çykjagyny men näbileýin?! Bir salymdan aşhana çadyrynda uly bir gopgun turup, aşpez:

— Walla, muny edeni tapaýsam, süňklerini owradyp çykaryn — diýip, bogazyna sygdygyndan gygyrdy. Gorky aralaşan çagalar meniň diýýänlerime gulak asman, ýerli-ýerden gaçmaga başladylar. Aşpez ahyrsoňy ogurlygy kimiň edenligini bilip, dälirän ýaly, kepgirini serdesse kimin kelemenledip, üstümize eňdi. Ol bende iň ululary hasap edip, çagalary taşlady-da, meni kowalap başlady. Birden ol bir zada büdredi-de, ýere ýazylyp gitdi. Muňa ol öňküsinden-de beter dergazap boldy. Aşpez öýde täze adamdy. Ýagdaý juda agyrlaşdy. Eger onuň eline düşäýsem, ol meni kepgiri bilen biriki gezek saýgylap, uly ile masgara etjekdi, ana, şondan soň özümiň adagly gyzdygymy düşündirip bilseň düşündir-dä. Öýe tarap gaçyp bilmämsoň, çäre tapman, köçä tarap gaçmaly we çirkin gygyrmaly boldum. Meniň bagtyma, şol gün ir ertirden bäri işläp oturan tikinçi hanym bilen onuň kömekçisi Dilber sergin howadan dem almak üçin baga çykan eken. Men: «Dat-bidat» diýip gygyryp, tikinçiniň ýanyna ylgadym we baryp onuň ýeňsesinde gizlendim. Dilber aşpeziň kepgirine ýapyşyp, ony elinden aljak boldy we:

— Edýäniň näme, aşçybaşy. Sen akylyňdan azaşan-a dälsiň-dä? Ol adagly hanym ahyryn! — diýip gygyrdy. Başga wagt bolan bolsa, men «adagly» diýeni üçin Dilber tikinçiniň almytyny bererdim. Ýöne bu pursatda welin, men gorkudan ýaňa onuň bilen bile gygyrmaly boldum:

— Aşpezbaşy, Hudaý bar, men adagly gyz! Bu aşpez ýaly kelesaň, bu aşpez ýaly hötjet adamy hiç görmändim. Ol ilkibada muňa ynanmady:

— Aý, ýok, eýsem, gelinlik ogurlyk edýänmidir? — Soňra birneme özüne gelip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Eger şeýle bolýan bolsa, saňa göz degmesin, hanym gelin! Ýöne sen maňa täzeje jalbar satyn alyp bermeli bolarsyň. Görýärmiň, sen zerarly men dyzymy ýyrtdyrdym. Görgüli ýykylanynda burnuny hem sypjyrdan eken. Ýöne, bagtyma, ol burnunyň hakyny talap etmedi.

Bu wakany ile jar etmezligini haýyş etsem-de, ol hemmelere mälim boldy. Şonuň üçinem garyndaşlarym, aýyn bolmasa, nahar başynda maňa tarap garanjaklaşyp gülüşmäni çykardylar.

***

Toýa üç gün galypdy. Bir gezek agşamaralar bagyň gapysynyň ýanynda çagalar bilen ýüpden böküp oýnaşyp ýörkäk, men ýene hüjüme sezewar boldum. Bu gezek üstüme golaýda meni aşpezden halas eden tikinçi madmuazeliň özi hüjüm etdi. Otuz ýyldan bäri öýüň tikin işlerini edýän madmuazel altmyş ýaşly, gözi äýnekli, gartaşan gyzdy. Dünýäde iň sypaýy, iň edepli adam hem bolsa, ol şol gün üstüme heňkirdi:

— Madmuazel, ýene sanlyja günden biz siziň adyňyzy madam diýip tutarys. Şeýle bolansoň, siziň bu edýän işleriňiz dogrumydyr? Ynha, iň soňky gezek deňäp görmek üçin men seni ýarym sagatlap gözläp ýörün — diýip, ol maňa igendi. Elbetde, Besime daýzam hem onuň tarapyny çaldy, onuň bürşüp duran ýüzünde oňlulyk alamaty ýokdy.

— Pardon, madmuazel. Biz bu ýerde oýnap ýörüs-ä. Ynanaýyň, men eşitmändirin — diýip, özümi aklajak boldum. Daýzam durup bilmedi, alkymymdan aldy-da, her gezek gahary gelende edişi ýaly, çekgäme çalyp goýberdi-de:

— Aý, balam, sen öz sesiňden, öz gülkiňden başga zat eşidýän adammy? Ýene üç günden myhmanlaryň arasynda hem bir hokga çykararmykaň diýip gorkup başladym — diýdi.

Şol günler men öňkülerimden has köp garagolluk edenem bolsam, ýüregimde täsin bir howsala at çapýardy, meniň mähirdir mylakatly sözleri eşidesim, hemmeler bilen äbede-jüýje bolup ýaşasym geldi. Daýzam meniň alkymymdan tutup durdy. Men barmaklarym bilen gysga köýnegimiň etegini galdyryp, oňa tagzym etdim.

— Gaýgy etmäň, daýza. Juda az wagt galdy. Baryýogy üç günjük sabyr etseňiz bolýar. Şonda siz maňa diňe daýza bolmarsyňyz... Çalyguşyň Besime daýzasyny bizar eden garagolluklaryny, betçiliklerini Feride hormatly hanym-ependiniň öňünde gaýtalamaga het etmez. Daýzamyň gözlerine ýaş aýlandy. Ol meniň ýaňagymdan ogşap:

— Feride, men hemişe seniň ejeň ornuny tutup geldim, galan ömrüme hem şeýderin — diýdi. Men çäksiz tolgunmadan ýaňa daýzamyň ellerinden ýapyşyp, ýaňagyndan ogşadym.

***

Madmuazel taýýar bolup gelýän ak köýnegimi eline alanynda, men ýüzümiň gyzaryp ugraýandygyny duýdum. Töweregimdäkileri ýekän-ýekän gujaklap, ogşap çykyşyma:

— Haýyş edýän, hemmäňiz öýden çykyň. Men uly iliň gözüniň alnynda geýnip biljek däl. Göz öňüne getiriň: Çalyguşy uzyn etekli köýnek geýip, tawus guşuna meňzär. Baý, munuň gülkünçdigini!.. Meniň özümiň hem gülkim tutýar. Dabarada adaty köýnegimi geýäýin diýip, näçe ýalbardym. Emma gulak asan bolmady. Meniň derdime düşünýän adam ýok — diýdim.

Madmuazel eli köýnekli özüme tarap ugranda, men otagda iki ýana urundym, gamyş kimin galpyldap, burça dykyldym. Gapynyň aňyrsynda duranlar gopgun baryny turzuşyp, otaga girjek boldular.

Men:

— Ýene biraz gaýrat ediň... Bir minutjyk sabyr ediň... Men hemmäňizi çagyraryn — diýip ýalbarmaga durdum. Emma otagdakylar maňa ynanmadylar. Meniň aldarymdan gorkup, olar gapyny itýärdiler. Şol wagt iki tarapyň arasynda uly tutluşyk başlandy. Bosagada duran adamlar gülüşýärdiler, itekleşýärdiler, gapa zor salýardylar, menem güýjümde baryny edip, gapyny açdyrmajak bolýardym. Dälizde demir nally çaga köwüşleriniň sesi dik asmana galdy. Çagalar:

— Hüjüm!.. Uruş başlandy! — diýip, bogazyna sygdygyndan gygyryşýardylar. Goh-galmagala jaýda ýaşaýanlaryň bary ylgaşyp geldi. Madmuazel egnimden üstaşyr:

— Taňrynyň haky üçin, çekiliň!.. Beýtmäň!.. Köýnek ýyrtylýar!.. — diýip gygyrdy. Birdenem gapynyň aňyrsyndaky gopgun ýatyşdy. Kamranyň aýak sesi hem-de:

— Feride, aç, bu men... Megerem, maňa gadagan däldir-le... Meni goýberäý.., saňa kömekleşesim gelýär — diýen sesi eşidildi. Men tas däliräpdim.

— Goý, hemmesi girsin, aýby ýok, emma sen girme!.. Taňrynyň haky üçin, git!.. Walla, aglaryn... Emma Kamran bu halyma üns bermän, gapyny batly itekledi. Işigiň iki taýy hem açylyp gitdi. Men çirkin gygyryp, otagyň bir burçuna gaçdymda, elime ilen galyň penjegimi alyp, ony bürendim hem-de çugutdyryp oturdym. Hanym akylyndan azaşan dek:

— Ne ajap köýnek zaýa, azabym reýgan boldy — diýip saçyny ýaýdy. Kamran meniň bürenip oturan galyň penjegimden ýapyşyp:

— Utulanyňy boýun almaga wagt boldy, Feride. Aç, köýnegiňi göreýin — diýip ýylgyrdy.

Men duran ýerimde doňup galdym, dilim tutuldy. Birazdan soň, Kamran sözüni dowam etdi:

— Feride, men häzir gezelençden gelýän... Özümem örän ýadaw. Kesirlik etme. Meniň seni täze köýnekde göresim gelýär. Meni güýç ulanmaga mejbur etme. Bäşe çenli sanaýan: bir... iki... üç... dört... bäş...

Kamran mümkin boldugyça haýal sanaýardy. Ol «bäş» diýeninden galyň penjegimiň ýeňinden çekdi we şobada meniň ýarym-ýaş bolan ýüzüme gözi düşüp öte aljyrady. Ol otagdakylary zordan çykaryp, gapyny ýapdy.

Madmuazel haýran bolup, dilden-agyzdan galdy. Kamran hem şeýle hala düşdi. Birneme dymyp durandan soň, ol utanjaňlykdyr ýöwsellik bilen:

— Feride, bagyşla... Men seniň bilen birneme bälçireşjek boldum. Men muňa hakym bar öýdüpdirin... Emma seniň heniz hem öňki oglanlygyň! Aýt, sen meniň günämi ötýärmiň? — diýdi.

Men ýüzümi açmazdan:

— Bolýar... Ýöne sen häziriň özünde otagdan çykyp gidersiň — diýip jogap berdim.

— Bir şert bilen. Men saňa bagyň aňrujundaky uly daşyň ýanynda garaşjakdyryn... Ýadyňa düşýärmi, dört ýyl mundan ozal agşamaralar biz ol ýerde ýaraşypdyk. Ony ýene bir gezek şeýdeli. Barjakdygyňa söz berýäňmi?

Men biraz ikirjiňläp durdum-da:

— Bolýar, baraýyn, ýöne sen häzir git — diýdim.

Madmuazel görgüli şeýle geň häsiýetli geljekki gelin bilen gürleşmäge-de çekinýärdi. Ol sesini-üýnüni çykarmazdan, geýimlerimi çalşyrdy, men ýene-de öz gysgajyk gülgüne köýnegimi geýip, üstünden-de gara mekdep öňlügini goýberdim. Hatda Müjgäniň-de ýüzüne seretmän, men öz otagyma ylgadym we tä gözlerimiň gyzyly aýrylýança sowuk suw bilen ýüzümi ýuwdum.

Men baga tarap çykamda eýýäm iňrik garalypdy. Indi men hiç kime görünmän, Kamranyň ýanyna özümi atmalydym.

Ýöne gezim edýän kişi bolup, aşhananyň arkasyna geçdim, aşpez bilen birki agyz gürleşdim. Soňra derwezä tarap ýuwaşja ýöräp gitdim. Meniň niýetim yzymy ýitirip, haýatyň gyrasy bilen uly daşyň ýanyna çykmakdy. Emma...

***

Köçä tarap çykýan açyk gapynyň alnynda gara örtükli, uzyn boýly bir zenana gözüm düşdi. Onuň ýüzi ýeňiljek perdelidi. Ol aýalyň daşky keşbi öýümizden bir zat biljek bolýana, emma girmäge ejap edýäne meňzeýärdi.

Kamran maňa esli wagtdan bäri garaşyp durdy. Çadyraly aýalyň tanyş çykyp, meniň bilen gürrüňe baş laryndan we eglärinden çekinip, agaçlaryň aňyrsyna dulanjak boldum. Onýança, nätanyş aýal maňa:

— Ezizim, biynjalyk edýänim üçin bagyşlaweri... — diýip ýüzlendi.

Men derwezäniň ýanyna barmaly boldum.

— Baş üstüne, hanym ependi. Men siziň hyzmatyňyzda. Näme hyzmat? — diýdim.

— Bu köşk merhum Seýfetdin patyşanyň öýüdir-le, şeýlemi?

— Hawa, hanym ependi.

— Sizem şu ýerde ýaşaýaňyzmy?

— Hawa. — Beýle bolsa, meniň size bir haýyşym bar.

— Aýdyberiň, hanym ependi.

— Men Feride hanym bilen gürleşsem diýýärin.

Men allaniçigsi boldum, gülmejek bolup, başymy aşak egdim. Meniň adymy ilkinji gezek hanym diýip tutýardylar. Hanym Feridäniň hut özümdigini boýun almaga gaýratym çatmady. Dodagymy dişläp:

— Beýle bolsa, hanym ependi, öýe giriň. Ol ýerde size Feride hanymy çagyryp bererler — diýdim.

Gara örtükli aýal gapydan girip, ýanyma geldi. Ol:

— Balam, size duşanym gowy bolaýdy. Haýyş edýän, maňa kömek ediň. Siz meniň Feride hanym bilen etjek ikiçäk gürrüňime kömegiňiz deger. Ýöne muny adam ogly bilmeli däldir — diýdi.

Meniň geň galyşymy söz bilen beýan eder ýaly däl. Howa mazaly garalypdy, men gara çadyranyň aşagyndan nätanyş zenanyň ýüzüni saýgaramokdym. Ahyrsoňy biraz ýaýdanyp durdumda:

— Hanym ependi, onçakly geýinmänligim üçin men bada-bat boýun alyp bilmedim. Ýöne Feride diýilýän men bolmaly — diýdim.

— Siz Kamran beýe durmuşa çykýan Feride hanymyň hut özümi? — diýip, ol zenan tolgunyp sorady.

— Öýde diňe bir Feride bar, hanym ependi — diýip gülümsiredim. Gara örtükli zenan birden dymdy. Sähel salym mundan öň, ol Feridäni görjek bolup oda-köze düşýärdi, indem agaç ýuwudan ýaly bolup dur. Bu näme boldugyka? Ýa ol meniň Feridedigime ynanmaýarmyka? Ýa-da munuň başga sebäbi barmyka? Geňirgenýänligimi duýdurmajak bolup:

— Hanym ependi, men siziň buýrugyňyza garaşýan — diýdim. Geň zat. Nätanyş zenan agzyna suw alan ýaly bolup dur. Bagyň jümmüşinde bir oturgyja gözüm düşüp dillendim:

— Meýliňiz bolsa, baga giräýeliň, hanym ependi... Ol ýerde bize azar berjek ýok, biz arkaýyn gürleşip bileris.

Biz oturgyja geçip oturanymyzdan soň hem, nätanyş zenan dil ýarmady. Ahyrsoňy, ýürek edip, çalasyn hereket bilen çadyrany syryp goýberdi... Otuz ýaşlaryndaky, ýiti akyla eýedigi bildirip duran, gaharly zenanyň keşbi peýda boldy. Howa gowy garalsa-da, ýüzüniň ganynyň gaçanlygy görnüp durdy.

— Feride hanym — diýip, ol gürläp başlady.

— Men bu ýere özümiň köne we örän ýakyn joramyň tabşyrygy bilen geldim. Özüme tabşyrylan işiň beýle kyn boljagy meniň otursam-tursam ýadyma düşenokdy... Men ýap-ýaňyja Feride hanymy çagyrmagyňyzy talap edip durdum, ynha, indi bolsa, başymy alyp gaçmaga taýýar...

Meniň süňňüm galpyldap ugrady, ýüregim gürsüldäp, agzymdan çykaýjak bolýardy. Emma berk durmasam, bu aýalyň sözünde tapylyp, gaçyp gitmeginiň mümkindigini duýdum. Giňlige salan kişi bolup:

— Iş diýeniň iş bolýar, hanym ependi. Aýgytly bolmaly. Onsoň siziň joraňyz meni tanaýarmy? — diýdim.

— Ýok... Dogrusyny aýtsam, ol sizi tananok, ýöne siziň Kamran beýiň adaglysydygyňyzy bilýär...

— Ol Kamran beýi tanaýarmy?

Nätanyş zenan jogap bermedi, ýöne men birden özümiň mundan artyk soramaga takadymyň ýokdugyny duýdum. Bilesigelijilikden ýaňa ölüp barýanam bolsam, ol häziriň özünde gidermen bolsa, ony ýolundan alyp galjak däldim.

— Feride hanym, maňa gulak asyň... Meniň birden ýaýdanyp, kürtdürip durmagymyň sebäbini siz bilýän dälsiňiz. Men uly gyza duşaryn öýdüpdim, emma görsem, ol kiçijik mekdep okuwçysy eken. Sizi gynandyrasym gelenok... Ýaýdanjaňlygym hem, ine, şunuň üçin.

Nätanyş aýalyň maňa rehimi gelýärdi. Bu ýagdaý bolsa mertebäme degip, meni ekezlendirdi. Oturgyçdan turup, agaja arkamy berip durdum, arkaýyn, hatda azmly ses bilen:

— Beýle ýagdaýda ýaýdanjaň bolmak gerek däl. Görýän welin, mesele örän wajyp ýaly. Şonuň üçinem biz rehim-şepagaty bir ýana goýup, aç-açan gürleşsek gowy bolardy. Zenan meniň batyrgaý görnüşimi görüp, özüni ele aldy.

— Siz Kamran beýi juda söýýäňizmi? — diýip, ol sorady.

— Munuň size näme dahylynyň bardygyna düşünýän däldirin, hanym ependi.

— Belki, bardyr, Feride hanym.

— Hanym ependi, aç-açan gürleşmesek, gürrüňimizden netije bolmaz diýip, eýýäm aýtdym ahyryn.

— Bolýar, goý, şeýle bolsun. Men Kamran beýi sizden başga ýene biri söýýär diýmekçi bolýaryn.

— Bolubiler, hanym ependi. Kamran birentek gowy sypatly ýaş ýigit. Şonuň üçin onuň ýene bir zenanyň gözüne ilmeginde hiç hili geň zat ýokdur.

Şol gün agşam kemteresinden agaçlaryň ýapraklary-da gymyldamaýardy, öýümize oslagsyz bir ýerden apy-tupanyň kürsäp urandygyna men gowy düşünýärdim. Onuň nireden gelenligini bilmesem-de, mende bu bela garşy durmaga güýjem, islegem peýda boldy.

Men soňky jümläni birneme ýaňsylabrak hem aýtdym. Zenan şol bir oturyşyna otyrdy, ýöne ol birhili edip, bilini ýazdy-da, kakynjyrap, örtüginiň etegini düzedişdirdi we eli bilen oturgyjyň burçuny gysymlady. Men nätanyş aýalyň hä diýmän näme üçin gelenligini äşgär etjekdigini duýdum.

Ol äheňine bat bermän, göwünli-göwünsiz gürledi:

— Birbada siz maňa çaga bolup göründiňiz, ynha, indi bolsa öňümde oturanyň akylly-başly uly gyzdygyna göz ýetirdim. Kamran beýiň siziň gadyryňyzy bilmänligine haýpym gelýär... Ähtimal, ol ony bilsede bilendir, ýöne wagtlaýyn gowşaklyga ten berendir. Gepiň keltesi, ol iki ýyl mundan öň Ýewropada meniň aýdýan joram bilen tanşypdyr. Men galanyny jikmejik aýtsammykam?..

Men:

— Siziň sözleriňiziň dogrulygyna göz ýetiresim gelýär — diýdim.

— Joramyň adyna Münewwer diýýärler. Ol soltanyň köşgi-eýwanynda hyzmat eden köne hyzmatkärleriň biriniň gyzydy. Ol ilki birine göwün berip, oňa durmuşa çykdy, emma bagty bolmady. Ähli jebri-jepalardan soň, ol görgüli näsaglady. Lukmanlar ony Ýewropa ibermegi maslahat berdiler. Sagalyp, öýe gaýtjak bolup ýörkä, ol täze söýgä sataşypdyr. Kamran beý Şweýsariýa barypdyr. Bilmedim, dynç alşa barypmy ýa iş sapary bilen, garaz, olaryň tanyşlygy şol ýerden başlanypdyr. Ol o taýa bir hepdelik barsada, iki aýa golaý bolupdyr. Hatda munuň bilen baglanyşykly bir oňaýsyz ýagdaýa hem düşüpdir...

— Rugsat berseňiz, size bir sowalym bar — diýip, onuň sözüni böldüm.

— Meniň bu zatlary bilmegimi islän joraňyzyň indiki maksady näme? Nätanyş aýal ýerinden galdy.

— Ynha, muňa jogap bermek kyn — diýip, ol ellikli ellerini owkalaşdyrdy.

— Münewwer bu gün siziň duşmanyňyzdyr.

— Estagpyrylla!

— Hawa, bu şeýle, Feride hanym. Ýöne Münewwer erbet adamam däl. Ol juda heserli kişi. Kamran beý onuň üçin tötänden duşan biri däl... Münewwer oňa durmuşa çykaryn öýdüpdir. Günäkäri gözlemeli bolsa, ol Kamran beýiň hut özüdir. Ýigit başga birine köňül berenini ondan gizläpdir. Meniň wezipäm juda ýakymsyz. Ýöne meniň ol wezipäni üstüme alanlygymyň sebäbi: bu heserli, üstesine-de, nähoş aýal öler diýip gorkýaryn.

— Çynyňy aýdýanyňa nädip ynanmaly?

— Ýalan sözläp nädeýin. Öler. Ol bu habardan soň ýaşap bilmez.

— Dat, bendäniň halyna. — Dogrusy, ikiňiziňem dat günüňize. Onuň hetden aşýandygyny aňdyrjak bolup, men elim bilen duýduryjy yşarat etdim-de, hezil edip güldüm.

— Meni ara goşmaň. Siz, iň gowusy, joraňyzyň gamyny iýiň.

— O näme üçin, Feride hanym?.. Dogry, biz Münewwer bilen köp ýyldan bäri jora... Ýöne sizem örän mylakatly ýaş gyz, özüňiziňem çigit ýaly günäňiz ýok. Eger-de meniň ikiňiziň hem ýagdaýyňyza nebsim agyrýan bolsa...

— Muňa ýol berip bilmen — diýip, nätanyş zenanyň sözüniň arasyny öňküden hem aýgytly, öňküden hem hemleli böldüm.

— Onsoňam, men mundan artyk gürrüň edere zat ýokmuka diýýärin.

Nätanyş zenan gürrüňiň arasynda, göýä bolmasa, bir zat gözleýän ýaly, telim gezek elbukjasyny açypýapdy. Meniň gürrüňi bes etmekçi bolýanymy aňyp, bukjasyndan ýygyrt-ýygyrt bolup giden bir kagyz bölejigini çykaryp, maňa uzatdy.

— Feride hanym, aýdýan zatlaryma ynanmarsyňyz öýdüp, ätiýaçdan Kamran beýiň hatyny hem alyp geldim. Bilmedim, onuň siziň keýpiňizi bozmagy hem mümkin. Ilkibada haty elim bilen zyňyp goýberjek boldum, soň, beýtsem, mamla bolman öýdüp, ony elime aldym.

— Gerek bolsa, ony goýup gidäýeýin?.. Soň okar ýörersiňiz. Indi onuň jorama geregi ýok.

Men kibtimi gysdym:

— Onuň maňa-da geregi ýok. Siziň joraňyz üçin bolsa ýadygärlik bolar. Diňe göz gezdirip çykmaga rugsat ediň.

Howa eýýäm garalypdy. Men agaçlaryň içinden çykyp, seýilgähe düşdüm we haty gözüme golaý eltdim. Hat tanyşdy. Ol: «Meniň saryja güljagazym!» diýip başlanýardy. Soňra birnäçe şahyrana meňzetmeler getirilip, olarda Gün dogmazdan öň dünýä nähili nur çaýylýan bolsa, «sary güljagazy» görmezden öň, Kamranyň kalbyna-da şolar ýaly nur çaýylandygy beýan edilýärdi, «Ýüregimde düşnüksiz bir şatlyk, adatdan daşary duýgy peýda boldy...» diýip, Kamran ýazypdyr. Ahyrsoňy, duýgy hasyl bolup, bir gün myhmanhananyň bagynda agşam çagy elektrik yşygyna şol «saryja güljagazy» görüpmiş. Hatyň galan bölegini kynlyk bilen okadym. Garaňky ymykly düşensoň, setirler garyşyp ugrady.

Hatyň mazmuny ýatda galmady. Emma hatyň yzyny welin, gaýtalap-gaýtalap okadym we ol ömürlik hakydama ornaşyp gitdi.

«... Kalbym boşdy, söýmek islegim möwç urýardy. Men inçe billi, uzyn boýly, mawy gözli sizi görenimde, durmuşym düýpgöter özgerip gitdi...» Nätanyş zenan assa-assa basyp, golaýyma geldi we sandyrawuk sesi bilen gürrüňe başlady:

— Feride hanym, men sizi ynjydaýdym öýdýän? Ýöne siz ynanaýyň...

Men tisginip gitdim we haty oňa uzatdym.

— Goýaweriň. Bu ýerde ynjap oturasy zat ýok. Bu wakada hiç hili üýtgeşik zat göremok. Gaýtam, men size örän minnetdar. Siz maňa hakykaty aýtdyňyz. Indi bolsa rugsat etseňiz, hoşlaşsak?! Men başymy atdym-da, öýe tarap ýöneldim. Emma nätanyş zenan yzymdan gygyrdy:

— Feride hanym, bagyşlaň, ýene birsellem... Onsoň jorama näme diýsemkäm?

— Siz oňa ynanylan wezipäni ýerine ýetirdim diýip aýdyň. Galan zatlaryň oňa dahyly ýok. Ynha, bar bolany. Nätanyş zenan ýene bir zatlar diýişdirdi, emma men gulak asman, agaçlaryň aňyrsynda gözden ýitdim.

Biziň ýaraşmamyza şaýat bolmak nesip etmedik uly daşyň ýanynda Kamranyň näçe wagtlap garaşandygyny-ha biljek däl welin, onuň ahyrsoňy ýadap, meniň bolýan otagyma gelende we mekdep depderiniň ýyrtyk kagyzyna ýazylan «Kamran beý ependi, men siziň «saryja güljagaz» bilen gatnaşygyňyzdan habarly. Biz gaýdyp ölinçäk görüşmeris. Saňa nälet okaýan. Feride» diýen ýazgyny okanda, üstünden gaýnag suw guýlan ýaly bolandygy-ha belli.

## Ikinji bölüm

*B..., sentýabr 19... ý.*

— Sen geleliň bäri gije diýmän, gündiz diýmän, şol ýazyp otyrsyň, ýazyp otyrsyň. Bu nä beýle tükeniksiz ýazgy bolýa! Salam hat diýseň o däl, salam hat depdere ýazylanok. Kitap diýseň, kitap däl. Biziň bilşimize görä, kitaby uzyn saçly, sakgally ulamalar ýazýar! Sen entek barmak boýly gyzjagaz. Ýeri, onsoň seniň dynç almany-zady bilmän ýazýanyň näme?

Menden bu zatlary soraýan myhmanhananyň otag hyzmatkäri goja Hajy kalfady*(uly ussa)* . Ol haýsydyr bir aýdyma hiňlenip, bir sagatlap myhmanhananyň dälizindäki tagtadüşekleri ýuwuşdyrdy, indem ýadap, öz aýdyşy ýaly, «birki agyz lakgyldaşmak üçin» meniň ýanyma geldi.

Men onuň ýüzüne seredip, gülmäge başladym:

— Hajy kalfa, bu nä boluşdyr?

Ozal Hajy kalfa öňi ak öňlükli gezerdi, bu gün bolsa onuň egninde gapdallary ýanjykly köne biçüwli entari*(uzyn köýnek)* bardy. Ýalaňaç aýaklary bilen tagtadüşekleri süpürip ýörşüne, ol ýykylmajak bolup, eline ullakan taýak alypdyr.

— Nätjek-dä, aýal işini edemsoň, aýal köýnegini geýmeli bolýa-da. Hajy kalfa mahal-mahal gürrüňdeş bolýan myhman goňşymdan başga ýeke-täk söhbetdeşimdi. Dogry, ol ilki-ilkiler menden gaça durardy, bir iş bilen otaga geleninde hem gapyny kakyp:

— Bu mendirin. Başyňa bir zat atyn — diýerdi. Men bälçiräp:

— Wiý, gadyrdan Hajy kalfa, aýdýanyňyz näme? Näme bolupmyş? Taňrynyň haky üçin aýdyň... Biziň aramyzda aýyp görler ýaly näme barmyş? — diýdim. Gojanyň hyrsyz ýüzi öňküsinden hem bürüşdi:

— Ýo-o-o-k! Sen onda hiç zada düşünmeýärsiň! — diýip, ol hüňürdäp başlady.

— Eýsem, yslam «muhadderatlarynyň*(Muhadderat — Yslamyň hyjaply, namysjaň zenanlary.)* » üstüne duýduryşsyz, kürsäp girmek bolarmy...?!

«Yslamyň muhadderatlary», ähtimal, zenanlar diýmekdir. Men muny Hajy kalfadan sorap bilmedim, çünki beýle soraglary bermäge meniň mugallymlyk mertebäm ýol bermeýärdi. Emma, barybir, bir gezek men beýle sypaýyçylygyň ýerliksizdigini degişme äheňinde oňa düşündirdim. Indi Hajy kalfa gapyny çekinmän kakyp, ýaýdanman girýärdi.

Üstünden gülmämi bes etmeýänimi görüp, Hajy kalfa gatyrganjak hem boldy, emma şobada pälinden gaýtdy.

— Sen meň gaharymy getirjek bolup, bilgeşleýin şeý diýýärsiň. Ýöne men gatyrganman... — Soňra ol az salym dymdy-da, maňa naýynjar bakyp: — Sen kapasadaky guş ýaly, bu otagda ýeke otyrsyň. Birneme degişjek, güljek bol, bu aýyp däldir. Ynha, dostlaşarys welin, men, biraz şähdiň açylar ýaly, saňa tans edip bererin. Bolýamy, hanym?

Hajy kalfa näme ýazýanymy nädip düşündirsemkäm?

— Meniň hatym bulaşyk-da, Hajy kalfa. Çagalar utandyrmaz ýaly, men haty owadan ýazmagy öwrenmeli bolýaryn. Ýakyn wagtda okuw başlanjak ahyryn.

Hajy kalfa surata düşjek bolýan ýaly, hasasyna söýenip durdy, gözlerinde mähirli ýylgyryş bardy.

— Aldaýaň, gyzym! Wah, Hajy kalfanyň ömründe görmediginiň ýokdugyny sen bir bilsediň! Men hatdat ýaly, sülüs*(Sülüs — arap hatynyň ýazylyş tärleriniň biri.)* ýazýan adamlary gördüm. Ýöne olaryň ýazyşlary kör köpüge degenok. Garynja ýörän ýaly, egrem-bugram ýazýanlar hem bar, ynha, bir zat çyksa, şolardan çykýar. Sen meniň dürli edaralarda iş läp, köwüş baryny tozduranymy, ömrümde, gör, näçe emeldary görenimi bir bilsediň. Seniň bir derdiň-ä bar. Hawa! Emma bu biziň işimiz däl. Ýöne bir zat ýazanyňda, barmaklaryňa syýa degirmejek bol, ýogsa ol okuwçylara gülkünç görner. Ýeri, bolýa, sen ýaz, menem galan ýerini ýuwup dynaýyn.

***

Hajy kalfany ugradyp, men ýene stoluň başyna geçdim, ýöne ýazyp bilmedim. Gojanyň sözleri böwrüme diň salmaga mejbur etdi.

Hajy kalfa mamla. Eger men uly adam, üstesinede, bu gün-erte okuwçy okatmaly mugallym bolsam, onda men özüme esewan bolmaly, çagalyk gylyklarymdan nam-nyşan goýmaly däl. Dogrudan hem, barmaklardaky syýa yzlary nämeden habar berýär?! Hajy kalfa hiç zat diýmese-de, dodaklara degen syýa näme diýjek?! Gündeligimi ýazmaga oturýan welin, aýratyn-da, gijeler, mekdepde okan günlerim ýygyýygydan ýadyma düşýär. Onsoň gaýdyp duşuşmajak adamlarym daşymy gallap alýar.

Eýsem, bularyň bary syýa tegmilleri bilen baglanyşykly dälmi näme? Hajy kalfanyň: «Sen kapasadaky guş ýaly, bu otagda ýeke otyrsyň» diýen sözleri hem hiç ýatdan çykanok. Eýsem, kapasalaryň baryndan gutulan halyma men ýene-de birine bendilige düşen guş ýaly bolup görünýärmikäm? Elbetde, beýle däldir. Meniň üçin «guş» diýen sözüň aýratyn manysy bar.

Meniň üçin guş, ilki bilen, gyrlan ganatlary germek, ýumlan çüňküni açmak isleýän Çalyguşydyr. Eger Hajy kalfa meniň bilen ýene-de öňki äheňde gürleşjek bolsa, aramyz bozular öýdüp çekinýän.

Dogrymy aýtsam, gündeligimiň sahypalaryny her gün dolduryp durmaga men bar güýjümi sarp etmeli bolýaryn, geçmişe, yzda galan ýigrenji dünýä dolanmak, gör, nähili agyr eken!

***

Nätanyş zenan bilen gürrüňdeşlikden gaýdyp gelýärkäm, ýatdan çykmajak şol gije dälizde maňa daýzam duş geldi. Garaňky çüňkde gizlenip ýetişmänkäm, daýzam meni gördi.

— Bu kimdir? Wiý, Feride, senmisiň? Näme üçin gizlenýäň? — diýip gygyrdy.

Men onuň öňünde sesimi çykarman durdum. Garaňkylykda biz bir-birimiziň ýüzümizi saýgaryp bilemizokdyk.

— Sen näme üçin baga çykaňok?

Men dymyp durdum.

— Ýene garagolluk etdiňmi? Göze görünmeýän bir el bogjak bolup, bogazymy gysyp ugran ýaly boldy.

— Daýza... — diýdim.

Wah, şol wagt daýzam maňa bir süýji söz aýdyp, adaty edişi ýaly, dulugymdan sypalan bolsa, gözýaş edip, onuň gujagyna özümi atardym we bar zady oňa gürrüň bererdim.

Emma daýzam hiç zada düşünmeýärdi. Ol:

— Indi näme derdiň bar, Feride! — diýip, menden sorady.

Her gezek oňa haýyş bilen ýüz tutanymda ol, adatça, meniň bilen şeýle gürleşýärdi. Şonda ol beýle diýmek bilen, maňa «Munuň soňy bolmazmy?» diýmekçi bolýan ýaly görünýärdi. Men:

— Ýok, bolan zat ýok, daýza. Gel, men sizi ogşaýyn — diýdim.

Näme diýseňem, daýzam meniň üçin eje ornundady, şonuň üçin hem ony ogşamazdan, hoşlaşyp, aýrylyşyp biljek däldim. Men jogaba garaşyp durman, garaňkylykda ellerine ýapyşdym-da, iki ýaňagyndan, gözlerinden ogşadym.

***

Otagymda ähli zat agdar-düňderdi. Oturgyjyň üstünde eşiklerim çaşyp ýatyrdy. Açyk şkafyň tahyllarynda içki geýimlerim asylgydy. Beýle dogumly işe baş goşan gyz, harsal okuwçy ýaly, otagy bu ýagdaýda goýmaly däldi. Emma nätjek? Men howlugypdym.

Äpişgedäki ýşygy biri görüp, geläýmesin diýip, çyrany ýakamokdym. Garaňkyň içinde Kamrana birnäçe hoşlaşyk sözlerini çyrşaşdyrdym, şkafdan daşyna gyzyl bagjyk oralan diplomymy, ýadygärlik hökmünde gowy görýän ownuk-uşak zatlary, ejemden galan ýüzügi we ysyrgalary alyp, mekdep eltorbajygyma saldym.

Belki, keseki öýden gidýän ýetimler hem şeýdýändirler. Bu hakda içimi gepledip, ajymtyk ýylgyrdym.

Niräk gitsemkäm? Bu diňe köçä çykamda ýadyma düşdi. Onsoňam men nirä gidibiljek? Gündiz bolan bolsa gowy bordy. Kellämde düşnüksiz pikirler döräp ugrady. Esasy zat — nädibem bolsa şu

gijäni geçirmekdi. Ýöne gijäniň bimahal çagy nirä barjak? Hemme zady ölçerip bişirenligime garamazdan, daşarda eltorbaly ertire çenli ýeke gezip biljek däldim! Biraz wagtdan öýde ber-başagaýlyk başlar. Masgaraçylykdan çekinip, polisiýa hiç zat aýtmazlyklary hem mümkin, ýöne gözleg welin, hökman başlanjakdy. Otly, paýtun, gämi bilen gitmek hatarlydy. Bu ýagdaýda yzymy çalt çalyp biljekdiler. Her niçik hem bolsa, özbaşdak ýaşamagy ýüregine düwen adamy hiç zat ýigrenen öýüne dolanmaga mejbur edip biljek däldi. Ýöne hossarlarym meniň hyýalymy çaga oýny, kakabaş gyzyň hötjetligi saýyp, meni-de, özlerini-de nähak azara goýjakdylar.

Men ertir daýzama ýazjak hatymyň olary gözlegi bes etmäge we gaýdyp hiç haçan adymy tutmazlyga mejbur etjekdigini bilýärdim.

Ilki bilen golaýda ýaşaýan joralarym barada oýlandym. Elbetde, olar meni gowy kabul edip biljekdiler. Ýöne eden işim olara düşnüksiz, hatda gelşiksiz görünjekdi. Meni, iň bolmanda, bir gije myhman alyp, ryswa bolmakdan olaryň gorkmagy mümkindi. Üstesine, men beýle duýdansyz gelmegimiň sebäbini düşündirmeli hem boljakdym. Ýok, kesekilere hasabat berip, olaryň takallaryny diňläp biljek däldim. Meniň, ilkinji nobatda, ýatlan tanyşlarymy garyndaşlarym-da tanaýardy. Olar meni, öňi bilen, şolardan gözlejekdiler. Joralarymyň ata-eneleri hem meniň garyndaşlaryma ýalan sözläp biljek däldi, baranlara: «Ol bize gelenok» diýip biljek däldiler.

Demir ýol menziline barýan şaýoldan gitmek hem hatarlydy, şonuň üçin men Içerenköý köçejigine sowuldym. Daşary gözedürtme garaňkydy. Maňa aljyraňňylyk aralaşyp, gorkup başladym. Onýança, Balkan ýarym adasyndan göçüp gelen köne tanşym ýadyma düşdi, ol sekiz-on ýyl mundan ozal meniň daşky garyndaşlarymda eneke bolup işläpdi. Ol Sahraýijeditde ýaşaýardy we ýygy-ýygydan öýümize gelýärdi.

Geçen ýyl uzaga çeken agşam gezelenjinden gaýdyp gelýärkäk, biz olara sowlupdyk we onuň bagynda ýarym sagatlap diýen ýaly dynç alypdyk. Olar meni gowy görýärdiler. Men hemişe olara käbir köne-küşül zatlary peşgeş berýärdim. Ähtimal, gijäni olaryň öýünde geçirip bilerdim. Meniň olarda bolýanym hiç kimiň kellesine geljek däldi.

Köçeden araba geçip barýardy. Ony saklajak boldum, emma ony juda gorkuly saýyp, pikirimi üýtgetdim, üstesine, oňa berer ýaly ýanymda ownuk pulum hem ýokdy. Islesem-islemesem, pyýada gitmeli boldum. Garaňkynyň içinde bir kölegä gözüm ilende ýa aýak sesini eşidenimde galpyldap başlaýardym we duran ýerimde doňup galýardym. Şäheriň çetindäki adam-garasyz köçede gije ýeke gezip ýören zenany gören her bir adamyň göwnüne güman gitmegi mümkindi. Bagtyma, maňa hiç kim duşmady. Diňe bir bagyň ýanynda birnäçe serhoş adam maňa tarap ýöräp gelýärdi we bogazlaryna sygdygyndan aýdyma gygyrýardylar, ýöne hemmesi gülala-güllük bolup sowuldy, bagyň pessejik aýmançasyndan ätläp geçdim, ol adamlar duşumdan geçip gidýänçä şol ýerde gizlendim. Bagtyma, bagda it ýokdy, ýogsa halym harap boljakdy.

Sahraýijedit köçesine ýetenimde, men sakça gabat geldim. Ol ýadaw halda taýagyny ýerden süýräp barýardy. Bu ýerde-de meňki şowlady, ol meni görmän, garaňky köçä tarap sowuldy.

Meni gören eneke we onuň garry adamsy diýseň haýran galdylar. Men olara ýolda toslap tapan başdangeçirmämi gürrüň berdim.

— Biz ejemiň erkek dogany — daýym bilen Stambuldan gaýdyp gelýärdik, emma şu golaýda paýtunyň tigiri döwüldi. Wagt giç bolansoň, başga bir paýtun tapmadyk, yzymyza pyýadalap gaýtmaly bolduk. Uzakdan görsek, siziň äpişgäňizde yşyk ýanyp dur. Daýym: «Bar, Feride. Olar saňa ýat adamlar däl. Gije enekäňkide bol, men bolsam şu golaýda ýaşaýan ýoldaşymyň öýüne baraýyn» diýdi.

Meniň gürrüňim onçakly ynandyryjy däldi. Şonuň üçin bu sada adamlar oňa idili ynanmadylar, emma «hanymy» bir gije myhman almak olar üçin uly mertebedi, onsoň olar sorag berip ýürege-de düşmediler.

Ertesi ir bilen eneke görgüliniň meniň üçin taýýarlan, hoşboý ysly atyr dökülen päkizeje düşegi boşap galdy. Eger ol bir bolgusyz zady güman edenem bolsa, indi giçdi, guş uçup gidipdi.

***

Şol gije men çyrany söndürip, garaňka ýüzümi tutup, takyk meýilnama taýýarladym, onda daşyna gyzyl bagjyk oralan diploma uly ähmiýet berildi. Şol güne çenli ol şkafda ýatyp, saralyp gitmeli bolar diýip oýlanýardym, emma indi bar umydym, arzuw-islegim şol kagyzjyga bagly boldy oturyberdi, aýtmaklaryna görä, bu diplom diýseň gowy kabul edilýär ekeni. Ine, şol diplom bilen men Anadoly welaýatlarynyň birinde mugallymçylyk edip hem-de bütin ömrümi çagalaryň arasynda şadyýan we bagtyýar geçirip biljekdim.

Stambuldan çykýançam, Eýýupsoltanda ýaşaýan, ejem pahyryň enekesi bolan garry çerkes zenany Gülmisal kalfanyň öýünde gizlenmegi ýüregime düwdüm. Ejem durmuşa çykanda ony-da eýýubly bir garry garawulbaşa berip, öýli-işikli edipdirler.

Ol ejemi gaty gowy görerdi, emma daýzalarym bilen arasy ýokdy. Enem aýatda dirikä, Gülmisal käte öýümize gelip, maňa diňe Eýýupsoltanda satylýan dürli reňkli, her hili oýunjaklar getirerdi. Ýöne enem ýogalandan soň, eneke bize gelmesini goýdy, daýzalarym bolsa ony şobada ýatdan çykardylar. Sebäbini bilmedim welin, olaryň arasynda bir gep bolan bolara çemeli.

Gepiň keltesi, meniň üçin bütin Stambulda Gülmisal kalfanyň öýi ýaly ygtybarly ýer ýokdy.

Daýzam meniň ýazan hatymy aldygy aglamakdan başga çäre tapyp biljek däldi. Bu dagy hiç! Ýöne nälet siňmiş ogly barada aýdylanda bolsa, ol nirededigimi biläýende-de gözüme görünmäge wyždany çatmazmyka diýýärin.

Säher bilen Gülmisalyň öýüne bardym. Howlynyň gapysy açykdy, öý eýesi jaýyň sekisini ýuwup ýören ekeni. Onuň hyna urlan saçlary ýaglygynyň aşagyndan çykyp durdy, ýalaňaç aýaklary hammamda geýilýän şypbyklydy.

Men hiç zat diýmän gapynyň öňünde aýak çekdimde, ony synlamaga başladym. Ýüzüm çadyra bilen örtülgi bolany üçin, Gülmisal meni tanamady.

Gülmisal kalfa mawumtyl gözlerini petredip:

— Hanym, size näme gerek? — diýip sorady. Bir-iki gezek ýuwdunyp duranymdan soň:

— Eý, enekäm, sen meni tanaňokmy? — diýdim.

Meniň sesime Gülmisal allaniçiksi bolup gitdi, yzayza tesip, birdenem:

— Eý, hökmi güýçli Allam!.. Eý, hökmi güýçli Allam! Hanym, ýüzüňi açawer! — diýip gygyrdy.

Men eltorbajygymy howlynyň öl daşynyň üstünde goýup, ýüzümdäki perdäni galdyrdym. Gülmisal gyryk sesi bilen:

— Güzidäm, Güzidäm gelipdir! Wah, meniň köşejigim — diýip gygyrdy-da, ylgap gelip, ysgynsyz elleri bilen bagryna basdy. Onuň gözünden boýur-boýur ýaş akdy.

— Wah, balam! Wah, çagam! — diýip, ol horkuldap aglady.

Men onuň sebäbine düşünýärdim. Aýtmaklaryna görä, ulaldygymça, men ejem pahyra has meňzeýän bolara çemeli.

Onuň köne joralarynyň biri:

— Men Feridäni aglaman diňläp bilmeýärin. Onuň sesi-de, ýüzi-de edil ýigrimi ýaşly Güzidäniňki — diýerdi.

Gülmisalyň hapa bolýany, ine, şunuň üçindi. Şu duşuşyga çenli men hiç haçan zenan maşgalanyň gözýaşynyň şeýle ýakymly bolýanlygyny oýuma-küýüme getiremokdym.

Ejem çala ýadyma düşýär. Onuň hakydamda galan keşbi, megerem, reňkleri solşan, sudury ýitişen, tot-tozan siňen köne surat — bireýýäm ýatdan çykarylan otagda asylgy duran surat ýalydy. Şol güne çenli bu keşp mende ne hasrat, ne-de şatlyk döretdi. Ýöne görgüli, garry Gülmisal kalfa «Güzidäm!» diýip gygyranda, men düşnüksiz bir hala düşdüm: birden ejemiň keşbi göz öňüme gelip, ýüregim gyýlyp gitdi, şondan soň: «Eje, eje jan!» diýip, ulilim bilen aglamaga durdum.

Betbagt çerkes aýaly öz derdini unudyp, meni köşeşdirmäge durdy.

Aglap durşuma:

— Gülmisal, aýtsana, men ejeme gaty meňzeýänmi? — diýip soradym.

— Gyzym, gaty meňzeýäň! Saňa gözüm düşenden, tas däliräpdim. Göwnüme, sen maňa Güzide bolup göründiň. Allam ömrüňi uzak etsin!

Birsalymdan Gülmisal ýarym-ýaş bolup, äpişgesine daş düşelen howlujyga çykýan otagda edil çaga ýaly meniň geýimlerimi çykaryşdyrdy.

Onuň äpişgelerine ýuka mata tutulan kiçijik otagynda ilkinji sagatlaryň şatlygyny hiç haçan ýadymdan çykarmaryn. Gülmisal geýimlerimi çykardy-da, üstüne mata örtülen ýatalga geçirip ýatyrdy, kellämi dyzyna goýup ýüz-gözümi, saçlarymy sypalap, ejem hakda gürrüň bermäge başlady. Gülmisal maňa gök başatgyja dolanan bäbegi — ejemi ilkinji gezek eline alan minutyndan başlap, tä aýra düşmeli bolan gününe çenli bolup geçen ähli zady ýekän-ýekän gürrüň berdi.

Soň menem gürrüň bermeli boldum, başyma düşen ähli hasratymy Gülmisala aýtdym. Ol ilki gürrüňimi çaga ertekisini diňleýän ýaly, gülümsiräp diňledi, diňe käte bir: «Wah, çagam!» diýip, uludan dem alýardy. Ýöne öten gije başymdan geçen wakalara we gaçyşyma ýetenimde, şeýle hem indi hiç haçan köşge gaýdyp barmajagymy aýdanymda, Gülmisal örän tolgundy.

— Feride, sen çagalyk edipsiň... Kamran beý ýazgarylmaly adam, ýöne ol toba edip, gaýdyp beýle işlere baş goşmazdy...

Öz nägileligimiň ýerliklidigini oňa nähili düşündirsemkäm? Men ahyrsoňy:

— Gülmisal kalfa, mähriban Gülmisal enem, sen meni pälimden dändirjek bolma, gury sözüňi zaýalarsyň. Seniň öýüňde birki gün bolsam, soň ýat illere gidip, öz elim bilen eklenerin — diýdim.

Garry çerkesiň owalary ýaşdan doldy. Ol ellerimi sypalap, olary yzly-yzyna ogşady, ýaňagymdan gysyp:

— Heý, men bu ellere dözerinmi? — diýdi. Men garry Gülmisaly dyzyma alyp, yralap ugradym, ýygyrt basan ýaňaklaryny sypap başladym...

— Entek bu ellere uly howp abananok. Olar näme eder? Diňe bezzatlyk eden çagalaryň gulajygyny çeker.

Men Anadolydaky geljekki durmuşymy, o ýerde nädip mugallymçylyk etjegim baradaky söhbetimi şeýlebir şadyýan, şeýlebir gyzykly beýan etdim welin, göçgünliligim Gülmisal kalfa hem geçdi. Ol diwardaky tagçadan ýaşyl bukjajyga salnan kiçijik Gurhany çykaryp, özüniň meni hiç kime bermejegine, eger-de biri gözläp gelse, hiç zat tapman boş gitjekdigine kasam içdi.

Şol gün biz Gülmisal ikimiz tä giç agşama çenli öý işlerine gümra bolduk. Öňler men hemişe taýýar aşyň eýesidim. Kemteresinden, ýumurtga hem bişirinip görmändim. Indi hemme zat üýtgemelidi. Eýsem, men hyzmatkär ýa aşpez saklap bilerinmi? Häzir ýanymda Gülmisal barka, ondan öý işlerini, nahar bişirmegi, gap-çanak, kir ýuwmagy, boýun almak aýybam bolsa, jorap çatmagy öwrenmelidim.

Köwşümi, jorabymy çykaryp, şobada işe girişdim. Gülmisal kalfanyň galmagalyna bakman, guýudan birnäçe setil suw çekdim we otagyň tagtadüşeklerini ýuwdum, dogrusy, suwa basdyryp çykdym. Soňra Gülmisal ikimiz guýynyň başynda oturyp, gök önümleri arassaladyk.

«Gök arassalamak» dilde aňsat eken. Asla ol örän inçe iş eken. Ýeralmany arassalaýşyma gözi düşen Gülmisal:

— Gyzym, sen gabygy bilen olaryň ýarysyny aýyrýaň — diýip gygyrdy. Onuň ýüzüne geňirgenip seretdim.

— Dogry aýdýaň, kalfa. Aýdanyň gowy boldy. Bolmasa, ömrümiň ahyryna çenli der döküp satyn alan ýeralmamyň ýaryny reýgan etjek ekenim. Kisämden Gülmisal kalfadan öwrenen zatlarymy ýazmakçy bolýan kiçijik depderçämi çykardym. Garry çerkes aýalyna sorag baryny ýagdyryp ugradym:

— Eneke, ýeralmanyň birini näçe kuruşa berýärler?

— Ýeralmanyň gabyklaryny näçe santimetr galyňlykda artmaly?

—Tagtadüşegi ýuwmak üçin näçe setil suw gerek?

Soraglaryma jogap bermegiň deregine Gülmisal gözüni ýaşardyp, hezil edip güldi. Sowatsyz çerkes zenanyna okatmagyň täze usullaryny nädip öwretsemkäm!

Öý işleri meni gitdikçe gyzyklandyrdy. Agşamdan bäri duýýan agyrylarymyň kiparlap barýanlygyna begendim.

Gazany oda goýup, biz aşhanadaky arassa boýranyň üstüne geçdik.

— Wah, gadyrly Gülmisal, meniň gitjek ýerimiň nähili gowudygyny bir bilsediler! Arabystan çala ýadyma düşýär. Elbetde, Anadoly ondan ençeme esse gözeldir. Aýtmaklaryna görä, anadolylylar bize meňzemeýärmişler. Ýoksul bolsalar-da, göwünleri açykmyş, onda-da, gör, nähili açykmyş!.. Olaryň hiç biri edilen etmiş üçin diňe bir garyndaş ýetim çagany däl, eýsem, duşmanlaryny hem günertlemäge milt etmeýärlermiş. Ol ýerde kiçijik mekdebim bolar. Ony boýdan-başa güllere bezärin. Mekdepde köp-köp çaga bolar. Olara adymy «gyz dogan» diýip tutduraryn. Ýoksul çagalara öz elim bilen gara öňlük tikip bererin. Sen «haýsy eliň bilen?» diýip sorarsyň. Gülen bolma. Men tikinem öwrenerin. Gülmisal kä güldi, käte bolsa içini çekip, gaşlaryny bürüşdirdi.

— Feride, balam, sen ters ýola düşýäň — diýip, ol birden zeýrendi.

— Kimiň ters ýola düşýänini entek görübiris...

Öý işlerini tamamlap, daýzama hemleli hat ýazdym. Ynha, ondan bir parça.

«... Daýza, men seniň bilen aç-açan gürleşmekçi. Kamran maňa hiç haçan gaty-gaýrym söz diýmedi. Ol ugursyz, ynsapsyz, biderek adam, hemişe-de gedem, biperwaý, lälik hem gopbam, doňýürek, ejem ogly saýýan. Onuň sypatlaryny ýene-de sanaýynmy? Ony hiç haçan sulhum almaýardy. Men ony söýmeýärdim we oňa hiç haçan hiç hili mähir bolmandy. Sen beýle bolsa, meniň oňa durmuşa çykmaga nähili razylyk berenligimi sorarsyň? Ýöne Çalyguşynyň samsyjak guşdugyny uly il bilýär ahyryn. Ine, menem şeýle samsyklyk edipdirin, ýöne wagtynda akylyma aýlandym.

Ogluňyz barada beýle erbet pikir edýän gyzyň bagtyýar maşgalaňyza nähili elhenç betbagtlyk getirip biljekdigine hemmäňiziň düşünmegiňiz gerek. Ynha, şu gün ahyrsoňy sizden aýrylyşyp, ähli gatnaşyklary kesip, şol betbagtlygyň öňüni aldym we şeýtmek bilen, telim ýyllap siziň öýüňizde gören ýagşylyklaryma azda-kände ýagşylyk bilen jogap berendirin öýdýärin.

Bu sözlerden soň, siz, hatda adymy tutmakdan çekinersiňiz diýip umyt edýärin. Siz ýene bir zady bilip goýuň: bu agza alynmasyz sözleri utanman, çekinmän ýazýan gadyrbilmez, bitertip gyz, eger yzarlap tapaýsalar, geýim ýuwýan aýal kimin ýaka tutuşmaga-da taýýardyr. Şonuň üçin, iň gowusy, ähli zady, hatda biri-birimiziň adymyzy hem ýatdan çykaralyň. Çalyguşyny, ejesi ýaly, öldi hasap ediň. Isleseňiz, bir-iki katra gözýaş döken boluň, nätseňiz özüňiz bilýärsiňiz. Ýöne maňa hiç haçan kömek berjek bolmaň. Ony ýigrenç bilen ret ederin. Men ýigrimi ýaşadym. Indi men özbaşdak adam. Ýüregimiň küýseýşi ýaly ýaşajak...»

Bu bihaýa hat ýadyma düşende hemişe utanmaly, hemişe aglamaly bolaryn. Ýöne hat hökman ýazylmalydy, şeýdilmelidi. Bolmasa, daýzamyň özümi gözlemegine, hatda yzarlamagyna hem päsgel berip biljek däldim. Goý, ol gaharlansyn, gatyrgansyn, ýöne nähak ezýet çekmesin.

***

Ertesi haty aragatnaşyk bölümine elin tabşyryp, bilim ministrligine ugradym. Meniň egnimde garry Gülmisalyň giň örtügi, ýüzümde galyň çadrasy bardy. Men şeýle geýinmäge mejbur bolupdym: birinjiden-ä, köçede tanalaryn öýdüp gorkýardym, ikinjidenem, Bilim ministrliginde ýüzüni açyp gezýän mugallymlary onçakly ygtybarly hasap etmeýärlermiş diýip eşitdim.

Ministrlige barýarkam, batyrgaý we şadyýandym. Göwnüme bolmasa, meseläm aňsatja çözüläýjek ýalydy, işgärleriň biri meni ministriň ýanyna elter, ol hem diplomymy gören dessine: «Bolubilýär, gyzym! Biz edil sen ýaly gyza garaşýardyk» diýer we şobada meni Anadolynyň iň bag-bakjaly ýerine iberer öýdýärdim. Emma ministrligiň bosagasyndan ätlänimden keýpim gaçyp, meni tolgunmadyr gorky gurşap aldy.

Egrem-bugram dälizler, birinji gatdan başlap, jaýyň üçegine çenli uzalyp gidýän üznüksiz basgançaklar we dumly-duşdaky märeke. Ähli soraglar bogazyma tegek bolup, diňe aljyraňňy ýagdaýda töweregime garanjaklaýardym.

Beýik gapynyň sag tarapynda «Ministrligiň diwanhanasy» diýen ýazga gözüm düşdi. Elbetde, ministriň iş otagy şol ýerde bolmalydy. Gapynyň öňünde, deşiklerinden ýaýjyklary çykyp duran köne kürsüde köýneginiň ýeňi altyn jähekli bezemen gullukçy otyrdy. Onuň gopbamsy keşbi gelip-gidýänlere bu ministriň hut özüdir diýdirýärdi.

Emaý basyp, onuň ýanyna ýaýdanybrak bardym-da:

— Men ministri görmekçi — diýdim.

Işgär barmaklaryna tüýkürip, uzyn goňras murtunyň ujuny towlap goýberdi, onsoň şalaryňky ýaly gedem nazar bilen meni birlaý synlady-da:

— Onsoň ministr saňa nämä gerek boldy? — diýip sorady.

— Mugallym bolasym gelýär... — diýdim. Gullukçy murtunyň uçlarynyň nähili bolandygyny görjek bolup, dodaklaryny gyşartdy:

— Beýle işler bilen ministri biynjalyk edilmeýär. Bar, işgärler bölüminde iş kagyzlaryňy hasaba goý — diýdi. «Işgärler bölüminde iş kagyzlary hasaba goýmagyň» nämedigini soradym, emma gullukçy jogap bermelidirem öýtmedi-de, gedemlik bilen ýüzüni sowdy. Oňa çadyranyň aşagyndan dilimi görkezdim-de: «Eger hyzmatkäri şu bolsa, hojaýyny dagy näteňetkä?» diýip içimi gepletdim. Basgançagyň gözenekli ugrunda on töweregi setil durdy. Olaryň üstünde bagymyzdaky hiňňildikleriň üstüne atylan tagtalara meňzeş uzyn agaç ýatyrdy. Bu ýerde, şeýdilip, täsin bir oturgyç ýasan ekenler. Oturgyjyň üstünde birtopar erkekdir aýal otyrdy. Mawy gözli gartaşan bir aýal ünsümi çekdi, onuň başyna gara ýüň örtük atylgydy, ol hem alkymynyň aşagynda iňňebagjyk bilen berkidilgidi. Onuň ýanyna bardym-da, öz kyn ýagdaýymy gürrüň berip başladym. Ol nebsagyryjylyk bilen ýüzüme seretdi-de:

— Bu işde tejribesizligiňiz görnüp dur. Näme, ministrlikde tanşyňyz ýokmudy? — diýdi.

— Ýok... Belki, bolsa-da bardyr, ýöne men bilemok. Ýogsa-da o nämä gerek? Edýän gürrüňine görä, mawy gözli bu mugallym tejribeli aýal bolara çemeli.

— Gyzym, muňa siz gijräk düşünersiňiz — diýip gülümsiredi.

— Ýörüň, sizi başlangyç bilim bölümine elteýin. Soň bolsa siz jenap baş müdiri görjek boluň. Başlangyç bilim bölüminiň müdiri gara sakgally, gür gaşly, kellesi uly, garaýagyz adam ekeni: ýüzi bolsa durşy bilen mamadişändi. Iş otagyna girenimde ol öz hat ýazýan stolunyň öňünde duran iki sany ýaş gelin bilen gürleşip oturan eken. Olaryň biri ellerini titredip ýantorbasyndan ýygyrt-ýygyrt bolan kagyzlary çykaryp, ýekän-ýekän stoluň üstünde goýuşdyrdy. Müdir kagyzlary eline alyp, olary göwünli-göwünsiz öwrüşdirdi, gollarydyr we möhürleri içgin synlady-da:

— Baryň, diwanhanada adyňyzy bellesinler — diýdi.

Aýallar hoşal bolup baş atyşyp, yza tesdiler.

— Hanym, size näme gerek?

Bu sowal maňa berlipdi. Sakyna-sakyna arzymy aýtmaga başladym. Müdir birden sözümi böldi:

— Mugallymçylyk edesiňiz gelýä-dä, şeýle dälmi? — diýip, ol hemleli sorady.

— Towakgahatyňyz barmy? Öňküden hem beter aljyradym.

— Ýagny siz şahadatnamaňyz barmy diýjek bolýaňyzmy?

Müdir dodaklaryny gyşardyp, ýigrenç bilen gülümsiredi-de, burçda oturan hortaň bir kişä baş atdy.

— Ýagdaýy görýärsiňiz ahyryn? Adam nädip däliremesin? Bular towakgahaty bilen diplomyň tapawudyny hem bilenoklar! Onsoň ýene mugallymçylyk wezipesini dileýärler. Soňam hondan bärsi bolşup, aýlygy az, iberilen ýer daş... diýip hüňürdäp ugraýarlar...

Jaýyň petigi yranyp giden ýaly boldy. Näme diýjegimi bilmän, daşyma garanjakladym.

— Indi nämä garaşýarsyňyz? — diýip, müdir öňküsinden-de gaharly sorady.

— Baryň. Bilmeýän bolsaňyz, bilýänden soraň... Haýyşnama ýazmaly.

Aljyraňlylykda bir ýere ýykylaýmäbilsedim diýip içimi gepledip, çykalga tarap ugradym. Onýança hortaň adam gürrüňe goşuldy.

— Baý, ependi hezretleri, rugsat berseňiz, men bir zat aýdaýyn. Hanym, men size ak ýürekden bir nesihat bereýin...

Eý, Alla, ol ýene, gör, nämeleri samrady? Hamala, meniň ýaly zenanlar mugallymçylyga däl-de, sungata jan etmelimişler, onsoňam ol meniň mugallym bolup biljegime diýseň şübhelenýärmiş, sebäbi «beý ependiniň aýdyşy ýaly», men «towakgahaty bilen diplomyň tapawudyny hem bilmeýärmişim», ýöne beýleki tarapdan, men yhlas etsem, gowy tikinçi bolaýmagym ahmalmyş, şeýdibem, özüme ölmezödi gazanyp biljekmişim.

***

Basgançakdan aşak düşüp gelýärkäm, gözüm garaňkyrap gitdi. Onýança, biri goltugymdan ýapyşdy, oslagsyz bu ýagdaýa tas gygyrypdym.

— Ýeri, gyzym, halyň niçik? Ol mawy gözli şol garry mugallym aýal ekeni. Aglamajak bolup, dişimi berk gysdym. Gahardyr gazap demligimi daraldýardy. Oňa bölüm müdiri bilen bolan gürrüňi aýtdym, ol mylaýym ýylgyryp:

— Ministrlikde tanşyň ýokmy diýip, men şonuň üçin soradym-da. Ýöne hapa bolma. Belki, çäresi tapylar. Ýör, seni bir tanşymyň ýanyna elteýin, ol bölüm müdiri bolup işleýär, özem gowy adam, Taňrym oňa uzak ömür bersin! — diýdi.

Biz ýene-de basgançakdan ýokary galdyk. Ahyrsoňy garry mugallyma meni uly diwanhanadan arasy tuty bilen bölünen çaklaňja otaga alyp bardy.

Megerem, bu gün meniňki ugruna bolmady. Bu ýerde gören zatlarym umyt baglar ýaly däldi. Örän geň — ýarysy gara, ýarysy çal — sakgally jenap öňünde gaýyş kimin galpyldap duran garry hyzmatkär aýalyň üstüne düwläp, aýaklaryny tarpyldadýardy, ellerini kelemenledýärdi. Onuň haly meniň bir minut ozal düşen ýagdaýyma meňzeşdi.

Ol jenap öňünde duran bulgury alyp, içindäki kofäni, ýuwundy ýaly äpişgeden serpip goýberdi-de, hyzmatkär zenany itekläp gapydan çykardy. Men täze tanşymyň ýeňinden çekip:

— Gowusy, gidäýeli — diýdim.

Emma eýýäm giçdi. Müdir bizi görüpdi.

— Salam, Naime mugallyma!

Gazaba münen adamyň beýle çalt ýumşaýşyna ömrümde ilkinji gezek duşýardym. Emeldarlaryň gylygynyň geňligini diýsene.

Mawy gözli mugallym zenan men hakda oňa gysgajyk gürrüň berdi. Bölüm müdir mähirli ýylgyryp:

— Gaty gowy, gyzym, gaty gowy. Geç, otur — diýdi.

Bu guzy kimin ümsüm adamyň ýap-ýaňyja köçä kofe serpip goýberendigine, garry hyzmatkäri gapydan çykaryp kowandygyna, tut agajy ýaly edip, onuň çiginlerinden silkeländigine ynanar dagy eder ýaly däl.

— Hany, gyzym, ýüzüňi aç, göreýin. O-how! Sen entek juda ýaş-la? Näçe ýaşyňda?

— Ýigrimimi dolduryp gelýän.

— Geň göräýmeli. Aý, ol hiç-le... Emma sen welaýata gidip bilmersiň. O ýeri örän howply.

— Näme üçin, ependim?

— Näme üçini bormy? Sebäbi belli.

Müdir ependi ýüzüme ümläp, Naime hanyma birhili yşaratlar edip gülümsiredi, emma men onuň üçin sebäbiniň düşnüklidigine akyl ýetirip bilmedim. Ahyrsoňy, ol mawy gözli mugallyma göz gypyp:

— Artyk gürläp oturybiljek däl. Naime hanym, aýal maşgala hökmünde muny sen has gowy düşündirersiň — diýdi. Soňra ol sakgalyny selkildedip, öz-özi bilen gürleşýän ýaly:

— Wah, ol ýerde nähili wagşyýana, nähili erbet adamlaryň ýaşaýandygyny bir bilsediň! — diýdi.

— Ependim, men ol erbet adamlaryň kimdigini bilmeýärin, emma siz maňa beýle adamlaryň ýok ýerini tapmaga kömek ediň-dä — diýip, sadalyga saldym.

Müdir ependi dyzyny şapbatlady-da, öňküsinden hem batly güldi.

— Bäh, bu ne beýle ajap!

Men adamy ilkinji görenimden ony sylamalymy, sylamaly dälmi — oýlanyp başlaýaryn. Ilkinji täsiriň soň tersine bolup çykýanlygy hiç hakydama gelenok. Bu adam ilkibaşdan göwnümden turup ugrady. Üstesine, onuň sakgaly-da geňdi: saga öwrülse, ýaş ýigit, sola dönse, ýaş ýigit sumat bolýar-da, ýerine şadyýan aksakgal goja peýda bolýar.

— Gyzym, sen mugallymçylyk institutyny şu ýyl gutardyňmy? — diýip, ol menden sorady.

— Ýok, beý ependi, mugallymçylyk institutynda okamadym. Mende «Dames de Sion*(Ýewreýleri katolik dine uýdurmak üçin Alduýs we Teodor Ratisbon tarapyndan 1843-nji ýylda döredilen zenanlar dini guramaçy. Gurama ähli milletler üçin ýetimler öýlerini we zenanlar mekdeplerini hem döredipdir. Bu gurama katolik dini guramalaryň biri bolup, onuň hataryna dindarlar bilen bir hatarda ýönekeý adamlaram giripdir.)*» mekdebiniň diplomy bar.

— O nähili mekdep bolýar? Men baryny jikme-jik gürrüň berip, müdire uzatdym. Görnüşi ýaly, ol fransuz dilini bilmeýärdi, emma ol syr bildirmän, resminamamy dürli tarapyndan içgin-içgin synlady.

— Gaty gowy, gaty gowy!

Naime hanym:

— Eziz beý ependi, siz adamlara ýagşylyk etmäni gowy görýärsiňiz. Bu gyzy hem boş gaýtarmaň! — diýip haýyş etdi.

Müdir ependi gaşlaryny seňriginiň üstüne eltip, sakgalyny timarlap:

— Gaty gowy, kemi ýok! — diýip seslendi.

— Ýöne bu ýeriň emeldarlary, ähtimal, bu mekdebiň diplomyndan bihabar bolsalar gerek? Soňra ol, kellesine bir pikir gelen ýaly, eliniň aýasy bilen stoly urdy-da:

— Gyzym, näme üçin sen Stambulyň orta mekdepleriniň birinde fransuz dili mugallymynyň wezipesini dilemeli dälmişiň. Muny nätmelidigini saňa öwredeýin. Sen gös-göni Stambulyň magaryf müdirligine git... — diýdi.

— Ependim, bu mümkin däl — diýip, müdiriň sözüni böldüm.

— Men Stambulda galyp biljek däl. Men hökman welaýatlaryň birine gitmeli.

Ol ör-gökden geldi:

— Senem bir zat diýýäň-ow! — diýip, müdir ependi geň galdy. — Anadola meýletin gitjek bolýan mugallymy ilkinji gezek görýärin. Stambuldan ugratjak bolup, olara näçe ýalbarmaly bolýandygymyzy sen bir bilsediň! Naime mugallym, muňa sen näme diýersiň?

Müdir ependi meniň haýyşyma ynamsyz garady. Ol sorag baryny ýagdyryp ugrady, maşgalam barada sorady. Indi ony yryp bilmen öýdüp gorkup başladym.

Ahyrsoňy, müdir ýerinden turman:

— Şahap ependi! — diýip gygyrdy.

Diwanhananyň gapysynda keselbent sypat arryk, keltejik ýaş ýigit peýda boldy.

— Şahap ependi, maňa gulak as... Sen bu gyzy öz diwanhanaňa äkit. Onuň Anadola mugallym bolup gidesi gelýär. Sen haýyşnama ýaz-da, ony maňa alyp gel.

Işim bir ýüzli boldy diýip hasap edip ugradym. Müdiriň boýnuna böküp, onuň sakgalynyň çal tarapyny ogşaberesim geldi.

Şahap ependi meni diwanhana eltip, üsti bulam-bujar stoluň başynda oturtdy-da, müdiriň tabşyran haýyşnamasyny ýazmak üçin maňa sowal üstüne sowal berip başlady. Onuň eşigi horoşajady. Ýüzi çekinjeň, hatda ýöwsel görünýärdi. Ol sowal bermek üçin maňa gözlerini göterip seredende, onuň kirpiklerem titräp gidýärdi.

Äpişgäniň öňünde iki sany gartaşan kätip käte biz tarapa äňedip, nämelerdir bir zatlar barada gürleşip durdular. Birden olaryň biri:

— Şahap, köşegim, sen bu gün gaty ýadadyň. Gel, ol haýyşnamany biz ýazyp beräýeli — diýdi.

Gürrüňe goşulman durup bilmedim. Keýpim birneme gowulanypdy. Şonuň üçinem ekezlenip:

— Bu edaranyň işgärleriniň öz dostlary barada beýle aşa alada edäýişlerini — diýdim.

Ähtimal, beýle diýmelem däldim, çünki Şahap ependi çym-gyzyl bolup, ýüzüni saldy. Belki, aýtmasyz zat diýendirin. Äpişgäniň öňünde duran kätipler kikir-kikir gülüşdiler. Olaryň diýýänlerini eşidemokdym, ýöne: «Mugallym hanym juda terbiýeli, juda ýiti bolmaly» diýen sözleri gulagyma ildi. O jenaplar näme diýjek bolýarka? Olar näme pikir etdilerkä?

Haýyşnamanyň garalamasy telim gezek müdiriň eline düşüp, telim gezek köp sanly gyzyl bellikler bilen çyzym-çyzym edilip yzyna, diwanhana gaýdyp bardy. Ahyrsoňy, ol arassa edilip göçürildi.

Müdir:

— Onda häzirlikçe sen boş gyzym. Alla ýaryň bolsun. Saňa elimden gelen kömegimi bererin — diýdi.

Mundan artyk sorap durmaga ýaýdandym, çünki müdiriň iş otagynda haýyş bilen gelen beýleki adamlar bardy. Gapydan çykamda, bu kagyz bilen nirä baryp, näme diýmelidigimi bilmän, ýaýdanyp durdum. Naime mugallymy görerin umydy bilen töweregime garanjakladym, Şahap ependä gözüm düşdi. Keltejik kätip basgançagyň ýanynda kimdir birine garaşyp durdy. Gözi gözüme düşenden, ol uýalyp ýüzüni aşak saldy. Göwnüme, ol maňa bir zat aýtjak bolýardy-da, aýtmaga çekinýärdi. Men onuň ýanynda aýak çekdim.

— Bagyşlaň, munsuz hem size uly iş boldum, ependim. Indi siz maňa bu kagyzlary nirä eltip bermelidigini hem aýdaýsaňyz?

Şahap ependi başyny ýerden galdyrman, uly bir rehim-şepagat isleýän ýaly, ysgynsyz, sandyrawyk sesi bilen şeýle diýdi:

— Arzany resmi ýerlerden geçirmek kyn iş, hemşire*(Hemşire — uýa, bajy)* hanym. Eger rugsat berseňiz, onuň bilen, goý, siziň sadyk guluňyz meşgul bolsun. Özüňiz biynjalyk bolmaň. Diňe käte bir diwanhana gelip gitseňiz bolar.

— Men haçan geleýin? — diýip soradym.

— Iki-üç günden geläýiň.

Meseläniň uzaga çekýänligini aňyp, gaýga batdym.

Bu «iki-üç» gün tutuş bir aýa çekdi. Eger Şahap ependi ymykly ugruna çykmadyk bolsa, ol entegem, Hudaý bilsin, näçe wagta çekjekdi. Goý, meniň bilen ylalaşmasalar ylalaşmasynlar, ýöne erkek kişileriň arasynda-da örän ak ýürekli, eserdeň adamlaryň bardygyny aýdaýyn. Bu ýigidiň eden ýagşylygyny nädip unudaýyn? Gapyda peýda bolan badyma, Şahap ependi maňa tarap okdurylýardy. Ol basgançaklaryň arasyndaky ýerde garaşyp durardy. Onuň kagyzlarymy alyp, ministrlikde iki tarapa ylgaýşyny görüp, utanjyma ýere girip bilmedim, onuň ýagşylygyny nädip ýerine saljagymy bilemokdym.

Bir gezek kätibiň bokurdagyna ýaglyk saralgydygyny gördüm. Ol meniň bilen gürleşende güňleç üsgürip, sesi gyryk çykdy.

— Siz ýoňladyňyzmy? — diýip soradym.

— Eýsem, beýle halda işe çykmasaňyz bolmaýarmy?

— Şu gün haýyşnamanyň jogabyny almaga geljekdigiňizi bilýärdim.

Biygtyýar ýylgyrdym: bu şo sebäplimikä? Şahap ependi gyryk sesi bilen sözüni dowam etdi:

— Elbetde, başga işler hem bar... Täze mekdebiň açylanyndan habarlysyňyz-la?..

— Belki, maňa-da hoş habar aýdarsyňyz?!

— Bilmedim. Kagyzlaryňyz baş müdirdedir. Ol gelseňiz, öz ýanyna barmagyňyzy sorady...

Baş müdir gara äýnek dakynýardy, bu bolsa onuň onsuzam çytyk ýüzüni beter tutuk görkezýärdi.

Onuň öňünde bir petde kagyz ýatyrdy. Olary ýekeýekeden alyp, gol çekýärdi-de, ýere taşlap goýberýärdi. Çal murtly kätip bolsa namaz okaýan ýaly eglipgalyp olary ýygnaýardy. Men ýaýdanjaňlyk bilen:

— Ependim, siz maňa gelsin diýipsiňiz... — diýdim.

Müdir maňa garaman, gödeklik bilen:

— Sabyr et, hanym, görmeýäňizmi näme?! — diýdi.

Çal murtly kätip gaşlaryny bürüşdirip, garaýşy bilen garaşmalydygymy düşündirjek boldy. Bir säwlik goýberenime düşündim-de, yza çekilip, tutynyň ýanynda aýak çekdim.

Kagyzlary birýüzli edensoň, baş müdir äýnegini aýyrdy-da, onuň aýnalaryny ýaglygy bilen süpürip, ahyrsoňy dil açdy:

— Haýyşnamaňyz ret edildi. Äriňiziň iş döwri otuz ýyla-da ýetenok...

— Adamymyňmy, ependim? Belki, ýalňyşlyk gidendir — diýip geňirgendim.

— Eýsem, siz Haýriýe hanym dälmi?

— Ýok. Men Feride, ependim...

— O nähili Feride? Hä-ä, ýadyma düşdi... Gynansam-da, siziň arzaňyz hem ret edildi. Mekdebiňiz ministrlik tarapyndan synalyp görülmändir. Beýle diplom bilen biz size wezipe berip biljek däl...

— Be, şeý diýseňizläň... Onda men nätmeli?

Bu bimany jümle agzymdan biygtyýar sypsa nätjek! Baş müdir äýnegini ýene-de burnunyň üstüne süýşürip, içýakgyç gürledi:

— Onçaklysynyň, gaýrat ediň-de, özüňiz aladasyny görüň. Onsuz hem işimiz özümize ýetik. Munuň daşyndan siziň hem gamyňyzy iýjek bolsak, onda dat günümize!

Bu meniň ömrümiň iň hasratly pursatlary boldy. Dogrudanam, indi nätsemkäm?

Ýagşymy, ýamanmy, ençeme ýyl yhlas bilen okadym. Goý, ýaş ekenim-dä, ýöne men uzak ülkelere, ýat ýerlere gitmäge razy ahyryn, emma meni kowýarlar. Nätsemkäm? Ýa-da daýzamyň öýüne gaýdyp baraýsammykam? Ýok, beýdenimden ölenim gowy.

Ähli umydymy ýitirip, ýene-de jadyly sakgally müdiriň ýanyna ylgadym.

Möňňürmejek bolup dişlerimi berk gysdym-da:

— Beý ependi, meniň diplomym derege ýaranok diýýärler... Indi nätsemkäm?

Dogrudanam, bar umydymy ýitireňkirläp barýardym. Eserdeň müdir ependi meniň ýagdaýyma özümden hem beter gynandy.

— Gyzym, saňa nähili kömek etsemkäm? Aýtdym ahyryn... Eýsem, seniň hatlaryňy okar durarlarmy? Adam adamdan bizar bolsa nätjek.

Onuň zeýrenji halys lapymy keç etdi.

— Beý ependi, özüme hökman bir iş tapaýmaly. Hiç kimiň gidesi gelmeýän iň alysdaky obasyna hem höwes bilen gideýin...

— Tagapyl et, gyzym, hany ýene-de bir synanyşyp göreli! — diýip, müdir, göýä, bir zat ýadyna düşen ýaly seslendi. Burçda, äpişgäniň öňünde bir uzynak jenap bize arkasyny öwrüp, gazet okap durdy. Maňa diňe onuň çalaryp ugran saçy we sakgalynyň bir çeti görünýärdi.

— Beý ependi, bir pursatlyk mümkinmidir? — diýip, müdir oňa ýüzlendi.

Eli gazetli jenap bize öwrüldi-de, assa basyp ýanymyza geldi. Müdir eli bilen meni görkezip:

— Beý ependi, siz ýagşylyk etmäni gowy görýärsiňiz... Bu gyzjagaz fransuz mekdebini tamamlapdyr. Daş keşbinden, söz urşundan asylly maşgaladan bolmaly. Diňe Taňrynyň hiç hili derde ulaşmaýandygy hem mälimdir. Bu gyz iş gözlemäge mejbur bolupdyr. Iň alysdaky oba gitmäge-de

razy. Ýöne siz biziň... tanaýarsyňyz ahyryn. Ol «ýok» diýipdir, wessalam, söz tamam. Eger siz jenap ministre bir hoşamaý söz aýdyp beräýseňiz, hemmesi düzeljek gidiberjek, gadyrdan beý ependi...

Müdir ependi jenabyň durmuş kynçylyklaryndan ýaňa wagtyndan öň ýegşeren gerdenini sypalaşdyrdy. Nätanşyň geýimi, tutuş keşbi onuň şu çaka çenli gören adamlarymyň hilinden däldiginden habar berýärdi. Müdiriň gürrüňini diňläp durşuna, biraz eglip, gowy eşitmek üçin elini gulagynyň arkasynda tutdy. Ahyrsoňy, mylaýym gyzylymtyl gözlerini maňa öwürdide, sandyrawuk sesi bilen fransuzça gürläp başlady. Ol meniň haýsy okuw jaýyny tamamlanlygymy, nähili okanlygymy, indi durmuşda näme bilen meşgullanjak bolýanymy soraşdyrdy. Jogaplarymdan onuň göwni hoş bolan borly.

Biz gürleşip durkak, müdir ependi şadyýan ýylgyryp:

— Berekella, fransuzça bilbil ýaly saýraýar. Türk gyzy munuň üçin öwgä, hatda serpaýa mynasyb-a! — diýdi.

Gülmisal kalfa hemişe «Eger bir aýyň on bäş güni garaňky bolsa, galan on bäş güni nurludyr» diýmegi gowy görerdi. Şol nätanyş bilen gürrüňdeş bolanymda (soň maňa onuň belli şahyrdygyny aýtdylar), nurly günleriň bahym meniň üçin hem başlanjakdygyny duýup ugradym. Bir aýdan bäri bozulan keýpim ýene gaýdyp geldi.

Şu wagta çenli hiç kimden eşitmedik ýakymly sözlerimiň bir toparyny aýdyp, ol goltugymdan tutdy-da, ministriň kabulhanasyna tarap alyp gitdi.

Geçelgeden ýöräp barýarka, oňa gözi düşen gullukçylar ýerli-ýerden bosuşyp çykdylar, gapylar bolsa öz-özünden açylyp gidýäne meňzedi.

Ýarym sagatdan soň, men B. atly welaýat şäheriniň merkezi ruşdiýesinde*(Ruşdiýe — Türkiýede soltanlyk döwründäki orta mekdebiň ilkinji dört synpy)* geografiýa we surat mugallymy wezipesine bellendim...

Şol agşam Eýýuba gaýdyp gelýärkä, Çalyguşy ganat baglana meňzetdi. Şu günden şeýläk ol eýýäm gazanç edibiljek özbaşdak adam. Şu günden şeýläk ol öz çöregini özi gazanýan adamdy. Indi merhemet ýa-da hemaýat eden bolup, hiç kim onuň göwnüne degmäge milt edip bilmez.

Üç günden resminamalar düzelip, ýol çykdajylary üçin almaly pulumy aldym.

Şol gün ir bilen Gülmisal meni gämä çenli ugratdy. Şahap ependi bolsa bireýýämden bäri duralgada garaşyp duran ekeni. Bu eserdeň, ýukaýürek ýigidi ömrylla ýatdan çykarman. Ol bar zadyň aladasyny edip, bir ownuk zady hem ýatdan çykarmandyr, hatda B. şäherine baranymda ýaşajak myhmanhanamyň salgysy ýazylan kagyzjygy hem elime tutdurdy. Ol özüniň ýarawsyz, entek sargysy aýrylmadyk bogazy üçin zyýanly, çygly deňiz şemalyna garamazdan, duralga bizden has ir gelen ekeni. Ýantorbamy, ýol sowgady diýip getiren çaklaňja gutusyny kaýuta onuň özi alyp gitdi. Ol bu ýerde-de meniň aladam bilen boldy, eýläk-beýläk ylgady, ýene gaýdyp geldi, kaýuta hyzmatkärine tabşyryklar berdi.

Gämi ugraýança, biziň üçümiz hem onuň gapagynda oturdyk. Ýalňyşmasam, aýrylyşyk pursady adam göwnündäki ähli zatlar barada gürleşmeli, yzyny üzmän, köp-köp gürlemeli, şeýle dälmi? Ýöne şol gün ähli zat başgaça boldy. Bir sagadyň dowamynda Gülmisal ikimiz on sözem aýtmadyk. Ol elimi öz aýasynda tutup oturyşyna öçügsi mawy gözlerini deňizden aýranokdy. Diňe gämi ugrajak bolup durka, ol birden meni bagryna basdy-da, uly ili bilen aglap:

— Şeýdip, seniň ejeňi hem ugradypdym... Edil şu ýerde... Wah, Feride!.Ýöne ol sen ýaly ýeke däldi... Alla halasa, men ýene-de saňa duşaryn... Ýene bagryma basaryn...

Ähtimal, Şahap ependiniň duranlygyna garamazdan, özümem saklanybilmän tas möňňüripdim, ýöne şol wagt gämide uly bir galagoplyk başlandy:

— Hanym, howlugyň!.. Köprüjigi aýyrýarlar!

Deňizçiler meniň Gülmisalymyň gerdeninden tutup, yzyndan itekläp, basgançakdan düşmäge kömekleşdiler. Kiçijik mürze Şahap ependi bolsa henizem gidenokdy. Men uly minnetdarlyk bildirip, oňa elimi uzatdym we onuň ýüzüniň ak esgi ýaly bolup, gözi ýaşly duranlygyny gördüm.

— Feride hanym, eýsem, siz hemişelik gidýäňizmi?

Şahap ependi ilkinji gezek ýüzüme dikanlap seredip, ilkinji gezek adymy tutýardy. Bu aýralyk pursadynda halym hernäçe agyr bolup, ýüregim gyýylsa-da, ýylgyrman saklanyp bilmedim.

— Eýsem, entegem güman edýäňizmi?

Şahap ependi hiç hili jogap bermedi, elini aýamdan aýyrdy-da, basgançakdan aşaklygyna ylgap gitdi.

***

Deňizde syýahat etmek gowy görýän zadymdy. Alty-ýedi ýaşlarymda kakamyň hyzmatçy esgeri bilen gämide syýahat edenimi heniz-henizler hem höwes bilen ýatlaýaryn. Gämi, üstündäki adamlar, hatda Hüseýin — bary ýatdan çykypdyr. Hakydamda diňe ummanyň uçsuz-gyraksyz giňişligini uçup geçen guşuň duýgusy ýaly bir zat galypdyr: çar tarapy owadan, janly, böküşip duran ýylpyldylardan doly mawy giňişlikde erkana uçmak, gör, nähili lezzetlidir.

Deňziň özüme şypaly täsir edýändigine garamazdan, gämi gapagynda oturmaga çydam edip bilmedim. Gämi Saraýburnunyň daşyndan aýlanyp ugranda, aşak, kaýutadaky ýerime geçdim. Şahap ependiniň gutusy ýantorbada ýatyrdy. Durup bilmän gutyny açdym. Ol ýerde iň gowy görýän nygmatym — içi likýorly şokoladly süýjüler bar eken. Bir süýjini alyp, agzyma eltdim welin, şobada gözümden boýur-boýur ýaş dökülip gitdi. Munuň sebäbini aňyp bilmedim. Özümi dürsejek boldum, emma gözýaş barha güýçli dyňzap bogazym doldy. Ähli zadyň günäkäri süýji ýaly, birden gutyny äpişgeden deňze zyňyp goýberdim.

Durmuşda gözýaş kimin manysyz zat ýokdur. Muňa men düşünýärdim. Emma şonda-da, häzir şu setirleri ýazyp otyrkam hem, gözýaş kirpiklerimden syrygyp, öňümdäki depdere damyp, kagyzda kiçijik tegmiller döretdi.

Belki-de, bu äpişgäniň aňyrsynda sessiz-üýnsüz jybarlap duran ýagyş zerarlydyr? Häzir Stambulda nähilikä? Ýagyş şunuň ýaly guýup durmuka? Kozýatagyndaky bag Aýyň kümüşsöw şöhlesine ýaldyrap, dumly-duşa nur saçýandyr?

Kamran men diňe seni däl, eýsem, seniň ýaşaýan ýeriňi hem ýigrenýärin.

***

Bu gün ir bilen oýansam, telim günläp yzyny üzmän ýagan ýagyş diňen ekeni, bulutlar syrygyp, diňe äpişgämden gowy görünýän daglaryň belent gerişleriniň kä ýerinde ýukajyk ümür gaýmalap ýördi.

Düýn ýatmankam, äpişgäni ýapmagy ýatdan çykaran ekenim. Säher çagynyň mymyjak şemaly düşek örtüginiň ujuny galgadyp, onsuz hem hüžžerip duran saçymy bulaşdyrýardy. Balyk teňňelerine meňzeş Gün şuglasy bäş günden bäri bolýan kiçijik myhmanhana otagymy bezäp, baýramçylyga öwürýärdi.

Başyma düşen günler aňyma beter täsir edipdi. Bir gezek gije oýansam, ýaňaklarym, gyraw düşen güýz ýapraklary ýaly, öl-myžžyk bolup dur. Ýassygym hem şeýledi. Ukudakam aglan ekenim. Indi bolsa Gün şöhleleri umyt baryny döredip, kalbymy şatlykdan, göwrämi bolsa mekdebiň ýatakhanasynda oýanýan wagtlarymdaky ýaly bahar säheriniň mylaýymlygyndan doldurýardy.

Bu günüň maňa söýünçli bir habar getirer umydy ýokdy. Indi hiç zatdan eýmenmeýärdim. Ýerimden syçrap turup, köne elýuwguçda el-ýüzümi ýuwmaga durdum.

Kellämi silkelänimde suw damjalary dumly-duşa syçraýardy, hatda aýna-da durşy bilen öl bolan eken. Megerem, şol pursat dury suwda ýüzüp ýören guşa çalym edendirin.

Gapy ýuwaşja kakyldy, Hajy kalfanyň:

— Ertiriňiz haýyrly bolsun, hojanym! Bu günem daň saz berip-bermänkä turduň öýdýän? — diýen sesi eşidildi.

— Bonžur, Hajy kalfa — diýip, şadyýan jogap berdim.

— Görşüň ýaly, ir turdum. Meniň oýananlygymy nireden bildiň? Gapynyň aňyrsyndan:

— Nireden bildiň diýýäňmi? — diýen ses geldi. — Sen guşjagaz kibi nagma kakýaň ahyryn. Indi meniň özümem guşa çeken bir ýerim bar bolaýmasyn diýip oýlanyp ugradym. — Saňa ertirlik getirmelimi?

— Bu gün ertirliksiz oňsam bolmazmyka?

— Ýok, bolmaz. Men oňa ýol bermen. Gezelenjem ýok, oýnamagam... Edil bendi ýaly bolup otyrsyň. Eger sen bularyň üstesine iýmegiňi hem goýaýsaň, garşy otagdaky goňşyňa meňzäýersiň.

Hajy kalfa soňky jümläni goňşy aýal eşidäýmesin diýip, gapynyň açar sokulýan deşigini dodaklary bilen ýapyp ýuwaşja aýtdy.

Biz Hajy kalfa bilen ysnyşypdyrys. Bu myhmanhanada bolan ilkinji säherim ýadyma düşýär. Ir bilen oýananymdan derrew geýindim, ýantorbamy alyp, bökjekläp basgançakdan aşak indim. Ak öňlükli Hajy kalfa çaklaňja howzuň başynda nargiläni*(Nargile — kalýan kysmy çilim çekilýän gural.)* arassalap duran ekeni. Maňa gözi düşenden ýüz ýyl bäri tanaýan ýaly:

— Salam, Feride hanym. Näme, beýle ir oýanypsyň-la? Men-ä sen ýol argynlygyndan soň, günortana çenli ýatarsyň öýdüpdim — diýdi.

— Heý, beýle-de bir zat bolarmy? Eýsem, öz borjuny ýerine ýetirmäge hyjuwly mygallym günortana çenli ýatyp bilermi? — diýip, şadyýan jogap berdim. Hajy kalfa nargilesini unudyp, ellerini bykynyna urdy-da.

— Be, muňa seretseňizläň! — diýip, gülmäge durdy.

— Entek özi agzyndan süýt ysy gitmedik çaga halyna mekdepde çaga okatjakmyş! Ministrlikde işe bellenemde gaýdyp garagolluk etmejegime özüme äht edipdim. Emma Hajy kalfa meniň bilen çaga bilen gürleşýän äheňde gürleşip başlady welin, men ýene-de özümi çaga duýdum, ýantorbamy top ýaly zyňypgapmaga durdum. Bolşum Hajy kalfany heýjana getirdi, ol ellerini çarpyp:

— Eýsem, men ýalan sözleýänmi? Entek seniň özüň çaga ahyryn — diýip güldi. Bir myhmanhana hyzmatçysy bilen beýle alçak gürleşmegim, belki, dogry däldir, şonda-da hezil edip güldüm, soň biz ol-bu barada arkaýyn gürleşmäge başladyk. Goja ertirlik edinmän, mekdebe gitmegime kes-kelläm garşy boldy.

— Eýsem, bu dogrumydyr?.. Agşama çenli bu bezzat çagalara gümra bolup, aç gezmek akyla sygjak zatmy?! Düşünýärmiň, hojanym? Häzir peýnir bilen süýt getirip bereýin. Üstesine-de, bu gün ilkinji iş günüň. Howlugyp oturma... — diýdi-de, ol meni howzuň gyrasynda zor bilen oturtdy. Bu wagt myhmanhananyň howlusynda hiç kim ýokdy. Hajy kalfa garşydaky dükanlaryň birinde söwda edýän kişä:

— Molla, biziň mugallymymyza Stambul kökesi bilen süýt getirip ber — diýdi-de, maňa tarap öwrülip sözüni dowam etdi:

— Mollamyzyň süýdüni diýsene! Siziň Stambul süýdüňiz onuň ýanynda nargilämdäki suwdan enaýy däldir! Hajy kalfanyň sözlerine ynansaň, Molla gyşynatomsuna sygryny armyt bilen bakýarmyş, şonuň üçinem onuň süýdünden armyt ysy gelip durmuş. Bu syry açandan soň, goja ermeni maňa göz gypyp:

— Ýöne Mollanyň özünden-de armyt ysy gelip duran ýaly — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Howzuň gyrasynda ertirlik edinýänçäm, Hajy kalfa nargilesine gümra boldy, meni şäherde edilýän tükeniksiz gep-gürrüňler bilen tanyşdyrdy. Eý, Hudaý, bu adamyň bilýän zatlaryny diýsene! Ol, aýratyn hem, bu ýerde mugallymlaryň ýaşaýyşlaryny, kimiň näçe köýneginiň barlygyna çenli bilýärdi... Ertirligimi iýip bolamdan soň, ol:

— Indi çaltrak gop. Men seni ugradaýyn. Ýogsam ýitermiň-nädermiň... — diýdi. Agyryly aýagyny keýtikledip, Hajy kalfa öňden ýöredi-de, meni merkezi ruşdiýäniň ýaşyl agaç derwezesiniň öňüne eltdi. Ol bolmadyk bolsa, men, dogrudanam, bu egrem-bugram köçelerde azaşjak ekenim.

***

Daşyndan hernäçe gözgyny görünse-de, tüýs ýürekden söýmek hyjuwy bilen gadam uran mekdebimde neneňsi betbagtçylyk bilen ýüzbe-ýüz bolanym barada jikme-jik gürrüň bermelidirin.

Garawulhanada sakçy ýok ekeni. Bagyň içi bilen barşyma eli ýantorbaly, gözenek çyzmykly örtük atynan aýala sataşdym. Onuň ýüzi iki gat çadra bilen bürelgidi. Ol çykalga tarap barýardy, ýöne meni görüp aýak çekdi-de, ýüzüme dikanlap seretdi.

— Size näme gerek, hanym?

— Müdir hanymy göräýsem diýýän.

— Hä, şeý diýseňizläň? Müdir hanym-a men bolmaly.

— Şeýlemi, hanym ependi! Men siziň täze geografiýa we surat mugallymyňyz Feride, düýn Stambuldan geldim. Müdir hanym ýüzüni açyp, meni boýdan-başa synlady-da, geň galyp:

— Bu ýerde bir ýalňyşlyk bar ýaly, gyzym. Hakykatdan-da, bizde geografiýa we surat mugallymynyň wezipesi boşdy, emma bir hepde mundan öň bize Gelibolydan bir mugallym iberipdirler. Men aljyradym.

— Beýle bolup bilmez, hanym ependi! Meni Bilim ministrliginden iberdiler. Buýrugym ýantorbamda.

Müdir hanym geň galyp tekiz maňlaýynyň ortarasyna ýetip duran gaşlaryny gerdi.

— Eý, Taňrym, eý, Taňrym! Hany, buýrugyňyzy bir göreýin! — diýip seslendi.

Müdir hanym buýrugy telim gezek okap çykdy, goýlan senesine seretdi we:

— Beýle säwlikler mahal-mahal bolýan zat. Olar özleri-de aňşyrman, bir ýere iki adamy belläpdirler. Wah, Huriýe hanym, wah — diýip, başyny ýaýkady. — Kim ol, Huriýe hanym?

— Bu şol Gelibolyly mugallym... Ol şol ýerde oňuşman, bärik geçirmeklerini haýyş edipdir. Mylaýym, pespäl aýal... Ol görgüliniňki ýene ugruna däl-dä.

— Eýsem, diňe oňky ugruna dälmi? Meniň ýagdaýym hem onuňkydan gowy däl.

— Hawa, munyňam dogry. Ýöne iň bärkisi ýagdaýy anyklaýançak, ol görgülini gynandyrmalyň. Men häzir bir iş bilen bilim bölümine barýan. Sizem gidäýiň. Göreliň, çäresi tapylmazmyka?

Bilim bölüminiň müdiri, ýognas, tagaşyksyz, äwmezek kişi gelip-gidýänler bilen gürleşende, adatça, ukuly ýaly, gözlerini ýumup gürleşerdi. Onuň gürrüňi ýap-ýaňy ukudan oýadylan adamyňky ýaly, üzlem-saplamdy, başly-baratdy. Ol bizi biparh diňländen soň, dişleriniň arasyndan syzdyryp, ýuwaşja gürläp başlady:

— Men nädeýin?.. Olaryň diýeni bolupdyr. Stambula ýazmak gerek. Göreliň, näme jogap bererler. Onýança, gürrüňe bölümiň kätibi, äpet bir pyýada goşuldy, ol gursakça geýensoň, ýük çekýän arabaça meňzeýärdi.

— Bu hanym ependiniň wezipä bellenýänliginiň senesi has giçki. Şonuň üçinem muňa esaslanyp, ony has kabul ederlikli, has kanuny hasap etmeli. Müdir ukynyň öň ýanynda bir zat oýlanýan ýaly bolup içini gepletdi-de:

— Elbetde, munyň dogry, ýöne bizde, barybir, ozalky mugallymy işden aýyrmak barada buýruk ýok... Ministrlikden sorap görmeli. On gün töwereklerinden hem jogap geler. Siz, müdir hanym, jogap gelýänçä, gaýrat edip garaşyň.

Men ýene-de gözenek çyzmykly çarşaf bürelen müdir hanymyň yzyna düşüp, egrem-bugram köçejikler bilen ruşdiýeden*(Ruşdiýe — Türkiýede soltanlyk döwründäki orta mekdebiň ilkinji dört synpy)* ýöräp ugradym. Wah, myhmanhana bir özümi atsadym!

Huriýe hanym kyrk bäş ýaşlaryndaky kelte boýly, garaýagyz, gyňyr häsiýetli aýal ekeni. Ol bu zatlary eşiden badyna ýüzi öňküsinden hem boz-ýaz boldy, gözleri petredi, boýnunyň iki tarapyndaky gan damarlary çişdi we çagalaryň baýramçylyklarda çalýan dilli tüýdükleri ýaly zaryn-zaryn ses çykardy.

— Eý, Taňrym, bu näme boldugy bolýar, dostlar!..

— Şeý diýdi-de, ol özünden gidip, gürpüldäp gaýtdy.

Mugallymlaryň oturýan otagynda uly gopgun turdy. Gözi äýnekli garryja mugallym zenan galmagala ylgaşyp gelen gyzlary zordan saklap, olary gapynyň ýanyndan kowdy.

Aýallar Huriýe hanymy diwana geçirip, ýüzüne suw serpdiler, çekgelerine sirke çaldylar, güpbüsiniň iliklerini ýazdyryp, döşüni owkaladylar.

Men aljyraňňy ýagdaýa düşüp, goltugym ýantorbaly, näderimi bilmän, burçda çugutdyryp durdum.

Gapynyň öňündäki gyzlary kowuşdyran garry mugallym äýneginiň üstaşyr maňa hemleli garady.

— Gyzym, seniň ynsapsyzlygyňa haýranlar galýan. Üstesine, gülmäň näme?!

Ol mamlady. Nebsim agyrsa-da, saklanyp bilmän ýylgyrypdym. Ýöne Huriýe hanymyň üstünden däl-de, öz emelsizligime gülýänligimi kempir nireden bilsin?

Emma adamkärçiliksiz adam ýeke men däldim. Gara gözleri içiňden geçip barýan uzynak ýaş mugallym hem sessiz gülýärdi. Ol ýanyma geldi-de, gulagyma:

— Işden habary ýok adam bu zenanyň äri öýlenip, üstüne güni getirendir öýder. Bu çaşmak-beýleki däl-de, duran bir hile — diýip pyşyrdady.

Huriýe hanym gözüni açdy. Onuň burnundan, ýaňaklaryndan durman suw damýardy. Ol aşgazanynda bomba ýarylan ýaly, batly synçgyryp goýberdi we nadaralyk etmäge başlady:

— Wah, dostlar, başyma ne işler düşdi! Bu ýaşdan soň beýle-beýle zatlar bolmalymy diýsene!

«Dil bela» diýip, dogry aýdypdyrlar. Ýene bir ýoknasyz iş etdim oturyberdim, gerekmejek ýerden sypaýyçylyk eden boldum:

— Ýagdaýyňyz birneme ýeňilleşdi öýdýän, Hudaýa şükür — diýdim. Diýdimem welin, diýenime puşmanam etdim. Huriýe hanym şeýlebir dergazap boldy welin, ony söz bilen beýan eder ýaly däl. Onuň diýmedik zady galmady, göýä, men onuň janyna kast edip, üstesine, halyny hem soraýarmyşym. Heý, beýle-de bir bihaýalyk, beýle-de biedeplik bolarmy? — diýip, ol pürküp bilen zadyny pürküp otyr. Utanjyma bir burça gysylyp, gözlerimi ýumup oturdym. Mugallymlar Huriýe hanymy hiç köşeşdirip bilmediler. Huriýe hanymyň gykylygy gitdigiçe artyp, agzyndan çykýan sözleri diňe bir merkezi ruşdiýede däl, eýsem, köçede-de adam ogly eşider ýaly däldi. Onuň aýtmagyna görä, niräniň çöpüdigim ýüzümden bellimiş. Onuň çöregini elinden almak üçin ministrlikde, gör, näçe kişi bilen... bolupmyşym.

Gözüm garaňkyrap gitdi. Äňim gagşady, maňlaýyma sowuk der indi. Iň erbedi-de, beýleki aýallaryň Huriýe hanymy mamla hasap edýän ýaly bolmagydy.

Birdenkä biri stoly batly ýumruklady. Bulgurlar we aýna suwgaplar jyňňyrdaşyp gitdi. Bir minut mundan ozal meniň bilen bile gülen gara gözli ýaş mugallym birden şire öwrüldi! Ol gaharly gygyryp:

— Müdir hanym! Hany, siziň ýolbaşçylygyňyz? Bu aýalyň bir mugallymyň namysyny depelemegine nädip ýol berýäňiz? Biz nirede durus? Eger siz oňa ýene bir söz diýmäge ejaza berseňiz, men ony däl, sizi kazyýetde entemeli ederin! Bu aýal özüniň nirede durandygyny ýadyndan çykarýar — diýip, gara gözli mugallym tarpyldatdy we aýallaryň üstüne gygyrdy, gaharly gürlese-de, onuň sesi täsin ýaňlandy.

— Berekella, ýoldaşlar, berekella! Diýseň gowy zat! Özi-de mekdepde! Kärdeşiňiziň masgaralanyşyny gülüp diňleýärsiňiz-dä?! Otaga suw sepilen ýaly boldy, emma Huriýe hanym özüniň ýeke galýanlygyny aňyp, ýene nadaralyga ýüz urdy we ýene çaşjak boldy. Ýöne, bagtymyza, sapaga girmäge jaň kakylaýdy. Mugallymlar depderlerini, kitapçalaryny, el işi üçin ulanylýan sebetlerini alyp dagap başladylar.

— Gyzym, saňa iş otagynda garaşýan — diýip, müdir hanym hem otagdan çykyp gitdi. Bir minutdan biz meni goran gyz bilen ikiçäk galdyk. Oňa minnetdarlyk bildirmegi ýerlikli saýdym:

— Wah, wah, sizem men zerarly görgi baryny gördüňiz. Ol gyz «zeleli ýok» diýjek bolýan ýaly, eginlerini gysyp ýylgyrdy.

— Men muny bilgeşleýin etdim. Eger şeýle heleýleriň üstüne gygyryp, az-kem gorkuzaýmasaň, olar seniň depäňe çykar. Şonda siz nädersiňiz? Okuwdan soň didarlaşarys. Şeýle dälmi? Müdir hany-

myň iş otagynyň gapysyna barsam hem, eýýäm ol ýere giresim gelenokdy. Ýene şol gürrüňi gozgamak ýürekbulanç bolup göründi. Keýpim bozuldy. Ýantorbam aýdyp-diýerden agyr geldi. Hiç kimiň gözüne ilmejek bolup, mekdepden çykdym-da, myhmanhana gaýtdym.

***

Hajy kalfa meni gören badyna ellerini gynanç bilen silkip, zeýrenmäge başlady:

— Wah, hojanym, wah! Seňki ýene ugruna bolmandyr!..

Ol eýýäm ähli zatdan habarly ekeni. Onuň eşidip ýetişişine akylyň çatanokdy.

— Gyzym, häzir bol-da, işiňi jäht tut — diýip, ol duýdurdy. Olar seniň bilen gende oýun edäýmesinler! Eger ministrlikde tanşyň bar bolsa, gel, derrew hat ýazaly.

Ol ýerde özümi ministre hödürlän garry şahyrdan başga hiç kimi tanamaýanlygymy aýtdym. Şahyryň adyny eşiden dessine Hajy kalfa çaga ýaly begendi.

— Eý, Hudaý! Ol meniň medetkärim ahyryn. Ol birwagtlar bu ýerde idadiýe() mekdebiniň müdiri bolup işläpdi! Ol adam däl-de, perişdedir. Ýaz, gyzym, ýaz. Eger meni sylaýan bolsaň, oňa menden salam aýt. «Seniň guluň Hajy kalfa mübärek elleriňden öpýär...» diýip ýaz.

***

Hajy kalfa görgüli şikesli aýagyny süýräp, telim ýola ýokaryk, meniň ýanyma çykyp: «Jenap prokuror çekinmän bilim bölüminiň müdiriniň suwuna deger ýaly etmeli. Muňa onuň haky bar». Ýada «Ýerli häkimiýetiň inženeri Stambula gidýär. Ministrlige girip çykmaga wada berdi» diýen ýaly habarlar getiripdi.

Bu ýer nähili geň ýer! Bolan zatlar barada sanlyja sagadyň içinde bilmeýän adam galmady. Myhmanhananyň ýanyndaky kofehanada bar edilýän gürrüň şu hakda boldy.

— Näme boldy, Hajy kalfa? Bu ýerde hemmeler bir-birini tanaýarmy? — diýip haýran galdym.

— Hawa-da, eliň aýasy ýaly, sähelçe ýer-dä! — diýip, goja ýeňsesini gaşady.

— Bu saňa gymmatly, mübärek Stambul däldir! Bu ol ýerde bolan bolsa, hiç kim hiç zat eşitmezdi. Bu ýerde bolsa gybatdan başga zat ýok... Sen muny bilip goýmalysyň. Saňa berjek maslahatym: asylly bol, adamkärçilikli bol, dükanlarda, bazarda ýüzüňi açyp aýlanyp ýörme. Şeýle! (eý, toba, ol bu «şeýle» sözüni nähili geň äheňde aýtdy diýsene!) Enşalla, işiň ugruna bolar. Bu ýerde bir mugallym bardy. Ady Arifa mugallymdy. Oňa kazyýetiň başlygy öýlendi. Indi onuň eli uzadan ýerine ýetýär. Taňrym bagtyňy açyk etsin. Sen ony owadandyr öýdýärmiň? Eger-eger! Ol ýönekeý asylly, pespäl maşgalady. Adamyň iň gymmatly zady onuň namysydyr.

Hajy kalfanyň maňa bolan ynamy we mylakatlylygy günsaýyn artdy. Ol her gün öýlerinden dürli ownuk-uşak zatlary; çaý içilýän gaplar üçin örülen örtük, nagyşly süpürgiç, ýüzi suratly agaç ýelpewajy getirýärdi we otagymy bezeýärdi.

Mahal-mahal biz gürleşip otyrkak aşakdan:

— Hajy kalfa, sen ýene haýsy dowzaha ýitirim bolduň? — diýen gülňleç ses eşidildi.

Ol Hajy kalfanyň hojaýyny — myhmanhananyň eýesidi. Şeýle ýagdaýlarda goja hemişe aýdym aýdýan ýaly eşidiler-eşidilmez terzde ýuwaşja:

— Ah, seniň bir! Hajy kalfa nämäňe gerek boldy? — diýýärdi-de, soňam sesini gataldyp:

— Barýan, barýan, bärde işim çykdy — diýip jogap berýärdi.

***

Hajy kalfadan daşary meniň myhmanhanada ýene bir hemşerim bardy: ol Monastir şäherinden B...-a gelen otuz bäş-kyrk ýaşlaryndaky bir aýaldy.

Häzir onuň bilen dostlugymyzyň nähili başlanandygyny gürrüň bereýin. Gelen günümiň agşamy otagymda goşlarymy tertibe salýardym. Birden gapy ýuwaşja jygyldap gitdi. Yzyma gaňrylanymda gapynyň öňünde sary çitden tikilen ýansyz uzyn köýnek, ýaşyl ýüpek eşige tikilen başgaply aýalyň duranlygyny gördüm.

Otaga girenden soň, ol zenan saglygymy sorady:

— Gyzym, sag-gurgunmysyňyz? Hoş geldiňiz! Onuň gyzyl reňk çalnan horja ýüzi deşigine hek çalnan, suwagy gaçan diwara meňzeýärdi. Wesmeli gaşlary we çüýreşip giden gap-gara dişleri ony ölä meňzedýärdi. Az-kem aljyraňňy halda:

— Sag boluň, hanym ependi — diýdim.

— Hany, walida*(Walida — ene.)* hanym nirededir?

— Haýsy walida hanym, ependi?

— Mugallym hanym-da. Siz onuň gyzy dälmi? Saklanyp bilmän gülüp başladym.

— Men mugallym hanymyň gyzy däl, ependi. Meniň özüm mugallym.

Ol aýal özüni lampa aşak goýberdi-de, ellerini dyzyna urdy.

— Hä, siz mugallym diýseňizläň! Men entek barmak boýly ýaş mugallymy görmändim. Ýaşy bir çene baran epeý adam görjekdim.

— Hanym ependi, indi şeýle mugallymlar hem bar.

— Hawa, bolýan zat... Hawa, bolýan ýagdaý... Bu dünýäde bolmaýan zat ýok! Biz garşydaky otagda bolýas. Çagalary ýatyrdym-da, siziň bilen salamlaşaýaýyn diýip sowuldym. Gündizine çagalar bilen başyň çaşyp gidýär, eý, Allam! Ýöne agşam çagalar uklaýar welin, ýüregim gysyp ugraýar. «Ýekelik Hudaýa ýagşy» diýipdirler. Eýsem, şeýle dälmi, uýajygym?.. Oýlanýaryn, oýlanýaryn, çilim çekýärin... Şeýdip, gijämi geçirýärin. Uýam, sizi maňa Hudaý beripdir. Siz bilen az-kem ýaňraşsam, derdim ýeňläýjek ýaly.

Bu aýal maňa ilki «gyzym» diýip ýüzlendi. Ýöne mugallymdygymy bileninden soň bolsa, «uýam» diýip başlady.

Myhmana oturgyç teklip etdim:

— Oturyň!

Özüm ýatalganyň üstünde ýerleşip, aýaklarymy hallanladyp başladym.

Monastirli aýal:

— Uýam, men oturgyçda oturmagy öwrenmändirin — diýdi-de, ýerde, aýaklarymyň ýanynda çökdi, onuň dyzlary eňegine ýetiberýärdi.

Soňra entarisiniň jübüsinden demir gutyny çykaryp, ýogyn çilim dolamaga başlady, olaryň birini maňa uzatdy.

— Sag boluň, men çilim çekemok, hanym ependi.

Ol aýal:

— Menem öň çekemokdym, gaýgy-hasrat çekdirýär — diýdi.

Onsoň onuň gidişi gidiş bolupdyr. Ahyrsoňy garyndaşlarynyň biri Stambula gidip gelensoň, onuň adamsynyň B. diýen şäherde gulluk edýändigini we eýýäm öýlenendigini aýdypdyr. Ýöne, nätjek, şeýle zadam bolaýýar. Dinimizde dört aýala çenli almak bolýar. Meniň görgüli goňşym aglapdyr, hasrata batypdyr, soň üç çagasyny alyp, B. şäherine barypdyr. Emma bu onuň adamsyna ýaramandyr. Ol diňe bir özelenip, zarynlap ýeten aýalyny däl, eýsem, jigeriniň garasy çagajyklaryny-da görmek islemändir we onuň derrew Monastire dolanmagyny talap edipdir. Aýaly pahyr onuň aýagynyň astynda it kimin togalanyp: «Biz näçe ýyl är-aýal bolup ýaşaşdyk. Maňa beýle sütem etme» diýip, zaryn-zaryn ýalbarsa-da, adamsy onuň bu ýerde galmagyna kes-kelläm razy bolmandyr.

Bu uzyn hekaýaty diňlänimden soň, özümi saklap bilmän:

— Näme üçin özüňizi söýmeýän adamyň öňünde mertebäňizi peseldýärsiňiz, ezizim? — diýdim. Monastirli zenan nadanlygyma ýanýan ýaly ýylgyrdy. Ol:

— Ah, dogan jan, ol gözümi açyp gören ilkinji adamym ahyryn — diýip, uludan demini aldy.

— Näçe ýyllap bir ýassyga baş goýduk, şondan soň ärden aýrylmak aňsat zatmy näme?! — Ol soň sesi ni titredip: «Enesiz oňular, ýarsyz oňulmaz» diýen goşgy setirlerini getirdi.

Gaharlananymy hem duýman galdym:

—Aýal maşgala özüni aldan adamy nädip söýüp bilýä? Men muňa düşünip bilemok! Goňşym gara dişlerini syrtardyp, diňe ýylgyryp oňdy.

— Uýam, siz entek çaga bolýaňyz. Söýgi diýen zada uçramansyňyz. Onuň ejir-ezýetini bilsediňiz. Alla sizi şondan gorawersin!

— Ynha, bir tanyş gyzym toýa iki gün galanda durmuşa çykjak ýigidiniň başga birine göwün berenligini bilip, adaglylyk ýüzügini şol bimessep adamyň ýüzüne urup, alys ýere gidipdir.

— Soň ol puşman edendir, uýam. Oňa nebsimjanym agyrýar. Ýüregi hasratdan ýaňa para-para bolandyr görgüliň. Eýsem, sen söweş meýdanynda baş goýan adamlar barada eşitmänmidiň? Olaryň birnäçesi ok degenden soňam hiç zat duýman, ylgamasyny dowam edýär, gaçyp gutularys öýdýär. Ýara täzekä agyranok, emma sowaýar welin... Ol gyz entejik horlanyp ejir çeker, ynanaý maňa!..

Oturan ýerimden böküp düşdüm-de, dälirän ýaly bolup, otagda iki ýana urundym. Gaharym depäme çykdy. Ýagyş penjiräni kakýardy, köçeden itleriň uwwuldysy eşidildi.

Monastirli goňşym uludan dem aldy-da, sözüni dowam etdi:

— Men ýat ile düşdüm. Ganatym gyrlyp, elimiň ysgyny gaçdy. Eger Monastirde bolan bolsam, göz açyp-ýumasy salymda adamymy ol näletsiňmiş tulanyň elinden gaňryp alardym. Geň galyp, gözlerimi petretdim.

— Siz näme ederdiňiz?

— Günim o ýerde adamymy jadylapdyr, bendäniň dilini-agzyny baglapdyr. Emma Monastiriň jadylary has ökdedir. Onsoňam bu gymmat düşmezdi. Bary-ýogy üç mejidiýe(Mejidiýe — kümüş pul birligi.) sarp etsem, olar şol pursatda adamymy gaýtaryp bererler.

Onsoň meniň goňşym rumeliýaly*(Rumeliýa — Osman imperiýasynyň Ýewropa böleginiň ady.)* jadylar barada jikme-jik gürrüň berip başlady.

— Bizde Arif Hoja diýen bir alban bar. Ol doga okap, doňzuň gulagyny hem dürbä öwürýär oturyberýär. Aldanan aýal şol geň dürbini gözüne tutup, bir gezek adamsyna seredýär welin, ol adam nähili bozuk bolsa-da, şol pursatda dogry ýola düşýär duruberýär. Sebäbi ähli zenan oňa doňuz bolup görünýärmiş. Arif Hoja başga-da bir zat edip bilýär: ol bir bölejik sabyna iňňe dürtüp goýberýär, onsoň ol şol iňňäni jadylap ýere gömýär. Sabyn ýerde eräp gidýär, seniň duşmanyň hem eräp, gurap, iňňä öwrülermiş.

Jadygöýler hakda hekaýatlary gürrüň berýän wagtam görgüli demir gutyny elinden goýmady, çilim ýasanyp, zol çilim çekýärdi.

Gury, pak sözler! Aýratyn hem sowadygyça agyrýan ýara hakda erteki! Ýok, boljak zat däl! Eýsem, meniň ol ýezidi küýsäp, ýüregim awaýarmy näme? Eýsem, ony ýatlaýanmy bir?

Ilki-ilkiler goňşymyň ýüzüne galyňdan çalan gülgüne reňki, onuň pitiniň tutawajyna meňzeş wesmeli gaşlary, sürme çalnan gözleriniň töweregindäki gorkunç gara halkajyklary halamazdym. Ýöne bularyň barynyň täleýi keç aýalyň adamsyny yzyna dolajak bolup edýän hilesidigine, gözgyny işdigine göz ýetiremsoň, ýüregim awap gitdi.

Ol bolsa şol gürrüň berip otyrdy:

— Ärimiň gözüne gowy görünjek bolup, çagalaryň agzyndan kesip, reňk, wesme, sürme satyn alýaryn, täze gelen gelin ýaly, bezenip çykýaryn. Emma hiç zadyň haýry ýok. Ony dogalapdyrlar diýýän-ä...

Indi gapynyň jygyldysyny eşitdigim, yzyma gaňrylmasam hem şummaňlaý goňşymyň gelendigini bilýärdim.

— Sen işlimiň, doganjygym? Bir minutlyk girmäge rugsat edäý.

Ýekelikden ýaňa ýüregim gyýylyp duransoň, bu ses meni heýjana getirýärdi. Men syýagalamymy bir ýana goýup, ýellenen barmaklarymy ýazyşdyrýardym we goňşymyň öz söýgüsi hakyndaky ýürekgysgynç, boýdan-başa ýat tutan hekaýatymy öňkim ýaly lezzet bilen diňlemäge oturýardym.

***

Meniň äpişgämden beýik dag görnüp durdy. Ilki-ilkiler ol maňa owadan görünse-de, soň-soňlar ýüregime düşüp ugrady. Eger adam bu dumanly gerişlerde gezim etmejek, şemala saçlaryny oýnatmajak, geýimleriniň etegini galgatmajak bolsa, eger-de ol bu kert gaýalarda bökjekläp, şatlanmajak bolsa, onda bu zatlaryň bary nämä gerek?

Wah, meniň öýden gaçyp gidip, telim sagatlap düzlerde entän günlerim kaýda galdy?

Meniň bagyň gözeneklerine kakyp, agaçlaryň gür şahalaryny daşlap, guşlary gorkuzan döwürlerim nirede? Anadola düşjek bolup jan etmäm hem, esasan, şol öňküsi ýaly, garagolluk etmek üçindi ahyryn.

Çagalykdan surat çekmäni halaýaryn. Surat çekmek, göwnüme bolmasa, meniň iň ýokary baha alýan ýeke-täk sapagymdy. Diwarlara gara ýa dürli galam bilen surat çekenim, heýkelleriň mermer daşlaryny agardyp çykanym üçin, baý, maňa näçe käýýäp, näçe çäre görüpdiler-ä! Stambuldan gaýdanymda, surat çekmek üçin ýanym bilen bir petde kagyzdyr reňkli galam alyp gaýdypdym. Ynha, indi ýeke halyma ýazmakdan irsem, surat çekip başlaýardym, bu pişe maňa teselli berýärdi. Hatda biri gara galam bilen, beýlekisi akwarel bilen Hajy kalfanyň iki suratyny çekmäge synanyşypdym.

Suratlaryň näderejede asyl nusgasyna meňzeşligini anyk bilmesem-de, Hajy kalfa gözüniň ýa-da burnunyň aýratynlyklaryndan bolmasa-da, taýpy kellesinden, uzyn murtundan, ak öňlüginden özüni tanady we meniň ussatlygyma haýran galdy.

Goja ýaltanman, bazardaky dükanlaryň baryna aýlanyp çykdy, arzanja atlaz, mahmal, ýüpek, dürli monjuklar satyn alyp, gyzyna suratlary üçin çarçuwa tikmegi tabşyrdy.

Ýüregimiň gysýanlygyny aňyp, Hajy kalfa meni öýüne myhmançylyga çagyrdy. Aýalynyň aýawlylygynyň arkasyndan Hajy kalfa gowy jaý salnypdyr we eliniň boş wagty öýdäkileriň kömegi bilen ony ýaşyl reňk bile reňkläpdir.

Ol jaý çuň jaryň golaýynda ýerleşýärdi. Eger-de çyrmaşyklar bilen örtülen bagyň agaç haýatyna ýapyşyp aşak jaryň düýbüne seretseň, derrew başyň aýlanyp ugraýardy.

Bu bagda Hajy kalfanyň maşgalasynyň arasynda bolan günlerim bagtly döwürdi.

Newrik hanym Samatýede*(Stambulyň bir etraby)* önüp-ösüpdir.Adamsy ýaly ol irimçik, sada, alçak hem mähirli aýaldy.

Ol meni ilkinji gezek görenden:

— Gyzym, sizden meniň üçin eziz Stambulyň ysy gelýär! — diýdi-de, saklanybilmän meni bagryna basdy.

Her gezek Stambul barada gürrüň edilende, Newrik hanymyň gözlerine ýaş aýlanýardy, uly göwsi agyr dem almalardan ýaňa, ussanyň körügi ýaly çişip gidýärdi.

Hajy kalfanyň iki çagasy bardy. Olaryň biri on iki ýaşly ogly Miratdy, beýlekisi bolsa on dört ýaşly gyzy Haýganuşdy. Haýganuş ýasy gaşly, mama dişän ýaly iri-iri düwürtikli, şugundyr ýaly gyp-gyzyl ýaňakly, utanjaň, äwmezek ermeni gyzydy.

Mirat bolsa etli-ganly, bajysynyň tersine, kiçijik, bigörk, çapak ýaly horja oglanjykdy.

Hajy kalfa sowatsyzdy, ýöne ylma sarpa goýýardy we onuň gadyryny bilýärdi. Ol her bir adam ähli zady bilmelidir, hatda jübi kesýän ogrynyň käriniň hem irde-giçde gerek bolmagy mümkindir diýýärdi. Mirat iki ýyllap ermeni mekdebinde okap, iki ýyldan bärem osman mekdebinde bilim alýardy. Hajy kalfanyň niýetine görä, ogly her iki ýyldan okaýan mekdebini çalyşmalydy we ýigrimi ýaşaýança fransuz, nemes, iňlis we italýan dillerini birkemsiz bilýän «hakyky adam» bolup ýetişmelidi (elbetde, bu tapsyz çaga şol döwre çenli bilimleriň agyr ýükünden ýegşerilip, ýan bermese şeýle bolmalydy).

Bir gün ogly barada gürrüň berip oturyşyna, Hajy kalfa menden:

— Sen Miradyň adyna üns berdiňmi? Parasatly at gerek? Men ony tapýançam, tutuş bir hepde azap baryny çekdim. Iki dile-de gabat gelýär. Ermeniçe-hä Mirat bolýar, osmança bolsa Myrat bolýar!

— Hajy kalfa maňa gözüni gypyp goýberdi, bu bolsa onuň häzir adatdan daşary bir gülkünç zat aýtjakdygynyň alamatydy. Mirat bir bolgusyzlyk edip gaharymy getirse, men: «Sen Mirat hem däl, Myrat hem. Sen — meret*(Meret — türk dilinde «tentek» diýmegi aňladýan gödek söz)* diýýärdim — diýip, ol sözüni dowam etdirdi. Bir gezek gojanyň şeýle gaharynyň gelen pursadynyň şaýady boldum. Tomaşa edäýmeli bir zatdy! Miradyň bar günäsi ejesiniň bişiren naharynyň biriniň oňa ýaramanlygydy.

— Görseňizläň bu kelesaňy! — diýip, Hajy kalfa gygyryp başlady.

— Boýy bir garyş welin, şondada näz edýär-ä! Öňde biri gedaýa hyýar beripmiş, olam halaman, munyňyz egri diýip ganawa zyňyp goýberipdir. Eşek şiräni nebilsin? Maslahatymy gowuja diňle-de,

bek belle: nesihat almaýanyň paýy taýakdyr. Taňry nanyna we iýmitine at dakar ýaly, sen kim bolupsyň?

Sen seni bil, sen seni

Sen özüňi bilmediň,

Gyzdyrarlar ýeňsäňi.

Gyz maşgala bolsa-da, Haýganuşyň bilimli bolmagyna hem köp üns berilýärdi. Haýganuş ermeni katolik mekdebine gatnaýardy.

Günlerde bir gün Hajy kalfa goňşulary — ysmaza uçran bir goja hemem giň gara jalbarly gartaşan ermeni aýalyň ýanynda gyzyny berk synagdan geçirjek boldy.

Şundan gülkünç waka gözleseň-de tapylmaz. Hajy kalfa Haýganuşyň kitaplaryny we depderlerini zor bilen elime gysdyryp, gyzyna hemle urdy.

— Hany, göreli, Haýganuş, eger sen meni mugallymanyň öňünde ýüňsakgal etseň, iýdiren çöregim burnuňdan gelsin.

Gyzdan köpeltmek-bölmek boýunça iki-üç sany mysaly soranymdan soň, çak bilen «Pygamberler taryhy» atly suratly kitaby açdym. Isa we çokundyrmak baradaky parça gabat geldi. Çokundyrma barada gürrüň berende, Haýganuş agzyna gelen warsakyny otardy. Baryp mekdepde okaýarkam, bu zatlar barada köp eşidemsoň, gyzyň säwliklerini düzedip, çokundyrma barada birnäçe ýönekeý zatlary mysal getirdim.

Hajy kalfa meni diňläp oturyşyna, gözlerini petretdi. Gojanyň başynda saçy ýokdy, ýöne gaşlary welin, syh-syh boldy. Hristian dini barada bilýänlerim ol görgülä täsin bir gudrat bolup göründi.

Ol: «Bu nä ahwalatdyr! Bir musulman gyzy meniň dinimi keşişlerden gowy bilýär!.. Düşünýäňmi?.. Men saňa ýönekeý, sada mugallymsyň öýdüpdim, görüp otursam, sen ellerini togap etmeli alym ekeniň-ä! — diýip çokundy.

Hajy kalfa ýerinden gozganmasy ýük gämisiniň duralgadan saýlanmagyndan hem kynrak aýalynyň ýakasyndan tutup, ýanyma alyp geldi-de:

— Meniň adymdan bu çaganyň edil maňlaýyndan öp. Düşündiňmi? — diýdi.

Hajy kalfa özüni erkek kişi saýýardy, şonuň üçin hem ogşamak däbini ol aýalynyň üstüne ýükledi. Şol günden başlap, garry hyzmatçy öňünden çykana meni öwüp, ylymlylygymy al- asmana çykardy. Myhmanhananyň kofehanasynda oturan bikärler hem burnuny aýna sokaýjak bolşup maňa bakýardylar. Men dergazap bolup:

— Hajy kalfa, Allanyň haky üçin beýtmesene... Meni öte öwmek nämä gerek? — diýdim. Ýöne Hajy kalfa per bermedi:

— Men muny bilgeşleýin edýän. Goý, başlyklar eşitsin. Goý, olar saňa biperwaý garaýyşlary üçin utansynlar!

Hajy kalfanyň maşgalasy bilen ysnyşmaklyk maňa beýleki bir tarapdan hem bähbitlidi. Newrik hanym Samatýede doglupdy, şonuň üçinem ol mürepbäni juda gowy gaýnadardy, miweleri şekere ýatyryp üýtgeşik nygmatlar ederdi. Şol sebäplem meniň üçin «Pygamberler taryhyny» bilmegimden ol has haýyrlydy. Men mürepbe gaýnatmagyň tärlerini aňsat hem mugt öwrenýärdim, garry çerkes aýaly Gülmisalyň öwreden naharlarynyň bişiriliş usullary ýazylan depderçäme olary jikme-jik ýazyp alýardym. Indi süýjüçil Çalyguşyň aladasyny özüm etmelidim.

Enşalla, meniňem işim oňuna bolup, dynç alar ýaly kiçijik tünegim bolar. Men, ilki bilen, mürepbe gaýnadar ýaly garbanyşhana edinerin. Edil Hajy kalfa ýaly, onuň tekjelerine haşamly kagyzlar ýelmeşdirip çykaryn, lagly-merjen, zümerret reňkli gapjagazlar goýuşdyraryn. Islän wagtyň hiç kimden soraman mürepbe iýmekden gowam zat bolarmy?! Onsoňam «garbanyşhana daramagyňam» geregi bolmaz. Eger Alla halasa, hatda içimem agyrmaz.

Ýöne saryja, gülgüne, ak gaply mürepbäniň arasynda ýaşyl gaplysy bolmaz. Indi ýadyma-soruma düşmeýän Kamranyň ýigrenji gözleri meni ýaşyl reňki ýigrenmäge mejbur etdi.

Wah, Kamran, bar zat ýadymda-la! Entek kalbymda, häzirkim ýaly, ýigrenjiň ýok wagty hem seniň gözleriňi halamokdym. Şol ýigrenç heniz on ikimem doldurmankam döräpdi. Elbetde, o zatlar seniňem ýadyňdadyr-la. Aýamy gumdan dolduryp, ýüzüňe köp sepipdim. Sen bu zatlary çaga bezzatlygy hasap ederdiň. Ýok, ýok, bu seniň suw otlarynyň arasyndan görünýän Gün şöhleleri ýaly, hileli gözleriňe yza salmak üçin edilýän zatdy.

***

Ýene-de ünsümi başga zada sowaýypdyryn. Ýogsa maksadym diňe häzirki bolup geçýän zatlar hakda ýazmakdy. Nämede durdum-a? Hawa-da... Hajy kalfa çaga şatlygyma düýpden başgaça baha beripdi, ol şatlygyň sebäbem telim gün görünmän, ahyr peýda bolan güneşli Gündi. Hajy kalfanyň göwnüne bolmasa, bir ýerden hoş habar alan ýalydym, şonuň üçin hem ol sorag üstüne sorag ýagdyryp ugrady. Eýsem, özüme dahylly habary ondan öň eşitmegim boljak zatmydyr? Megerem, bahym naharlanmaly ýa ýatmaly wagtymy hem myhmanhananyň bu täsin hyzmatkärinden soramaly bolarmykam diýýärin.

— Hany, hötjetlik etmän, aýtsana. Ýöne ýerden beýle begenýän dälsiň? Belki, hoş habar bardyr? — diýip, Hajy kalfa talap etdi.

Şeýle pursatda ondan köp bilýänden bolasym geldi. Köpmanyly ýylgyryp, agras keşbe girip gözümi gypdym-da:

— Kim bilýär, belki, bu aýtmasyz bir syrdyr.

Güneş diýseň ajapdy! Men azaşmazlyk üçin ýoly ýatda saklajak bolýardym, myhmanhananyň ýeňse ýüzündäki köprüjigiň deňinden geçip, otagymyň aýnasyndan köpden bäri höwes edip ýören kert gaýama çykdym. Soňra çemenlikden aşyp, tokaýjygyň gapdaly bilen ikinji köprüden geçdim. Entegem gezjekdim, ýöne onýança, azaşmak howpundanam hatarly bir zat ýüze çykdy.

Egnim agras örtükli we çadyraly bolsam-da, şübheli kişiler yzyma düşüp ugradylar, olar hatda lak hem atýardylar. Hajy kalfanyň nesihaty ýadyma düşüp, yzyma gaýtdym. Bilim bölüminiň bili guşakly kätibiniň: «Uýajygym, Stambuldan-a entek hiç hili habar ýok» diýip garşy aljakdygyny bilýärdim. Köçä çykdygym hökman onuň ýanyna sowlup geçmegi endik edipdirin. Basgançakda müdiriň hyzmatkärine sataşdym.

— Hojanym, geleniň gowy bolaýdy. Beý seni gözläp ýör. Men yzyňdan myhmanhana gideýin diýip durdum.

Ol «beý» diýip, bilim bölüminiň müdirini atlandyrýardy. Geň zat...

Müdir üstüne gyzyl mawut ýazylan stoluň başynda hemişekisi ýaly ýadaw, gözi ýarym ukuly pikire batyp otyrdy. Elleri sallanyp dur, köýneginiň ýakasy açykdy. Meni görüp, ol uludan pallady-da gerindi, soň ýuwaşjadan gürläp başlady:

— Gyzym, biz entek ministrlikden hiç hili jogap alamzok. Olaryň näme edip-näme goýjaklaryny bilip biljek däl, ýöne köp işlän mugallym hökmünde Huriýe hanymy ileri tutarlarmyka diýýärin.

Eger gelen jogap sizi kanagatlandyrmasa, kyn güne düşersiňiz. Kelläme bir pikir geldi. Şu ýerden bir-iki sagatlyk uzaklykda Zeýniler diýen bir obajyk bar. Ol ýeriň suwy, howasy diýseň ajap, tebigaty uçursyz gözel, adamlaram halal, päkýürekli. Garaz, ajaýyp ýer, obada wakuf*(Wakuflar — musulmanlaryň haýyr-sahawat işleri üçin bagyş eden emlägi.)* mekdebi bar. Geçen ýyl biz uly çykdajy edip, abatlaýyş işlerini geçirdik, ony täzeden dikeltdik diýseňem boljak: mekdep üçin köp zat aldyk. Ýanynda mugallym üçin amatly jaý hem bar. Indi bize ýaş, gujurly, işine berlen mugallym, siz ýaly akýürekli gyz gerek. Çynymy aýdýaryn, o taýy gaty gowy ýer. Şeýle-de ýurdumyza bahasyna ýetip bolmajak hyzmat etdigiňiz bolar. Dogrusy, aýlygy bärdäkiden pesräk, ýöne süýt, et, ýumurtgadyr beýleki önümler bu taýyňkydan has arzan. Barsaňyz birneme pulam toplap bilersiňiz. Elbetde, ýagdaýy boldugy aýlygyňyzam köpelderin, onsoň şu ýerdäki ýaly aýlyk alarsyňyz. Işiňiz bu ýeriň mekdep müdiriniň wezipesinden-de bähbitli bolar.

Bu teklibe näme jogap berjegimi bilmän dymdym.

Müdir sözüni dowam etdi:

— Ol ýerdäki mekdebiň ýolbaşçysy bir gartaşan aýal, hem mugallym, hem bar işi bir özi alyp barýar. Ol kiçigöwünli, hudaýhon kempir. Ýöne okatmagyň täze usullaryndan başy çykanok. Eger-de Zeýniler göwnüňizden turmasa, onda maňa hatjagaz iberseňiz, derrew sizi şu ýerde amatly bir işe bellärin. Ýogsam-da ol ýeri görüp yzyňyza gaýtmak islemejekdigiňizi, merkezden iş berilse-de, ýüz dönderjekdigiňizi anyk bilýärin.

Howasy gowy, tebigaty gözel, ilaty edepli, iýmit arzan... Şweýsariýanyň obalary ýaly ýer-dä. Adama başga näme gerek?

Güneşli ýollar, Gün geçmeýän baglar, derýajyk, tokaý göz öňüme geldi. Ýüregim gürsüldäp başlady, emma, barybir, bada-bat «bolýar» diýmäge bognum ysmady. Ol ýeri nähili hem bolsa, ilki, iň bolmanda, Hajy kalfa bilen maslahatlaşasym geldi.

— Ependim, siz maňa iki sagatdan jogap bermäge rugsat ediň.

Müdir birden tisginip gitdi:

— Goýaweriň, gyzym, iş örän gyssagly! Oňa başga dalaşgärlerem bar. Ol ýeri ýitirdigiňiz, özüňizden görüň.

— Onda, iň bolmanda, bir sagat puryja beriň, beý-ependi...

Müdiriň iş otagyndan çykanymda bäsdeşim Huriýe hanyma pete-pet gabat geldim. Ýakynda Hajy kalfa B. diýen ýerde bizi hut şeýle diýip, ýagny «bäsdeşler» diýip atlandyrýandyklaryny gürrüň beripdi. Huriýe hanym ozal meni gaty gorkuzypdy, şonuň üçinem oňa dälizde duşanymda ýene ýöwselledim, ýanyndan çalt geçjek boldum. Ýöne ol ýolumy bekledi, göýä, hetden aşan gedaý ýaly, örtügimiň çetinden ebşitläp tutdy.

— Hanym ependi gyzym — diýip, ol hamsygyp, söze başlady.

— Birki günlükde size örän gödek söz aýdypdyryn. Taňrynyň haky üçin, bagyşlaň. Bularyň bary gyzmalykdan. Şonda şeýlebir aljyradym welin, heý, goýaý. Wah, gyzym, eger siz görmedigimiň görde galandygyny bir bilsediňiz, onda maňa haýpyňyz gelerdi. Gyzmalyk edenim üçin bagyşlaweriň.

— Aýby ýok, hanym ependi — diýip hümürdedim-de, ýene duşundan geçmekçi boldum.

Emma Huriýe hanym meni goýbererli däldi. Ol öz ýagdaýynyň agyrlygyndan, eklenjindäki bäş kişä sergezdançylygyň, gedaýlygyň howp salýandygyndan zeýrenip başlady. Huriýe hanym gitdigiçe gazaplanyp, sesi kem-kemden çirkin çykdy, ahyrsoňy bolsa çökder gykylyga ýazdy.

Kelebujyny ýitirip, näme etjegimi, näme diýjegimi bilmän durdum. Iň ýaman ýerem bu tomaşa adam bary üýşýärdi. Diwanhana gullukçylarynyň, kätipleriň, kofedir şerbet getirýän oglanlaryň giden bir topary ýygnandy. Ýaňaklarym lowlaýardy. Utanjyma ýer ýarylanokdy, menem giremokdym.

— Hojanym, haýyş edýän, ýuwaşrak gürläň! Adam bary bize seredip dur — diýip özelendim. Emma Huriýe hanym, içiňi ýakaýyn diýýän ýaly, öňküsinden hem beter haýkyrdy. Ol möňňürýärdi, saçlaryny ýoluşdyryp, döşüni ýumruklaýardy weli, ilikleri paýrap gidýärdi, ellerimden, dyzlarymdan ogşajak bolýardy. Töwerekde jemendäniň barha artyşyna haýýatym göçdi. Stambulyň köçelerinde ökjedäki ýarany ýa-da gabarçaklary bejerýär diýip şübheli serişdeleri satýan nadara söwdagäriň ýa-da entäp ýören diş tebibiniň daşyna hem şeýle üýşýärdiler. Gulagyma: «Görgülä haýpyň gelsin...», «Keçmaňlaýy aglatmaweri, gyz!» diýen sesler gelýärdi. Birden gapdalymyzda ak sakgally, ýaşyl selleli uzynak mugallym peýda boldy. Ol maňa:

— Gyzym, diniň parzy hem adamkärçilik ýaşy uly adama hormat-sarpa bilendir. Sen bu garry zenanyň ýoluny baglap, ony bir döwüm çöreginden aýyrma. Oňa eglişik edäý,şeýtseň,Alla-da, Pygamber-de senden razy bolar. Perwerdigär hemmeleriň rysgyny berendir. Elbetde, Ol saňa-da öz keramatly hazynasynyň başga gapysyny açar — diýdi. Örtügimiň astynda titräp durdum, meni sowuk der basdy. Şol wagt kofe satýançylaryň biri elindäki atagzyny şyrkyldadyp:

— Dogry! Dogry!.. Sen Allanyň keremi bilen nirede-de bolsaň, iýjek çöregiňi taparsyň! — diýip gygyrdy. Märekäniň arasynda gülki eşidildi. Niredendir bir ýerden gyzyl guşakly kätip peýda bolup, söwdagäriň ýakasyndan ebşitläp tutdy-da, ony basgançagyň ýanyna süýräp eltdi.

— Hä, bihaýa! Häzir dişiňi owradaryn — diýip hemle urdy. Olar näme üçin güldülerkä? Sebäbi kofeçiniň diýeni mugallymyň aýdanlaryndan birjik-de tapawutlanmaýardy ahyryn. Huriýe hanym şol bagyryp durdy. Goh barha güýçlenýärdi welin, ýagdaýy düzetmek üçin şirin janymdan-da geçmäge taýýardym. — Ýagşy, ýagşy! Goý, siziň diýeniňiz bolsun! Ýöne meni, Taňrynyň haky üçin, goýberiň. Huriýe hanym dyzymy ogşajak bolýardy, ony zordan çekip aýyrdym-da yzyma, müdiriň iş otagyna tarap haýdadym. Dessine maňa öz islegim boýunça merkezi ruşdiýede okatmakdan ýüz dönderýärin, Zeýniler mekdebinde mugallymçylyk etmäge isleg bildirýärin diýlip ýazylan kagyzy gol çekmäge berdiler. Bir sagada ýetip-ýetmän, ähli gerekli resminamalar düzedildi, göwnüňe bolmasa, hiç zat ýerinden galmaga mejbur edip bilmejek bölüm müdiri öz paýtunynda buýruga gol çekdirmek üçin waliniň*(Wali — welaýatyň häkimi)* kabulhanasyna gitdi.

Başga bir wagt telim aýlap ondan oňa zyňylýan işler, gör, nähili çalt çözülýär eken.

***

Myhmanhana gaýdyp gelenimde Hajy kalfa meni bosagada garşy aldy. Ol hem igençli hem-de şadyýan terzde: — Menden gizlän bolduňmy?.. Bilýän däldirin öýtdüňmi? Hudaýa şükür, bilýän! — diýdi.

— Nämäni bilýäň?

— Gyzym, saňa buýruk gelipdir!

— O nähili buýruk, Hajy kalfa?

— Seni merkezi ruşdiýede galdyrýarlar. Huriýe hanyma bolsa eýýäm pasportyny beripdirler.

— Ýalňyşýaň, Hajy kalfa. Men edil şu wagt müdiriň ýanyndan gelýän. Beýle gürrüň-ä bolmady. Goja maňa ynamsyz garap:

— Saňa buýruk düýn agşam geldi diýip aýdylýar ahyryn. Muny ynamdar adamlardan eşitdim. Ähtimal, müdir muny senden gizländir. Bu ýerde bir hile bar bolaýmasyn? Nähili pikir edýäň? — diýdi.

Hajy kalfanyň müňkürliginiň hem-de nadanlygynyň üstünden gülüp, şu gün bolan wakalaryň baryny bir demde gürrüň berdim, özümiň Zeýnilere iberilýändigim baradaky buýrugy ýantorbamdan çykaryp, ony galgatdym.

— Bar zat ugruna, Hajy kalfa! Men hakyky Şweýsariýa gitmeli!

Hajy kalfa meni diňleýärdi, onuň ullakan burny horazyň kekeji ýaly dym-gyzyl boldy. Ahyrsoňy ol gaharlanyp, elini beýleki aýasyna urup gazaplanyp:

— Wah, samsyjak çaga diýsänim! Eden işiň bar bol-a. Ahyrsoňy seni duzaga düşüripdirler-dä. Sen häziriň özünde müdiriň ýanyna git-de, onuň bokurdagyndan al! — diýdi.

Men eginlerimi silkdim.

— Köşeşeweri, gadyrdan Hajy kalfam. Gyýylma, ýogsam ýene nähoşlarsyň... Onsoň biz näderis?

Emma görüp otursak, garrynyň maňa haýpy gelip, örtenip-ýanmagynyň jany bar ekeni. Agşamara bolan zadyň baryna düşündim, baryny anyk bildim.

Bölüm müdiri Huriýe hanymyň tarapynda ekeni. Ministrligiň adyna iberen towakganamasynda ol meniň başga bir ýere geçirilmegimi talap edipdir, ony Huriýe hanymyň has tejribeli mugallymdygy bilen delillendiripdir. Emma ýokardakylar, näme üçindir, meni B. diýen ýerde goýmagy, bäsdeşimi bolsa täze wezipe açyljak başga bir ýere geçirmegi zerur hasap edipdirler. Öten agşam buýruk gelenden soň, bölüm müdiri, ruşdiýäniň müdiri hemem, megerem, Huriýe hanymyň ildeşi, asly rumeliýaly maliýe bölüminiň başlygy üýşüp maslahat edip, giden bir pirim oýlap tapypdyrlar. Olar meni çetgyrakdaky bir obajyga ýollap, ýerime-de Huriýe hanymy almaly edipdirler. Hatda Huriýe hanym ikimiziň dälizde duşuşmagymyza çenli hemmesini deslapdan taýýarlapdyrlar, mugallymy hem ýörite getiripdirler. Müdiriň öwüp, kaşaň Ýewropa obasy diýýän ýerem dag içinde, hatda guşlaryň hem barmaýan pukaraja ýer ekeni. Bir ýyl bäri ol taýdaky mekdepde mugallym ýok ekeni, hatda ýer urup, ýurtda galan mugallymlar hem bu oba gitmäge ýürek etmeýän eken. Men haýran galdym. Şeýle ýaşuly, agras emeldaryň beýle bihaýa kezzaplyga baş urmagyna, otursam-tursam akylym çatmady. Hajy kalfa başyny ýaýkap, gaharly gürledi:

— Wah, sen ol ukuçyl ýylany entegem tanaňok. Olar ýaly ýylan ýatýar-da, birdenem çakýar welin, özüňe geljek gümanyň ýok. Düşündiňmi, hanym ependi?

— Bolýar-da, aýby ýok... Ýakyn hossarlaryndan çakylan adama kesekiler gorkuly däl — diýip, oňa jogap berdim. Men Zeýnilerde-de hoşwagt bolup bilerin. Goý, hemmeler rahat bolsun.

***

*Zeýniler, 28-nji oktýabr.*

Şu gün gije bir araba bilen Zeýnilere geldim. Bilim bölüminiň müdiri aralygy otlynyň gatnaýşyna görä hasaplan borly. «Iki sagatlyk» syýahat ir sagat ondan gijäniň ýaryna çekdi. Ýogsa-da bu ýerde ol kelesaňyň günäsi ýok. Günä kä dag gerşinden ýokary galýan, käte-de gurap giden derýanyň hanasyna tarap aşak gaýdýan ýoldan Zeýnilere çenli demir ýol çekmedik adamlarda.

Hajy kalfa maşgalasy bilen meni şäherden ýarym sagatlyk aralykdaky çeşmä çenli ugratmakçy boldy. Ugradýanlar toýa, has dogrusy, ýasa barýan ýaly geýnipdiler.

Hajy kalfa arabanyň taýyndygyny aýtmaga geleninde ony tanar ýaly däldi. Ol ak öňlügini hem-de daş düşelen howluda, işikde, myhmanhananyň basgançaklarynda gezende juda şalpyldap ses edýän şypbygyny çykarypdy. Häzir onuň egninde solak mawutdan tikilen uzyn penjegi bardy, onuň ilikleriniň ählisi ildirilgidi, aýagynda ymamlaryň geýýän galoşy bardy. Ullakan gyzyl tahýa onuň takyr kellesini gulagyna çenli ýapyp durdy.

Newrik hanymyň, Haýganuşyň we Miradyň geýimleri-de öý eýesiniň eşiklerinden peslär ýaly däldi.

Onda hernäçe ajy pursatlary geçirenem bolsam, kiçijik otagymdan aýra düşmek maňa juda agyr degdi. Günlerde bir gün mekdepde bize: «Adam öz ýaşaýan ýerindäki adamlar bilen göze görünmeýän sapaklar arkaly bagly bolýar. Aýralyk pursady gelende şol sapaklar dartylyp, gyjagyň tary ýaly, naýynjar ses edip üzülýär. Her gezek ýürekden ýol salan sapaklar üzülende bolsa, ynsan agyr ejir çekýär» diýen goşgyny ýat tutdurypdylar.

Şu setirleri ýazan şahyr müň keren mamla ekeni!

***

Geň zat! Şol günmonastirli goňşymhemB...-den gaýdan ekeni. Ýöne onuň ýagdaýymeniňkidenemagyrdy.

Öten agşam goşlarymy daňyp, ýatmak üçin ýerime geçdim. Gije ukynyň arasynda kimdir biriniň gödeňsi sesini eşitdim, ýöne hiç ukudan açylyp bilmedim.

Birden bir elhenç güpürdi ýerimden syçrap turmaga mejbur etdi. Dälizde uruşýardylar. Çaga agysy, goh-galmagal, boguk gykylyk, urgudyr şapbat sesleri eşidilýärdi. Ukudan idili açylmamsoň, kelläme ýangyn dörändir diýen pikir geldi. Ýöne ýangynda adamlaryň uruşmasy näme?..

Aýakýalaňaç, başaçyk halda ylgap dälize çykamda elhenç bir wakanyň şaýady boldum. Pälwansypat uzyn murtly bir serkerde goňşym görgülini süýräp, gamçysy bilen saýgylaýardy, ullakan ädikleri bilen depýärdi.

Çagalar:

— Eje jan!.. Kakam ejemi öldürýär! — diýşip çirkin gygyryşýardylar.

Her gezekki depilmeden, her gezekki ýylan ýaly towlanyp, şarpyldaýan gamçydan soň betbagt aýal iňňildäp ýere ýazylýardy, ýöne biraz wagtdan bar güýjüni jemläp, serkerdäniň dyzyndan ýapyşýardy.

— Gyrnagyň, gurbanyň bolaýyn, ependim! Meni öldür, ýöne taşlama, aýrylyşma — diýip, ol zarynlaýardy.

Ýeňil geýnilgidim, şonuň üçin hem ýene otagyma dolanyp bardym. Dagy nädeýin?

Birinji gatyň ýaşaýjylary eýýäm oýanypdylar. Aşakda aýak sesi, düşnüksiz hümürdiler eşidilýärdi. Däliziň ýokarsynda kölegeler oýnaşýardy. Basgançagyň arasyndan Hajy kalfanyň takyr kellesi göründi. Gojany gürpüldi oýaran bolara çemeli, ol nepýag çyrasyny alyp, içki geýimi bilen ýokarlygyna ylgady.

— Utanaňzokmy? Nähili masgaraçylyg-a! Eýsem, myhmanhanada-da bir şeýle biedeplik bolarmy?! — diýip, ol gygyrdy-da, serkerdäni çekip aýyrjak boldy.

Emma serkerde bu batyrgaýyň garnyna güýjünde baryny edip depdi! Hajy kalfa görgüli ullakan futbol pökgüsi ýaly bolup zyňlyp gitdi, ýalaňaç aýaklaryny kelemenledip açyk gapydan otagyma gütläp düşdi. Bagtyma, wagtynda ýerimden turup, oňa tekge bolmaga ýetişäýdim, ýogsam görgüliniň takyr kellesi düşektagta degip, ullakan kädi ýaly, darka ýarylardy.

Bozulan ukym, gorky, geň galmak, ahyrsoňy hem goja hyzmatkäriň ýagdaýyna ýüregim awady, bu zatlara döz gelip bilmedim.

— Eý, Hudaý! Eý, Hudaý!.. Wah, seni bir ýerler çekse bolmaýarmy, gödegiň biri gödek! — diýip, goja kynlyk bilen aýak üstüne galdy.

Soňra düşegime geçdim, nädip diri galanymam bilemok. Demligim daraldy, çirkin gülýärdim, ýorganymy düýrüm-düýrüm edýärdim. Indi dälizde turan topalaňa elim degenokdy.

Özüme gelenimde, gapynyň ýeňsesindäki gohgalmagal ýatyşypdyr, myhmanhana ýene ümsümlik aralaşypdyr.

Soň näme bolanyny maňa aýtdylar. Monastirli hanymyň ýüregedüşgünç söýgüsi ahyrsoňy serkerdäniň bogazyna tegek bolupdyr, onsoň ol aýalyny her edip, hesip edip, çagalary bilen bile atasy öýüne ibermegi ýüregine düwüpdir. Şol gije ol ýol peteginiň alnandygyny, ertir ir bilen gitmäge taýýar bolup oturmagy aýtmaga gelen ekeni. Ýöne aýal pahyra adamsy bilen aýrylyşmak ýeňil düşendir öýdýäňizmi? Elbetde, ol adamsyna ýapyşyp, oňa ýalbarmaga, özelenmäge durupdyr. Beýle elhenç tutluşykdan öň nämeleriň bolandygyny, nämeleriň aýdylandygyny kim bilýär?

Iki sagat töweregi geçeninden soň, ýatjak bolup durkam, Hajy kalfa gapyny ýuwaşja kakdy.

— Hojanym, maňa gulak goý. Senden başga myhmanhanada bir aýalam ýok, biçäre goňşyň özüni bilmän ýatyr. Ýöne gülme... Onuň ýanyna bar-da, halyndan habar al. Men bir erkek kişi, gelşiksiz bor. Hudaý gorasyn, o pahyr ölmäwersin. Öläýse, başymyzda ahyrzaman gopar. Ýöne gapydan Hajy kalfanyň ýüzi görnen badyna ýene-de gülkim tutdy. «Geçdigi bolsun!» diýmekçi boldum, ýöne bir sözem diýip bilmedim. Hajy kalfa ýüzüme hyrsyz seretdi-de, başyny ýaýkady:

— Gülen bolýarmyň? Ah, bisyrat diýsänim!.. Görüň-ä muny!..

Ol «gülen bolýarmyň» diýen sözleri anadolylylaryň şiwesinde aýtdy welin, saklanybilmän ýene güldüm.

Betbagt goňşyma bir sagat gowrak seretmeli boldum. Onuň endam-jany gök-alady. Ol gözlerini alardyp ýatyrdy, dişini gysýardy we zol-zol çaşýardy. Beýle «hassa» ilkinji gezek seredýärdim, şonuň üçinem özümi gowşak duýýardym. Ýogsa-da adam pahyr näsagyň ýanynda oturmaly bolsa, ol islese-islemese, derrew yhlas edip ugraýar.

Ol her gezek bäş minut töweregi özünden gidýärdi. Biçäräniň ellerini owkalaşdyrýardym. Gyzynyň getirýän jürdeginden näsagyň ýüzüne suw sepýärdik. Onuň maňlaýy, ýaňaklary, dodaklary sypjyrylypdyr. Sürmedir gülgüne reňk bilen garyşan gan garalypdyr-da, inçejik ýol ýasap, eňeginiň üstünden döşüne syrygýardy. Eý, Taňrym, onuň ýüzi durşuna reňkdi. Jürdegiň suwy boşaňkyrlady, emma gülgün reňk bilen sürme entegem aýrylmandy.

Ertesi oýananymda garşymdaky otag boşdy. Serkerde irden birinji aýalyny çagalary bilen paýtuna mündürip alyp gidipdir. Gitmezinden ozal, goňşym meniň bilen hoşlaşjak bolupdyr, ýöne oýarmaga ýürek etmändir, çünki özi zerarly uzynly gije ýatmanlygymy bilýärdi. Ol ukuda ýatyrkam gözlerimden öpüp, Hajy kalfadan maňa salam aýtmagyny haýyş edipdir.

***

Araba çaýkanyp barýardy. Gözüm Hajy kalfanyň ýüzüne düşende ýene gülüp başladym. Goja ýerliksiz gülkiniň sebäbine düşünýärdi, jogap hökmünde özi hem utançly ýylgyrýardy we başyny ýaýkap hümürdeýärdi:

— Gülkiň tutýarmy! Henizem begenýärmiň?!

Onsoň öten agşam alan depgisi ýadyna düşüp, sözüni dowam etdi:

— Näletsiňen serkerdejik! Ol meni şeýlebir depdi welin, iç goşumyň bary bulaşdy. Mirat, saňa ata pendi bolsun: sen hiç haçan är-aýaly aralaýjy bolmagyn. «Är-aýal ýüpekdir, ara düşen köpekdir» diýipdirler.

Ahyrsoňy çeşmä ýetdik. Bu ýerde hoşlaşmalydyk. Hajy kalfa ýola alan iki çüýşe suwumy döküp, olary täzeden doldurdy, goja arabakeşe her hili maslahat berip başlady.

Newrik hanym horkuldap durşuna ugramazymyzdan ozal ýörite meniň üçin bişiren çöreklerini sebedime saldy.

Maňa biparh bolup görnen Haýganuş birden bir ýeri agyran ýaly aglamaga durdy. Onda-da ne aglamak! Gulagymdaky dür ysyrgalarymy alyp, gyzyň gulaklaryna dakdym. Jomartlygym Hajy kalfany uýaldyrdy:

—Ýok, hojanym! Sowgat diýeniň pul bilen ölçelmeýär. Olar gymmat dür ahyryn — diýip, ol hüňürdedi.

Ýylgyrdym. Gyzynyň meniň üçin gözlerinden döken dür däneleriniň ýanynda bu ysyrgalaryň hiç hili gymmatynyň ýokdugyny sap ýürekli bu adamlara nähili düşündireýin? Hajy kalfa meni araba mündirdi, soňam uludan dem aldy, ýumrugy bilen döşüne urup:

— Ant içýärin, maňa bu aýralyk düýnki serkerdeden alan depgimden has agyr gelýär — diýdi. Bu sözler ýene-de gijeki gopguny ýatlatdy, men ýene-de güldüm. Araba ýöräp ugrady. Hajy kalfa:

— Gülýärmiň, bisyrat, gülýärmiň? — diýip, yzymdan barmagyny çommaldyp galdy.

Wah, gadyrdan, mährem Hajy kalfa, aramyz barha uzaklaşmasady, şonda gözlerimi gören bolsaň, belki, beýle diýmezdiň.

***

Biz gitdigiçe dag içine aralaşýardyk, beýiklipesli, kötel ýola düşdük. Ýol kä derýalaryň gurap giden hanalarynyň üstünden, käte boş meýdanlaryňdyr taşlanan üzümçilikleriň gapdalyndan geçýärdi.

Setanda-seýranda öňümizden ýeke barýan daýhan çykýardy, ýadawlykdan iňleýän ýaly bolup görünýän araba ýa-da arkasy bir daňy odunly aýakýalaň aýal ondan hem seýrek gabat gelýärdi.

Üzümçiligiň içi bilen geçýän insizje ýodada biz iki sany uzyn murtly žandarma gabat geldik, olaryň eşigi şeýlebir geňdi welin, garakçylara meňzeşdi. Duşuna gelemizde:

— Salawmaleýkim! — diýşip, arabaçy bilen salamlaşdylar.

Hoşlaşanymyzda Hajy kalfa maňa: «Hudaýa şükür, ýol ygtybarlydyr, ýöne ätiýaçdan ýüzüňi çadyraň bilen ýapaý. Ýüzüň hemişe açyk saklanýan ýüzlerden däldir. Düşnüklimi, gyzym?» diýip sargapdy. Indi uzakdan birini gördügim, şobada Hajy kalfanyň nesihatyny ýatlap, ýüzümi ýapýardym.

Wagt geçip durdy. Ýolda yns-jyns ýokdy, tukatlykdy. Arabamyz naýynjar jygyldaýardy. Ony kim oýlap tapdyka? Dagyň gerişlerindedir derelerinde onuň tigirleriniň daşa degip döredýän jygyldysy gulagyňa teselli bolup eşidilýän ýaň döredýärdi. Biz gaýalaryň arasy bilen gidip barýarkak, göwnüme bolmasa, ýanyk görünýän gara daşlaryň aňyrsynda göze görünmeýän bir ýodajyk uzalyp, ondan bir aýal horkuldap, naýynjar sesi bilen bir zatlar samrap, ylgap barýana meňzedi.

Agşam düşüp gelýärdi. Gün ýuwaşjadan dag gerişleriniň aňyrsyna siňip barýardy. Dereler garaňkylyga gaplanyp ugrady. Ýoluňam öňi-ardy görnenokdy. Töwerekde ne oba bardy, ne-de bag.

Ýüregime howsala aralaşyp ugrady: eger biz gijä çenli Zeýnilere barmasak näme ederis? Birden bu daglaryň arasynda ýatmaly bolaýsak!

Mahal-mahal arabakeş arabasyny saklap, atlaryna dynç berýärdi, şonda olar bilen edil adam ýaly gürleşýärdi.

Ahyrsoňy biz ýene-de gaýalaryň arasynda aýak çekenimizde, saklanybilmän:

— Ýene köp ýöremelimi? — diýip soradym. Arabaçy ýuwaşjadan başyny ýaýkap:

— Geldik... — diýdi. Ol ýaşuly bolmadyk bolsa üstümden gülýändir öýderdim.

— O nähili geldik? — diýip geňirgendim.

— Töwerekde iňlär siňek ýog-a... Hiç ýerde oba-da görnenok... Goja goşlarymy arabadan düşürdi.

— Ynha, şu ýodajyk bilen aşak düşmeli. Zeýniler bu ýerden bäş minutlyk ýol. Bu ýerden arabaly geçip bolanok.

Biz minaranyň basgançaklary ýaly kötel ýodajykdan aşak düşüp başladyk. Bahym agşamyň alagaraňkysynda aşakda daşy aýmançaly gözgyny bolup oturan bagyň arasynda serwi agaçlarynyňdyr agaç jaýlaryň birnäçesiniň tutuk suduryny saýgardym.

Birbada göräýmäge, Zeýniler obasy ýokarsynyň kä ýerinde tütün zolajyklary göterilip duran äpet ýangyny ýada salýardy.

Adatça, «oba» diýlende gök mahmala bürenip oturan, Bosfordaky köne jaýlaryň ýaraşykly kepderi ketekleri ýaly şadyýan, päkize jaýjagazlary göz öňüne getirýärdim. Bu külbeler bolsa ýykyljak bolup duran tutuk, ýürekgysgynç harabaçylyga meňzeýärdi.

Ýanyny ýere beren harazyň ýanynda bize egni ýapynjaly, başy selleli bir goja duş geldi. Ol, hamala, gapyrgalary hamyndanam daşyna çykyp duran ýaly hor sygryň ýüpünden tutup gelýärdi, ony jan edip ýataga saljak bolýardy.

Goja bizi görüp, aýak çekdi-de, içgin synlady. Goja Zeýnileriň muhtary(Muhtar — arçyn.) ekeni. Arabakeş ony tanaýan eken. Ol birki agyz sözde oňa kimligimi düşündirdi.

Sadaja gara örtügiň we syk çadyranyň astynda näçe ýaşymdadygymy aňmak kyndy. Muňa garamazdan, muhtar ependi maňa geň galyp seretdi, ähtimal, juda bezemen gören bolara çemeli. Sygryny aýakýalaň bir oglanjyga tabşyryp, yzyna düşmegimizi haýyş etdi.

Biz obanyň dar köçelerine girdik. Indi jaýlar gowy saýgardýardy. Bosforda Kawak obajygynyň sebitinde balykçylaryň çagşap giden külbejikleri bardy, olaryň öňünde bolsa torlar ýatardy. Külbeler deňiz şemalynyň zoruna gyşaryp, ýagyş-ýagmyryň astynda çüýräp, garalyp gidendir. Zeýnileriň jaýjagazlary şol külbeleri ýatlatdy. Aşakda dört sütünde gurlan sygyr dölesi, onuň üstünde-de birnäçe

otagly ýaşaýyş jaýy bardy, oňa merduwan bilen çykmalydy. Gepiň keltesi, Zeýniler obasy bir wagtlar eşiden, kitaplarda okan, suratlarda duş gelen obalarymyň birine-de meňzänokdy.

Biz daşyna beýik agaç haýat aýlanan bagyň gyzyl derwezesiniň öňüne baryp durduk. Birbada göräýmäge, Zeýniler obasy maňa agaçlarynyň ýapraklaryna çenli gap-gara bolup göründi. Şonuň üçinem gyzyl tagtalary görenimde geň galdym.

Muhtar derwezäniň gapysyny ýumruklamaga durdy. Her urguda gapy hä diýmän ýykylaýjaga meňzeýärdi.

— Içerde hiç kim ýok öýdýän — diýip, ilkinji gezek dil ýardym. Muhtar:

— Ähtimal, Hatyja hanym agşam namazyny okaýan borly, biraz garaşaýalyň — diýdi.

Arabaçynyň garaşara wagty ýokdy. Ol goşlarymy derwezäniň öňünde goýdy-da, hoşlaşyp ýola düşdi. Muhtar ýapynjasynyň syýyny galdyryp, ýere çökdi. Men goşhaltanyň üstünde oturdym. Gürrüňe başladyk.

Hatyja hanymyň öte dindar aýaldygyny, onuň derwüşler meslegine gatnaşýandygyny bildim. Ol obanyň ölüsine-dirisine ýaraýar ekeni, «Möwlud*(Möwlud — Muhammet pygamberiň dünýä inişi barada gürrüň berýän wagyz.)* » okaýan hem, gelinleriň ýüz-gözlerini timarlaýan hem, jan berip barýan hassalaryň agzyna zemzem*(Zemzem — Mekgedäki mukaddes guýy. Musulmanlar onuň suwuny derman hasaplaýarlar.)* suwuny damdyryp, ýogalan zenanlary ýuwup, kepene dolaýan-da şol ekeni. Muhtar ependi medrese — beýleki gören adama meňzeşdi. Onuň pursatdan peýdalanyp, özüme käbir öwüt-nesihatlary berjek bolýandygyny aňdym. Ol okatmagyň täze usulyna garşy däldi, ýöne indiki mekdeplerde Gurhanyň düýpden ýatdan çykarylandygyndan zeýrendi. Onuň gürrüňine görä Zeýniler mekdebinde ençeme zenan mugallym bolup işläpdir, emma olaryň hiç biri Gurhany-da, ylmyhaly-da*(Ylmyhal — musulmanlaryň dini parzlary hakyndaky taglymat)* gowy bilmeýän eken. Muhtar ependi Hatyja hanym barada diňe gowy zatlar aýtdy. Onuň sözlerinden «hoşgylaw, paýhasly, halal hem hudaýhon aýal» çagalara Gurhan bilen ilmihaly öwretse, menem galan sapaklary okatsam, bütin obanyň hoşal boljakdygyna düşündim. Haýadyň aňyrsyndan eşidilýän agaç paşmagyň sesi muhtar ependiniň sözüniň arasyny böldi. Ikimizem ýerimizden turduk. Gapynyň sokmasy şakyrdady. Gödeňsi sesli biri:

— Kimsiň? — diýip gygyrdy.

— Özümiziňkiler, Hatyja hanym... Şäherden mugallym gelipdir.

Hatyja hanym irimçik, ýaşy ýetmişe ýeten uzynak garry ekeni. Saçyna hyna çalyp, başyna ýaşyl ýaglyk atynypdyr. Onuň başatgyçly gara ýeldirmesi*(Aýallaryň geýinýän ýeňiljek köýnekleri)* bükürje çiginlerine syrlaşyp durdy. Şeýle eşikleri hudaýhon kempirler geýýärdi. Ýüzi daşdan ýonulyp ýasalana meňzeş garaýagyzdan gasynly bolsa-da, täsin juwan gözleri, ap-ak dişleri bardy.

Örtügiň astynda ýüzümi görjek bolup, ol:

— Hoş geldiňiz, hojanym, giriberiň! — diýdi.

Köçä çykmak gadagan edilen ýaly, bir eli bilen gapa daýanyp, beýleki eli bilenem goşlarymy aldy. Hatyja hanym ýene-de derwezäni kiltläp, meni yzyna düşürip alyp gitdi.

Biz bagyň duşundan geçdik, «uly çykdaja galynyp täzeden gurlan» mekdebiň jaýyny-da gördüm. Ol Zeýnileriň beýleki hütdüklerine meňzeşdi, bir tapawudy — o-da bolsa, synp otaglaryna çala meňzeýän jaýyň sütünleriniň aşaky bölegine kakylan tagtalar entek garalyp ýetişmändir.

Gapydan girmekçi bolanymda Hatyja hanym goluma ýapyşyp:

— Dur, gyzym — diýdi. Tisginip gitdim. Kempir gysgajyk bir doga okady-da:

— Hany, gyzym, indi, «bismilla» diý-de, gapydan sag aýagyň bilen ätle — diýdi. Aşaky gat gowak ýaly garaňkydy. Kempir elimi sypdyrman, meni darajyk dälizden alyp gitdi. Köneliginden ýaňa basgançaklary yrgyldap duran gara merduwandan ýokaryk çykdyk. Ýokarky gat gözgynyja girelgeden hem agaç gapylary pugta ýapylan ägirt uly otagdan ybaratdy. Ol bilim bölüminiň müdiriniň mugallymlar üçin oňaýly öý diýip meni begendirjek bolan otagy ekeni. Hatyja hanym goşhaltamy ýerde goýdy-da, köne peçden bir çyra çykaryp ony ýakdy. Ol:

— Bu ýyl jaýda ýaşan bolmady. Şonuň üçin hem tozanlydyr... Ýöne aýby ýok, enşalla, ertiriň özünde, daň saz berdigi baryny tertiplärin — diýdi.

Bu aýal ozal Zeýnilere mugallymçylyk eden eken. Mekdepler üýtgedilip guralanyndan soň, welaýat bilim bölümi garry zenana haýpy gelip, ony köçä taşlap goýbermändir-de, öňküsi ýaly, mekdepde galdyryp, iki ýüz kuruş aýlyk belläpdir. Gepiň gysgasy, ol hem mugallym, hemem tam süpüriji ekeni. Hatyja hanym indiden beýläk näme tabşyrsam, şonam etjekdigini aýtdy.

Garry görgüliniň menden çekinýändigine, her näme diýseňem, özümiň onuň başlygydygyma düşünýärdim. Iki agyz sözde ony köşeşdirjek boldum hem-de ýaşajak otagymy gözden geçirmäge durdum.

Diwara ýelmenýän kagyzlar wagt geçip letdä dönüpdir; zeýden ýaňa çüýrän gara depelik ýaý beripdir; burçda duran peç eleme-deşikdi hem çagşandy, onuň gapdalynda bolsa gyşaryp ýatan ýatalga bardy. Diýmek, şu günden başlap, şu otagda ýaşamalydym.

Howasy az ýerzemine düşen ýaly, demim-demime ýetmeýärdi, ellerim, aýaklarym doňýardy.

— Gadyrdan Hatyja hanym, äpişgäni açmaga kömekleşsene. Öz güýjüm ýetenok — diýdim.

Garry zenanyň maňa hiç hili iş etdiresi gelmeýän ýalydy. Ol äpişgäniň ildirgijini açyp, onuň gapysyny serpip goýberdi. Gören zadyma saçym syh-syh boldy.

Jaýyň garşysynda mazarystanlyk bardy. Depelerinde heniz hem agşam ýşygy öçmedik serwi agaçlarynyň arasynda mazar daşlary ýalpyldaşyp görünýärdi. Birneme aňyrrakda içi gamyşly batgalyk ýyldyrap ýatyrdy.

Garry uludan dem aldy:

— Adam pahyr ýaşap ýörkä boýunalyk bolmaly, gyzym... Biziň hemmämiziň barmaly ýerimiz şol.

Hatyja hanym muny aňyrsynda zat bolman aýtdymy ýa-da ýüzümde gorky, aljyraňňylyk alamatyny görüp, köşeşdirjek bolup diýdimi — biljek däl. Özümi dürsemäge çalyşdym. Mert bolmalydym, şonuň üçin hem, mümkin boldugyça, arkaýyn, hatda ýasama alçaklyk bilen:

— Diýmek, bu ýerde mazarystanlyk bar eken-ä? Muny bilmändirin... — diýdim.

— Hawa, gyzym, bu Zeýnileriň mazarystanlygy. Köne döwürden galypdyr. Indi merhumlary obanyň beýleki künjünde depin edýärler. Bu ýer bolsa eýýäm taryhy ýer ýaly bolup gidipdir. Zeýni babanyň mazarynyň öňündäki şemi ýakyp geleýin. Häzir gelerin.

— Hatyja hanym, Zeýni baba diýýäniň kim bolmaly?

— Keramatly adam bolan, goý, Allam onuň ruhuny şat etsin! Hanha, şol serwi agajynyň astynda ýatyr.

Hatyja hanym doga okap merduwana tarap ýöneldi. Şu çaka çenli özümiň şeýle zatlardan heder edýänimi bilmän gelipdirin. Ýöne şol pursatda serwi agajynyň ysy bark urýan garaňky otagda ýeke galmak maňa, näme üçindir, hatarly bolup göründi.

Garry aýalyň yzyndan ýetdim:

— Menem siz bilen gidäýeýin?

— Ýör, gyzym, ýör, ol-a hasam gowy. Gelen badyňa seniň keramatly Zeýni baba zyýarat etmegiň gaty gowy zat.

Mekdebiň yz gapysyndan gonamçylyga çykdykda, mazar daşlarynyň arasy bilen gitdik.

Käte Oraza aýynda ýa-da baýramçylyklardan öň daýzalarym meni Eýýubdaky maşgala gonamçylygyna äkiderdiler. Emma ölümiň gorkunç, hasratly zatdygyny ilkinji gezek bu garaňky Zeýniler mazarystanlygynda duýdum.

Bu ýerdäki mazar daşlary öň gören daşlarymdan üýtgeşikdi. Olar esgerleriň hatary ýaly örän gönüdi: beýik, gönümel, ýylmanak, ýokarsy ýasy gap-gara daşlardy. Ýüzündäki ýazgylary okamak mümkin däldi. Diňe käbir ýerde «Ýa, Alla...» diýlip ýazylan iri harplary seljerse bolýardy.

Çagalykda bir erteki eşidipdim. Uzakdaky daglaryň aňyrsyndan ýaş soltany ogurlamak üçin gadymy goşun süýşüp barýarmyş. Esgerler gündizine gowaklarda gizlenip, gije ýol ýöreýän eken. Garaňkylykda görünmejek bolup gara kepene dolanypdyrlar. Şeýdip, köp aýlap ýöräpdirler. Ahyrsoňy goşunyň şähere çozmaly gijesi Taňrynyň ýaş soltana rehimi inip, gijäniň garaňkylygynda zabt etmäge taýyn esgerleriň baryny gara daşa öwrüpdir.

Hatar-hatar bolup duran gara mazar daşlaryny görenimde şol erteki ýadyma düşdi.

«Belki, bu taýy gara kepene giren esgerleriň daşa öwrülen ýeridir» diýen pikir birden kelläme geldi.

— Zeýniler*(Zeýniler — Zeýni adynyň köplük görnüşi, ýagny Zeýni atly derwüşiň yzyna eýerijiler. Zeýni topary esaslandyryjydyr.)* kimler bolmaly, Hatyja hanym?

— Gyzym, şon-a menem bilemok. Bir wagtlar bu oba şolaryňky ekeni. Indi olardan minaradan başga galan zat ýok. Ýatan ýeri ýagty bolsun bendeleň! Olar päk ahlakly adamlar eken. Zeýni baba iň ulusy eken. Bu ýere hiç kimiň bejerip bilmeýänlerini getirer ekenler. Ysmaza uçran bir garry aýaly bilýän. Ony göterip getirdiler, gidende öz aýagy bilen ýöräp gitdi.

Zeýni babanyň gümmezi gonamçylygyň aňry çetinde, ägirt uly serwiniň aşagynda goýlupdyr. Hatyja hanym her gije ol ýerde üç çyra ýakýar ekeni. Birini serwi agajynyň şahasynda, ikinjisini gümmeziň gapysynyň agzynda, üçünjisini bolsa edil mazaryň öňünde ýakyp goýýan ekeni.

Mazar üstüne toprak sürlen çuň çukur ekeni. Aýtmaklaryna görä, Zeýni baba şol çukurda Gün şöhlesini görmän, ýedi ýyl çile çekipdir — terkidünýälikde ýaşapdyr. Ol ölende, onuň keramatly tenine el degirmäge hiç kim milt etmändir. Onsoň wagt geçip, onuň jesediniň üstünde gubur galdyrypdyrlar.

Hatyja hanym iki sany şemi ýakyp, maňa çukura barýan telim basgançakly merduwany görkezdi. Ol:

— Gyzym, aşak düşeli — diýdi.

Ýürek edip bilmedim. Hatyja hanym:

— Aşak düş, gyzym. Bu ýere gelip, girmän gitmek günä bolar. Eger islegiň bolsa Zeýni babadan dile, maksadyňa ýetersiň — diýip, öňki diýenini gaýtalady.

Merduwandan düşüp gelşime, gamyş kimin galpyldaýardym. Eger gabyrda ýatan merhumlar bar zady duýýan bolsalar, olar meniň häzirki ýagdaýymy bilerdiler. Zeýli, sowuk topragyň ysy burnuma urdy.

Zeýni babanyň mazarynyň daşy ýaşyl reňk bilen reňklenen sink demiri bilen gurşalandy. Hatyja hanymyň gürrüňlerinden Zeýni babanyň bütin ömrüni mätäçlikde, horlukda geçirendigini, öleninden soň jesediniň kaşaň bezelen ýüpek parça dolanylmagyny islemändigini bildim. Käte kimdir biri mazara owadan bezelen parça getiräýse hem, ol bir hepdeden artyk ýatmazdy, çüýräp, gara letdä öwrülerdi.

Garry aýal doga okap ýörşüne keramatly piriň başujynda ýanyp duran çyra ýag guýdy, soňra maňa tarap öwrülip:

— Obanyň ýaşaýjylarynyň biriniň kazasy dolsa, Ezraýyl, ilki bilen, keramatly Zeýni babanyň ýanyna barýar, şonda çyra öz-özünden öçýär. Indi, gyzym, Zeýni babadan arzyly islegiň hasyl bolmagyny dile — diýdi.

Dyzym epilip ugrady. Aýak üstünde zordan durdum. Ot bolup lowlaýan maňlaýymy buz ýaly mazar daşyna goýup dodaklarymdan däl, ýaraly ýüregimden syzdyryp, ýuwaşja pyşyrdadym:

— Keramatly Zeýni baba, men ejiz, nadan Çalyguşy başga hiç kim däl. Seniň bilen nähili gürleşjegimi, näme dilejegimi bilemok. Günämi öteweri. Maňa saňa ýarajak zatlaryň hiç birini öwretmediler. Seniň Gün şöhlesine zar bolup, şu ýerzeminde ýedi ýyl jebir çekendigiňi eşitdim. Belki, sen hem adamlaryň biwepalygyndan, olaryň birehimliginden baş alyp gaçmak üçin şeýdensiň? Eziz Zeýni babam, senden beýik kerem dileýärin. Sol ýedi ýylda Güni, sergin şemaly küýsän pursatlaryň bolandyr. Şol ýalňyzlykda saňa hemaýat eden sabyrlylyk perişdesini maňa-da gönderewer. Menem jebri-jepalaryma nalyşsyz, gözýaşsyz döz gelsedim!..

***

Otagymda ýeke otyryn. Hatyja hanym mekdebiň aşaky gatyndaky ýerzemine meňzeş otagça gidip, meni öz erkime goýdy. Ol şo taýda tesbi sanap, ýarygijä çenli namaz okan eken.

Ynha, indi iki sagat wagt bäri öçügsi çyranyň yşygyna şu setirleri ýazyp otyryn. Uzakdan çeşmäniň şildirdisi gelýär. Käte ýokarymda depeligiň agaçlary şatyrdaýar. Gijeki seslere diň salýaryn. Ýüregim gürsüldäp, dodaklarym titreýärdi. Niredendir bir ýerden ýuwaşja gürleşilýän geň sesler eşidilýär. Merduwanyň basgançaklary çalaja jygyldaýar. Dälizde adam pyşyrdysyna çalymdaş syrly şygyrdy eşidilýär.

Ýöwselleme, Çalyguşy, besdir, ýat. Gijäniň bu wagtynda syrly seslerden gorkup näme etjek. Olar saňa, hernäçe zalym bolsalar-da, daýzaň öýündekäň «sary gülüň» sözleriniň beren külpeti ýaly bela getirmez.

***

Zeýniler, 20-nji noýabr.

Şu gün irden hasaplap görsem, Zeýnilere gelenime tas bir aý geçäýen ekeni. Göwnüme bolmasa, bu taýda ençeme ýyl bäri ýaşap ýören ýaly. Şu güne çenli gündeligime el degiresim gelmedi. Dogrusy, gorkýardym... Ýaňy gelen günlerim juda gamgyndym, sustum pesdi, onsoň şeýle halda ne jüre biderek zatlary ýazmajagymy kim bilýär? Indi bu ýeriň durmuşyna öwrenişip barýan.

Aleksi bajynyň: «Gyzlarym, gutulmaz keselleriň, gutulgysyz betbagtçylyklaryň ýeke dermany bar. Olam sabyr bilen sadyklykdyr. Ýöne betbagtçylyklaryň gizlin rehimdarlygam bardyr. Kim olary nalaman ýylgyryp kabul etse, şol betbagtçylyklar olar üçin onçakly ýowuz däldir» diýýän gowy tymsaly bardy.

Adatça, şol sözler Çalyguşynyň diňe gülküsini tutdurardy, emma indi olary dogry saýýardy we bu pähime gülmeýärdi.

Zeýnilere gelen günlerim tas däliräre gelen pursatlarym hem bolupdy... «Garşylyk görkezeniň haýry ýok! Mundan artyk çydap biljek däl!» diýýärdim.

Şeýle pursatlarda Aleksi bajynyň bu parasatly sözleri dadyma ýetişýärdi. Özümi ýasama göwnühoşluk bilen aldamak üçin köňlüm aglasa-da, ýüzüm gülerdi, onsoň aýdyma hiňlenmäge, sygyrmaga başlaýardym welin, ýüregim ynjalyp, suwly gaba salnan güljagaz ýaly, janlanyp ugrardy.

Soňra töweregimdäki zatlardan ýüregime teselli gözlemäge başladym. Elime tötänden düşen ter ýapragy ýüzüme sürtüp, bagda tapan horja pişigimi bagryma basdym, ony demim bilen ýylatdym. Halys lapykeç bolamda bolsa, öz-özüme: «Feride, gamlanma, özüňi ele al! Ýaşamak üçin sende güler ýüz bilen batyrgaýlykdan başga hiç zadyň galmanlygyny bilýärsiň ahyryn» diýerdim.

Goý, şatlygym ýasama, bir pursatlyk bolsun, eýsem, garaňky ýerzemine düşýän yşyk ýa-da haraba dönen diwar daşlarynyň arasynda açylan güljagaz ynsana umytdyr teselli getirýän ýaşaýşyň alamatlary dälmi näme?

Bu gün juma günüdi. Mekdepde okuw ýokdy. Telim günläp yzyny üzmän ýagan ýagyş ahyrsoňy diňipdi. Daşarda güýz özüniň iň soňky, hoşlaşyk baýramyny gurapdy. Göwnüňe bolmasa, uzakdaky dag ulgamy hem, gamyş basan batgalyk hem Güne şadyýan ýylgyryşýan ýalydy. Hatda serwi agaçlary, gonamçylykdaky mazar daşlary hem öz gyňyrlyklaryny ýatdan çykarana meňzeýärdi. Kalbymyň törüne ser salyp, eýýäm köşeşýändigimi, täze durmuşa öwrenişýändigimi, hatda bu garaňky, ýürekgysgynç obany birneme halap başlandygymy hem duýýardym.

***

Gelen günümiň ertesi ir bilen işe başladym. Ol gün hiç haçan ýadymdan çykmaz.

Ir bilen B. diýen ýerdäki bilim bölüminiň müdiriniň aýtmagyna görä, «uly çykdajy edilip» abatlanan synpy birkemsiz synladym. Bu ýerde ozal mal ýatagy bolup, soň oňa tagta düşäp, äpişgeleri giňeldilip, aýnalanan bolara çemeli. Diwara ýelmenen kagyzlar garagurumdan hem garady. Gapynyň ýanynda asylan karta gyşaryp ýatyrdy, gapdalynda bolsa üç sany okuw ündewsuraty ýelmengidi; olaryň birinde adamyň istihany (skeleti), beýlekisinde daýhan fermasynyň, üçünjisinde bolsa ýylanyň suraty çekilipdir. Ähtimal, olar hem «täze mekdep esbaplary» bolmaly.

Synp otagynyň bag tarapdaky diwarynyň düýbünde bu ýeriň mal ýatak bolan döwründen galan mal iýmlenýän nowa bardy. Onuň üstüne agaç gapy kakypdyrlar: onsoň ol sandyga meňzeş bir zat bolup durdy. Okuwçylar oňa ýany bilen getiren iýjek zatlaryny, kitaplaryny salyp, hatda mekdebi ýylatmak üçin dagdan çöpläp getiren çybyklaryny hem taşlaýan eken.

Hatyja hanymyň aýtmagyna görä, sandyga käte taýak ýola getirip bilmeýän bezzatlary hem salýan ekenler. Arçynyň Wehbi atly kiçi ogly sandyga köp salnypdyr. Ol garagolluk etdigi, sandyga girip, edil merhumyň tabytda ýatyşy ýaly, arkan ýatyp sandygyň gapysyny hem özi ýapypdyr.

Men geň galyp, Hatyja hanymdan:

— Muňa arçynyň gahary gelmeýärmi? — diýip soradym.

— Arçyn beý gaýta hoşal bolýar. Ol maňa: berekella, Hatyja hanym, ýadyma düşüreniň gowy bolaýdy. Öýümizde-de bir sandyk bar. Eger bezzat garagolluk etse, menem ony şoňa salaryn — diýýär.

— Terbiýäniň gowy usuly eken. Diýmek, mekdepde oglanlar hem bar-da?

— Hawa, birnäçesi bar. Ýöne uly oglanlary Garipler obasyndaky erkekler mekdebine ugradýarys.

— Garipler obasy nirede?

— Hanha, şol gerişleriň aňyrsynda. Seret, agaryp görünýändir.

— Oglanlara ýüregiňiz awanokmy? Olar ol ýere gyşda, gar ýaganda nädýärler?

— Öwrenişipdirler. Ýol batga bolmasa, olar bir sagada ýetmän barýarlar. Ýöne ýagyş ýagyp, batga bolsa ýa tupan tursa, kyn düşýär.

— Ýagşy, näme üçin siz olary bu ýerde okadaňyzok?

— Eýsem, erkekleri zenanlar bilen bile okadyp bolarmy?

— Olar nireden erkek kişi bolýarmyş?

— Eýse, näme, gyzym! Olar eýýäm on iki, on üç ýaşan uly oglanlar ahyryn. — Şeý diýdi-de, Hatyja hanym ýene-de bir zat aýtjak bolup çekinýän ýaly dymdy.

Soň ýüregini bire baglady:

—Aýratyn hem häzir...

— O näme üçin?

— Sen juda ýaşajyk mugallyma... Ine, şonuň üçin, gyzym.

Stambullylar: «Asylly hatyn horazdanam gaçar» diýýärler. Ähtimal, biziň Hatyja hanymymyz hem şolardan bolmaly. Sesimi çykarman işim bilen boluberdim.

Bilim bölüminiň müdiriniň «uly çykdaja galyp» ýygnan mekdep esbaplarynyň ýene wajyp zatlarynyň birem köne, betgelşik partalardy. Geň görmeli! Olar synp otagynyň burçunda üýşürilipdir, hiç kim olardan peýdalanmalydyram öýtmeýän borly.

— Hatyja hanym, näme üçin beýtdiňiz? — diýip gyzyklandym.

— Bulary men däl-de, ozalky mugallym etdi, gyzym. Çagalar partada oturmaga öwrenişmändir. Adam minara ýaly belent ýerde otursa, kellesine bilim girenok. Mugallym partalary çykaryp zyňmaga ejap etdi,sebäbi mekdebe gözegçi ýa-da başlyklaryň biri geläýmegi ahmal. Barybir, täze gelenleri biz birbada partada oturdýardyk. Soň olar okap başlaýarlar welin, aşak, boýranyň üstüne geçirýäris. Hatyja hanymdan özüme kömekleşmegini haýyş etdim. Biz boýralary aýryp, düşektagtany ýuwduk, partalary goýuşdyrdyk welin, mal ýatagy synp otagyna meňzäp ugrady.

Hatyja hanymyň nägiledigi ýüzünden bildirip durdy. Emma garry hatyn garşyma gidip bilmän, diýen zadymyň baryny edýärdi. Otaga serenjam bermegi çaltrak gutarasym gelýärdi.

Entek elimi ýuwmaga-da ýetişmänkäm okuwçy gyzlar gelşip başlady. Gyzjagazlar pukara geýnendi. Olaryň hemmesi diýen ýaly jorapsyzdy, başlary köne, ýyrtyk biz mata bölekleri bilen gaýym daňylgydy. Ýalaňaç aýaklaryna geýen agaç sandallaryny tapyrdadyşyp, olar synpyň gapylarynyň öňüne geldiler-de, aýakgaplaryny çykaryp, bosaganyň öňünde hatarlap goýdular.

Gyzlar meni görüp, tisgindiler, utanyp gapynyň öňünde aýak çekdiler. Olary golaýyma çagyrdym, emma olar eli bilen ýüzüni ýapyp, gapynyň aňyrsynda gizlendiler. Ellerinden tutup, olary otaga zor bilen salmaga mejbur boldum.

Ýanyma gelip, gözlerini ýumdular-da, elimi öpmäge durdular. Zordan gülmän saklandym. Ähtimal, bu obanyň edähedi şeýle bolmaly. Olaryň hersi şapbyldadyp gülkünç ogşaýardylar welin, elim öl-myžžyk boldy.

Gyzlaryň göwnüni galkyndyrjak bolup, olaryň hersine mähirli, ýakymly sözler aýtdym, emma sowallaryma jogap bolmady. Çagalar hötjetlik bilen dymdylar. Gaharlansaň gaharlanybermeli. Esli salym näz-kereşmedir kesirlik edenlerinden soň, barybir, olaryň atlaryny bildim.

— Zöhre...

— Äşe...

— Zöhre...

— Äşe...

— Zöhre...

— Äşe...

Eý, toba, bu obada, gör, näçe, Zöhre bilen Äşe atly gyz bar ekeni!

Bärde gülkünç zat ýok. Birden kelläme bir pikir geldi. Mysal üçin, gözegçi gelip, okuwçylarym bilen tanyşjak bolar. Men derrew: «Synpda dokuz Äşe bilen on iki sany hem Zöhre bar» diýip hasap okaryn. Ýa bolmasa, şeýtseň hem boljak: «Äşeleri otagyň bir tarapynda, Zöhreleri bolsa beýleki tarapynda oturtmaly. Ýa bolmasa... Biz top oýnanymyzda (arakesmelerde okuwçylar üçin bagda dürli oýunlary guramagy ýüregime düwdüm), synpy derrew iki topara bölüp, Äşeler sagda, Zöhreler hem çepde dursunlar!» diýäýmelidi.

Saklanybilmän, öz ýanymdan üýtgeşik pişe tapdym. Täze gyzlar gelende:

— Gyzym, sen Zöhremi ýa Äşe? — diýip soraýardym.

Köplenç sowalym ýerine düşýärdi. Ýumry ýaňaklyja garagözelek gyzjagaz hemmelerden dogumly çykdy. Ol geň galyjylyk bilen ýüzüme bakyp:

— Sen adymy nireden bilýärsiň? — diýip geňirgendi.

Okuwçylarymy partalarda oturdyp, kimiň nirede oturmalydygyny bek bellemeklerini haýyş etdim. Görgüliler aýaklaryny hallanladyp, hersi bir hili otyrdylar. Göwnüňe bolmasa, olar partada dälde, agajyň şahalarynda ýa-da jaýyň erňeginde oturan ýalydy. Münbere tarap ýönelenimde olar menden gözüni aýyrman kirli aýaklaryny ýuwaşjadan aşaklaryna çekýärdiler, olaryň bu bolşy penjelerini çanaklarynyň astyna ýygnaýan pyşdyly ýatladýardy. Nätjek-dä? Kem-kemden öwrenişerler-dä.

Bir zat juda geň galdyrdy: gyzlar aşa utanjaňdy. Olardan, edil oba gelinleri ýaly, ýeke söz aljak gümanyň ýokdy. Okuwçylar kitabyny açan badyna weli, otag gohdan dolýardy. Olar bokurdagyna zor salyp, köplük bolup okamaga endik edipdirler. Synpa täze-täze gyzlar gelip başlady, gykylyk artyp, kelläm hum ýaly çişip ugrady.

— Bular hemişe şeýdip bokurdagyna zor salyp gygyrýarlarmy? Elhepus! Muňa nädip çydaýaňyz? — diýip, Hatyja hanymdan soradym.

Hatyja hanym geň galyjylyk bilen seretdi.

— Elbetde. Eýse, nähili bolsun, gyzym? Bu taýy mekdep ahyryn. Palta urmazdan, agajy ýonup bolýarmy näme? Olar näçe gaty gygyrsalar, sapagy şonça gowy özleşdirýär.

Eýýäm partalaryň bary dolupdy. Mekdebiň ýeke-täk owadan we täze goşy bolan mugallym stoluny güýjümde baryny edip ýumrukladym, şeýdip, çagalaryň sessiz okamalydyklaryny aýtmakçy boldum. Emma maňa üns beren bolmady, hiç kim başyny galdyrmady. Gaýtam, synp örüzilen bal arylary ýaly, öňküden hem beter güwwüldedi: «Äuzubillahi, äbjed, häwwäz, hutti, jim üstünde, je, jim äsra ji!..»*( Köne mekdepde (mollada) okalanynda, elipbiý öwredip başlamagyň usuly.)*

Çagalary täzeden terbiýelejek bolsam, birneme jebir çekmeli boljagyma düşündim. Ýöne yhlasymyň ýerine düşjekdigine hem birjik-de şübhelenmeýärdim. Garry hatyna ýüz tutdum:

— Hatyja hanym, sen bu gün olar bilen öňküleriň ýaly sapak geç. Men synpda tertip-düzgüni ýola goýýançam, sapak geçjek däl.

Hatyja hanym maňa üşerilip garady-da:

— Gyzym, men çagalara görýän zadymy öwredýärin. Biz seniň bilýänleriňi bilmesek nätjek? Sebäbi mugallymçylyk bilimim ýok ahyryn — diýdi.

Ol pahyryň näme diýjek bolandygyna soň düşündim. Ol özüne synagdan geçýändirin öýdüpdir. Garry kempir iki ýüz kuruşyny ýitirerin öýdüp gorkýardy!..

Howanyň açyklygyna garamazdan, gyzlaryň birentegi mekdebe başlary köne örtükli gelipdir. Hatyja hanymdan olaryň muny näme üçin şeýdýändiklerini soradym.

Bu sowal ýene garryny geňirgendirdi.

— Elhepus, gyzym, indi olar uly gyz, gelinlige ýetişen ahyryn. Olara obada başaçyk gezmek bolmaýar.

Toba! Solan güýz güllerine meňzeýän bu on-on iki ýaşly gyzlara neneňsi uly gyz, has beteri ýetişen diýjek? Dogrudanam, nirä geldimkäm?! Bu taýy nähili täsin?!

Ýöne şol bir wagtyň özünde begendimem. Eger bujagaz çagalara ýetişen gyz diýýän bolsalar, meni dagy garry gyz saýarlar, onsoň çaga diýip hiç kim üstümden gülmez...

Mekdebe iň giç gelen oglanlardy. Olar öýde ulular bilen deň hatarda işleýärdiler, guýudan suw çekýärdiler, sygyr sagýardylar, daga odun ýygmaga gidýärdiler...

Hatyja hanym oglanlardan daş işikde garaşmagy haýyş edip, çekinjeňlik bilen maňa ýüzlendi:

— Gyzym, sen ýaglyk atynmagy unudan bolara çemeliň?..

— Eýsem, bu juda zerurmy?

— Hä... Dogrusyny aýtsam, elbetde, zerur. Ýogsa-da bu meniň işim däl... Ýöne başaçyk halda sapak geçmek külli günädir.

Muny bilmeýänligimi boýun almaga utanýardym. Çym-gyzyl bolup, ýalan sözledim:

— Gaýdanymda ýaglygymy öýde galdyrypdyryn... —Ýagşy, gyzym men saňa ýukajyk nah matadan başatgyç beräýerin — diýip, Hatyja hanym aýtdy.

Ol öz külbesine gidip, açylanda jygyldap ses edýän sandygyndan ýaşyl reňkli ýaglyk getirip berdi.

Muňa-da çydamaly boldum.Ýaglygy başyma atdym, Stambulyň köçelerinde ýaşsygan gyzlarynyň edişi ýaly, onuň bir ujuny alkymymyň aşagyndan daňdym.

Daşy gabsaly äpişgeleriň aýnasy ýüz görülýän aýnanyň ornuny tutup biljekdi. Bildirmän onuň ýanyna bardym-da, özümi synlap başladym. Zeýnilere bellenilenimden soň, mugallym hökmünde geýjek eşiklerim barada öňünden aladalanyp ugradym. Meniň pikirimçe, mugallym işde wagty beýleki zenanlaryň geýnişi ýaly geýinmeli däldir. Göz öňünde tutanlarym juda ýönekeýdi: ýaldyrawuk gara setinden tikilen, dyzyňa düşüp duran köýnek, biliňde inçejik gaýyş guşak, onuň aşak ýanynda iki sany kiçijik jübi bolmalydy: olaryň biri elýaglyk, beýlekisi bolsa ýan depderçesi üçin gerekdi. Ak matadan tikilen ýasy ýaka gara köýnege gelşik bermelidi. Uzyn saçy halamokdym, ýöne mugallyma gysga saçly hem bolmaly däl. Saçymy bejertmänime eýýäm bir aý dagy bolupdy, ýöne saçym egnimede ýetmeýärdi.

Ilkinji sapagyma taýýarlanýarkam, hut şeýle hem geýnipdim, hötjet saçym alnyma düşüp durmaz ýaly, ony esli wagt çotga bilen daraşdyrdym.

Hatyja hanymyň beren ýaglygynyň astyndaky saçym çotgany aýyrdygym, dessine dim-dik bolardy, onsoň ýylpyldap duran gara köýnekli şeýle bir bolgusyz, gülkünç görünýärdim welin, gülmän zordan saklanýardym.

***

Indi sizi okuwçy oglanjyklar bilen tanyşdyraýyn, olar zerarly başymy ýaşyl ýaglyk bilen ýapmaly bolupdym.

Ilki bilen, hemişe sandygyň içinde syçan kimin oturyp ýören kiçijik Wehbi. Ol, hakykatdan hem, gülkünç syçanjyga meňzeýärdi: onuň gözi monjuk ýaly ýaldyrar durardy, ýüzi mekirjedi, eňegi çüridi. Wehbi mekdepde iň bezzat çagady.

Oglanlaryň ýene biri pyrlampaç ýaly togalak, garaýagyz arap Jafar agady. Onuň gözleriniň agy, ak dişleri ýaldyrap durdy, çym-gyzyl dodaklary ýylgyranda ýazylyp gidýärdi. Ol adyny ýöne Jafar diýip tutanlara mekdepde jogap bermese-de, köçede şeý diýeni daşlaýardy.

On ýaşly Aşur istihan ýaly hordy, hordan kirli ýüzi mama dişändi.

Synpyň iň üýtgeşik okuwçysy Nafyz Nurudy. Ol ýaňy on ýaşyny doldursa-da, ýüzi ýetmiş ýaşly gojanyňky ýaly gasynlydy. Nurynyň eňeginiň aşagynda uly süýjibaşy bardy, ol ýaňyrak bitip ugrapdy, ýalaňaç boýny ýapragy pürlenen çybyga meňzeşdi, pökgerip duran keselbent gabaklary kirpiksizdi, ýumurtga şekilli kellesi sellelidi. Bir söz bilen aýtsaň, bu elhenç mahlugy pul alyp görkezip ýörmelidi.

***

Şol gün irden Hatyja hanym gonamçylykdan kesip alan uzyn çybyklaryny ýanynda goýup, okuwçylary ýekän-ýekän çagyryp, geçilen dersi sorap ugrady. Biri jogap berip durka, oglanlaryň galany öňküleri ýaly uly goh edip başlaýardy.

Aleksi bajy sapakda galmagalymyzdan biynjalyk bolup ugradygy, inçejik şeme meňzeş sapsary barmaklaryny bir-biriniň içinden geçirägede, açyk mawy gözlerini ýokary dikip, keramatly Bibi Merýem ýaly bolup: «Siz maňa dowzah jebrini çekmäge mejbur edýärsiňiz» diýerdi. Elbetde, synpdaky ähli bitertipliligiň başyny, adatça, Çalyguşy başlaýardy. Ynha, indi onuň özi hem şeýle garagolluklardan jebir çekýärdi.

Başyňy çaşyryp barýan bu gohlaryň soňuna çykmak, okuwçylary sessiz sapak geçmäge, synpda berilýän dersi dykgatly diňlemäge mejbur etmek üçin iki hepde iş edindim.

Nähili hem bolsa, azabym ýerine düşdi. Dogry, ilki günler hernäçe jan etsem-de, çagalara hötde gelip bilmedim. Hatyja hanymyň synpda ulanýan çybyklarynyň ýylanyňka meňzeş sesiniň ýanynda meniň sesim olara ysgynsyz bolup eşidilýärdi... Käte, halys başarmasam, gapa tarap öwrülip:

— Hatyja hanym, ýeteweri — diýip gygyrýardym.

Kempir gözüne urlan ýaly bolup, synpa kürsäp girerdi-de, tertip-düzgüni ýola goýmaga maňa kömekleşerdi.

Ahyrsoňy bu göreşde rüstem çykdym: synp galmagalyny goýdy. Indi çagalar ümsüm oturmagy, adam gepine gulak asmagy öwrenipdiler. Hatda synp näçe gygyrdygyça, sapak şonça gowy özleşdirilýär diýip hasap edýän Hatyja hanymyň hem göwni hoşdy.

Ol aýyn bolmasa:

— Allam alnyňy açyk etsin, gyzym! Kelläm dynç alaýdy — diýip, öwran-öwran gaýtalaýardy.

Emma bu gazanan üstünligimiň bary däldi: çagalaryň has şadyýan, şähdaçyk bolmagyny küýseýärdim. Ýöne köplenç ony başarjagyma ynamym gaçýardy.

Çagalaryň ýüzünde hem obanyň öýleriniňki, köçeleriniňki, mazarystanlygynyňky ýaly hasrat bardy. Olaryň reňki öçen dodaklary gülki diýen zady bilmeýärdi, hereketsiz, gussaly gözlerinde bolsa ölüm hakda pikir doňup galan ýalydy.

Belki, özümem kem-kemden olara meňzäp barýandyryn. Öňler ajal barada düýpden başgaça pikir edýärdim: adam elli, altmyş ýyl, ýagny garrap tapdan düşýänçä işleýär, ylgaýar, dynç alýar. Soňra gözleri süýji uky küýsäp, bürülip ugraýar; şonda ol ak gar ýaly düşegiň üstüne geçýär-de, basmarlap ugran ukynyň ýeňiljek serhoşlygynda ýylgyryp, kem-kemden solup gidýär. Günüň şöhlesine gözüňi deşip gelýän ak mermeriň üsti durşuna gül bolup dur; birküç guş kiçijik çukanaklardan suw içmek üçin daşa gonýar.

Ajal ýadyma düşende, mydam göz öňüme şeýle ýakymly, hatda şatlykly görnüş gelýärdi. Häzir bolsa ajalyň ajysyny topragyň, ödagajynyňdyr serwi agaçlarynyň ysy bilen birlikde ýuwdup, dilim bilen dadyp görýän ýalydym...

***

Çagalaryň beýle gamgyn, tutuk bolmagynda Hatyja hanymyň hem günäsi uludy. Bu biçärede mugallymyň esasy borjy çaga ýüregindäki maddy islegleri basyp ýatyrmaly diýen pikir bardy. Her gezek pursady gelende okuwçylara ölümi ýatladar durardy. Onuň aýtmagyna görä, diwarda asylgy duran birnäçe anatomiýa şekilleri mekdebe hut şol maksat üçin iberilendi. Ol tutuş synpy:

Bu dünýä panydyr, peýany bolmaz,

Ömür geçer durar. Hiç kese galmaz —

— diýen gamgyn hem-de dabaraly dini setirleri okamaga mejbur edýärdi.

Hatyja hanym ynsan istihanynyň şekilini diwardan asyp, okuwçylara ölümiň elhençlikleri, gabyr azaplary hakynda gürrüň berýärdi we:

— Erte biz öleris welin, biziň etimiz çüýrär gider, onsoň birden, ine, şular ýaly, gatan süňkler galar... — diýýärdi.

Garry kempiriň pikiriçe, ähli jetweller şu maksada gönükdirlendi. Mysal üçin, daýhan fermasynyň suraty çekilen ündewsuraty görkezip, ol:

— Bu goýunlary ýaratmak bilen, Alla: «Goý, meniň bendelerim et iýip, maňa ybadat etsinler...» diýermiş. Biz bu goýunlary garnymyza dykýarys. Ýöne Taňrynyň öňündäki borjumyzy berjaý edýärismi? Ýok, etme nirede! Ýöne erte topraga dulanyp, ýanymyzda eli ýalaw ýaly serdesseli Müňkür bilen Nekir*(Müňkür we Nekir — o dünýede adamlardan ýerdäki etmişleri hakynda sorag soraýan perişdeler.)* peýda bolanynda, biz näme diýeris?.. — Şeýle diýip, Hatyja hanym ýene-de ölüm hakyndaky irginsiz gürrüňe başlaýardy.

Hatyja hanym ýylanyň şekili çekilen ündewsuraty bejeriş maksatlary üçin ulanýardy. Ol, hamala, Şahmeran*(Şahmeran — ýylanlar şasy.)* suratdaky ýylanyň garnynda nähoşlaryň adyny ýazanmyş diýýärdi.

Görgüli çagalaryň göwünlerini göterjek, olary güldürjek bolup, etmedik zadym galmady. Emma bar azabym puç bolýardy. Mekdepde arakesmeleri hökmany etdim, her ýarym ýa-da bir sagatdan çagalary baga alyp çykdym. Olara gyzykly, şadyýan oýunlary öwretjek bolup jan etdim. Emma, näme üçindir, çagalar ol oýunlara gyzygmadylar. Şondan soň olary öz erkine goýberdim.

Jebri-jepalary gören uly adamlaryňky ýaly argyn ýüzli, gözleri öçügsi kiçijik gyzjagazlaryň güýmenjeleri bir çüňke ýygnanyşyp, «ajal», «tabyt», «teneşir*(Teneşir — öliniň ýuwulýan stoly.)* » , «Zebani*(Zebani — günä edenlere jeza berýän perişde.)*» , «gabyr» diýen ýaly sözlerden doly gussaly aýdymlary aýdýan ekenler. Aýdymlaryň biri aýratyn-da gorkunçdy. Ony eşidenimde depe saçym üýşdi:

Garakçylar kimin soýarlar seni,

Bir boş tabyda goýarlar seni,

Zalym ölüm, saňa tapylmaz çäre.

Olar sesini sandyradyp uwlaýardylar welin, göz öňümde gölegçiler peýda bolardy.

Okuwçylarymyň köplenç oýnaýan oýunlarynyň biri depin etmekdi. Ony, esasan, nahara çykylýan ýaly arakesmelerde oýnardylar. Ol teatrlaşdyrylan sahna meňzeýärdi. Esasy artistler hem Nafyz Nury bilen arap Jafar agady.

Ozal aýdyşym ýaly, bu obada adama hemişe ajalyň ysy gelip duran kysmydy, aýratyn hem her sagadyň juda ýüregedüşgünç haýal geçýän wagty — gijelerine şeýledi. Şol gijelerine garabasmalara çydaýmak juda çetindi.

Bir gije dagda şagallar uwlaşdy. Men gorkup, aşak, Hatyja hanymyň ýanyna gaçyp bardym. Emma onuň heň ysy aňkap duran, ýerzemine meňzeş otagynyň bosagasyndan ätlän badyma, şagallaryň uwlamasyndan ýüz esse gorkunç zada gözüm düşdi. Garry kempir boýdan-başa ak geýnip, iki ýana yranyp, uzyn tesbilerini sanaýardy, huşsuz ýaly, boguk sesi bilen bir zatlar hümürdeýärdi.

***

Zeýnilerde göwnümden turýan üç zat bardy.

Olaryň birinjisi äpişgämiň aşagyndan akyp geçýän çeşmejikdi, ol üznüksiz şildirdisi bilen ýürekgysgynç ýekeligimi unutdyrýardy.

Ikinjisi kiçijik Wehbidi, Hatyja hanymyň hökmürowanlygy döwründe synp otagynda jezasyny sandygyň içinde oturyp geçiren oglanjykdy. Deňduşlarynyň birine-de meňzemeýän şol bezzady halys

gowy görýärdim. Ol gülkünç peltekleýärdi, ýöne erkin, şadyýan çaga dilinde gürleýärdi. Bir gün Wehbi ýylpyldap duran gözlerini süzüp maňa siňe-siňe seretdi.

— Näme seredýäň, Wehbi? — diýip soradym.

Wehbi asla çekinmän:

— Seniň owadandygyňy! Gel, seni agama alaly, gelnimiz bolarsyň. Agam saňa köwüş, köýnek, darak alyp berer — diýip jogap berdi.

Wehbiniň ähli hereketleri gowudy, olaryň baaryny unaýardym, ýöne ol kes-kelläm maňa boýun bolanokdy. Hatda gaharlanyp gulagyndan ýuwaşja çekip goýbersemem oňa parh etmezdi. Belki, ony gowy görýänligim hem şonuň üçindir.

Wehbiden beýle ýerliksiz sözleri eşidenimde, gaşlarym çytylyp gitdi.

— Heý, öz mugallymyňa-da beýle zat diýmek bolarmy? Ulular eşidäýse, suwuňa degerler!

Wehbi meniň sadalygymyň üstünden gülýän ýaly:

— Näme bolupdyr, eýsem, başga birine şeý diýip bilerinmi? — diýip jogap berdi.

Eý, toba! Bu barmak ýaly çaganyň köpbilmişdigini!

Wehbi bolsa şol erkinligi bilen sözüni dowam etdi:

— Saňa «Stambully gelnejem diýerin...» Saňa kaştan getirerin. Agam boýnuňa altyn monjuk dakar...

— Eýsem, şu çaka çenli ýeňňeň ýokmy?

— Bar. Ýöne ol gara gyz-da. Biz ony Hasan çopana bereris.

— Seniň agaň näme kär edýär?

— Žandarm.

— Onsoň žandarmlar näme işleýär? Wehbi oýlandy-da, kellesini gaşap:

— Kapyrlary öldürýär — diýdi.

Men Wehbiniň buýsançlylygyny, kesirligini, özbaşdaklygyny halaýan. Ol, edil uly adam ýaly, başyny dik tutup gezýär. Sapak wagty bolşunyň gelşiksizdigini ýatladýan welin, Wehbi utanýar, gaharlanýar, ýöne kes-kelläm, düzelesi gelenok. Eger diýenimi gögertjek bolsam, oglan ýüzüme ýigrenç bilen seredýär-de:

— Sen zenan ahyryn... Bu zatlara akylyň çatmaz... — diýýärdi.

Sulhum alýanlarymyň ýene biri kiçijik ýetim gyzdy.

Okuwyň bäşinji günüdi öýdýärin. Synpa göz aýladym welin, birden ýüregim ýarsyp gitdi. Iň soňky partada ýüzi owadandan solgun, saçy aga golaý sarymtyl bir gyzjagaz otyrdy. Ol hünji kimin dişlerini ýylpyldadyp gülümsiräp maňa seredýärdi.

Bu gyzjagaz kimkä? Ol nireden peýda bolduka? Barmagym bilen yşarat edip:

— Hany, bärik gel! — diýdim. Gyzjagaz guş ýaly ýeňil gopup, mekdep döwri bolşum ýaly, bökjekläp ýanyma geldi.

Onuň eşigi örän pukarady. Aýagy ýalaňaçdy, saçlary hüwjükdi, solgun çit köýneginiň ýyrtyklaryndan näzijek ak teni görnüp durdy.

Onuň näzijek ellerini elime alyp:

— Eýjejik gyzjagaz, hany, bäriňe bak! — diýdim.

Gyzjagaz çekinjeňlik bilen başyny galdyrdy, şonda uzyn gür kirpikleriniň astyndan ýyldyrap duran gök gözler maňa gezeldi.

Zeýnilerde başyma düşen hupbatlar, agyr durmuş meni agladyp bilmändi, emma şol pursat özümi ele almadyk bolsam möňňürmegim ahmaldy — ýarym-ýalaňaç gyzjagazyň nurana gözleri, iki hatar hünji dişleridir gyrmyzy dodaklarynyň ýylgyryşy meni şeýle tolgundyrypdy.

Gyzjagazyň ýaňaklaryny sypalap:

— Eýjejigim, seniň adyň Zöhremi ýa Äşe? — diýip soradym.

— Adym Munise, hojanym — diýip, gyzjagaz arassa Stambul şiwesinde mylaýym jogap berdi.

— Sen şu mekdepde okaýarmyň?

— Hawa, hojanym.

— Näme üçin şunça wagtlap okuwa gelmediň?

— Abam*(Aba — «abla» sözüni çaga nädogry aýdýar. Ol bajy diýen many berýär.)* goýbermedi, hojanym. Işimiz çykdy. Indi her gün gelerin.

— Ejeň barmy?

— Abam bar, hojanym.

— Ejeň nirede?

Gyzjagaz jogap bermedi-de, ýüzüni aşak saldy. Özümi oslagsyz ýerden çaganyň ýaraly ýüregine ot basan ýaly duýdum, şonuň üçinem soragymy gaýtalap durman, gürrüňimi başga ýana sowdum:

— Munise, düýn agşamara aýdym aýdan senmi?

Düýn agşam goňşy bagda çaga sesli kimdir biri aýdym aýdýardy. Ses şeýlebir mylaýymdy welin, şu çaka çenli Zeýnilerde beýle ses eşidenim ýadyma düşenokdy, äpişgeden boýnumy uzadyp seretdim, gözlerimi ýumup diň saldym, esli wagt özümi düýpden başga bir ýerde, nätanyş, jadyly bir ýurtda ýaly duýdum.

Hiç kimiň bu aýdymy ýanymdaky gyzjagaz ýaly aýdyp bilmejekdigine indi göz ýetirdim.

— Hawa, mendim, hojanym!

Oňa ýerine geçmäge rugsat berip sapaga girişdim. Näme üçindir, kalbym täzelenip, köňlüme şatlyk, ýüregime baharyň ýakymly howasy aralaşan ýaly boldy. Gyzjagazyň gözleri garda üşäp oturan guş çagajyklaryny Gün şöhlesiniň çoýuşy ýaly, kalbymy ýyladýardy. Sowuk, amatsyz höwürtgede kellesini ganatlarynyň astyna sokup, titräp oturan nähoş Çalyguşa kem-kemden jan girdi, ozalky şähdaçyklygy gaýdyp geldi. Hereketlerim janlanyp, özüme ynamym artdy, hatda birneme alçagrak boldy. Sesim mähirli, şadyýan çykyp ugrady.

Sapak wagty Munisä tarap biygtyýar öwrülýärdim. Olam menden gözüni aýyrmazdy. Onuň dür dişlerini, ýakymly ýylgyryşyny, ogşaýasym gelýän gök gözlerini synlap oturyşyma, ömrümde ilkinji gezek ýüregimde ene söýgüsiniň şatlygyny duýdum.

Wah, meniň hem şular ýaly kiçijik çagam bolsa bolmaýarmy! Indi ýalňyzlykda ýaşamalydym ahyryn. Haýp, bu maňa nesip etjek zat däldi.

Munise barada Hatyja hanym onçakly köp zat aýtmady. Gyzjagazyň aba diýýäni öweý enesi bolup çykdy. Munisäniň kakasy ozal tokaý hojalygynyň emeldary ekeni. Ikinji aýaly Zeýnilerden bolansoň, ol nepaga çykyp, şu ýerde galyberipdir. Onuň aýalynyň jaýy, bir bölek ýeri bardy: üstesinede, olar her aýda on kuruşa golaý nepaga puluny alýan eken.

Hatyja hanyma:

— Seniň gürrüňiňden çen tutsaň, olaryň maşgalasy onçakly garyp bolmaly däl. Onda näme üçin gyza seretmeýärler? — diýdim. Garry kempir gaşyny çytdy:

— Şo seredişlerine-de sag bolsun aýtmaly. Başga bir aýal bolanlygynda bu gyzy köçä zyňyp goýbärdi.

— Näme üçin?

— Gyzym, onuň ejesi ýaramaz aýal. Doly ýadyma düşenok welin, bäş ýyl töweregi mundan öň, ol žandarm serkerdesi bilen gaçyp gitdi. Şol wagtlar Munise bäbejikdi. Soň serkerde ony taşlap, başga bir ýere gitdi. Gyzyň ejesi barada ýakymsyz gürrüňler ýaýrap ugrady, ýaş ýigitler ony daga äkidip, şol ýerde keýp edipdirler. Gepiň keltesi, ol bozuldy ötägitdi.

— Goý, şeýle eken-dä, Hatyja hanym, ýöne bu gyzyň ýazygy näme? Garry kempir başyny ýaýkady. Onuň ýüzi elhenç hyrsyzlandy.

— Dagy nätsinler? Bozuk heleýiň gyzyna ýüpek geýdirsinlermi?

Munise mekdebe her gün gelip bilmeýärdi. Ondan «näme üçin gelmediň?» diýip sorasam: «Abam, kir ýuwdurdy...», «Abam, daga odun çöplemäge iberdi...» diýip jogap bererdi. Beýleki okuwçylar Munisäni halamazdylar, ondan daş durardylar, çemini tapsalar, onuň göwnüne degip, agladardylar. Munda meniň hem az-owlak günäm bardy, çünki bujagaz gyzy gowy görýänimi gizläp bilmeýärdim. Çagalar onuň bilen aýratyn mähirli gürleşýänligimi, bagda ony ýanyma çagyrýanlygymy görýärdiler. Şu-da olary gazaplandyrýardy. Bir gezek arakesmede bagdan Munisäniň aglaýan sesi eşidildi. Onuň:

— Men size näme ýamanlyk etdim? Beýtmäň! — diýip, kimdir birine ýalbarýandygyny eşitdim.

Äpişgeden seretsem, gyzlar çeşmeden owurtlaryna suw alyp, Munisäni kowalaýardylar, yzyndan ýetibem, üstüne pürkýärdiler. Görgülijik ýarymýaş bolup, bagda iki ýana urunýardy, elleri bilen ýüzüni, boýnuny ýapjak bolýardy. Dymma, çekinjeň, tutuk gözli okuwçy gyzlar birden ýaraly jereni yzarlaýan aw itlerine öwrülipdiler. Olar edil gargalaryň awunyň üstünde gagyldaýşy ýaly, gaty gygyryp bökjekleşýärdiler, Munisäniň daşynda pyrlanýardylar, pahyrjygymy kä haýata gysyp, käte-de ýere ýykýardylar, agzyny suwdan dolduryp, onuň ýüzüne, açyk döşüne pürkýärdiler.

Gaharym depäme çykdy. Akylymdan azaşan ýaly bolup, otagdan atylyp çykdym-da, aşak ylgadym. Öte howlugamsoň merduwanyň çüýrän basgançagyny döwüpdirin, ol taýdan wagty bilen aýagymy çykaryp bilmedim. Baga atylyp girenimde başga zada gözüm düşdi. Munisä özi ýaly kiçijik bolsa-da, gujurlydan çakgan hossar tapylypdyr. Ol şol garagol Wehbidi.

Bu dogumly oglanjyk hiç ýadymdan çykmaz. Wehbi çeşme suwunyň akýan hapa çukuryna girip, ördek kimin pažžyldap, Munisäniň göwnüne degýän gyzlaryň üstüne hapa palçyk zyňýardy. Özi hem durşy bilen palçyk bolupdyr weli, sypaty şeýtanjyga meňzeýärdi. Onuň çopan tüýdüginiň sesine meňzeş çirkin sesi gyzlaryňkydan rüstemdi:

— Häýt, gäwürden önenler!.. Munisä degmäň!.. Ýogsam baryňyzy gyraryn!..

Şeýle hüjümden soň, gyzlar yza çekilmäge mejbur boldular. Tapdan düşen Munisäni gujagyma alyp, ony öz otagyma eltdim.

Bujagaz owadanja çagany gujaklap durşuma, başdan geçiren duýgularymy beýan etmek çetin... Kalbymyň töründe gyzgyn çeşme atylyp çykan ýaly, ýüregim tolgundyryjy mähirden doldy. Ol süňňüme ornap, meni ýakymly bir gowşaklyk gurşap aldy, gözüme ýaş aýlanyp, demligim gysyldy.

Beýle geň duýgyny öňem başdan geçiren ýaly boldum. Ýöne haçan?.. Nirede?..

Häzir, şu setirleri ýazyp otyrkam hem, ýüregim ýene atygsap başlady. Geçmişe siňňin göz aýlap, içimi gepledýärin: «Nirede?.. Haçan?..» Megerem, ol bir wagtlar görüp, ýatdan çykyşan köne düýşümiň ýatlamasydyr, çünki bu geň hem düşnüksiz duýguda aň ýeterip bilmeýän bir zadym bardy. Howada gaýyp ýören ýalydym. Gapdalymdan ýapraklar akyp durdy, olar şygyrdap ýüzüme, saçyma degip geçýärdi... Bu duýga nirede duşdumkam? Ýok, ýok, bularyň bary ýöne bir hyýal, durmuşymda hiç haçan beýle zat bolmandy. Beýle duýga ilkinji gezek duçar boldum.

***

Şol gün okuwçylarymy unudyp, diňe Munise bilen boldum: gyzlaryň beren güzaby zerarly jepa çeken ak gül ýaly eýjejik endamyny ýuwdum, ýüpek ýaly saryja saçyny daradym.

Biçäre esli wagt köşeşip bilmedi, dynman aglady. Wah, şol gözýaşlar, göwnüme bolmasa, gyzyň ýaňaklaryndan däl-de, meniň ýaraly ýüregimden syrygýan ýalydy.

Ony kem-kemden köşeşdirdim. Howul-hara köne köýneklerimiň birini gysgaldyp, oňa bolar ýaly etdim. Munise bolsa işe güýmenýärkäm, pişik çagasy ýaly, maňa gysmyljyrap, oýnaklap duran gözleri bilen ýüzüme dikanlap bakýardy.

Durmuş kynçylyklaryna hem adalatsyzlyklaryna juda ir duşan çagalarda bolşy ýaly, Munisede hem uly adamyňka meňzeş häsiýetler bardy. Ol baryýogy birnäçe aý mundan ozal düşünip ugran zatlarymy bireýýäm bilýän ekeni. Üç jigisiniň bar aladasy onuň başyna düşüpdir. Şonda-da öweý enäniň göwnünden turan barmy? Munise görgüli her gün telim gezek taýak iýýär eken.

Bir hepde mundan ozal olaryň bagyna goňşularyň sygry giripdir. Munise ony kowýança, iň körpeje jigisi sallançakdan gaçypdyr. Munuň üçin öweý enesi gyzjagazy gowy ýenjipdir, dölä salyp, daşyndan gulplapdyr, üç günläp gaty çörek gyňagyndan başga zat bermändir.

Munise şirmaýy dek ak bedeninde urgulardan galan sypjyryklary, gök-ala tegmilleri görkezdi.

Saklanybilmän:

— Munise, eýsem, kakaň saňa ýüregi awamaýarmy? — diýip soradym. Gyzjagaz sadalygyma geň galýan ýaly, ýüzüme dikanlap seretdi-de, ýylgyryp:

— Onuňam maňa ýüregi awaýar, meniňem oňa ýüregim awaýar... Ýöne ikimiziňem hiç zadymyz ýog-a.. — diýdi.

Ol şeý diýdi-de, uludan demini aldy, ýagdaýynyň çykgynsyzlygyny nygtajak bolýan ýaly, kiçijik ellerini ýaýdy.. Meniň ýüregim awap gitdi. Munisäni geýindirmekden, gör, nähili lezzet aldym

diýsene! Hamala, gurjak oýnaýan ýalydym. Gyzjagaza çaklaňja el aýnasynda özüni görkezdim. Ol begenjine çym-gyzyl boldy. Onuň gözlerinde gorky bardygyny aňdym. Başgaça bolubam biljek däldi — gök ýüň matadan tikilen kelte köýnek, uzyn gara jorap, iki örüm goýberilen saçyndaky gülgün saçbagy— bularyň bary onuň üçin del zatlardy.

Munisäniň eşiginiň ençeme günläp Zeýnilerde dürli gybata sebäp bolanlygyny soň bilip galdym. Käbiri meniň aladamy halapdyr, ýöne juda köp kişi nägile bolupdyr. Olaryň pikiriçe, ejesi dagda keýp çekýän «ýylan çagasyna» dözmezlik etmeli dälmişim. Beýdip geýinmek günä diýenler hem tapylypdyr, başgalary «beýle bezeg diňe gyzy zaýalar, ol hem ejesiniň ýoluna düşer» diýipdirler. Munise biçärä gülgün saçbagynyň, owadanja gök köýneginiň hözirini görmek uzak miýesser etmedi. Onuň öweý enesi, gör, nämeleri göwnüne getirip, eşigini sandyga salyp goýdy. Iki günden gyzjagaz mekdebe ýene öňki letdesini geýip geldi. Munise mekdebe juda seýrek gelýärdi. Indi üç gün bäri ýene görnenok. Oňa näme bolduka? Ertir kiçijik Wehbiden soraryn.

***

*Zeýniler, 30-njy noýabr.*

Mekdebe gün-günden öwrenişýärdim. Bir wagtlar ugruna seredilmedik synp otagy arassa we päkize keşbe girdi. Maňa ony birneme bezemek hem başartdy.

Ilki-ilkiler maňa wagşyýana hem ýat görnen çagalar indi mährem we ýakyn boldular. Bilmedim, ýa men olara öwrenişipdirin, ýa-da olar ýadawsyz tagallam bilen kem-kemden düzelip ugrapdyrlar. Meniň pikirimçe, bularyň ikisi-de bolmagy mümkin.

Men köp işleýärin. Özem köplenç olar üçin dälde, özüm üçin. Işsizlikdir ýalňyzlygyň döredýän birsyhly gussasyndan gaçyp gutulmak üçin güýjümde baryny edip işleýärin. Şowsuzlyklara uçranymda, ruhdan düşüp duramok. Doňup duran tutuk gözli, çökgün göwünli bu çagalarda durmuşa söýgi, oýlanmaga isleg döredip bilýänligimi duýsam, hezil edip begenýärin.

Käte obadaşlardan kimdir biri myhmançylyga gelip gidýär. Ol adamlar geplemäni juda halamaýarlar we gülmäni düýpden bilenoklar. Belki, olar menden utanýandyrlar ýa-da gaça durýandyrlar. Elbetde, ilkinji günler hernäçe sada geýinmäge çalyşsam-da, olar, barybir, meni juda bezemen hasap edýärdiler we geýnişimi unamaýardylar. Muhtaryň aýaly maňa birnäçe gezek göwne degerlikli duýduryşlar hem etdi.

Men güýjümde baryny edip, daýhanlaryň göwnünden turjak, olara ýaranjak bolýardym. Käbirlerine hat ýazmaga, köýnek tikmäge kömekleşýärdim. Häzir özüm baradaky pikirleriň ep-esli üýtgeýändigini duýýaryn.

Öňňin obanyň arçynynyň aýaly ýene ýanyma gelip gitdi we adamsyndan salam gowşurdy. Muhtar ependi maňa şu zatlary aýtmagy haýyş edipdir: «Men mugallym gyzy ilkinji gezek görenimde, onçakly sulhum almady. Ýöne, Alla şaýatdyr, ol gowy gyz ekeni. Mekdebe örän oňat seredýär. Eger bir müşgil işi çyksa, derrew habar bersin».

Elbetde, men arçynyň aýalyna beýle garaşylmadyk alada we merhemet üçin hoşallyk bildirdim.

Bu ýerde meni sulhy alýan we ýygy-ýygydan ýanyma gelip gidýän ýene bir hatyraly şahsyýet bardy, olam obanyň göbegenesi Näzife Mollady. Ady Zöhre-de, Äşe-de bolmansoň, ony başga ýerlimikä diýýärin, onuň juda geplemsekligi hem muny tassyklap dur.

Men hiç kimden hiç zady soramazlyga çalyşýardym. Çünki özümi gybat gözläp ýören hasap etmeklerinden çekinýärdim. Ýöne obada bolup geçýän täsin we gyzykly zatlaryň baryny maňa ebehanymyň*(Ebe — göbegene.)* özi gürrüň berýärdi. Ol özboluşly ugurtapyjylykdan we sypaýyçylykdan

mahrum däldi. Bir gezek ol maňa Munisäniň ejesi barada örän geçirimlilik, hatda gynanç bilen gürrüň berdi. Ol gürrüňimizi biri eşider öýdüp ýaýdanýan ýaly, pyşyrdap gürleýärdi, ýogsam otagda ikimizden başga hiç kim ýokdy. Sözüniň ahyrynda bolsa ol başyny ýaýkap, şeýle diýdi:

— Günä onuň bihepbe adamsynda. Aýalynyň ýazygy üçin günäni äriniň özi çekmeli. Ýöne, gyzym, meniň aýdanlarymy hiç kime gürrüň beräýmegin. Munuň üçin bu ýerde adamy daşlamakdanam gaýdýan däldirler.

Nazife hanymyň Hafyz*(Hafyz — Gurhany boýdan-başa ýat bilýän adam.)* adyny alan bir ogly bar. Häzir ol B. diýen ýere oraza aýynda pitre ýygnamaga gidipmiş. Işi ugruna bolara çemeli, çünki ol häzire çenli-hä gaýdyp gelenok. Nazife hanym, Alla ýol berse, şu ýyl öz dogmasyny öýermekçi bolup ýören eken. Pursat boldugy, ol maňa köp manyly we umydygär gözlerini gypyp, Hafyzy öwýärdi. Beýle diýildigi, käbir şertleri berjaý edip bilsem, meniň Hafyz ependiniň ýanýoldaşy bolmak hormatyna mynasyp bolaýmagym hem ahmal diýildigidi.

Bir söz bilen aýtsam, Nafize Molla içimi gysdyranokdy.

Ynha, şu günem ir bilen gelipdir-de, menden möwlud okap bilýänimi-bilmeýänimi sorady. Görüp otursam, ýakynda obada toý boljakmyş-da, Zeýnilerde saz deregine möwlud okaýar ekenler. Men gülmän saklanjak bolup, hyrçymy dişledim we:

— Okamasyna-ha okaýan welin, ebe hanym, meniň sesimiň ugry ýok — diýdim.

Nazife hanym gynanan kişi boldy we öňki mugallymalaryň biriniň möwludy juda gowy okap, pul baryny gazanandygyny aýtdy.

Emma ebe hanymyň şu günki gelmeginiň esasy maksady başgady. Durmuşa çykarylýan gyz örän garyp ekeni. Goňşulary sahawatly bir iş etmek üçin oňa birnäçe gap-çanak bilen ýorgan-düşekden ybarat şaý-seplik ýygnamagy ýüreklerine düwüpdirler. Daýhanlar menden toý bezegi hökmünde köne köýnek almakçy bolýan ekenler. Görüp otursam, o gyz meniň üçin ýat gyz däl ekeni, ol meniň okuwçylarymyň biri ekeni. Bu habar meni aňk-taňk etdi.

— Ýöne meniň okuwçylarymyň arasynda gelinlik gyz ýok ahyryn, ebe hanym. Olaryň iň ulusy ýaňy on iki ýaşynda ahyryn.

Nazife hanym hezil edip güldi.

— Eý, Allam, gyzym, eýsem, on iki ýaş azmydyr? Durmuşa çykaranlarynda on bäş ýaşymda ekenim, şonuň üçin meni garry gyz saýypdyrlar. Dogry, häzir köne adatlar ýatyryldy, ýöne ýetim görgüliniň hossary bolmasa nätjek? Köçede galan pahyr diýse-de boljak. Bizde Mehmet çopan diýen bir kişi bar. Ol gyzy şoňa berýäris. Her näme diýseňem, ol gyz iýjek bir döwüm çöregini tapar.

— Onsoň, ol gyz kim bolmaly, ebe hanym?

— Zöhre...

Meniň synpymda Zöhre atly alty ýa ýedi gyz bardy. Şonuň üçin bu jogapdan hiç zada düşünmedim. Ýöne Nafize Molla Mehmet çopana çykýanyň haýsy Zöhredigini düşündireninde, duran ýerimde doňup galdym. Gyzjagaz kemakyldy, üstesine, örän bedroýdy. Düýşüňe girse, ýüregiň ýaryljakdy. Ol hyna urlana meňzeýän hüwjük saçlydy, bal mumy dek reňksiz ýüzi menekden doludy, pessejik maňlaýynyň astyndan görünýän gözleri möledi. Onuň bilen ilkinji gezek tanyşanymda, akylynyň ýerinde däldigini aňypdym. Ol synpda düýpden gürlemeýärdi, diňe bir zat sorajak ýa-da sapagyny okajak bolanynda, birden ýüregiňi endirediji çirkin sesini edip, gygyrmaga durardy.

Bir düşünip bilmeýän zadym, hasap sapagy boýunça-da, bir zady ýat beklemeli bolsa-da, Zöhre mekdepde ilkinji okuwçydy. Synpda-da, bagda-da ol özüni çetde tutardy we tabytdyr teneşirler baradaky «şadyýan» dini aýdym aýdyşlyklara we şoňa meňzeşlere gatnaşmazdy. Zöhräniň juda gowy görýän, meni bolsa galan okuwçylarymyň ählisiniň oýunlaryndan has beter eýmendirýän öz oýny bardy. Ol bagyň ortarasynda aýak çekerdi we göwnüňe bolmasa, asmandan gelýän sese gulak salardy, soňra gözlerini mölerdip, edil semawaryň pyşşyldaýşy ýaly pyşşyldap, geň we ýakymsyz ses çykarardy. Soňra ol däli-perişan bolup ugraýardy. Mor saçlary syh-syh galýardy, dodaklarynda ak köpürjik peýda bolýardy. Bujagaz gyz uly gykylyk turzup, bir duran ýerinde pyrlanyp başlaýardy.

Munuň oýundygy şübhesizdi. Näme üçindigini bilemok welin, onuň elhenç bökjeklemesine syn edenimde, meni galpyldy gurşap alýardy. Indi bolsa ebe hanym Zöhräniň çopanyň aýaly bolmalydygyny gürrüň berýär we men: «Eý, toba, ol bu oýny nika gyýylýan gün adamsyna-da görkezmekçi bolaýsa, nähili bolarka? Onda Mehmet çopanyň dat gününe!» diýip, içimi gepledýärdim. Nazife Molla çykyp gideninde, men ýene bir köýnegimi ýyrtyp, Zöhre üçin toý lybasyny tikmäge girişdim. Dagy nädeýin? Mehmet çopanyň ilkinji gije başyny alyp gaçyp gitmezligi üçin, bagtygara gyzjagazy iň bolmanda azajyk bezän bolmalydy.

*Zeýniler, 1-nji dekabr.*

Öten agşam arçynlaryň öýünde toý tutdular. Zöhre Mehmet çopana durmuşa çykdy. Mehmediň göwnüni açmak üçin meýdançada surnaýlar çalnyp, deprekler kakyldy, pälwanlar göreş tutdular. Gelin-gyzlar hem möwlud okalan ýerde hyna gijesini*(Hyna gijesi — zenanlaryň toý wagty ýa-da köplenç toýdan iki gün öň guraýan dabaraly agşamy.)* guradylar.

Gelne peşgeş beren toý köýnegimi gojalar «juda Ýewropa kysmy tikilen geýim» gördüler. Ondanmundan gulagyma: «... ertir o dünýäde», «Müňkür... Nekir...», «... otly serdesse...» diýen ýaly gepler gelip ugrady. Emma oba gelinleriniň welin, gözi gidýärdi. Olaryň arasynda gelniň ornunda bolasy gelýänler-de bar ýalydy.

Agşam biraz dynç aldym. Arçynyň aýaly ajaýyp hezzet taýýarlapdyr. «Meýlis» wagty edilen gürrüňden çen tutsaň, bu çykdajylar diňe bir Zöhre üçin däl-de, eýsem, «stambully mugallym gyzyň» gözüni gapmak üçin edilipdir.

Gelni Mehmet çopana tabşyrmazdan ozal gülkünç bir dabara — el öpme dessury boldy. Utanjaň oba oglanynyň gözüni ýumup öpýän elleriniň arasynda meniňkem bardy. Munuň sebäbem, mugallymlygym üçin däl-de, meni gyzyň ejesi ýaly saýýandyklary üçindi.

Dabara wagty gülkünç bir waka boldy, oňa hiç kim üns bermedigem bolsa, men ony ömrülla ýadymdan çykarman. Ýaşy bir çene baran aýallaryň bäş-altysy, arçynyň aýaly, Nazife Molla hem uzyn düşekçede ýanaşyk otyrdylar. Men entek olaryňky ýaly oturybilemokdym, şonuň üçinem pejiň gapdalyndaky içi geýim-gejimli sandykda otyrdym.

Ýerden başyny galdyrybilmeýän Mehmet çopan ilki meni görmedi. Onýança ebe hanym eli bilen görkezip, oňa:

— Mehmet, oglum, mugallymyň hem elini öp — diýdi.

Çopan ýaýdanjyrap ýanyma geldi. Agras sypata girip elimi uzatdym. Emma neresse barmaklaryma eli degen dessine elini aýyrdy, olaryň ynsanyňkydygyna ynanmaýan ýaly, gözlerini samsyklaç mölertdi! Gülmän zordan saklandym-da:

— Öpüber, oglum... — diýdim.

Neresse ýene-de elimden ýapyşdy-da, utanjam unudyp, başyny galdyrdy. Gözi gözüme kaklyşdy. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, şol pursatda pejiň ody tutaşyp, ýüzümi ýagtyldyp gitdi. Çopan gülýänligimi gördi. Beýle gülkünç, beýle aljyraňňy keşbi ömrümde görmändim! El öpmek dabarasy sowlandan soň, öýlenýän ýigidi gelniň oturan otagyna alyp gitdiler. Zöhre täze köýnek geýnip, öz elim bilen saçyna timar beremsoň, biraz owadanlaşan ýaly bolupdyr. Emma bu ýeriň adatyna görä, oňa duwak*(Duwak — perde, gelniň atynýan, öýlenýän ýigidiň nika gijesi aýyrýan başatgyjy)* atmadylarda, ýaşyl atlas halta ýaly zada saldylar. Onuň Mehmet çopana nähili täsir edendigini görübilmän galdym.

*Zeýniler, 15-nji dekabr.*

Bu gün ir bilen oýananymda bir üýtgeşiklik duýdum, nämedir bir zat ýetmeýän ýalydy. Pikirlenip, oýlanyp ugradym, ahyry hem bildim... Bagda gijelerine gamgyn hüwdi aýdýan kibi, äpişgäniň aşagyndan şildiräp akýan çeşmäniň sesi gelenokdy.

Ýerimden turdum-da, äpişgäniň gapylaryny açjak boldum, ýöne başarmadym. Güýjümde barryny edip silterledim. Yşlardan ak zat dökülip başlady...

Gije gar ýagan ekeni. Zeýniler obasy tanar ýaly bolmandyr.

Hatyja hanym bu ýerde gar ýagsa, eremän aprele çenli ýatýanlygyny aýdypdy. Gowudygyny! Baglaryň ýapraklary-da garamtyl görünýän içgysgynç, tukat bu ýerde bahar gyşda gelýän eken-ä. Gary gaty gowy görýärin — ol bahar aýlary açylýan badam güllerini ýada salýar. Çaga wagtym hiç hili baýramçylyk şagalaňlary meniň üçin bagda päkize, akja ýumşak garda togalanmakdan öňe geçmeýärdi. Onsoňam... Ýigrenýänleriňden ar almaga, gör, näçe pursat bolýar! Mekdebimizde bir gyz okardy, biz onuň bilen tersdik. Ol gardan öler ýaly gorkýardy. Oňa duýdansyz topulyp, örme keltekçe inçejik näzik boýnuny berk gysyp duran ýakasyndan bir penje gar goýbererdim. Onuň aýazdan ýaňa gömgök bolan dodaklary titreýärdi, ýüzi üýtgäp gidýärdi, menem heşelle kakardym.

*Zeýniler, 17-nji dekabr.*

Garyň şol ýagyp durşudy. Zeýnileri gar basyp, ýollar kesildi. Okuwçylarymyň birentegi mekdebe aşyp bilmeýärler.

Bu gün durmuşymda iň ajy, iň gamly gün boldy. Ir bilen gyzlar ýowuz bir habar getirdiler. Ir agşam Munise nämedir bir zat edip, abasynyň gaharyny getiripdir. Öweý ene ýanyp duran töňňe alyp, onuň üstüne topulypdyr, onsoň gyzjagaz äpişgeden böküpdir. Ata-enesi gyz gije beýle syrgynda köp durup bilmez, bahym geler, ötünç sorar diýip, pikir edipdirler. Esli wagt geçse-de, gyz gelmändir. Goňşulara habar beripdirler. Oba oglanlary elleri çöp çyraly köçelere aýlanyp çykypdyrlar, emma gyzy tapmandyrlar.

Munise pahyrjyga ony halamaýan gyzlaryň hem ýüregi awaýardy. Şu gün agşama deňiç obanyň ähli künjekleri agtaryldy. Muhtar ependi Munisäni gowy görýänligimi bilip, gözlegiň netije bermänligini habar bermek üçin günüň dowamynda Wehbijigi telim gezek ýanyma ibererdi.

Bu gün Wehbi uly adam ýaly lapykeç hem agras göründi. Ol sowukdan ýaňa göm-gök bolan aýasyny görkezip, ellerini gerdi-de:

— Biçäre ýitendir. Ony möjekler iýen bolaýmasa — diýdi.

Agşama çenli Wehbiniň şübhesi ululara-da geçdi. Daýhanlar: «Bu howada çaga başga oba gidip bilmez. Ol ýa garyň astynda doňup galandyr ýa-da möjeklere şam bolandyr» diýýärdiler.

Adam saýgartmaýan gar syrgynynyň üstüne gije gara duman bolup ineninde ýüregime umytsyzlykdyr lapykeçlik aralaşdy. Durmuş zalymlykdyr adalatsyzlykdan doly diýýän adamlar bilen ilkinji gezek ylalaşdym, ilkinji gezek ondan naladym. Ýüregim awap, demligim gysylypdy, ýüzüm laplap gyzýardy. Irgözünden ýerime geçdim. Yşyga gözüm agyransoň çyrany öçürdim.

Äpişgäniň aňyrsynda tupan barha güýçlenýärdi. Onuň batly zarbalaryndan äpişgeleriň gapylary yrgyldaýardy.

Biçäre gyzjagazym bu wagt nirede ýatyrka?.. Haýsy tümlükde ýykylyp galanyny bilýän barmy? Onuň ýüpek saçy göz öňüme geldi, ol sowuk şemala, ýapraga düşýän Aý yşygy ýaly, ykjap durdy.

***

Näçe wagt geçenligini bilemok. Şeýle pursatlarda adam wagtyň nähili geçenini bilmeýän eken. Birden göwnüme biri aşakdan — mazarlyk tarapdan gapyny dyrnaçaklaýan ýaly boldy. Bu nämekä? Şemalmy? Ýok, şemal-a meňzänok. Tirsegime galyp, diňşirgendim. Gijäniň tümlüginde gulagyma güňleç bir ses gelen ýaly boldy. Düşegimden syçrap turdum-da, egnime ýaglygymy atynyp, aşak Hatyja hanymyňka düşdüm. Kempir hem iňňildini eşidipdir-de, eli şemli dälize çykan ekeni. Biz derwezäniň sokmasyny süýşürmäge ýürek etmedik. Üstesine, gapynyň aňyrsy imisalalykdy. Hatyja hanym gödeňsi sesi bilen:

— Kimsiň? — diýip gygyrdy. Jogap beren bolmady. Garry kempir ýene bir gezek gygyrdy. Onýança, biz şemalyň uwwuldysynyň arasyndan ýene ysgynsyz iňňildini eşitdik.

— Kimsiň? — diýip, Hatyja hanym ýene haýkyrdy. Ýöne eýýäm ol sesi tanapdym.

— Munise! — diýip gygyrdym-da, derrew demir sokmany açdym.

Gapy açylan badyna garly sowuk şemal içerik doldy. Hatyja hanymyň şemi öçdi. Garaňkylykda buz ýaly sowuk göwrejik göni elime ýykyldy. Hatyja hanym şemi ýakýança, Munisäni bagryma basyp, ses edip agladym. Gyzjagaz elimde özüni bilmän ýatyrdy. Ysgynmydarsyzdy. Ýüzi gök-dalakdy, saçy buýr-bulaşykdy, köýnegi durşuna gardy... Munisäniň egin-eşiklerini çykaryp, öz düşegimde ýatyrdym.

Hatyja hanymyň mangalynda gyzdyran bir bölek pamazy mata bilen gyzyň bedenini süpürip ugradym.

Gyzjagazyň gözüni açyp, ilkinji diýen sözi:

— Bir döwümjik nan...—boldy.

Bagtymyza, azajyk süýdümiz bar ekeni. Biz ony gyzdyryp, çagany çemçe bilen naharladyk. Kem-kemden Munisäniň ýüzüne gan inip, gözleri nurlanyp ugrady. Ol yzyny üzmän sojaýardy, gözlerinden boýur-boýur ýaş dökýärdi. Biçäre çaganyň gözlerindäki hoşallygy diýsene! Dünýäde adamlara dynnym ýaly ýagşylyk edeniňi duýmak ýaly ajap duýgy ýok bolsa gerek!

Garaňky otagjygym tupanyň zarbasyna heläkçilige uçran gämi kimin çaýkanyp durdy. Emma häzir peçden çykýan oduň gyzyl yşygyna ol birden oňaýly, bagtly höwürtge bolup göründi welin, birneme öňräk durmuşdan nadyl bolanlygyma utandym.

Ahyrsoňy gyzjagaz gürläp başlady. Eljagazlaryny goltugyma sokup, gözlerime seredip, sowallaryma haýaljakdan jogap berýärdi. Öten agşam öweý enesi erbet gorkuzanynda, Munise öýden çykyp, obanyň çetindäki samanhanada gizlenipdir. Saman edil ýorganyň içi ýaly ýyljajyk ekeni. Emma ertesi ir bilen gyzjagaz gaty ajygypdyr. Gyzjagaz samanhanadan çykdygy tutulyp öýüne eltiljegini

bilip, garaňkynyň düşerine garaşmagy ýüregine düwüpdir. Munisäniň bar umydy men ekeni, ol uzynly gün: «Mugallym hökman naharlar» diýip, özüni köşeşdiripdir.

Birden gyzjagazyň ýanyp duran gözleriniň öçügsilenip ugrandygyny, duşuşyk lezzetiniň, şadyýanlygyň zym uçan ýaly bolanyna gözüm düşdi. Sebäbini sorap durmadym. Meni-de gorky gaplap aldy, çünki ertir irden Munise öýlerine barmalydy. Kalbymda kiçijik umyt hem ýokdy diýip biljek däl. Käte ýüregimizde hasyl bolaýmaly ýaly bolup görünýän ajap arzuwlar bolýar.

Munisäni ünjä goýmajak bolup, Hatyja hanyma ýuwaşja ýüz tutdum.

— Eger halamaýan bolsalar, ata-enesi ony maňa gyzlyga bermäge razy bolmazlarmyka? Meniňem dünýäde hiç kimim ýok. Ony öz perzendim ýaly eý görjekdigime ant içýärin. Belki, bererler?

Göýä, arzuwymyň hasyl bolmagy garry kempiriň aýtjak zadyna bagly ýaly, sandyrap duran ellerimi oňa uzatdym.

Hatyja hanym peçden gözüni aýyrman oýlandy, soň ýuwaşjadan başyny atyp:

— Ýogsamam, kem-ä bolmazdy. Ertir arçyn bilen maslahatlaşyp göreýin. Eger ol razy bolsa, gyzyň kakasyny hem yrarys. Belki, diýeniň bolar — diýdi. Ömrümde şeýle ajap, şeýle umytly sözleri eşidenim hiç wagt ýadyma düşenok. Sesimi çykarman, Munisäni bagryma basdym. Gyzjagaz ellerimi taýly gezek ogşady hemem aglap durşuna:

— Ejem jan, ejem jan! — diýip pyşyrdady.

***

Şulary ýazyp otyrkam, Munise düşegimde ýatyrdy. Peçde lowlap duran oduň yşyjaklary onuň saryja saçynda oýnaýardy. Gyzjagaz agyr dem alyp üsgürýärdi.

Eý, Hudaý, eger beräýseler, gör, nähili bagtly bolardym! Şonda gijäniň garaňkylygyndan hem, tupandan hem, garyplykdan hem gorkmazdym. Ony terbiýelärin, bagtly ederin. Bir wagtlar özümem şeýle arzuw edipdim, ýöne beýleki çagalaryň pikirini edipdim... Emma bir gün agşamaralar olaryň bary birbada ýüregimde ölüp gitdi.

Men ýene-de durmuş bilen ylalaşdym, ýenede älem-jahany söýüp ugradym. Kamran şol agşam ýüregimde dulanan şol biçäre çagalary sen öldüripdiň ahyryn. Ýöne indi seni öňkim ýaly ýigrenemok.

***

*Zeýniler, 18-nji dekabr.*

Bu gije ýene çirim edip bilmesem gerek. Bagtyýarlara-da gije hassalaryňky ýaly uzak görünýär...

Ertesi ir bilen Hatyja hanym bilen arçynyň ýanyna ugradyk. Garry meni ýanyna Munise baradaky täzelikleri bilmek üçin gelendir öýdüp, derrew köşeşdirmäge başlady.

— Häzirlikçe-hä tapylanok, ýöne men umydymy üzemok... Ýene kä ýerleri gözläp göreris... Goja gije bolan wakany gürrüň berdim. Ýüregim elenýärdi, gözüm garaňkyraýardy. Sözümiň ahyrynda bolmajak zat soraýan ýaly, ellerimi döşümde goýup samradym:

— Bu gyzjagazy maňa beräýiň... Oňa ýüregimden ýer bererin. Ol meniň çagam bolar! Siz ol biçäräniň öweý enesiniň öýünde saralyp-solup barýanyny görýäňiz ahyryn... Muhtar ependi gözlerini ýumup, içini gepletdi, sakgalyny sypalady.

Ahyrsoňy ol:

— Bolýar, gyzym. Şeýtseň, hakykatdan hem, sogap iş edersiň — diýdi.

— Diýmek, siz maňa Munisäni berýäňiz-dä?!

— Dört çagany eklemek onuň kakasyna kyn düşýär, ol bermeli bolar. Ahyr bolmasa, biz oňa bäş-üç kuruş pul bereris-dä...

Şol wagt begenjimden däliremänime şükür. Arzuwym beýle aňsat hasyl bolar öýdüp, otursam-tursam oýlanýarmydym näme?.. Göwnelmedik halatynda näme diýjegime jogap gözläp, olaryň ýüreklerini ýumşadaýjak söz taýýarlap, uzynly gije ýatmandym. Eger bu-da kömek etmese, ejemden galan birnäçe gymmat bahaly zatlardan geçmäge-de taýyndym. Eýsem, olary mundan haýyrly nämä ulanjak?.. Şeýtsem kiçijik biçäre ýesirjigi halas edip biljekdim. Muňa hiç hili zerurlygam ýok ekeni. Janlyja gurjagy peşgeş berýän ýaly, Munisäni berdiler oturyberdiler.

Her kimiň bir geň häsiýeti bolýar. Bir zada gaty begenen, bagtyýar wagtym duýgularymy söz bilen beýan edip bilemok. Derrew ýanymdaky adamyň boýnuna bökesim, ony öpesim, gujaklasym gelýär. Arçyn ependi hem şeýle ýagdaýa düşäýmelidi welin, ýöne ýygyrt-ýygyrt bolup duran ellerini ogşap oňdum.

Iki sagatdan arçyn mekdebe, ýanyma Munisäniň kakasyny alyp geldi. Ony birehim, ýowuz ýüzli ýakymsyz adam ýaly göz öňüne getirýärdim, ýöne ol biçäre, keselbent goja ekeni.

Özüniň Stambuldandygyny, ýöne, ynha, kyrk ýyl töweregi watanynda bolmanlygyny aýtdy. Saryýer, Aksaraý barada, bir wagtlar gören düşnüksiz düýşüni ýatlaýan ýaly, ynamsyz gürrüň berdi. Munisäni maňa bermäge razy boldy, ýöne gyzyndan aýrylyşmagyň oňa agyr degýändigi görnüp durdy. Gyzyň bagtly bolmagy üçin zadymy gaýgyrmajakdygyma wada berdim, siz hemişe duşuşyp durarsyňyz — diýdim.

***

Zeýnileriň pukara, tukat mekdebi düýbi tutulaly bäri şeýle şatlykly baýramy görmändigini anyk bilýärin.

Munise ikimiz begenjimize tas däliräpdik, şatlykdan ýaňa otagymyza sygmadyk. Niredendir ýokardan bir ýerden hem şadyýan hysyrdy, jürrüldi eşidildi. Ähtimal, biziň gülkimiz üçegiň gyralarynda irkilişip oturan serçeleri hem örüzen bolara çemeli. Munise kiçijik bir hanyma döndi. Özümiň geýmeýän gyzyl pamazy köýnegimi biraz gysgaltdym welin, bezemen çaga lybasyna öwrüläýdi. Şu lybasda Munise (nädip aýtjagymy hem bilemok!) şokoladly süýjä — agzyňa düşdügi eräp gidýän süýjä meňzeşdi. Düýnküsi ýaly güýçli bolmasa-da, gar henizem ýagyp durdy. Agşamaralar Munise bilen baga çykdym. Biz kowalaşyp, tä Hatyja hanym Zeýni baba şem ýakýança, mazar daşlarynyň arasynda gar zyňyşyp oýnadyk. Biziň şatlygymyz bu garry kempiriň gyňyr ýüzünde hem mylaýym ýylgyryş döretdi.

— Gaýdyň, öýe giriň, besdir. Üşärsiňiz-de, nähoşlarsyňyz...

Üşemek diýýäňizmi? Kalbynda Gün şöhle saçyp durka, heý, adam üşärmi?

Şol gün agşam asman maňa günbatardan gündogara şaha ýaýyp oturan, ýuwaşja yranyp, üstüme ak güller seçýän ägirt uly žasmin agajy bolup göründi.

***

Zeýniler, 30-njy dekabr.

Munise ikimiz diýseň ysnyşdyk! Bu kiçijik gyzjagaz sapakdan boş wagtymyň baryny alýar. Oňa bilýän zatlarymyň ählisini öwredesim gelýär. Her gün birnäçe sagat fransuz dilinden sapak geçýäris. Käte gapyny, äpişgeleri ykjam ýapyp, oňa tans etmäni hem öwredýärin. Eger muny oba biläýse, üstümize daş ýagdyrardylar!..

Käte öz üstümden gülesim gelýär.

— Çalyguşy, sen Munisä ähli zady öwretjek bolup, Hudaý gorawersin, ony Hajy kalfanyň ogly Mirada öwüräýme — diýýärin.

Pukaraja daýhan birden asylly maşgaladan çykan gyzjagaza öwrüldi oturyberdi. Onuň her sözi, her hereketi nepisdi. Ilki-ilkiler muňa haýran galardym, näme üçin beýledigine indi düşündim: çakym çak bolsa, Munisäniň ejesi, aýdyşlary ýaly, beýle bir bolgusyz däl bolmaly. Gyzjagaz maňa çäksiz minnetdardy. Käte ýanyma gelýärdi-de, ellerimi aýasyna alyp ýüzüne, dodaklaryna degrerdi, şonda Munisäniň eýjejik ellerini tutup, barmajyklaryny ýekän-ýekän öperdim. Biçäre gyzjagaz ony ýanyma alyp, men özümi pida edendir öýdýär. Aslynd-a, onuň maňa ýagşylyk edendigine weli, ol nädip düşünsin!

***

Käte aramyzda geň gürrüňler hem bolýar. Bile ýaşap başlanymyzyň ikinji güni oňa:

— Munise, isleseň, sen maňa eje diýäý. Şeýtseň, has gowy bolar — diýdim.

Gyzjagaz mähirli ýylgyrdy-da, ýüzüme bakdy.

— Eýsem, şeýtsem bolarmy, abajygym?

— Bolman näme? — Abajygym, seň özüňem entek kiçijik ahyryn. Onsoň neneň edip eje diýeýin?

Onuň bu sözleri çetime degdi. Barmagymy çommaldyp, oňa:

— Ah, sen garagol! O nähili kiçijik bolýaryn? Men eýýäm zenan maşgala, ýigrimi ýaşadym — diýdim.

Munise maňa seredip, ýylgyrdy-da, diliniň ujuny dişledi.

— Eýse, ýalanmy? Eýsem, men uly zenan dälmi näme?

Gyzjagaz hyrçyny dişläp, çagalara meňzemeýän agraslyk bilen:

— Abajygym, sen menden onçakly uly däl ahyryn. On dört, on bäş ýaşyňdasyň-da — diýip jogap berdi.

Men durup bilmän güldüm. Munise dogumlandy-da, birneme uýalyp:

— Sen, abajygym, durmuşa çykarsyň. Menem saçyň iki tarapyna zer sapaklar örerin. Olam edil özüň ýaly owadan bolar — diýdi.

Elim bilen gyzyň agzyny tutup:

— Eger ýene şeýle zat aýdaýsaň, diliňi keserin — diýip haýbat atdym.

***

Gyzjagazym bezenmäni gowy görýär, ol hatda näzirgänem bolýar. Näz-kereşmeli zenanlary hiç halamazdym, ýöne, ynha, indi Munisäniň aýnanyň öňünde özüne timar berşine, öz-özüne ýylgyryp bakyşyna seretmekden lezzet alýardym.

Düýn bolsa ony eli ýanan otluçöpli tutdum: näzlije gyz gaşyna sürme çaljak bolýar ekeni. Gülkünç-dä ...Ony nireden öwrenenliginem bilemok! Häzir-ä howply däl welin, ýöne soň, birnäçe ýyldan uly gyz çykyp, birini söýüp, durmuşa çykansoň näme boljagy belli däldi. Bu barada-da pikirlenmelidim, eneleriň ählisiniň çagalaryny alada edişi ýaly, menem tolgunyp başlaýardym, şol bir wagtyň özünde-de nämedir bir zada begenýärdimem.

Düýn Munise utanjyndan gyzaryp, çekinjeňlik bilen bir haýyş etdi: öz saçynyň hem meniňki ýaly örülmegini isläpdir.

Gyzjagazym bilen, edil gurjak oýnaýan ýaly, oýnamakdan lezzet alýardym. Ony dyzymda oturdyp, saçynyň örümini çözläp, darap, öz isleýşi ýaly etdim.

Munise tekjäniň üstündäki kiçijik aýnany aldy-da, oňa seretdi.

— Eziz abajygym, bäri gel. Bileje durup, aýna seredeli-le...

Biz surat alýan guralyň öňünde iki doganyň gysmyljyrap durşy ýaly, aýna bakyp, biri-birimize dilimizi görkezýärdik-de, gülüşýärdik... Wah, öçügsi ak nurana ýüzjagazdaky mawyja gözleri diýsene! Göwnüme Munise perişde ýaly owadandy.

Ýöne gyzjagaz deňeşdirmämden närazy boldy. Ol burnumy, dodaklarymy elleşdirip, uludan dem aldy:

— Wah, abajygym, beýle däl-dä... Men saňa meňzeş däl-ä...

— Ol-a has gowy, balam. — Abajygym, nämesi gowy? Men sen ýaly owadan däl ahyryn...

Ol maňa öňküden hem beter gysmyljyradyda, kiçijik eljagazy bilen ýaňagymdan sypady.

— Abajygym, seniňki deri däl, duranja bir mahmalyň bor-a! Onda ýüzüň aýnada görnen ýaly bolup dur.

Bu täsin gyzjagazyň geplerine gülkim tutdy, onuň ýaňyja yhlas bilen bejeren saçyny bulaşdyryp goýberdim. Ýogsa-da gizläp oturmak nämä gerek? Çünki özümden başga hiç kim bu setirleri okamaz. Käte pikir edişimdenem owadan görünýärin. Dogrusy: «Feride, sen özüňi tanaňok. Seni ilden tapawutlandyrýan zat bar...» diýýänler bilen hem ylalaşýan. Näme hakda gürrüň edýärdim-ä? Hawa-da, gyzjagazym hakynda! Ony akylly-başly edinçäm, ol meni özi ýaly näzli zenana öwräýmese.

Zeýniler, 29-njy ýanwar.

Gündeligi elime almanyma bir aý dagy boldy. Meniň kagyz garalamadan has möhüm işlerim bar. Onsoňam bagtyýar günler barada näme gürrüň bereýin? Bir aýdan bäri köňül rahatlygyndan lezzet alýardym. Ýöne ol uzaga çekmedi. Iki gün mundan öň obamyza degip geçen aragatnaşyk arabasy maňa dört hat goýup gitdi. Bukjalara göz aýlanymdan, ýüregime ot düşdi. Olaryň kimdendigini, näme ýazylandygyny bilmesemem: «Wah, olar maňa ýetmän, ýolda ýitip gitse bolmaýarmy!» diýip pikir etdim. Ýalňyşman ekenim. Bukjanyň ýüzündäki tanyş hatymdy: bular ondandy. Hatlar Zeýnilerden meni tapýança, ençeme gezek elden-ele geçipdir. Bukjalara mawydyr gyzyl reňkli galam bilen ençeme gol çekilipdir, terslin-oňlyn basylan möhürlerden doludy. Hatlary elime almaga ýürek etmän, ýüzündäki salgyny okadym: «B. şäheriniň merkezi ruşdiýesiniň mugallymy Feride hanym ependä».

Bukjalary myncgalap, pejiň ýanyndaky asylgy kitap tekjesine taşlap goýberdim. Soňra äpişgäniň ýanyna baryp, maňlaýymy penjirä diredim-de, esli salym içimi gepledip, uzak bir ýere seredip durdum.

— Abajygym, ýaraňokmy? — diýip, Munise biynjalyk boldy.

— Ýüzüň agarypdyr-a!.

Özümi dürsejek bolup ýylgyrdym.

— Ýok, balam, bolýan zat ýok. Kelläm azajyk agyrjak bolýar. Ýör, bagda gezeli, bary düzeler.

Gije uzak wagt uklap bilmedim, garaňkylyga bakyp ýatyşyma ejir çekýärdim, nalynýardym. Ýaýdanjaňlyk ýüregimi gyýyp durdy. Bihaýa zalym nämeler ýazdyka? Telim gezek çyrany ýakyp, hatlary açjak boldum, emma özümi basdym. Olary okamak ejizlik, aýyp boljakdy! Iki gün geçdi. Hatlar henizem tekjede ýatyrdy, howany zäherleýän ýaly bolup, maňa ejir berýärdi. Ýagdaýym Munisä-de täsir etdi. Görgülijik nämä ýanyp-bişýänime düşünýärdi, öýe hasrat alyp gelen bukjalaryň ýatan tekjesine ýigrençdir duşmançylyk bilen garady.

Bu gün ýene-de äpişgäniň öňünde pikire çümüp durdum. Munise çekinip ýanyma geldi-de, ýaýdanjyrap:

— Abajygym, bir zat etdim welin, gaharyň gelmez-dä hernä? — diýdi.

Hyrra yzyma öwrüldim-de, tekjä biygtyýar seretdim: hatlar ýerinde ýokdy. Ýüregim gyýylyp gitdi.

— Hatlar hany? — diýip soradym.

Gyzjagaz ýüzüni aşak saldy.

— Olary ýakdym, abajygym. Şeýtsem, gowy bolar öýtdüm... Sen ejir çekýäň-ä...

— Munise, nädäýipsiň! — diýip ör-gökden geldim. Gyzjagaz çigninden ýapyşyp, siltelärin öýdüp gorkupdyr. Emma elimi ýüzüme tutup, sessiz agladym.

— Abajygym, aglama. Hatlary ýakamok. Bilgeşleýin aýtdym. Eger seniň gynanmajakdygyňy bilsem, onda ýakardym. Ynha, olar...

Munise başymy sypalaýardy hemem hatlary elime tutdurjak bolýardy.

— Al bulary, abajygym. Olar, ähtimal, ýürekden söýýän kişiňden gelendir!..

Men tisginip gitdim.

— Aýdýanyň näme, bisyrat?!

— Abajygym, gaharlanma. Eger söýgüliňden gelmedik bolsa, şeýle aglarmydyň eýse?

Gyzjagazyň bar zada düşünäýşini diýsene! Onuň sözlerinden-de, gözýaşlaryndan-da utandym.

— Wah, eýjejigim, sen bu zatlary aýtmadyk bolsaň, gowy bolardy! Ýöne boljagy boldy... Hatlaryň söýgülimden däldigini saňa subut ederin. Hany, bäri gel, bulary bileje ýakaly.

Otagyň içi garaňkydy. Peçde ýanyp gutarmadyk çybyk käte tutaşyp gidýärdi. Birinji haty peje okladym. Bukja ot düşüp, düýrüm-düýrüm boldy-da, göz açyp-ýumasy salymyň içinde kül boldy. Onsoň ikinji, üçünji... haty taşlap goýberdim.

Nähilidir bir düşnüksiz tolgunma düşen Munise gapdalymda maňa gysmyljyrap durdy. Hatlar ýanyp gutarýança, biz ölüp barýan hassanyň başujunda oturan ýaly, dymýardyk. Dördünji hatyň gezegi geldi... Ýüregime beýan edip bolmajak gussa, ökünç aralaşdy... Üç hat eýýäm ýanypdy... Onsoň dördünji haty goýup bilerinmi? Halym teňdi. Ýüregim gyýymgyýym bolup durdy, şonda-da soňky bukjany hem oda atdym. Ol ozalky üç hat ýaly, şobada ýanmady, bir burçy tüsseläp, soňra haýaldan tutaşdy. Bukja düýrüldi, soň açyldy, onsoň ot tanyş ownuk hat bilen doldurylan kagyza geçdi. Bu süteme mundan artyk çydap bilmedim, ýöne Munise halymy aňan ýaly, birden aşak egildi-de, peje elini sokup, garört bolan kagyzy otdan çykardy.

***

Ony diňe Munisäni ýatyranymdan soň okamagy ýüregime düwdüm. Hatyň çaklaňja bir bölegi ýanman galypdyr:

«...Şu gün ir bilen ejem ýüzüme seretdi-de, aglap başlady. Men: «Eje, näme boldy? Sen näme üçin aglaýarsyň?» diýip soradym. Ol ilkibada aýtmak islemedi, «Aý, hiç... Bir düýş gördüm-de...» diýdi. Haýyş edip, ýalbaryp gördüm, ahyry aýtmaly boldy. Ol ýuwaşja aglap, gürrüňe başlady.

«Şu gün Feride düýşüme giripdir. Garaňky harabaçylykda gezip ýörşüme duşanymdan: «Feride şu ýerdemi? Allanyň haky üçin aýdaýyň!» diýip soraýaryn. Birden ýüzi örtgüli aýal elime ýapyşdy-da, derwüşiň hüjresine meňzeş bir tutuksy otaga itekläp saldy: «Feride şu ýerde ýatyr. Hörezekden öldi...» diýdi. Görsem, çagajygym gözüni ýumup ýatyr. Ýüzi bolsa üýtgemändir... Aglap-aglap oýanypdyryn, ýüregim ytygsap gitdi. Aýtmaklaryna görä, düýşüňde öli görseň, bu duşuşygyň alamatymyş. Şeýle dälmi, Kamran? Feridäme bahym sataşaryn. Dogry dälmi, oglum?» Bu, hakykatdan hem, ejemiň aýdan sözleri. Özüm barada-ha aýdybam oturjak däl. Eýsem, saňa ene ornunda bolan garry zenany aglatmakda adalat barmy? Indi bu hasratly düýş meniňem mydama görýän düýşüme öwrüldi. Ýerime geçip gözümi ýumdugym, seni uzak bir ülkede, garaňky jaýda, gözüň ýumuk halda görüp ugraýaryn. Seniň gara zülpüň, seniň näzijek ýüzüň...»

Şu ýerde hat tamamlanýar. Şeýdibem, daýzamyň çekýän hasratlaryndan, gam-gussalaryndan başga hiç zat bilibilmedim. Kamran, ähli zadyň biziň aramyza düşýändigini görýäň-ä. Ikimiz biri-birimize duşmanam däl-de, biri-birimizi ömrylla görmejeklerden.

***

*Zeýniler, 5-nji fewral.*

Öten agşam batgalyk tarapdan tüpeň sesi eşidildi. Allaniçiksi boldum. Munise hiç zat bolmadyk ýaly, düşündirmäge durdy:

- Abajygym, bu ýygy-ýygydan bolýan zat. Žandarmlar talaňçylary tutýarlar.

Arasy ýygy tüpeň sesi on minut çemesi dowam etdi. Ertesi nämeler bolanyny bildik. Munisäniň aýdany dogry çykdy. Gije aragatnaşyk bölümini talan ykmandalar topary bilen žandarmlaryň arasynda çaknyşyk bolupdyr. Žandarmlaryň biri öldürilip, beýlekisini agyr ýagdaýda Zeýnilere getiripdirler. Häzir ol myhmanlar öýündemiş.

Günorta töwerekleri Wehbijik sojap, mekdebe kürsäp girdi-de, elimden ýapyşyp:

— Mugallym! Örtügiňi çaltrak atyn-da, ýör! Seni myhmanlar öýüne çagyrýarlar — diýdi. — Kim çagyrýar?

— Lukman. Kakam aýt diýdi.

Örtügimi atynyp, Wehbiniň yzyna düşdüm. Ötegçilere niýetlenen jaý iki sany kiçijik otagly çagşan hütdük hemem merduwany ýan berip ýatan eýwandy. Bu ýerde käte gije ýolda galan, syrgyna gabat gelen ýa-da kesele ýolugan geçegçiler düşleýärdi. Kämahal olary naharlaýardylar hem. Derwezäniň öňünde owadan at ýer peşäp durdy. Onuň burnundan bug çykýardy. Atyň ýüzüni sypaladym-da, çyra ýanyp duran howla girdim.Agşamyň alagaraňkylygy düşmese-de, garaňkylykdy. Merduwanyň basgançagynda äpet ädikli, syk dokalan çapanly garynlak harby lukman otyrdy. Ol bir zatlar ýazyp otyrka-da, howludaky adamlar bilen gürleşip ýetişýärdi. Lukmana kesesinden syn etdim. Lukman peşşerip duran çal murtly, hüżżük gaşly, alçak, ýüzi nurana adam eken. Ýöne, eý, toba, žandarmlar bilen gürleşende agzyndan şeýlebir gödek, gelşiksiz sözler çykýardy welin, birbada gaýdybereýin hem diýip oýlandym.

Ynha, lukman ýene-de bir gelşiksiz zat aýtjak bolup hahahaýlap güldi-de, başyny galdyrdy. Maňa gözi düşenden sesini kesdi. Soňra çal harby penjekli, gara gürzelek sakgally adama seretdi-de:

— Eý, ýüzbaşy, gatyrganma welin, saňa «Aýy daýy» diýip, lakamy dogry goýupdyrlar. Bu ýerde zenan maşgala bar, men bolsam sen zerarly agzyma gelenini diýip otyryn — diýdi-de, maňa tarap öwrülip:

— Uýam, bagyşlaň,siziň geleniňizi görmändirin. Duruň, häzir düşýän. Merduwanam çalamydar. Ikimizi götermez. Indi bolsa geçiberiň, ynha, düşüp gelýärin — diýdi.

Basgançaklardan üstaşyr ätläp, ýokaryk çykdym. Lukmanyň ýüzbaşy diýýäniniň henizem üstünden gülýän sesi eşidilip durdy.

— Ýüzbaşym, bu mugallym Stambuldan gelipdir. Nädip bilenime geň galýansyň, şeýle dälmi? Wah, ýüzbaşym, sen älem-jahanda bolýan zatlara goýun ýaly aňk bolup garaýarsyň. Hawa, onuň basgançakdan ylgap çykyşyna seredip aňdym. Sen gördüňmi? Edil käkilik ýaly uçup gitdi. Indi ýaşynam aýdaýynmy? Bu zenanyň ýaşy kyrkdan bärde bolmaly... Beýle gürrüňlere hemişe gülkim tutýardy. Ýylgyrdym-da: «Lukman beý, şu ýerde-hä ýalňyşdyň!» diýip içimi gepletdim. Bäş minut geçip-geçmänkä, goja lukman äpet ädigini tarpyldadyp, merduwandan ýokaryk çykyp, gürrüňe başlady:

— Hanym ependi, görşüňiz ýaly, bir ýaradarymyz bar. Hiç hili gorkuly zadam ýok welin, şonda-da idege mätäç-dä. Men bahym gitmeli. Edilmeli zat kyn däl. Biraz sargy saramaly. Ýöne näsagyň ganynyň zäherlenmeginden gorkýan. Bu ýeriň adamlary lukmana onçakly ynanmaýarlar. Gerek bolsa, daýhanlar tebip serişdelerine ýykgyn edýärler. Ýarany çem gelen esgi bilen saramakdanam gaýdanoklar. Siz, näme diýseňem, bilimli zenan. Häzir size näme etmelidigini düşündireýin. Ol aýak üstüne galýança, oňa gözgulak bolarsyňyz. Ýöne siziň çydajakdygyňyzy-çydamajakdygyňyzy bilemok...

— Çydaryn, lukman beý. Özüme ygtyýarym berkdir, hiç zatdan gorkmaýaryn. Goja maňa geň galyp seretdi.

— Hany, ýüzüňi aç, bir göreýin.

Lukmanyň edepsiz sözlerinde özüne imrikdiriji bir mähir bardy,şonuň üçin hem utanyp durman örtügimi galdyrdym, hatda çala ýylgyrdymam.

Onuň ýüzi boz-ýaz boldy; ol ellerini çarpyp, gülüp başlady.

— Bu obada näme işleýärsiň?

Men aljyradym. Belki, bu adam meni tanaýandyr? Bar zady oýunlyga salmaga çalyşdym. Lukmanyň ýüzünde ynamdyr şepagat alamaty bardy.

— Lukman beý, belki, siz meni tanaýan diýmersiňiz diýip, umyt edýärin?

— Senimi — ýok, ýöne sen kysmy adamlary örän gowy tanaýan. Gynansam-da, olar gutaryp, hatda ýer ýüzünden ýitip ugrady.

— Mamontlar ýalymy, ependim. Bäş aý bäri gulp astynda saklan alçaklygym ýene daşyma çykdy duruberdi. Aleksi bajy men läliksiredilsem, hokga çykarmaga, garagolluga, sözleri kesä çekmäge, gepiň keltesi, edil çaga ýaly bolup başlaýandygymy hemişe ýatladar ýörerdi. Lukman mende ak ýürekli, parasatly adam hökmünde täsir galdyrdy. Ol ýene-de hahahaýlap:

— Ah, näzijek, eýjejik, şadyýanja gyzjagaz! Sen indiki pilleriň ägirt uludan bedroý pederlerine düýbünden meňzäňok! Men bir garry adam, şonuň üçinem sypatlaryň üstüne «gözel» sözüni hem goşup biljek. Hawa, owadan asylly çagajyk, bu ýere nädip düşeniňi aýt, hany — diýdi.

Harby lukmanyň gödeňsi sözleriniň, batly gülküsiniň aňyrsynda hoşamaý ýüreginiň bardygyny duýmazlyk mümkin däldi. Agraslyga salyp:

— Men mugallym, lukman beý. Öz ugrumdan işläsim geldi. Ine, şonuň üçinem şu ýere iberdiler. Maňa tapawudy ýok, nire bolsa-da, işläp biljek — diýip jogap berdim.

Gürrüň berip durkam, lukman ýüzüme siňe seredip:

— Diýmek, sen bu ýere diňe öz käriňe gulluk etmek üçin gelipsiň-dä? Diňe okatmak, diňe oba çagalarynyň hatyrasyna gelipsiň-dä,şeýle dälmi? — diýdi.

— Hawa, meniň maksadym şu.

— Şu ýaşyňdamy? Şu syratyň bilenmi? Gowusy, dogrujaňy aýt. Hany, gözüme seret. Şeýle... Seniň aýdýanyňa ynanýandyr öýdýärmiň?

Lukmanyň ýumry ýaňaklaryna batyp duran ak kirpikli gözleri ýüregimi okap oturan ýalydy.

— Ýok, gyzym — diýip, ol sözüni dowam etdi.

— Düýp sebäbi däl bi. Hatda eklenç aladasam däl. Häzir bu zatlary gizlejek bolýarsyň welin, ony aýan bilýärin. Elbetde, sen kim, haýsy maşgaladan, öýüň nirede diýip sorasam, jogap bermersiň? Ine, gör, ähli zady bilip oturandyryn... Bu ýerde bir syr-a bar. Ýöne munuň anygyna ýetjek bolamok. Maňa kiçijik zadam ýeterlik.

Ikimiz hem dymşyp durdyk. Böwrüne biraz diň salanyndan soň lukman:

— Saňa kiçijik bir ýagşylyk ediläýse, niçik görýäň? Isleseň, has gowy ýere ýerleşdireýin? Bilim ministrliginde tanşym bar — diýdi.

— Ýok, sag boluň, häzirki ýerimdenem närza däl.

Lukman ýene gülümsiredi, eginlerini gysdy-da, degşip:

— Gaty gowy! Örän ajap! Ýöne sen pidagärligiň onçakly ýeňil däldigini bilip goý. Irde-giçde başyňa bir iş düşäýse, bir hatjagaz iberäý. Salgymy goýaryn. Gorkma, niýetim gowudyr... — diýdi.

— Sag boluň...

— Ynha, bu meseläni-hä biryüzli etdik. Indi öz işimize geçeli. Etmeli işiňi düşündireýin.

Goja goňşy otagyň gapysyny açdy. Ýanyny ýere beren ýatalgada kellesine çenli esger ýapynjasyny ýapynan ýaraly esger ýatyrdy.

Lukman oňa:

— Ýeri, molla, ýagdaýlar gowulaşýarmy? — diýip ýüzlendi. Ýaraly esger ýapynjasyny serpdide, tirsegine galmakçy boldy.

— Ýat, ýat, gymyldama. Agyrýan ýeriň barmy?

— Ýok, köp sag boluň... Ýöne çekgäm awap dur... Lukman ýene güldi:

— Ah, siz, gadyrdan aýylarym! Ol dyz çanagyna çekgäm diýýär, aşgazany dabanynyň astyndadyr öýdýär. Ýöne ol garşysyna çykanlaryň weli merkini berýär. Bahym gutularsyň, Molla, gül ýaly bolar. Allaha şükür et, henizem gülle çepräkden geçmändir. Bir hepdeden sagalyp, aýak üstüne galasyň gelýärmi? Ýok, bu ýer gaty rahat eken, biraz ýataýyn diýseň, onda başga mesele. Beýle bolsa sen bu gyzyň aýdanlarynyň baryny etgin. Düşnüklimi? Indi seniň lukmanyň şu gyz. Sargyňy şu çalşar. Eger öýde taýynlanan derman ýa-da başga zat içip, samsyklyk edäýseň, dat günüňe!.. Walla gelip, aýagyňy dogramdogram ederin.

Lukman ýaranyň sargysyny çözüp başlady. Ol ýara çala elini degreninde, hassa «Waý, beý!» diýip gygyrdy.

— Ýeri, ýeri, bes et — diýip, lukman hümürdedi. — Erkek bolaýşyňy? Utanaňokmy? Äpet murtuň, boldumly sakgalyň bar, ýaşajyk gyzyň ýanynda gygyrmaň näme? Munyň ýara däl-le, çala sypjyryk-la. Eger şeýle mylaýym şepagat uýasynyň eline düşjegimi bilsedim, onda bilgeşleýin özüme ýara salardym. Bir sagatdan garry lukman bilen sakgallak ýüzbaşy obadan çykyp gitdiler.

Göräýmäge, bu durmuşda duş gelýän ýene bir adaty duşuşykdy. Şeýle dälmi, näme? Adamlar bilen şeýle gysga wagtlyk duşuşygyň irde-giçde şeýle ýatdan çykmajak täsir galdyrany hiç ýadyma düşenok.

***

*Zeýniler, 24-nji fewral.*

Şu ýylyň bahary ir gelmeli diýýärler. Ynha, indi bir hepdeden bäri howa açyk. Gün ýaldyrap dur. Eger dagyň gerişlerindäki gar diýmeseň, adam özüni maý aýyndadyryn öýtjek.

Bu gün juma güni. Günortadan soň suwluboýada — akwarelde Munisäniň suratyny çekip başladym. Birden gapy açyldy-da, Hatyja hanym otaga girdi. Onuň ýaglygy boýnuna düşüp, el-aýagy titräp durdy. Ony hiç haçan beýle aljyraňňy, biynjalyk halda görmändim.

— Eý, toba! Hojanym, aşakda iki sany ependi garaşyp dur. Olaryň biri bilim bölüminiň müdiri öýdýän. Barlaga gelipdir... Çaltrak düş. Özüm-ä onuň bilen gürleşmäge çekinýän...

Örtügimi howul-hara atynyp, öz-özüme ýylgyrdym. Görlüp-eşidilen zatmydyr: iş otagynda barmagyny gymyldatmaga ýaltanýan ýaltalar şasy bu ýere gelmäge ýürek edipdir-dä?!

Aşakda, synp otagynyň girelgesiniň öňünde iki adamyň durandygyny gördüm. Olaryň biri şilliň uzyndy, beýlekisi bolsa juda keltejikdi.

Gözüm bilen bilim bölüminiň müdirini gözleýärkäm, keltejik adam ýanyma geldi, garaňkylykda onuň ýüzi saýgardanokdy, ýöne bir gözünde äýnegiň ýaldyraýanlygyny gördüm.

— Sizmi mugallym? Men bilim bölüminiň täze müdiri Reşit Nazym. Näme üçin bu ýer garaňky? Bu mekdep däl-de, döle ahyry!

Synp otagynyň gapysyny açdym-da:

— Bu ýer ýagtyrakdyr, ependim — diýdim.

Keltejik jenap bosagadan ätledi. Göwresi kiçijik bolsa-da, aýak basyşy epeýdi.

Ol bosagadan geçen ýerinde aýak çekdi-de, ýygnaklarda çykyş edýän ýaly, elini bulaýlap:

— Mon cher*(Mon cher — gadyrdanym, dostum (fransuzça).)* , muny görsene! Gör, nähili miser2 , nähili miser! Müňlerçe şaýadyň bolmasa, munuň mekdepligine ynanan bolmaz. Örän radikal3 bolaýmasaň!.. «Ýa hemmesi, ýa-da hiç biri!» diýenimde, müň keren mamladygymy görüp dursuň ahyryn!

Indi myhmanlary has gowy synlap ugradym. Ilkibaşda titi, oglanjyk ýaly görnen bu kişi ýaşy ellä ser uran köse adam bolup çykdy. Birsyhly gözüni-gaşyny oýnadyp, her sözi aýtjak bolanynda onuň tüýsi täze keşbe girýärdi.

Ikinjisi bolsa, onuň tersine, uzyn boýly, agajet, inçejik murtly kişidi. Ol şilliň uzyn bolansoň, islese-islemese, birneme küýkerýärdi.

Bilim bölüminiň müdiri ýene-de maňa ýüzlendi:

— Hanym ependi, sizi ýoldaşym bilen tanyşdyrmaga rugsat ediň. Mumtaz beý — jemgyýetçilik işleriniň welaýat müdirliginiň inženeri.

Nämedir bir zat aýtmaly bolamsoň:

— Şeý diýseňizläň, ependim?.. Örän gowy... — diýen boldum.

Bilim bölüminiň müdiri synp otagyna aýlandy, tagtadüşegiň berkdigini biljek bolýan ýaly, aýaklaryny tapyrdatdy, hasajygynyň ujy bilen partalary, okuw ündewsuratlaryny dürtüşdirip gördi.

— Gadyrdan, meniň beýik-beýik taslamalarym bar. Bularyň ählisini ýykyp, täzeden guraryn. Olar päkize, ýagty mekdepler bolar! Serişde bermejek adamlaryň dat gününe! Bu ýere azda-kände gor edinip geldim. Stambulyň metbugaty edil top atyş bölümi kimin söweş taýýarlygynda dur. Çalaja yşarat etdigim — bah! Buh! Elhenç bombalaýyş başlanar. Sen düşünýärmiň? Men ýa ähli meýillerimi durmuşa geçirerin, ýa-da bu wezipäni taşlaryn. Elbetde, bu owadan sözleriň barynyň meniň, biçäre oba mugallymynyň gözüni baglamak üçin aýdylýan zatlardygy şübhesizdi. Reşit Nazym ýekegöz äýnegini düzedip: — Siziň näçe okuwçyňyz bar? — diýip sorady.

— On üç gyz, dördem oglan, ependim... — Hä-ä, on ýedi adama bir mekdep diýsene! Täsin elpe-şelpelik!.. Mumtaz, jaýa göz gezdirmekçimi?

— Näme üçin?.. Onsuzam görnüp dur ahyryn.

Bilim bölüminiň müdiri özüniň äpet taslamalary barada hetjikleýänçä, Mumtaz beýiň göz astyndan maňa seredýänligini gördüm. Birdenem ol çalgyrt fransuz dilinde gürläp ugrady, munuň maňa düşnüksiz bolmagy üçin edilýändigi görnüp durdy.

— Gadyrdan... Bir bahana tap-da, mugallymyň çarşabyny aýyrt. Onuň ýüzi çadranyň astynda-da lowurdap dur. Bu ýere nädip düşdükä? Bilim bölüminiň müdiri asudalygy saklajak boldy, ýöne dostunyň sözleri onuň çetine degen bolara çemeli. Ol ýoldaşyndan beter hem çalgyrt fransuz dilinde:

— Gadyrdan, haýyş edýän... Biz mekdepde ahyryn. Birneme agrasrak bol. Reşit Nazym alkymyndaky gasynly hamy rezin kimin dartyp, nämedir bir zat barada oýlandy. Ahyrsoňy, ol aýgytlylyk bilen maňa tarap öwrüldi-de:

— Hanym ependi, men bu mekdebi ýapýaryn — diýdi.

— O näme üçin, beý ependi? — diýip aňk-taňk boldum.

— Näme, bir zat bolupmy?

— Hanym ependi, beýle tagaşyksyz mekdepde çaga terbiýelemek mümkin däl. Onsoň okuwçylaram az... Welaýatda işlejek bolsam, ähli tagallalarym mekdepleriň aglabasynyň arzan, emma owadan, arassaçylyk taýdan kemsiz, durky täzelenen, ýagny döwrebap jaýly bolmagyna gönükdiriler. Häzir bolsa, haýyş edýän, käbir düşündirişler beriň... Ol penjeginiň jübüsinden bezemen ýazuw depderçesini çykardy-da, mekdep barada birnäçe sowal berdi, jogaplarymy ýazyp alybam: — Siz barada aýtsam, hanym ependi... Sizi has amatly ýere geçirmekçi. Mekdebi ýapmak baradaky buýrugy alan dessiňize derrew B...-a ugraň, onsoň biz hemmesini ýola goýarys. Adyňyzam aýdaýsaňyz... — Feride.

— Hanym ependi, Ýewropada ajap bir däp bar; her bir adam öz adynyň ýanyna atasynyň adyny hem goşýar. Onsoň has düşnükli, has at at bolýar. Siz, mugallymlar, bu täzeligi ulanmalysyňyz. Mysal üçin, synpyň žurnalynda okuwçyňyzyň adyny ýazanyňyzda:

«Melahat kakasy Alyhoja» diýip ýazman, «Melahat Aly» diýip ýazarsyňyz. Ine, bar bolany. Düşnüklimi, hanym ependi? Onsoň siziň kakaňyzyň ady näme?

— Nyzamettin.

— Hanym ependi, biz indi siziň adyňyzy Feride Nyzamettin diýip tutarys. Bu birbada size geň görner, ýöne soň öwrenişersiňiz. Siz niräni gutardyňyz? Öz mekdebimiň adyny aýtmaga utandym: inžener Mumtaz beý meniň fransuzça bilýänimi bilip, özüniň öte geçendigini aňar. Şonuň üçin hem şeýle jogap berdim.

— Ependim, ýörite bilimim bar.

— Ýaňky aýdyşym ýaly, B.-a bardygyňyz, şobada ýanyma geliň. Biz size amatly ýer gözläris. Ýör, Mumtaz, biz meýilnamamyz boýunça, ýene iki oba barmaly. Inžener inçejik uzyn aýaklaryny hallanladyp, partanyň üstünde otyrdy. Ol şol «gül ýaly» fransuz dilinde:

— Bu bir ýaglyja omaça eken. Meni goý-da, özüň gidiber. Hökman bir tärini tapyp, onuň ýüzüni açdyraryn — diýdi. Bilim bölüminiň müdiri ýene howsala düşdi. Ähtimal, bir bolgusyz iş etjek bolmaklaryny güman ederimden gorkup, türkçe şeýle diýdi.

— Biziň entek wagtymyz bar. Siz öz hasabatyňyzy soň ýazarsyňyz. Şonuň üçin ýörüň, ýola düşeliň — diýdi-de, ol çykalga tarap ýöneldi. Inžener daş işige tarap ýöneldi, jaýyň ýokarsyny, äpişgelerini synlaýan kişi boldy, çykaryma garaşdy. Men bolsam, oňa ýeňsämi öwrüp, dälizde bilgeşleýin saklandym. Bagyň içi bilen geçip barşyna, biçäre telim gezek yzyna öwrüldi, derwezeden çykyp, agaç haýatyň gapdaly bilen ýöräp gitdi, daraklygyna galyp, howlynyň içine seretdi. Täzelik göz açyp-ýumasy salymyň içinde oba ýaýrady. Juma günüdigine garamazdan, çagalaram, eneatalaram ylgaşyp geldiler. Mekdebiň ýapylýanlygyna olar juda hapa boldular. Menem gynandym. Öňler mekdebe, maňa göwünli-göwünsiz garan gyzlaram aglaşyp, elimi öpmäge durdular. Hatyja hanym başyna ägirt uly ýaglyk atyp, öz otagyna gitdi. Maňa täze kynçylyklar garaşýardy, emma, dogrymy aýtsam, bu bagtygaranyň ýagdaýy özümiňkiden hem köp ýaramazdy. Agşamaralar arçynyň aýaly bilen abahanym ýanyma geldi. Aýallaryň ikisi hem ünjülidi, aýratyn hem abahanym şeýledi. Ol maňa köpmanyly seredip, uludan demini aldy-da: — Niýetim-ä başgady welin, ýöne Allanyň emri şeýledir-dä — diýdi. Muňa ýüzümi aşak salyp: — Nätjek-dä, abahanym? Täleý şeýledir-dä — diýmekden başga alaç galmady. Gepiň keltesi, ýekegöz äýnekli kiçijik jenap ýalňyz sözi bilen bütin obany aýaga galdyrdy. Daýhanlar öte gynandylar. Zeýnilerden ýaramaz ýeri tapmagyň kynlygyny bilsem-de, olaryň sussupesligi maňa-da geçdi. Diňe Munise begenýärdi. O bezzatjyk begenjinden uçaýjak bolýardy. — Abajygym, indi biz haçan gideris. Iki günden giderismi? — diýip, ol bizar edýärdi.

***

*Zeýniler, 3-nji mart.*

Ertir ýola düşmeli.

Başda Munise biziň gidýänligimize begenýän ýalydy welin, dek düýnüň özünde ony geň gamgussa gurşap aldy. Ol gözlerini bir nokada dikip, zol oýa batýardy, sowallaryma başly-barat jogap berýärdi.

— Munise, belki, meniň bilen gidesiň gelýän däldir? Beýle bolsa, galaý — diýip, oňa ýüzlendim.

— Hudaý saklawersin, abajygym... — diýip, gyzjagaz ör-gökden geldi.

— Galanymdan, özümi guýa taşlanymy gowy görerin.

— Jigileriň bilen aýrylyşmaga ýüregiň awanokmy?

— Awanok, abajygym.

— Ýöne sen kakaňy göresiň gelip, ýüregiň gysar ahyryn...

Kakama nebsim agyrýar. Ýöne ony onçakly gowy göremok, abajygym...

— Bolýar, onda nä derdiň bar?

Munise ýüzüni aşak salyp, geplemän durdy. Gepletjek boldum, emma gyzjagaz ýalandan gülüp, boýnumdan ýapyşdy. Bu ýasama şatlyga ynanmaýardym. Bujagaz gyzyň hakyky şatlygy bilen ýasama şatlygynyň tapawudyny, gel-gel, men bilmenmi?!

Onuň mylaýym gözleri gamgyndy. Ony hernäçe gepletjek bolsam-da, netije bolmady. Ýöne bir ahwalat maňa çaga ýürejiginiň syryny bilmäge kömek etdi. Özüniň maňa gerekligini bilip dursa-da (biz ýol şaýymyzy doly tutup gutarmandyk), Munise agşamaralar duýdansyz gürüm-jürüm boldy. Telim ýola gygyrsam-da, jogap bolmady. Ähtimal, gyzjagaz baga çykandyr. Äpişgäni açyp:

— Munise! — diýip gygyrdym.

Uzakdan bir ýerden, Zeýni babanyň gubury tarapdan:

— Men bärde... Barýan!.. — diýen inçejik ses eşidildi.

Munise öýe geleninde onuň ýeke özüniň mazarystanlykda näme işleýändigini soradym.

Gyzjagaz aljyrady, bimany bahanalar agtaryp, aldajak boldy. Onuň gözlerine dikanlap bakdym, gözleri gyzyldy, saralyp-solan ýaňaklarynda gurap başlan gözýaşlaryň yzy görnüp durdy. Biynjalyk bolup başladym. Munisäniň elinden tutdum-da, onuň mazaryň ýanynda näme işlänligini, näme üçin aglanlygyny irginsiz sorap ugradym. Gyzjagaz yzyna gaňrylyp, ýüzüni tutdy, onuň dodaklary birsyhly kemşerip durdy.

Her etmeli, hesip etmeli, Munisäni çynyny aýtmaga mejbur etmelidi, şonuň üçinem näme bolanyny gizlejek-durjak bolsa, ony Zeýnilerde goýup gitjekdigimi aýtdym. Şobada gyzjagaz durup bilmän, uly bir günä eden ýaly, başyny aşak saldy-da ýaýdanjyrap:

— Ejem meni görmäge gelipdir... Başga bir ýere gidýänligimi eşidipdir... Gaty görme, abajygym... — diýip hümürdedi.

Onuň ýüzlerine düşüp duran saçlaryny düzedişdirdim, duluklaryny emaý bilen sypaladym-da, mylaýymlykdyr ýuwaşlyk bilen:

— Sen nämeden gorkduň? Näme üçin agladyň? Ol öz ejeň ahyryn. Elbetde, onuň bilen hoşlaşmalydyň... — diýdim.

Görgülijik öz gulaklaryna-da ynanmady. Ol maňa gorka-gorka seretdi-de, uly iliň näletleýän, ýigrenýän bu aýalyny gowy görmeýänligini ynandyrjak bolýan ýaly, gülkünç, çaga bahanalaryny tapdy. Men onuň ejesini jany-dili bilen gowy görýändigini görüp durdym!..

— Guzym, öz ejeňi gowy görmeýän bolsaň, bu seniň üçin örän aýypdyr. Heý, adamam bir öz ejesini gowy görmezmi? Bar, ylga, yzyna gaýtar. Sen oňa: «Abam seni hökman görmekçi bolýar» diýip aýt. Häzir mazaryň ýanyna baraýyn.

Munise dyzymyň üstüne eglip, köýnegimiň eteklerini öpdi-de, baga tarap okduryldy. Özümiň seresapsyzlyk edenimi bilýärdim. Egerde obadakylar bu aýal bilen duşuşanymy eşidäýseler, hatda näletlejekdilerem. Ýöne, goý, näme etseler, şony etsinler... Zeýni babanyň mazarynyň ýanynda köp garaşmaly boldum. Bagtygara ene esli ýere gitmäge ýetişipdir. Ony yzyna gaýtarjak bolup, gyzjagaz gür gamyşlygyň içi bilen gönüläp ylgamaly bolupdyr. Ahyrsoňy eneli gyzy gördüm... Eý, Hudaý, bu nähili gözgyny, gussaly görnüş!.. Olar bir-birinden çekinýän, utanýan ýaly, aýry-aýry ýöräp gelýärdiler, palçyga batyp barýan ýaly, bilgeşleýin haýal ýöreýärdiler. Bu aýala söýgüdir mähirden doly birnäçe ýakymly söz aýtmaga häzirlendim. Emma pete-pet gelenimizde bolsa, biz bir-birimize aýtmaga söz tapmadyk. Ol uzyn boýly, syratly aýal ekeni. Egninde ýamaly, köne örtügi, ýüzünde çadra ýerine melewşe ýaglygy, aýagynda aşagy gopan ýyrtyk köwşi bardy. Onuň birinden çekinýän ýaly titreýändigini aňdym.

Tolgunmajak bolup, başardygymça ýuwaşja gürledim:

— Ýüzüňizi açaýyň!

Birsalym ikirjiňläninden soň, aýal ýaglygyny serpdi. Ol sary saçly, göräýmäge otuz-otuz bäş ýaşly juwan zenan ekeni. Ýöne ýüzi welin, aşa ýadaw, ysgynsyz görünýärdi.

Şeýle aýallar ýüzlerini örän köp reňkleýär diýip pikir ederdim. Ýöne onuň ýüzünde reňkiň yzy hem ýokdy. Meni has haýran galdyran zat — eneli-gyzyň meňzeşligidi. Bir pursatlykça ol maňa birden ulalyp, epeý aýala öwrülen Munisäniň özi ýaly bolup göründi. Soň... Soň bolsa... Gyzjagazyň egninden ýapyşyp, ony bagryma basdym. Tolgunmadan ýaňa kükregim galyp, gözlerime ýaş aýlandy. Üstüme alýan wezipäm uludy, juda uludy. Ýöne Munisäni hökman asylly maşgala edip ýetişdirerin, bu-da ömrümde iň uly göwünhoşum bolar.

Şu pursatda edil özüm ýaly pikirlenýändigine gözüm ýetik ýaly, ol aýala:

— Gadyrdan hanym, bu gyzy terbiýelemek siziň kysmatyňyzda ýok ekeni. Nätjek-dä. Durmuş-da bi. Gaty arkaýyn boluň. Munisäni ýanyma alyp, öz gyzym ýaly terbiýelärin, Munise üçin zadymy gaýgyrmaryn — diýdim.

Göwnüme bolmasa, aýdanlarym aýalyň göwnüni göterene meňzedi. Ol:

— Eziz hanym, baryny bilýän. Munise gürrüň berdi... Käte bu ýerden ýolum düşeninde, ony görmäge gelerdim... Alla ömrüňizi uzak etsin!

— Diýmek, siz Munise bilen görüşýän ekeniňiz-dä?

Munisäniň bilimi gujaklap duran elleriniň titreýändigini duýdum. Ýene-de onuň sepi açyldy. Diýmek, gyz ile bildirmän ejesi bilen duşuşýan ekeni. Bu ýagdaýyň iň gynançly ýeri başgady — bu duşuşyklary menden gizleýändigini ejesine aýtmandygyna Munise utanýardy.

Men oňa:

— Eger-de biz bu ýerde galan bolsak, siz Munise bilen hemişe duşuşyp bilerdiňiz. Ýöne biz ertir B.-a gidýäris. Ol ýerden bolsa nirä ugrajagymyz belli däl. Gadyrly hanym, howsala düşmäň, siziň ornuňyzy tutaryn-a diýip biljek däl, sebäbi enäniň ornuny tutup biljek adam ýok — ýöne oňa mähirli dogan bolmaga welin çalşaryn — diýdim.

Aşakda kimdir biri gamyşlygyň içi bilen gidip barýardy. Megerem, ol okuwçymyň kakasy Jafar agady. Ol bu batgalyga ýabany ördekleri awlamak üçin ýygy-ýygydan giderdi.

Aýal birden howsala düşdi:

— Gadyrly hanym, gideýin. Meni siziň ýanyňyzda görmesinler... Bu sözler onuň mylakatlylygyny ýene bir gezek subut etdi. Onuň daş keşbi, özüni alyp barşy hem şondan habar berýärdi. Görk-görmegi-de, salyhatlylygyda Munisä betbagt ejesinden geçen ekeni. Aýal biçäre meni gep-gürrüňlerden goramaga çalyşdy, emma bu çetime degdi. Özüm hakynda onuň ýüreginde mähirli duýgynyň saklanyp galmagyny isleýärdim.

Gep-gürrüňlere ähmiýet bermeýänimi görkezjek bolup, oňa:

— Nirä howlugýarsyňyz? Ýene birneme egleniňdä — diýdim.

Ene biçäre çuňňur hoşallyk bilen ýüzüme seretdi. Onuň elimi öpjek bolýandygyny, ýöne maňa el degirmäge ýürek etmeýändigini aňdym.

Biz soňky tupanyň agdaran derek agajynyň üstüne çökdük, Munisäni hem aramyzda oturtdyk. Aýal biçäre gürrüňe başlady. Tolgunýardy, alňasaýardy, durmuşy barada gürrüň berse, derdi ýeňläýjek ýalydy. Ol Stambul şiwesinde dürs gepleýärdi.

Ýönekeý, emma juda gamgyn durmuşyny eşitdim. Ol Stambulda, Rumelikawagynda*(Rumelikawagy — Stambulyň bir etraby.)* , ownuk emeldaryň maşgalasynda doglupdyr. Ilki kakasy, soňam ejesi ýogalypdyr. Gyzjagazy bakyrköýli bir baý maşgala gyzlyga alypdyr. Ony beýleki çagalar bilen bile terbiýeläpdirler, oňa lälik gyz kimin garapdyrlar. On bäş — on alty ýaşlaryna ýeteninde, oňa barly maşgalalardan gudaçylyga gelip ugrapdyrlar. Emma gyz dürli bahanalar bilen geleni yzyna gaýtarypdyr. Sebäbi onuň ýüregi başga birine maýyl ekeni. Ol özüni hossarlyga alan maşgalanyň murty taban körpe ogluny halapdyr. Ýigit «Harbiýe» atly harby mekdepde okaýan eken. Gyz ol öýde özüniň bary-ýogy, hossarlyga alnan çagadygyna düşünensoň, oňa durmuşa çykmaga umydy ýok. Ýöne, iň bolmanda, hepdede bir gezek ýigidiň didaryny görmegi, sesini eşitmegi özüne uly bagt saýypdyr.

Birdenkä garaşylmadyk ýerden maşgala başyny B.-a, defterdar*(Defterdar — welaýatyň maliýa bölüminiň müdiri)* wezipesine geçiripdirler. Şunlukda, olar harby mekdepde okaýan ogullaryny Stambulda goýup, o ýere göçmeli bolupdyrlar.

Söýgülisini görmedik dört aýy oňa dört ýylyň aýralygy bolup görnüpdir. Ol gaýgy-hasratdan ýaňa tas dälirän ekeni. Ahyrsoňy, ýigit tomus dynç alyşlykda B.-a gelipdir. Şol ýerde-de barynyň üsti açylypdyr. Beý ependi, hanym ependi, olaryň gyzlary — barysy jemlenip, ýetim gyzyň üstüne dökülipdirler, ony öz jaýlarynda saklamak islemän, çetdäki oba, bir aýalyň ýanyna iberipdirler. Şol ýerde-de Munisäniň dört ýaşynda hörezekden ölen uly dogany doglan ekeni. Eli çagaly aýala kim öýlensin? Ahyrsoňy, ol ýalbarmalara boýun sunup, tokaý hojalygynyň emeldaryna durmuşa çykmaga razy bolupdyr. Başda o takdyra ten berip, kysmatyndakyny görmäge çalşypdyr. Ýöne adamsyny Zeýniler obasyna geçirenlerinde, tükeniksiz gaýgy-gussa ony gurşap alypdyr. Ol garaňky otagda sabyr-takatdan düşüp, gün-günden saralypdyr. Bu zatlary gürrüň berip oturyşyna, biçäre henizem özüni şol elhenç gorpuň düýbünde duýdy. Ýüzünde ýadawlyk alamaty bardy, eginleri sallandy, bütin göwresi gara dere batdy. Aýal gürrüňini dowam etdi. Edil şol wagt talaňçylary yzarlap ýören žandarmlar to-

pary oba gelipdir. Esgerler gamyşlygyň golaýynda çadyr gurapdyrlar. Toparyň serkerdesi ýaş serkerde bir aýlap onuň yzyna düşüpdir, özüni halatjak bolupdyr. Ahyrsoňy, şeýtan aldawyna düşüp, adamsyny, çagasyny taşlap, serkerde bilen gaçyp gidipdir. Näme üçindigini bilemok welin, bu ýönekeýje hekaýat meni örän tolgundyrdy.

Garaňky gatlyşdy. Ýerimden turdum-da, ejesini gyzy bilen bile goýup, mekdebe tarap ugradym. Indi olaryň hiç haçan duşuşmazlygy mümkin, bu iki adamyň aýralyk pursadynda bir-birine aýtmaly zadynyň barlygy jedelsizdi. Ýanymda olar arkaýyn gujaklaşyp, aglaşyp biljek däldi. Aýdylmadyk sözlerden, syzdyrylmadyk duýgulardan ýaňa olaryň ýüreklerinde ýatdan çykmajak yza galjakdy. Mazar daşlarynyň üstlerinden ätläp, mekdebe barýarkam, çuňňur oýlanýardym. Munise, seni ýalňyz galanyň üçin gowy görýärdim, saňa hemişe ýüregim awaýardy, ýöne häzir welin gabanýan. Ejeňden gabanýan. Ol bagtygara, ýoldan çykan aýaldy, ýöne her näme diýseňem ejeňdir. Dogduk ülkäňden aýrylanyňda, sen öz ýüregiňde ene nazarynyň hatyrasyny, dodaklaryňda bolsa eneň gözýaşlarynyň ajy lezzetini hem alyp gidýärdiň.

***

Şu gün irden, heniz Munise süýji ukuda ýatyrka, ýantorbamy Zeýnilerden alyp gaýdan kagyzlarymdan dolduryp, bilim bölümine tarap ýola düşdüm. Wagt irdi, edaranyň gapysy ýaňy açylypdy, otaglarda birnäçe emeldar humarly gözlerini süzüşip otyrdy. Olar göwünli-göwünsiz kofe içip, suw çilim çekýärdi. Birwagtlar gyzyl guşakly baş kätibiň gomparyp oturan stolunyň başynda gara buýra sakgally, ýakasy garagäz, hortaň bir ependä gözüm düşdi. Bir emeldardan onuň kimdigini soradym, o maňa bölümiň müdiri bilen birlikde baş kätibiň hem çalşandygyny düşündirdi. Diýmek, hut şu sakgallak ependä ýüz tutmalydym.

Onuň ýanyna baryp salamlaşdym, özümiň kimdigimi aýtdym hem bilim bölüminiň täze müdiriniň buýrugy boýunça ýapylan Zeýniler mekdebiniň resminamalaryny tabşyrmalydygymy ýaňzytdym:

Baş kätip biraz oýlandy-da;

— Hawa, hawa, dogry ... Ýagşy... Siz dälizde biraz garaşyň. Häzir ependi müdir geler — diýdi.

Pessejik petikli tutuk dälizde göni üç sagatlap garaşmaly boldum. Gapdalymdan geçip barýanlar gyýa-gyýa seredişýärdiler, käbiri bolsa lak hem atýardy. Penjiräniň öňünde döwük merduwan durdy. Onuň üstünde oturyp, garaşmaga başladym. Äpişge medresäniň haraba dönen howlusyna bakyp durdy. Gök jalbarly bir sopy bolsa gollaryny çermäp, howzuň zeňini ýuwýardy. Pudaklary ýanyndaky äpişgäniň içine tarap uzap gidýän gojaman çynaryň üstünde serçeler sürüsi oýnaşýardy. Men tirseklerimi dyzyma, ellerimi eňegime diräp otyrdym.

Düýn şu wagtlar biz Zeýnilerdedik. Okuwçylarymyň uludan kiçisine çenli bary meni gaýalaryň üstünde uzalyp ýatan ýola çenli ugratdylar. Ýüregimiň samsykdygyny! Töweregimdäki ynsanlar bilen derrew ysnyşyp gidýän. Biz Tekirdagda ýaşaýarkak, Äşe daýzamyň adamsy, Eziz daýym käteler elimden tutup:

— Baý, seniň ýüregedüşgünçdigiňi! Ilki-hä adamlardan gaça durýarsyň, soňam edil şepbik ýaly, mäkäm ýelmeşýärsiň — diýerdi.

Daýym häsiýetimiň bu tarapyny dogry kesgitläpdir. Zeýnilerden gaýdanymda çagalara ýüregim awady. Sebäbi olar meniň üçin hem iň owadan, hem iň bedroý, hem iň garyp çagalardy. Eger her gezek gaýtmaly ýerimde ýüregimiň bir bölegini goýup gaýtsam, munuň soňy niräk baryp deger? Ýoluň boýunda neresse çagalar yzly-yzyna ýanyma gelip, elimi ogşaýardylar. Mehmet çopan bilen Zöh-

re maňa entek gözleri-de açylmadyk ýaňy dogan owlajygy iberipdirler. Ony Munisäniň gujagyna berdim. Çopanyň sowgady şeýlebir tolgundyrdy welin, gözlerimden boýur-boýur ýaş akdy. Ahyrsoňy, jaňjagazlar naýynjar jyňňyrdaşyp, araba iňlär siňeksiz ýol bilen tigirlenip ugrady, Zeýniler obasyny bolsa yzda goýdy. Çagalaryň kelleleri tä gara gaýalaryň arasynda gözden ýitinçä, Munise ikimiz olara elimizi galgatdyk.

Arabamyz myhmanhananyň öňünde saklanan dessine gülkünç bir wakanyň şaýady bolduk. Garry Hajy kalfa agzy bir bölek bagyrly gapydan zyrmyrlyp çykan ägirt uly pişigi kowalap ýördi. Suw çiliminiň turbasyny gamçy ýaly kelemenledip, arabanyň duşundan gygyryp geçdi.

— Duruber bakaly, näletsiňmiş pişik! Hamyňy sypyraýmazmykam!

Men:

— Hajy kalfa! — diýip gygyrdym.

Goja aýak çekdi, ýöne özüne kimiň gygyrýandygyny bada-bat aňşyrmady. Şobada gözümiz gözümize kaklyşdy. Hajy kalfa ellerini ýokary galdyrdy-da, köçäniň ortarasynda sesinde baryny edip:

— Wah, gadyrly mugallymam! — diýip gygyrdy. Goja hyzmatkäriň şatlygyny bir görsediňiz: Ol çagşan saraýyň diwaryna dyrmaşmaga synanyşan agzy oljaly pişigiň yzyndan şadyýan gygyryp galdy:

— Äkit-de, arkaýyn ýuwut, nesip etsin! Soňam maňa tarap topuldy.

Hajy kalfa meniň bilen duşuşanyna şeýlebir şatdy welin, yzymdan gujagy owlajykly gelýän Munisä diňe myhmanhananyň ikinji gatyna ýetenimizde gözi düşdi.

— Wiý, hojanym, bu kim? Ol nireden çykdy?

— Bu meniň gyzym, Hajy kalfa. Näme,sen bileňogammy? Zeýnilerde durmuşa çykdym, ynha, indem gyzym boldy.

Hajy kalfa Munisäniň ýaňagyny sypalady.

— Gürleýäne bakma, gürledýäne bak diýipdirler. Alla halasa, o-da bolar. Gowuja,sagdyn,syratlyja gyz.

Bagtyma, köneje otagyma hiç kim göçüp gelmändir. Baý, begendim-ä!

Agşam Hajy kalfa agşamlyk nahara öýüne alyp gitdi. Ýadawlygymy bahanalap, hezzetden ýüz dönderjek boldum. Emma gojanyň diňläsi hem gelmedi.

— Görseňizläň muny! Ýadapmyş!.. Baryp alty aýlap pyýada ýol ýöreseňem, seniň ýüzüň nury tükenmez! Hudaý bar!

***

Ähli zat gowy, gülala-güllük! Emma bir zat welin, ugruma goýanokdy... Öten agşam, ýatmazymdan öň ýanymdaky serişdelerimi hasaplap gördüm. Hasabatym diýseň erbet boldy welin, oňa ynanasymam gelmedi. Ikinji gezek barmak basyp sanadym — ýalňyş ýok, hasabym dogry. Ýagdaý gözgynydy, şonda-da zordan gülmän saklandym. Şu çaka zähmetim bilen gazanylan pula ýaşap ýörendirin öýtdüm. Emma görüp otursam, azajyk gorumy harçlap ýören ekenim.

Gülmysal kalfa pahyr ýeterlik pulsuz ýat ýerlere gitmegiň örän töwekgelçilikdigini telim gezek ýatladypdy. Ol ejemden galan göwheri satyp, puluny haltajyga salyp maňa, beripdi.

Şu çaka çenli çykdajym köp bolupdy. Sebäbi köp wagtlap işsiz oturdym. Göçüp-gonmaga-da köp pul gitdi. Onsoňam ujypsyzja aýlykly oba mugallymasy bolup işlärin öýdüp, ýatsam-tursam oýuma gelmeýärdi. Töweregimdäkiler aç-ýalaňaç çagalardy, olarada elimden gelen kömegi bermeli bolýardym. Ýöne adamlar köplenç biynsap-da... Ýüzümiň açyklygy garyplary dogumlandyran bolara çemeli, soňky wagtlarda kömek diýip uzalýan eller ep-esli artdy. Elbetde, aýlygym ähli hajatlaryma ýetenokdy (onuň näçedigini şu çaka çenli hem bilemok). Iki aýdan bäri-hä maňa kör köpük tölemediler. Diýmek, çykdajylar az däldi, onsoň her gezek pul mätäçligi dörände arzyly haltajygyma elimi sokardym. Ýöne häzir haltajyk şeýlebir ýeňledi welin, onuň içindäkileri sanamaga-da ýürek edip bilemok. Görüp otursam, ähli hupbatlara, jebirlere garamazdan, soňky bäş aýda diňe ene-atamdan galan serişdeleriň hasabyna ýaşapdyryn. Dälizde, merduwanyň germewiniň üstünde içimi gepledip, çynaryň äpişgeden girip duran ýaprajyklaryny oýnap otyrdym. Bu gamgyn oýlanmalardan ýaňa hem agym tutýardy, hemem gülkim. Ýene-de özüme teselli bermäge başladym: «Gaýgy etme, Çalyguşy! Dogry, eden gazanjyň ýok. Ýöne durmuşyň nämedigine göz ýetirip, nähili ýaşamalydygyny, kynçylyklara nähili döz gelmelidigini öwrendiň ahyryn. Eýsem, bu az zatmy? Indi oglanlygy taşlap, akylly-başly zenan bolarsyň...»

Birden garaňky dälizde bir topalaň turdy. Goja hyzmatçy bir eline paltosyny, beýleki eline hem hasasyny alyp, bölüm müdiriniň iş otagyna okduryldy.

Birnäçe minutdan soň, keltejik müdiriň özi hem peýda boldy. Ol belent başyny dik tutup, ýekegöz äýnegini ýylpyldadyp, iş otagyna geçip gitdi. Onuň yzy bilen otaga girmekçi boldum, emma ýapýaňy Reşit Nazymyň paltosy bilen hasasyny göterip geçen sakgallak hyzmatkär öňümi kesdi:

— Dur, hanym, howlukma. Goý, beý ependi demdynjyny alsyn. Niräk howlugýarsyň? Dokuz aý ejeň garnynda nädip çydap oturanyňa haýran galýaryn — diýip, ol maňa hemle urdy.

Beýle zatlara öwrenişip gidipdim, şonuň üçin hem gatyrganmag-a beýlede dursun, gaýtam mylakatlylyk bilen:

—Atam jan, beý ependi kofesini içeninden soň sen oňa: «Garaşýan mugallymaň-a geldi» diýip aýt — diýdim.

Elbetde, bilim bölüminiň müdiri maňa garaşmaýardy. Emma şeý diýsem, hyzmatkär, belki, akylyna aýlanar — diýip pikir etdim. Nätsemkäm? Mekirlige ýüz urmaly boldy.

Bäş minut geçeninden soň, goja hyzmatkär ýenede gapyda peýda boldy. Egnimde gara örtügim bolany üçin ol bada-bat görmedi:

— Hany, ol aýal? Eý, Hudaý! Özi-hä iki aýagyňy bir gonja dykýar, soňam gaçyp gidýär — diýip hüňürdedi.

— Atam, gatyrganma, men bärde. Giribermelimi?

— Gir, gir, ugruna bolsun!

Reşit Nazym stoluň başynda kelleýalaňaç otyrdy. Ol ernindäki ägirt uly çilimi agzyndan aýyrman, oturgyçda abşaryp oturan ýaşy bir çene baran adam bilen gürleşýärdi... Müdiriň ulumsy, badyhowa sesi kiçijik göwresine muwapyk däldi.

— Ependim, bu ýurt nähil-ä! Jalaýlyk edip, çykdajy baryna galýandyrlar welin, özlerine tanatgyç edineýin diýmezler! Her gün ýüzlerçe adam hyzmatkäriň üsti bilen görmekçidigini duýdurýar. Ýogsam, hyzmatkär olaryň atlaryny hem dogry aýdyp bilenok... Ine, onsoň, bolýar bir bulam-bujarlyk! Men edaralarda Däli Pýotr*(Däli Pýotr — Türkiýede rus patyşasy Pýotr Birinji şeýle atlandyrylypdyr.)* düzgünini ulanmagyň tarapdary. Emeldarlary diňe bir işde däl, eýsem, şahsy durmuşda-da gözden salmaly däl. Olaryň

näme iýip, näme içýänine, nirede oturyp, nirede gezýänine, nähili geýinýänine çenli birsyhly gözegçilik etmeli! Olaryň durmuşyna yzygiderli gatyşyp durmaly. Işe gelen badyma, ilkinji nobatda, mekdeplere perman iberdim. Ol ýerde bolsa, iň azyndan iki günden bir gezek sakgal-murtuny syrmadyk, ütüklenmedik jalbar, ýakasyz köýnek geýen mugallymlary işden boşatjakdyryn diýip duýdurdym. Düýn bir mekdepde barlag geçirdim. Gapynyň öňünde bir mugallym gabat geldi. Ony tanamadyk kişi bolup: «Bar, mugallymyňa bilim bölüminiň müdiri gelipdir» diýip aýt diýdim. Ol: «Ependim, mugallym-a siziň sadyk guluňyzdyr» diýip jogap berdi. Oňa: «Ýok, sen, megerem, şu mekdebiň garawulysyň. Mugallym beýle letde geýinmez. Şeýle geýnen mugallyma duşsam, onuň ýakasyndan alyp, köçä zyňyp goýbererdim» diýdim. Sölite mugallym daş ýaly doňup galdy, menem onuň ýüzüne bakman, jaýa girip gitdim. Ertir ýene şol mekdebe barmakçy, eger mugallymy şol eginbaşly görsem, şobada işden çykararyn.

Arzymy aýtmak üçin müdiriň gürrüňiniň gutarmagyna garaşdym. Emma ol saklanybilmän, gaýtam, gitdigiçe gyzdy:

— Hawa, ependim. Golaýda mekdeplere şeýle buýruk ýolladym: «Mugallymlar hem mugallymalar hökman tanytgyç edinmelidir. Onsuz edaradan edilýän haýyş kabul ediljek däldir». Emma saňa düşünýän barmy? Şol ýeriň özünde-de maňa tarap gaňrylyp, gaharly:

— Jedel etmelem bolsa edibiljek: hanym mugallyma-da buýrugymy alandyr. Emma muňa garamazdan, ol maňa tanytgyçsyz ýüz tutýar. Ynha, hyzmatkärem köne heňine tutduryp dur: «Siz bir hanymy çagyran ekeniňiz. Ol gelipdir...» Haýsy hanym? O nähili hanym? Sary ädikli Mehmet agamy? — diýip hüňňürdedi.

Duran ýerimde doňup galdym. Diýmek, bu sözleriň, bu gahar-gazaplaryň bary tanytgyçsyz girmäge milt edenim üçin maňa aýdylan ekeni! — diýip hüňňürdedi. — Buýrugyňyz maňa gelenok — diýip, onuň jogabyny berdim.

— O näme üçin? Siz nirede mugallymçylyk edýärsiňiz?

— Zeýniler obasynda. Siz geçen hepdede bize baryp gaýdypdyňyz... Olşolsiziň ýapmaly diýip buýruk berip gaýdan mekdebiňiz bolmaly.

Müdir bir gaşyny ýokary gerdi-de, oýlanan bolup oturdy, soňam:

— Hä, ýadyma düşdi, nätdiňiz, işleri tamamladyňyzmy? — diýdi.

— Hemme zat siziň buýruşyňyz ýaly edildi, ependim. Soralan kagyzlary getirdim.

— Bolýar. Olary baş kätibe beriň, goý, seredişdirsin...

Garagäz ýakaly baş kätip menden tutuş iki sagatlap sorag etdi. Ol şol bir resminamalary iki ýola okap çykdy, düýpden düşünmeýän zatlarymy soraşdyrdy, ownuk zatlar üçin çykarylan çykdajylar barada dilhat, pul alanym üçin dilhatlary, hasapnamany, arzalaryň göçürmelerini, şuňa meňzeş zatlary talap etdi. Ahyrsoňy, ol ýaşulularyň oba geňeşiniň Zeýnilerden alyp gelen teswirnamalaryny hakyky däl hasap edýändigini aýtdy. Soraglara jogap berip oturyşyma, birsyhly aljyradym. Baş kätip «Sendenem bir mugallyma bolarmy!» diýjek bolýan ýaly, dodaklaryny äsgermezçilik bilen gyşartdy. Ol nädogry ýelmenen sene markasy zerarly meni tas agladypdy. Ol iň maýdaja zatlar üçin hem igendi. Bilmedim, näçe ýyl mundan ozal Zeýnileriň bir mugallymasyna jaýyň ýokarsyny abatlamak üçin iki ýüz elli kuruş pul beripdirler. Ine, şol puluň alnandygy baradaky dilhat tapylmady.

Baş kätip:

— Hany, abatlaýyş işine çykarylan çykdajyny tassyklaýan hasabat? Hany dilhat? Tapmasaň, kazynyň öňünde jogap okamaly bolarsyň... — diýip haýkyrdy.

Men:

— Beý ependi, aýdýanyňyz näme? Ol ýerde ýarym ýylam işlämok ahyryn — diýdim. Tas aglapdym, emma baş kätibe gep düşündirjek gümanyň ýokdy. Ahyrsoňy, ol:

— Besdir, hanym ependi. Beýle bulam-bujarlyga ýol berip bilmen. Wagtym ýok, siziň işleriňizden baş çykarjak bolsaň, däliräýmeli! — diýip gygyrdy-da, kagyzlary alyp, müdiriň otagyna tarap okduryldy.

Otagda ýene iki sany kätip otyrdy. Olaryň biri selleli, beýlekisi hem ýaňy murty taban ýaş ýigitdi. Baş kätip bilen gürrüňdeş bolup otyrkam, olar, göwnüňe bolmasa, bütin durky bilen iş bilen gümra bolup oturan, bize hiç hili üns bermeýän ýalydy. Emma baş kätip diwanhanadan çykyp-çykmanka, emeldarlaryň ikisi hem öz ýerlerinden syçraşyp turup, müdiriň gapysyna egildiler-de, diň salyp başladylar. Emma kätipleriň yhlasy reýgan boldy: iki minut geçip-geçmänkä, Reşit Nazym şeýlebir haýkyrdy welin, sesi diňe goňşy otagda däl, eýsem, köçede-de eşidildi.

Selleli kätip begenjine ýaş kätibiň arkasyna kakdy-da:

— Taňrym ýalkasyn, müdir beý, o binamysyň birneme suwuna deg! Goý, dinsiziň hötdesinden imansyz gelsin! — diýdi.

Müdir baş kätibe ykjam darady:

— Inim, senden irdim, halys irdim! Bu geleňsizligiň nämedir? Sen heňlän emeldara öwrülipsiň. Ol aýal mamla. Saňa gadym eýýam üçin dilhat dogrup bilmez ahyryn. Eger hiç zada düşünmeýän bolsaň, gümüňi çek. Bar, nirä gitseň, şoňa git. Özüň gitmeseň, özüm aýraryn. Çalt bol! «Işden çykaryň» diýip, derrew arza ýaz. Ýazmasaň, erkek dälsiň!

Özümi diýseň gowuşgynsyz duýdum.

— Jenaplar, meni diňläýiň — diýip, emeldarlara ýüzlendim. — Ýakymsyz işlere sebäpkär bolaýdym öýdýän. Belki, gowusy, gitmelidirin?.. Ýogsam çetine deglen baş kätip maňa agzyndan geleni aýdaýmasyn?..

Başy selleli kätip begenjine tans etmäge taýýardy. Ol:

— Ýok, uýam. Muňa çigit ýaly hem üns berme. Şol binamysa geregem şol! Eger käte-käte özünden hem bihaýa bir kişi eden etmişi üçin onuň suwuna degäýmese, utançsyz köpek depäňe çykjak. Seni Taňry ýalkasyn! Şeýle kötekden soň, ol birnäçe gün ýuwaşaýar. Özem dynç alýar, bizem... — diýdi.

Gapynyň aňrysynda müdir sesini çykarman otyrdy. Emeldarlar derrew ýerli-ýerlerine geçdiler. Başy selleli kätip gaty pyşyrdap:

— «Goý, dinsiziň hötdesinden imansyz gelsin» diýen nakyl ýerlikli söz — diýdi.

Baş kätip diwanhana girdi. Onuň dyzlary, sakgaly titräp durdy. Kellesini öwürmän, gözüniň gytagy bilen kärdeşlerine tarap seretdi. Olar bolsa burunlary deşilen ýaly, yhlasly işläp otyrdy, onsoň ýap-ýaňyja kötek iýen emeldar ynjaldy, bir zatlar hümürdäp, ýerine geçdi. Ýöne ol esli wagt özüne gelmedi, esli salym hyk-çok edeninden soň, ýuwaşjadan gürlemäge başlady:

— Binamysyň elli ýaşy dolsa-da, uly-uly wezipelerde işlese-de, olardan baş çykaryşy garawulymyzyňkyça-da ýok! Özi ertire çykdygymyz jähennem bolup gider, bela biziň başymyza iner. Şeýle-de bolar. Bir barlagçy geler-de, kagyzlarymyzy dörüp başlarda: «Päheý, pekgeler, goýun kelleler!

Näme üçin bu iki ýüz elli kuruşyň dilhaty ýok. Siz nädip beýle gözçykgynçlyklara ýol berdiňiz?» diýip sorar. Eger biziň barymyzy kazynyň öňünde dikeltse, ol mamla bolar. Döwletiň hazynasy hakyndaky kanun bilen oýun edip bolmaz. Walla, barymyz gyrlyp gitsek-de, bu pullary ýüz ýyldan soň agtyk-çowluklarymyzyň burunlaryny sykyp alarlar!

Kätipler edara kitaplaryndan kellelerini galdyryp, parasatly sözlerini hormatdyr dykgat bilen diňleýän kişi boldular.

Baş kätip ýagdaýy amatly hasap edip:

— Eşitdiňizmi o kesiň samramalaryny? — diýip sorady.

Başy selleli kätip ör-gökden gelen kişi boldy.

— Näme diýdi? Bir ses-ä eşitdik... Ýöne ol size diýilýän sözlermidi?

— Kä diýýänleri maňa degişlidi... Boş warsakylar...

— Göwnüňize getirmäň. Ol iş ýöretmäni nireden bilýär? Eger bu ýerde siz bolmadyk bolsaňyz, üç gün geçip-geçmänkä, ähli zat bulam-bujar bolardy...

Bu sözleri diýýän başy selleli kätipdi, ýap-ýaňyjada uly kärdeşiniň üstüne ýagýan, näletlere çaga ýaly begenýän adamdy! Toba, neneň geň adamlar-a! Ýöne başy selleli kätibiň çaklamalary dogry çykdy. Baş kätip almytyny alanyndan soň, ep-esli ýumşady, ynjaldy, ol çilimini çekip, tütünini saga-sola sowrup durşuna:

— Wah, döwlete jany bilen gulluk edýän adamyň ahyrsoňy alýan minnetdarlygy şumudyr? — diýdi.

Baş kätip gaýdyp hiç zatdan bahana agtarmady, göz açyp-ýumasy salymyň içinde işleri kabul etdi.

Bir minut geçeninden soň, ýene müdiriň iş otagyna girenimde, ýadawlykdan ýaňa aýaklarym çolaşyp, gözlerim garaňkyrap gitdi.

Reşit Nazym eýýäm başga bir iş bilen gümrady. Ol hyzmatkärlere otagyň tozanyny süpürdýärdi. Olara iňirdeýärdi, diwardaky suratlary birnäçe gezek bir onda bir munda asdyrýardy, özi bolsa, maý tapdygy, kiçijik el aýnasyna bakyp, saçyny, boýunbagyny düzedişdirýärdi.

Müdiriň henizem otagyň burçunda oturan ýaşuly bilen gürrüňinden beýle yhlasly taýýarlygyň sebäbini aňsa bolýardy: B.-a fransuz galamgäri Piýer For gelipdir. Düýn häkimiň kabul edişliginde müdir galamgär hem-de onuň aýaly bilen tanşypdyr. Müdiriň sözlerine görä, Piýer For örän täsin adammyş. Ol galamgäriň «Ýaşyl öwüsýän B.-da birnäçe gün» diýen sözbaşy bilen hökman birnäçe makala ýazmagyna umyt baglaýarmyş.

Reşit Nazym tolgunyp gürrüň berýärdi:

— Är-aýal şu gün sagat üçde ýanyma geljekler. Olara mekdeplerimiziň birnäçesini görkezmekçi, dogry, ýewropalylara buýsanç bilen görkezer ýaly bir mekdebimiz hem ýok, ýöne bu meselede syýasy sapalaklara ýol bermeli bolarys. Herhal, oňa bize peýdaly bir makalajyk ýazdyrmak başardar diýip umyt edýärin. Bu ýerde oturýanlygymam bir gowy zat, ýogsam bu menden ozalky müdir döwründe bolan bolsa, biz ýewropalylaryň öňünde bütinleý masgara bolaýmaly.

Tutynyň ýanyndaky gapynyň öňünde durdum.

— Ýene näme, hanym ependi? — diýip, müdir menden howul-hara sorady.

— Ähli işlerimi tabşyrdym. Etmeli zatlaryň bary edildi, ependim.

— Gaty gowy. Minnetdar.

Onuň ýüzüne seretdim durdum. — Size uly minnetdar, gidip bilersiňiz.

— Siz men barada görkezme bermekçidiňiz. Täze wezipä bellemegiňizi göz öňünde tutýaryn.

— Hawa-da... Ýöne häzir boş ýerim ýok. Iş boldugy, bir zatlar taparys. Diwanhanada hasaba duruň.

Müdir bu sözleri howlukmaçdan kesgitli aýtdy. Ol meniň çaltrak çykyp gaýtmagymy isleýärdi.

Boş ýer!

Bu sözleri Stambulda, bilim ministrliginde-de telim sapar eşidipdim, manysyna-da gowy düşünýärdim. Müdiriň hemleli äheňi mende täsin bir garşylyk döretdi. Daş çykmak üçin gapa tarap bir ädim ätdim, emma şol pursat myhmanhanada kiçijik, otagda eýjejik owlagy bilen oýun edişip oturan Munisäm ýadyma düşdi. Hawa, indi öňki Feride däldim. Eýýäm çaga ykbalyna jogapkär enedim. Şonda ýene-de stoluň ýanyna bardym. Ýagşyň astynda sadaka dileýän gedaý ýaly, başymy aşak salyp durdum. Sesimde gorkudyr ýalbarma ýaňlandy.

— Beý ependi, men garaşyp biljek däl. Aýtmaga utanýanam welin, maddy taýdan mätäçlik çekýänimi aýtmaly bolýaryn. Eger siz häziriň özünde maňa bir iş bermeseňiz...

Bokurdagym dolup, gözlerime ýaş aýlandy. Maňa beýle zatlary aýtmak örän utançdy hem hupbatlydy.

Müdir gaharly, howlukmaç jogap berdi:

— Hanym, size eýýäm aýtdym ahyryn — boş wezipäm ýok — diýip. Dogry, Çadyrly obasynda bir mekdep bar... Eger giderin diýseňiz, şol ýere gidibilersiňiz. Ýöne özüňizden görüň. Aýtmaklaryna görä, ol ýer juda elhençmiş. Ol ýerde çagalar kofehanada okaýan bolara çemeli. Mugallym üçin ýaşaýyş jaýy ýok. Eger göwneseňiz, sizi şol ýere belläp biljek. Eger gowurak ýer gerek bolsa, onda tagapyl ediň...

Men dymdym.

— Ýeri, hanym ependi, jogabyňyza garaşýaryn.

Başymy öňküden hem aşak saldym-da:

— Ýagşy, ylalaşmaga mejbur bolýaryn — diýip, uludan demimi aldym.

Emma müdir jogabymy eşitmän galdy. Birdenem gapy serpilip gitdi-de, «Gelýärler!» diýen ses jaýa doldy.

Reşit Nazym uzyn etekli penjeginiň iliklerini howlukmaçlyk bilen ildirip, iş otagyndan böküp çykdy. Men hem çykmaly boldum. Gapynyň öňünde fransuzça edilýän gürrüňi eşitdim. Gürleýän müdirdi:

— Giriň, baş üstüne...

Bosagada giň paltoly ýaş zenan peýda boldy. Onuň ýüzüne gözüm düşeninde, allaniçigsi bolup, gygyranymy hem duýman galypdyryn. Galamgäriň aýaly mekdepde bile okan joram Kristiýan Warez eken.

Bir gezek dynç alyşlykda Kristiýan ata-enesi bilen Fransiýa gidipdir, ol ýerde-de çykanyna — ýaş galamgäre durmuşa çykyp, Stambula gaýdyp gelmändir. Synpdaşym birnäçe ýylyň içinde örän üýtgäpdir — agras, salykatly zenan bolup gidipdir.

Sesimi eşiden Kristiýan kellesini öwrüp, ýüzüm örtük bilen ykjam örtülenem bolsa, şobada tanady.

— Çalyguşy! Eýjejik Çalyguşym! Sen bu ýerdemi? Ah, bu ne duşuşyk! — diýip gygyrdy.

Kristiýan garagol Çalyguşyny gowy görýän gyzlaryň biridi. Ol elimden tutdy-da, otagyň ortasyna çekdi, zor bilen diýen ýaly örtügi sypyryp, iki ýaňagymdan ogşady.

Kristiýananyň entek görmek başartmadyk adamsynyň, aýratyn hem bilim bölüminiň müdiriniň nähili aljyrandyklaryny göz öňüne getirýärin!

Gözýaşymy hiç kim görmez ýaly, olara ýeňsämi öwrüp, ýüzümi joramyň egninde gizläp durdum.

—Ah, Çalyguşy, her zada garaşsam-da, seni bu gara türk örtüginde gözi ýaşly görerin diýip, ýatsam-tursam oýuma-da gelmeýärdi.

Ahyrsoňy, özümi dürsedim. Bildirmän, örtügi ýüzüme çekjek boldum. Emma Kristiýan göwnemedi. Ol meni zor bilen adamsyna tarap öwrüp:

— Piýer, tanyş bol. Bu — Çalyguşy — diýdi.

Piýer For uzyn boýly, mele saçly, görmegeý ýigit ekeni. Dogry, ol ilki birneme geňräk göründi, ýöne bu uzak wagtlap gürrüňçilikde her sözi saldarlap görýän kütek adamlaryň içinde ýaşanym üçindi.

Galamgär elimden öpdi-de, köne tanşy ýaly, gürläp başlady:

— Mademuazel, juda şat. Biler bolsaňyz, birekbirege keseki adamlar däldiris. Kristiýan siz barada köp gürrüň berdi! Häzir ol hiç zat aýtmadygam bolsa, Çalyguşyny özüm tanardym. Bizde siziň mekdep suratyňyz bar, ol ýerde ähli synp bolup, terbiýeçiler bilen bile dursuňyz. Kristiýananyň egnine eňegiňizi goýşuňyz ýadyňyza düşýärmi? Görýäňizmi, sizi nähili gowy tanaýan ekenim.

Är-aýal Forlar bilim bölüminiň müdirini unudyp, birsyhly meniň bilen gürleşýärdiler.

Birden kellämi öwürdim welin, täsin bir zada gözüm düşdi, muny başga bir ýerde gören bolsam, hökman hezil edip gülerdim: Myhmanlar bilen ýene birnäçe emeldar iş otagyna girdi. Olar döwre gurapdyrlar, ortasynda-da bilim bölüminiň müdiri durdy. Fransuzça gürleýänimi görüp, hemmeler gözbagçynyň gyzykly oýunlaryna syn edýän daýhanlar ýaly, agyzlaryny öweldişip durdy.

Duranlaryň arasynda birden Reşit Nazym bilen bile Zeýnilere baran jemgyýetçilik işleriniň welaýat müdirliginiň uzynak inženeri hem bardy. Soň görüp otursam, ol myhmanhanalaryň ýanyndaky myhmandar(*Myhmandar — myhmanlary garşy alýan we olar bilen bile bolýan adam.)* ekeni. Inžener Zeýnilerde fransuzça gürlän bolup, bölüm müdirine aýdan sözleri ýadyna düşse, utanyp, ýere girip bilmez diýip pikir etdim. Ýöne, elhepus, köne mekdep joramyň meni şeýle gözgyny ýagdaýda görýänligine diýseň kiçeldim. Emma başga alaç barmy, näme? Boljak zada çäre ýok diýmekden başga çykalga ýok. Bularyň üstesine, ol ahlak taýdan kemsidilýänligimi hem biläýmesin diýip, özümiň ähli batyrgaýlygymy, göwnaçyklygymy jemledim-de, merdemsi, batly hem şadyýan gürleýärdim.

Ahyrsoňy, müdir birneme özüne geldi. Ol kindiwanja aýaklaryny täsin basyşdyryp, gülkünç tagzym etdi-de, kürsä tarap yşarat etdi:

— Oturmagyňyzy haýyş edýärin, ýadamaň...

Men çykyp gaýtmalydym, şonuň üçinem Kristiýananyň gulagyna:

— Hany, hoşlaşaly — diýip çawuş çakdym.

Emma Kristiýan maňa, şepbik ýaly ýelmeşip, egereger, goýbererli däldi. Joramyň birdiýenliligi müdiriň gözünden sypmady. Birnäçe minut ozal göwünli-göwünsiz, sowuk gürleşýärdi, häzir bolsa ol çuňňur tagzym edip, kürsini öňüme süýşürdi:

— Dyzyňyzy epiň, hanym ependi, haýyş edýän... Biz oturdyk. Kristiýan henizem köne örtükli ýörenime akyl ýetirip bilenokdy.

— Wah, Piýer, biziň Feridämiziň nähili täsin gyzdygyny bilýän dälsiň. Ol Stambulyň iň asylzada maşgalalarynyň birinden. Onuň şeýlebir ýiti akyly, diýseň ajap häsiýeti bar. Muny bu ýerde görüp, akylym haýran boldy.

Joramyň öwgüsi maňa hem hoş ýakýardy, hemem utandyrýardy. Mahal-mahal bölüm müdiriniň ýüzüne bakýardym. Görgüli geň galmakdan ýaňa henizem özüne gelip bilenokdy. Uzynak bihaýa inžener barada aýdanymda bolsa, ol burça dykylyp, meni gözi bilen iýäýjek bolýardy. Elbetde, oňa tarap seredemokdym. Ýöne ýüzüňizde bir möjejik gezip ýörse, onuň nähili bimaza edýänligine beletsiňiz? Ynha, menem onuň gözleriniň, edil möjejik ýaly, ýüzümde ýörmelläp ýörüşini syzýardym, buda birsyhly azara goýýardy.

Kristiýananyň bilesigelijiligini kanagatlandyrmak üçin şeýle düşündiriş bermeli boldum:

— Bu ýerde geňlär ýaly hiç zat ýok, her kim bir zat bilen gyzyklanýar, nämedir bir zada ýykgyn edýär... Ynha, meni hem mekdep özüne maýyl etdi. Ýüregimiň emri bilen şu welaýatda işläsim, özümi çagalara bagyşlasym geldi. Durmuşymdan razy, bu her halda ýelkenli gaýyk bilen dünýä syýahat etmekden has ýeňil. Şujagaz ýönekeý zada-da düşünmeýşiňe geň galýaryn!..

Jenap Piýer For paýhasly görnüşde:

— Mademuazel, maňa bary düşnükli. Kalbyň bu inçe duýgusyna Kristiýan hem gowy düşünýär. Emma entek özüne gelip bilenok, bolany şu. Bularyň baryndan şeýle netije çykardym: Stambulda günbataryň terbiýesini alan ýaş gyzlaryň täze nesli bar. Ol Piýer Lotiniň «lapykeçleri*(«Lapykeçlik» — fransuz ýazyjysy Lotiniň romany. Piýer Loti (1850- 1923) öz yşky romanlarynda Gündogary bagtyýar, baý ülke hökmünde taryp eden ýazyjy. Ol Osman imperiýasynda ägirt uly meşhurlyk gazanypdyr.)* » kimin öz-özüni peýdasyz gussa bilen horlaýanlar däl-de, düýpden täze nesilden. Olar peýdaly iş bilen meşgullanmagy biderek «bolsadydan» ileri tutýarlar, Stambulyň şadyýan, imisala durmuşyny taşlap, islegine eýerip, Anadolyny oýarmak üçin uzak ülkelere gidýärler. Gör, terkidünýäligiň nähili ajaýyp, nähili belent nusgasy! Makalam üçinem, gör, nähili ajaýyp mowzuk! Türkleriň oýanyşy hakda gürrüň edenimde, mademuazel Çalyguşy Feride, ejaza bermegiňiz bilen, siziň adyňyzy hem tutmakçydyryn! — diýdi.

Men ynjalyksyzlandym:

— Kristiýan, eger adamyňa gazetde adymy tutmaga ejaza beräýseň, seniň bilen joralygymy keserin.

Kimligimi bildirmezlik islegime Piýer For özüçe düşündi. Ol:

— Mademuazel, kiçigöwünliligiňiz hem ajap zat! Siz ýaly gyzyň islegine tabyn bolmagy öz borjum hasap edýärin. Siziň bagty getiren haýsy mekdepde okadýanyňyzy bilip bilermikäm? — diýdi.

«Boljak zada çäre ýok» diýip ozalam aýdypdym. Bilim bölüminiň müdirine tarap öwrülip:

— Sadyk guluňyza teklip eden mekdebiňiz nirede bolmaly? Göwnüme bolmasa, siz Çadyrly obasy diýen ýalydyňyz... — diýdim.

Piýer For howlukmaçlyk bilen ýazuw depderçesini açdy.

— Duruň, duruň... Siz näme diýdiňiz? Çadyrlamy ýa-da Çadyrly? Mademuazel, pursat bolsa, biz welaýata aýlanyp ýörşümize sizi çagalaryňyzyň arasynda görmek üçin bu ajaýyp oba-da baryp gaýdarys.

Bilim bölüminiň müdiri syçrap ýerinden turdy. Oňa tarap seretdim. Ol edil leňňeç ýaly gyzyldy!

— Mademuazel hanym ependi obada okatjak diýip dur, ýöne, ol merkezi zenanlar mugallymçylyk mekdebinde fransuz dili mugallymasy hökmünde has uly peýda getirer öýdýärin — diýip, ol aýtdy.

Alasarmyk halda müdiriň ýüzüne seretdim. Ol maňa türkçe düşündirip başlady:

— Siz fransuz mekdebini gutardym, fransuz dilini bilýän diýip aýtmadyňyz ahyryn. Eger şeýle bolsa, ýagdaý üýtgeýär. Häzir ministrlikden siz barada towakga etmekçi. Buýruk gelýänçä bolsa, siz sanawdan daşary işlärsiňiz. Ertir ir bilen sapaga başlaberiň, razymy?

Ynha-da. Birtopar biweçliklerden soň, durmuş hemişe adama şatlyk eçilýär. Muňa Gülmysalyň söýgüli nakyly hem mysal: «Eger aýyň on bäş güni garaňky bolsa, galan on bäş günem ýagty bolar...» Ýöne bu ýagtylygyň gözedürtme garaňkylykda şeýle oslagsyz pursatda peýda boljakdygyny oýumada getiremokdym.

Ýene-de Munise barada oýlandym. Ýöne bu gezek ol göz öňümde myhmanhananyň garaňky otagynda owlajygy bilen oýnap oturan pukaraja däl-de, bezemen geýnip, bagda, owadan jaýyň öňündäki gülhananyň töwereginde eli halkalyja bökjekläp ýören gyz hökmünde peýda boldy.

***

Biz aýrylyşjak bolanymyzda, Kristiýan meni bir gyra çekip:

— Feride, ol barada soramakçy. Sen adaglydyň-a. Näme üçin oňa durmuşa çykmadyň?.. Nämä jogap bereňok? Hany, seniň ýigidiň? — diýdi.

Başymy aşak salyp, ýuwaşja:

- Geçen baharda ony ýitirdik — diýdim.

Jogabyma Kristiýan allaniçigsi boldy.

— O nähili, Feride? Seniň çynyňmy? Wah, biçäre Çalyguşy? Seniň bu ýerlere nädip düşüp ýörşüň indi maňa düşnükli:

Onuň barmaklarymy tutup duran elleri titreýärdi.

— Feride, ony örän gowy görýärdiň ahyryn, şeýle dälmi? Menden gizleme, ezizim! Seniň boýnuňa alasyň gelmese-de, bu hemmä düşnüklidi.

Kristiýananyň gözleri dumanlap gitdi, bir wagtky gören düýşi ýadyna düşen ýaly boldy.

— Sen mamladyň — diýip, ol tolgunma bilen sözüni dowam etdirdi.

— Ony söýmezlik mümkin däldi. Ol ýygy-ýygydan seniň ýanyňa mekdebe gelip giderdi. Ýadyma düşýär, şonda ony ilkinji gezek görüpdim. Onuň üsti-başy nähili enaýydy. Wah, bolmandyr-

da!.. Feride, saňa duýgudaşlyk bildirýärin! Göwnüme bolmasa, ýaş gyz üçin söýgüli ýigidiniň ölümi ýaly betbagtçylyk ýokdur...

***

Kristiýan, sen şeý diýdiň welin, aşak bakdym, soň gözlerimi ýumup, hümürdedim. «Hawa, hawa, sen mamla». Ýene näme jogap bereýin! Ýöne ýalan sözledim, Kristiýan. Ýaş gyzlar uly belabeterlere duçar bolýarlar. Söýgüli ýigidiňi ýitirmek pikir edişiň ýaly o diýen betbagtlyk däl. Olaryň uly bir tesellileri bar. Aýlar, ýyllar geçer, onsoň haçan-da bolsa bir gün ýat ülkedäki sowuk otagda olar öz ýigidiniň keşbini göz öňüne getirip bilerler, şonda olaryň «Söýgüli gözleriň iň soňky bakyşy maňa tarapdy» diýmäge haky bolar. Olar öz ýüreginiň lebi bilen mährem keşbi öperler. Men bolsam şeýle hukukdan mahrum, Kristiýan!

***

*B..., 9-njy mart.*

Şu gün säher bilen B.-däki zenanlar mugallymçylyk mekdebinde sapak bermäge başladym. Megerem, täze ýere çalt öwrenişsem gerek. Ýöne Zeýnilerden soň bu ýer maňa ýaramady diýsem, siz ynanmarsyňyz.

Täze kärdeşlerim, göräýmäge, erbet adamlar däl ýaly. Okuwçylarym bolsa meniň ýaşlarymdaky adamlar, käbirleri-hä has uly aýallar. Müdir mylaýym adam, adyna-da Rejep ependi diýýärler ekeni. Ol sellelidi. Mekdebe baranymda, muawine*(Muawine — orunbasar.)* hanym meni derrew onuň iş otagyna alyp gitdi. Ol «Rejep ependi bilim bölümine gitdi, ýöne hä diýmän gelmeli» diýip, garaşmagymy haýyş etdi. Äpişgeden ýarym sagatlap bagy synladym, diwarda asylgy duran jedweljiklerdäki terslinoňlyn ýazylan ýazgylary okamaga synanyşdym.

Ahyrsoňy, müdir geldi. Ýolda gelýärkä, ol güýçli çabgaň astynda galypdyr. Onuň dony ezilip, sykaýmaly bolupdyr.

Meni görüp, ol şeýle diýdi:

— Gyzym, hoş gördük... Maňa sen hakda ýap-ýaňy bölümde gürrüň berdiler. Alla ählimizi öz penasynda saklasyn!

Müdiriň tegelek ýüzüne çal sakgaly gelşik berýärdi, ýaňaklary alma ýaly gyrmyzydy. Çaşy gözleriniň hersi bir dürli tarapa garaýardy.

Ol donundan syrygýan suwa bakyp:

— Haý, jüre degmiş! Saýawanymy ýatdan çykaraýypdyryn... Ine, soňy nähili boldy! Samsyk baş zerarly aýaklara gün ýok diýip, dogry aýdypdyrlar. Bu gezek donum jepa çekmeli boldy. Gyzym, bagyşlawer, birneme gurunaýyn. — Ol şeý diýdi-de, daşky eşiklerini çykarmaga durdy.

Oturgyçdan turdum-da:

— Ependim, häzir size azar bermäýin. Soňrak geläýerin — diýdim.

Rejep ependi eli bilen «oturyň» diýen yşarat etdi:

— Ýok, gadyrdan, resmilik nämä gerek? Men siziň ataňyz ýaly ahyryn.

Müdiriň donunyň astynda melewşe zolakly sary atlazdan tikilen köýnek şekilli bir zat bardy. Ýakasyna seretseň, ol köýnege, jübülerine seretseň bolsa ýeňsiz gursakça meňzeşdi. Rejep ependi

oturgyjy pejiň öňüne süýşürdi-de, ägirt uly gaýyş köwüşlerini oda tutdy. Köwüşleriň aşagyna at nallary görnüşinde äpet çüýler urulgydy.

Müdiriň sesi ýitidi, ondan ýaňa gapdalyňda sandala çekiç urulýan ýalydy, gulagyň şaňlar durardy. Ol «k» sesini «g» ýaly edip aýdýardy. Ol:

— Gyzym, sen entek çaga ekeniň-ä! — diýdi.

Ähli ýerde diýen ýaly eşidýän bu sözlerim indi halys ýüregime düşýärdi.

— Elbetde, saňa bu ýer aňsat düşmedi, ýöne ony saklamak has kyn bolar. Şonuň üçin sen yhlas etmeli bolarsyň. Mugallymlarym maňa öz gyzlarym ýaly. Olar hökman agras bolmaly. Bir gezek olaryň biri samsyklyk edipdir. Goý, ony ýer çeksin! Bilim bölüminiň müdirine-de maslahat salman, pasportyny eline tutduragada, gülberini arkasyna daňdym! Eýsem, şeýle dälmi, Şehnaze hanym? Näme, agzyňy açmazlyga ant etdiňmi?

Şehnaze hanym mekdebiň okuw bölüminiň müdiridi, ol orta ýaşlaryndaky, keselbent aýaldy. Bir zat diýmekçi bolanynda ol esli wagt ardynjyraýardy. Onuň öňden bäri gürrüňe goşulyşasy gelýändigini aňdym.

— Hawa, hawa! Şeýle zad-a bolupdy — diýip, ol müdire gaharly jogap berdi, şol wagtyň özünde-de geplemäge berlen pursady elden sypdyrmazlyk üçin diline gelenini aýdyp goýberdi:

— Hammallar iki mejidiýäden aza razy bolanoklar. Nätsekkäk?

Rejep ependi bugarýan köwüşleriniň nallanan aşagy ýanyp başlan ýaly, oturgyçdan böküp turdy.

— Samsyklara bir serediň-ä! Jähenneme gitsinler! Goşlary arkama alyp, özüm daşaýaryn. Men bir akylyndan azaşan adamdyryn. Diýdigim — gutardy. Sen git-de, olara şeý diýibem aýt!

— Soň ol ýene maňa tarap öwrüldi. — Gözümiň çaşylygyny görýärmiň? Alladan ant içýärin, olary müň lira-da satman. Ynha, golastymdaky adamlara şeýdip seredýän welin, olar huşuny ýitirýär oturyberýär. Ýagny meniň aýtjak bolýan zadym, gyz maşgala akylly, asylly bolmaly. Öz işini edýän wagty sypaýy, mekdebiň daşynda bolsa mugallym mertebesini saklap bilýän bolmalydyr. Şehnaze hanym, sapaklara girişmeli wagt boldy diýjek bolýarmyň?

— Wagt boldy, ependim. Okuwçy gyzlar synp otagyna girdi.

— Ýör, gyzym, seni okuwçylar bilen tanyşdyraýyn. Ýöne sen ilki git-de, ýüzüňi gowy edip ýuw.

Soňky jümläni Rejep ependi birneme uýaljyrap,sesini peseldip aýtdy. Men özümi ýitirip, geň galdym. Eýsem, ýüzüme hapa degäýdimikä?! Şehnaze ikimiz bir-birimize seredişdik. Olam, edil men ýaly, aňk-taňk bolup durdy.

— Eýsem, ependim, ýüzüm hapamy? — diýip, ondan soradym.

— Gyzym, şaý-sepler bilen bezenmek höwesi zenanlara tebigy berlendir. Emma mugallymyň ýüzüne reňk çalyp synp otagyna girmäge haky ýokdur. Muny ataň hökmünde häzirden ýatladyp goýýan.

Çekinjeňlik bilen:

— Ýöne ýüzümde reňk ýok ahyryn, jenap müdir— diýdim.

— Ömrümde bir gezek hem ýüzüme reňk çalyp göremok.

Rejep ependi maňa ynamly-ynamsyz seretdi.

— Ýöne çalnypsyň-a?! Çalnypsyň-a?!

Onýança baryna düşündim-de saklanybilmän jakjak güldüm.

— Jenap müdir, ol reňklerden özümem bizar, ýöne nädeýin? Olary maňa Alla beripdir. Olary suw bilen ýuwup aýryp bolanok-da.

Şehnaze hanym hem güldi:

— Rejep ependi, bu biziň täze mugallymymyzyň ýüzüniň tebigy reňki ahyryn!

Biziň şadyýanlygymyz müdire-de täsir etdi.

— Ha-ha-ha! — Rejep ependiniň gülkisi jaýy göçüräýjek bolýardy.

Onuň «ha-ha-hasy» edil birinji synpdakylara elipbiý öwredýän ýaly, hetjiklenip açyk-aýan eşidilýärdi.

— Gör, munuň täsindigini! Alla beripmiş! Alla!.. Diýmek, bu Alladan berlen peşgeş-dä! Şehnaze hanym, heý, ömrüňde şeýle gözüňi deşip barýan ýüz görüpmidiň? Gyzym, ejeň saňa süýt däl-de, bägül şiresini beren bolaýmasyn? Eý, Alla!..

Rejep ependi juda gowy adama çalym edýärdi. Şähdim açykdy. Ol ýene-de bugaryp duran donuna girdi, biz bolsa, sapaga ugradyk. Däliziň äpişgesinden okatmaly okuwçylaryma gözüm düşeninde, gorkyma ýüregim agzyma geldi. Biz synp otagyna girdik. Elhepus, olaryň köpdügini! Synpda iň azyndan elli adam dagy otyrdy, hemmesem deň-duşlarymdy, uly gyzlardy. Özüme gezelen bilesigelijilikli, içgin onlarça nazarlardan ýaňa ýer ýarylmady, men girmedim. Eger Rejep ependi şu wagt çykyp gidäýse, çykgynsyz ýagdaýa düşerdim, sebäbi men hem çekinýärdim, hem aljyraýardym. Bagtyma, müdiriň ynandyrmak babatda täsin zehini bardy.

— Hany, gyzym, ýeriňe geç!.. — diýdi-de, ol meni zorluk bilen diýen ýaly synpda oturmaly ornuma geçirdi, soňam tükeniksiz nutugyna başlady.

Rejep ependiniň aýtmadyk zady galmady.

— Eger ýewropalylar saglygy goraýşy, himiýany, astronomiýany, matematikany araplardan öwrenen bolsa, näme üçin biz samsyklyk edip, olardan täze ylymlary öwrenmeli dälmişik? Ýewropalylaryň bilimlerdir paýhaslar hazynasyna aralaşmak, olaryň ylmy gazananlaryny garbap almak — munuň özi kanuny oljadyr. Ol top-tüpeňler arkaly däl-de, bary-ýogy, fransuz diliniň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Rejep ependiniň kellesi gyzdy. Ol gulaklary kamata getiriji güňleç sesi bilen synpy lerzana getirdi, barmagy bilen meni görkezip:

— Dünýäniň ähli ýurtlarynyň alýan ylymlarynyň açary şujagaz gyzyň elindedir. Siz onuň daş keşbine seretmäň. Boýy barmak ýaly bolsa-da, aňynda jöwher kibi gymmatlyk bar. Siz ony sypdyrmaň, bogazyndan alyp, limon kimin sykyň, agzyndan ylmyny çekip alyň!

Ýylgyrmakdan ýaňa ernim gyşaryp gitdi. Hä diýmän näletsiňmiş gülkimiň tutjakdygyny duýýardym, şonuň üçinem gaçyp gitmäge taýýardym. Eý, toba, gör, bu nähili masgaraçylyk bolar! Şol wagt ilkinji gezek synpa göz gezdirmäge ýürek etdim. Bu näme boldugy? Hemme kişi gülýärdi. Okuwçy gyzlaryň ýüregine mylaýym, sada ýylgyryş bilen ýol saldym. Pikir edişime görä, gizlin bakyşmalarymyzdyr gülüşmelerimiz bizi birek-birek bilen ysnyşdyrdy.

Synpdaky gülki güýçlendi, muny, ahyrsoňy, müdiriň özi hem duýdy. Ol münberi ýumruklap, aýdyşy ýaly, müň lira-da satmajak aýylganç çaşy gözlerini synpa aýlady-da:

— Bu näme boldugy?! Bu näme boldugy?! Bu näme boldugy?! Size azajyk ýüz berseň, depä çykjak bolýarsyňyzmy? Sizi — zenanlar tohumyny läliksiretmeli däl. Hudaý bar, baryňyzyň ýoguňyza ýanaryn! Derrew agzyňyzy ýumuň? At ýaly kişňemäňiz näme? — diýip gygyrdy.

Emma gyzlar Rejep ependiniň käýinmesine baş galdyrmadylar. Ähtimal, diňe men ýaýdandym. Müdiriň çykyşy on bäş minut dowam etdi. Synpdaky gülki güýçleniberse, ol münberi ýumruklaýardy, ýarym degişme — ýarym çyn bilen gyzlara haýbat atýardy.

— Näme, dişiňizi syrtardýarsyňyz? Ynha, atagzy alyp gelerin welin...

Ahyrsoňunda, Rejep ependi:

—Oňa berkiräk ýapyşyň, ondan galmaň, ony limon ýaly sykyň. Eger agzyndaky ylmy sogrup almasaňyz, pederleriňize nälet, goý, eneleriňiziň, atalaryňyzyň, ýurduň, halkyň beren çöregi zäher bolsun! — diýip gygyrdy. Şeý diýdi-de, Rejep ependi çykyp gitdi.

Synp bilen ýüzbe-ýüz bolup galan pursadym beýle kyn bolar diýip, hiç haçan pikir etmeýärdim.

Öňler ertirden agşama çenli durman gürlemegi oňarýan ýaňra Çalyguşy häzir aşa düşen bilbil ýaly dymyp otyrdy. Kellämde aýdar ýaly bir pikir hem ýokdy. Ahyrsoňy, çydap bilmän, ýene gülümsiredim. Bagtyma, okuwçy gyzlar men müdiriň üstünden gülýändir öýdüpdir. Olar hem ýylgyryşdylar. Birdenem dogumlanyp, özümi ele aldym-da:

— Gyzlar, fransuz dilini az-owlak bilýärin. Eger bilýänlerim derdiňize ýarasa, özümi bagtly saýardym — diýdim.

Ýaýdanjaňlygym el bilen aýrylan ýaly boldy, dilim açyldy. Kem-kemden okuwçy gyzlaryň ynamyna girip ugrandygymy duýup, ýeňil hem erkana gürledim. Ýetişen hanymlara «Gyzlarym!» diýip ýüzlenmek diýseň ýakymlydy, ýakymsyz ýeri — olar juda köp gülýärdi. Muňa garşy däldim, ýöne Rejep ependiniň müň lira-da bermeýän çaşy gözleriniň synpyň äpişgesinden görünmeginden Hudaý saklasyn! Şonuň üçin okuwçylaryma:

— Gyzlar! Siziň şadyýanlygyňyz ýylgyrma derejesinden geçmeli däldir. Mende müdiriň gorkuzýan atagzysy ýaly, haýbatly ýarag ýokdur, diňe size gaharym geler — diýip, kiçiräk duýduryş berdim.

Gepiň gysgasy, ilkinji sapagym örän şowly geçdi. Synp otagyndan çykyp barýarkam, bir gyz ýanyma gelip, «çipsy» diýilýäniniň atagzydygyny düşündirdi. Müdiriň juda köp gülýänlere «Çipsy bilen dişiňizi soguraýaryn» diýip, mugallymçylyga mahsus haýbat atma edähedi bar ekeni.

***

*B..., 28-nji mart.*

Okuwçylarymdan juda hoşal. Olar meni şeýlebir gowy görýärdi welin, arakesmelerde-de yzymdan galanokdy. Işdeş ýoldaşlarym barada aýdanyňda bolsa, olar hakda-da ýaramaz bir zat aýdyp biljek däl. Elbetde, sowuk-sala gürleşýänlerem, gyýa bakýanlaram, bir-birlerine men hakda her hili ýaramaz zatlary aýdyp pyşyrdaşýanlaram bardyr. Ýöne adam öz öýünde hem hemmeler bilen äbedejüýbe ýaşap bilenok ahyryn. Kärdeşlerimiň içinde asly stambully aýrylmaz iki jorany — ýaşajyk mugallymlary has hem gowy görýärdim. Olaryň biriniň ady Nesihe, beýlekisiniňki bolsa Wasfiýedi. Emma muawine hanym maňa, näme üçindir, olardan daşrak durmagy maslahat berýärdi. Muňa düşünmeýärdim. Mekdepde köne tanyşlarymada duşdum. Olaryň biri gözleri içiňden geçip barýan, bir

wagtlar merkezi ruşdiýede arkamy tutan şol uzyn boýly mugallym zenandy. Ol bizde hepdede bir gezek sapak berýärdi, Rejep ependiniň çaşy nazaryndan gypynç etmeýän ýeke-täk adamdy. Tersine, müdiriň özi ondan eýmenýärdi. Şol mugallym barada gürrüň gideninde müdir egnini gysyp: «Baý, häsiýet bolaýşyny! Ondan nädip dynjagymy bilýän däldirin. Hudaý bar, diňe şondan soň ýazylyp-ýaýnap, erkana dem alaryn» diýýär. Aýdýan mugallymlarymyň ikinjisi at dişli gartaşan zenandy. Ol özüniň ägirt uly äýnegini hiç wagt gözünden aýyrmaýardy. Stambulda ýaşaýarkam, biz şäheriň çetine gatnaýan otluda ýygy-ýygydan duşuşmaly bolýardyk. Ol Gözdepe diýen ýerde mugallymçylyk edýärdi. Garryja mugallym tanan bolara çemeli, hemişe maňa içgin seredýärdi.

Ol bir gezek:

— Eý, Allam, Allam, beýle-de bir meňzeşlik bolar ekeni! Birwagtlar şäher çetine gatnaýan otluda garagol okuwça duşýardym. Siz oňa örän meňzeş! Ýöne ol fransuz gyzyna, umuman, daşary ýurtla meňzeşdi. Ol şeýlebir oýun görkezýärdi welin, bütin wagon gülküden ýaňa göçere gelýärdi — diýdi.

Ýüzümi aşak salyp:

— Mümkin... Bolup biler... — diýip jogap berdim.

Mekdepde erkek mugallymlardanam birnäçesi bardy: Zahid ependi din taglymatlaryny öwredýän garry mugallymdy; dynç alyşdaky goja polkownik Ömer beý geografiýa mugallymy, adyny bilmeýän başga bir kärdeşim arassa ýazuw mugallymy, şeýle-de Şeýh Ýusuf ependi bolsa saz mugallymy bolup işleýärdi. Ýusuf ependi diňe bir mekdepde däl, bütin şäherde tanymal adamdy. Ozal ol, hakykatdan hem, «Möwlewi*(«Möwlewi» — şahyr Jelaletdin Rumynyň (1207-1273) ady bilen baglanyşykly tarykat.)* » atly derwüş tarykatynyň şeýhi ekeni. Telim ýyl mundan ozal biçäre agyr kesellän ekeni, aýdyşlaryna görä, inçekesele uçrapdyr, onsoň lukmanlar oňa ýaşaýan ýeriňi üýtgetmeseň ölersiň diýipdirler. Şeýh Ýusuf ependi iki ýyl mundan öň, dul galan aýal dogany bilen B.-e göçüp gelipdir-de, çolaja jaýda ýaşap ugrapdyr. Onuň öýünde bolmak miýesser eden adamlar ol ýeri hakyky sazçylyk muzeýi diýýärler. Onda dürli saz gurallarynyň ençemesi bar. Şeýh Ýusuf ependi meşhur saz düzüji saýylýar. Ol şeýlebir ajap saz eserlerini döredipdir welin, olary gözýaşsyz diňlemek mümkin dälmiş... Ilkinji gezek oňa ýagyşly sowuk gün gabat gelipdim. Uly arakesmede bütin synp bolup baga aýagymyzy ýazmaga çykypdyk. Gyzlara täze top oýnuny öwredýärdim. Synpa gaýdyp gelenimizde gara köýnegim ýagyşdan ýaňa sykybermeli bolupdy.

Ýogsa-da birwagtlar oýlap tapan iş köýnegimiň biçüwi bütin mekdepde, hatda okuwçy gyzlarymyň arasynda-da kem-kemden ýoň bolup başlady. Rejep ependi onuň reňkine garşy çykyp:

— Musulman zenanyna gara geýmek ýaraşmaz!

Ýaşyl eşik geýmeli... — diýdi.

Emma biz ýaşyl reňkiň kirlegenligini bahana edip, bu duýduryşy gulagymyzyň ujundan geçirip goýberdik.

Mugallymlar otagynda ullakan daş ojak ýanyp durdy. Guranmak üçin diwar bilen pejiň aralygynda elimi jübime sokup durdum. Birden gapy açyldy. Otuz bäş ýaş töwerekleri uzyn boýly, hortaň adam otaga girdi. Ol edil biziň mugallymlarymyzyňky ýaly eşiklidi. Ýöne, barybir, onuň şol Şeýh Ýusuf ependi diýilýänidigini bada-bat aňdym, ol hakda köp eşidipdim. Mekdepde ony gowy görýärdiler. Mugallymlar şobada onuň daşyny alyp, paltosyny çykarmaga kömekleşdiler. Pejiň aňyrsynda duran ýerimden ony synlamaga başladym.

Ol ýuwaş, mylaýym adam ekeni. Onuň tutuk ýüzi ölüm pillesi ýakynlaşan hassalarda bolşy ýaly solgundy. Selçeň sary sakgaljygy, mölerip duran mawy gözleri bilim alan mekdebimiň ýürekgysgynç

dälizlerindäki Isanyň gamgyn ýylgyryp duran keşbini şekillendirýän suratlaryny ýatladýardy. Onuň çala syzdyrýan zeýrenç äheňli ýumşaksy sesini diňlemek hasam ýakymlydy. Bu äheň hassa çagalaryň sesinde duýulýan ýaşyryn zeýrenje meňzeşdi. Ýusuf ependi daşynda döwre gurap duran ýoldaşlaryna bu yzy üzülmeýän ýagyşdan zeýrenip, sabyrsyzlyk bilen Gün çykaryna garaşýandygyny aýdýardy.

Birden gözüm onuň gözüne kaklyşdy. Ýusuf ependi garaňky burçda duran ýerimden meni has gowy görmek üçin gözüni süzüp:

— Bu hanym kimdir? Okuwçylarymyzyň birimidir? — diýip sorady.

Mugallymlaryň bary birden maňa tarap öwrüldi.

Wasfiýe gülümsiräp:

— Bagyşlaň, beý ependi, ony siziň bilen tanyşdyrmagy unudaýypdyrys... Biziň täze fransuz dili mugallymymyz Feride hanym — diýdi.

Pejiň aňyrsynda duran ýerimden Şeýh Ýusuf ependä tagzym etdim-de:

— Ependim, ajaýyp saz düzüjimiz bilen tanyşmak meniň üçin örän ýakymly — diýdim.

Sungat adamlary beýle öwgülere örän duýgur bolýar. Şeýh Ýusuf ependiniň solgun ýüzünde gyzgylt öwüşgin peýda boldy. Ol:

— Siziň sadyk guluňyz saz düzüji adyna mynasyp eser döredendir öýdemok. Eger-de bir ujypsyz zat öwgä mynasyp bolsa, onda oňa Hamid we Fikret*(Abdullakk Hamid (1851-1937) — türk şahyry hem-de dramaturgy, Tanzimat — buržuaz özgertmeleri eýýamynyň görnükli wekili. Tewfik Fikret (1868-1915) — ajaýyp türk şahyry, demokrat, «Serweti Funut» («Bilimler hazynasy») atly edebi-tankydy žurnaly esaslandyryjylaryň biri. Žurnal şol döwrüň belli ý azyjylaryny birleşdiripdi.)* ýaly beýik şahyrlarymyzyň şygyrlaryndaky ylahy gussany ýürekden beýan etmek başardanlygy üçindir.

Gepiň keltesi, Şeýh Ýusuf ependini agam ýaly gowy gördüm.

***

*B..., 7-nji aprel.*

Ýene bir arzyly maksadym ýerine düşdi. Gelşiklije arassa jaýjagazy kireýine aldyk. Ony maňa Hajy kalfa tapyp berdi, goý, Allam onuň işini oň etsin! Üç otagly bu bagly-bakjaly jaýjagazdan Hajy kalfanyň öýüne pyýada birnäçe minutda baryp bolýardy. Has gowy tarapy-da, ony kireýine ähli goşgolamy bilen birlikde berdiler.

Düýn wagtymyzy keýpiçag geçirdik. Öýümizi tertibe salyp,syryp-süpürip, goşlary ýerli-ýerinde goýuşdyrmakçydyk. Ýöne diýenimiz bolmady. Gülmekden, kowalaşmakdan, oýnamakdan başga zada elimiz degmese nä! Ylaýta-da, Munise biçäre gözüniň görýänine ynananokdy. Özüni köşge giren däldirin öýtmedi. Ýöne bizi Mazlum weli (Mehmet çopanyň peşgeş beren owlajygyna şeýle at dakypdyk) örän gorkuzdy. Garagolja owlak aşhananyň açyk gapysyndan baga tarap atylyp çykdy-da, bagdan hem minaranyň diwary ýaly uçut, çuň jara tarap gaçyp gitdi. Ýene biraz ädäýse, jara dik başaşak gaçjak ekeni. Gowy ýeri, bu jandaryň aýaklary adamyňkydan çalasyn hem ýüwrük. Emma ony tutýançak, baý, tolgundyg-a.

Hawa, öýümizden göwnümiz hoş. Munise içki howlynyň mawy kafel düşegiň üstünde taýyp hezil edýär, diwarda çekilen gülleri eli bilen sypalaýar. Ýöne, ynha, agşam iňrik garalyp başlaýar welin, ýüregimiz gysyp ugraýar. Goňşularymyza elleri düwünçekli kakalary, doganlary gelýär. Bize bolsa şol wagt gelip-gidýän ýok. Hemişe-de şeýle bolar.

Bu ýeriň bahary şeýle gözel — daş-töwerek ýaşyl mahmala bürenýär. Bagymyzda dürli güller ösüp otyr. Äpişgämiň erňeginde çyrmaşyk dyrmaşyp dur. Bagymyzyň ýanyndaky jar bolsa zümerret-den guralan şarlawuga meňzeýär. Paşyrdap oturan gök otlugyň içinde gülälekler çym gyzyl bolup otyrdy. Boş wagtymy şu bagda geçirýärdim. Munise ikimiz gizlenpeçek oýnaýardyk, ýüpden bökýär-dik, ýadanymyzda bolsa, surat çekmäge başlaýardym. Munise owlajygy bilen gök otuň üstüne süýn-ýärdi. Ýene-de žiwopise höwes döredi. Ynha, birnäçe gün bäri suwluboýagda Munisäniň suratyny çekýärin. Eger bezzatjyk gymyldaman dursa, suraty bireýýäm çekip gutarardym. Emma suratçynyň öňünde şo durşuna durmak onuň ýüregine düşýän bolarly. Başy meýdan güllerinden örülen gül des-seli, ýalaňaç elleri owlajykly onuň sabyrtakady ýokdy. Käte Mazlum däliräp, inçejik uzyn aýajyklary bilen bökjekläp, deprenip başlaýardy. Şonda Munise syçrap ýerinden turýardy-da:

— Abajygym, çynymy aýdýaryn, ýuwaşja oturjak-la welin, Mazlumedenok. Ol elimden sypyp, gaçsamen näme edeýin? — diýýärdi.

Oýunlyga salyp, dodaklarymy çömmeldýärdim-de:

— Hiläňe düşünýän däldirin öýdýäňmi, mekirje gyz? Sen bilgeşleýin owlagyň içini gyjyklaýar-syň — diýýärdim.

Mekdepdäki işim hem gowy. Müdir Rejep ependiniň menden göwni hoş. Dogry, ol gülmäni juda gowy görýänligim üçin käte gaharlanýardy. Ol bir gezek:

— Häzir bol. Seň üçinem «çipsy» getirerin — diýdi.

Ýene-de dodaklarymy çömmelden boldum-da:

— Nädeýin, Rejep ependi?.. Ýokarky dodagym juda kelte. Şonuň üçin hem agras wagtlarymam gülýän ýaly bolup görünýärin — diýip jogap berdim.

Rejep ependi daşary ýurt dillerine hormat goýýar, hatda bir ýerden fransuz harplygyny tapyp, ony bogunlara bölüp okaýan ekeni. Käte ol menden sözleriň manysyny sorap, galamy bilen okuw kitabynyň gyrasyna ýazyp alýardy.

Şeýh Ýusuf ependi bilenem aram örän gowy. Sypaýy, gamgyn, näsag adamy sulhum alypdyr. Ol gussaly, mährem sesi bilen maňa, gör, nähili ajaýyp zatlary gürrüň berýärdi. On gün mundan ozal örän geň bir waka boldy. Mekdebimizde köne, gerekmejek zatlar goýulýan, ulanylmaýan zal bardy. Ol ýere gündiz okuw jedwelini alaýyn diýip giripdim. Äpişgeleriň gapylary ýapykdy,şonuň üçin hem garaňky düşen ýaly bolup görünýärdi. Töweregime garanjaklanymda, burçda tozan basyp giden or-gana*(Organ — köplenç ybadathanalarda çalynýan, gurluşy boýunça pianino meňzeş saz guraly.)* gözüm düşdi. Ýüregim şadyýan urup başlady. Gaýga batdym. Çagalygymyň bagtyýar günleri gaýgy-gamly, dabaraly organ mukam-larynyň arasynda geçipdi. Guralyň ýanyna ýatdan çykarylan dost guburynyň başyna barlyşy ýaly, tolguna-tolguna bardym. Bu ýere näme üçin gelenligimi hem, nirede duranlygymy hem unudypdym. Aýagym bilen aýakbasary assa basyp, barmaklarymy düwmelere degirdim. Organdan ýuwaşlyk bilen çykan agras ses ýaraly ýüregiň töründen gelýän ýalydy. Wah, bu sesi diýsene!

Hiç zadyň pikirini etmän, oturgyjy organyň ýanyna süýşürdim, onda oturyp, ýuwaşlyk, örän ýuwaşlyk bilen gowy görýän heňlerimiň birini çaldym. Organ ýaňlanýardy, men bolsam süýji uka batan ýaly, kem-kemden bütin dünýäni unudýardym. Bilim alan mekdebimiziň ýarym garaňky däliz-leri ýekän-ýekän göz öňümde peýda bolýardy. Şol dälizlerden saçlary kelte gyrkylan, gara öňlükli joralarym topar-topar bolup geçişip durdy. Näçe wagtlap saz çalanymy, bu täsin düýşüň näçe wagta çekenini bilemokdym. Birden ýeňsämde kimdir biri uludan dem aldy. Göwnüme bolmasa, agajyň ýapraklarynyň arasyndan sergin şemal geçen ýaly boldy. Tisginip, yzyma öwrüldim. Garaňkyda Şeýh

Ýusuf ependiniň solgun ýüzi göründi. Ol boýnuny burup, döwük şkafa söýenip, saz çalşymy diňleýän ekeni. Onuň bolup durşunyň özi çuňňur hasratdy.

Ol saklananlygymy görüp:

— Çal, balam, çal. Haýyş edýärin — diýdi.

Hiç hili jogap bermän, organyň üstüne egildim-de, tä gözümdäki ýaş kepeýänçä çaldym. Endam-janym soka salnan ýaly, ýadaw halda ýerimden galdym, demimi sojap-sojap aldym.

— Feride hanym, saza ukybyňyz-a güýçli eken. Gör, ýüregiňiziň duýgurlygyny! Haýranlar galýan!.. Çaga kalby gam-gussany neneň şeýle çuň duýup bilýärkä?..

Men biperwaýlyga salyp:

— Bular dinisenalar, ependim... Olaryň özi juda gamgyn-da. Gussa kalbymda däl-de, sazda-da — diýip jogap berdim.

Ýusuf ependi maňa ynanmady, ol başyny ýaýkap:

— Özüme sungat ussady diýemok... Ýöne saz böleginiň artykmaçlygy seljerileninde, onuň haýsy ýeriniň saz düzüjä, niresiniň ýerine ýetirijä degişlidigini kesgitlemekde hiç haçan ýalňyşman.Aýdymçynyň sesinde bolşy ýaly, sazandanyň barmaklarynda-da özboluşly tolgunma bolýar... Ol duýgur ýüregiň gussasyndan döreýär. Siz maňa käbir senalaryň notalaryny berip bilmersiňizmi? — diýdi.

— Men ýatdan çaldym, ependim. Onsoň notalaryny nireden bileýin?

— Aýby ýok... Ýene bir gün organda gaýrat edip çalyp berersiňiz,sadyk guluňyz bolsa razylygyňyz bilen ony depderine ýazyp alar. Sadyk guluňyz bir ruhanydan organy satyn aldy, ol indi aýatda diri däl.Çünkisaz gurallaryna höwesek men, hanym ependi. Organy otagymyň bir burçunda goýdum. Siziň çalan senalaryňyzy çalaýjakdym...

Şeýdip, gürleşip, zaldan çykdyk. Hoşlaşjak bolanymyzda Şeýh Ýusuf ependi:

— Göwnüçökgün wagtym ýazan sazlarym bar. Olary heniz hiç kim diňläp görenok. Olara hiç kimiň düşünmejegini bilýärin. Enşalla, olary bir gün size çalyp bererin... Niçik görýäňiz, hanym? — diýip wada berdi.

Bu waka Şeýh Ýusuf ependi bilen gatnaşygymyzy has-da pugtalandyrdy. Men saz düzüjiniň çalyp berjek diýen sazlaryny öň eşitmändim, ýöne olaryň ajaýyp sazlardygyny çak edýärin. Göwnüme bolmasa, bu keselbent, duýgur adam adaty bir agaç bölegine elini degirse, ol şobada peri ýat edip ugraýjak ýalydy. Telim gün mundan öň mugallymlarymyzyň biri oňa satyn almakçy bolýan udunу*(Ud — gündogar saz guraly.)* görkezmäge getirdi. Şeýh Ýusuf ependi guralyň tarlaryna çala el degirdi welin, göwnüme bolmasa, ol inçe barmaklar uda däl-de, ýürek tarlaryma kakan ýaly boldy.

***

*B..., 5-nji maý.*

Düýn mugallymçylyk ahlagyna gelişmejek bir zat edäýdim öýdýän. Indem bularyň barynyň üstüniň açylaryndan gorkýan.Eden işimiň telekdigine düşünýärin. Ýöne nädeýin? Ýüregimiň emrini etdim-dä.

Her mugallym hepdede bir gezek gije nobatçylyk etmek üçin mekdepde galýar. Düýn meniň nobatymdy. Agşam gyzlar synp otaglarynda sapaklaryna taýýarlanyp otyrka, Şehnaze hanym bilen mekdebe aýlanyp çykdyk. Birsynp otagynda gaz çyrasynyň onçakly ýiti ýanmaýandygyny görüp,

içerik girdik. Muawin hanymyň başarmaýan işi ýokdy. Ol oturgyjy diwaryň ýanyna süýşürdi-de, çyrany barlap başlady. Şol wagt otaga tam süpüriji garry girdi. Ol yzky partada oturýan Jemile atly gyzyň ýanyna bardy-da, oňa bir hat uzatdy.

Birden Şehnaze hanym: — Dur, Äşe! Onyň nämedir? — diýip gygyrdy.

— Hiç zat... Gapy sakçysynyň ýanynda Jemile hanyma bir hat goýupdyrlar.

— Hany, ony bäri ber. Okuwçy gyzlara gelýän hatlary ilki özümiň okamalydygymy size näçe gezek aýtdym! Paňkelle!

Ine,şu ýerde garaşylmadyk bir waka boldy.Jemile şobada ýerinden syçrap turdy-da, tam süpürijiniň elindäki haty kakyp aldy. Şehnaze hanym parahat durşuna:

— Hany,Jemile, ýanyma gel... — diýip buýurdy.

Jemile gymyldamadam.

—Ýanyma gel diýdim. Näme üçin diýleni edeňok,Jemile?

Horja, keselbent Şehnaze hanymyň sesi şeýlebir azmlydy welin, oňa titräp gidipdirin. Synpa agyr ümsümlik aralaşdy. Hatda siňegiň uçuşy hem eşidilip durdy.

Jemile başyny aşak salyp, ýuwaşjadan ýanymyza geldi.

Ol on alty ýaşly görmegeý gyzdy. Onuň hemişe joralaryndan gaça durýandygyny, bagyň çola gyralarynda içini gepledip gezýändigini görýärdim. Jemile sapak wagty hem aljyraňňy, tukatdy.

Gyzy ýakyndan synlap, onuň bir derdiniň bardygyna düşündim. Onuň ýüzünde gan-pet ýokdy, dodaklary solgundy. Ol birsyhly gözlerini gyrpyldadýardy, onuň gabaklary çekýärdi.

— Jemile, haty bäri ber!

Şehnaze hanym gahardyr çydamsyzlyk bilen aýaklaryny tarpyldatdy.

— Ýeri, indi näme garaşýarsyň?

— Näme üçin, hanym ependi, näme üçin?

Bu «näme üçin», bujagaz gysgajyk jümlede ünjüli garşylyk ýaňlanýardy.

Şehnaze hanym çalasynlyk bilen elini uzatdy-da, gyzyň barmaklaryny ýazyp, haty garbap aldy.

— Hany, indi ýeriňe geç! Şehnaze hanym hatyň salgysyna göz gezdirdi, onuň gaşlary ýazylyp gitdi. Emma ol şobada özüni dürsedi. Synpda ýene-de dym-dyrslyk höküm sürdi, ýöne gyzlaryň tolgunýanlygy hem göründi.

Şehnaze hanym:

—Hat Jemiläniň Siriýadaky doganyndan gelipdir. Ýöne ol başda diýenimi etmänsoň, haty ertirden öň bermerin — diýdi.

Okuwçy gyzlar ýene-de kitabyna egildi. Bosagada bildirmän yzyma gaňryldym. Yzky partalarda oturýan birnäçe gyz döwre gurap, nämedir bir zat barada pyşyrdaşýardylar. Jemile kellesini parta goýup otyrdy, eginleri çalaja titreýärdi.

Dälizde Şehnaze hanyma:

— Siz gyza örän gaty daradyňyz. Ol nädip ertire çenli çydap otursyn? Onuň häzirki ýagdaýynyň nähili ezýetli, nähili agyrdygyny kim bilýär? — diýdim.

—Gyzym, azaragalmaň.Jemilehatyhiçhaçanokamajakdygyna düşündi — diýip, Şehnaze hanym jogap berdi.

—O nähili beýle, Şehnaze hanym? Eýsem,siz oňa haty bermekçi dälmi? Ol hat onuň doganyndan ahyryn!

— Bermen, gyzym!

— Näme üçin?

— Sebäbi ol doganyndan däl. — Şehnaze hanym sesini peseldip,sözüni dowam etdirdi. — Jemile örän barly ýeriň gyzy. Şu ýyl ol ýaş leýtenanta aşyk bolupdyr. Ýöne gyzyň kakasy olaryň durmuş gurmagyna kes-kelläm garşy. Gyz öýlerinde-de, mekdepde-de göz astynda. Leýtenanty Bandyrma geçirdiler. Biz kem-kemden gyzy bejerjek bolýarys. Emma leýtenant birsyhly onuň ýarasyny gozgap dur. Eýýäm üçünji haty elime düşýär.

Şehnaze hanymyň iş otagyna girdik. Ol çalasynlyk bilen haty mynçgady, pejiň agzyny açybam kagyz tokgasyny onuň içine zyňyp goýberdi.

***

Ýarygijedi. Nobatçy mugallymlaryň otagynda otyrdym, gözüme uky gelenokdy. Ahyrsoňy ýüregi bire bagladym. Nobatçy hyzmatkäri bir bahana bilen bir ýere ýollap, Şehnaze hanymyň iş otagyna tarap ugradym. Otag boşdy, tutusyz äpişgelerden Aýyň öçügsi şöhlesi düşüp durdy. Ogry ýaly galpyldap, pejiň gapysyny açdym-da, düýrlenen, ýyrtylan hatlaryň üýşmeginden biçäre Jemilä iberilen haty tapdym.

Nobatçy bolýan gijelerim, hemmeleriň süýji ukuda ýatan wagty dälizlerde, ses-üýnsüz garaňky otaglarda gezmelemäni gowy görýärdim. Düşekde üsti açylan gyzyň üstüni ýapýardym, ukuda ýatyrka-da üsgülewükden ezýet çekýän nähoş gyzyň ýorganyny düzedýärdim, onuň lap-lap gyzýan maňlaýyny ýuwaşja elläp görýärdim. Mele saçy ýassygyň üstüne ýaýlyp ýatan gyza seredip hem «Onuň ýarym açyk inçe dodaklary, haýsy şatlyk, haýsy umyt bilen gülümsireýärkä?» diýip, öz-özümden soraýardym. Göwnüme bolmasa, ukuda ýatan gyzlaryň bu garaňky,sessiz ýatakhanasyny agyr bir düýş dumany gaplap alan ýalydy. Şol dumany dagatmazlyk hem-de biçäreleri iru-giç elden giderjek bu düýşlerinden oýarmazlyk üçin daraklygyma basyp ýöreýärdim, şonda ýüregim ýuwaşja tarsyldaýardy.

Şol gije Jemiläniň ýatan ýerine baranymda, görgüliniň ýap-ýaňyja uka gidendigini aňdym. Onuň kirpiklerindäki gözýaşlar kepäp hem ýetişmändir, onuň üstüne adaja egilip:

— Eýjejik bagtyýar gyz, ir bilen öňlügiň jübüsinde söýgüliňden gelen haty görüp, nähili begenjekdigiňi bilemok. Senmüdimi ýitirilen bu kagyzjygy haýsy sahawatly perişde getirip gitdikä diýip, öz ýanyňdan geňirgenersiň, Jemile! Ol perişde däl! Ol, bary-ýogy, edeni ugruna bolmaýan bir betbagt biçäredir! Ol ýigrenýän kişisinden gelýän hatlary elmydama ýakmaly, öz ýüreginiň bir bölejigi bilen birlikde ýakmaly bolýan zenandyr!

***

B..., 20-nji maý.

Düýn mekdepde okuwlar tamamlandy. Üç günden soňam synaglar başlanýar. B.-niň ähli zenanlar mekdepleri maý baýramçylygy mynasybetli şäherden pyýada bir sagatlyk aralykda akyp ýatan derýajygyň boýunda gezelenç guradylar.

Şowhunly dabaralary halamok, şonuň üçin hem hiç ýaňa gitmän, wagtymy bagda geçirmegi ýüregime düwdüm. Emma köçelerden aýdym aýdyşyp barýan okuwçylary gören Munise dommaryp başlady. Ony köşeşdirmäge durdum. Birden derweze kakyldy. Olar kärdeşim Wasfiýe bilen soňky synpda okaýan gyzlar ekeni. Müdir Wasfiýäni meni hökman gezelenç edilýän ýere getirmeli diýip ýollan ekeni. Ýaş zenan Rejep ependiniň gaharynyň gelýändigini gürrüň berdi. «Hudaý bar, ýörite onuň üçin owlak kaklamagy, halwa taýýarlamagy buýurdym ahyryn. Heý, beýle-de bir edepsizlik bolarmy?! Bolmaz, ezizlerim, bolmaz!» diýip, ol gaharlanýarmyş.

Okuwçylarym barada aýdanyňda bolsa, olary ýokary synpyň gyzlary iberipdir, özlerine-de: «Eger ýüpek gurçugy gelmese, bizem gezelenji taşlarys» diýip sargapdyrlar.

Ýüpek gurçugy — bu täze adymdy. Indi Çalyguşy ýok. Indi ýüpek gurçugy peýda boldy. Ýokary synplaryň okuwçylary şeý diýip, ýüzüme aýtmaga-da çekinenoklar.

Dogrymy aýtsam, bu lakam meni kemsidip, mugallymlyk mertebämi peseldýärdi. Ol mekdepden daşary ýaýramadyk bolsa, zeýrenjek hemdäl welin, düýn haýsydyr bir kofehananyň duşundan geçip barýarkam, aýdyşlaryna görä, ýüpek söwdasyny edýän örän barjamly, giň jalbarly, mintanly*(Mintan — ýeňli penjek.)* gödeňsi kişi:

— Sekiz tut agajym bar. Goý, olaryň sekizisi hem şol Ýüpek gurçugynyň gurbany bolsun!— diýip, uly ili bilen gygyryp dur.

Utanjyma ýer ýarylmady, men girmedim. Gaýdyp ol köçä aýagym sekmen. Kyn güne düşdüm: eger kejirligime tutup, boýun towlasam, olar: «Hötjetlik edýär!» diýşip üstümden güljek. Örtügimi atynyp, gyzlaryň yzyna düşdüm.

***

Derýanyň kenary giden çopantelpekli çemenzarlyk ýalydy. Kiçi synplaryň okuwçylary ak köýneklidi. Elhepus, bu ýerde zenan mekdepleriniň köpdügini! Ýaşyl baglaryň arasy bilen geçýän egrem-bugram ýodajyklardan okuwçy gyzlar aýdym aýdyşyp, yzyny üzmän geçip durdy. Erkek mugallymlar derýajygyň beýleki kenaryndaky gyrymsylyga üýşüpdi. Ýanymyzda diňe Rejep ependi galypdy. Ol egni mawy lybasly, eli ullakan gara saýawanly aýlanyp ýörşüne gygyryp, gapdalymyzda daşdan ojak ýasaýan aşpezlere tabşyryk berýärdi.Mugallymlardyr uly gyzlar örtüklerini taşlap, kelleýalaňaç oýnamak isleýärdi. Olar eslisalym höre-köşe edip,Rejep ependini erkek mugallymlaryň ýanyna ugratdylar.

Bu gün, näme üçindir, märekä goşulyşyp bilemokdym. Gyzlaryň gaýgy-aladasyz şatlygy, begenji, birhili, ýüregimi gysdyrýardy, oýa batyrýardy.

Gapdalymyzda başlangyç synplarda okaýan gyzjagazlar saza goşup, aýdym aýdýardy. Birneme aňyrrakda ýaş gyzlar itekleşip, gygyryşyp top ýa-da garakçylar oýnuny oýnaýardylar. Ondanam aňyrda okuwçy gyzlar başly-barat üýşüşip, goşgy okaýan, belki, nutuk sözleýän joralaryna el çarpyşýardylar. Munise märekäniň içinde gözden ýitdi, eýsem, ol garagol ýanymda tukatlanar oturar öýdýäňizmi? Golaýda, jaryň gyrasynda kaştan agaçlary ösüp otyrdy, ol ýerde ýaş mugallymlardyr ýokary synp okuwçylary hiňňildik gurupdyr. Agaçlaryň gür ýapraklarynyň arasynda dürli reňkli köýnekler gaýmalaşýardy, ähli ýerde çasly sesler, gülki eşidilýärdi. Hiç kime görünmän derýajyga indim, uly gaýanyň kölegesine baryp oturdym. Kenarda daşlaryň arasynda inçejik sary güljagazlar ösüp otyrdy. Olary ýolup, aýagymyň golaýyndan çaýkanyp akýan suwa taşlaýardym. Oý-pikirim alysdady.

Birden arka tarapdan biri inçejik sesi bilen:

— Tapdym... Ýüpek gurçugy bärde ekeni!.. — diýip gygyrdy.

Asyl, hiňňildikde uçurmak üçin meni gözläp ýören ekenler. Gyzlar meni zor bilen diýen ýaly kaştan agaçlarynyň ýanyna eltdiler. «Uçup biljek däl, ýadadym, uçup bilemok!» diýip boýun gaçyrdym. Eýsem, olara gep düşündirip bolýarmy! Ne kärdeşlerim, ne okuwçy gyzlar — hiç kimiň hiç zat eşidesi gelenokdy. Gara gözleri içiňden geçip barýan şol Mürüwwet hanym her edip, hesip edip, meniň bilen uçmaga höwes bildirdi. Biz tagta mündük. Emma meňki bolmady: ellerim titräp, dyzlarym epilip ugrady. Hiňňildige bat berjek bolup, Mürüwwet biçäre azara galdy. Ahyrsoňy:

— Bary biderek, Ýüpek gurçugy! Sen, hakykatdanam, hiňňildikden gorkýan ekeniň! Esgi ýaly agardyň. Ýöne ýykylaýmaweri... — diýip, ol hem uçmasyny goýdy.

Günorta nahar wagty Rejep ependi ýanymyzda boldy. Keýpsizligim onuň hem nazaryndan sypmady. Ol:

— Eý, bezzat, güleňok-la? Gülme diýsem-ä, hezil edip gülýäň. Indi neçüýn tukat? — diýip, birsyhly gygyryp ýördi.

Ol nahardan soň hem rahatlyk bermedi, meniň üçin ýörite mekdepden semawar getirtdi, ol çaýy hut öz eli bilen demlemekçi eken.

Birden mugallymlaryň biri uzakdan maňa gygyrdy. Onuň ýanyna bardym. Mugallym:

— Biz hyzmatkäri iberip, Şeýh Ýusup ependä tambur*(Tambur — alty tarly saz guraly)* getirtdik.Çetiräk çekilip, Şeýh Ýusuf ependä tambur çaldyralyň. Ýöne bir ýol bilen bu lakgydan dynjak bol—diýdi.

Dogrudan hem, beýle pursady sypdyrmaly däldi. Şeýh Ýusuf ependiniň sazy meni barha özüne maýyl edýärdi. Mugallym biçäre esli wagt nähoşlap mekdebe gelmändi... Birnäçe gün mundan ozal biz saz düzüjiniň düşekden galandygyny eşitdik. Ynha, bu gün bolsa ol hemmeler bilen bile bahar baýramyna gatnaşmagy ýüregine düwüpdir.

Aýal mugallymlarymyz bir bahana tapyp, Şeýh Ýusuf ependini erkekleriň arasyndan çagyryp getiripdir. On adam dagy bolduk-da, hiç kime görünmejek bolup, derýanyň gyrasyndaky darajyk adadan gitdik.

Şeýh Ýusuf ependi sagdyn görünýärdi, şähdaçykdy, şadyýandy, özüne ýadan bolaýmasyn diýýänlere:

—Bu ýol bakylyga gitse-de ýadamaryn.Bu gün özümi sagat hem güýçli duýýaryn — diýip bälçireýärdi.

Toparymyzdan biri erkekler bir çete çekilip, arak içýärler, Şeýh Ýusuf ependä hem birnäçe bada içirdiler — diýip pyşyrdady. Ähtimal, Şeýhiň keýpliligi hem aragyň täsirinden bolsa gerek.

On bäş minut çemesi geçensoň, ýykylan suw harazynyň ýanyna geldik. Bu ýere Şarlawuk diýýän ekenler. Derýajygyň daş kenarlary birden daralyp, çuň derä öwrülýärdi, ol ýere bolsa Gün şöhlesi setanda-seýranda düşýärdi. Şonuň üçin suwuň astynda daň ýaňy agaran ýaly bolup görünýärdi.

Bu ýerde sesimizi hiç kimiň eşitmejekdigine ynamlydyk. Şeýh Ýusuf ependini gür hoz agajynyň aşagynda oturtdylar, eline-de tambury berdiler.

Birneme aňyrrakda, töwereginden köpürjikläp suw akýan gerişde oturdym. Emma joralarym ýene ynjalyk bermediler. Olar:

— Ýok, ýok, bärik gel — diýşip gygyryşdy. — Hökman biziň ýanymyza gel!

Saz düzüjiniň garşysynda oturtdylar. Tambur ýaňlanyp ugrady. Bu saz bütin ömrüme gulagymdan gitmez. Mugallymlar otuň içinde ýaplanyşyp ýatyrdy. Hatda iň doňýürek diýjekleriň hem dodaklary müňküldäp, gözüne ýaş aýlandy. Mele saçlaryny egnime döken Wasfiýäniň gulagyna:

— Şeýhiň saz çalşyny ilkinji gezek mekdepde eşidipdim. Ol duranja bir lezzetdi. Ýöne häzirkiden pesdi — diýdim.

Wasfiýäniň gussaly nazary köp manyly ýylgyrma bilen ýagtylyp gitdi. Ol:

— Hawa-da, munuňam sebäbi: Ýusuf ependi hiç haçan şu günki ýaly bagtyýar, şol bir wagtyň özündede şu günki ýaly betbagt bolmandy — diýdi.

— Näme üçin? — diýip geňirgendim.

Wasfiýe gözlerime dikanlap seretdi, soňam kellesini ýene egnimde goýdy-da:

— Gepleme. Gel, diňläli — diýdi.

Bu gün Şeýh Ýusuf ependi diňe gadymy aýdymlary aýdyp, köne sazlary çalýardy.Olary öň eşitmändim.Her aýdymdan soň, ýüregim agzymdan çykaýjak bolýardy: «Bolany... Eýsem, ol indi aýtmazmyka? — diýip, içimi gepledýärdim. Emma aýdym yzly-yzyna ýaňlanýardy. Saz düzüjiniň gözleri süzülip, duluklarynyň reňki solukdy, derjigip durdy. Bu süzük gözlerden nazarymy aýryp bilemokdym. Birden onuň solgun ýaňaklaryndan gözýaşyň syrygýanlygyny gördüm. Ýüregim para-para boldy: eýsem, näsag adamy beýle ýadatmak günä dälmidir? Mundan artyk çydap durup bilmedim, şonuň üçin indiki aýdymdan soňky arakesmede:

— Belki, siz az-owlak dynç alarsyňyz? Ünjüli görünýärsiňiz... Size näme bolýar? — diýip soradym. Şeýh Ýusuf ependi hiç hili jogap bermedi, diňe özüniň ýarym-ýaş bolup duran päkize çaga gözleri bilen maňa tarap seretdi-de, gulagyny tambura diräp, täze nagma çalmaga başlady:

*Synam ýara, tükeniksiz derdim bar,*

*Köp gürlesem, ýürek dilim-dilim, ýar.*

*Ot ölçerip, aýtdyrma sen aýdymy,*

*Örtenmekden maňa bu gün dünýä dar.*

Ýusuf ependi aýdymy tamamlanynda kellesi diýen etmän, tambura tarap gyşardy. Oturanlar aljyraňňylyga düşdi.

— Muňa biz günäkär. Ony beýle ýadatmaly däldik — diýdim.

Ýaglygymy öllemek üçin daşdan-daşa böküp, derýa tarap ylgadym. Bu ýeňiljek beýhuşlykdy, hatda başaýlanmak diýse-de boljakdy. Öl ýaglygymy alyp Şeýh Ýusuf ependiniň ýanyna baranymda, ol eýýäm gözüni açan eken.

— Ependim, bizi gaty gorkuzdyňyz — diýdim. Saz düzüji ysgynsyz ýylgyrdy-da:

— Aýyby ýok... käte şeýle bolaýýar — diýip jogap berdi.

Göwnüme bolmasa, kärdeşlerimiň bolşy geňdi. Olar maňa tarap köp manyly seredişip, bir zatlar pyşyrdaşdy.

Toparymyz yzyna gelen ýolumyz bilen gaýtdy.Wasfiýe ikimiz iliň soňundan ýöredik.

— Şeýh Ýusuf ependä bir zad-a bolýar. Göwnüme bolmasa, ol gizlin örtenýän ýaly — diýdim.

Wasfiýe ýene maňa tarap köp manyly seredip:

— Feride, açyk gürrüň edýärmiň? Gaty görme welin, muňa ynanyp biljek däl. Eýsem, hiç zat oslaňokmy? — diýip sorady.

Joramyň ýüzüne geň galmak bilen seretdim.

— Bilýän zadym ýokdur. Bilsem, näme üçin gizläýin?

Wasfiýäniň ynanasy gelenokdy.

— Bütin B...-niň edýän gürrüňini nähili bilmeýärmişiň?

Bu gülkimi getirdi. Egnimi gysdym.

— Sen uly ilden aýra ýaşaýanyma belet ahyryn. Iliň gürrüňi bilen ne işim bar.

Wasfiýe elimden ýapyşdy.

— Feride, Şeýh Ýusuf ependi size aşyk bolupdyr ahyryn!

Garaşylmadyk gürrüňe elim bilen ýüzümi tutanymy hem duýman galypdyryn. Deryanyň boýundaky şatlyk-şagalaňlyk gyzyşypdy. Gyzlar gülüşýärdiler, gygyryşýardylar. Hiç kime bildirmän, ilden saýlandym, iki bagyň içi bilen geçýän darajyk ýoda düşüp, öýe geldim.

***

*B..., 25-nji iýul.*

Göwnüme bolmasa, tomus gutarmajak ýalydy. Howa juda yssydy. Şäherde ýekeje gök ýaprak hem ýokdy. Gün hemme zady ýakyp çürüşdiripdi. Zümerret öwüsýän baýyrlar saralyp-solup ýatyrdy. Tomsuň gözüňi deşip barýan yssysyndan olar jansyz, manysyz görünýärdi. Oňa ägirt uly kül depesi diýäýmelidi. Ýürekgysgynçlykdy. Ýüregim gysyp, ölüp barýardym. Şäher boşap galypdy. Okuwçy gyzlaryň hersi bir ýaňa dagapdy. Mugallymlarymyzyň birentegi hem tomus aýlary B...-den çykyp gidipdi. Nezihe bilen Wasfiýe käte maňa Stambuldan hat iberýärdiler. Olar bu ýyl Stambulyň has-da gözeldigini, Bosfordan, Prins adalaryndan lezzet alýandyklaryny, aňrujy ýagdaý bolsa, şol ýerde galmak isleýändiklerini ýazýarlar.

Dogrymy aýtsam, meniň hem bu ýerde galasym gelenokdy. Şeýh Ýusuf ependili waka juda gynandyrypdy. Ile görünmäge utanýardym. Täze okuw ýyly başlandygy başga bir ýere geçirmeklerini haýyş etmekçi. Iň alys ýerlere gitmäge-de taýyn. Goý, ol ýerde kynrak bolsun, goý, köp işläp, ýadamaly bolaýyn. Bu zatlaryň bary hiç. Diňe ýeke galsam bolýar.

***

*B..., 5-nji awgust.*

Okuwçylarymyň durmuş toýuny, ynha, ikinji gezek görýärin. Bu Zeýnilerdäkiden başgaçady, şonda Zöhräni Mehmede beripdik. Bu gije Jemile kirpiklerindäki gözýaşy kepemänligi zerarly ýatyp bilenokdy. Bu gije şu sagadyň özünde Jemiläniň owadan kellesi söwer leýtenantynyň döşündedi. Ýaşlar söýgüsini goramakda şeýlebir erjel durdular welin, ata-enesi toýa razylyk bermäge mejbur boldular. Jemiläni hem, edil Zöhräni edişim ýaly, özüm bezedim. Esli wagtdan bäri agşamlara, gezelençlere gatnaşmakdan kes-kelläm boýun gaçyrýardym, emma Jemile öýümize gelip, ellerimi ogşady, ýalbardy. Geň zat, ol şol gije elinden alnan haty öňlüginiň jübüsine salanyň hut mendigimi aňdymy-

ka? Bilmedim... Ýöne gyzyň ata-enesini ahyrsoňy yran güni onuň şatlykly habary buşlan ilkinji adamy mendim. Näme diýseňem, ol muny aňdymyka öýdýärin. Hawa, Jemiläni özüm bezäp, duwagynyda başyna atdym. Bu ýerde ýaş gyzlaryň saçyna kümüş sapak goşup örmek däbi bar eken, adatça, ony gelinler dakynýar. Aýtmaklaryna görä, olar bagt getirýärmiş.Aýgytly garşylygyma bakman, Jemiläniň ejesi saçymyň bir tarapyna hem şeýle sapagyň bölejigini dakdy. Nädeýin, kaýyl bolmaly boldum. Leýtenanty göresim gelýärdi. Ýaşlaryň bagtyýarlyklaryna diňe göremde ynanyp biljekdim. Emma bu arzuwyma ýetmek miýesser etmedi. Toýdan wagtyndan ir gaýtmaly boldum. Şol agşam aýallar, hemişekileri ýaly, bildirmän meni synlaýardylar, bir-birleri bilen pyşyrdaşýardylar. «Ýüpek gurçugy» olaryň dilinden düşenokdy.

Ýerli häkimligiň başlygynyň aýaly, durşuna altyn şaýlara, göwhere doňup duran dolmuş zenan maňa içgin-içgin seredýärdi,soňra bolsa menem eşider ýaly gaty sesi bilen:

— Bu Ýüpek gurçugy, hakykatdan hem, işiňi görübiljeklerden... Ol adamyň ýanyp-bişmesi ýöne ýere däl ekeni... — diýdi.

Mundan artyk çydamak mümkin däldi. Jemiläniň ejesinden ötünç diläp, ýaramaýanlygymy, galmaga ýagdaýymyň ýoklugyny aýtdym. Durmuşa çykýan gyz kärdeşlerimiň arasynda durdy. Garry aýal elini şol tarapa uzatdy:

— Mugallymlar Jemilä maslahatdyr nesihat berýär, senem, hanym, oňa bir zatlar diýäýmeli ekeniň.

Gülümsiräp, bujagaz haýyşy ýerine ýetirmäge boýun boldum, gyzy bir gyra çekip:

— Jemile, ejeň menden mugallymyň hökmünde saňa maslahat bermegimi haýyş edýär. Iň gowy nesihaty öz ýüregiň beripdir. Saňa diňe bir zady maslahat bermekçi... Balam, entek seniň durmuşa çykjak ýigidiň gelip ýetişmänkä, biri köçede saňa nätanyş aýal garaşýar, ol seniň bilen gizlin bir zat barada gürleşmek isleýär diýäýse, sen oňa ynanmagyn, şeýle aýaldan gaçgyn, başyňy leýtenantyň gujurly gursagynda gizlegin... — diýdim. Sözümi Jemiläniň nähili görendigini bir Hudaý bilsin! Ol mamla. Hatda häzir birinden eşiden ýaly bu sözlerimiň manysy nämekä diýip, öz-özümden soraýaryn.

***

*B..., 27-nji awgust.*

Şu gün agşam kiçijik bagjagazymyzda şatlyk-şagalaň boldy. Munise ikimiz Hajy kalfanyň maşgalasyny agşamlyk nahara çagyrdyk. Degşip, şäherden birnäçe gyzyl kagyz çyralaryny satyn alyp gelmegi haýyş etdim. Biz olary badam agajynyň stoluň üstünde eglip duran şahalaryndan asyşdyrdyk. Bu bezege gözi düşen Hajy kalfa: — Wah, bu agşamlyk däl-de, Onunjy iýul(*Türkiýede konstitusion monarhiýanyň jar edilen güni (köne hasap bilen).*) baýramyla! — diýip hezil etdi. Ýylgyrdym-da:

— Bu günki agşam meniň Onunjy iýulym-da — diýdim. Hawa, bu agşam azat bolmagymyň baýramydy. Göni bir ýyl mundan ozal Çalyguşy kapasadan halas boldy. Bir ýyl — munuň özi üç ýüz altmyş bäş gün. Baý, onuň köpdügini! Agşamlygyň başynda örän şähdaçykdym, birsyhly gülüp ýaňraýardym. Şeýlebir hokga çykarýardym welin, samatýaly hanym gülüp-gülüp, ýarylara gelýärdi. Haýkanuşyň pökgüje ýüzişatlykdan ýaňa ýagtylyp, çyralaryň reňkini ýada salýardy. Hajy kalfa eli bilen dyzyna urup, jak-jak gülýärdi.

— Gyzym, içiňde bir şeýtanjyg-a ýokdur-da hernä? Bagda gijäň bir wagtyna çenli gülşüp oturdyk. Hoşlaşjak bolanymyzda Haýkanuş bilen Miratyň hersine bir gyzyl çyra peşgeş berdim, şeýdibem myhmanlary ugratdym. Munise uzynly gününi ylgap geçirensoň, gürleşip otyrkak hem irkilip otyrdy. Ony ýatmaga ugradyp, bagda ýeke özüm galdym. Gije örän täsindi. Goňşy jaýlarda çyralar öçdi.Asmandaky ýyldyzlaryň astynda dagyň gara, elhenç örküçleri göze ilýärdi.Bagyň sowuk gözenegine

elimimaňlaýyma diräp durdum. Daş-töwerek dym-dyrslykdy. Diňe aşakda jaryň düýbünde şeýle ys-syda-da guramaýan derýajyk çalaja ses edip akyp ýatyrdy. Ýyldyzly asmanyň bir bölejiginiň keşbi derýajygyň suwuna düşüp durdy. Kagyz çyralaryň şemleri ýanyp gutaryp barýardy. Olar bilen birlikde ýüregimdäki şatlygyň hem öçüp-sönüp barýandygyny duýýardym. Kalbym çuň, umytsyz bir garaňkylyga siňip barýardy. Geçen ýylyň röwşen hem-de garaňky günlerini hakydamda aýladym. Eý, toba! Gör, ol haçan bolupdyr-a! Gaty ir döwürde-le! Entek gujur-gaýratym ýetik... Bedenim sowukdyr jebri-jepalara, beýleki kynçylyklara emgenmän döz gelýär. Belki, ýene-de kyrk, hatda elli ýyl ýaşaryn. Belki, şonda-da bu hasratly ýeňşiň hasratly ýyllygyny baýram etmeli bolaryn. Eý, Taňrym, durmuşyň beýle uzakdygyny! Bu ýoluň beýle tükeniksizdigini!

Belki, şonda Munise-de bolmaz. Saçlarym çalarar. Umytly bolaryn, çydaryn. Nähili gowulyk! Muňa razydym. Ýöne näme üçin? Nämä garaşmaly men? Tutuş bir ýyl özümi alybilmedim, agladym. Ýöne gözýaşlarym hiç haçan şu günki ýaly ajy däldi. Şonda diňe gözüm aglapdy, bu gün bolsa ýüregim aglaýardy.

***

B..., 1-nji oktýabr.

Ynha, bir hepde bäri okuw dowam edýär. Mugallymlarymyzyň bary diýen ýaly, hatda her edip — hesip edip Stambulda galjak bolan Wasfiýe-de B.-e gaýdyp geldi. Görgüli paýtagtda boş ýertapmandyr. Nezihäniňki bolsa şowuna bolupdyr. Bir gezek, anna güni, olar Bosfaryň kenarynda ýaş serkerde bilen duşuşypdyrlar. Serkerde olary Fatihe çenli ugradypdyr. Joralarym bilen tanşan ýigitler hemişe Wasfiýäni ileri tutupdyr. Bu gezek hem şeýle bolupdyr. Haýsy bagdadygyny bilmedim welin, serkerde şol ýerde duşuşyk belläpdir. Içiňi ýakaýyn diýen ýaly, şol gün Wasfiýäniň myhmanlary bar ekeni. Serkerdäni aldamazlyk üçin ol:

— Nezihe jan, meň ýerime git-de, bu gün gelip bilmejekdigimi oňa duýdur, duşuşygy başga bir güne geçirmek barada wadalaş — diýip, jorasyndan haýyş edipdir.

Nezihe agşam dolanyp gelip, ýaş ýigidi görmänligini habar beripdir. Ýöne gyzyň kalbynda bir üýtgeşiklik döräpdir.

Birnäçe günden soň işiň üsti açylypdyr. Şol agşam Nezihe ýaşserkerdäniň göwnünden turupdyr, bir hepde geçip-geçmänkä, olar nikalaşypdyr. Bu waka Wasfiýä diýseň agyr degipdi. Jan ýaly jorasynyň aldamagy ony diýseň kyn güne salypdyr, onsoňam ol düýpden ýeke galanyna ýanyp-bişipdir. Indi ol uludan demini alyp, ýygy-ýygydan:

— Wah, Feride hanym, ikimiz, gör, nähili jora bolup bilerdik! Arman... Siz örän şähdaçyk, gowy, alçak gyz welin, durmuşyň lezzetini bileňzok-da — diýýärdi.

Jüýjeler ýumurtgadan çykanynda höwürtgede täsin durmuşyň başlanyşy ýaly, häzir mekdebem şol höwürtgä çalym edýärdi. Birnäçe gün mundan ozal ýyldyrym çakyşy, gök gübürdisi bilen başlanan güýçli tupan jöwzaly tomsuň ýüregimde wagtyndan ir döreden durmuş ýadawlygyny, gam-gussasyny, edil el bilen aýran ýaly edip taşlady. Indi göwnüm açylyp, ýüküm ýeňläp gitdi.

***

B..., 17-nji oktýabr.

Ynha, on günden bäri ýagyş dynman guýup dur, özem şeýlebir güýçli ýagýar! Ilki günler men kibişatlanan, ýüzüne täze öwüşgin çaýylan iň soňky güller hem saralyp-solupdyr. Şonda olaryň solgun baldaklary Gün şöhlesine albaý bulap, ýuwaş-ýuwaşdan dirilik suwundan ganypdylar, häzir bolsa

olar başlaryny egip, bagda üznüksiz ýagýan ýagşyň astynda titreşip otyrlar, göýä: «Besdir, ýagmaňy goýsana!» diýmek isleýän ýalydy.

Agşam mekdepden gaýdyp gelenimde, meniňem keşbim ähtimal, şondan gowy däldi, gözgynydy. Ezilip, süllümbaý bolupdym, örtügim endamyma, çadram hem ýüzüme ýelmeşip durdy. Ötegçiler maňa seredip gülüşýärdi.

Munisäniň ýüzi juda solgun bolup göründi. Sowuklandyr öýdüp, ony zor bilen irgözin ýatyrdym-da, lipa gülüni gaýnadyp berdim. Gyzjagaz hötjetlik edýärdi, was-waslygymyň üstünden gülýärdi. Ol:

—Abajygym,sowuk adama näme etsin? Eýsem, geçen gyş gije samanyň içinde gizlenenim seniň ýadyňda dälmi? — diýdi.

Näme üçindir, gözüme uky gelmeýärdi. Munisäni ýatyryp, kitaby elime aldym-da, jaýyň erňegini takyrdadyp, suw akýan turbada ses edýän ýagşyň azmly şybyrdysyna diň salyp, tagtanyň üstünde süýndüm. Bu ýas mukamy indi iki hepdeden bäri dowam edýärdi.

Näçe wagtyň geçenligini biljek däl. Birden gapy güýçli kakyldy. Beýle biwagt kim gelip bilerkä? Gapyny açmaga ýürek etmedim, myhman jaýa geçip, jumbadan*(Jumba — köne türk jaýlaryndaky gözenekli äpişge. Jumbadan seredeniňde özüň görünmeýärsiň.)* seretdim. Gapynyň öňünde ýagyşdan pena gözläp, daýaw bir zenan durdy, onuň elinde bolsa üsti örtükli çyra bardy. Çyranyň ýagtysy suwuň üýşen ýerinde ýalpyldaýardy.

— Kimsiň? — diýip soradym. Sandyrawuk bir ses:

—Açyň, Feride hanymy görmäge geldim — diýdi.

Gapyny açanymda süňňüm galpyldaýardy. Şol Stambulda bolup geçen näletsiňmiş agşamdan soň, nätanyş aýal myhmanlardan gözüm gorkupdy. Kimdir bir nätanyş aýal meni gözleýärmiş diýip eşidenimde, her gezek ýaman habar gelendir öýdýärdim. Bosagadan ätlän badyna ol aýal meni gowy synlamak üçin çyrasyny galdyrdy. Solgun hem-de gamgyn gözlere gözüm düşdi.

— Hojanym, içerik girmäge ejaza beriň...

Bu ýüz, bu ses meni ekezlendirdi. Kemteresinden onuň kimligini, näme üçin gelenligini hem soraman, myhman jaýyň gapysyna tarap ümledim.

— Baş üstüne...

Zenan otagy hapalamakdan gorkýan ýaly, seresaplylyk bilen içerik girdi, emma oturmaga milt etmedi.

— Baý, ýagaýşyny, baý, bu ýagşy!... Gark hem etjek! — diýip, ol aýal dymyşlygy bozdy.

Nätanyş aýaly içgin synladym. Aýalyň gözgyny görnüşiniň ýagyş zerarly däl-de, başga bir sebäplidigi görnüp durdy. Aňyşyma görä, ol bimahal gelmeginiň sebäbini düşündirmezden öň, özüni dürsejek bolýardy, şonuň üçinem hiç zat soranokdy.

Mende galan ilkinji täsir nädogry bolup çykdy: ol ýuwaş hem asylly zenan ekeni.

Ahyrsoňy:

— Hanym ependi, kim bilen gürleşýärkäm? — diýip soradym.

Zenan bu sowaldan çekinen ýaly, başyny aşak saldy. Soň ol:

— Feride hanym — diýip gürrüňe başlady. — Biz az-kem tanyş. Dogry, ne siz meni, ne men sizi şu çaka çenli görüpdik, emma sizi gaýybana tanaýan. — Şeý diýip, zenan birsellem dymdy, soňra bolsa güýç toplan ýaly, sözüni dowam etdirdi: — Men siziň mekdep ýoldaşyňyz, saz mugallymy Şeýh Ýusuf ependiniň aýal dogany.

Ýüregim agzyma geldi. Emma özüňi elde saklap,syr bermeli däldi.

—Şeý diýseňizläň, hanym ependi. Siz bilen tanyşýanyma örän şat. Doganyňyz hem gurgunmy? — diýdim.

Elbetde, şeýle ýagdaýda şeýle wagt gelen myhman aýal bilen başgaçarak gürleşmelidi. Ýöne men oňa näme diýeýin?

Zenan dymýardy, ähtimal, ol jogap bermäge söz tapmaýardy. Onuň ýüzüne seretmäge ýürek etmän, başymy aşak salyp oturdym. Zenanyň horkuldap aglaýany eşidildi. Gutulmasy kyn peläkete duşan ýaly, başymy öňküden-de aşak saldym. Zenan aglamajak bolup, elleri bilen bogazyny gysdy.

Ol: — Doganym ölüm pillesinde. Agşamaralar ol has hem haýallady. Ynha, ol alty sagatdan bäri özüni bilmän ýatyr. Ol ertire ýa çykar, ýa çykmaz... — diýdi.

Dymdym. Elimden gelýän zat barmydy näme?

— Hanym, — diýip, ol aýal sözüni dowam etdirdi. — Ýusuf menden bary-ýogy üç ýaş kiçi, emma ony oglum ýaly görýärin. Ejemiz ölende Ýusuf juda kiçijikdi. Menem kiçijikdim, ýöne muňa garamazdan, oňa ene ornuny tutmaly boldum. Bütin ömrümi Ýusufa bagyş etdim. Dul galamda siziň ýaşyňyzdadym. Ýene-de durmuşa çykyp biljekdim, emma çykasym gelmedi.Ýusuf jany ýeke goýasym gelmedi. Ynha, indi ol meni taşlap, gidip barýar... Hanym ependi, siz bu zatlary näme üçin gürrüň berýänime geňirgenersiňiz. Sizi beýle bimahal çagy bimaza edenim üçin gatyrganmaň!.. Sizden bir zady ýalbaryp haýyş etjegim üçin hem gatyrganmaň!.. Meni kowmaň...

Gürrüň şu ýere geleninde, ol zenanyň ysgynsyz aýaklary birden epilip gitdi, durşy bilen dere batyp, özüni aşak goýberdi. Onuň halynyň harapdygyny görüp, biçäräni ýerinden galdyrjak boldum. Emma ol ýarym-ýaş bolup ýerde çabalanyp ýatyrdy, dyzymy gujaklap, yzlyyzyna ogşaýardy.

Seresaplylyk bilen zenanyň elinden sypdym, şeýle pursatlarda mümkin boldugyça arkaýynlyk bilen:

— Hanym ependi, siziň derdiňize düşünýän. Aýdyberiň... Elimden gelýän zat bolsa, ederin... — diýdim.

Onuň aglamakdan ýaňa çişen solgun, mawy gözlerinde umyt uçgunlary ýylpyldap gitdi, biçäre horkuldysyny köşeşdirjek bolup, elleri bilen bogazyny tutdy-da:

— Ýusuf on ýyldan bäri ýaranok. Etmedik emim, etmedik yhlasym galmady, emma zalym dert ony kemkemden sykyp, ähli ysgynyny aldy!.. Ahyrsoňy bu hadysa ýüze çykdy. Ýusuf sizi görüpdir. Ol juda duýgur adam bolansoň,şol günden bäri ýanyp-köýüp, eräp barýar...

Gürrüň şu ýere geleninde, özümisaklabilmän, garşylyk görkezdim:

— Hanym ependi, doganyňyza hiç zat etmänime ant içýärin.Aslynda, men kim? Men bir ganaty gyrlan guşdan başga zat däl — diýdim.

Ýusufyň uýasy ýene-de aýagyma ýykyldy.

— Eziz balam, siziňem öz eý görýän adamyňyz bar bolmagy mümkin. Gaty görmäň... Ant içýärin, bu ýere zeýrenmek üçin gelemok. Men, görnüşi ýaly, ýeňilkelle aýal däl. Men bary-ýogy Ýusufyň aýal dogany. Telim ýyldan bäri Ýusufyň sazynyň täsiri bilen ýaşaýaryn. Sizden hiç zady gaty göremok, tanyşlygyňyzdan hem zeýrenemok. Ýusuf ýanyny ýere berip, gözümiň alnynda şem ýaly ýanyp-eräp barýar. Ýöne onuň ölüminden razydygyny görýärin. Ol zeýrenenogam, derdinenogam, aglanogam. Käte huşundan gideninde, gabaklary ýuwaşja titräp, solgun dodaklary ýyrşarýar-da, adajadan siziň adyňyzy tutýar. Ýusuf öz derdi barada maňa ýeke agyz sözem aýdanok. Ýöne ol düýn ellerimi eline alyp, barmaklarymy ýekän-ýekän ogşap çykdyda: «Abla, sen ony maňa, iň bolmanda, ýene birje gezek görkez!» diýip, çaga ýaly özelenmäge durdy. Ýusuf üçin bar zady gurban etmäge taýýardym, ýöne bu haýyş başa bararlykly däldi. Ýüreklerim para-para bolýardy. «Hany, Ýusuf, sagal, aýak üstüne gal, sen ony ýene görersiň...» diýip, ellerini, maňlaýyny, saçlaryny sypalap, doganyma teselli berýärdim. Ah, Feride hanym, nähoşuň muňa hapa bolşuny bir görsediňiz! Onuň ýüzünde umytsyz bir ünji peýda boldy. Ol sessiz-üýnsüz diwara tarap öwrüldi-de, gözlerini ýumdy. Muny söz bilen beýan etmek mümkin däl? Şu gün agşamaralar bolsa Ýusuf özünden gitdi. Onuň gaýdyp hiç haçan gözüni açmajakdygyna düşündim. Ömrümi, bagtymy oňa bagyş etdim, hiç haçan hiç zady gaýgyrmadym. Onuň gözlerini gam-gussaly ýumşuny we dünýäde bar zatdan gowy gören adamy bilen duşuşmaga maý bolmanyny görmek şeýlebir agyr welin, ony söz bilen beýan etmek mümkin däl, asla mümkin däl, Feride hanym, onuň çeken derdi-belalaryny söz bilen beýan ederden ejiz! Bir sogap iş edip, jan beren adamyň dodaklaryna bir damja suw damdyraýsaňyz diýýärin...

Biçäre zenan mundan artyk gürläp bilmedi. Ol çygjaryp duran ýüzüni etegi bilen bukup, möňňürmäge başlady.

***

Bu gijäniň wakasy, düýş ýaly, bütin ömrüme ýatdan çykmaz. Darajyk garaňky köçe bilen ýagşyň astynda çyranyň solgun yşygynda ýöräp gitdim. Hiç zat duýmazdan, hiç zat barada pikir etmezden, suwuň ugruna gaýyp barýan ýaprak ýaly, biygtyýar süýrenip barýardym. Meni içi alagaraňky beýik giň otaga alyp bardylar. Diwardan tamburlar, udlar, gyjaklar asylgy durdy, darajyk tekjeleriň üstünde tüýdükler çaşyp ýatyrdy. Saz düzüji giň demir ýatalganyň üstünde deminisanap ýatyrdy. Daraklygymyza basyp, onuň ýanyna bardyk. Şeýhiň mum ýaly sarymtyl ýüzüne ölüm reňki çaýylypdy. Ýumlan gözleriniň çukury garalyp durdy. Diňe ak dişleri görünýän ýarym açyk dodaklarynda entek ýylylyk duýulýardy.

Ýarym sagat mundan öňem gaýgy-hasratdan ýaňa bir gysym bolan biçäre zenan, ölüp barýan hassanyň iň soňky haýyşyny ýerine ýetirmek bilen, diýseň arkaýynlaşdy. Ýa, Rebbim, söýgi diýilýän duýguda, gör, näçe gudrat bar! Mekdebe ugratmak üçin ogluny ukudan oýarýan ene ýaly, elini doganynyň maňlaýynda goýup, ol hem:

— Ýusuf jan, balam, bir seretsene... Kärdeşiň Feride hanym halyňdan habar almaga gelipdir — diýdi.

Hassa hiç zat eşitmeýärdi, hiç zat duýmaýardy. Zenana gorky aralaşdy. Eýsem, dogany gözüni açman öläýermikä? Ol ýene özüni ýitirdi. Gözlerinden boýur-boýur ýaş döküp, aglamaga başlady.

— Ýusuf, balam, bir gezejik gözüňi açsana. Egersen ony görmän ölseň, ömrüme örtenip gezmeli bolaryn...

Gynançdan ýaňa ýüregim para-para bolup durdy. Aýaklarym diýen edenokdy. Garaňkylykda hassanyň başujunda stoldur öýden bir zadyma ýaplanyp durdum. Ol organ ekeni! Tisginip gitdim. Göwnüme, hassanyň gözlerini iň soňky gezek açdyryp biljek gudrat diňe şudy.

Bilmedim, kelläme gelen pikir jenaýatmy ýa uly günä, bu organ özüne bakýan her bir kişä albaý bulaýan uçut ýaly, meni özüne maýyl edýärdi. Aýagymy pedala basdym-da, barmagymy düwmelerine ýetirdim.

Organ ýaraly ýürek ýaly, zaryn-zaryn iňledi. Otagyň garaňky burçlaryna, diwarlara kölegeleri düşýän sazlar, tamburlar, gyjaklar titreşip, ýürek gyýyjy owazlar ýaňlanyp gitdi. Gözlerim ýaşdan doly bolansoň, bu göwnüme bolsa-da bolýandyr, ýöne birden hassanyň mawy gözüni bir pursat açanyny görüp galdym.

Dogany ýüzüni hassanyň düşegine goýup, möňňürmäge başlady. Merhumyň üstüne egildim-de entek ýylysy gitmedik ýumuk gabaklaryna dodagymy degirdim. Eýsem, ilkinji posamy merhumyň öçen gözlerine bermek maňlaýyma ýazylaýdymyka?

***

*B..., 2-nji noýabr.*

Bu agşam B.-de geçen iň soňky agşamymdyr... Ertir ir bilen biz ýola düşmelidik.

Şeýh Ýusuf ependi aradan çykandan soň, bu ýerde galyp biljek däldim. Şäherdäki ähli gürrüň men hakdady. Mekdebe gidip gelýänçäm, gör, näçe adam yzyma düşüp, iki gat nykabyň aşagyndan ýüzüme syn etjek bolup ýolumy kesýärdi. Adamlaryň hatda seslerini peseltmegi hem zerur hasap etmän:

— Elbetde, bu Ýüpek gurçugy zerarly! Biçäre Şeýh — diýişlerini men, gör, näçe gezek eşitmeli boldum...

Joralarymdan hem gaça durdum. Synpa girenimde, özümiň nar ýaly gyzarýanlygymy duýdum.

Bu ýagdaý uzak dowam edip biljek däldi,şonuň üçin hem bilim bölüminiň müdiriniň ýanyna gitmeli, bu ýeriň howasynyň özüme ýaramaýanlygyny aýdyp, meni başga bir ýere geçirmeklerini haýyş etmeli boldum. Elbetde, Reşit Nazym şäherdäki gybatlardan bihabardy, ol islegime garşy bolup durmady, ýöne şol ýeriň özünde başga bir ýerde amatly wezipe tapmagyň onçakly ýeňil däldigini aýtdy. Ýöne az aýlyga-da razydygymy, täze mekdep ýaramaz bolup çykanynda-da nägile bolmajagymy, diňe B.-den uzagrakda bolsam bolýanlygyny oňa mälim etdim. Iki günden soň buýruk geldi. Meni Ç. şäherindäki ruşdiýä geçirmeli edipdirler. Biçäre Çalyguşy! Ol indi şemalyň ýelginine gaýyp ýören güýz ýaprajygyna döndi.

## Üçünji bölüm

*Ç..., 23-nji aprel.*

Şu gün Hydyr-Ylýasyň güni(*Hydyr-Ylýas güni — maý aýynyň altysyna bellenilýän baýramçylyk.*) . Öýde, diňe bir öýde-de däl, bütin şäherjikde meniň ýeke özüm galdym. Köçeler boşap, dükanlar ýapyldy. Ýaşaýjylaryň hemmesi ir bilen sebetlerini azyk-owkatdan dolduryp, Söwütli jeňňel diýilýän ýere çişlik iýmäge gitdiler. Biziň köçämiziň burçunda hemişe bir ysmaz gedaý oturýardy. Ýöne olam bu gün beýle keýpden mahrum bolmak islemändir. Gedaý, edil paýtuna münýän dek, hondan bärisi bolup, hammaly atlanyp, jemendäň yzyna düşdi.

Emma itleriň bolşy maňa hemme zatdan artyk ýarady. Mekirje zaluwatlar garynlaryny ýazyp biljekdiklerini duýýardylar. Adamlar ýagyşda geýilýän ýapynjaly, düwünçekli we sebetli topar tutuşyp barýardylar, yzlaryndan bolsa itler seňkilleşip gelýärdi. Munisäni goňşy bolup ýaşaýan polk mollasy Hafiz Gurban ependiniň aýaly bilen iberdim. Gyz mensiz gitmejek bolup, elinde baryny etdi, emma kellämi ýaglyk bilen daňyp:

— Men ýaramok. Birneme ýagşyrak bolsam, soňrak bararyn — diýdim.

Ýaramok diýip, Munisäni aldapdym. Bu gün ýagdaýym diýseň oňatdy, keýpimem gül ýalydy. Öýde galýanymyň sebäbi bolsa köp adamly, göçgünli şagalaňlary halamokdym. Gitjekler gidenlerinden soň, başymdaky ýaglygy aýyrdym-da, ýuwaşja hiňlenip, öý işleri bilen gümra boldum. Mahal-mahal mekdepdäki örän kyn, erkek adamlaryň işini öý hysyrdylary bilen çalyşmak diýseň ýakymly bolýardy. Hojalyk işlerini biryüzli edemsoň, guşlar bilen meşgullanyp ugradym. Suwlaryny çalyşdym, kapasalaryny täzeledim we guşjagazlar güneşlesin diýip, olary baga çykardym. Biziň alty sany guşumyz bardy. B.-den gaýdanymyzda biz Mazlumy Hajy kalfanyň ogluna berip gaýdypdyk. Munisäniň owlajyga diýseň nebsi agyrdy, gözlerinden boýur-boýur ýaş dökdi. Gyzjagazyň ýüregi gysmasyn diýip, oňa guş satyn alyp berdim. Soň özümem olar bilen güýmenmäge başladym. Ýöne goňşymyzyň sary pişigi ganatly dostlaryma hiç ynjalyk berenokdy. Kapasalary baga çykardygym, ol derrew şol ýerde peýda bolýardy we mawy gözlerinisüzüp, garşyda ümsüm oturan bolýardy. Ol hatda biziň guşlarymyzy mylaýymlyk bilen synlap, olara bir zat diýýän ýaly, birsyhly myrlaýardy. Şu gün bir guşjagazy kapasadan çykardym-da, ony pişigiň alnyna eltdim. Onuň özüni alyp barşyny görmekçi boldum. Hilegär jandar! Onuň sary tüýleri, şemal öwsüp ugran ýaly,syh-syh boldy, mawy gözleri uçganaklap, ýumşajyk penjelerinden dyrnaklary göründi. Pişik guşjagazyň üstüne zyňmaga häzirlendi. Guş janawar bolsa titräp, elimde çugutdyryp oturdy.

Beýleki elim bilen pişigiň ýeňsesinden tutup:

— Senjagaz pişik, häzir bol, mekir mawy gözleriňi mylaýymlyk bilen süzen bolma, daşyňdan seretseň,sen asmandaky melekleri arzuw edýän ýaly. Emma seniň bar pikiriň — olam bu janawarjygy parçalamak. Şeýle dälmi? Ýöne, seret, häzir senden gowy edip ar aljak — diýip, barmaklarymy gowşatdym. Eýjejik guşjagaz silkindi, göýä, azat bolýanyna ynanmaýan ýaly, doňup galdy. Soňra-da naýynjar jürküldäp, uçup gitdi. Mawy gözleri bilen guşuň uçuşyna gamgyn halda geňirgenip seredýän pişigiň «alkymyna» dykylyp bardym-da, jakjaklap gülüp:

— Ýeri, sary melgun, guşjagazy parçalap bildiňmi? — diýip soradym.

Ýüregim şadyýan urup başlady. Diňe bir bu sary pişikden däl, eýsem, onuň ýaşajyk guşlaryň göwnüne degýän mawy gözli ähli tohumyndan ar alan ýaly bolup begendim.

Ýöne beýleki guşlaryň naýynjar sesleri şatlygyma suw sepilen ýaly etdi. Göwnüme bolmasa, olar: «Näme üçin sen bizi-de joramyz ýaly hoşwagt edeňok?» diýýän ýaly, zaryn jürküldeşýärdiler. Ýüregiň emrine, özümden biygtyýar islege tabyn bolmak bilen, ähli guşlary azat etmek niýetinde kapasanyň ýanyna bardym. Emma birden Munise ýadyma düşdi. Kapasanyň simleriniň birine maňlaýymy goýup:

— Ýagşy, sizi goýberse bolar, ýöne soň beýleki bir sary saçly zalyma — Munisä näme jogap bereris? Guşjagazlar, nätsekkäk? Hernäçe jan etsek-de, sary melgunlardan hiç azat bolup bilmeris — diýdim.

***

Guşlardan soň öz-özüň bilen gümra bolmak nobaty geldi.

Howanyň açykdygyny gördügim hemişe başymy sowuk suw bilen ýuwýardym,saçlarymyň Günüň astynda ýuwaş-ýuwaşdan guramagy maňa uly lezzet berýärdi. Şu günem şeýtdim: garaly agajynyň üstüne çykyp, öl kellämi baharşemalyna tutdum. Saçlarym ösüp, eýýäm bilime ýeteňkirleýärdi. B.-de saçymyň näme üçin gyrkylandygyny joralaryma gürrüň bermedim. Olar kelte saçly gezmek zenan maşgala üçin gelşiksiz, has dogrusy, uly ýetmezçilik diýip hasap edýärdiler. Saçlary berkidýän dürli serişdeleri kimden tapsam, hatda Hajy kalfadan tapsam hem ýörite alýardym. Onsoň olaryň her biri muny öz hyzmaty hasap edip, öz serişdeleriniň gudratly zatdygyny subut etjek bolýardylar we meniň uzyn, gür saçlarymy mysal getirýärdiler. Garaly agajy kapasanyň edil garşysyndady. Guşlar monjuk ýaly ýyldyraşýan gözlerini güneşe dikip, ýetişibildiklerinden jürküldeşýärdiler. Olara öýkünip sykylyk atýardym we hiňňildikde uçýan ýaly, inçejik şahada hallan atyp otyrdym. Birdenem goňşy jaýyň äpişgesine gözüm düşdi. Şonda nämäni görendirin öýdýäňiz? Polk mollasy Hafyz Gurban ependi menisynlap duran ekeni. Onuň dolmuş ýüzündäki çylpykly tegelek gözjagazlary ýylpyldap görünýärdi. Şol wagtky ýüregime aralaşan gorkyny ýazyp beýan edip biljek däl! Iň bolmanda, egnimdäki geýimlerim bir idili bolan bolsady! Ýogsam aýaklarym ýalaňaçdy, egnimde ýakasy uludan açylan ak köýnegim bardy. Ilki aladam arkama dökülen gür saçlarymy seçelendirip, boýnumy, döşümi örtmek boldy. Soňra özümi bir bölek goş ýaly, şahadan aşaklygyna goýberdim. Bagtyma, agaç beýik däldi. Goňşymyň: «Wah-waheý, wah-waheý» diýýän sözleri gulagyma gelip degdi. Agaçdan ýykylyp, teni awan mendim, gygyrýan bolsa Hafyz Gurban ependidi.

Adyny eşidenimden gülkim tutýan goňşym elli ýaşly polk mollasydy. Oňa örän baý adam diýip gürrüňini edýärler. Onuň syratly, garagözelek, owadan, ýaş çerkes aýaly (onuň entek otuz ýaşy-da dolmandy) bilen aram gowudy. Bu gün Munisäni ýany bilen gezelenje alyp gidenem şoldy. Goňşularymyň çagalary ýokdy, şonuň üçinem ol zenan kiçijik garagola öwrenişip, ony edil öz gyzy ýaly gowy görýärdi. Şu günki hadysa keýpimi bozdy. Polk mollasyndan gaty utandym. Indi ol men barada näme pikir eder! Häzir, şu sözleri ýazyp otyrkam, duluklarym utançdan ýaňa lap-lap gyzyp dur. Saçlarymyň düýbüne çenli gyzaryp gitdimmikäm diýýärin. Eý, toba! Mugallym bolsam hem, paýhassyz pikirlerden, netijesiz çözgütlerden saplanyp bilemok. Mekdebiň müdiri Rejep ependi: «Elbetde, Alla ömrüňi uzak etsin welin, sen aradan çykyp, jaýlanyp otarylan pursadyňda-da bir zat tapyp, aýat okap oturan mollany güldürersiň?» diýip nähak aýtmandy. Günortadan soň öz gündeligime ýarym ýylyň içinde bolup geçen zatlaryň ählisini ýazmakçydym — bu ýere gelelimiz bäri ýan depderçäm goşhaltamdan hem çykmandy. Äpişgäniň ýanyna bardym. Aýlagdyr kenardaky harby berkitme bu ýerden gowy görünýärdi. Bu jaýa göçüp gelenligimiziň sebäbi, deňiz görnüşlerini gowy görýärdim. Ýogsam onuň hiç hili üýtgeşik zady hem ýokdy.

B.-den çaltrak gaýtjak bolup, özüme teklip edilen ilkinji boş ýere razylyk berdim. Men Ç.-niň özüme ýarajakdygyna-ýaramajakdygyna, aýlygymyň ujypsyzja boljagyna sähelçe-de üns bermedim. Ýöne, bagtyma, bu ýerjagaz erbet bolup çykmady: ol ümsümje, ýakymlyja harby şäherjik ekeni. Onuň ýaşaýjylarynyň köneden bäri ýaşap gelýänindenmi ýa täze gelenlerinden — haýsy birinden atаň, doganyň, ogluň, adamyň kim diýip sorasaň, ol ýa esger, ýa-da serkerde, bir söz bilen, harby diýip jogap berer. Hatda mekdep mugallymlarynyň birentegi ýa-da polk mollalary, ýa-da polk müftileri, ýagny ähli halaýyk bu ýerde goşun bilen baglanyşyklydyr. Biziň goňşymyz Hafyz Gurban ependi hem käte selläniň ýerine harby eşik geýýär we gapdalyndan gylyç asýar.

Ç.-niň aýal-gyzlary maňa diýseň ýaraýar. Olar wepaly, yhlasly, durmuşlaryndan göwünleri hoş, mährem we sada zenanlardy, hemişe wagtlaryny hoş geçirýärdiler. Bu ýerde her hepdede durmuş toýy tutulýardy. Onsoň her bir toý dürli dabaralar, dürli agşamlar, dürli atlar bilen göni bir hepdä çekýärdi. Diýmek, zenanlar her agşamy şatlyk-şagalaň bilen geçirýärdiler. Ilkibada muňa olaryň jübüleri nähili çydaýarka diýip oýlandym. Ýöne, görüp otursam, munuň syry aňsatja ekeni: mysal üçin, her bir aýal özüniň bezemen toý lybasyny on-on bäş ýyllap toýa geýýän eken,soňam ol köýnek arassaja, päkizeje görnüşde gyzlaryna geçýän ekeni. Olaryň güýmenjeleri örän köp ekeni. Bir gartaşan

ermeni zenany garmon çalýar. Eger soň oňa munuň üçin bir köýneklik mata we ol az-owlak pul berseler, ol muňa monça bolýan ekeni. Hawa, Ç.-niň zenanlarynyň güýmenjeleri örän ýönekeý, olar şol oýunlardan diýseň hoşal. Ajap zat! Wah, näme üçin şu şäherde dogulmadymkam? Bir ajaýyp gün dyrnaklaryma hyna, aýalaryma hem hurmanyň reňkini çalsam, gör, nähili gowy bolardy! Her näme bolsa-da, başga söhbete geçeýin. Geň zat, goňşularym meni gowy görýärdiler. Ýöne setanda-seýranda duşup, şagalaňlaryna gatnaşmaýanym üçin olar menden gaty görýärdiler. Özümi tekepbirsaýmazlyklary üçin olara dürli hyzmatlar edip, gyzlaryna mekdepde, özlerine öýde dürli kömekleri berýärdim.

Ç.-däki iň arzyly ýerim Söwütlik diýilýän derýanyň kenarydy. Baýramçylyk günleri ol ýere gitmäge ýürek edip bilemokdym, ýöne adaty agşamlar Munise ikimiz käte okuwdan soň tokaýlyga gezelenje çykýardyk. Ol ýerde diňe söwütler däl, eýsem, çynarlar hem hellewleşip otyrdylar. Olaryň näçe asyrdan bäri ösüp oturanlygyny Hudaý bilsin! Çynarlaryň aşaky şahalary gyrkylandy, şonuň üçin agaçlaryň şahalary ýalaňaç görünýärdi, depeleri bolsa giden ýaprak bolup durdy. Adam agşamyň alagaraňkylygynda jeňňelde galsa, göwnüne ol özüni aňyrsy-bärsi görünmeýän ýykyk gümmeziň aşagynda duran ýaly görýär. Ýaşyp barýan Günüň şöhlesine jeňňellik üznüksiz sütün hatarlaryny ýada salýar. Derýanyň beýleki tarapynda daşy aýmançaly baglar uzalyp gidýär. Olaryň arasy bilen bolsa darajyk kölegeli ýodajyklar geçýär. Bu ýodajyklara uzakdan garanyňda göwnüme bolmasa, olar adamy bu dünýäden başga bir ýerlere, iň süýji arzuwlaryň amala aşýan başga bir dünýäsine alyp gidýän ýalydy.

***

Ýerli baýlaryň jaýlary Hassalar depesi diýen dagyň üstünde ýerleşýärdi. Onuň adynyň ýürekgysgynçdygyna garamazdan, bu ýerde iň bagtyýar, iň şadyýan adamlar ýaşaýar. Biz bu ýere göçüp gelenimizde gözel bir jaý görkezdiler. Emma men boýun gaçyrmaly boldum. Sebäbi häzir B.-däki wagtym ýaly baý däldim. Biz sadarak ýaşamaga mejburdyk. Ýogsa-da biziň kiçijik jaýymyz hem gowy ýerde ýerleşýärdi. Ol bu şäherjigiň iň köp märekeli ýerindedi: bu ýerde meýdança, kofehana, dükanlar bardy. Mysal üçin, şu gün ir bilen Ç.-niň ähli ilaty biziň äpişgelerimiziň öňünden Söwütlige tarap geçip gitdi. Wagt onçakly giç bolmasa-da, olar eýýäm yzlaryna gaýdyp geldiler. Ýap-ýaňyja serkerdeler topary geçip gitdi. Olar özlerine tarap howlukmaç barýan leýtenanty sakladylar.

— O näme üçin beýle ir-le? — diýip, leýtenant sorady. — Men bolsam diňe ýaňy barýan. Nobatçylygym edil şu wagt tamamlandy.

Hemişe penjeginiň iliklerini ildirmän geýýän we köçede oňa ýygy-ýygydan duşýan ýognas goja golagasy*(Golagasy — soltan goşunynda ýüzbaşy bilen müňbaşynyň arasyndaky harby dereje.)* oňa:

-Azara galma-da, gaýdyber. Bu gün Söwütlik gyzykly däl. Biz hernäçe gözlesek-de, gülbeşeker*(Gülbeşeker — bägül ýapragyndan taýýarlanylýan mürepbe)* tapyp bilmedik — diýip jogap berdi.

Göwnüme bolmasa, bu şäherçäniň adamlary süýjüçil bolmaly. Çagalaryň hem, ulularyňam dilinde diňe gülbeşeker. Serkerdelere geň galýan: Hydyr-Ylýas güni gezelenç wagty gyrmyzy mürepbe gözläp, tapmanyňa lapykeç bolmak geň ýagdaý. Edil çaga ýaly.

«Gülbeşeker» sözüni men köçede çagalardan hem, ululardan hem ýygy-ýygydan eşidýärin. Günlerde bir gün mekdepden gaýdyp gelýärkäm, pukaraja geýnen birnäçe ýigit öňümden çykdy. Olaryň birine bir zat hödürleýärdiler, ol bolsa:

— Çynymy aýdýaryn, iýip bilemok. Ýap-ýaňyja naharlandym. Indi hiç zat bokurdakdan geçmez — diýip boýun gaçyrdy.

Beýlekisi ýoldaşynyň egnine kakyp:

— Diýmek, sen hiç zat iýip biljek däl-dä? Belki, gülbeşekerden hem ýüz döndererersiň? — diýip sorady.

Ýigit şobada ýumşap ýylgyrdy:

— Wah, gülbeşeker bolsa, aýry mesele-le... Käte kofehananyň öňünde oturan kişiler hünäri zordan gününi aýlamaga mümkinçilik berýän garyp, emma şadyýan we salykatly suw daşaýjy ýigit bilen degişýärler:

— Eý, Süleýman, seniň toýuňy biz haçan toýlarys?

— Islän wagtyňyz toýlarys. Men hemişe taýýar!

— Süleýman, bu garyplyk bilen sen nädip günüňi aýlarsyň?

— Aý, hiç, gury çöregi gülbeşekere batyryp iýibererin.

Bu degişme her gün diýen ýaly gaýtalanýardy. Üç gün mundan ozal meni goňşym Hafyz Gurban ependi haýrana goýdy. Derwezeleriniň öňünde Munisäni tutup, ol zor bilen ýaňagyndan ogşapdyrda:

— Bäh, sen edil gülbeşeker ýaly bark urýarsyň — diýipdir.

Köçe märekeden doldy. Söwütlikdäki şagalaň tamamlandy. Çasly gülki sesini eşitdim. Meniň eýjejigim Munise gaýdyp gelýärdi. Bezzatjygy dört sagatdan bäri göremokdym, emma, göwnüme bolmasa, dört ýyl geçen ýaly bolup durdy.

***

*23-nji aprel (2 sagat geçenden soň).*

Gülbeşekeriň nämedigine diňe ýaňy göz ýetirdim. Gezelençde Munise mugallymalara duşup, maňa ýaranok diýipdir. Olar bolsa ynjalykdan gaçyp, gaýdyşyn meni soramaga sowlupdyrlar.

Öýe girmäge yrjak bolup, olara birnäçe minutlap ýalbarmaly boldy. Oýunlyga salyp:

— Ýeri, onsoň siz gülbeşeker tapyp bildiňizmi? Şu ýerden geçen serkerdeler-ä gülbeşeker tapybilmändiklerinden gaty zeýrendiler — diýdim.

Joram hezil edip güldi.

— Beýle lezzetden biziň hem mahrumdygymyz size belli bolsa gerek.

— Näme üçin? — Sebäbi siz biz bilen gitmediňiz...

Men ol zenanyň ýüzüne aljyraňňy seredip, ýylgyrmaga çalyşdym.

— Munuň bu meselä näme dahyly bar? Myhmanlar gülüşdiler. Ýaş mugallyma geň galyp, ýüzüme jiňkerilip:

— Siz, dogrudanam, bileňzokmy? — diýip sorady. — Hudaý bar!

— Biçäre Feridäm! Sen juda sada bolýaň. Gülbeşeker seniň adyň ahyryn. Seniň ýaňaklaryň gözel reňkine maýyl bolup, Ç.-li erkekler adyňa Gülbeşeker goýupdyrlar. Aljyraňňylykdan ýaňa sakawlap:

— Kim? Menmi? Eýsem, gülbeşeker diýip maňa aýdýarlarmy? Gülbeşekerden çörege çalaýsaň diýýän oglanjyklar, eýsem, meni göz öňünde tutupdyrlar-da? Eý, toba! — diýdim.

Utanjyma ýüzümi tutdum. Görüp otursam, bütin şäher men hakda gürrüň edýär ekeni. Ýa, Rebbim, beýle-de bir masgaraçylyk boljak ekeni!

Ýaş mugallyma zor bilen ýüzümi açyp, ýarym degişmedir ýarym çyna salyp:

— Bu ýerde gatyrganar ýaly näme bar? Siz şäheriň ähli erkeklerini özüňize maýyl edipsiňiz. Beýle hormata öňýeten aýal mynasyp bolup bilýän däldir.

Ah, bu erkekleriň myrtar mahluklardygyny! Olar bu ýerde-de maňa ynjalyk berenoklar. Ýa, Rebbim, men indi adamlaryň arasyna nädip çykarkam? Goňşularymyň ýüzüne nädip serederin?!

***

*Ç..., 1-nji maý.*

Öýüň ýokarky gatynda, okuwçylarymyň depderlerini barlap otyrdym. Derweze kakyldy. Aşakdan Munise gygyrdy:

— Abajygym, bize myhman gelipdir!

Daş düşelen howlujykda bir gara çarşaply aýal gezmeläp ýördi. Ýüzi ýapyk bolansoň, ony tanamadym.

Çekinjeňlik bilen:

— Kim bolarsyňyz, hanym ependi? — diýip, ondan soradym.

Gülki ýaňlandy. Hanym, pişik deýin, boýnuma bökdi. Ol Munisedi. Garagol meniň bilimden ýapyşyp, howluda pyrlap başlady. Ol meniň ýüzümden, gözümden ogşady. Çarşap ony ulugyz ýaly edip görkezýärdi. Şu iki ýylyň içinde Munise ers-mers ösüp, syratly, näzli, mylaýym hanyma öwrüldi. Ol açylyp barýan bägül ýaly, günsaýyn gözelleşdi. Indi ikimiziňem boýumyz tas deň diýen ýalydy. Emma adam pahyr gözüniň alnynda bolup geçýän üýtgeşiklikleri bada-bat görmeýär. Megerem, gyzjagazy şeýle lybasda görüp begenmelidim, emma gynandym. Muny bolsa Munise aňdy.

— Abajygym, näme boldy? Men degişdim ahyry. Belki, men seniň göwnüňe degendirin? Pahyrjyk hapa bolup, ýüzüme seretdi, şeýdibem agyr etmişini ýuwjak bolýana çalym etdi.

— Munise, men seni ömürboýy ýanymda saklap bilmen. Seniň muňa döz gelmejegiňi görüp durun. Toýa gitjek bolanyňda, saçyňa zer sapaklary dakanymda sen eýýäm guş bolup uçýarsyň. Balam, seniň durmuş gurasyň geljegine we meni ýeke goýup gitjekdigiňe düşünýän.

Ýekelik gorkusy ýüregimi mynçgap gitdi. Gözlerimiň owasy ýaşdan doldy. Öz ýanymdan: «Iň bolmanda, ýekeje söz bilen derdimi ýeňlet!» diýip, Munisä ýalbardym. Emma myrtar gyzjagaz maňa dodaklaryny çommaldyp jogap berdi:

— Alaç näme, abajygym, adat şeýle...

— Diýmek, näbelli biriniň aýaly bolmak üçin meni ýeke taşlap gitjek-dä?

Munise jogap bermedi, diňe ýylgyrmak bilen oňdy. Bu ýylgyrma nähili düşünmeli? Zalym gyzjagaz diýsänim? Ol eýýäm häzir ony menden gowy görýär!

Gürrüňi başga ýana sowdum:

— Ýagşy, seniň durmuşa çykasyň gelýärmiş... Ýöne ýigrimi ýaşa çenli entek wagt köp.

— Ýigrimi ýaş? Abajygym, bu juda köp dälmidir?

— Goý, on dokuz, belki, on sekiz ýaş diýeli!.. Sen jogap bereňokmy? Gülkiň tutýarmy? Seniň ýaňsyly gülümsiremäň: «Özüm gowy bilýärin» diýýäne meňzeýär. Walla çynym, on sekiz ýaşa ýetinçäň rugsat bermerin.

Garagol gyz jak-jak edip güldi. Bu söwdalaşma onuň keýpini göterýärdi. Men utanaýýan, ýogsam ses edip aglardym. Sary saçlylar hemişe biwepa bolýarlar. Olar adama diňe gam-gussa getirýär.

***

*Ç..., 10-njy maý.*

Biziň mekdebimizde baý paşanyň*(Paşa — Osmanly döwletinde iň ýokary raýat we harby at (general).)* gyzy okaýar, ady-da Nadide. On iki ýaşlaryndaky bu gyzyň dişleri çüýrükdi, boýy keltedi, özem hordy we örän tekepbirdi. Birnäçe gezek degişmä salyp, onuň adyny Nadide hanym ependi diýip tutdum. Şunlukda, onuň «hanym ependi» diýen lakamy galyberdi.

Nadide Hassalar depesindäki iň owadan binada ýaşaýardy. Ol her gün mekdebe paşa kakasynyň paýtunynda gelýärdi. Ony goç şahyna meňzeş uzyn murtly attutary getirip gidýärdi. Mende dörän pikire görä, bu kiçijik hanym mekdebe okamaga dälde, garyp synpdaşlarynyň, hatda mugallymlarynyň öňünde özüni görkezmek üçin gelýärdi. Ol joralaryna hyzmatkärleri ýaly ezýet berýärdi. Mugallymlar Nadidäniň dürli keçjallyklaryny, näzini çekmegi özlerine mertebe hasaplaýardylar. Käte paşanyň aýaly öz gyzynyň mugallymlaryny nahara çagyryp, olara hezzet-hormat edýärdi. Pukara kärdeşlerim paşanyň öýüniň kaşaňlygyny, baýlygyny, aýalynyň geýimlerini taryplap, aňyrsyna çykyp bilmeýärdiler, öňlerine goýlan nazy-nygmatlardan ýaňa heýjana gelýärdiler. Joralarymyň bu bolşy hem gülkimi tutdurýardy, hemem gaharymy getirýärdi. Meniň pikirimçe, bu Abdyrahym paşa diýilýäniň maşgalasy özleriniň hondan bärsilikleri we baýlyklary bilen sada, nadan adamlaryň gözlerini gapmakdan lezzet alýan gödek gopbamlaryň bir üýşmegi bolmaly. Joralarym meni hem telim gezek paşalara äkitjek bolup jan etdiler. Emma men muny göwnüme degilme hasap edip gatyrgandym. Hiç haçan garyp okuwçylaryň köwüşleriniň bagjyklaryny daňmagy, olaryň hapalanan köýneklerini kakyşdyrmagy özüme kiçilik bilemokdym. Emma bu kiçijik hanymy hiç sulhum alanokdy. Hatda sapaklarda onuň suwuna degýän halatlarym hem bolýardy. Ol bolsa, içiňi ýakaýyn diýen ýaly, maňa sokjarylyp, ýanymdan aýrylanokdy. Şu gün günortanlar öýümiziň ýanynda bir paýtun saklandy. Onuň Abdyrahym paşanyň paýtunydygyny tanadym. Murtlak attutar paýtunyň gapysyny açdy, köçe oglanlaryny daşyna tirkäp, şazada gyzy kimin gaýşarylyp, Nadide hanym bize geldi. Bütin mähelle aýaga galdy, goňşy jaýlaryň äpişgeleri hem durşy bilen zenan kelleleri boldy durdy. Nadide hanym maňa bajysynyň iberen hatyny alyp gelipdir:

«Mugallyma hanym, kakam paşa ependi, ejem we siziň sadyk guluňyz sizi şu gün bize gelmäge çagyrýarys. Sizi, doly ygtyýaryňyza berýän paýtunymyz alyp geler». Olaryň näme etjek bolýanlaryny bada-bat duýdum: olar, edil beýleki mugallymalara edişleri ýaly, özleriniň elpe-şelpelikleri, baýlyklary bilen meniň hem gözümi gapjak bolýarlar. Ilki «belent mertebe» üçin göwünli-göwünsiz minnetdarlyk bildirip, kiçijik hanymy, attutary we paýtuny yzyna ugratmakçy boldum. Emma soň pikirimi üýtgetdim. Birden bu gopbam hondan bärsilere gowy sapak bermek islegi peýda boldy. Stambulda has gopbam, has ýokary wezipeli paşalary hem görmek miýesser edipdi. Çalyguşy üçin olaryň ýüzlerindäki ýasama perdelerini sypyrmakdan, hondan bärsi petekeleriniň aňyrsyndaky hiç zadyň alnyndan bolmadyk bolgusyzlyklaryny we bidereklikleri paş etmekden uly lezzet ýokdy. Alajym näme, şeýle doglupdyryn-da. Men onçakly erbet adam däldim we mekirlik etmeýän, sada kişileri gowy görýärdim. Ýöne özlerini asylly görkezip, baýlyklaryny mazamlaýan, hondan bärsi bolýanlar üçin hemişe ýowuzdym. Iki ýyldan bäri ümsüm we imisala ýaşap ýördüm, şonuň üçinem bu gün az-owlak «bälçiklik» etmäge hakym bardy.

Bu gezek men, endigimiň tersine, sadarak hem bolsa, bezemen geýindim. Birwagtlar Eziz daýymyň Parižden getiren gök penjegi maňlaýymdan diredi.

Nadide aşakda birneme garaşmaly boldy. Heniz B.-dekäm Ýewropa žurnallarynyň birinden modaly saçy bolan bir aýalyň kellesini gyrkyp alypdym. Suraty aýnanyň çarçuwasyna salyp, edil şunuň ýaly görnüşdäki saçly bolmak üçin bar senedimi we ukybymy ulandym. Örän ýeser, örän gelşikli bolup çykdy. Ýöne bolanynda näme? Men bu gün, aktrisa ýaly, diňe şol dar gözýetimli gözellere göz görkezmek barada pikir etmelidim. Meniň kiçijik hanymy aşakda garaşmaly edenimiň sebäbi, diňe bir geýinmeli bolanym üçin däldi. Garaňky, garypja otagda aýnada ýylgyryp duran ýaş gyzyň ýüzüni hem göresim geldi. Ýat maşgalany synlaýan ýaly, öz-özüme utanjaňlyk bilen seretdim.

Meniň gündeligimi hiç haçan hiç kim okamaz! Şeýle bolansoň, näme üçin ähli zady beýan etmeli dälmiş? Bu maňa gowuja bolup göründi... Içgin-içgin synlap, adamlary hut şeýle owadanlygyň maýyl edýändigine düşündim. Maňa täze gözler garap durdy. Ýöne olar Stambulda gören Çalyguşymyň şadyýan, ünjüsiz gözleri däldi. Çalyguşynyň gözleri ýagty yşykda titreşýän altyn gyryndysyny ýada salýan mawumtyldy. Bu gözlerde bolsa, ýalňyzlykda geçirilen ýürekgysgynç gijeleriň, ýadawlygyň, gaýgydyr hasratyň yzlary bolan elhenç dert syzylýardy. Bu gözler gülmedik wagty, jepaly, uly we çuň bolup görünýärdi. Ýöne gülümsiräp başladygy, olar kiçelýärdiler, olardaky yşyk çogup, duluklaryna kiçijik göwher öwüşginleri seçelenip gidýän ýalydy.

Bu ýüz, gör, nähili gözel, gör, nähili nepisdi! Olar ynsan ýüreklerini paralap, olaryň agysyny tutdurýardy. Hatda onuň nogsanlyklarynda-da bir enaýylyk duýulýardy. Tekirdagda Äşäniň adamsy mahal-mahal: «Feride, seniň gaşlaryň hem sözleýän sözleriňe meňzeýär: ilki owadanowadan, nepis-nepis başlanýar-da, soňy çygşylda uraýýar...» diýerdi. Häzir olary üns berip synladym: egrelip duran gaşlar çekgelere çenli ýetip durdy. Ýokarky dodak birneme gysgarakdy we käbir dişleriň üstüni açyp görkezýärdi. Göwnüme bolmasa, hemişe gülümsiräp ýören ýaly. Rejep ependiniň sen ölseňem, gülkiň galmaz diýmesi nähak ýerden aýdylan zatlar däldi. Aşakda Nadidäniň ökjelerini tarkyldadyp, iki ýana howlukmaç gezmeleýänligini eşidýärdim, emma aýnanyň ýanyndan aýrylyp bilemokdym.

B.-däki Ýüpek gurçugy, Ç.-däki Gülbeşeker lakamlarym meni, gör, näçe azaplaryň, gör, näçe ýakymsyzlyklaryň üstünden eltdi. Emma indi aýnadan özüme seredýän gyza, säher çygyna ezilen aprel güli ýaly ýaş, ter, säher nury kimin açyk ýüze seredip durşuma, ol gyza şol atlar bilen ýüzlenmäge ejap etjek däldim. Özümi görmeklerinden gorkyma, töwereklerime garanjaklap, ýene aýna seretdim. Gözlerimi, ýaňaklarymy, eňegimi öpesim geldi. Näme üçindir, ýüregim gürsüldäp, al dodaklarym titreýärdi. Emma haýp! Aýnalary hem erkek kişiler oýlap tapypdylar ahyryn. Ynsan hernäçe jan etse-de, saçlaryny, gözlerini öpüp bilmez. Hernäçe dyrjaşsa-da, ol diňe öz dodaklaryny ogşap biler.

Eý, toba! Ýazyp oturan zatlarym näme? Aleksi bajy bize: «Ruhany lybasy adamyň ruhuny-da ruhany ruhuna öwürýär» diýerdi. Belki, ýeňles bejerilen şaç hem aýal maşgalany näzli edýän bolsa gerek. Nähili samsyklyk, nähili biedeplik! Eýsem, bu mekdep mugallymyna gelişjek zatmy?

***

Eýýäm aýdyşym ýaly, iki ýyldan bäri edep-ekramly ýaşaýyşdan soň, bu gün birneme göwün açmaga hakym bar bolsa gerek! Myhman otagynda meni gören batlaryna tüýsleri ýaňy başlaýan aktrisalaryň ýüzleri ýaly üýtgäp giden aýallara gözüm düşüp ýylgyrdym-da: «Aýyby ýok, birneme tagapyl ediň, häzir meni tanarsyňyz...» diýip içimi gepletdim. Meniň, beýlekileriň edişi ýaly, öý eýesi hanymyň we ýaş hanymlaryň köýneklerini öpmän, diňe adaty baş egme bilen oňandygyma olar juda haýran galdy. Ýygnananlar bir-birleriniň ýüzlerine seredişdiler. Diýseň gödek geýnen garry grek zenany, göwnüme bolmasa, ol Beýogluly(*Beýoglu — Stambuldaky saýry adamlarynyň ýaşaýan syrgyny*

) hyzmatkär aýaldy — gözlerine altyn saply äýnek dakynyp, meni boýdan-başa synlady.

Özümi alyp barşym, hereketlerim diýseň tebigydy, gözlerimde özüme güýçli ynam duýulýardy, bu bolsa myhmanotagda uly aljyraňňylyk döretdi. Otagda öý eýeleriniň zadyň mazasyny bilýändiklerine şaýatlyk edýän ýekeje-de nepis zat ýokdy. Jaý Ç.-niň pukara hem sada aýallaryny aňk etmek üçin niýetlenen gymmat bahaly zatlardan doly mata-marlak dükanyny ýada salýardy.

Özümi sermest we çalpaw alyp barmak bilen, kemkemden oturanlaryň ygtyýarlaryny ellerinden aldym, öý eýelerini bolsa nadan, ukypsyz myhmanlaryň ýagdaýyna saldym. Bu gödeňsi, gülkünç oýny oýnamak bilen, bularyň oýundygyna hiç kim düşünmez ýaly, tebigylykdan çykmazlyga çalyşdym. Olaryň görkezýän, aýdýan we edýän zatlarynyň biriniň-de göwnümden turmaýanlygyna düşüner ýaly etdim. Olaryň öz nadanlyklaryna, hiç zadyň alnyndan däldiklerine has çuň düşünmekleri üçin çetlerine degesim geldi. Paşanyň uly gyzy maňa suratlary görkezip başlanynda, olaryň barynyň barypýatan harsallykdygyny sypaýyçylyk bilen, emma gös-göni aýtdym, soňra bolsa burçdaky kiçijik surata gözüm düşüp, myhmanotagdaky ýeke-täk gymmat bahaly zadyň beýle daşa taşlanmagynyň sebäbini soradym. Gepiň keltesi, bu biderek zatlaryň birini-de unamadym. Bar zady diýen ýaly tankytlap çykdym. Olar aýratyn hem agşam nahar wagtynda ezýet çekmeli boldular.

Bu naznygmatly supranyň başynda iýip oturan zatlarynyň, gör, näçe zenanyň bokurdagyna tegek bolanyny, gör, näçe myhmanyň çarşajykdyr pyçaklary nähili tutmalydygyny bilmän aljyraşyp oturandyklaryny, gör, näçe bendäniň öňlerinde goýlan zatlary nähili iýmelidiginden, nahar gaplaryna nähili goýmalydygyndan baş çykarman, tagamly naharlardan ýüz döndermäge mejbur bolandyklaryny bir bilsediňiz! Bu gün hemmeleriň aryny alyp berdim. Hereketlerimiň sypaýyçylykly we ynamly bolanyna zenanlar haýran galyp aňk boldular we maňa gözastyndan birsyhly seredişdiler oturdylar. Men hem töweregimdäkilere mahal-mahal göz aýladym. Emma bu garaýyşlar zerarly olaryň ellerindäki çarşajyklar titreşdi. Myhmanlar we öý eýeleri haýran galyşyp, düwnüşip başladylar. Aýratyn hem Beýogludan gelen hyzmatkär has masgara boldy. Çünki, görnüşi ýaly, ol özüni bu emelsiz, nalajedeýin aýallardan has edepli, has sowatly hasap edip, özüniň fransuz dilini bilýänligi bilen öwünýärdi, emma onuň ýabygorly gepleýşi oturanlarda gülki döredýärdi. Mugallym bolamsoň, ol özüni meniň bilen kärdeş hasaplapdyr we güýç synanyşmagy öz hünär borjy öýdüpdir. Emma ol hokgabazy şeýlebir ryswa etdim welin... Ol özüni halas etmäge çalyşdy. Ol maňa:

— Men türkçe gowy gürläp bilemok — diýdi.

— Aýyby ýok, mademuazel, fransuzça gürleşäýeris — diýip, men oňa jogap berdim.

Grek zenany fransuzça gürläp başlady welin, gülmän saklanyp bilmedim.

Gepiň gysgasy, başlangyç mekdebiň kiçijik, gözilmezek mugallymy sumat bolmak bilen boldy. Men ýene-de «Dames de Sion» pansionynyň diýseň dilewar mugallymalaryny aglara getiren yzgytsyz, dili duzly, birehim Çalyguşa öwrüldim.

Biz hyzmatkär bilen edep-ekram düzgünleri barada jedel etdik. Ol şobada çöp-çalama urdy, sebäbi fransuz dilini hem bilmeýärdi, ahyrsoňunda, ol meni «ýok etmegi» ýüregine düwdi.

— Maňa iň barly adamlaryň üýşmeleňlerinde hem bolmak miýesser etdi. Men ähli zady öz gözlerim bilen gördüm.

Onuň ýüzüne kinaýa bilen seretdim-de:

— Dogry, ýöne bolup görmek ýeterlik däldir. Adam şol jemgyýet bilen tebigy durmuşda-da ýaşamalydyr! — diýdim.

Boýnuma alýaryn, hüjümim onçakly sypaýyçylykly bolmady. Görgüliniň ýüz-gözi üýtgäp gitdi we paşanyň körpeje mirasdüşerleriniň biri bilen sapak geçmegi bahana edip, ýanymdan süzmek bilen boldy.

Öý eýesi hanym we onuň gyzlary dilleri tutulana döndüler. Gedemligiň we gopbamlygyň örtügi birýana serpilip, aýallar özlerine meňzäp ugradylar. Dogrusyny aýtsam, olar ýaramaz adamlar däldi. Onsoň menem öz ýagdaýyna düşünýän we özüne kän bir ähmiýet berilmeýändigini boýun alýan sada mekdep mugallymasynyň keşbine girdim.

Hanym ependi bilen ýaş hanymlar öýlerine ýygy-ýygydan gelip durmagymy tüýs ýürekden haýyş etdiler.

— Elbetde, ýygy-ýygydan däl, käýarym biynjalyk edip duraryn. Ýogsam adamlar bir hantamaçylygy bardyr diýip düşünerler — diýip jogap berdim.

Hanym ependi meniň aslym bilen gyzyklandy, açaçan aýtmagymy isledi. Atam-enemiň barly maşgaladan bolanlygyny, ýöne bir betbagtçylyga uçrandyklaryny gürrüň berdim.

— Hanym gyzym, siz bu ajap gözelligiňiz, bu hoşgylaw häsiýetleriňiz bilen juda asylly ýere gelin bolmaga mynasypsyňyz — diýip, öý eýesi aýal dillendi.

— Mümkin, hanym ependi, maňa öýlenesi gelýän ýigidiň bolmagy ahmal. Ýöne men iýjek çöregimi öz zähmetim bilen gazanmagy gowy görýän. Çünki munuň hiç hili aýyby ýok ahyryn. — Eger örän asylly maşgala size söz aýtsa, muňa näme diýerdiňiz?

— Elbetde, özüme edilýän bu hormat üçin minnetdarlyk bildirýärin, ýöne men muňa razy bolmazmykam diýýärin.

Öý eýesiniň meni diňe bir öz baýlyklaryny mazamlap, göz baglamak üçin çagyrmandyklaryna soňsoňlar düşünip galdym.

Birden oslaman durkam, olaryň uly gyzy maňa baglaryny görkezermen boldy. Ol bag myhman otagy ýada salýardy. Bu ýerde adyny tutan gülüň, agaçlaryň, otlaryň, çogdum ösümlikleriň bardy. Her ädimde diýen ýaly bägülli golçajyklar duşýardy. Ine, onsoň bir çaklaňja tokaýjygyň içinde, pessejik ýaş çam agaçlarynyň arasynda...

Eýsem bolmasa, bularyň barynyň düşnükli bolmagy üçin men on iki gün mundan ozal duş gelen bir hadysama gaýdyp gelmeli bolýaryn. Okuwçy gyzlaryň arakesme wagty oýnaýan mekdep bagynyň golaýynda uly üzümçilik ýerleşýärdi. Çagalar aýmançany söküp aýrandyklary üçin baglaryň ikisi-de bitişip, bir baga öwrülipdir. Bu üzümçilikde ençeme wagtdan bäri başlary gyzyl ýaglykly birnäçe batrak işleýärdi. Arakesme wagtynda ol bendeleriň derden ýaňa öl-suw bolup, kätmen bilen ýer köwleýişlerine syn edýärdim.

Şol gün köpçülik bilen bile deň işläp ýören ýaş işçä üns berdim. Ol hem edil beýlekiler ýaly geýnilgidi, ýöne ýaş ýigit ýüzi, bütin keşbi bilen töweregindäkilerden saýlanyp durdy. Güne ýanan ýüzünde mähir, gözlerinde bolsa üýtgeşik bir nur bardy. Onuň zenanlaryňky ýaly kiçijik, näzik elleri meni has-da haýrana goýýardy. Beýlekilere garanyňda ol ýaş bolansoň, onuň ýanyna barmagy gelşiksiz hasap etdim. Emma ol ýigidiň özi ýanyma gelip, gaty suwsandygyny aýdyp, okuwçy gyzlaryň birini suwa ibermegi haýyş etdi.

Haraýdan gaçýan adamlary asla jynym alanok. Şonuň üçin ýaş ýigitden utanjyrap durmadym, sebäbi her näme diýseňem, men mekdep mugallymydym. Şonuň üçin:

— Bolýar, oglum, birneme tagapyl et, häzir getirdäýerin — diýdim. Içimden bolsa: «Onuň aslynyň barjamly maşgaladandygyna, häzir bolsa gedaý düşendigine şek-şübhe ýok» diýip oýlandym.

Ýaş ýigit utanjaň hem bolsa dogumly ekeni. Meniň bilen gürleşip durka, ol çekinjeňlikden sakawlaýardy. Ýöne, beýleki tarapdan, ol birsyhly geň sowallary berýärdi. «Bu ýerde ýaşaýyş ýeňilmi?.. Gyş aňzaklymy? Ç.-de alma-armyt köpmi?..» Ýaş ýigit başga ýerden gelene meňzeýärdi. Ol suw içip durka, öz ýanymdan gülümsiräp: «Bende, kelesaňrak öýdýän...» diýip pikir etdim. Paşanyň bagynda çam tokaýlygy diýlip niýetlenen agaçlaryň arasynda şol pukara işgäre duşamda nähili geňirgenendigime düşünmek üçin şu jikmejiklikler ýeterlik bolsa gerek. Indi welin, ol düýpden başgaça görünýärdi... Ol ýüzbaşy*(Ýüzbaşy — Osmanly döwletinde kapitan derejesine gabat gelýän harby dereje.)* derejeli ştab serkerdesidi. Onuň üsti-başy: gylyjy, ilikleri, nyşanlary, ýakajygy, dişleri, hatda ýag çalnan saçlary hem lowurdap durdy. Ol iki sany çam agajynyň arasynda dim-dik bolup durdy, ýaş ýigit eňegini buýsanç bilen galdyryp, fotosuratçynyň öňünde surata düşýäne meňzeýärdi. Serkerdäniň inçejik murtjagazlary bardy, ýarym açyk dodaklarynyň arasyndan gözüňi gamaşdyrýan akja dişleri ýyldyrap görünýärdi. Mähirli gözleriniň bakyşy dogumlydy. Göwnüňe bolmasa, ýaş ýüzbaşy hä diýmän ak ellikli ellerini galgadyp, gylyjyna ýapyşagada: «Göneliň!» diýip, buýruk beräýjek ýalydy. Ýöne şol ýeriň özünde serkerdäniň «Göneliň!» diýen buýrugy beýlekilerden alandygyna düşünip galdym. Nerime hanym geňirgenen kişi boldy.

— Wiý, Yhsan, sen bärdemidiň? Sen nireden çykdyň?

Paşanyň uly gyzy ýerine ýetirmeli keşbini diýseň erbet oýnady, onuň sesinden: «Eý, Taňrym, aldawçylygymyz gös-göni äşgär bolup dur-da!» diýen manyny aňsa bolýardy.

Şeýlelikde, biz «Kaşaň sahnada» gülkünç oýun oýnamalydyk. Näme üçin? Muňa men soňrak düşünerin. Häzir bolsa özümi hiç zat bolmadyk ýaly, arkaýyn we batyrgaý alyp barmalydym.

Paşanyň maşgalasynda garaşylmadyk hokga çykarmagy diýseň gowy görýän ýalydylar. Ýöne bu gün meniňem hötjetligim tutdy. Olaryň her hili hokgalarynyň öňünde aljyramajagymy duýýardym. Elbetde, olar men utanjyma bu ýerden baş alyp gider öýdýärdiler. Emma men sowukganlylygymy ýitirmedim.

Nerime hanym:

— Feride hanym ependi, siziňem aslyňyz Stambuldan! Şonuň üçin doganoglanym Yhsan bilen tanyşdyraýsam aýyp görmersiňiz-dä, hernä? — diýdi.

Göwnüm bir ýaly bolup:

— Gaýtam, tersine, örän hoşal bolardym, hanym ependi — diýdim-de, onuň sözüni dowam etmegine mümkinçilik bermän:

— Feride Nyzamettin, magaryf goşunynyň kiçi serkerdesi — diýip özümi tanyşdyrdym.

Ýaş ýüzbaşynyň özüni uzak wagtlap arkaýyn görkezmäge gaýraty ýetmedi. Ýöne ony munda günäkärläp bolarmyka? Kiçijik mekdep mugallymasy telim gün mundan ozal ýönekeý işçi hökmünde söhbetdeş bolan adamyna duşupdy. Bu gün bolsa onuň öňünde Gün ýaly lowurdap duran, ertekilerdäki şazada çalym edýän nurana, owadan serkerde durdy... Gyz ýüzbaşyny görse-de, huşuny ýitirmändi. Örän geň waka!

Hemmesi tersine boldy. Aljyran serkerde bolup çykdy. Ol salamlaşma edebini onçakly gowy özleşdirmedik bolarly. Bize muny mekdepde telim ýyllap hetjikläp-hetjikläp gulaklarymyza guýupdylar. Hamala, ol ähli ylymlaryň esaslarynyň esasy ýaly. Serkerdäniň harbylarça salamlaşmak üçin galdyran eli orta ýoldan yzyna gaýtdy. Yhsan beý meniň bilen el gysyşmak meýli bolansoň, öňki pikirinden dändi, ýöne şol ýeriň özünde-de elimiň elliklidigini görüp, elini çalt yza çekip aldy... Onuň bilen bäş minut töwerekleri arkaýyn gürleşdim. Ýaş ýigit gözi gözüme düşeninde, utanyp, ony başga

ýana sowdy, megerem, gara işçiniň geýiminde menden suw diläni onuň ýadyna düşen bolarly. Emma men ony birinji sapar görýän we özi bilen ilkinji gezek gürleşýän kişi boldum.

Bahym Nerime hanym ikimiz öýe gaýdyp geldik. Paşanyň gyzy ýaýdanjaňlyk bilen:

— Feride hanym, siz, elbetde, Yhsany tanansyňyz? — diýip sorady.

Görsene muny! Mekdepdäki ahwalaty bu-da bilýär ekeni!

— Hawa, tanadym — diýip, göwünli-göwünsiz jogap berdim.

— Mundan siz hiç zady aňmaýaňyzmy? Hanym ependi, men size gepiň küle ýerini aýdaýaýyn-la. Yhsan öz ýoldaşlary bilen jedel edipmiş. Ýaşlyk-da... Etjek alajyň ýok, hanym ependi. Bu bolýan zatdyr...

Men saklanybilmedim:

— O näme sebäplimiş, ependim?

Nerime hanym gyzardy, ol utanýanlygyny bildirmejek bolup gülümsiredi:

— Hanym ependi, käbir serkerdeler mekdepden gelýärkäňiz, sizi görýän bolara çemeli. Olar sizi örän görmegeý hasap edýärler. Biz stambully bolamyzsoň, bu ýeriň ýaşaýjylary ýaly, beýle gürrüňleri göwne degilme hasap edemzok. Şeýle dälmi, geregim? Yhsan öz ýoldaşlary bilen: «Şu mugallyma bilen gürleşmegiň ebeteýini hökman taparyn...» diýip jedel edipdir. Ol batragyň şylhasyna girmäge utanmandyr, şeýdibem jedelde utupdyr. Geň göräýmeli? Şeýle dälmi?

Hiç hili jogap bermedim. Nerime hanym biçäre bu gürrüňiň mende ýakymsyz täsir galdyrandygyna derrew düşündi.

Şu günki gülküli oýnuň soňky görnüşi ýene-de ýokarda myhman otagda ýaýbaňlandy. Biziň Yhsan beý bilen tanşyşymyz baradaky habar ol ýere bizden-de has öň ýetipdir. Muny ýygnananlaryň barynyň ýüzleri aýdyp durdy.

Öý eýesiniň syrly yşaraty bilen myhmanlaryň bary daş çykdy. Otagda onuň özünden başga Nerime hanym ikimiz galdyk.

Birneme ikirjiňlenmeden soň ol:

— Gyzym, Yhsan göwnüňden turdumy? — diýip sorady.

— Erbet ýigit däl ýaly, hanym ependi. — Ýüzi dagysam görmegeý — diýip, öý eýesi sözüni dowam etdirdi. — Onuň bilimi hem gül ýaly. Häzir onuň wezipesini ulaldyp, Beýruta geçirýärler.

Men:

— Gaty gowy zat! Ol, hakykatdan hem, görmegeý, salykatly ýigit. Siziň aýdyşyňyz ýaly, bilimi hem gül ýaly bolarly — diýdim.

Eneli gyz biri-birleriniň ýüzüne seredişdiler, olar meniň aýdanlaryma begenjeklerini-de, geňirgenjeklerini-de bilmediler. Hanym ependi kikir-kikir gülüp:

— Gyzym, Alla ýaryň bolsun! Sen meniň ýükümi ýeňletdiň goýaýdyň. Men Yhsana öz göwsümden süýt beren ene, ony öz perzendim ýaly edip, öýümizde terbiýeledim. Gyzym, Feride hanym, ýaş gyzlar bilen gös-göni, aç-açan gürrüň etmek kyn bolýar. Ýöne, Hudaýa şükür, siz akylly we terbiýeli gyz. Hemme zat Allanyň ygtyýaryndadyr. Şonuň üçinem siziň Yhsana ýanýoldaş bolmagyňyzy isleýän... Sizi onuň diýseň sulhy alypdyr. Eger Yhsan hem siziň göwnüňize ýaran bolsa, diýmek,

Hudaý ýol berse, bagtyňyz getirer... Oňa bir aý rugsat alyp, toýy şu ýerde tutarys. Ýeri, niçik görýäňiz? Soň bolsa ikijigiňiz bileje Beýruta gidersiňiz.

Bu gülkünç oýny näme üçin oýlap tapandyklaryna baryp bagdakam düşünipdim. Diýseň gülküli ahwalat: keseki ýurtda meni tanamaýan-bilmeýän ýigidime durmuşa çykarjakmyşlar. Näme üçindigini-hä bilemok welin, birden lapym keç bolup başlady. Emma özümi çalt ele aldym, hiç kim hiç zat aňmady.

— Hanym ependi, bu siziň sadyk guluňyz üçin uly abraý, uly hormat. Munuň üçin size-de, Yhsan beýede tüýs ýürekden minnetdar. Ýöne boljak zat däl...

Öý eýesi ör-gökden geldi:

— O näme üçin, gyzym? Ýaňyja-da Yhsany halandygyňyzy, onuň görmegeýdigini özüňiz aýtdyňyz ahyryn...

Men ýylgyrdym:

— Hanym ependi, Yhsan beý görmegeý, mynasyp ýaş ýigit diýip, häzirem aýdýaryn. Ýöne özüňiz oýlanyp görüň, eger nikamyzyň mümkindigi barada çala oýlananam bolsam, men onuň mynasybetlikleri barada aç-açan gürrüň edip bilermidim, ependim? Eýsem, bu ýaş gyz üçin aýyp zat bolmazmydy näme?

Eneli gyz ýene-de bir-birlerine seredişdiler. Dymyşlyk ara düşdi, soň Nerime elimden ýapyşyp:

— Feride hanym, her näme diýseňem, goý, bu siziň gutarnykly jogabyňyz bolmasyn. Yhsan beý juda gynanar — diýdi.

— Men ýene-de gaýtalaýaryn: Yhsan beý örän görmegeý ýigit, oňa islän gyzyň durmuşa çykar.

— Şeýledir, ýöne ol diňe siz diýip dur-da! Biz size Yhsan, hamala, öz ýoldaşlary bilen girew goýup jedel edipdir diýip aýdypdyk, heý, beýle-de bir zat bolarmy, gyzym? Hakykatda bu beýle däl. Neressejigim iki hepdeden bäri jebir baryny çekýär, «Hökman öýlenerin. Ölerin welin, ondan ýüz döndermen» diýýär.

Nerime hanymyň yrjak bolup uzak wagtlap jan etjekdigini aňyp, olaryň teklibiniň başa bararlyk däldigini sypaýyçylyk bilen, emma aýgytly äheňde aýtdym we gaýtmaga rugsat bermeklerini haýyş etdim.

Nerime hanym juda lapykeç boldy.

Ol ejesine ýüzlenip:

— Eje jan, sen bularyň baryny Yhsana özüň aýt... Meniň-ä muňa dilim aýlanjak däl. Feride hanym boýun towlar öýdüp pikir hem edip bilenokdy... Muňa ol neneň çydap bilerkä? — diýdi.

Ah, bu erkeklermi? Olaryň bary özlerinden göwünleri hoş, özlerine ynamy uly. Olaryň hiç biri biziň hem ýüregimiziň bardygyny we şol ýürekde öz süýji arzuwlarymyzyň ýaşaýandygyny güman hem edenok.

***

Paşanyň paýtuny meni öýe eltip gaýdanynda, Munise goňşularda ekeni. Otagyň içi gözedürtme garaňkylykdy. Diwardan öçügsi Aý yşygyna meňzeş aýna asylgy durdy. Geýimlerimi çykarmazdan öň, öz-özüme göz aýlasym geldi. Ýüzümi zordan saýgardym, gysgajyk gögümtil penjegim maňa ak gar ýaly ýüpek köýnek bolup göründi, özi hem onuň uzyn etekleri garaňkyda gaýyp bolana meňzedi.

Ellerimi ýüzüme tutdum. Şol pursatda Munise otaga ylgap geldi. Ol:

— Abajygym! — diýip gygyrdy. Men dalda gözleýän ýaly, oňa ellerimi uzatdym, «Munise» diýesim geldi, emma dodaklarymdan başga bir at, ýekimde ýigrenýän ýowuz duşmanymyň ady zogdurylyp çykdy.

***

*Ç..., 6-njy maý.*

Men hemmäniň höwes edýän gelinligi bolup galdym. Düýnki gülkünç wakadan dyndym diýip durkam, bu gün ýene bir şeýle wakanyň gahrymany bolmaly boldum. Ýöne düýnki gülkünç waka bilen deňeşdireniňde, bu günki müň keren gülkünç, müň keren gelşiksizdi.

Hemmesini bolşy ýaly beýan edeýin. Waka aşakda, biziň myhman otagymyzda ýaýbaňlandy. Oslaman durkak, Hafyz Gurban ependiniň aýaly peýda boldy. Egninde bolsa diňe toý-tomgularda geýýän kaşaň çarşaby bardy. Boýnunda telim hatar edilip altyn şaýlar asylgydy. Aýalyň bolşy geňräkdi. Gözleri aglana meňzeýärdi. Söhbet gurup başlaýarys.

Men:

— Siz, megerem, bir ýere çagyrylan bolmaly? Myhmançylyga gitjek bolýaňyzmy?

Ol:

— Ýok, dogan jan, siziň ýanyňyza ýörite geldim.

Men:

— Bu gün juda bezemen görünýärsiňiz? Bu-da meniň üçinmi?

Ol:

— Hawa, uýajygym, siziň üçindir. Bälçiremän durup bilmedim: — Görýän welin, siz maňa söz aýtmaga gelen ýaly? Onuň sadasyraýan gözlerinde geňirgenme peýda bolýar. Aljyraňňy ýagdaýa düşdüm.

— Siz nädip bildiňiz?

— Nädip diýýäňizmi? Siz maňa sözaýdyjy geldiňizmi? Myhman uludan demini alýar.

— Hawa, dogan jan.

— Kim üçin?

—Adamym üçin... — diýip, ol dünýädäki iň adaty bir zat barada gürrüň edýän ýaly, arkaýyn gürleýär. Elbetde, bu aýalyň hilesiz-alsyz gözüni gyrpman degişmäni başarýandygy maňa örän ýarady. Men hahahaýlap gülýärin, emma söhbetdeşim gülenok. Tersine, onuň gözlerinde düwme-düwme ýaş ýyldyraýardy. Ol:

— Doganym, ependiniň size göwni gidipdir, onsoň ol gaýtadan öýlenmekçi bolup, meň bilen aýrylyşmak isleýär. Men oňa ýalbaryp, haýyş edip gördüm: «Näme, bolmaýan zatmy, sen ol hanymam al, ýöne meni taşlama. Size nahar-şor taýýarlap bererin, hyzmatkäriň bolaryn...» diýdim. Gurbanyň bolaýyn, dogan jan, maňa rehimiň insin!

— Onsoň sizi taşlap, maňa öýlenip biljekdigine Gurban ependiniň ynamy barmyka? Myhman geňirgenýär.

— Elbetde — diýip, ol sadalyk bilen jogap berýär.

— Ol: «Men onuň üçin göni elli altyn şaýylyk bermäge taýýar...» diýdi. Men:

— Gadyrly goňşujygym, gaýgy etme. Bu hiç haçan beýle bolmaz. Biçäre zenan doga okaýar. Perde ýapylýar.

***

*Ç...,15-nji maý.*

Şu gün agşam sapaklardan soň, müdir hanym meni öz iş otagyna çagyrdy. Onuň ýüzi gamaşyp durdy.

— Feride hanym, gyzym, men siziň agraslygyňyzy we yhlaslylygyňyzy gaty gowy görýän. Ýöne siziň bir kemçiligiňiz bar, siz özüňizi henizem Stambuldamykam öýdýärsiňiz. Gyzym, gözellik — betbagtlyk diýýärler. Mamla gep. Siz owadan, ýaş, ýeke... Şonuň üçin hem siz özüňizi aýamalysyňyz. Emma siziň özüňizi juda seresapsyz alyp baran halatlaryňyz bar. Gyzym, hapa bolmaň. Ol agyr günä diýemok! Bu ýöne seresapsyzlykdyr. Biziň şäherjigimiz gyrak-bujak çola ýer däldir. Bu ýerde zenanlar juda bezemen geýinýärler. Men öz mugallymalarymyzy-da göz öňünde tutýaryn. Emma beýlekiler üçin tebigy bolan zat sizde göze dürtülýär duruberýär. Gyzym, gep bu ýerde siziň ýaşlygyňyzyň, owadanlygyňyzyň öňýeten erkegi öwrülip garamaga mejbur edýänligindedir. Ine, onsoň şäherde dürli gybatlar ýaýrap ugrady. Bu ýerde hiç zatdan habarsyz adam ýaly bolup otursam-da, bolup geçýän zatlaryň baryny bilýän. Harby ýatakhanalardaky serkerdelerdir kofehanalardaky dükançylardan başlap, ýokary synp okuwçylaryna çenli sizi tanamaýan, siziň gürrüňiňizi etmeýän bir erkek-de ýok. Eger siz meniň näme üçin bu barada gürrüň gozgaýanymy sorasaňyz, munuň iki sebäbi bar: birinjiden, siz tejribesiz, emma görmegeý gyz. Biz adamlary gowy tanaýandyrys. Şonuň üçinem men ene, bajy ornuny tutasym gelýär. Ikinjiden, gyzym, mekdebimiziň abraýy diýenem bir zat bar... Şeýle dälmi? — diýdi.

Müdir hanym sözüne dyngy berdi, soňam, ýüzüme bakmajak bolup, ýaýdanjaňlyk bilen sözüni dowam etdirdi:

— Mekdebem, edil metjit ýaly, mukaddes ýerdir. Ony gep-gybatlardan, töhmetlerden we beýleki hapa zatlardan gorap saklamak biziň jana-jan borjumyzdyr. Şeýle dälmi? Emma, gynansak-da, eýýäm mekdepde-de bolgusyz gybatlar edilip başlandy. Siz agşamaralar atalaryň, agalaryň öz gyzlarynyň, uýalarynyň yzyndan mekdebe gelýänleriniň köpelendigine üns berýäňizmi? Belki, siz muny aňşyrýan hem dälsiňiz. Ýöne men barysyny bilýän. Olar, esasan, okuwçylaryň yzyndan däl-de, sizi synlamaga gelýärler. Bir gezek siz biçäre gyzlaryň bir iniň saçyny örüp berip, saçbagy bilen hem daňypsyňyz. Muny şäherde kimiň ýaýradýandygyny biljek däl welin, bir bihepbe leýtenant gös-göni köçäniň üstünde pul hödürläp, saçbagyny alyp gidipdir. Indi ol saçbagyny harby eşigine dakyp: «Siz maňa generalissimus diýmelisiňiz. Men bu nyşany hut Gülbeşekeriň özünden alandyryn» diýip, ýoldaşlaryny gülüşdirýär. Düýn derwezeban Mehmet aga maňa ýene bir täzelik aýtdy: agşamaralar birtopar serhoş meýhanadan gaýdyp gelýän eken. Olar mekdebimiziň gapysynyň öňünde aýak çekipdirler, şonda olaryň biri: «Men Gülbeşekeriň diwardaky bu gara daşy ellänligini gördüm. Geliň, indi, Allanyň haky üçin, şol daşy mukaddes daş diýip hasap edeliň» diýipdir. Görýäňizmi, gyzym, bularyň bary siz üçinem, mekdep üçinem ýakymly zatlar däl. Üstesine, golaýda siz Abdyrahym paşanyň öýünde ýüzbaşy Yhsan beý bilenem söhbetdeş bolupsyňyz. Eger siz şonda paşanyň keýwanysynyň teklibini kabul eden bolsaňyz, munuň hiç hili aýyby hem bolmazdy. Siziň ýaş ýigit bilen gürleşip, soňam şeýle bähbitli gepleşikden boýun gaçyrmagyňyz ähli şäherçäniň ünsüni özüne çekdi. «Eger Gülbeşeker Yhsan beýe göwnemedik bolsa, onda ol başga birini söýýändir» diýen ýaly gybatlar başlandy. Ýerimden

gymyldaman, sesimi çykarman diňledim. Ilkibada müdir hanym menden nadaralyk eder, ýalana çykarar diýip çekinipdir, indi bolsa ony meniň dymmam azara goýýardy. Ahyrsoňy, ol ýaýdanjaňlyk bilen:

— Feride hanym, siz bulara näme diýersiňiz? — diýip sorady.

Ýuwaşjadan demimi aldym-da, pessaýja we agras jogap berdim:

— Müdir hanym, aýdýanlaryňyzyň bary dogry. Munuň şeýle boljagyny özümem bilýärdim... Bu bagtyýar şäheri taşlap gitmek örän agyr degýär, ýöne nätjek-dä? Ministrlige ýazyň-da, bir bahana tapyp, meni başga bir ýere geçirmeklerini haýyş ediň. Eger siz hakyky sebäbini görkezmän, başga bir bahana tapsaňyz, onda siziň uly adamkärçilik we asyllylyk etdigiňiz bolardy. Maňa geleňsiz diýiň, tejribesiz, nadan, yzgytsyz diýiň. Islän zadyňyzy ýazyň, müdir hanym, sizden gaty görmen... Diňe: «Şäherde gybaty edilýän mugallym bize gerek däl» diýip bir ýazmaweriň...

Müdir hanym sesini çykarman oýlanýardy. Gözýaşymy gizlemek üçin äpişgä tarap öwrüldim, agşam çagynyň mawumtyl asmanynyň öňünde ýeňiljek ümür ýaly bolup görünýän daglary synlap başladym. Çalyguşy daglary synladygyça, oňa ýene-de ýat ýurduň ysy gelen ýaly boldy. Ýat ýurduň ysy! Dogduk mekanyndan uzakda ýaşap görmedik adamlar üçin manysyz sözler! Hyýalymda eýýäm ýat ülkeleriň alyslara uzalyp gidýän we çala göze ilip inçejik, ýürekgysdyryjy zolak bolup görünýän ýollary peýda bolup başlady. Gulagyma çeçen arabalarynyň ünjüli tykyrdylary, jaňjagazyň zaryn iňňildisi eşidilýän ýaly boldy.

Eý, Taňrym, haçana çenli göçüp-gonup ýörmeli bolarkam, haçana çenli?! Onsoňam näme üçin? Haýsy maksat bilen?

***

*Ç..., 5-nji iýun.*

Megerem, meni guşlarymyň ahy tutan bolsa gerek. Dynç alyş döwrüniň uzyn günleri menem, edil şolar ýaly, kapasa düşdüm. Müdir hanymyň aýtmagyna görä, başga ýere geçmek barada sentýabra çenli gürrüň hem bolup biljek däldi. Häzirlikçe bolsa, özümiň ýatdan çykarylmagym barada aladalanýardym, düýbünden köçede-de görünmeýärdim. Goňşularym meni bimaza edip duranokdylar. Olary şähere ýaýran gybatlaryň gorkuzan bolmagy ahmal. Men diňe mahal-mahal daýzamy ýada salýan garry goňşym bilen gürleşýärdim. Aýratyn hem olaryň sesleri meňzeşdi. Biz düýn gürleşip otyrkak ondan:

— Gadyrly hanym ependi, mümkin bolsa gaýdyp maňa «hojanym» diýmäň-de, ýöne Feride diýäýiň — diýip haýyş etdim.

Hanym birneme aljyran ýaly boldy, emma haýyşyma gulak asdy. Indi ikimiz gürleşenimizde gözlerimi ýumýaryn we ýene-de Kozýatagyndaky bagymyza düşen ýaly bolýaryn...

Men samsyklaç zatlary ýazyp otyryn... Megerem, ýürek-damar keseline uçrandyryn. Kalbymy, birhili, ynamsyzlyk, geň howsala gaplap alan ýaly! Edil öňkülerim ýaly, gülüp ýörün, Munise bilen güýmenýärin, köçe oglanjyklary ýaly, basalaşýarys, öňkülerim ýaly, guşlary örüzmek üçin sygyrmany gowy görýän, emma ünjim hem, ýürekgysmam hem aýrylanok.

Biz gije gämili Ç.-e barýarkak ukym tutmandy. Deňiz garaňky tümlük bolup görünýärdi. Ýolagçylaryň biri zaryn sesi bilen: «Biynjalyk ýüregim sendedir sende...» diýip, aýdyma hiňlenýärdi. Bu aýdymy şol ýeriň özünde ýadymdan çykardym. Aýlar-günler geçdi. Ine, onsoň bir gezek aprel aýynda bagymyzda ilkinji güller açylyp ugranynda, şu aýdyma hiňlenip başladym. Ynsan kalby düşnüksiz

bir matala meňzeýär. Bu heň, bu sözler nädip ýadymda galdyka? Çünki olary ömrümde bir gezek eşidipdim ahyryn.

Indi nämä gümra bolsam-da — guşlara iým bersem-de, deňze syn etsem-de —bu aýdyma hiňlenýärdim. Öten agşam aýdymyň: «Biynjalyk ýüregim sendedir sende...» diýen soňky setirini gaýtalanymda, birden hiç hili sebäpsiz bokurdagym doldy duruberdi. Ýogsam aýdymyň heňinde-de, sözlerinde-de gaýgyly zat ýokdy. Ýürekdamar keseli diýdim ahyryn! Bu aýdymy gaýdyp hiç haçan aýtmaryn.

***

*Ç..., 20-nji iýun.*

Mekdepde bir joram bar. Adyna Nazmiýe diýýärler. Ol ýigrimi bäş ýaşlaryndaky göwnaçyk, görmegeý gyz. Bu gyz ut saz guralyny örän gowy çalýar. Şonuň üçin her agşam bir ýere myhmançylyga çagyrylýar. Biziň mugallymalarymyz ony onçakly halanoklar. Ol hakda dürli gep-gürrüňleri eşitdim. Meniň pikirimçe, biri gowy geýniberse, onda-da gözilginç geýinse, aýallar gowy görmeýärler. Belki, olaryň gözleri gidýändir?! Bilmedim, Nazmiýäniň durmuşa çykjak bolýan ýüzbaşy derejesindäki ýigidi barmyş, ol örän oňat ýigitmiş. Emma ata-enesi onuň öýlenmegine razyçylyk bermeýärmiş, şonuň üçin hem olar ýakyndan gatnaşyk edýändiklerini häzirlikçe gizläp saklamaly bolupdyrlar. Bu barada joram maňa gizlinje gürrüň berdi we syryny açmazlygymy haýyş etdi. Düýn öýde ýüregim gysyp horlanyp otyrkam, Nazmiýe ýanyma geldi.

Ol:

— Feride hanym, siziň yzyňyzdan geldim. Feridunyň daýzasy şu gün meni öz mülkünde geçirýän agşamlyk dabarasyna çagyrdy. Ol sizi tananok, ýöne size salam gowşurmagymy we öýlerine myhmançylyga çagyrýandygyny aýtmagymy tabşyrdy — diýdi.

— O nädip? Tanalmaýan ýat ýeriňe nädip myhmançylyga barjak? — diýip geňirgendim.

Nazmiýe maňa ünjüdir teýeneli bakdy-da:

— Meniň ýigidimiň daýzasyny sen ýat hasaplaýarmyň? Saňa ýigidimi görkezjek. Oňa synyň otursa gerek! Alladan ant içýän, eger-de sen gitmeseň, onda menem gitjek däl — diýdi.

Dürli bahanalar agtaryp, gitmekden ýüz dönderdim. Emma Nazmiýe meniň ähli delillerimi ret etdi, aslynda ol deliller juda ugursyzdy, juda ýüzleýdi. Joram bolsa, eýýäm aýdyşym ýaly, mekirje gyzdy, ol islän adamyny suwsuz äkidip, suwsuz getirip biljekdi. Ol şeýlebir ýalbaryp, şeýlebir haýyş etdi welin, çydap bilmän, ahyrsoňy, onuň bilen razylaşdym. Ýöne onuň bir diýeni meni üşertdi. Haçan-da, Munisäni geýindirip başladym welin, Nazmiýe gaşlaryny çytyp:

— Sen gyzy ýanyň bilen äkitjek bolýarmyň? — diýip sorady.

— Elbetde, eýsem, ony nädip ýeke goýup gideýin? Näme, sen muňa garşymy?

— Ýok, elbetde, garşy däl... Has gowy. Ýöne sen käte ony ýeke goýup gidýäň ahyryn. Şonuň üçin aýdaýdym...

— Hawa-da, ýönehiç haçan gijeläp gitmändim... Maňa beýle gepedüşmez adam diýip boljak däldi. Iki ýylyň içinde köp zatlary görüp, köp zatlary eşidipdim. Ýöne şol agşam nähili säwlik goýberdimkäm? Nazmiýäniň bu sözleriniň maňa şübheli görünmänligine gaty geň galýaryn. Ähtimal, tukatlyk, açyk howa çykmak islegi meni ýolumdan azaşdyrandyr!

Kiçijik paýtun bizi derýadan geçirdi-de, agaçlara bürenip oturan ýodajyk bilen ýarym sagat — kyrk minut töweregi uzaklykdaky baglyga tarap alyp gitdi. Bu ýerleri örän çola, ýöne diýseň gözel ýerlerdi. Ýolda bize süri gabat geldi. Garry çopan leňňer bilen guýudan suw çekip, daş nowany dolduryardy, onsoň inçejik şahly owlajyklar onuň töweregine üýşýärdiler. Biz Mazlumymyzy ýatlap, paýtundan düşdük, bir owlajygy tutup, onuň uzyn gulajyklaryny, suw syrygýan kiçijik kellesini ogşamaga durduk. «Bu owlajygy çopandan satyn alyp bolmazmyka?» diýip oýlandym. Emma şol ýeriň özünde-de pikirimi üýtgetdim. Sebäbi biz bahym ýene ýola düşmelidik. Onsuzam derdimiz özümize ýetikdi. Ýene bir artykmaç alada, ýene bir dert biziň nämämize gerekmiş?

Ýarym sagat geçip-geçmänkä, biz ähli tarapy göm-gök bolup oturan bassyrmaly köne jaýa ýetdik.

Feridun beýiň daýzasy dolmuş garry aýal ekeni. Dogrusyny aýtsam, bu aýalyň geýen geýimlerinden, dakynan şaýlaryndan göwnüm suw içmedi. Bu ýaşdaky aýala beýle bezemen geýinmek ýaraşmaýardy. Onuň saçlary sary reňke boýalyp, gaşlaryna sürme çekilendi, üstesine, ýaňaklaryna hem gyzyl reňk çalyngydy. Gepiň keltesi, onuň ýüzüne sereder ýaly däldi. Ol bizi ikinji gatdaky otaga alyp bardy, çarşabymy aýyrdy, soňra bolsa ýuwnuksyzlyk bilen ýaňaklarymdan ogşady we:

— Tanyşýanymyza örän şat, mähribanym! Gülbeşeker, nä Gülbeşekermiş! Dogrudan-da, garap doýup bolanok... Ugrunda ýanyp-bişerçe-de bar eken!.. — diýdi.

Aljyramakdan ýaňa juda oňaýsyz ýagdaýa düşdüm. Emma çydamalydy, syr bermeli däldi. Dünýäde näme diýip, näme aýdýanlaryny bilmeýän biweç adamlar bolýar, belki, Feridun beýiň daýzasy hem şeýle aýallaryň hilindendi. Munise ikimizi esli wagtlap otagda ýeke goýdular. Gün ýaşdy. Bassyrmanyň gür ýapraklarynyň arasyndan görünýän agşam şapagy kem-kemden ýaşdy. Ünsümi sowmak üçin Munise bilen degişdim, ýöne kalbymda bir düşnüksiz howsala peýda boldy. Ynjalykdan gaçyp ugradym. Bag tarapdan erkekdir aýal sesleri, gykylyk, gülki, düzülýän skripkalaryň sazlanýan owazy gelýärdi. Äpişgeden seretdim, emma gür ýapraklaryň arasynda hiç zat saýgardanokdy.

Ahyrsoňy, basganҫaklarda aýak sesi eşidildi. Gapy açyldy. Eli ullakan çyraly öý eýesi jaýa girdi.

— Gyzym, gadyrdanym, men seni bilgeşleýin garaňkyda goýup gitdim. Agşam şapagynda baglarymyz juda owadan görünýärler... Olaryň gözelliginden gözüň doýmaýar.

Kempir çyranyň peltesini düzedişdirdi-de, aý-aýdyň gijelerde bagyň jennete öwrülýändigi barada gürrüň bermäge oturdy. Şol pursat hem otaga Nazmiýe gelip girdi. Gapynyň ýeňsesinde harby geýimli iki serkerdäniň durandygyny gördüm. Başaçykdym, bir ädim yza çekilip, ellerim bilen saçlarymy ýapjak boldum. Nazmiýe hezil edip güldi:

— Ezizim, sen halys obaly bolup gidipsiň! Ýöne sen häzir meniň ýigidimden gaçyp gitjek bolýan dälsiň-le! Elleriňi aýyr ahyryn, aýyp bor!

Joram mamlady. Utanyp oturara zat ýokdy. Serkerdeler gowuşgynsyzlyk bilen otaga girdiler. Nazmiýe olaryň birini görkezip:

— Feridun beý — meniň durmuşa çykjak ýigidim. Feride hanym — meniň joram. Meniň üçin gymmatly bu iki adamyň atlarynyň şeýle meňzeşligine örän şat! Ýaş serkerde bu degişmä agzyny giň açyp, ýylgyryp goýberdi. Ýadyma düşýär, kiçijikkäm, mamam täsin otluçöpleri satyn alyp gelerdi. Otluçöpleriň gaplarynyň ýüzünde murty towly, eginlek, buýra saçly, bir zülpi gözüne düşüp duran bazarçy ýigidiň keşbi çekilgidi. Feridun beý şeýle otluçöp gabynyň ýüzündäki suratdan çykyp gelen ýaly oňa meňzeşdi. Ol meniň elimi gataňsy aýasyna alyp, silkdi-de:

— Hanym ependi, biz sizden diýseň hoşaldyrys. Siz biziň ýygnanyşygymyza bagt nuruny çaýdyňyz — diýdi. Soňra bolsa meni yz ýanynda duran serkerde bilen tanyşdyrdy.

— Rugsat bolsa, sizi sadyk guluňyzyň iň gowy dosty bilen tanyşdyrmakçy. Bu sahawatly dostum müňbaşy*(Müňbaşy — Osmanly döwletinde maýor derejesine gabat gelýän harby dereje)* Burhanettin beý. Ol müňbaşy, emma ýönekeý müňbaşylardan däl. Ol meşhur Solakzadeleriň körpe ogludyr.

Meşhur Solakzadäniň dogmasy eýýäm kyrk bäş ýaşy arka atan adamdy. Onuň saçy we murtlary kümüşsöw öwüsýärdi. Asylly maşgaladanlygy hemme zatdan görnüp durdy. Egin-eşigi, durşy, söz urşy ony Feridun beýden ep-esli tapawutlandyrýardy. Bu agras ýüz we çal saçlar meniň onuň ýoldaşyndan edýän gorkymy we ýaramaz täsirlerimi birneme ýumşatdy. Ýüregim az-kem arkaýynlaşan ýaly boldy. Burhanettin beýiň gep urşy ynamly hem dogumlydy. Ol uzakdan başyny atyp, meniň bilen sypaýy salamlaşdy, soňra tagzym edip:

— Siziň sadyk guluňyz Burhanettin. Atam pahyr ähli mülküniň içinde şu üzümçiligi has gowy görerdi. Ol hemişe: «Bu rysgally ýerdir. Durmuşymyň ähli şadyýan pursatlary şu bag bilen baglanyşyklydyr» diýerdi. Siziň bize geleniňizi görenimde, pahyryň sözleri ýadyma düşdi we olary gudrat hasap etdim — diýdi.

Aňlaýşyma görä, bu sözler tarypnama bolmaga çemeli. Ýöne onuň bu üzümçilige näme dahyly barka? Muňa düşünmek üçin umyt bilen geňirgenip, Nazmiýäniň ýüzüne soragly seretdim. Joram gözlerime ilmekden gaça durdy. Häzire çenli üzümçiligiň eýesidir diýip duran kempir hanym Munisäniň elinden tutdy-da, ony otagdan alyp çykdy. Biz ýarym sagat gowrak ondan-mundan gürrüň etdik. Has dogrusy, olar gürrüň etdiler. Meniň geplemeg-ä beýle-de dursun, hatda gürrüňiň näme hakda barýanlygyna düşünmäge-de rowgatym ýokdy. Göýä bolmasa, bir demir penje ýüregimi mynçgap, dem almagymy kynlaşdyran ýaly, beýnim doňdy. Hiç zat barada oýlanmaýardym, hiç zat duýmaýardym, öz höwürtgesinde güpbasdy edilen guş çagasynyň düşnüksiz gorkuşy ýaly, burçda çugutdyrylyp otyrdym. Aşakda kimdir biri skripka çalýardy. Şondan soň gazal aýdyldy, hor birnäçe aýdymy ýerine ýetirdi, horuň sesi inçe we gödeňsi çykýardy. Nazmiýe bilen onuň ýigidi diwanyň üstünde oturdylar, olar gitdigiçe bir-birlerine gysmyljyraýardylar. Ahyrsoňy, olardan ýüzümi öwürmeli boldum. Olar, göýä, biziň kinolarda görýän bihaýa söýgi sahnalarymyzyň birini oýnaýan ýaly, iki sany ýat adamyň ýanynda birjik-de utanman, gujaklaşyp otyrdylar. Hawa, olar örän gödek hem biedep adamlardy!

Çişik hyzmatkär aýal stoluň üstüne birnäçe çüýşe bilen naz-nygmatly mejimäni goýdy. Burhanettin beý mahal-mahal stoluň öňünde aýak çekip, otagda gezim edýärdi. Birden ol meniň ýanyma geldi-de, tagzym edip:

— Hanym ependi, gaýrat edip alyň-da! — diýdi.

Geňirgenip, başymy galdyrdym, müňbaşy kiçijik bir bulgurjygy tutup durdy. Bulgurjygyň içinde-de ýakut ýaly gyzyl içgi ýyldyraýardy. Adaja sesim bilen:

— Höwesim ýok... — diýip boýun gaçyrdym.

Burhanettin üstüme has-da abandy, onuň gyzgyn demi ýüzümi ýalap geçdi.

— Hanym ependi, bu ýerde hiç hili zyýanly zat ýok. Bu dünýäde iň ýakymly, iň zyýansyz likýor bolmaly. Nazmiýe hanym, şeýle dälmi?

Nazmiýe başyny atdy.

— Azara galmaň, Burhanettin beý, Feride özüni öýünde ýaly arkaýyn duýýar. Goý, ol islänini etsin!

Şu çaka çenli Burhanettin beýiň çal saçlary, mylaýym agras ýüzi meni özüne maýyl edip gelipdi. Emma häzir welin, ol ýüzler mende gorky döredip başlady. Toba, indi näderkäm? Meniň düşen ýerim nire? Nädip halas bolsamkam?

Çyra kem-kemden haýallady. Otagy garaňkylyk örtdi. Gözlerimiň öňünde otlukly halkalar gaýmalaşyp başlady. Sazyň sesi alysdaky deňziň güwwüldisi ýaly bolup eşidildi.

— Gyzym, eýjejigim, agşamlyk naharyny edinere wagt boldy. Stolumyzyň başynda birnäçe myhman otyr... Olaryň bary size garaşýar. Muny çişik aýal hanym aýdýardy. Ukudan oýanan ýaly boldum.

— Taňryýalkasyn, men ýaramajak bolýan. Meni bu ýerden gozgamaň.

Nazmiýe ýanyma geldi.

— Feride, mähribanym, çypbakaý çynym, ol ýerde keseki adam ýok. Feridunyň we Burhanettiniň ýoldaşlary, olaryň gelinlikleri, aýallary... Hawa-da, aýallary... Eger sen aşak düşmeseň, juda gelşiksiz bolar. Çünki olar seň hatyraň üçin gelipdir ahyryn...Kürsiniň arkasyna gysmyljyradym, kellämi çiginlerimiň arasyna çekdim we ýeke söz diýmäge-de gurbatym çatmady. Dişlerimi içimde baryny edip gysmadyk bolsam, olar gorkymdan şakyrdap başlajakdy.

Burhanettin beý:

— Myhmanyň diýen zadyny, islän ýumşuny bitirmek biziň borjumyzdyr. Siz aşak düşüň-de, Feride hanymymyzyň birneme ýaramaýanlygyny aýdyň... A siz bolsa, Binnaz hanym, biziň agşamlyk naharymyzy bärik alyp geliň. Myhmanymy ýeke goýmazlygy borjum hasap edýärin — diýdi. Tas däliräpdim. Bu otagda Burhanettin bilen ikiçäk galmaly, onuň bilen ýekme-ýek oturyp, agşamlyk edinmeli? Näme edip-näme goýanymy bilmezden, öz etmişime jogap bermezden, kürsüden böküp turdum-da:

— Ýagşy! Goý, siziň diýeniňiz bolsun. Ýörüň, aşak düşeliň — diýdim.

Nazmiýe ýigidi bilen gol tutuşyp öňden ýöredi, Burhanettin beý bolsa meniň yzyma düşdi. Biz daş düşelen garaňky howlujygyň duşundan geçdik. Gapy açyldy we ýiti yşyk gözlerimi gamaşdyrdy. Otagda entirekläp, birnäçe ädim ätdim. Diwarlardaky aýnalar ýalpyldap, myhman otag diýseň uzyn bolup göründi. Ýokardan asylgy şelpeli çyralar, garaňkylykda uçup ýören köpsanly yşyklar ýaly, aýnalaryň ýüzüne düşýärdi. Maňa näme bolýarka? Edil düýşdäki ýaly, ençeme suduryň gözleri, tutuksy ýüzleri gözüme görnüp başlady. Birden hem gulaklary kamata getiriji elçarpyşmalar ýaňlanyp gitdi... Adam sesleri orkestriň sazyny basdy, özi hem gitdigiçe güýçlenip, bir güwwüldä öwrüldi, şeýdibem daglardan öwüsýän şemalyň şuwwuldysyny ýada saldy. Maňa:

— Ýaşasyn Burhanettin beý! Ýaşasyn Gülbeşeker! Ýaşasyn Gülbeşeker! — diýen gykylyklar eşidildi.

***

Gözlerimi açanymda, Munisäniň ellerinde ekenim. Görgüli: «Abajygym! Abajygym!» diýip, zar-zar aglaýardy, ýüzüni ýüzümiň ýanyna getirip gysmyljyraýardy. Ol meniň öl saçlarymy, atyrdan ýaňa awuşap duran gözlerimi öpýärdi. Otagyň ýarym garaňkylygynda özüme tarap seredip duran birnäçe göze nazarym düşdi. Hasyr-husur, açyk ýakamy ýapmak bilen boldum.

Bir nätanyş ses bolsa:

— Baryň çykyň, haýyş edýän! Baryň çykyň! — diýip gygyrdy.

Güýjümde baryny edip ýerimden turjak boldum.

— Gorkma, gyzym... Hiç hili gorkuly zat ýok, gorkma!

Bu gürleýän hemişe harby eşiginiň ýakasyny açyp gezýän şol garynlak golagasydy. Ol ýüzüme seretdide, haýsydyr bir adama tarap öwrülip:

— Görgüli, ol hakykatdan hem, çaga ekeni.

Nazmiýe ýanymda çöke düşüp oturyşyna ellerimiň aýalaryny owkalaşdyrýardy.

— Feride hanym, sen tas ýüregimizi ýarypdyň!

Beýläme öwrülip, onuň ýüzüni görmezlik üçin gözlerimi ýumdum.

Soň bilip galyşyma görä, on bäş minutdan gowrak wagt özümden gidipdirin. Endamyma atyr çalyp owkalapdyrlar, çirkizilen ýüň ysgadypdyrlar, emma peýdasy degmändir. Hemmeler meni özüme getirmek umydyny üzüpdir. Lukman getirmek üçin şähere bagyň furgonyny ibermekçi bolupdyrlar.

Özüme gelenimden soň, derrew şol furgon bilen öýümize ýollamagy talap etdim, ýogsa-da paýpyýada giderin diýip haýbat atdym. Olar ylalaşmaly boldular. Garynlak golagasy şinelini geýip, furgonçynyň ýanyna mündi.

Biz furgona münenimizden soň, Burhanettin beý ýanymyza geldi. Görnüşi ýaly, ol özüni oňaýsyz duýýardy.

Ol ýüzüme bakmaga het edip bilmän:

— Feride hanym, siz bize nädogry düşündiňiz. Ynanaýyň,siz babatda hiç kimiň ýaman niýeti ýokdy. Diňe biz size hormat goýmak, üzümçilikde guraýan agşamymyzy görkezmek isledik. Stambulda terbiýe alan, birnäçe gün mundan ozal serkerdelerimiziň biri bilen söhbetdeş bolan kiçijik hanymyň beýle gyňyr häsiýetiniň bardygyny biz nireden bileli? Ýene bir gezek gaýtalap aýdýaryn, siz babatda hiç kimiň ýaman niýeti ýokdy. Şunuň bilen birlikde bimaza edenimiz üçinsizden ötünç soraýaryn — diýdi.

***

Paýtun garaňkylyga siňip gitdi we üzümleriň arasyndaky inçejik ýodalar bilen öňe ümzük atdy. Gözlerimi ýumup burça dykylyp otyrdym we üşeýän ýaly galpyldaýardym. Şu wagt başga bir gijäni, näme edýänime göz ýetirmän, Kozýatagyndan gaçyp, ýekelikde ýola çykan gijämi ýatlaýardym. Igdäniň burk urýan şahalary paýtunyň aýnalaryna şarpyldap degýärdi, ýüz-gözümi awadyp, meni ukudan oýarýardy. Munisäniň uludan-uludan dem alýanlygyny eşitdim.

— Sen, eýjejigim, uklaňokmy? — diýip, ýuwaşlyk bilen soradym. Gyzjagaz hiç hili jogap bermedi. Onuň uly adam ýaly bolup aglaýandygyny we gözýaşlaryny gizlejek bolup jan edýändigini eşitdim. Onuň ellerinden tutup:

— Gyzym, saňa näme boldy? — diýip soradym.

Munise meni gaýym gujaklap, köp ýaşap, köp bilýän uly adam ýaly, ünjüli:

— Wah, abajygym, näçeler aglap, näçeler gorkdum diýsene! Abajygym, men siziň ol ýere näme üçin çagyrylandygyňyzy bilýän. Beýle adamlara biz hiç haçan myhmançylyga gitmeris. Şeýle dälmi? Onsoň sen nähili görýäň. Hudaý saklasyn, birden ejem ýaly... Onsoň meniň günüm nähili bolar, abajygym? — diýdi.

Ah, bu nä masgaraçylyk! Bu nä kemsidilme! Ýoldan çykan zenan hökmünde bu gyzjagazyň öňünde örän ýazykly! Onuň gözlerine seredip bilmedim, kiçijik dyzjagazlaryna ýüzümi goýup, tä öýe gelýänçäm, enäniň elindäki çaga ýaly, ses edip agladym.

***

Müdir hanymyň öýüne ýetenimde, Gün ýaňy gözýetimden saýlanyp ugrapdy. Gartaşan aýal meni beýle ir, aýak üstünde, gabaklary aglamakdan ýaňa pökgerip, ýüzünde reňk-peti galmadyk halda görüp, ör-gökden geldi:

— Feride hanym, gyzym, saňa näme bolýar? Seni hiç haçan beýle halda görmändim... Ýa ýaramajak bolýaňmy?..

Bu aýalyň arkaýynlygy, biparhlygy hemişe meni birneme gorkuzýardy we onuň bilen aç-açan gürleşmäge päsgel berýärdi. Ýöne bu ýat şäherde meniň şu aýaldan başga derdimi aýdyp biläýjek bir adamym hem ýokdy.

Müdir hanyma gijeki bolup geçen ahwalaty çekine-çekine we galpyldap gürrüň berdim. Hiç zady-da gizlemedim. Kempir sesini çykarman diňläp durşuna gaşlaryny çytýardy. Gürrüňimiň ahyrynda, teselli gözleýän ýaly, naýynjar gözlerimi oňa dikdim.

— Müdir hanym, siz menden ýaşuly adam. Sizhas köp bilýärsiňiz. Taňrynyň haky üçin bir zady aýdyň! Eýsem, meni eýýäm ýoldan çykan erbet adam hasap edip bolarmy?

Bu sowalym müdir hanymy tolgundyrdy. Onuň ýüzünde hasratdyr gynanç alamatlary peýda boldy. Ol meniň alkymymdan tutdy-da, gözlerime bakdy, ýöne hemişekileri ýaly keseki biri hökmünde däl-de, müdir hökmünde, söýýän, ähli zada düşünýän ene hökmünde seretdi. Olýaňaklarymdan sypalap, titreýän sesi bilen:

— Feride, men hiç haçan seni beýle päksiň, beýle bigünä çagasyň öýdemokdym. Sen hoşgylaw garaýyşlara, uly söýgä mynasyp gyz. Görgülim... Wah, ol Nazmiýemi? Men köp zatdan habarly, gyzym. Hemmesine düşünýän. Ýöne durmuşyň gurluşy şeýle, käte bilýän zatlaryňy hem gizlemeli bolýar. Nazmiýe örän nejis, ahlaksyz aýaldyr. Telim gezek ony mekdebimizden çykarjak boldum, emma bar yhlasym puç bolup çykdy. Ol edil gaýa ýaly berk dur. Sebäbi mutesarrifden we goşungala ýolbaşçylaryndan başlap, tä batalýon ymamlaryna çenli sansyz muşdaklary bar. Eger Nazmiýe bu ýerden gitse, asylzada hanymlara kim ýaranjaňlyk etsin? Uly emeldarlaryň gizlinje guraýan gijeki keýphanalarynda kim ud çalsyn? Ol ýerde kim tans etsin? Onsoň Burhanettin ýaly bihepbeler seniň ýaly arassa, bigünä ýa owadan gyzlary nireden tapsynlar? Feride, men baryna düşünýän. Olar saňa duzak gurupdyr! Burhanettin beý diýilýänleri barypýatan zynabazdyr. Betbagt aýallaryň başlaryny aýlap, biçäre melekleriň ömrüni köýdürip, ol atasyndan galan emlägiň ählisini ýele sowurdy. Gözelligi bütin Ç.-ni haýrana goýan gyzy ele salmagy ol özi üçin uly abraý hasaplaýar. Ýaş serkerdeleri gylyçlaryny takyrdadyşyp köçede garaşdyrýan, olary çadranyň aşagyndan görselerem özlerini bagtly saýdyrýan seniň ýaly owadan gyzyň goltugyna girip, ony meýlishana alyp barmak, özi ýaly ahlaksyzlary «Ýaşasyn Burhanettin!» diýip, gygyrmaga mejbur etmek onuň üçin iň uly lezzetdir. Aýratyn hem seniň Yhsan beýe göwün bermäniň belli bolan wagtynda şeýledir... Indi düşünýärmiň, gyzjagazym? Olar Nazmiýä ýüz tutupdyrlar, munuň üçin oňa näme wada berendiklerini Hudaý bilsin. Şondan soňam seň başyňa şeýle oýun salypdyrlar. Gyzym, muňa-da şükür et, uly beladan gutulypsyň. Saňa ýene bir zady aýdaýyn, mundan soň sen bu şäherde galyp bilmersiň. Ýene-de birnäçe günden bolan işler hemmelere aýan bolar. Sen ilkinji gämi bilen gitmeli bolarsyň. Gidere ýeriň barmy? Dogan-garyndaşlaryň, tanyşlaryň bardyr-a?!.

— Müdir hanym, meniň hiç kimim ýok.

— Onda Izmire git. Ol ýerde meniň tanşym, jan ýaly joram bar. Ol mugallym we bilim bölüminde uly kätip bolup işleýär. Men oňa hat ýazaryn. Ol ýerde seni işe ýerleşdirerler diýen umydym bar. Bu eserdeňlik meni tolgundyrdy. Ölümden halas edilen, ýagyşdan soň ýyljajyk ýere düşen çaga pişik ýaly, barha müdir hanyma tarap süýşenekledim, onuň saçlarymy sypalaýan ellerine çekine-çekine

dulugymy goýdum, soň olary beýlesine öwrüp, aýalaryndan ogşadym. Gartaşan aýal ýuwaşlyk bilen uludan dem alyp:

— Beýle görnüşde öýüňize gaýdyp barmak bolmaz, Feride. Ýör, gyzym, seni ýatyraýyn, birazajyk ýat. Bu ýere seniň goşlaryňy we Munisäni geçireýin. Gidýänçäň meniň ýanymda ýaşaber — diýip, sözüni dowam etdirdi. Ýokarda müdir hanymyň otagynda agşama çenli ýatypdyryn, kä oýanyp, ýene uka gidipdirin. Gözlerimi açanymda garry aýal ýatan ýerime gelip, maňlaýyma elini degrip görüpdir, indi Ç.-niň ähli gyzlary ýaly iki örüm edip goýberýän ýogyn saçlarymy sypalaşdyrypdyr.

— Feride, sen ýaraňokmy? Gyzym, seniň bir ýeriň agyrýarmy? — diýip, ol ynjalykdan gaçýardy.

Men sagatdym, ýöne kellämi ysgyn-mydarsyz, ýassyga goýup, edil kiçijik gyzjagaz ýaly meýmireýärdim. Göwnüme bolmasa, olnäçe öpdügiçe, näçe söýdügiçe, kalbyma şonça-da uly mähir aralaşjakdy, bu garry ýowuz zenanyň söýgüsi şonça-da köp wagtlap hakydamdan çykjak däldi. Entek-entekler öňde duran ýalňyzlyk we hupbatly günlerde täzeden ýetilen bu ene söýgüsi — sowgat berlen elýaglyklarda galan hoşboý yslar ýaly — maňa teselli berjekdi.

***

*«Şa gyzy Mariýa» gämisi, 2-nji iýul.*

Galyň penjegime dolanyp, tä Aý ýaşýança ýokarda oturdym. Gäminiň ýokarky gaty boşdy. Diňe şilliň uzyn bir ýolagçy tutalga ýaplanyp, ýüzüni hem şemala tutup, zaryn-zaryn sygyrýardy. Ol bütin agşam bir bolşuny üýtgetmedi.

Men deňze belet we ony gowy görýärin. Ol meniň üçin içki durmuşy bilen ýaşaýan janly bir zatdy. Ol hemişe gülýär, gürleýär, iňňildeýär, gaharlanýar. Emma şol gije garalyp ýatan suw çöllügi maňa aňyrsy görünmeýän tükeniksiz ýalňyzlyk, ýürekgysgynç we tesellisiz teň hally bolup göründi. Gäminiň içindäki kiçijik otaga düşdüm. Gijäniň çyglygy etimden ötüp, süňňüme ornaşan ýaly üşüdýärdim. Munise çarpaýada ýatyrdy. Aşakdan, gäminiň düýbünden çykýan sesi, tarkyldyny soňsuz ýalňyzlygyň kalbynyň urşy kimin diňleýe-diňleýe, gündeligimi doldurmaga oturdym.

***

Şu gün müdir hanym meni gämi duralgasyna çenli ugratdy. Tanyşlarymyň hiç biri bilen hoşlaşman, diňe daýzama meňzeş gartaşan aýalyň ýanyna girdim we gözlerimi ýumup, onuň iň soňky gezek «Feride» diýip, adymy tutuşyny diňledim. B.-de biz Mazlumy goýup gaýdypdyk, indi bolsa guşlar bilen aýrylyşmaly bolýarys. Men olary müdir hanyma tabşyrdym.

Sahawatly zenan:

— Feride, sen olary gowy görýän bolsaň, öz elleriň bilen erkinlige goýber. Şeýtseň, Alla hem halar — diýdi. Men gussaly gülümsiredim.

— Ýok, müdir hanym. Ozalky ýagdaý bolanlygynda siz bilen ylalaşardym. Emma häzir başgaça pikir edýärin. Guşlar näme edýänlerini özleri-de bilmeýän, akyl-huşsuz jandarlardyr. Olar kapasadan çykýança horlanyp urunýarlar. Ýöne olara erkinlikde bagtyň garaşýanlygyna siz ynanýarsyňyzmy? Ýok, bu beýle däl... Meniň pikirimçe, bu betbagt janawarlar hiç zada pitiwa etmezden, öz kapasalaryna öwrenişýärler. Ýöne erkinlige çykmak başardan wagty bolsa, olar kellelerini ganatlarynyň aşagyna salyp, uzynly gije ýatman gam çekýärler ýa-da kiçijik gözlerini ýagty äpişgelere dikip, ozalky ýaşaýyşlaryny ýatlaýarlar. Müdir hanym, guşlary zor bilen kapasa salmaly, zor bilen, zor bilen... Şeýle diýenimde gözýaşlar bokurdagyma tegek boldy.

— Feride, sen örän geň gyzjagaz. Eýsem, şeýle biderek zatlar üçin aglamak bolarmy? Garry ene ýaňaklarymy sypalady.

***

Gämide Ç.-li birnäçe ýolagçy bardy. Olaryň ikisi bolsa, serkerdedi. Maňa olaryň gürrüňlerini diňlemek başartdy. Ýaş serkerde ýaşuly serkerdä:

— Yhsan beý dört gün öň gitmekçidi. Oňa: «Birnäçe gün garaş. Beýruta bile gideris» diýdim. Şeýlelikde, bu betbagtçylygyň alaçsyz sebäpkäri boldum. Hawa-da, ol şol gün giden bolsady, onda hiç zadam bolmazdy — diýdi.

— Dogrudan hem, gelşiksiz ýagdaý — diýip, ýaşuly serkerde aýtdy.

— Yhsan onçakly dawaçyl däl. Ýöne munuň nähili beýle bolýanlygyna düşünip bilýän däldirin. Anyk bolan ýagdaýy sen bir bilýärmiň?

— Barysyny öz gözüm bilen gördüm. Düýn biz şäher humarhanasynda otyrdyk. Burhanettin beý bilýard oýnaýardy. Yhsan jaýa girdi we müňbaşyny bir çete çagyrdy hem-de oňa bir zat — bir zatlar diýişdirdi. Ilki olar arkaýyn gürleşip duran ýalydylar. Soň näme bolanyny bilemok welin, Yhsan beý bir ädim gaýra çekildi-de, Burhanettin beýiň gulagynyň düýbüne bir şapbat çaldy. Müňbaşy sapançasyna ýapyşdy. Emma Yhsan rewolwerini ondan öň çekip aldy. Eger-de birnäçe adam aralamaga ýetişmedik bolsa, gandöküşlik bolmalydy. Ertir Yhsan harby kazyýetiň öňünde durmaly bolar.

— Muny bizden birimiz edäýen bolsak, onuň işi pyrryk bolardy. Ýöne Yhsan paşanyň garyndaşymyka diýýärin.

— Ol paşanyň-a doganoglany, aýalynyňam süýt emdiren ogly.

— Beýle bolsa, ol ýeňiljek bir temmi bilen sypar. Ýöne Burhanettin welin, etmişi üçin almytyny aldy. Ýogsam ol juda hetden aşdy.

— Onsoň bu dawaň sebäbi nämekä?

— Ikisiniňem aýtmagyna görä, syýasy äheňde bolmaly...

— Ýene aýal meselesi ara düşdümikä diýýän, Hudaý bar. Eýsem, biz Burhanettini tanamzokmy näme? Serkerdeler gürleşe-gürleşe, meniň ýanymdan daşlaşdylar. Indi garry gaýykçynyň ugramazymyzdan öň getiren bägül çemeniniň kimdendigine düşünýärdim. Yhsan beý, men, ähtimal, hiç haçan size duşmazmykam diýýärin. Duşaýsamam, tanamaýan kişi bolmaly bolaryn. Ýöne siziň harby kazyýetiň öňünde durmaga taýynlanýan wagtyňyz hem ýatlanyňyzy hiç haçan unutman. Siz gülleriň kimdendigini aýtmazlygy tabşyran ekeniňiz. Bu siziň kalbyňyzyň näzikliginden — inçeliginden habar berýär. Gündeligimde kiçijik ýaprajyk, ýüregimde bolsa päk, asylly adam bolan siz baradaky hatyrany saklaryn.

***

Ýokarky gatda uzynak ýolagçy henizem gamgyn aýdymyny aýtmagyny dowam etdirýärdi. Men açyk gämi äpişgejiginden kellämi çykardym. Deňziň ýokarsynda daň agaryp görünýärdi. Göwnüňe bolmasa, Gün nury suwuň içinden gaýnap çykýan ýalydy. Çalyguşy, besdir, ýat. Gije we argynlyk seniň biçäre gözleriňe agram salýar. Säherden saňa näme peýda? Säher «sary gülleriň» owadan yşky düýşlerden ganyp, nirededir alysda bir ýerde öz bagtyýar gözlerini açýan wagtydyr. Dördünji bölüm Izmir, 20-nji sentýabr. Men, ynha, üç aýa golaý wagtdan bäri Izmirde. Işlerim onçakly ugruna däl. Ahyry, iň soňky umydym galdy. Eger ertir ony-da ýitiräýsem, halymyň niçik boljagyny bilemok. Hatda bu barada pikir etmegem gorkunç. Müdir hanymyň ýollaýyş hatyny iberen uly kätibi gelmezimden bir aý öňden bäri nähoş ekeni we ýarym ýyllap Stambula dynç almaga giden ekeni. Islesem-islemesem, bilim bölüminiň müdiriniň ýanyna özüm gitmeli boldum. Onsoň siz kimi görendirin öýdýärsiňiz. Şol B.-däki stoluň başynda birsyhly uklap oturan, gelen-gidenler bilen bolsa, düýşdäki ýaly

gürleşýän äwmezek «ýaltalar şasyny» gördüm. Elbetde, onuň Gudraty Güýçli tarapyndan görmek üçin däl-de, esasan, uklamak üçin berlen humar gözleri meni tanamady.

— Ýene birnäçe günden geliň... Göreris, bir alajyny taparys... Onuň dilinde birnäçe gün diýmegiň birnäçe aý diýmekdigine düşünýärdim. Şeýle hem boldy. Bu gün ýene bölüme bardym. Müdir sypaýyçylyk etdi, ol mylaýym, ýakymly sesi bilen:

— Gyzym, şu ýerden ulagly gideniňde iki sagatlyk ýolda bir welaýatyň ýerli mekdebi bar. O ýeriniň suwy, howasy diýseň gowy, tebigaty juda täsin... — diýdi. Bu nutuk müdiriň meni Zeýnilere ibereninde aýdan sözleriniň gaýtalanmasydy. Saklanyp bilmän, jak-jaklap güldüm:

— Azara galmaň, beý ependi, yzyny özüm dowam etdiräýeýin... Ýolbaşçylar yhlas baryny edip, serişde baryny harçlap, ol ýerde täze mekdep saldyrypdyr. Ol diňe men ýaly ýaş, gujurly, janaýamazak mugallyma garaşýar... Şeýle dälmi? Mersi, beý ependi. Siziň ýagşylygyňyzy baryp B.-de, Zeýnilere ýollanyňyzda duýupdym. Elbetde, şeýle diýip aýdanymda, müdiriň meni kowup goýberjekdigine gözüm ýetikdi. Emma juda geň galsam-da, ol gatyrganaýyn hem diýmedi, gaýtam, tersine, hahahaýlap güldi-de, pelsepeli äheň bilen:

— Ýolbaşçynyň borjy şeýle.Alajyň näme, gyzym? Sen gideňok, ol gidenok, kim gitmeli? — diýdi. Bilim bölümine gelip-gidýänleriň sany-sajagy ýokdy. Birden burçdan biriniň gyryljyk sesi çykdy:

— Eýjejik bolaýşyny! Hoz gurçujygy ýaly-da! Hoz gurçugy? Ýüpek gurçugy, Gülbeşeker... diýip, onsuz hem lakam bary bilen ýüregime düşdüler. Bir ýetmeýän zat hoz gurçugydy. Men gahar bilen yzyma öwrüldim. Ahyrsoňy meni kä «süýji», kä «gurçukly» ýaly dürli lakamlar bilen «hezzetleýän» haýasyzlaryň birini tutmak maňa başartdy. Bu jenaba gowuja sapak beresim, hemmesi üçin ondan arymy alasym geldi. Emmaýetişmedim, göwnüme degen kişi müdire höküm ediji äheň bilen:

— Bu kiçijik hanymyň islän zadyny berip goýber. Gyzjagazy öýkeletme — diýdi.

— Aýdyşyňyz ýaly ederis, Reşit beý ependi — diýip, müdir edep bilen jogap berdi.

— Ýöne bu güne çenli bizde, hakykatdan-da, boş ýer ýok. Ynha, diňe Ruşdiýede fransuz dili mugallymy üçin bir wezipe bar. Elbetde, bu hanyma bap geljek iş däl...

— O näme üçin, ependim? — diýip garşy çykdym.

— Siziň sadyk guluňyz B.-niň zenanlar mugallymçylyk okuw mekdebinde fransuz dilini okatdy ahyryn...

— Hawa-la... — diýip, müdir ikirjiňlendi.

— Ýöne biz bäsleşik yglan etdik. Ertir synaglar başlanýar. Reşit beý:

— Gaty gowy. Goý, hanymam bäsleşige gatnaşsyn. Bu ýerde näme üýtgeşik zat barmyş? Eger Alla ýol berse, menem synaglara gelerin. Ýöne men gelmän synaga başlaýmagyn, düşündiňmi? — diýdi. Reşit beý uly adam bolara çemeli. Ýöne, eý, toba, onuň ýüzüniň betgelşikdigini! Onuň elhenç ýüzüne bakanymda jak-jaklap gülmekden saklanjak bolup, hyrçymy dişläp durmaly boldum. Adamlar ýa garaýagyz bolýarlar, ýa-da saryýagyz. Emma bu beý ependiniň ýüzünde ýaňyja bitişip ugran ýaranyň ýerindäki betnyşan aklykdan başlap, tä kömür garasyna çenli müň dürli reňk bardy. Ol şeýlebir kirjimek garady welin, aýaklarynyň nädip päkize galýanlygyna haýranlar galyp oturmalydy. Kimdir biri oýun edip, elini kömür tozuna sokandyr, soňam Reşit beýiň ýaňagyna süpürendir diýip oýlanaýmalydy. Onuň bir-birine juda ýakyn maýmyn gözleri bardy; kirpiksiz gabaklary, ýara ýaly, gyzaryp durdy; çal murtunyň üstünden geçip, aşaky dodagyna çenli ýetip duran burny diýseň geňdi.

Eýse ýaňaklaryna näme diýjek! Olar has-da bedroýdy. Ýaňaklar, agyzlary hozdan doly maýmynlaryňky ýaly, ýüzüniň iki tarapyndan salparyşyp durdy. Emma meniňki ugruna. Dogrusyny aýtsaň, Reşit beýiň birnäçe sözi maňa uly tutaryk boldy. Ähtimal, Gudraty Güýçli bu beý ependiniň ýüzüni döredeninde, özüniň juda öte geçenligini duýup, bu adalatsyzlygyň öwezini dolmakçy we oňa sahawatly ýüregi peşgeş bermegi ýüregine düwen ýaly. Meniň pikirimçe, köňül gözelligi daşky gözellikden telim esse ajapdyr. Mähirsiz gözellikden ne peýda?! Beýle gözellik biçäre gyzlaryň ykbalyny çagşadyp, olaryň durmuşlaryny köýdürmeýärmi, eýsem?!

***

Izmir, 22-nji sentýabr. Şu gün men bäsleşige gatnaşdym. Ýazuwdan synag ýaramaz geçdi. «Istiksar», «istismar», «istitrat(*Bu sözleriň asly arapça bolup, türk dilinde ulanylmaýar diýen ýaly; istiksar — bir zady juda ulaldyp ykrar etmek; istismar — ezmek, istitrat — yza çekilme, ret etmek diýmekdir.*) » ýaly atlardan ýasalan on sany işligi ýöňkeme bilen üýtgetmegi tabşyrdylar. Bu işlikleriň türkçe manysyny bilmeýän halyma olary nädip fransuzça üýtgedeýin? Dilden geçirilen synag örän şowly boldy. Reşit ependi meniň bilen fransuzça gürleşdi we birnäçe söz aýdyp, hökman ýeňiji boljakdygyma ynam döretdi. Munisä Alla rehim etsin-dä!

***

Izmir, 25-nji sentýabr. Şu gün bäsleşigiň netijelerini aýtdylar. Men geçmändirin. Bilim bölüminiň kätipleriniň biri: — Eger-de Reşit beý ependi islän bolsa, siz hökman geçerdiňiz. Kim onuň gaňryşyna gaýdyp bilsin? Ähtimal, onuň öz etsem-goýsamy bar bolara çemeli — diýdi. Biziň ýagdaýymyz örän kynlaşdy. Iki günden jaý tölegimizi tölemeli. Ejemden galan iň soňky zat — içi suratly altyn gülýaka dadyma ýetişdi. Şu gün ony goňşymyza berip, satyp gelmegini haýyş etdim. Bu ýadygärlikden mahrum bolmak maňa gaty kyndy. Gülýakada kiçijik bir surat bardy. Olam ejem bilen kakamyň durmuş guran ilkinji ýylynda aldyran suratydy. Ünsden düşen surat çarçuwasyz galmaly boldy. Ýöne bu meselede-de özüme teselli bermäge synanyşdym. «Kakam bilen ejem, gymmat bahaly metal böleginiň içinde ýatanyndan, ýalňyz gyzlarynyň kalbynda ýaşanlaryny has gowy görýändirler...»

***

Izmir, 27-nji sentýabr. Şu gün Reşit beýden bir hat aldym. Ol maňa bir iş tapandygyny aýdyp, Garşyýakadaky jaýyna gepleşige çagyrýar. Näme üçin bölümiň kätibi maňa Reşit beý saňa duşmançylykly garaýar diýip aýtdyka? Eýsem, bu tersine bolup çykýar-da? Görübermeli bolar. Ertir barynyň aňyrsyna ýeterin.

***

Izmir, 28-nji sentýabr. Ýap-ýaňyja Garşyýakadan, Reşit beýiň ýanyndan geldim. Onuň jaýy duranja bir köşk ekeni! Bu jenaba näme üçin beýle üns berilýändiginiň sebäbine indi düşünýärin. Reşit beý meni örän mähirli garşylady we synagda meniň fransuz dilini bilşimden göwnüniň hoş bolandygyny aýtdy. Ýöne ähli zady saldarlap görüp, geljekde özüniň kärdeşleriniň hilelerinden we adalatsyzlyklaryndan halas edip biljekdigine düşünendigini duýdurdy. Indi hatda gürrüňi edilýän iş hakynda aýtsam, Reşit beý maňa fransuz dilinden gyzlaryny okatmagy teklip etdi.

— Balam, maňa diňe siziň ukybyňyz däl, eýsem, siziň özüňizi alyp barşyňyz-da, daş sypatyňyz-da ýarady. Näme üçin siz jemgyýetçilik mekdeplerinde sergezdançylyk çekmelimişiňiz? Siz meniň gyzlaryma fransuz dilini öwrediberiň. Siz olar bilen bileje ýaşap, bileje iýip-içersiňiz. Özüňize-de owadan otagy bölüp bereris. Razymy? — diýdi. Gürrüňi uzaldyp oturasy iş ýok. Bu wezipe hyzmatkäriň wezipesidi. Belki, bu mekdepde mugallym bolandan has arkaýyn, has bähbitli işdir. Emmabeýle

işi hiç haçan halamokdym. Meniň pikirimçe, bu hyzmatkäriň işi ýaly bir işdi. Reşit beýi asla öýkeledesim gelenokdy. Bildirilen ynam, hezzet-hormat üçin hoşallyk bildirip, Munisäni bahanaladym-da, bu teklibi kabul edip bilmejekdigimi aýtdym. Reşit beý meniň bahanamy ynandyryjy görmedi.

— Gyzym, bizde oňa-da ýer tapylar. Näme, ýaş gyz biziň öýümiz üçin ýük bolar öýdýäňizmi? Gutarnykly jogap bermedim we munuň üçin üç gün puryja berilmegini haýyş etdim. Ýene bir synanyşyk edip göreýin. Resmi wezipä ýerleşip bilsem-ä, gowy zat, ýerleşip bilmesemem — dagy nä alaç.

***

Garşyýaka, 3-nji oktýabr. Bize jaýyň ýokarky gatyndan bir otag berdiler. Otag çaklaňja, owadan, amatly we deňze tarap bakýardy. Äpişgeden gijäniň ýarymyna çenli aýlagy synlap oturdym. Biziň äpişgämizden aýlagyň bar ýeri görnüp durdy. Aýlagyň beýleki kenarynda baýyrlaryň üstünde ýerleşen, daşy ýyldyzlar bilen gurşalan bir topbak buluda çalym edýän gijeki Izmir, baýramçylyk bezegini ýada salýan yşyklar bilen nurlanan kenar görünýärdi. Bu görnüşi görmäge göz gerekdi. Emma, çynymy aýtsam, Garşyýakanyň kenarynyň görnüşi maňa has güýçli ýarapdy. Bu ýerde durmuş gaýnap joşýardy. Tramwaýlar gijäniň ýarysyna çenli şakyrdaşyp geçip durdular, gaz çyralarynyň al-ýaşyl reňki astynda ýaşlar topar-topar bolup gezim edýärdi. Birneme aňyrrakda dürli reňkleri kiçijik aýlagyň suwlaryna düşüp duran humarhana bardy. Ol ýerden gitaranyň kä şadyýan, kä gussaly owazlary gelýärdi. Häzir örän geň we täsin duýgulary başdan geçirýärin. Gezim edýänleriň diňe gara we ak geýimlerini saýgarýardym. Olaryň bary meniň üçin bir-birlerini söýýän adaglylardy... Hawa, özem diňe olar däl. Göwnüme bolmasa, ol ýerde-de, garaňkynyň içinde, gaýalaryň arasynda-da gara sudurlary çala göze ilýän aşyk-magşuklar gezelenç edýän ýalydy. Deňizden özboluşly pyşyrdylar eşidilýär. Göwnüme bolmasa, olar söýgülileriň dodaklarynyň sesidi. Gijäniň gujagyma gysylyp duran ýyljajyk demi ýaş gyzlaryň gyzgyn dodaklaryndan syzylyp çykýan ýalydy, ol gyzlaryň kellejikleri aşyk ýigitleriň döşünde mekan tutup, nazarlary ýaşyl, deňziň gijeki tümlügi kimin şar gara mährem gözlere dikilgidi. Kaşaň salnan aýratyn jaýda meni ýaşajyk hanym ýaly, mähirli we edepli kabul etdiler. Goşlarym hiç haçan agyr bolmandy, şeýle-de bolsa, goşhaltamy maňa götertmän, elimden alan we otaga alyp giren goja hyzmatkärden örän hoşal boldum. Munise bu inçeliklere düşünerden entek ýaşdy. Jaýyň bezegi ýaş gyzyň gözlerini gamaşdyrdy. Biz ýokaryk çykanymyzda, Munise öýde ýygy-ýygydan edýän oýnuny gaýtalamakçy boldy. Basgançaklaryň ortasynda etegimden ýapyşyp, basgançaklardan aşak çekjek boldy. Onuň eljagazyndan tutup:

— Balam, biz ýat ýerde. Enşalla, ýene-de öz öýümiz bolar welin, şonda aýry mesele... — diýip, gulagyna pyşyrdadym. Munise maňa düşündi. Biz otaga girenimizde, onuň ýüzündäki şatlyk alamaty eýýäm zym-zyýat bolupdy. Bu eýjejigimiň kalbynyň duýgurlygyny diýsene! Ol meniň boýnuma bökdi we içgin-içgin gysmyljyrap, ýüzümden ogşamaga başlady. *** Penjiräni ýapanymda eýýäm kenarda märeke ýokdy. Çyralar sönüp, ýap-ýaňyja-da dürli yşyga siňip oturan deňiz çägesöw kenaryň ugruny ýalaňaçlap, uzaklara bir ýere çekilipdi hem-de imisala uka giden çaga ýaly, gaýalaryň ak ýassygyna başyny goýupdy... *** Şu gün bu ýere gelýärkäm... Ýok, bu barada ýazyp biljek däl. Soň bir gezek... *** Garşyýaka, 7-nji oktýabr. Reşit beýiň köşgünde ýaşamak hiç neneň däl. Okuwçylarymyň biri-hä meň deň-duşum, beýlekisi hem çala kiçi. Ulusyna Ferhunde diýýärler, onuň daşky sypaty kakasynyň edil özi, şonuň üçinem örän yzgytsyz. Onuň tersine, kiçisi Sabahat, edil gurjak ýaly, owadan, örän görmegeý gyz. Hyzmatkär zenanlaryň biri bir gezek maňa gözüni gypyp, köpmanyly:

— Şol wagtlar merhum hanym ependi näsagdy we oňa ýaş harby lukman seredýärdi. Elbetde, hanym ependi ol lukmana köp seredendir-dä, görmegeýje çaga dünýä inderdi — diýdi. Hyzmatkär zenanlardan gaty gorkýardym. Näme üçin gizläýin, eýsem, menem şolaryň biri dälmi näme? Ýöne men juda seresap hereket edip, olara hiç hili iş buýurmadym. Şonuň üçinem olar meni sylaýarlar. Emma bu ýerde Reşit beý ependiniň maňa garaýşynyň hem ähmiýeti barmyka diýip pikir edýärin. Köşgüň iň uly nogsany onuň ary öýjügi ýaly, mydam güwläp durmagydy, gelip-gidýän myhmanlaryň

yzlarynyň üzülmeýänligidi. Iň ýamany-da, Ferhunde-de, Sabahat-da meniň her myhmanyň öňünden çykyp garşylamagymy talap edýänligidi. Ýöne meniň üçin iň ýakymsyzy köşkde Reşit beý ependiniň ogly, otuz ýaşlaryndaky bigörk, boş ýigit Jemil beýiň ýaşaýanlygydy. Ol ýylda on aýlap kakasynyň puluny Ýewropada saga-sola sowurýardy, iki aý bu ýerde, Izmirde ýaşaýardy. Bagtyma, bu iki aý tamamlanyp barýar, ýogsam üç gün mundan ozal köşkden gaçyp gitmelidim. Siz sebäbini sorarsyňyz. Bu onçakly aňsat zat däl... Üç gün mundan ozal Sabahat bilen Ferhunde meni gijäniň bir mahalyna çenli myhman otagda sakladylar. Onsoň olar bilen hoşlaşyp, ýokaryk otagyma tarap çykyp ugradym. Töwerek juda garaňkydy. Birden üçünji gatdaky basgançaklarda, öňümde erkek kişiniň sudury peýda boldy. Gorkyma aşak okduryljak boldum.

— Hanym, gorkmaň, bu men — diýip, Jemil beýiň sesi eşidildi. Gapdaldaky äpişgeden ýaş jenabyň ýüzüne öçügsi yşyk düşüp durdy.

— Bagyşlaň, beý ependi, sizi birbada tanamandyryn — diýdim-de, onuň duşundan geçiberjek boldum, emma Jemil beý saga tarap bir ädim ätdi-de, göwresi bilen basgançagyň öňüni baglady.

— Hanym, ukym tutanok. Äpişgeden Aýa seretmäge çykdym. Onuň hyýalyny aňdym, emma hiç zada düşünmedik kişi bolup, syr bildirmedim we duýdansyz duşundan geçmekçi boldum. Emma onuň sözüne bir zat diýip jogap bermelidi, şonuň üçinem:

— Ýöne bu gün Aý görnenog-a, ependi... — diýdim.

— O nähili ýokmuş, hanym? — diýip, Jemil beý pyşyrdady.

— Eýse, bu basgançagyň ýanynda, öňümde peýda bolan elwan ýüzli Aý nämedir? Meni munuň ýaly edip, hiç hili Aý yşygy melul edip bilmez! Jemil beý bileklerimden ýapyşdy, onuň gyzgyn demi ýüzüme haplap urdy, biygtyýar yza tesdim. Eger tutawaçdan ýapyşyp ýetişmedik bolsam, dikbaşa-şaklygyna gaýdybermelidim. Kelläm bir zada degip, gaty agyrdy we biygtyýar gygyrmaly boldum. Jemil beý, edil pişik ýaly, ýene sessiz-üýnsüz ýanyma geldi. Onuň ýüzüni saýgaramokdym, ýöne agyr we dartgynly haşylaýandygyny eşidýärdim.

— Feride hanym, bagyşlaň! Bir ýeriňizi agyrdaýdyňyz öýdýän? «Ýok, aýyby ýok, ýöne menden eliňizi çekiň» diýip, ýalbarmakçy boldum. Emma dodaklarymdan boguk bir horkuldynyň çykanyny duýman galypdyryn. Bu horkuldyny saklajak bolup, ýaglygym bilen agzymy tutmakçy boldum, on-ýança agzymyň çygjarandygyny, dodagymdan gan akýanlygyny duýup galdym. Darajyk äpişgeden düşýän öçügsi yşygyň ýagtysyna Jemil beýiň hem gana gözi düşen bolara çemeli. Onuň sesi sandyrap çykdy:

— Feride hanym, dünýäde iň ýigrenji adam hökmünde juda ýaman iş etdim. Mürewwet kylyp, meni bagyşlaweriň... Bu eden etmişlerinden soňky bu sowuk şelaýyn sözlerden soň, özümi dürsedim hem-de juda gaharlanyp:

— Siziň etmişiňizde hiç hili üýtgeşik zat ýok, ependim — diýip, biperwaý jogap berdim.

— Hyzmatkär zenanlara we terbiýelenýän ýetim gyzlara beýle daraşmak adat bolup galypdyr. Hyzmatkäriň ýa-da elgarama adamyň ýagdaýyndan oňly bolmadyk wezipä razy bolanymda, ähli zady göz öňünde tutupdym. Gorkmaň, muny ile jar etmerin, ýöne ertiriň özünde bir bahana tapyp, bu öýden çykyp giderin. Yzyma öwrüldim-de, göwnüm bir ýaly bolup, öz otagyma tarap galyp ugradym.

***

Eliňe goşhaltaňy alyp, Munisäniň golundan tutup, gapyny ýapyp, çykyp gitmek işiň aňsadydy. Emma nirä gitjek?.. Eýýäm üç gün geçen hem bolsa, göwnüme düwen zadymy edip bilmän, bu ýerde

köwlendim ýördüm. Gündeligime-de ýazmaga ejap eden bir zadymy gürrüň bermäge wagt boldumyka diýýärin. Garşyýaka iňrik garalyp ugranda, agşamaralar geldim. Elbetde, ertire çenli garaşaýan bolsam, has gowy boljak ekeni. Ýöne başgaça edip bilmedim. Şol gussaly gije bu ýerde peýda bolanymda, eýýäm köşk myhmandan doludy. Reşit beý ependiniň we onuň gyzlarynyň gelenlere edil ýapýaňyja satyn alnan owadan gurjajyklary ýaly, öz mugallymlaryny görkezesleri geldi. Hemmeler maňa hoşamaý, hatda kem-käs gyýylma bilen seredişdiler. Täze ýagdaýymyň mejbur edişi ýaly, özümi sada hem edepli alyp bardym, şeýdibem hemmelerde gowy täsir galdyrasym geldi. Birden oslaman durkam, gözüm garaňkyrap gitdi. Çala ýadyma düşüşine görä, oturgyjyň burçuna özümi goýberdim we dodaklarymdaky aljyraňňy ýylgyrmany saklajak bolup, ýarym minutlap, belki, ondan-da az salymlap gözlerimi ýumdum. Reşit beý, gyzlary, myhmanlar basga düşdüler. Sabahat eli bir bulgur suwly ýanyma ylgap geldi we ondan birki owurt içirdi. Biziň ikimiz hem, bir-birimiz bilen degişýän ýaly ýylgyryşdyk. Bir garry aýal kinaýaly:

— Üýtgeşik zat ýok-la. Munuň lodosyň*(Quo Vadis? — Nirä gitmekçi?)* işidigi görünip dur ahyryn! Ah, bu zamanyň gyzma, lälijek hanymlary diýsänim! Howa çala üýtgedigi olar bägül ýaly saralyp solýarlar — diýdi. Myhmanlar meni kynçylyga döz gelmeýän, läliksiredilen keselbent gyz diýip düşündiler. Olar bilen ylalaşýan kişi bolup, başymy atdym. Şeýle hasap edýänlikleri üçin olardan çäksiz minnetdardym. Emma olary aldawa salypdym. Bu ýeňiljek başaýlanmanyň sebäbi başgady. Şol gün Çalyguşy ömründe ilkinji gezek duz datmandy. Ol açdy.

***

Garşyýaka, 11-nji oktýabr. Bu gün meniň okuwçylarymyň ýanyna ýene-de izmirli myhmanlar geldi: olar on bäş ýaş bilen ýigrimi ýaş aralygyndaky dört sany gyzdy. Günorta naharyndan soň, biz Baýrakla çenli deňizde gaýykly gezelenç etmekçidik. Emma içiňi ýakaýyn diýen ýaly, köçä çykanymyzam şoldy welin, ýagyş ýagyp başlady. Hemmeler lapykeç bolşup, myhman otaga gaýtdylar. Kiçijik hanymlar biraz pianino çaldylar, biraz gybat etdiler, soň ikibir-üçbir bölünişip, syrly-syrly söhbetlere başladylar, mahal-mahal bolsa gyjyklanýan ýaly, hahahaýlap gülüşdiler. Şadyýan hem dogumly Sabahat myhmanlaryň ýürekleri gysmaz ýaly, dürli oýunlar tapdy. Tekjäniň üstünde maşgala agzalarynyň suratlary ýerleşdirilen albomlar ýatyrdy. Sabahat olaryň birini aldyda, oturanlaryň baryny stoluň ýanyna çagyrdy we bizi güýmäp başlady. Ol bize maşgalanyň ýakynlarynyň suratlaryny görkezip, olaryň durmuşlaryndan gülkünç-gülkünç ahwalatlary ýatlady, olary diňläp gülüp-gülüp, içimiz gyryldy. Ol döşi ordenler bilen bezelen gürzelek sakgally bir gopbam paşany (göwnüme, beýle adamlar älemi hem dolandyryp biläýjek ýaly bolup göründi) bir gezek hut öz aýalynyň sübse bilen ýenjendigini gürrüň berdi. — Indi bolsa, şu surata üns beriň! — diýip, Sabahat gürrüňini dowam etdirdi. — Hondan bärsi aýal, biziň garyndaşymyz. Onuň obalydygy köre hasa. Bir gezek merduwan bilen gämiden Kokarýaly duralgasyna düşüp gelýärkä, aýagy gaňrylyp, deňze ýykylypdyr we özüniň ýerli şiwesi bilen: «Haý, şirin janymy halas edeweriň! Ölüp barýandyryn-la!» diýip nadaralyk edipdir. Reşit beýiň konýaly süýt emşen daýysy bardy; onuň suratyna gülmän seretmek mümkin däldi: kellesi selleli, aýagy jalbarly barypýatan mollady. Şol ýerde onuň başga-da bir suraty bardy, onda ol egni frakly, ýüzi ýekegöz äýnekli deputat şekilinde durdy. Molla-ha gahar bilen gözlerini petredip, deputata seredýärdi, deputatam dodaklaryny çöwrüp, mollanyň üstünden gülýärdi. Bular diýseň gülkünçdi! Men sahypany agdaraýmasyn diýip, Sabahatyň elinden tutup oturyşyma, dälirän ýaly bolup gülýärdim. Ferhunde bolsa birsyhly maňa degýärdi: — Feride hanym, gel, biz sizi durmuşa çykaraly! Ajap bir şahsyň aýaly bolarsyňyz! Häzir ol sallah. Ilkinji aýaly bilen aýrylyşyp, ýewropa häsiýetli deputata mynasyp hanymy gözleýär... Men gülkimi goýman, stoldan çekildim-de: — Häziriň özünde hat ýazyň, Ferhunde. Men razy. Eger onuň indiki aýalynyň alny açylmaýanynda hem, ol bütin ömrüne gülüp, hezil ediner — diýip jogap berdim. Sabahat ýene bir sahypany agdaryp, meni ýanyna çagyrdy. — Feride hanym, bu suraty görseňiz, deputatyňyzdan ýüz dönderermikäňiz diýip gorkýan. Myhman zenanlar bir adam ýaly bolşup: — Baý, munuň görmegeýdigini! — diýşip gygyryşdylar we gollaryny

aýlaşyp, meni çagyrmaga başladylar. Men olaryň ýanyna baryp: — Bary biderek, ol kim bolsa-da, öz deputatymdan ýüz öwürmen — diýdim. Men ähli gyzlar bilen bile albomyň üstüne egildim, edil şonuň ýaly hem haýran galmakdan ýaňa çalaja gygyranymy duýman galdym. Albomda Kamranyň ýylgyryp oturan suraty bardy. *** Sabahat bu suratyň üstünden gülmedi, tersine, ol diýseň agraslyk hem sarpa goýujylyk bilen joralaryna düşündirmäge başlady: — Bu jenap — Münewwer daýzamyň adamsy. Olar biz Stambuldakak ýazda toý tutdular. Bäh, siz onuň özüni gören bolsadyňyz! Hakykatda ol müň esse owadan! Onuň gözlerini, burnuny diýsene! Men size has beterini aýdaýyn. Bu beý öz çykanyny örän söýüpmiş diýýärler. Ol gyz kiçijik, hötjet we kakabaş gyzmyş. Munuň üçin oňa hatda Çalyguşy hem diýýär ekenler. Ine, onsoň şol Çalyguşy Kamran beýden ýüz öwrüpmiş. Ýürege emr etjek gümanyň ýok... Toýa bir gün galanda, ol gyz öýlerinden uzak ülkelere gaçyp gidipmiş. Kamran beý telim aýlap hiç zat iýip-içmändir, gözüň alnynda eräp, biwepa ýaryna köp wagtlap garaşypmyş. Eger ol toýuň öň ýanynda gaçyp giden bolsa, gaýdyp hiç haçan gelmejegine biçäre düşünmänmiş. Elden öpmek däbine gatnaşypdym. Münewwer daýzam gaýynenesiniň ýanyna baranynda, garry durup bilmän, Çalyguşyny ýatlan borly, çaga ýaly möňňürip aglady. Roýala ýaplanyp gymyldaman durşuma, onuň gürrüňini sesimi çykarman diňleýärdim. Kamran bolsa, şol öňküsi ýaly, ýüzüme ýylgyryp seredip durdy. Ýuwaşjadan: — Doňýürek... — diýip seslendim. Sabahat maňa tarap öwrüldi: — Siz örän dogry aýtdyňyz, Feride hanym. Şeýle görmegeý, asylly ýigide ýar bolup bilmedik gyza doňýürek diýmän näme diýjek.

***

Kamran, men seni ýigrenýän. Eger şeýle bolmasa, seniň öýleneniňi eşidenimde, özümi ýitirip nalardym, ejir çekerdim. Ýöne ömrümde şu günki ýaly gülen, töweregimdäkileri şu günki ýaly şatlandyran, begendiren wagtym ýokdur. Şondan biraz soň, ýakymsyz bir waka bolmadyk dagy bolsa, bu güni ömrümiň iň bagtly güni saýardym.

Agşamaralar ýagyş diňdi, biz hem meýdana gezelenç etmegi ýüregimize düwdük. Siliň emele getiren jarynyň boýy bilen barýarkak, kimdir biri derýanyň o tarapyndaky hrizantema gülüni görüp: — Onuň owadandygyny! — diýip gygyrdy.

— Ony alyp bolsady. Men gülüp:

— Isleseňiz, şol hrizantemany size sowgat bereýin? — diýdim. Çukura girmek howpludy: ol çuň hem örän uludy. Gyzlar gülüşdiler, kimdir biri bolsa:

— Eger köpri bolan bolsa, onda bolardy — diýdi.

— Köpri bolmasa hem geçse bolar — diýdim-de aşak bökdüm. Yzdan goh-galmagal eşidildi. Jardan eýdip-beýdip geçsemem, hrizantemany alyp bilmedim. Jaryň o çetine ýetenimde taýdym, ýykylmajak bolup tikenli gyrymsy agajyň şahalaryndan ýapyşdym. Biçäre ellerim, men sizi, gör, nähili parçaladym! Hawa, agşamyň alagaraňkylygynda köşge gelinçäk, ýolboýy gözýaş dökdüren şu gynançly waka bolmadyk bolsa, bu güni ömrümiň iň bagtly güni hasaplardym. Kamran, seni ýigrenýänligim sebäpli, ýat illere gaçyp gaýtdym. Ýöne indi bu ýigrenç meni gysyp-gowrup barýar, maňa ikimiziň aramyzdaky giňişlik dar görünýär, seniň ýaşaýan, dem alýan tutuk dünýäňden gaçyp gidesim gelýär. Bu öýde hiç haçan galmazlygy ýüregime berk düwdüm, şonuň üçinem ýygy-ýygydan Izmire bilim bölümine baryp gaýdýaryn. Iki aý mundan ozal bu ýerde öňki terbiýeçim hanym Berenis uýa duşdum, ol mekdepdekäm meni gowy görerdi. Oňa gören hupbatlarym barada gürrüň berdim. Düýn gämide ýene oňa duşdum. Hanym Berenis uýa begendi:

— Feride, seni telim günden bäri gözläp ýörün. Karantinadaky mekdebimize türk dili we surat mugallymy gerek. Müdir aýala seni teklip etdim. Kireýine jaý gözläp ýörmeli däl. Mekdebiň ýanynda ýaşarsyň. Sen biziň ýaşaýşymyza öwrenişen ahyryn. Ýüregim tolgunmadan ýaňa tars-tars urdy.

Göwnüme bolmasa, ýene ol ýere, tanyş yslaryň, organyň zaryn owazlarynyň içine düşsem, öz çagalyk düýşlerimiň bir bölegini gaýtaryp getirip biläýjek ýaly boldum. Oýlanybam durman:

— Ýagşy, ma soeur, bararyn. Minnetdar — diýip jogap berdim.

Bu gün Karantina ugramazymdan ozal, resminamalarymy almak üçin bilim bölümine bardym. Bölüm müdiriniň üç günden bäri meni gözleýändigini aýtdylar. Näme isleýändigini bilmek üçin iş otagyna bardym! Müdir meni görenden gygyryp ugrady:

— Gyzym, garaşdyrýaň goýaýýaň! Seňki şowuna, gowy boş ýer bar. Guşadasyndaky mekdebe gitmeli. Bir tarapdan, pansionyň imisala durmuşy, ýöne, belki, Guşadasyndaky ýer gowudyr. Nätmeli?.. Sebäbi men eýýäm Karantinada işlemäge söz berdim. Wagt geçýärdi, men bolsam bularyň haýsysyny: rahat durmuşymy ýa-da ýene mätäçlikdir zerurlygy — haýsysyny saýlajagymy pikir edýärdim. Kynçylyklaryň hem öz lezzeti bar. Gödek adamlar zerarly ömri zaýalanýan idegsiz okuwçylar barada oýlandym. Bu biçäre çagalar sowuk uran gül ýaly, açylmak üçin birneme güneşe, birneme mähire mätäç. Olar mähirli garaýanlara näzijek ýüreginiň söýgüdir muhabbetini bagyş edýärler. Näme bolsa-da, şol kiçijik biçäreleri halaýardym. Eýsem, Munise hem şolaryň biri dälmi näme? Hawa, özbaşdak iki ýylyň durmuşy maňa köp sapak berdi. Ýagtylyk näsag göze nähili ejir berýän bolsa, bagt hem ýaraly ýürege şonuň ýaly yza berýärdi. Hassa göz üçinem, ýaraly ýürek üçin hem garaňkylykdan gowy derman ýokdy. Mugallymçylygy eklenç üçin saýlapdym. Emma meniň çakym ters çykdy. Şeýle hünärli adamyň bir gün açlygyndan öläýmegi ahmaldy. Ýöne bu gorkuly däldi. Kärim adamlara ýagşylyk etmäge mümkinçilik berýärdi. Özüňi başga biriniň eşreti üçin pida etmek, eýsem, bagt dälmi näme? Geçmişiň öçüp giden düýşlerini täzeden görüp boljak däldi. Indi öwgüli sözlere üns beremokdym, organ saz guralynyň birwagtky gulagymda ýaňlanan gamgyn owazy gaýyp bolupdy. Guşadasyndaky söýgüdir mähirden mahrum, ýakyn wagtlarda duşuşmaly geljekki okuwçylarym barada oýlanyp, ýylgyrdym-da:

— Bolýar, beý ependi, giderin — diýdim.

***

Buýruk gelýänçä öýde hiç zady gürrüň beresim gelenokdy. Emma bir waka muňa mejbur etdi. Köşgüň uly hyzmatkäri köp wagtdan bäri meniň bilen geň gürleşýärdi. Düýn hem ol birden:

— Gyzym, seni gün-günden gowy görýärin. Diňe menem däl, hemmämiz gowy görýäris... Ferhunde bilen Sabahat ýaş gyz bolsa-da, öýe bezeg beribiljek maşgala däl. Sen geleliň bäri hemme zat üýtgedi. Seniň häsiýetiň gaty gowy: ulular bilen uly ýaly, kiçiler bilen kiçi ýaly bolmagy başarýarsyň... — diýdi. Bu boş sözlere gulak asmadym, hyzmatkär meniň bilen kärdeşi hökmünde gürleşýändir öýtdüm. Emma şol gün agşamy garry zenan aç-açan gürleşdi:

— Gyzym, biz nädip bu öýe seni has ysnyşdyrsakkak? — diýip, ol gürrüňine başlady.

— Meniň käbir oý-pikirim bar... Ýöne sen erbet pikir etme. Hudaý bar, maňa muny aýt diýen ýok... Hyzmatkäriň bu sözleriniň kimdir biriniň tabşyrygy bilen aýdylýanlygy bellidi. Emma sadalyga saldym. Bu aýal gös-göni aýdaýmaga ejap edýäne meňzeýärdi, şonuň üçin ol aýlawly gürledi:

— Beý ependimiz onçakly garram däl. Ony çagalygyndan tanaýan. Ol görmegeý bolmasa-da, salykatly, barjamly adam, häsiýeti hem erbet däl... Bikesiz öýüň ýagdaýy ýog-a. Bu gün bolmasa, erte Ferhunde bilen Sabahat durmuşa çykar giderler... Hudaý görkezmesin, bir ýeksurun duşaýsa, halymyz harap bolar, Feride hanym, gyz maşgala murty jaýtaryp duran ýaş ýigide-de baryp biler, ýöne munuň ýaly barly adamy tapmaz. Beýimize gowy gyz tapaýadyk-da! Gyzym, muňa näme diýersiň? Sesimi çykarman, ýöne ajymtyk ýylgyrdym. Reşit beý hemişe meni sylaýandyr, gyzlaryny okadyşyma uly ähmiýet berýändir öýdýärdim. Ol telim sagatlap biziň bilen degişýärdi, top oýnaýardy. Diýmek,

bularyň bary... Bilim bölüminiň kätibiniň: «Reşit beý göwnese, sizi hökman fransuz dili mugallymasy edip bellärdiler. Onuň öz üýtgeşik meýilleri bar borly» diýen sözleri ýadyma düşdi. Birnäçe ýyl mundan ozal beýle gürrüňe ör-gökden gelerdim. Indi weli hyzmatkäre biperwaý şeýle jogap berdim:

— Siziň bilen sawçylyga gidip, Reşit beýe oňat bir gyz gözläp tapsagam tapardyk welin, men ýakyn günlerde Guşadasyna gitmeli boljak-da. Ýene birnäçe aýdan adaglym şol ýere barýar, onsoň biz toý tutmakçy. Taňrym size giňlik bersin... Irräk ýatasym gelýär... — diýdim-de, aňk bolup duran hyzmatkäriň duşundan geçip, öz otagyma bardym.

***

Guşadasy, 25-nji noýabr. Entek Izmirdekäk, Guşadasyna ugramazdan öň, birsyhly begenip, öz-özüme: «Guşadasy!.. Bu meniň adyma gaty meňzeş-le! Ol ýerde hoşwagtlykdyr rahatlyk tapsam gerek! Näçe wagt bäri şolaryň isleginde men» diýýärdim. Çakym dogry eken. Guşadasyny öň bolan ýerlerimiň hemmesinden has gowy gördüm. Owadanlygy üçin däl. Ýok. Guşadasy arzuw edişim ýaly, Munise atly sary totuguş bilen Robinzon Kruzo ýaly parahat hem ýeke ýaşalýan üýtgeşik ada däldi... Bu ýer oňa juda rahatdyr öýdäýmäň. Asla beýle däl. Tersine, bu ýerde ozalkylardan köp işlemeli bolýar. Siz: o näme üçin? — diýip sorarsyňyz. Munuň jogaby biraz gülkünjem. Ýöne bu hakykat bolsa nätjek? Guşadasyny amatsyzlygy hem göze ýakymly däldigi üçin gowy görýärin. Göwnüme bolmasa, tebigat ynsana gizlin köňül azabyny çekdirmek üçin diňe bir owadan ýüzleri däl, eýsem, owadan şäherleri, owadan deňizleri hem döredipdir... Bir aý mundan ozal bu şähere gelip, mekdebe baranymda, elli ýaşlaryndaky uly mugallyma meni öz öňünde oturtdy-da:

— Gyzym, üç aýyň dowamynda iki oglumy ýitirdim, olary gara ýere duladym. Olar örän sagdyn ýigitlerdi!.. Indi dünýä gözüme gelenok. Seni bu ýere ikinji derejeli mugallyma edip iberipdirler. Sen ýaş, çakyma görä, bilimiň hem ýetik bolmaly. Mekdebi saňa tabşyrýan. Oňa başardygyňça baştutan bol! Ýene iki sany garry mugallymamyz bar... Olardan idili peýda-ha ýok — diýdi. Janaýaman işlejegime söz berdim, wadamda tapyldymam. Düýn uly mugallyma maňa:

— Feride hanym, gyzym. Saňa nähili minnetdarlyk bildirjegimem bilemok? Sen wada bereniňden hem on esse köp işleýärsiň. Bir aýyň içinde mekdebimiz juda özgerdi. Çagalary tanar ýaly däl, olar gunça ýaly açyldy. Taňrym saňa uzak ýaş bersin! Körpe çagalaram, işgärlerem hemmesi seni gowy görýär. Menem käte derdimi unudyp, seniň bilen bile gülýän — diýdi. Biçäre aýal menden juda göwnühoş, ol muny onuň üçin edýändirin öýdýär. Işlemekden, bütin durkuň bilen ile berilmekden gowam zat bormy! Çalyguşy ýene öňki Çalyguşa öwrüldi. Ne agyr argynlyk, ne-de pitneçilik gylygy — hiç zat galmady. Bularyň bary bir minutlykça Günüň öňüni baglan, çalasyn bulut ýaly, derrew geçip gitdi. Indi keseki çagalarynyň bagtynyň hatyrasyna, bütin ömrümi pida etmeli borun diýlen pikirdenem gorkamok. Iki ýyl mundan ozal güýz gijesi ýüregimde öldürilen kişä niýetlän ähli söýgimi okuwçylaryma berýärdim.

***

Guşadasy, 1-nji dekabr. Ynha, birnäçe günden bäri «uruş» diýen söz hiç kimiň dilinden düşenok. Ähli küýüm-köçäm mekdepde bolansoň, ilkibada muňa üns bermedim. Ýöne bu gün şäher durşy bilen başagaýlyk: uruş yglan edilipdir.

***

Guşadasy, 15-nji dekabr. Urşuň başlananyna ýarym aý boldy. Her gün ýerli hassahana ýaralylary getirýärler. Mekdebim ýas tutýar. Okuwçylarymyň hersiniň diýen ýaly bir hossary: ýa kakasy, ýa-da dogany goşunda. Biçäre çagalar bolup geçýän zatlaryň elhençliklerine, elbetde, düşünenok, ýöne edil ulyliňki ýaly, olaryňam ýüzi salyk, gam-gussaly.

***

Guşadasy, 16-njy dekabr. Eý, toba, beýle-de bir erbetlik bolar ekeni! Şu gün serkerdeleriň buýrugy bilen mekdebimizi wagtlaýyn harby hassahana öwürdiler. Nätseler, şeýtsinler. Maňa parhy ýok. Ýöne mekdep açylýança, täzeden işläp başlaýançam näme etmeli? Wagtymy nädip geçirmeli?

***

Guşadasy, 24-nji dekabr. Şu gün mekdebe kitap almaga bardym. Ol ýer şeýlebir bulam-bujarlykdy welin, kitab-a däl, adam ýitse-de, tapjak gümanyň ýokdy. Ähli zady näme bolsa, şol bolsuna urmaly boldum. Şepagat uýalarynyň biri: — Geliň, baş lukmandan sorap göreliň. Ol birnäçe kitaby ýygnatdy öýdýän — diýip, gapylaryň birini açdy. Otag çüýşelerden, sargylardan, derman gutularyndan doludy. Baş lukman penjegini çykaryp, ýeňini çermäp, otagy tertibe salýardy. Ol bize tarap arkasyny öwrüp durdy; diňe onuň boýny hem çal saçy görünýärdi. Şu pursatda kitaplar barada soramagam gelşiksizdi. Şepagat uýasynyň ýeňinden çekip:

— Gerek däl — diýdim. Emma ol maňa üns bermedi:

— Beý ependi, siz fransuzça suratly kitaplary tapypdyňyz. Olar niredekä? Goja lukman birdenkä gaharlandy. Ol, hatda oňa tarap öwrülmedem, ýöne gödek sögündi welin, ýüzümi ýapyp, gaçyp gitjek boldum. Onýança lukman yzyna gaňrylyp:

— Wiý, körpeje, ýene senmi? — diýip seslendi. Oňa gözüm düşüp, menem saklanybilmän:

— Lukman beý, siz Zeýnilere-de barypdyňyz-a?.. — diýip gygyrdym. Dogrudanam, men gygyrypdym. Lukman çüýşeleri ýykyşdyryp ýanyma geldi, elimden tutup, kellämi özüne dartdy-da çarşabymyň üstünden saçymy öpdi. Biz bary-ýogy bir gün, hatda ondan hem az, birnäçe sagat görşüpdik. Emma nähilidir içki mähir bizi birek-birek bilen baglanyşdyrýardy. Ynha, iki ýyldan soň bolsa biz edil ýegre dostlar, has dogrusy, ataly-gyz ýaly, bir-birimize okduryldyk. Nätjek? Ynsan kalby — düşünerden zyýat bir närse-dä!.. Haýrullah beý, edil Zeýnilerde bolşy ýaly, menden:

— Hany, aýt, garagol, saňa bu ýerde näme gerek? — diýip sorady. Onuň çaganyňky ýaly mawy, dury gözleri ak kirpikleriniň astynda täsin ýalpyldaýardy. Zeýnilerdäkim ýaly ýüzüne gülümsiräp bakdym-da:

— Siz mugallymadygymy bilýäňiz ahyryn, lukman beý. Ýurdy söküp ýörendirin. Ynha, indem şu ýere bellediler — diýdim.

Ol bütin durmuşymy, ýüregimde gopýan ähli harasatlary bilýän ýaly:

— Balam, henizem hiç hili habar alaňokmy? — diýip sorady. Ýüzüme sowuk suw serpilen ýaly, tisginip gitdim, geň galýan kişi bolup, gözümi gyrpyldatdym:

— Kimden, lukman beý? Lukman gaşlaryny çytyp, barmaklaryny çommaltdy:

— Näme üçin maňa ýalan sözleýäň, köşegim? Seniň dodaklaryň ýalan sözlemäni öwrenipdir. Ýöne gözleriň, ýüzüň-ä galplygy bilýäne meňzänok. Kimiň gürrüňini edýän? Seni bir ýerden başga bir ile gitmäge mejbur edýän adam hakda diýýärin... Egnimi ýygryp güldüm.

— Ýagny bilim ministrligi diýjek bolýarsyňyzmy? Mugallyma diýeniň öz ýurdunyň çagalaryna hyzmat etmelidigini siz bilýäňiz ahyryn. Lukman edil Zeýnilerdäki ýaly, ýene sözlerimiň hakdygyna şübhelendi. Onuň delilleri meni diýseň gynandyrdy, olary sözme-söz diýen ýaly ýat tutdum.

— Şu ýaşdamy?.. Şeýle görküň bilenmi?.. Goý, şeýle bolsun, köşegim, goý, şeýle bolsun! Diňe gödek bolmasaň bolýa... Lukman öz dermanlaryny, menem öz kitaplarymy unutdyk. Biz gürrüňimizi dowam etdik:

— Diýmek, sen bu mekdepde mugallymçylyk edýäňdä? Şeýlemi?

— Mekdebimizi almagyňyz-a gowy däl, lukman beý!

— Başga zadyň pikirini edýän. Saňa şepagat uýasy hünärini öwreden obamyň adyna näme diýýändirler? Ýadyňdamy? Indem maňa kömekleşersiňmi? Aslynda seretseň, bu ýerde uly bir tapawudam ýok: seňkiler-ä kiçijik maýmynjyklar, meňkiler bolsa eziz aýyjyklar, diýmek, bularyň ikisiniň-de ruhy bir-birlerine örän meňzeş. Olar açyk göwünli, sada, päk ýürekli. Döwre görä! Uruş. Aýyjyklaryma delalat etmek asylly işdir, köşegim... Ol oslagsyz ýylgyryp goýberdi weli, şatlykdan ýaňa ýüküm ýeňlän ýaly boldy. Hawa, hawa, goý, güýjümi, söýgimi bagyşlap biljek işim bolsa bolýar...

— Men razy, lukman beý. Haçan diýseňiz, men taýýar.

— Edil häziriň özünde başlaber. Sered-ä bu ýeri nädipdirler? Eli bilen däl-de, hamala... Lukman ýene paýyş sözleri agzyna aldy. Men utanyp:

— Lukman beý, men razy, ýöne bir şert bilen, siz ýanymda dikdüşdi serkerde ýaly, paýyş sögünmäň.

— Sögünmejek borun, gyzjagazym, jan ederin — diýip, lukman gülümsiredi.

— Ýöne birden agzymdan sypaýsa, bagyşlarsyň-da... Lukman ikimiz agşama çenli hassahanany tertibe saldyk, bize habar berişlerine görä, ertir gelmeli ýaralylary kabul etmäge taýynlandyk.

***

Guşadasy, 26-njy dekabr. Bir aý bäri Haýrullah beýiň ýanynda şepagat uýasy bolup işleýärin. Uruş gidip dur. Hassahana ýaralylar, yzy üzülmän getirilýär. Iş aşa köp bolansoň käte öýe ýatmaga-da gaýdyp bilemok. Düýn uzynly gije ýaşy bir çene baran ýaraly ýüzbaşa seretmeli boldum. Daň atyp barýarka, ýadawlykdan dermanhana otagynda oturgyçda oturan ýerimde uklap galypdyryn. Ukynyň arasynda biriniň eliniň egnime degýänligini duýdum. Gözümi açsam — lukman Haýrullah beý. Ol üşemezim ýaly emaý bilen üstüme ýeňiljek ýorgan atdy. Lukmanyň mawy gözleri mähirli ýylgyrýardy. Ýöne Aýyň ýşygyna onuň ýüzi öçügsiden argyn görünýärdi.

— Ýat, gyzym, arkaýyn ýat... Bu sözler maňa hoş ýakýardy. Bir zatlar diýip jogap beresim, lukmana hoşallygymy bildiresim geldi, emma ýadawlykdyr uky bürüp barýardy. Diňe gülümsiredimde, gözlerimi ýene ýumdum. Goja lukmany iki uly kemçiliginiň bardygyna garamazdan, örän gowy görýärdim. Olaryň biri: goja paýyş sözleri ulanýardy. Dogry, onuň töweregindäkiler muňa mynasypdylaram, ýöne ol bisyýak sözleri aýtmaga tutarykmyka? Käte onuň dilinden çykýan sözleri eşidenimde ýanyndan gaçýaryn, telim günläp onuň ýüzüne-de bakmazdym. Aýybyny lukmanyň özi hem bilýär.

— Üns berme, köşegim! Esger durmuşy-da bu — diýýär. Haýrullah beý sadaja puşmanlykdyr utanjaňlygy üçin günäsi geçilýän çaga ýalydy. Onuň beýleki kemi, meniňçe, birinjisinden-de elhençdi. Bu gödek kişiniň içiňe-bagryňa girip bilşine haýranlar galaýmalydy. Ol adamlaryň öz-özünden gizleýän syrlaryny hem aýtdyrmaga ökdedi. Hiç kime syrymy açmasam-da, ol başdan geçiren zatlarymyň köpüsini bilýär. Oňa ähli zady gürrüň berenimem bilmändirin. Ol käte menden ony-muny soranda köplenç örän gysgadan gurak jogap bererdim. Lukman şeýdip, her sözden many alyp, ähli zadyň aňyrsyna ýetipdir. Haýrullah beý ýekedi. Ol ýigrimi bäş ýyl mundan ozal öýlenen

ekeni. Bir ýyl geçip-geçmänkä-de, aýaly garahassadan ýogalypdyr. Şondan bäri Haýrullah beý ýeke ýaşaýar. Lukman Rodosda doglupdyr. Guşadasynda onuň çaklaňja mülki bar. Gepiň keltesi, bu adam polkownik aýlygyna mätäç däl. Ol öz hasabyna näsaglara has köp pul harçlaýar. Mysal üçin, düýn ýaraly esgeriň öýünden gelen haty okap berdim. Garry ene açlyk-mätäçlik zerarly çagalaryň gedaýçylyk edýänligini ýazypdyr. Esger bulary eşidenden uludan agyr demini aldy. Haýrullah beý gapdalda bir ýarala seredip durdy. Birdenem ol yzyna gaňrylyp:

— Bolaýypdyr! Gedaýlary köpeltjekdigiňiz barada oýlanmadyňyzmy? — diýdi. Lukmanyň awuly degişmesi ýüregime ok bolup sanjyldy. Eger bu hassalaryň ýanynda bolmadyk bolsa, lukmanyň almytyny hökman bererdim. Birsalymdan hat hakynda onuň özi dil açaýdy:

— Köşek, şol aýyjygyň ejesiniň öý salgysyny bil. Bäş-on lira ibereli. Çak edişime görä, lukman goşunda wezipedir pul üçin gulluk etmeýärdi. Onuň bar derdi-aladasy, «meniň gadyrly aýyjyklarym» diýip, dilinden düşürmeýän garyp, biçäre esgerleridi. Ýöne onuň, göýä, bir aýyp iş edýän ýaly, esgerleri gowy görýändigini näme üçin gizlejek bolýandygyna welin, hiç düşünemokdym.

***

Guşadasy, 28-nji ýanwar. Şu gün ir bilen hassahana gelenimde dört sany ýaraly serkerdäniň getirilendigini aýtdylar. Şepagat uýalary meni Haýrullah beý gözledi diýdiler. Her gezek çylşyrymly operasiýa edilende lukman hemişe diňe meni kömekçi alardy. Ol:

— Köşegim, elbetde, beýle elhenç zatlary saňa gözkezmek gelşiklem däl welin, senden ygtybarlysy bolmasa nätjek! Beýlekiler gaharymy getirýär, onsoň olara gygyrmaly bolýan, şondan soň edenim bolanok — diýýärdi. Derrew çarşabymy aýryp, ýektaýymy geýdim. Ýöne gijä galan ekenim: operasiýa tamamlanyp, ýaralyny zemmere salyp, ýokarky otaga alyp gitdiler. Lukman:

— Köşek, biz bu ýerde sensiz tikin etdik (ol operasiýany, adatça, şeýle atlandyrýardy). Ýaşajyk müňbaşy... El partlaýjysy ýarylyp, onuň sag goluna, ýüzüne beter zeper ýetiripdir. Ol häzir meniň otagymda ýatyr. Sen oňa seretmeli bolarsyň. Biçärä kömek, ideg etmeli — diýdi. Biz lukmanyň otagyna girdik. Ýatalgada kellesidir goly saralgy ýaraly gymyldysyz ýatyrdy. Diňe sag ýaňagy bilen eňegi saralgy däldi. Onuň ýüzi tanyş göründi, ýöne sargydan ýaňa ony tanamak kyndy. Haýrullah beý ýaralynyň çep elini eline aldy-da, damar urşuny barlady, soňam oňa tarap eglip:

— Yhsan beý... Yhsan beý... — diýdi. Meni şol bada ýyldyrym uran ýaly boldy: Ol Ç.-de Abdyrahym paşanyň öýünde tanşan ýüzbaşym ahyryn. Bir ädim yza çekildim, otagdan çykyp gidesim geldi, indi meni bu adamyň ýanyna ugratmazlygyny lukmandan haýyş etmekçi boldum. Onýança hassa gözüni açdy, maňa seredenden tanady. Göwnüme bolmasa, ol gözlerine ynanmaýan ýalydy. Ýaralalandan bäri, gör, ol näçe gezek huşundan gidendir, sandyrap ýa bihuş çagy, gör, näçe gezek elhenç düýşleri gördükä? Hawa, onuň ümezläp duran nazaryndan öňünde duranyň mendigime ynanyp bilmeýändigini aňdym. Ol gany gaçan dodaklaryny kemşerdip, çalaja ýylgyrdy-da, ýene gözlerini ýumdy. Yhsan beý! Birnäçe aý mundan ozal käbir adamlar meni goraýjak kakamyň-da, doganymyň-da ýokdugyndan peýdalanyp, gije keýp çekilýän ýere eltdiler. Ç.-den gaýdanymda, ýüzümi ýapyp, sürgüne iberilýän adaty bozuk aýal ýaly boýun sunup, kemsidilmä ýanyp-bişipdim. Dünýä birehim jepalardan doly ýalydy, özümem şol birehim ykbala, täleýime kaýyl bolmaly ýalydym. Şonda siz maňa arka durup, asyllydygyňyzy görkezdiňiz, gulluk wezipäňizi, geljegiňizi, hatda ömrüňizi hem orta goýup, meni goradyňyz. Ynha, indem hasratly ýagdaý bizi ýene duşurdy. Men gaçmaryn-da, şeýle agyr günde edil uýaňyz ýaly bolup, size ideg ederin... *** Guşadasy, 7-nji fewral. Yhsan beýiň ýarasy onçakly howply däl. Bir aýdan aýak üstüne galar. Ýöne ýüzünde welin, sag gaşyndan başlap, tä eňegine çenli bütin ýüzüni kesip geçýän elhenç yz galar. Haýrullah beý ýaralynyň sargysyny çalşyranynda ýanyny alyp duramokdym. Ol ýüregimiň dözmezliginden däl-de (her gün mundan has beter ýaralary-da görmeli bolýardy), bakyşymyň onuň derdini tyg urlandan-da beter artdyrýanlygyny

bilýärdim. Biçäre hassahanadan nähili bedroý ýagdaýda çykjakdygyny bilýärdi. Ol muny aç-açan aýtmasa-da, onuň ejir çekýän bolmagy mümkin. Lukman:

— Ýaş ýigit, azajyk tagapyl ediň. Ýene ýigrimi günden sen tut ýaly sagalarsyň — diýip, teselli berýärdi, emma bu sözler Yhsan beýi has-da ruhdan düşürýärdi. Ýarala ýürek mähirimi siňdirýärdim, diňe onuň derdi ýeňlese bolýar diýýärdim. Oňa kitap okaýardym, käte bolsa, hatda erteki hem aýdyp berýärdim. Hawa, biçäre dymýardy, ýöne onuň ejir çekýänligini, mydama bedroý ýüzi barada pikir edýändigini aňýardym. Käte ony köşeşdirjek bolup, mekirlige ýüz urýardym, gürrüňi düýpden başga zatlara sowýardym, söz arasynda, ýüzüň owadanlygy ýaly bimany, hatda zyýanly zadyň ýokdugy barada, hakyky owadanlygy adamyň kalbyndan, ýüreginden gözlemelidigi barada gep açýardym.

***

Guşadasy, 25-nji fewral. Yhsan beý çaklaýşymyzdan has ir sagaldy. Şu gün ir bilen onuň otagyna süýtli çaý eltip berenimde ol geýnüwli eken. Abdyrahym paşanyň bagynda gören görmegeý merdemsi ýüzbaşyny ýatlanymy duýman galdym. Häzir bolsa alnymda halys tapdan düşen, hassa adam durdy. Onuň inçejik boýny, göwnüňe bolmasa, müňbaşy köýneginiň giň ýakasyndan sallanyp duran ýalydy. Ol aýyp bir iş bolan dek, ýüzündäki çapyk yzyndan utanýardy. Bu şol syratly serkerdemikä?..

Megerem, gyýylmamy gizläp bilen däldirin, şonuň üçin muny başga bir zada syrykdyryp, gaharlanýan kişi boldum.

— Oglanlyk etmäňiz näme, Yhsan beý? Siz entek gutulaňzok ahyryn! Näme üçin geýindiňiz? Serkerde ýüzüni sallap:

— Ýatmak adamy beter näsag edýär — diýip jogap berdi. Dymyşlyk aralaşdy. Soň Yhsan beý gaharyny basmarlamakçy bolýan ýaly:

— Men gaýtmakçy. Ýagdaýym gowulaşdy. Sagaldym — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Gyýylmadan ýaňa ýüregime iňňe sanjylan ýaly boldy. Gürrüňi degişmä ýazdyrmakçy boldum:

— Yhsan beý, görýän welin, maňa gulak asasyňyz gelenok öýdýän. Sizde esger hötjetligiňiz oýanan bolara çemeli. Ýöne bilip goýuň, men muňa garşy, onsoňam baryny lukmanyňyza aýdaryn. Goý, ol birneme suwuňyza degsin! Siz şond-a bilerdiňiz... Mejimäni taşladym-da, çykyp gitdim. Ýöne lukmany çagyrmaga gitmändim.

***

25-nji fewral (agşamara). Lukman bilen harçaňlaşdym. Ýöne bu gulluk wagty däldi. Ol halys çenden çykýardy: ol beýlekileriň işine juda köp gatyşýardy. Biz ýap-ýaňy Yhsan beý barada gürleşipdik. Men ýaş müňbaşynyň persala bolan ýüzüniň juda gynandyrýandygyny aýtdym. Haýrullah beý dodaklaryny gyşardyp:

— Ol mamla. Özüm onuň ýerine bolsam, deňze gark bolardym. Onuň mysalasy diňe balyklara şam bolmaga ýaraýmasa, başga zada ýarajak däl — diýip jogap berdi. Ýüzüm gyzyp gitdi.

— Lukman beý, siz barada men düýpden başgaça pikirdedim. Kalbyň gözelliginiň ýanynda ýüzüň owadanlygy dagy nämedir! Haýrullah beý loh-loh güldi-de, maňa degip başlady:

— Köşegim, bularyň bary gury söz. Şeýle mysalaly adamyň töweregine baran tapylmaz. Aýratyn-da seniň ýaşyňdaky gyzlar... Şeýle diýdi-de, lukman öz mamladygyna gözüniň ýetikdigini nygtamakçy bolýan ýaly, eginlerini gysdy. Men garşy çykdym:

— Siz syrlarymy zor bilen diýen ýaly aýtdyrdyňyz, indem durmuşyma azda-kände belet bolduňyz. Görmegeý, onda-da juda görmegeý adaglym bardy. Ol meni aldady, şonuň üçinem ony

ýüregimden aýryp taşladym. Indem ony ýigrenýärin. Haýrullah beý ýene-de loh-loh edip güldi. Onuň ak kirpikli, gülümsireýän mawy gözleri kalbymyň törüne aralaşmakçy bolýan ýaly, maňa tarap gezeldi.

— Köşegim, gulak goý! Bu düýpden beýle däl. Hany, gözüme seret! Hany, indem ony söýemok diý!

— Men ony ýigrenýärin. Lukman alkymymdan aldy-da, gözlerime dikanlap seretmesini dowam etdirip:

— Wah, görgülije köşegim! Indi ençe ýyl bäri ol diýip ýanyp-bişýäň, edil şem ýaly ýanyp-bişýäň. Ol haýwan hem seniň bilen bile ýanyp-bişýär. Beýle söýgä ol hiç ýerde sataşyp bilmez — diýdi. Gaharyma ýarylara geldim.

— Beýle-de, bir elhenç töhmet bolar ekeni! Siz bu zatlary nireden bilýärsiňiz?

— Ýadyňa saljak bol... Muňa baryp Zeýnilerde duş gelen günüm düşündim. Gizlejek bolup oturmaň haýry ýok. Söýgi diýilýän zat çaga gözleriňden ýaş kimin paýrap akýar. Gözlerimiň öňi ümezläp, gulaklarym şaňlap gitdi, lukman bolsa şol gürläp otyrdy:

— Sen hemmelerden üýtgeşik. Sen hemmelere, bar zada keseki! Ýylgyryşyň hem gamly, ajy, şeýdip, diňe ukuda ýatan adam ýylgyrýar. Muny göremde, köşegim, ýüregim para-para bolup gidýär. Seň ýaradylyşyň hem illeriňkiden üýtgeşik. Il içinde jadyly posadan dünýä inip, jadyly posalar bilenem ösdürilip ýetişdirilen periler barada gürrüň bardyr. Özi hem ol toslama däldir. Beýle janly-jandar durmuşda-da bardyr. Sen hem şolaryň birisiň, Feride jan. Sen söýmek-söýülmek üçin doglansyň. Ah, dälije gyzjagaz! Sen nähak edipsiň. Sen ol kemakyl ýigidi hiç taşlamaly däl ekeniň. Şonda seň bagtyň hökman açylardy. Men ýarym-ýaş bolup, aýaklarymy tapyrdadyp:

— Siz bu zatlary näme üçin aýdýarsyňyz? Menden size näme gerek? — diýdim. Şondan soň lukman aýňalyp, meni köşeşdirmäge durdy.

— Dogry aýdýaň, köşegim, sen mamla. Bu zatlary saňa aýtmaly däldim. Ýöne samsyklyk ediläýýär-dä. Günämi öt, köşegim! Emma men gahar-gazapdan ýaňa näme edip — näme goýýanlygymy hem bilemokdym, şonuň üçin lukmana tarap seretmedimem.

— Ynha, görersiňiz! Ony söýmeýänligimi size subut ederin — diýdim-de, gapyny jarkyldadyp çykyp gitdim.

***

Ýene 25-nji fewral, gije. Yhsan beýe çyra getirip berenimde, ol entek harby lybasdady, äpişgäniň öňünde Günüň deňziň üstünde ýaşyşyna syn edip duran ekeni. Men dymyşlygy bozmajak bolup ýuwaşja:

— Ähtimal, siz harby geýimiňize suwsan borly, ependim? — diýip soradym. Otagyň içi eýýäm alagaraňkylykdy. Bu alagaraňkylyk bolsa Yhsan beýi birneme ekezlendiripdi. Ol başyny ýaýkap, gamly ýylgyrdy-da, ilkinji gezek öz derdi barada aç-açan gürrüň etdi:

— Hanym ependi, siz harby geýim diýdiňizmi? Hawa, indi bar umyt şonda. Ol ýüzümi şunuň ýaly betnyşan etdi, indem betbagtlykdan meni diňe şol halas edip biler... Onuň aýdanlarynyň manysyna onçakly düşünip bilmämsoň, Yhsan beýe geňirgenip seretdim. Ol uludan demini aldy-da, gürrüňini dowam etdi:

— Feride hanym, bu ýerde düşünmez ýaly zat ýok. Hereket edýän goşuna gaýdyp bararyn, goý, el partlaýjynyň başlan işini uruş ahyryna çenli alyp gitsin... Menem nemeden dynaryn... Ýaş

müňbaşynyň juda ejir çekýänligi görnüp durdy. Onuň açyklygy çaga ýalydy. Oňa ýeňsämi öwürdim-de, çyrany ýakdym, emma şol sözlerden soň bildirmän otluçöpi üfedim-de, peltäni düzedýän kişi bolup, çyranyň üstüne egildim.

— Yhsan beý, beýle diýmäň. Siz isleseňiz, bagtyýar bolubilersiňiz... Gowy gyza öýlenersiňiz. Maşgala bolarsyňyz, çaga öner, şeýdibem ähli zat ýatdan çykar gider. Oňa ýeňsämi öwrüp durdum, emma onuň, öňküsi ýaly, maňa tarap seretmän, agşamky deňze syn edýändigini duýýardym.

— Feride hanym, eger ýüregiňiziň şeýle päkdigini bilmeýän bolsadym, siz üstümden gülýänsiňiz öýderdim. Beýle ýüz bilen men kime gerek? Üstümden gülünmän seredip bolunýan günlerim bir gyzyň göwnüni awlap bilmändim. Indi bolsa bedroý adam... Yhsan beý gürrüňi mundan artyk dowam etdirmek islemedi, birdem sesini çykarman durdy-da, özüni ele almakçy bolýan ýaly, sözüniň üstüni ýetirdi:

— Feride hanym, bularyň bary boş gürrüň. Bagyşlaň welin, çyrany ýakaýsaňyz näderkä? Ýene otluçöpi çakdym, emma elim wagty bilen peltä ýetmedi. Otluçöpüň ýylpyldysyna aňkaryp, onuň sönerine iňkisli garaşdym. Otagy ýene garaňkylyk gaplap aldy. Ýuwaşja gürläp:

— Yhsan beý, siz ozal namysjaň, özüne ynamly kişidiňiz. Başdan geçiren şowsuzlyklaryňyz hem, ýitirilen umytlaryňyz hem ýüregiňizi häzirkisi ýaly eserdeň edip bilmändi. Siz wezipäňizi, belkem, ömrüňizi hem orta goýup, ýaşajyk gyzy, başlangyç mekdebiň mugallymasyny gorapdyňyz. Ýöne şol wagt häzirkiňiz ýaly betbagt däldiňiz, muny gizläp oturmak nämä gerek? Derdiňize düşünýän!.. Näme üçin şol başlangyç mekdebiň biçäre mugallymasy bu gün öz ömrüni siziň bagtyýarlygyňyza bagyşlamaly dälmişin? — diýdim. Ýaraly müňbaşy naýynjar sesi bilen:

— Feride hanym! Näme üçin siz meni hasyl bolmajak arzuwlara atarýarsyňyz? Meni beýle betbagt etmäň ahyryn! — diýip jogap berdi. Men oňa tarap aýgytly öwrülip, ýüzümi salladym-da:

— Yhsan beý, haýyş edýän, siz maňa öýleniň! Meni kabul ediň. Siz meniň özüňizi bagtly edýändigimi görersiňiz. Ikimiz bagtly bolarys — diýdim. Gözlerimiň owalary ýaşdan doldy. Men garaňkynyň içinde müňbaşynyň ýüzüni aňşyryp bilmedim. Yhsan beý meniň elimi alyp, dodaklaryna ýetirdi, çekine-çekine barmaklarymyň ujundan öpdi. Bolany. Indi maňa ony söýýäň diýip aýtmaga hiç kesiň bogny ysmaz.

***

Guşadasy, 26-njy fewral. Kamran, şol günden bäri sen meniň üçin kesekä, diňe näkese öwrüldiň. Men seniň bilen hiç haçan ýüzbe-ýüz bolup duşuşmajakdygymyzy, bu dünýäde hiç haçan bir-birimize sataşmajakdygymyzy, bir-birimiziň sesimizi eşitmejekdigimizi bilýärdim. Emma, barybir, seniň gelinligiňdigimi ýüregimden sogrup taşlap bilemokdym. Näme edip, näme goýsam-da, näme diýsem-de, özümi saňa degişli bir zat hasap edýärdim. Öz-özüme buýrup bilemokdym. Onsoňam näme üçin ýalan sözlemelimiş? Ýigrenýänligime, gahar-gazaba münýänligime, garşylygyma, ähli çeken hupbatlaryma garamazdan, barybir, az-owlak seniňkidim. Muny ilkinji gezek şu gün irden, başga biriniň gelinligi hökmünde oýananymda duýup galdym. Näçe ýyllap seniň gelinligiň hökmünde gafat ukusynda ýatyp, bir günem başga biriniň gelinligi bolup oýanmak!.. Kamran, diňe şu gün irden seň bilen aýrylyşdym. Onsoňam nähili aýrylyşdym... Edil ýakymly ýatlamalary alyp gitmäge, taşlap gidýän zadyna iň soňky gezek gaňrylyp seretmäge hukugy bolmadyk betbagt bosgun ýaly aýrylyşdym!..

***

Meniň şeýleräk bir islegim bardy: ir bilen Yhsan beýi alyp, lukmanyň iş otagyna barmaly-da, oňa biziň nikalaşýandygymyzy habar bermeli. Göwnüme bolmasa, beýle waka üçin şepagat uýasynyň

hemişeki geýinýän ýektaýy juda sadady, onuň durmuşa çykjak bolýan ýigidiniň lapyny keç etmegi mümkindi. Bagda inçejik çyrmaşyk ösüp otyrdy. Ondan çemenjik bogup, döşüme dakdym. Şol gün ir bilen Yhsan beýe ýene geýnen halda sataşdym. Ol meni görüp, çaga ýaly müýnli ýylgyrdy. Ony şu günden başlap bagtyýar etmegiň meniň borjumdygy barada oýlanyp başladym. Şähdaçyk görünjek bolup, oňa ellerimi uzatdym.

— Bonžur, Yhsan beý — diýdim-de, çemenjigimden birnäçe şahajygy ýolup aldym-da, olary onuň harby geýimine gysdyrdym.

— Şu gije rahat ýatansyňyz diýip tama edýärin?

— Örän rahat ýatdym. Eýse, siz?

— Edil ýaňy bolan çaga ýaly, şadyýan hem-de rahat ýatdym.

— Beýle bolsa, näme üçin ýüzüňiz solgun-la?

— Bagtyýarlyk hem adamyň ýüzüni soluk görkezip biler. Biz dymyşdyk. Yhsan beýiň dodaklary esgi ýaly akdy. Biraz dymyşlykdan soň, ol sakyna-sakyna, sesiniň sandyraýanyny bildirmejek bolup, çekinjeňlik bilen gürrüňe başlady:

— Feride hanym, ömrylla size minnetdardyryn. Siz meniň üçin bu gijäni şeýlebir ýakymly gijä öwürdiňiz welin, bagtyýar zamanlarymda-da beýle bolmandy. Ýap-ýaňyja size ýalan sözledim. Bu gün daň atynça ýatman çykdym. Siziň: «Haýyş edýän. Siz maňa öýleniň...» diýen sözleriňiz şol gulagyma geldi durdy. Meniň çirimem etmedigimiň sebäbi, öýlenýän ýigit hökmünde beýle ýeke-täk bagtyýar gijäniň bir minutyny dagysyny hem ýitirmeli däldi. Sag boluň. Muny ölinçäm ýadymdan çykarmaryn. Yhsan beýiň ýüzüne seretdim-de:

— Men sizi baky bagtyýar ederin — diýdim. Ýaş ýigit tolgundy. Ol ellerimi elleriniň arasyna almakçy boldy, emma ýürek etmedi. Ol edil nähoş çaga ýüzlenýän ýaly, näzijek, ýakymly sesi bilen:

— Ýok, Feride hanym, şu günki gijäniň «ertesiniň» bolmajagyna düşünýärin. Diýseň hoşwagt boldum. Ýöne, barybir, sanlyja sagatdan giderin, siz bilen hoşlaşaryn — diýdi.

— Näme üçin, Yhsan beý? Siz menden ýüz öwürýäňizmi? Munyňyz-a gelşikli däl. Umydygär edibem gidibermek bolarmy? Bu, heý, bolýan zatmydyr? Serkerde arkasyny diwara söýäp, gözlerini ýumdy-da uludan demini aldy:

— Wah, bu sesi diýsene... — diýip, ol tisginip gitdi, agraslyk bilen:

— Ýene bir az tagapyl etseňiz, maňa bildiren merhemetiňiz, hakykatdan-da, sizi meni söýýänsiňiz diýip pikir etmäge mejbur eder — diýdi.

— Ýogsam näme, Yhsan beý? Eger siz bilen ýazylyşjak bolýan bolsam, diýmek, munuň öz sebäbi bolmaly. Yhsan beý muňa ajymtyk kinaýa bilen jogap berdi:

— Hawa-da, eger siz maňa durmuşa çykmakçy bolýan bolsaňyz, diýmek, siz meni söýýän bolmaly. Ýöne men siziň beýdip söýeriňizi islämok... Feride hanym, siz biziň nikalaşmagymyzyň bolup biljek zatdygyna, hakykatdan-da, ynanýarmysyňyz? — ...........

— Feride hanym, siz, dogrudan hem, sadaka kabul eder ýaly, meni juda pes adam diýip pikir edýärsiňizmi? Çünki siziň maňa garaýşyňyzda betbagt maýyba gynanmakdan başga hiç zat ýok ahyryn... Bimöçber gussa düşüp, başymy aşak saldym.

— Siz mamla. Biziň ikimizem betbagt adam. Iki derdi goşsaň, bagt emele geler diýip pikir edipdim... Bu ýalňyş ekeni.

— Şeýle diýdim-de, diwarda asylgy duran gylyjy görkezip, sözümi dowam etdim:

— Her näme diýseňem, size teselli berýän zat bar, olam urşa gaýdyp barmak. Men zenan maşgala. Size görä, men has betbagt...

***

Gyşyň sowuk säherleriniň biridi. Öýlenjek ýigit bilen durmuşa çykjak gyz bir-biriniň garşysynda durdy. Olaryň hersiniň döşünde sary çyrmaşygyň inçejik şahalaryndan ýasalan çemenjik, dodaklarynda bolsa ýasama ýylgyryş, edil şu iglije ösümlik ýaly, ýasama ýylgyryş bardy. Ine, şeýdip, olar on minutdan soň gözi ýaşly betbagt agasy we ýalňyz galan uýasy ýaly bolup hoşlaşdylar.

***

Guşadasy, 2-nji aprel. Üç gün mundan ozal bize mekdebi gaýtaryp berdiler. Bäş aýa çeken arakesmeden soň, sapaklar başlandy. Ýöne indi nämä gerek? Eýýäm ýyl tamamlanyp barýar. Bahar. Günüň ýiti şöhleleri synp otaglaryna düşüp, diwarlarda egrem-bugram ýaşyl zolajyklar gaýmalaşýardy, olar Ortaýer deňziniň aýna ýaly tekiz suwuna düşýän ýylpyldylardy. Çagalaryň hem, ulularyň hem iş höwesi ýokdy. Uly mugallymanyň, kes-kelläm, Guşadasynda galasy gelenokdy. Bir aý mundan ozal ony başga bir şähere geçiripdiler. Onuň ýerine bolsa meni belläpdiler. Uly mugallymanyň ozalky wezipesini ýatyryp, oňa deregem müdir wezipesini girizdiler. Ýöne muňa begenip duramok, kärdeş mugallymalarym maňa eýýäm gyýa bakyp ugrapdylar. Olar örän medeniýetli, sowatly adamlar-a däldi, ýöne her näme bolsa-da, olaryň ýaşyna sarpa goýmalydy: olaryň her biriniň gerdeninde, Magaryf ministrliginiň emeldarlarynyň dili bilen aýdanyňda, on bäş-ýigrimi ýyllyk iş tejribesi bardy. Bir gün gyzym ýaly bir kiçijik gyzjagazy üstümden hojaýyn edip goýsalar, meger, menem gatyrgansam gatyrganardym. Martyň başlarynda Haýrullah beýi nepaga ugratdylar. Ol barly adam bolansoň, aýlyga mätäç däldi. Ýöne bu ony birneme gynandyrdy.

— Ine, şu ellerim bilen men, gör, näçe gezek, aýyjyklaryň gözlerini ýumdurypdym. Olaryň hem gözlerimi ýumduryp, olaryň hem iň soňky ýoluma ugratmaklaryny arzuw edýärdim. Bolmady... Haýrullah beý ýaşlygyny ylma bagyşlapdyr, ol dürli bilimleriň giden bir hazynasydy. Dünýäde kitapdan başga peýdasyz zat ýok, kitap ýazýanlaram, olary okaýanlaram durmuşda hiç zada düşünmeýän paňkelle adamlardyr diýip, hernäçe hetjiklese-de, onuň öýünde ägirt uly kitaphanasy bardy. Düýn ony ynandyryjy bir delil bilen haýran galdyrmak üçin:

— Ýagşy, onda näme üçin özüňiz hem şeýle köp okaýarsyňyz, meni hem şu ýola itekleýärsiňiz? — diýdim. Şeýle saldamly delil islendik adamy özüne getirip bilmelidi. Emma Haýrullah beý birjik-de aljyramady, gaýtam, üstesine, loh-loh edip güldi-de:

— Köşegim, sen juda jaýdar aýtdyň. Emma seni maňa ynanmaga mejbur edýän adam barmy näme? — diýdi. Bu goja lukmana düşünýän däldirin. Ol eziz görýän zatlarynyň baryna garşy çykýar. Ol maňa käýinse-de, meni ozalkysyndan has gowy görýänligini duýýaryn. Haýrullah beý gullukdan gideninden soň, uzynly gününi öýünde kitap okap geçirýär. Käte bolsa goşundan ýadygär galan äpet ädigini geýip, žandarm ýaly, egninden tüpeňini asyp, Düldüline (bu onuň iň gowy görýän dor ýabysydy) atlanyp, obalara daýhanlaryň derdine em etmäge çykýar. Öýde onuň segsen ýaşly enekesi bilen onbaşy diýip atlandyrýan garry bagbany galýar. Üç gün mundan ozal lukman Munise ikimizi myhmançylyga çagyrdy. Onuň şähdi açykdy. Onuň kitaplaryny dörüp ugradym, ol bolsa Munise bilen oýnap başlady, agraslyk bilen oňa dürli buýruklar berdi. Olara seredip oturyşyma, gülüp-gülüp, içim gyryldy.

— Indi bolsa ikimiz gizlenpeçek oýnaly — diýip, lukman seslendi.

— Diňe, bilip goý, geçmesi kyn ýerde gizleniji bolma! Barmak boýly göwräň bilen bir ýere girersiň welin, onsoň uzynly gün gözläp ýörmeli bolar. Eger birden sen meni uzak wagtlap gözlemeli bolsaň, sen geň-taň görüp oturmagyn, diýmek, bir gizlençek ýerde uklap galandyryn... Ýene birnäçe günden Munisä çarşab geýdirerin. Ol on dördüni doldurýar. Onuň boýy eýýäm meniňkiçe bar. Eýjejigim, edil bägül ýaly, ösüp gelýär. Onuň saçlary saman reňk sary, ýüzi ap-akja, gözleri göm-gök, özem ýagta görä birsyhly üýtgäp dur — ir bilen bir hili bolsa, öýlänler başga hili. Munise ýylgyranda ýaňaklarynda bägül açylýan, aglanynda gözlerinden dür seçilýän perä çalym edýär. Haýrullah beý çarşaba, kes-kelläm, garşy. Gyzjagazyň entek kiçijikdigini özümem bilýän welin, nätjek? Gorkmanam duramok. Tanyşlarymyň käbiri: «Feride, saňa Munisäni erkek kişilerden gizläre wagt boldy, ýogsam seň wagtyndan öň gaýynene bolaýmagyň ahmal» diýişýärler. Ýüregim ynjalanok. Men hem begenýän, hem gynanýan. Gaýyneneler yzgytsyz bolýarlar diýip, ýöne ýere aýdanoklar. Düýn biz mekdepden gaýdyp gelýärkäk, köçäniň beýleki tarapyndan gelýän on alty-on ýedi ýaşly görmegeý okuwça gözüm düşdi. Ýigidiň bize tarap seredişi maňa geň göründi. Bildirmän Munisäni synladym. Bir görsem, bisyrat sary içýan gözastyndan ýaş ýigide ýylgyryp gelýän bolsa nätjek. Şeýlebir haýran bolupdyryn welin, tas köçäniň ugrunda özümden giden ekenim. Bezzatjygyň elinden silterledim-de, oňa igenip başladym. Munise hiç zady boýun almady, emma oňa çigit ýalyjak-da ynanmaýandygyma göz ýetirip, aglan kişi boldy. Mekirje diýsänim! Ol meniň gözýaşlaryna döz gelip bilmejekdigimi, meniňem möňňürip ugraýmagymyň mümkindigini bilip durdy.

— Saňa nähili temmi bermelidigini bilýän! Bazardan ýaşyl ýüpek satyn alyp, saňa çarşab tikip ýörün — diýdim. Şu gün irden Munise ikimiz ýene gülýagynyň üstünde gygyryşdyk. Birnäçe aý mundan ozal bir gürrüňçilikde, gepiň gerdişine görä, gülýagyny diýseň gowy görýänligimi agzadym. Üç günden soň goja lukman bir ýerden kiçijik bir çüýşä salyp, şol ýagy alyp geldi. Ony juda tygşytly tutup, her damjasyny eşrepi ýaly görýärin. Emma meniň garagoljam edil akylyndan azaşan ýaly. Ony bir sagatlyk öýde goýup gitdigiň, otaglar burk urup ugraýar. Oňa käýinip başlasam, ol bolsa: «Abajygym, alamok, Alla bar!» diýip, kes-kelläm ret edýär.

***

Guşadasy, 5-nji maý. Bir gün ir bilen Munise ukudan hassa, bihal oýandy. Gözleri gyzaryp, meňzi soluk görünýärdi. Mekdepde işim başymdan agdyk bolansoň, öýde galyp biljek däldim. Goňşy kempirden näsaga göz-gulak bolmagy haýyş edip, lukmany çagyrmaga howlukdym. Emma meniňki ugruna bolmady: ýarym sagat mundan ozal ol Düldüline atlanyp, obalaryň birine giden ekeni. Öýe gaýdyp gelenimde, Munise öňküsi ýaly, düşekde ýatyrdy. Goňşym (köp sagbolsun) ir ertirden giç agşama çenli onuň ýanyndan aýrylmandyr, ýatalganyň golaýynda oturyp, jorap örüpdir. Munisäniň gyzgyny galyp, kellesi ot ýaly ýanýardy. Sesi bogulyp, üsgülewügi güýjäpdi. Gyzjagaz dem almasynyň kynlygyny aýtdy. Onuň bokurdagyna seretjek bolup, agzyny açdyrdym. Birdenem barmaklarymyň gaty çişe degýänligini duýdum. Kiçi diliniň töwereginde ak gabarçyklar göründi. Munisäniň gözleriniň ýanynda tutup duran çyramyň yşygyna onuň gözleri gamaşyp başlady. Gyzjagaz aladalanýanlygymyň üstünden gülýän ýaly:

— Üsgürenimde näme, abajygym!.. Gorkar ýaly hiç zat ýok. Zeýnilerdekäk hem sowuklapdym... Ýadyňdan çykaraýdyňmy? — diýdi. Munise mamlady. Eýsem, Zeýnilerde ony garyň içinde tapan gijämizden soň, ol üsgürmänmidi näme?.. Çagalar ýygy-ýygydan sowuklagan bolýarlar. Bu ýerde gorkara näme bar?.. Meni diňe bir zat biynjalyk edýärdi: lukman bilen maslahatlaşyp bilemokdym. Ýap-ýaňyja onbaşy gelip gitdi, ol hojaýynynyň obada galandygyny aýtdy. Enşalla, ol gaýdyp gelinçä, eýjejigim hem gutular.

***

Guşadasy, 18-nji iýul. Şu gün ir bilen hasaplap görsem, gyzjagazymy depin edenimizden bäri göni ýetmiş üç gün geçen ekeni. Men kem-kemden munuň bilenem öwrenişip başlaýaryn, agyr ýitgä boýun bolup ugraýaryn. Adam pahyryň görmeýän görgüsi ýok-da. Gündiz biz goja lukman bilen deňziň çägesöw kenarynda gezim etdik. Şirmaýy balykgulaklaryny, ýülmek daşjagazlary çöpläp, olary suwuň ýüzünde typdyryp zyňyşdyrýardym. Haýrullah beý çaga ýaly begenýärdi. Onuň ak kirpikleriniň astyndaky türkana mawy gözleri gülümsiräp durdy. Ol:

— Eý, ýaşlyk! — diýdi-de, sözüni dowam etdi.

— Hudaýa şükür, biz bu derdi hem sag-aman ýeňdik. Bilip goý, seniň ýüzüň reňki durlanyp, öňki katdyna geldi, ýene şähdiň açylyp ugrady. Men ýylgyrdym:

— Geň göresi zat barmy näme? Siz ýaly lukmanym barka, bu tebigy zat dälmi näme? Haýrullah beý ýuwaşja başyny ýaýkady:

— Ýok, köşegim, tebigy zat däl. Bularyň bary: lukmanyň hünäri-de, adamlar ýaly, kitaplar ýaly, hakykat ýaly, wepalylyk ýaly — soňy bolmadyk boş närselerdir. Eýjejik gyzymyzy ölümden halas edip bilmedik bolsak, ol ylma nälet siňsin!..

— Nätjek-dä, lukman beý? Hapa bolmaň... Bu Allanyň işidir. Lukman maňa ünjüli garady.

— Biçäre köşejigim, saňa ýüregimiň awaýanynyň sebäbini aýdaýynmy? Başyňa bir dert inende, sen özüňe teselli berilmegine mätäçdigiňi unudyp, başgalary köşeşdirmek bilen bolýarsyň. Seniň şükranalygyň, sadyklygyň agymy tutdurýar.

— Lukman az salym dymyp durandan soň, sözüniň üstüni ýetirdi:

— Özümem elinden zat gelmeýän emelsiz bir kişä öwrülip barýan... Belki, akylym çaşyp ugraýandyr? Hany, köşegim, tur gideli. Biz saralyp ýatan meýdanyň içi bilen öýe gaýtdyk, ol ýerde daýhanlar işleşip ýördi. Olaryň bary lukmany gowy tanaýardylar. Bir üýşmek bugdaýyň ýanynda bir garry aýal durdy. Biz gürleşip ugradyk. Golaýda Haýrullah beý onuň agtygyny bejeren ekeni. Kempir Biribara alkyş baryny okap, soňam iýul güneşiniň astynda döwek döwüp, öküzleri işledip ýören daýanykly ýigide gygyrdy.

— Hüseýin, bärik gel! Seniň janyňy halas eden lukmanyň elini öp. Eger ol ýetişmedik bolsa, sen häzir toprak garbap ýatardyň. Haýrullah beý Hüseýiniň Güne ýanan derli ýüzüni sypap:

— Besdir, ýigit, elden ogşamagyň geregi ýok, sen gel-de, bizi mala mündür... — diýdi. Biz iki sany güýçli öküziň çekip ýören malasyna mündük, on minut töweregi diýen ýaly, bugdaý deňziniň sary tolkunynda ýuwaşlyk bilen ýüzdük.

***

Bu gün hemme zatlar barada gürrüň bermäge ýagdaýym bar. Gündeligime soňky gezek ýazgy eden günümiň ertesi Munisäniň haly has-da teňlendi. Bogazyndaky çiş oňa gürlemäge päsgel berýärdi. Gyz görgüli demini kynlyk bilen alýardy, oňa howa ýetmeýärdi. Her edip, hesip edip, lukman çagyrmalydy. Çem gelen lukmany çagyrmalydy. Çarşabymy egnime atdym, onýança Haýrullah beý peýda boldy! Ol näsagy gözden geçireninden soň, hiç hili gorkuly zadyň ýokdugyny aýtdy. Ýöne onuň ýüzi çytykdy, gözleri ünjülidi. Onuň ýüz keşbini halamaýanlygymy çekinjeňlik bilen syzdyrdym. Lukman eginlerini ýygyrdy-da, dergazap bolup jogap berdi:

— Igenip oturasy iş ýok! Ýaňyja ýol söküp geldim. Dört sagatlap diýen ýaly ýöreldi... Ýadawlykdan ýaňa ýere siňip gelýän. Edýän hyzmatlarymy az görüp, ýaranjaňlyk etmäge-de mejbur etjek bolýaňyzmy? Haýrullah beýiň agyr keselliler bilen iş salyşmaly bolanynda, hemişe gaharjaň

bolýandygyny, gödekdigini bilýärdim. Ol meniň ýüzüme seretmekden gaça durup, tabşyryk bermäge durdy:

— Derrew kagyz, galam ber. Aýratyn zerurlyk ýogam bolsa, ätiýaçlyk hiç haçan artykmaçlyk edenok. Ýogsamam men öz dostlarymdan birnäçe lukmany çagyraýyn. Şol gün edenimiz tersine boldy. Irden mekdepden jaý süpürijini ugradypdyrlar: mekdebe Magaryf ministrliginiň geňeşiniň iki sany agzasy bilen bir barlagçy gelipdir. Olar meniň bilen gürleşmekçi bolýarlarmyş. Jaý süpüriji üçünji gezek ylgap geleninde, ony tasdan diýen ýaly südenekledip kowupdym. Haýrullah beýiň maňa gahary geldi:

— Seň bu ýerde näme işiň bar? Bar, işiňe git. Sensiz hem ýadawlykdan ýere siňip barýan. Işim özüme ýetik! Hülli-hülli etmäge çakym ýok. Hany, derrew bol! Çarşabyňy atyn-da, ýelk ýasa! Öýde oturyp, meni hem etjek işlerimden daşlaşdyrýaň. Ýogsam bolmasa, Hudaý bar, özüm giderin. Goja lukman bu sözleri şeýlebir azmly, şeýlebir pert aýgytly aýtdy welin, oňa gulak asmasaň boljak däldi. Boýun towlamaga ýürek edibilmän, ýapynjanyň astyndan gözýaş döküp, mekdebe sary ugradym. Eger bilim ministrligi maňa älem baýlygyny beräýeninde hem şol günki çeken azabyma degjek däldi. Emeldarlar synp otaglaryna aýlanyp okuwçylary synagdan geçirdiler, olaryň depderlerini talap etdiler, iň bir garaşylmadyk sowallary berdiler. Kelläm hum ýaly çişip, olaryň sowallaryna nähili jogap berenimi hem bilemok. Gün ikindä sanypdy. Emeldarlar henizem gidenokdy. Ahyrsoňy olaryň biri meniň perişan halymy görüp:

— Müdire hanym, ýaraňzokmy? Ýüzüňiz juda salyk görünýär-le? — diýdi. Gaharym içime sygman, ýüzümi aşak saldym, aman dileýän ýaly, elimi döşümde goýup:

— Öýde çagam öljek bolup ýatyr — diýdim. Emeldarlaryň maňa ýüregi awady, adaty manysyz sözler bilen göwünlik bermäge başladylar, öýe gaýtmaga rugsat etdiler. Mekdepden öýe çenli pyýada bäş minutlyk ýoldy. Şol gün bolsa ýarym sagatdan köp bolmasa, az ýöremedim. Säherden bäri ejir baryny çekip, ýanyp-bişip, öýe gitmäge howlukdym, häzir bolsa şol tarapa ädim ädesim gelmedi. Mahal-mahal saklanyp, adamsyz köçeleriň haýatlaryna söýenýärdim, ýadaw ýolagçy kimin, çeşmeleriň boýunda, daşlaryň üstünde dyzymy epdim. Jaýymyzyň açyk äpişgesinde nätanyş adamlaryň gaýmalaşýandygyny gördüm. Gapyny maňa onbaşy açdy. Bir zat soramaga gorkup gözlerim, bütin durkum bilen maňa hiç zat aýdylmazlygyny diläp özelenýärdim. Ol meni garaşylmadyk sözler bilen garşy aldy:

— Gyz biçärejik hassa... Enşalla, ol sagalar. Birdenkä tapyrdy eşidildi: basgançaklardan galynýan ýerde Haýrullah beý peýda boldy. Onuň döşi, kellesi açykdy, ýeňleri çermelgidi. Ol:

— Onbaşy, kim geldi? — diýip gygyrdy. Men ysgyn-mydarsyz basgançaga özümi goýberdim. Daş howlujygyň içi garaňkydy. Ahyrsoňy geleniň mendigimi görüp, lukman aljyraňňy halda:

— Feride, bu senmi? Örän gowy, gyzym, örän gowy... — diýdi. Ol basgançakdan ýuwaşja düşensoň, elimi eline aldy. Ýüzümde ähli zady bilýänligim ýazylgy durdy.

— Gyzym, dişiňi gys-da, mert bol! — diýip, lukman üzlem-saplam gürlemäge durdy.

— Enşalla, gyzjagaz gutular. Biz oňa gan suwuny goýberdik. Biz elimizde baryny edýäris. Allahu ekber. Umytdan düşmäli.

— Lukman beý, ony görmäge ygtyýar beriň!

— Feride, häzir däl, birneme tagapyl et... Ol häzir özünden gidip ýatyr. Walla, bolan zat ýok... Ant içýärin. Gyzjagaz diňe huşsuz ýatyr... Parahatdan tutanýerlilik bilen:

— Men ony hökman göräýmeli! Lukman beý, siziň goýbermezlige hakyňyz ýokdur — diýdim. Sesime agy garyşandy, özümi dürsäp:

— Pikir edişiňizden has güýçlüdirin. Gorkmaň, hiç hili samsyklyk etmen — diýip, sözümiň üstüni ýetirdim. Haýrullah beý, meni sesini çykarman diňledi, soňra başyny atyp, ylalaşdy:

— Bolýar, gyzym, ýöne ýatdan çykarma, ýerliksiz ahy-nala näsagy gorkuzyp biler. Mejburyýet hernäçe ajy bolsa-da, adam pahyr oňa kaýyl bolanyndan soň, kalbyna birhili aram, sadyklyk aralaşýar. Başymy Haýrullah beýiň çignine goýdum, otaga girenimde köňlümde hasrat, gözlerimde çyg görünmedi. Şondan bäri ýetmiş üç gün geçipdir, olar maňa edil ýetmiş üç ýyl ýaly görünýärdi, otagyň içindäki zatlary jikme-jik ýatda galypdyr. Içerde köýnekleriniň ýakasy açyk, elleri çermelgi iki sany ýaş lukman bilen bir garry aýal bardy. Ýapraklaryň arasyndan düşýän Gün şuglasy otagy nurdan dolduryardy. Äpişgeleriň aňyrsyndan guşlaryň jürküldisi, çekirtgeleriň jyrryldysy eşidilýärdi. Uzakda bir ýerden grammafonyň sesi gelýärdi. Içeri bulam-bujarlykdy. Dumly-duş dermanly çüýşejiklerden doludy, ýerde pamyk gaplary, Munisäniň zatlary pytrap ýatyrdy. Aýnanyň öňünde bir gül dessesi durdy, ony gyzjagaz Haýrullah beýiň bagyndan tirip getiripdi. Şkafyň üstünde deňziň kenaryndan çöplän reňbe-reň daşlary, sadap gabyklary, oturgyjyň astynda bolsa köwüşjikleri ýatyrdy. Stoluň ýokarsynda mährem gyzjagazymyň suwly boýagda çekilen suraty asylgy durdy (kellesinde meýdan güllerinden örülen desse, elinde bolsa Mazlum bardy). Ony B.-dekäk çekipdim. Stoluň üstünde dürli monjuklar, mata parçalary, arça gozalary, duwakly gelinligiň şekili çekilen surat — bir söz bilen aýdanyňda, onuň iň eý görýän zatlary üýşüp ýatyrdy. On gün mundan ozal Munisä hakyky nikelli ýatalga satyn alypdym, ony gurjagyň düşejigi ýaly edip, tor nagyş bilen bezäpdim. Çünki ol bahym başatgyç geýinmeli uly gyzdy! Munise ak gar ýaly ak düşekde ýüpek ýorganyň astynda duw ak bolup ýatyrdy. Onuň kellesi bir tarapa çala gyşaryp durdy. Ol edil uklap ýatan ýalydy. Onuň üçin tikip gutarmadyk ýaşyl çarşabymyň ýapynjasy ýatalganyň arkasynda sallanyp durdy. Ýokarda tekjede B.-de satyn alan gurjagym bardy. Eýjejigimiň posalaryndan ýaňa gurjagyň reňki öçüşip gidipdir. Ol özüniň peträp duran mawy gözleri bilen eýesine seredip otyrdy. Gyzjagazymyň ýüzünden agyry-da, ynjy-da duýlanokdy. Agzynyň töweregindäki argyn ýygyrtlarda ýaşaýşyň iň soňky alamatlary bardy, dodaklary gülümsireýän ýaly, azajyk açylyp, hünji dişleri görünýärdi. Görgülijigim! Bu güljemal Zeýnileriň ýürekgysgynç mekdebinde ony ilkinji gezek gören günümden başlap, bütin durmuşymy bagtyýar edipdi. Äpişgäniň aňyrsynda guşlar, şol öňküsi ýaly, jürkdejürkdi. Grammafon henizem ýaňlanyp durdy. Gün şuglasy ýapraklaryň arasyndan geçip reňk-petsiz çaga ýüzüne gülgün öwüşgin çaýýardy, ol kebelek ganatlaryny tutan barmaklarda galýan altynsow tozy ýada salýardy.

Günüň şöhlesi gyzjagazyň maňlaýyna dökülip duran saryja zülplerinde oýnaýardy. Dady-perýadam edemokdym. Özümi gyzymyň üstüne-de oklamadym. Goja lukmanyň boýnuna gollarymy salyp, başymy çigninde goýup, ýürek-bagrymy paralap, bu gamgyn gözellige syn edip durdum. Ajal balama seresaplylyk bilen golaýlaşyp, ony oýarmajak bolýan ýaly, göýä, ene kimin, onuň maňlaýyndan, dodaklaryndan emaý bilen öpdi.

***

Lukmanlar ýatalgaň ýanyna geldiler. Olaryň biri ýüpek ýorganyň gyrasyny serpip, iňňesini Munisäniň ýalaňaç eliniň ýanyna eltdi. Haýrullah beý bulary görkezmejek bolup, maňa tarap ýanyn öwrüldi. Ýaş lukman:

— Atyr, azajyk atyr beriň! — diýip gygyrdy. Haýrullah beý tekjä tarap başyny atdy. Guşlar bolsa şol jürküldeşip durdy. Grammafon hem şol şadyýan ýaňlanyp durdy. Birden otagy gülýagynyň ysy gaplap aldy. Megerem, olar atyr tapmadyk bolara çemeli. Gülap suwy... Her gezek gaharlanyp, ony gyzymyň elinden kakyp alardym. Eýsem, onuň özüme eçilen bagtynyň öwezine, men doňýürek ony gowy görýän ysymdan gabanaýdymmykam?

— Lukman beý, çüýşedäkiniň baryny düşege guýuň — diýip bagyrdym.

— Balam bu ysy ysgasa, arkaýyn gider. Goja lukman saçymy sypalap:

— Ýör, Feride, ýör, balam. Ýör, daşary çykaly — diýdi. Munisäni iň soňky gezek öpmekçi boldum, emma başarmadym. Gyzjagazym mahal-mahal elimiň aýalaryny öperdi. Onuň ýalaňaç elini alyp, ýygyrt-ýygyrt bolup giden aýajygyny taýly gezek öpdüm. «Abajygy» bilen özüme eden ähli ýagşylyklary üçin gyzjagaza minnetdarlygymy bildirdim. Gaýdyp Munisäni görmedim. Meni alyp gidip, düşekde ýatyrdylarda ýeke özümi goýup gitdiler. Süňňümi saklap bilemokdym, sowuk der basýardy. Ýiti gülap suwy otagy gaplap alypdy, dem almamy kynlaşdyrypdy. Göwnüme bolmasa, dünýäde diňe ýaşyp barýan Günüň turşumtyk ysy bilen öçügsi şuglasy hem-de guşlaryň jürküldisi galan ýalydy. Sagat ýyl kimin haýal geçýärdi. Ahyrsoňy iňrik garaldy... Göz öňümde birwagtlar Zeýnilerdäki mekdebimiziň bosagasynda syrgynly garaňky gijede tapanymyzdaky ýaly, Munise eleşan geýimde sowukdan ýaňa galpyldap durdy. Onuň gapyny dyrmalaýşyny hem-de gar harasadynyň uwwuldysy astynda inçejik sesjagazy bilen iňňildeýşini eşidipdim. Näçe wagtyň geçendigini bilemok. Ýiti şöhle gözümi gamaşdyryp gitdi. Kimdir biriniň eli saçlarymy, maňlaýymy sypalady. Gözümi açdym. Goja lukman eli şemli ýüzüme tarap egildi. Onuň öçügsi mawy gözlerinde, ak kirpiklerinde ýaş bulduraşýardy. Düýşdäki ýaly bolup:

— Sagat näçe? Bary gutardy dälmi? — diýip soradym. Şeýle diýdim-de, ýene ýuwaş-ýuwaşdan Zeýnilerdäki gije ýaly garaňky gijä siňip gitdim.

***

Gözümi açanymda, nirede ýatanlygyma düşünmedim. Nätanyş otag, nätanyş penjire... Tirsegime galmakçy boldum. Kelläm özümki däl ýaly, ýassyga baryp degdi. Aljyrap, töweregime garanjakladym, birden ýene-de lukmanyň mawy gözlerine gözüm düşdi.

— Feride, meni tanaýarmyň?

— Näme tanaman, lukman beý?

— Hudaýa şükür, Hudaýa şükür... Hemmesi sagaman sowuldygy bolsun...

— Lukman, bir zat boldumy?

— Seniň ýaşyňdaky gyz üçin munuň gorkuly zady ýok. Sen az-owlak ukladyň, gyzym. Bu gorkuly däl...

— Näçe wagtlap ýatdym.

— Köp ýatdyň, ýöne munuň zyýany ýok... On ýedi günläp... On ýedi günläp ýatmak! Geň-taň göräýmeli! Yşyk biynjalyk edensoň, ýene gözümi ýumdum! Munuň täsindigini: uky diýibem şuňa diýäýseň! Gülkim özüme ýat çykdy. Göwnüme bolmasa, ol ses özgäniň gursagyndan, keseki dodaklaryndan çykan ýalydy. Ýene uka gidipdirin.

***

Agyr beýni ysytmasyna sezewar bolupdym. Haýrullah beý öz öýüne äkidip, on ýedi günläp ýanymdan aýrylmandyr. Ömrümde ilkinji gezek şeýle agyr keselläpdim. Özümi ýagşy dürseýänçäm, ýene aý ýarym geçdi. Uzynly günläp düşekden turman ýatardym. Keselçilikden saçym düşüp ugrady. Bir gezek gaýçy sorap, saçymy gyrkyp goýberdim. Keselden sagalmakdan gowy zat ýok eken! Adam özüni ýaňy dünýä inen ýaly duýýar. Islendik zada begenip bilýär. Ol ähli zada, çagajygyň dürli reňkli oýunjaklara şatlanyşy ýaly, guwançly garaýar. Özüni äpişgä urýan kebelek, aýnanyň burçjagazynda älemgoşaryň şekilini döredýän güneş, uzakda bir ýerde otlap ýören süriniň jaňjagazlarynyň mylaýym

sesi — bularyň bary ýüregimi heýjana getirýärdi. Kesel soňky üç ýylda ýüregimde gert baglan hasraty ýom-ýok etdi. Geçmişimi ýatlamda, ol başga birine degişli ýaly boldy, sebäbi kalbymda gaýgy-gamda, tolgunma-da — hiç zat oýarmaýardy. Mahal-mahal geň galyp: «Belki, bu birwagtky düýşleriň özboluşly nyşanydyr? Ýa-da muny haýsydyr bir köne romanda okadymmykam?» diýip öz-özümden soraýardym. Hawa, bu hasratly ahwalatlar maňa düýş bolup görünýärdi, olara gatnaşýan adamlary bolsa reňki solugşan çaňly suratlarda gören ýalydym. Haýrullah beý maňa wepaly dost kimin seredýärdi, şunça wagtyň dowamynda bir gezek-de öýünden gitmedi. Ol gyzykly wakalary gürrüň berýärdi, kitap okaýardy — bir garasam, göwnümi göterjek bolup elde baryny edýärdi. Bende, gör, nähili dert-azara galýar-a!

— Sen bir aýaga gal, daýan. Walla, näsaglamasam hem batist müň dürli matasyndan köýnek tikdirip geýerin-de keýpine üç aýlap düşekden turman ýataryn. Saňa näz edip berjek. Käte maňa uka meňzeş biýhuşluk aralaşýardy. Açyk kirpikleriň arasynda Gün şöhlesi gülgün reňkli bolup görünýärdi. Şonda Haýrullah beý ýa kitap okap oturandyr, ýa-da başujumda uklap galandyr. Şeýle pursatlarda ruhum göwrämden aýrylyp, şugla ses ýaly, boşlukda uçup ýören ýalydy. Elhenç tizlikden ýaňa gulaklarym şaňlardy. Nirä, haýsy ülkelere myçyp barýarkam? Bilmedim. Käte gorkudan allaniçigsi bolup oýanýardym, şonda gorpuň gyrasynda oturan ýaly bolardym. Göwnüme bolmasa, ýap-ýaňyja uzak bir ýurtlardan gaýdyp gelen ýalydym. Gözüme özüme tarap eňip gelýän ümürli-dumanly bulutlaryň tutuksy, düşnüksiz sudurlary gaýmalaşyp görünýärdi.

***

Öňňin Haýrullah beýe:

— Gadyrdan lukman, indi tut ýaly sagaldym. Indi biz oňa zyýarata gitsegem bolar — diýdim. Ilkibada ol göwnemedi, ýene ýarym aý, iň bolmanda, bir hepde garaşmagy haýyş etdi. Emma hassalaryň hötjetligine, ynjyklygyna per bermezlik mümkin däldi, şonuň üçinem garry dostum razy boldy. Biz bagdan iki sany uly çemen bogduk, deňziň kenaryndan dürli reňkli daşlary çöpledik (eýjejigim reňbe-reň daşlary güllerden-de eý görýärdi). Munisäni Ortaýer deňziniň kenarynda kiçijik depäniň üstünde, özi ýaly inçejik serwi agajynyň saýasynda jaýlapdylar. Biz mazar başynda esli wagt oturdyk, ilkinji gezek ol barada söhbet etdik. Gyzjagazymyň jan berişi, onuň jaýlanyşy barada ähli zatlary bilesim gelýärdi. Emma Haýrullah beý anyk gürrüň bermedi. Diňe bir zady bilip galdym. Munisäni jaýlajak bolanlarynda ymam onuň ejesiniň adyny sorapdyr. Muny, elbetde, aýdyp bilen bolmandyr. Lukman onuň ejesiniň ornuny tutýanlygymy bilensoň, adymy aýdypdyr. Şunlukda, gyzjagazy depin edenlerinde ymam aýadynda «Feridäniň gyzy Munise» diýip ýatlapdyr.

***

Guşadasy, 1-nji sentýabr. Şu gün ir bilen Haýrullah beý maňa:

— Köşegim, meni ýene oba çagyrýarlar. Düldülimi saňa tabşyrýan. Onuň aýagy ýaralydyr. Oňa özüň sargy edeweri, sen ony başarýaň ahyryn. Ýöne onbaşy mahluga ynanaýmagyn. Garry deýýus ýabynyň hem özi ýaly aýaksyz galmagyny isleýän borly. Düldüli gezelenje çykarara çen boldy. Sargysyny täzeläňsoň, on minut töwerekleri ony baga aýla. Eger ýagdaýy bolsa, ony birneme gorgunladyp çapdyr. Düşündiňmi? Ikinjiden, şu gün çörekçi Hurşit aga kärende hakyny getirmeli. Ýigrimi sekiz liramydy, nämemi. Maňa derek alarsyň. Üçünji tabşyrjak zadym... Ýene näme diýjekdim, janym? Halys huşum başymdan uçupdyr... Hawa, ýadyma düşdi! Kitaphanamy aşak geçirdersiň. Saňa deňiz tarapdaky otagy bersem diýýän. Ol has gowudyr. Üstesine, gyşyna ol ýerde lotos hem öwsüp dur, üşemersiň... — diýdi. Bireýýämden bäri Haýrullah beýe aýtsam diýip, göwnüme düwüp ýören zatlarymy aýtmagyň pursady geldi:

— Lukman beý Düldüli alada etmäň. Kireýi hem alaryn. Ýöne galanyna zerurlyk ýok. Sizde myhmançylykda bolmam hem halys uzaga çekdi. Şonuň üçin rugsat berseňiz, gidäýsem diýýän. Lukman ellerini bykynlaryna diräp, inçejik sesi bilen:

— Myhmançylykda bolmam hem halys uzaga çekdi... Rugsat berseňiz, gidäýsem diýýän — diýip, gaharly gürledi, soň bolsa gaşyny çytyp, ýumrugyny düwdi.

— Näme diýdiň? Gidäýsem diýýän?! Şuny görýärmiň? Agzyňy gulaklaryňa çenli ýirerin, onsoň kyýamata çenli güler ýörersiň!..

— Bagyşlaň, lukman beý, siziňkide köp wagtdan bäri bolýan ahyryn... Haýrullah beý, ýene-de elini bykynyna urdy:

— Ýagşy, hanym hezretleri! Siz gitmekçi bolýaňyzda? Gaty gowy! Ýöne Quo Vadis?*( Quo Vadis? — Nirä gitmekçi?)*

Men:

— Gadyrly lukman beý, nirä gitjegimi özümden soraýan. Ýöne bir zat welin aýdyň: gitmeli. Sizde müdimilik galyp bilmen ahyryn. Şeýle dälmi? Siz ömrümiň iň kyn pursatlarynda dadyma ýetişdiňiz. Muny hiç wagt ýatdan çykaryp bilmerin. Ýöne… — diýip, ýylgyryp jogap berdim. Haýrullah beý eňegimden çala galdyryp:

— Köp gepleme, gyzym. Biz iki çawuş*(Çawuş — seržant.)* — dost ahyry. Bolany. Biderek gürrüňiňi goý! Bir diýenimi tutdum durdum.

— Lukman beý, bärde galmak meniň üçin siz tarapyn uly hormat. Ynanaýyň, siziň ýanyňyzda özümi juda bagtly saýýan. Ýöne näçe wagtlap size ýük bolmalymyşym. Siz örän ynsanperwer, sahawatly adam. Lukman gysgajyk saçymy bulaşdyrdy-da, ýene meni ýaňsylap ugrady. Ol dodaklaryny çömmeltdi, owurtlaryny çişirdi-de, inçejik sesi bilen:

— Ynsanperwer, sahawatly adam! Biz, näme, tragediýa oýnaýarysmy dälije gyzym? Eýsem, düşünmeýärmiň näme? Ynsanperwerlik, sahawatlylyk näme işlesin, hemişe öz keýpim üçin ýaşadym, saňa-da hossarlyk etmekden lezzet alýan. Göwnüme ýaramadyk bolsaň, seniň ýüzüňe bir seredermidim? Maňa minaradan özüni oklapdyr diýseler ynsanperwerlik edendigime ynanmagyn. «Bu ýeketabak garry, ýöne nähili lezzetiň üstünden bardyka?» diýip, garşy çykyp bilersiň. Molýerde göwnümden turýan bir gahryman bar. Şol betbagty taýaklaýarlar, şol wagt kimdir biri oňa kömege gelýär, emma ol gahryman geleni kowup: «Dowam ediberiň işiňizi, jenap! Eý, hudaý, eý, hudaý! Belki, bu taýaklar maňa hoş ýakýandyr!» diýip gygyrýar. Gel, samahyllamany goýaly, eger gaýdyp gelinçäm otagyňy tertibe salmasaň, dat günüňe, özüňden gör. Walla, alasamsyk ýaş garawul tanşym bar, ony çagyryp, seni oňa zor bilen äre bererin. Özüňe nähili jezanyň garaşýandygyny görüber onsoň. Haýrullah beýiň, käteler edişi ýaly, gelşiksiz degişjegini bilýärdim, şonuň üçin hem derrew onuň ýanyndan gaçyp gitdim.

***

Haýrullah beý meniň üçin atam ornundady hem-de ýürekdeş dostdy. Onuň öýünde özümi keseki saýamokdym, hatda meniň ýaly ýüregi paralanyp, durmuşy köýen gyz näderejede bagtyýar bolup bilýän bolsa, şonça bagtyýardym. Özüme müňlerçe iş tapynýardym, Haýrullah beýiň garry enekesine-de kömekleşýärdim, bagyň içini depýärdim, öýe serenjam berýärdim, lukmanyň hasaplaryny gözden geçirýärdim, nahar bişirýärdim, gaýry işleri edýärdim. Bu ýerden gidäýemde, näme ederkäm? Indi maýypdymam. Dogry, saglygym kem-kemden gowulaşýardy, ýöne köňlümiň çökenligini bilýärdim. Indi öňki katdyma gelip, öňkim ýaly şähdaçyk, hoşwagt bolup bilmen, dünýä-de gaýdyp maňa ajap görünmez. Keýpim ýygy-ýygydan üýtgäp dur. Gülsem, aglap başlaýaryn, aglasam hem gülüp

ugraýaryn. Meselem, öten agşam örän şadyýandym. Ýatjak bolup ýerime girenimde-de keýpihondym, dañ agaryp ugranynda bolsa ýarym-ýaş bolup oýanypdyryn. Näme üçin aglaýanymy özümem bilmedim. Göwnüme bolmasa, şu gije dünýädäki ähli öýlere aýlanyp, olardaky ähli derdi-belalary ýygnap, kalbyma ornaşdyran ýaly. Bisebäp, düşnüksiz gama batyp, birsyhly galpyldaýardym, «Eje jan! Eje jan!» diýip, sojaýardym, gygyrmajak bolup, agzymy tutýardym. Onýança gapynyň aňrysyndan Haýrullah beýiň sesi eşidildi:

— Feride, bu senmi? Näme boldy, gyzym? Goja lukman eli şemli otaga girdi-de, näme üçin aglaýanlygymy hem soraman, ýönekeýden sada, bimany öwgüler bilen göwünlik bermäge başlady.

— Bary biderek, gyzym. Ýöne bir sussupeslik. Geçer gider, balam. Wah, balam, jan, balam... Süňňümi saklap bilemokdym, hork-hork edip aglaýardym, düwnen çaga guş ýaly, agzymy giňden açyp otyrdym. Lukman äpişgä tarap öwrüldi-de, garaňkylykda kimedir birine ýumrugyny çenäp, hemle urdy:

— Seni Hudaý ursun! Şeýle ajap gyzy ne güne saldyň! Ýeke özüm galanymda şeýle hasrata, ejizlige duşsam, näderkäm? Aý, bolýa-da... Bu barada näme üçin häzir pikir etmelimişim? Herhal iň azyndan ýene bir aý, belki, ondan hem köpräk wagtlap lukman meni ýeke goýmaz.

***

Alajagaýa mülki, 10-njy sentýabr. Ynha, bir hepdeden bäri Alajagaýada. On gün mundan ozal Haýrullah beý maňa:

— Feride, Alajagaýada bir mülküm bar, ol ýere bireýýämden bäri barybam göremok. Emlägi idegsiz goýmak bolmaz. Ýene iki hepdeden seni şol ýere äkitmekçi. Howaňy çalşyrsaň, saglygyňa peýdasy deger. Birneme derdiň egsiler. Seret, bahym okuw başlanyp, ýene arly ýyllap mekdepden çykmarsyň — diýdi.

— Lukman beý, arassa howany örän gowy görýän, ýöne okuwyň başlanmagyna sanlyja gün galdy ahyryn. Nätjegimem bilemok... — diýip jogap berdim. Lukman egnini gysdy:

— Ezizim, senden gitjekligiňi-gitmejekligiňi soramok ahyryn. Seniň pikiriň gyzyklandyranok. Seni Alajagaýa äkitjek — diýdim. Näme üçin sen lukmanyň işine goşulýarsyňyz?! Bolmasa-da, men ýagdaýy ýazaryn-da, seni zor bilen äkiderin. Derrew şaýyňy tut. Birküç sany çalşyrgyç geýim bilen meniň kitaphanamdan «Rousseaularymy» hem al. Haýrullah beý meniň bilen mekdep okuwçysy bilen gürleşýän ýaly gürleşýärdi. Näsaglykdan soň oňa ejizlän ýetim bilen garşy çykyp bilmeýärdim, geň ýeri, mundan zeýrenemokdym hem. Tabyn bolmagy hatda gowy görübem başladym. Lukmanyň mülküne seredilmändir. Ýöne ol diýseň ajap ýer ekeni. Bu ýerler gyşda bahara meňzeýärmiş. Ylaýta-da bu ýerde bir gaýalyk ýer bar welin, ony synladygyňça synlasyň gelýär. Ol gaýalar Günüň — säherimi günorta ýa agşam çaglary — wagtyna, howanyň tutuklygyna ýa açyklygyna baglylykda dürli-dürli öwşün atýar, kä läle kimin gyrmyzy, birde gülgün, kä benewşe, käte ak, käwagt gara görünýär. Ine, şonuň üçin hem bu ýerlere «Alajagaýa» diýýär ekenler. Bu mülk meni özüne maýyl etdi. Bu ýerde işleýän sagymçylar bilen süýt sagýardym ýa-da söwer dostuma öwrülen Düldüle atlanyp, töwerekdäki jeňňelliklere aýlanýardym. Gepiň keltesi, ol köpden bäri arzuwlap gelýän erkana howaly durmuşymdy Onda-da ýüregim birahatdy. Mekdebe baryp, jaýy tertibe salmalydym. Haýrullah beý bolsa bulary eşitmek hem islänokdy. Agşamlaryna ol maňa kitap okatdyrýardy, üstesine:

— Bu manysyz sözleri diňlär ýaly däl! Ýöne sen okanyňda olar gulaga hoş ýakýar — diýip hümürdeýärdi. Öten agşam ýene-de bir kitaby okap başladym. Kitapda aýyp-aýyp sözler bardy. Kürtdürip başladym, ýüzugruna sözleri çalşyrýardym ýa-da tutuş sözlemleri taşlap gidýärdim. Aljyraňňylygym Haýrullah beýiň göwnünden turan bolarly, ol şeýlebir güldi welin, jaýyň depeligi

sarsyp gitdi. Birden howluda itler üýrüp başlady. Biz äpişgäni açdyk. Mülküň howlusyna atly bir adam girdi. Haýrullah beý:

— Kimsiň? — diýip seslendi.

— Özüňkilerden... — diýip, onbaşy jogap berdi. Geň zat, gijäniň bir wagty onbaşy bu ýere şäherden näme üçin geldikä?

— Enşalla, belki, haýyr işdir. Aşak düşeýin, eýjejigim, nämäň nämedigini anyklaryn. Birden eglenäýsem, ýataýgyn -diýip, lukman gürledi. Haýrullah beý onbaşy bilen bir sagada golaý gürrüň etdi. Ol ýokaryk çykanynda ýüzi çym gyzyl, gaşlary bürükdi.

— Onbaşy näme üçin gelipdir? — diýip gyzyklandym. Lukman azmly sesi bilen:

— Men git-de, ýat diýmänmidim, näme? Bu zatlar bilen nä işiň bar? Bu gyzjagazlaryň hokgalary başa gelen musallat bolup döredi... Barypýatan biedeplig-ä! Bu diňe maňa degişli zat — diýip, lukman derdindi. Haýrullah beýiň häsiýetine belet bolupdym. Şeýle ýagdaýda onuň gaňryşyna gaýtmagyň peýdasy ýokdy. Şemdany aldym-da, bolýan otagyma gitdim. Bu gün ir bilen oýananymda maňa Haýrullah beýiň möhüm bir iş bilen irden şähere gidendigini, şu gün gaýdyp gelmese, biynjalyk bolmazlygymy tabşyrandygyny aýtdylar. Onbaşynyň getiren habary lukmany uly howsala salan bolara çemeli. Gündiz otaga serenjam berip ýörkäm, ministriň möhüri basylan bukja böleginiň üstünden bardym, ony elime aldym. «Guşadasy. Mekdep. Müd... üçin...» diýen sözleri okap galdym. Görnüşi ýaly, bukja maňa iberilen bolarly. Bujagaz kagyz meni çuňňur oýa batyrdy. Ähtimal, öten agşam onbaşy bir hat alyp gelen bolmaga çemeli. Ýöne näme üçin Haýrullah beý ony menden gizledikä? Maňa iberilen resmi haty menden gizlemäge onuň näme haky barka? Düşüner ýaly däl. Belkem, ýalňyşýandyryn. Bukja kitaplaryň arasynda galyp, ýanym bilen Guşadasyndan gelendir.

***

Guşadasy, 25-nji sentýabr. Her näme diýseňem, durmuş nejis zat diýýänler mamla bolup çykýar.

***

Gündeligimiň soňky sahypajygynda soňky bolan wakalary bolşy-bolşy ýaly beýan edýärin. Özümden ýeke agyz garşylyk, bir damja gözýaş hem goşasym gelenok. Haýrullah beý meni mülkünde iki gün garaşmaga mejbur etdi. Üçünji gün diýleninde, agşamaralar sabyrtakadym ýetjek derejesine ýetdi. Ertire çykdygym araba münüp, Guşadasyna ugramagy ýüregime düwdüm. Ýöne ertesi oýananymda maňa lukmanyň gelendigini aýtdylar. Parahat, giň göwrümli Haýrullah beýiň beýle perişan, beýle argyn ýagdaýa düşüşini ozalda-ahyrda hiç haçan görmändim. Ol hemişeki edişi ýaly, saçymdan öpüp, ýüzüme dikanlap seretdi-de:

— Wah, olary Allanyň özüne tabşyralyň! Nejisler diýsänim! — diýdi. Üstüme ýene bir howpuň abanýandygyny duýsamda, zat soramaga bognum ysmady. Haýrullah beý esli salymlap otagda gezmeledi, ellerini jübülerine salyp, içini gepletdi. Ahyrsoňy öňümde aýak çekip, egnime elini goýdy-da:

— Balam, sen, heý, bir zat bilýärmiň? — diýip sorady.

— Ýok, lukman beý.

— Bilýänsiň... Iň bolmanda, bir muşakgatlygyň bardygyny aňyan bolmaly. Menden sorajak zadyň barmy? Howsala düşüp, lapykeçlik bilen jogap berdim:

— Ýok, lukman beý, bilýän zadym ýok. Ýöne siziň bir zada hapa bolup, azara galýanyňyzy aňýan. Siz bir bela sataşypsyňyz. Siz meniň howandarymsyňyz, hatda kakamsyňyz. Diýmek, siziň derdiňiz meniňem derdimdir. Size näme boldy?

— Feride, gyzym, sen özüňiň ýeterlik gurbatyň barlygyny duýýarmysyň? Bilesigelijiligim gorkymdan rüstem çykdy. Parahatlygymy saklajak bolup:

— Lukman beý, siz merdanalygyma telim gezek göz ýetirdiňiz ahyryn. Aýdyberiň!

— Feride, sen galam al-da, diýjek zatlarymyň baryny ýaz! Garry gardaşyňa bil bagla... Haýrullah beý sakyna-sakyna, diýjek zatlaryny ýene bir gezek ölçäp görýän ýaly, şu zatlary aýdyp ugrady: «Guşadasynyň bilim geňeşiniň çuňňur hormatlanylýan müdiriýetine. Meniň saglyk ýagdaýym mugallymçylygy dowam etdirmäge mümkinçilik berenok. Şonuň üçin meni Guşadasy şäheriniň zenanlar ruşdiýesiniň müdiri wezipesinden boşatmagyňyzy haýyş edýärin».

— Indi bolsa, gyzym, hiç zat barada pikir etmän, hiç zat barada soraman, arzaň aşagyna goluňy çek-de, ony maňa ber. Feride, näme, eliň titreýärmi? Ýüzüme bakmaga çekinýäňmi? Ol-a has gowy, has gowy... Eger sen päk gözleriň bilen maňa seredäýseň, onda men utanaryn. Bir üýtgeşik zat bolupdyr. Nämedigini bileňokmy? Beýle bolsa, Feride, maňa gulak as. Ýöne tolgunsaň ýa-da hapa bolsaň, gürrüňimi bes etmeli bolaryn. Sen bar zady bilmelisiň. Sen üç ýylyň dowamynda adamlara birkemsiz belet bolandyryn öýdýärmiň? Ýalňyşýarsyň. Ynha, men bu dünýäde tas altmyş ýyl bäri ýaşap gelýän, şonda-da adamlary tanap bilemok. Ýaşan ömrümde, gör, näçe nejislikleri gördüm, ýöne häzirki ýagdaý weli, akyl ýetirerden çökder. Dünýäde ikimiziň dostlugymyzdan ajap, päk zat barmyka? Edil öz gyzym ýaly, gör, näçe wagt saňa seretdim. Biz hakda näme pikir edip, näme samahyllaýandyklaryny bilýärmiň? Ýok, sen bu zatlary göz öňüne hem getirip bilmersiň! Men seniň aşnaň diýip gybat edýärler. Eliň bilen ýüzüňi ýapma. Başyňy belentde tut! Gözüme göni seret! Ýüzüni diňe wyždanlary hapa adamlar ýapýandyr. Eýsem, biziň aramyzda utanar ýaly zat barmydyr? Feride, gulak as, ahyryna çenli diňle. Bu nejis töhmet siziň mekdebiňizde döräpdir. Ony kärdeş-mugallymalaryň ýaýradýarlar. Sebäbem düşnükli: näme üçin müdirlige olary däl-de, haýsydyr bir Feridäni bellemeli? Ýarym ýyl mundan öň men saňa hiç zat aýtmazdan, seni ösdürmeklerini haýyş edip, Izmirdäki depderdar dostuma hat iberdim, şeýdibem saňa kiçijik bir ýagşylyk etmek isledim. Ýöne bu tagallam oduň üstüne ýag guýan ýaly bolaýdy. Töhmet, köz ýaly barha köräp, ençeme aýlap, lowlap ýandy. Gürrüň bilim geňeşine kaýmakamyň(*Kaýmakam — etrap baştutany.*) hut özüniň gulagyna ýetipdir. Diwanhanada uly-uly resmi kagyzlar doldurylyp, derňew geçiripdirler. Welaýatyň bilim bölüminiň ýolbaşçylary seniň terjimehalyňy öwrenmäge başlapdyrlar, onda birtopar gara tegmilleriň üstünden barypdyr. Seniň Stambuldan, soňra bolsa işden çykan ýeriň bolan B.-niň merkezi ruşdiýesinden gaýtmagyňy olar şübheli ýagdaý saýypdyrlar. Iki ýarym ýyl mundan ozal näbelli bir adam saňa kömek edipmiş. Sen gulluk boýunça Bilim ministrliginde görlüp-eşidilmedik tizlikde ösüp başlapsyň hemem oba mugallymalygyndan zenanlaryň mugallymçylyk mekdebiniň mugallymlygyna çenli ulalypsyň. Soň ýene-de şübheli ýagdaýda işden çykypsyň. Sen başga bir şähere gidipsiň, emma ol ýerde saňa uzak wagtlap saklanmak miýesser etmändir. Onsoň Ç.- niň bilim geňeşliginden sorapdyrlar. Beren jogaplaryny okanymda edil awy ýuwudan ýaly boldum. Sen bir bilseňdiň, Feride!.. Hamana, sen ol ýerde... Ýok, ýok, gaýtalamaga dilim baranok. Şol terbiýeli, sowatly, medeniýetli adamlaryň galamlarynyň astyndan şeýle bihaýalyk bilen çykan sözleri aýtmaga biedep esger dilim eger-eger aýlananok. Meni tanaýansyň, men gödek, gyzma adam, hiç hili harçaňlaşmadan gaýdamok... Gepiň keltesi, Feride, bu gürrüňleriň hemmesi maňa ýaraly keýigiň yzyna düşen tazylary ýatlatdy. Ynha, olar seni hem, şeýdip, şu güne saldylar... Seniň iň ýazyksyz etmişleriňe teswirnamalardadyr derňew kagyzlarynda çişirilip, elhenç bir zat hökmünde baha berlipdir. Okuwçy gyzlaryň biri nähoşlasa, meni mekdebe çagyrýardyň. Biziň eýjejigimiz ýogalanda sen biçäre kellejigiňi egnimde goýupsyň. Soň seniň özüň näsagladyň, telim sagatlap başujuňda turman oturdym.

Olar bularyň baryny jenaýat hasaplaýarlar. Olar bizi bihaýalykda aýyplap, bizi bu ülkäniň urp-adatlaryny, däp-dessurlaryny, ar-namysyny basgylan saýýarlar, biz özümizi gurşap alan adamlary adam hasabynda görmeýärmişik. Biz, hamana, saňa ýaranok diýip, özümiz bolsa el-ele berip, ekin meýdanlarynda seýil edýärmişik, döwek döwýän maşyna münüp, gezelenç edenmişik. Sen mekdebi okuwa taýýarlamaga derek meniň bagymda atymy gezdirýärmişiň diýip, çişýärler. Ýene-de «munuň üstesine, olar şäher etegindäki mülkde bile bolýarlar...» diýip şyltak atýarlar. Feride, balam, saňa baryny bolşy-bolşy ýaly gürrüň berýärin. Seni ýene birneme güýmäp, umytlaryňy ýekeýekeden ýoga çykaryp bilerdim. Emma beýtmeýärin. Kärim, geçen durmuşym awyny dessine içmelidigini öwretdi, şonda adam ýa ölýär, ýa-da diri galýar. Ony süýjüli suwa garyp kem-kemden owurtlap içmekden nejis, erbet zat ýok. Onsoň ýakymsyz zat barada aýlabrak kem-kemden aýtmak adamy byçgy bilen kesene meňzeýär... Hawa, Feride, sen durmuşyň awuly urgusyny datmaly bolduň. Eger ýeke bolan bolsaň, ol seni öldürerdi. Munça adam guş ýaly ejizje gyzyň üstüne dökülýär-ä? Men ýaly köçä zyňlan gojanyň alnyňdan çykanyna şükür et. Ömür sagadym hä diýmän on ikini urar. Zeleli ýok. Saňa kömek etmek üçin köp wagt gerek däl. Saňa hyzmat etmek üçin maý bolsa, bolany... Men bu manysyz bulam-bujarlykda ýitirilen günlerime birjik-de gynanamok. Feride, gam çekme, bu-da geçer. Sen entek ýaş. Ruhdan düşme. Sen entek ýagşy günleri görersiň. Seniň işden çykmak baradaky arzaňy özüm eltmekçidim, indi pikirimi üýtgetdim! Seni bu ýagdaýda ýeke goýup bolmaz. Çagalaryň durmuşyna käte ujypsyzja zat hem agyr täsir edýär. Hany, Feride, arassa howa çykaly, goýunlardyr sygyrlara seredeli. Ynanaý, haýwanlar edilen ýagşylygyň gadyryny ynsanlardan has gowy bilýär. Goja lukman meniň işden çykmak baradaky arzamy bukja salyp, onbaşa berdi. Bujagaz kagyzda diňe bir durmuşymyň bir bölejigi däl, eýsem, görgüli Çalyguşynyň iň soňky tesellisi hem bardy. Eý, Alla! Bu nä ýürekgysgynçlyk! Arzuwlarymy towugyň jüýjeleri gyrgydan goraýşy ýaly goraýardym. Bar umydym puja çykyp, göwün berip söýenim öläýýär-le. Üç ýyl mundan ozal güýz gijesi Çalyguşynyň gyz düýşleri, şolar bilen birlikde hem hyýalymda besledigim körpeler hakyndaky arzuwym ölüp-ýitip gitdi. Soňra Munisäni, okuwçy gyzlarymy ýitirdim: Olar meniň ýalňyz ýüregime teselli bolarlar diýip arzuw edýärdim... Şeýdip, güýzde ýapraklar ýeke-ýekeden solup, ýere gaçýarlar. Entek ýigrimi üç ýaşyma gadam basamok, ýüz keşbimden, bedenimden çagalyk gitmedigem bolsa, ýüregim joşanok, olam ezizlerimiň ölşi ýaly, söndi gitdi.

***

Haýrullah beý üç günläp ýanymdan bir ädim-de daşlaşmady. Ol täze hasrata döz gelen arkaýynçylygyma hem-de çydamlylygyma ynanmaýardy. Ol, hatda gijelerine hem otagymyň işigine gelip:

— Feride, gerek zadyň barmy? — diýip soraýardy. Üçülenji gün örän ir turdum. Howa mylaýym, tämizdi. Göwnüňe bolmasa, maý aýy gelen ýalydy. Haýrullah beý üçin süýt sagdym, ertirlik taýýarladym. Elim mejimeli şadyýan, bagtyýar diýen ýaly ýylgyryp, otagyna girenimde, lukmanyň şähdi açylyp:

— Berekella, Feride! Örän şat! Göwnüňe alma. Eýsem, bu dünýäniň adalatsyzlygy üçin seniň ýeke özüň kösenmelimi näme? — diýdi. Penjiräni açdym-da, otaga serenjam berdim, mülk barada, goýunlarymyz, çopanlarymyz barada gürrüňe başladym. Ýüzüm ýylgyryp durdy, birwagtlar mekdepde edişim ýaly, mahal-mahal sygyrýardym. Haýrullah beýiň şatlygyny ýazyp beýan eder ýaly däldi. Onuň göwnüniň hoşdugyny, gitdigiçe açylýandygyny görýärdim. Ahyrsoňy pursadyň gelenligini aňyp, lukmanyň kürsüsini penjirä tarap süýşürdim, dyzlaryny ýapynja bilen örtdüm, özüm bolsa tekjä çykyp:

— Lukman, siz bilen gürrüňim bar — diýdim. Haýrullah beý elleri bilen ýüzüni tutup:

— Aýdyber, ýöne aşak düş. Bolmasa, Hudaý görkezmesin, ýykylaýmagyň ahmal — diýip jogap berdi.

— Biynjalyk bolmaň, bütin çagalygymy agaçlaryň üstünde geçirdim. Görýäňizmi arkaýyndygymy?.. Öten agşam örän möhüm bir karara geldim. Ony siz unasaňyz gerek.

— O nähili karar?

— Ýaşamak!

— Bu näme diýdigiň bolýar?

— Ýöp-ýönekeýje zat. Men öz-özüme kast etmekçi däl... Telim gün mundan ozal bu barada oýlanypdym, özem ykjam oýlanypdym. Bu sözleri aýdanymda bälçireýän çaga ýaly, şadyýan, arkaýyn gürledim. Goja lukman howsala düşdi.

— Bu bolgusyz gürrüňleriň näme? Bu näme boldugy? Eger häzir seniň oturan ýeriňde oturan bolsam, haýran galmakdan ýaňa ýere gaçyp, tike-tike bolardym. Ýöne sen, barybir, aşak düş. Allanyň hatyrasy üçin aşak düş... Näme boljagyny kim bilýär... Men gülüp jogap berdim:

— Lukman beý, ýaşamaly diýen karara gelemsoň, men penjireden gaçar diýip gorkmak, eýsem, manysyz bir zat dälmidir? Näme üçin şeýle karara geldim diýseňizläň? Häzir düşündireýin. Munuň birentek sebäbi bar. Birinjiden, özümi heläk etmäge bognum ysjak däl. Käte ölüm barada gürrüň edýänligime bakmaň. Hernäçe diýseňem, ölüm örän gorkunç zat. Häzir başga çykalgam ýogam bolsa, lukman beý, muňa ýürek edip biljek däl... Bulary başymy galdyrman, arkaýynlyk bilen aýtdym. Haýrullah beý tolgunyp, ellerime ýapyşdy, penjiräniň tekjesinden zor bilen düşürip, kiçijik oturgyjyň üstünde oturtdy.

— Baý, Feride, seniň düşnüksiz jemendedigiňi. Göräýmäge, sen garyş boýluja gurjajyk ýaly welin, pikir edişiň örän çuňňur, geň-geň taraplaryň, görlüp-eşidilmedik merdanalygyň bar. Bolýar, Feride, aýdyber, diňleýän.

— Siz meniň ýeke-täk ýoldaşym, howandarym, atam! Ölmäge bognumyň ysmaýanlygyna göz ýetirenimden soň, men diňe ýaşamak isleýärin. Ýöne nädip? Ýol salgy beriň! Eger siz bir çykalga tapyp beräýseňiz, muňa ýetesi zat bolmazdy. Haýrullah beý böwrüni diňledi, gaşyny çytdy, soň ýene gürrüňe başlady.

— Feride, bu hakda menem oýlandym, ýöne gürrüňimizi birneme soňa goýasym geldi. Indi özüňi dürsäniňi görüp durun. Ilki bilen, mugallymçylyk etmek pikirinden mydamalyk el çekmegiň gerek. Bu gün saňa käbir zatlary anyk aýdyp biljek. On gün mundan ozal welaýatdan bir gözegçi geldi. Hyrsyz, alyn dişleri moržuňky ýaly agzyndan aňalyp çykyp dur. Onuň baştutanlygynda derňew topary döredildi. Işden boşatmazlaryndan öň, olar seni soraga çagyrmakçy boldular. Onbaşynyň şol agşam getiren haty çakylyga meňzeş bir zatdy. Ol toparyň öňünde özüňi nähili duýardyň, Feride? Kimden çykýany näbelli elhenç aýyplamalara nähili jogap bererdiň? Diňe şu barada pikir edenimde, tas akylym başymdan uçupdy. Toparyň oturýan otagyny göz öňüne getirdim, egniň çarşably başyňy aşak salyp oturyşyňy, duw ak bolup giden biçäre ýüzüňi, soňam gözegçiniň «Möjek we guzy» atly ertekidäki haýwan ýaly, ýyrtyjy dişleri bilen seni parçalamakçy bolýanlygyny aňymda aýladym, ol musallatyň biderek bahana agtaryp, özi ýaly, ýürekbulanç töhmetini gaýtalaýanlygyny göz öňüne getirdim. Akylyndan azaşan esgeriň ýönekeýjelerine sögünç hem çym gyzyl bolýan mähirli çaga ýüzjagazyňy, ör-gökden gelýän çal gözleriňi bu morž bilen ýüzbe-ýüz goýup bormy. Haýrullah beýiň naýynjar gözlerinde uçgun peýda boldy, öň hiç wagt beýle zat görmändim. Onuň ýüzi gyşaryp, dişleri berk gysyldy, ol gürlemesini bes edip, kimedir birine ýumrugyny gezedi-de:

— Ine, onsoň çydap bilmän, birgeňsi agzymy açyp, ol moržuň mazaly suwuna degdim, şol wagt ony atsaň-da, ondan bir damja gan çykjak däldi. Öňňin üstümden kazyýete arz edendiklerini eşitdim. Şol güne sabyrsyzlyk bilen garaşýandyryn. Kaza olaryň gurýan oýunlaryny birin-birin gürrüň berjek. Goja lukman dymdy. Onuň gözlerindäki ýowuz ýylpyldy öçüp, ýüzüniň reňk-peti gaçdy, ol diňe şondan soň mähirli ýylgyryp, adaty sesi bilen gürrüňe başlady.

— Bu arada näme bolsa, saňa boldy. Bu arada sen derde ulaşdyň. Seniň geljekde özüň barada erbet pikirde bolanyňy islämok, çünki işden çykmaga seni zor bilen mejbur etdim. Ýöne sen geçmişiňi terk etmeli. Biribar seniň gözleriňi, dodaklaryňy elhenç moržuň öňünde dady-perýat etmek üçin dälde, gaýtam gülmek, töweregiňdäkileriň baryny bagtyýar etmek üçin ýaratdy ahyryn. Feride, saňa ýene käbir zatlary aýtmakçy. Indi seniň öňüňdäki jogapkärçiligim iki esse artýar: seniň ähli betbagtçylyklaryň sebäpkäri men. Şonuň üçinem ähli zady düzetmäge borçly. Ýene gaýtalap aýdýaryn: sen iş baradaky pikirleriňi terk etmeli. Eger biz bu gün başymyzy alyp çykaýanymyzda-da, ertir ýene bir töhmet atyp, seni ýerden alyp, ýere sokarlar. Belki, oňa çenli meniň ölüp-ýitip gitmegim hem mümkindir. Gel, bileje oýlanaly... Belki, sen öýüňize, öz maşgalaňa gaýdyp bararsyň?.. Men ýüzümi çytyp:

— Ýok, lukman beý, olar meniň üçin bireýýäm ýok hasabynda — diýdim.

— Onda başga bir ýol... Sen gowy bir ýigide durmuşa çykyp biljek dälmi?

— Ýok, lukman beý, asla garry gyzlyga galmagy ýüregime düwdüm...

— Durmuşa çykanyňda alnyň açyljakdygyna menem ynanamok, Feride. Şol näletsiňmiş ýigit seniň köňlüňi şeýlebir eýeläpdir welin, ony ol ýerden hiç hili güýç çykaryp taşlap bilenok.

— Lukman beý, näme barada gürläsiňiz gelse gürläň welin, bu meseläni...

— Bolýar, balam, bolýar.

— Sag boluň! Haýrullah beý murtunyň ujuny dişläp, esli içini gepletdi.

— Onda biz nätmeli? Mätäçlik howp-a ýok. Mundan gorkma. Pukara baýlygym ikimize-de ýeter. Pulumy nirä sowarkam diýip pikir edip ýördüm. Olary seniň bagtyňdan gowy nämä sarp edeýin! Jogabymyň lukmanyň degnasyna degjekdigini bilip durdum. Ýöne etjek alajyň barmy, näme? Onuň dyzyny çekinjeňlik bilen sypalap:

— Ýöne pikir edip görüň, lukman, kim hökmünde sizden pul kömegini almaly? Şondan soň özümi adam hasap edip bilerinmi? — diýdim. Haýrullah beý gatyrganmady, diňe maňa gaýgyly, hatda naýyynjar bakyp:

— Utançdyr, Feride, utançdyr! Beýle sözleri aýtmak utançdyr. Biz bir-birimiz bilen şeýle ysnyşdyk. Emma etjek alajyň ýok. Sen diňe göräýmäge erkana, garaşsyz, dogumlyja gyz ýaly, aslynda weli, lälijek gyzyň sadalygy, doňýürekliligi bar sende. Halk arasynda «hynaly guzy» diýilýän gyzlardansyň-da... Sen betbagtlyga uçradyň... Ýöne şeýle gyz, halalhon gojadan hem bolgusyzja kömegi almak islemeýän gyz ýeke ýaşap bilermi? Aýratyn hem şeýle ahwalatdan, şeýle töhmetlerden soň. Feride durmuşa çyksaň gowy bolardy diýen netijä hem men şonuň üçin geldim. Sen hiç kimden kömek almak isläňok. Işlesem diýýärsiň, ýöne bu mümkin däl. Eger men bile ýaşamakdan ýüz dönderme diýip teklip etsem, munuň bilen hem ylalaşarsyň öýdemok, şeýle dälmi? Ýüzüňi sallaýarmyň? Jogap bermäge çekinýärmiň? Dogrymy aýtsam, muny özümem çykalgadyr öýdemok. Bu pursatda biz aç-açan gürrüň edeli. Syrgynymyzda ýaşaýan adamlar kaýmakamyň üstüne adam iberip, meniň öýümde maşgalama hiç hili dahyly bolmadyk ýaşajyk bir del gyz ýaşaýar diýip aýdypdyrlar. Olar muny bikanun, ahlaksyzlyk hasap edip, hatda seni nirädir bir uzak ýere sürgün etmegi talap edipdirler. Sen meniň gönümel, aç-açan adamdygyma, diýjek zadymy her kimiň ýüzüne

diýýänligime belet ahyryn: şonuň üçin hem meni halamaýarlar. Şeýle pursatda olar meni aýarlar öýdýäňmi, şeýle dälmi? Feride, gepiň gysgasy, seniň meniň bilen-de, ýeke-de ýaşamaga mümkinçiligiň ýok. Nirä gitseň-de, sebäpsiz şübhelere sezewar bolup, ol şübheler bar ýerde aşyňa awy gatar. Seniň geçmişde eden her bir gümürtik etmişiňe öňýeten kezzap, öňýeten üfis üstüňden gülýär. Feride, indi biz nätmeli? Nähili hereket etmeli? Seni nädip goramaly? Lukmanyň ýüzüne ölüme sezewar edileniň bakyşy ýaly, naýynjar bakdym, ýylgyrmaga synanyşdym. Ýüregim bolsa gyýym-gyýym bolup durdy.

— Siz ahyrsoňy meniň ajal barada pikir etmäge hakymyň bardygyny ykrar etdiňiz. Lukman beý, siz şu güne, şu agaçlara, alysdaky şu deňze bir serediň... Men ýaly bir derde uçramadyk adam, heý, beýle ajap dünýä bilen aýrylyşyp bilermi? Haýrullah beý eli bilen agzymy tutup:

— Besdir, Feride! Besdir! Sen häzir ömrümde baş goşmadyk galat bir işimi etdirersiň. Meni zar-zar agladarsyň. Ol şeý diýdi-de, lukman agaçlaryň gurap giden ýalaňaç şahalarynyň arasyndan nur saçýan güýz Gününe tarap elini uzatdy:

— Indi garrapdyryn. Ömrümde köp-köp ynsan hasratlaryna, açlyk-ýalaňaçlyklaryna gabat geldim. Şu ellerim bilen, gör, näçe gözleri ýumdurdym. Ýöne bezzatja dodaklary gülmäge bahana gözleýän ýaly, titräp duran ajaýyp çaga ölmüň zerurlygy barada arkaýyn gürläp dursa, bu, eýsem, elhenç ýagdaý dälmidir. Seni beýle ýagdaýda hiç haçan görmändim — diýdi.

Haýrullah beý dyzlarynyň üstünde ýatan ýapynjany serpip goýberdi-de, esli salymlap otagda gezmeledi. Ahyrsoňy ol öňümde aýak çekip:

— Beýle ýagdaýda biz iň soňky çärä ýykgyn etmeli. Seni şerigatyň kanunyna görä, öz öýümde saklajakdyryn hemem daşyňy gorajakdyryn! Taýýarlanyber, Feride. Ol indiki juma agşamy amala aşyryljakdyr — diýdi.

***

Biz bir hepdeden bäri Guşadasynda bolýarys. Men ertir gelin bolýaryn. Bir gün mundan öň Haýrullah beý bir iş bilen, şeýle hem öýe gerek-ýarak zatlary satyn almak üçin Izmire gitdi. Şu gün ol telegramma iberip, özüniň agşam gaýdyp geljekdigini habar berdi. Men lukmana çykdajy edip ýörmegiň düýpden gerek däldigini syzdyrdym. Ol geň-geň deliller getirip, aýdanyma garşy çykdy.

— Ýok, ezizim, hiç zat satyn almazlyk — munuň özi meniň juda garrandygymy boýun almak ýaly bir zat bolýar. Hawa-da, aramyza kyrk ýyllyk çäk salyp, tebigat ýalňyşlyk edipdir. Ýöne munuň hiç hili ähmiýeti ýok. Hakyky ýaşlyk-kalp ýaşlygydyr. Sen ýaşyma seretme. Ýigrimi ýaşly ýigdekçeden hem gujurlydyryn. Üstesine-de, seni owadan hem bezemen gelin ýaly göresim gelýär. Men diýenimi ederin: saňa Izmirden görlüp-eşidilmedik toý lybasyny getirerin. Öňe seredip oturyşyma bir söz hem diýmedim. Haýrullah beý sözüni dowam etdi:

— Munuň daşyndan saňa toý sowgadyny hem etmekçi... Özem ol görlüp-eşidilmedik sowgat bolar. Hany, biljek bol: ol ysyrga bolarmy ýa ýüzük, dür, almaz?.. Ýok, ýok, ýene-de bir gezek ýok. Sen biljek bolup nähak azara galyp oturma, barybir, bilmersiň. Men saňa bir ýetimler öýüni bagyşlajak. Haýrullah beýiň ýüzüne geň galyjylyk bilen seretdim. Onuň ýüzi şadyýan ýylgyryp, ýagtylyp gitdi.

— Görýäňmi, göwnüňden turaýjak bir zat tapypdyryn. Biz Alajagaýadaky mülkümizi kyrk çaga bolar ýaly ýetimler öýüne öwreris. Biz ol ýere töwerekdäki obalaryň ýetimlerini ýygnarys. Men-ä lukmançylyk ederin, senem mugallyma, eneke bolarsyň. Bu setirleri keselden sagalyp ýören pursatlarym bolan otagdaky penjiräniň öňünde ýazýaryn. Bagda gury ýapraklar agaç pudaklaryndan ýagyş ýaly dökülýär. Şahalaryň ýarysy diýen ýaly ýalaňaçlanypdy. Ýel güýjäp, gury ýapraklary

penjiräniň öňüne sürüp getirýärdi, soň olar depderimiň saralyşan sahypalaryna gelip düşýärdi. Goja lukman dostumyň solak mawy gözlerindäki mylaýymlyk, mähir, çyn ýürekden çykýan tämiz atalyk söýgüsi kalbymy heýjana getirýärdi. Munuň özi ýapraklary saban agajyň iň soňky ýaşyl ýapragydy. Ýöne oňa adamym hökmünde bakmaga mejbur bolan günümden bäri ol hem saralyp-solup gitdi. Nätjekdä? Durmuşyň özi şeýle. Onsoň muňa hem boýun bolmaly bolýar.

***

Garynja yzlaryna meňzäp duran kiçijik harplar bilen doldurylan bu gündeligimiň iň soňky sahypasyna ýetdim. Gören azaplarym bilen birlikde depderim hem tamamlandy. Onuň beýle gabat geläýşini! Indi hiç haçan täze gündelik ýöretmen, hiç haçan täze durmuşymy beýan etmen. Maňa başga gürrüň berere zat ýok. Ertir Haýrullah beýiň aýaly bolaryn, şondan soň özge durmuş hakynda gürrüň bermäge hukugym hem bolmaz, bognum hem ysmaz. Birigün ir bilen goja lukmanyň otagynda oýanjak aýal bilen bütin ömri sadaja aýdymdan hem birnäçe damja gözýaşdan başga Çalyguşynyň arasynda nähili umumylyk bolup biler. Bu gün Çalyguşy gözýaşlaryna ezilen gündeliginiň sahypalaryna gaçan güýz ýapraklarynyň astynda hemişelik jan berer.

***

Aýralygyň soňky sagadynda hakykaty gizläp oturmak nämä gerek? Kamran, saňa hiç haçan okamak miýesser etmejek bu gündeligi seniň üçin ýöretdim. Hawa, bu ýerde aýdan zatlarymyň baryny, ýazanlarymyň hemmesi diňe seniň üçindi. Bu gün ahyrsoňy özümiň düzedip bolmajak hata edenligimi boýun almaga wagt ýetdi. Hawa, hiç zada garamazdan, men söýülýärdim, saňa barsam, alnymyň açyljakdygyny hem bilýärdim. Emma bu maňa az bolup göründi. Men özümiň söýşüm ýaly bolmasa (bu mümkin hem däl), örän, örän, örän söýülmegimi küýseýärdim, iň bolmanda, şeýleräk söýülmegimi isleýärdim. Meniň şeýle söýgä hakym barmydy, eýsem? Bardyr öýdemok, Kamran! Men kiçijik, nadan gyzjagaz. Söýmegiň, söýülmegiň hem öz ýoly bar, şeýle dälmi, Kamran? Men bolsam muňa düşünmändirin. Seniň «saryja güljagazyň» nähili mylaýym aýal bolandygyny kim bilýär! Kamran, muny saňa gyjalat bermek üçin aýdamok. Maňa ynanaý. Eger ol seniň bagtyňy açan bolsa, hyýalymda onuň bilen ýaraşmaga taýyndyryn. Onuň saňa nähili ýakymly sözleri aýdanlygyny, onuň nähili ajap hatlary ýazmagy oňarýanlygyny kim bilýär! Men bolsam... Men seniň çagalaryň, biziň çagalarymyz üçin gowy ene bolup bilerdim... Diňe şony başarardym. Kamran, seni söýýänligimi diňe aýrylyşanymyzdan soň bilip galdym. Gep meniň durmuşa düşünenligimde ýa-da başga birlerini söýenligimde däl. Ýok. Men muňa seniň kalbymdaky keşbiňi söýmegimi dowam edenligim üçin düşünýän. Zeýnilerde garaňky gonamçylykda, daýhan arabalarynyň gamgyn jaňjagazlarynyň jyňňyrdaýan uçsuz-gyraksyz çölلüginde, şalyň mylaýym, ýakymly ysyndan doly Söwüt jeňňelliginde şuwlap, uzynly gije eňrän halatlarynda hemişe seni ýanymda ýaly görüp, hemişe seniň gujagyňda ýaşadym.

Aýaly boljak biçäre gojam meni bigünä gyzjagaz, akja guş saýýar. Ol juda ýalňyşýar! Saňa bolan söýgim kalbymy-da, bedenimi-de guradyp taşlady, ejir baryny görkezdi. Kamran, biz diňe şu gün, birek-birekden aýra düşýäris! Hawa, diňe şu gün dul bolup galýaryn... Bolup geçen zatlara garamazdan, barybir, sen hemişe az-owlak meniňkidiň, men bolsam bütin durkum bilen seniňkidim... (Feridäniň gündeliginiň soňy).

## Bäşinji bölüm

I

— Kamran, saňa ýoldaş bolmagyň özi, walla, güzab-a. Iki sagadyň içinde, megerem, ýüz sowal dagy berendirin, ýöne «hawadyr» «ýokdan» başga eşiden jogabym ýok. Oglum, akylyňa aýlan-a! Paýtun çarkandak ýol bilen çaýkanyp barýardy. Iňrik garalyp ugrapdy. Şemal öwüsýärdi. Kamran

paltosynyň ýakasyny galdyryp, burça gysylyp otyryşyna oý-pikire batyp, Mermer deňzini synlaýardy. Ahyrsoňy ol deňizden nazaryny sowup, ýylgyrdy-da:

— Daýy, iki sagadyň içinde iki ýüz sowala «hawa», «ýok» diýen iki ýüz jogap almak-da, onçakly az zat däl — diýdi.

— Bolýar, oglum, ýöne sen sowallara oýlanmazdan, dilujundan jogap berdiň-dä:

— Daýy, siziň şypahanalardaky näsaglary ajap bejeriş usulyňyz bar! Göwnüme bolmasa, oýlanmaga mejbur etmek bilen, siz meni ýörite surnukdyrmak isleýän ýaly.

— Ah, gadyrbilmez diýsänim! Seniň göwnüňden turjak gümanyň ýok. Hawa, dogrudan hem, seni oýlanmaga mejbur etjek bolýaryn. Ýöne maksadym seni surnukdyrmak däl-de, başga zatlar barada oýlanmaga päsgel bermek. Bizar boldum! Seni gafat ukusyndan oýarmak mümkin däl. Ynha, biz üç gün mundan öň obadaky toýa gidip geldik. Dürli adamlary gördük. Tebil, surnaý diňledik, ýigitleriň tansyny, pälwanlaryň göreşini gördük. Men-ä hezil edindim, sen — ýok! Inkärem edip oturma. Meniňem gözüm bar, görüp otyryn.

— Daýy, size nähili düşündirsemkäm?.. Diýmek, gurluşym başgarakdyr.

— Ýok, oglum, sen özüňi ýaman güne goýýaň. Iň bolmanda, menden görelde al. Bahym altmyş ýaşaýan, ýöne gün geldigiçe-de juwanlaşýan.

— Muny Äşe daýzam bir eşitmäwersin...

— Goý, eşitsin, maňa näme? Bu ýere gelenimde has garry görünýärdim. Kamran ýylgyrdy.

— Soňky gezek Tekirdagda on ýyl töwerekleri mundan öň bolupdym. Häzire çenli ýatlap ýörün... Edil häzirki ýaly, awgust agşamydy... Eziz beý elini çarpdy.

— Görsene, wagtyň geçäýşini!.. Çünki seniň ogluň bahym dört ýaşaýar, bäş ýyl mundan ozal bolsa sen Feridäniň adaglysydyň. Wah, Kamran, seniň oňa rehimsiz daraýşyňa heniz-henizlerem düşünip bilýän däldirin!.. Çalyguşynyň bilbil ýaly sesini, gül kimin ýüzüni ýatlanymda häzire çenli ýüregim gyýylyp dur. On ýyl geçenem bolsa, öýümiziň ýeňsesindäki baga gözüm düşeninde ýüregim awaýar. Ölüp-ýitip gidäýsem hem, seni bagyşlap bilmen, Kamran.

— Daýy, dynç almaga özüňiziň çagyran hassaňyza beýle sözleri diýmek bolarmy?..

— Sen mamla. Ýöne seniň derdiň sözlerime hiç hili dahyly ýok. Sen söýen aýalyňa öýlendiň, ýöne bir ýylam äbe-de-jüýbe bolup ýaşap bilmediň. Münewwer nähoşlady. Sen üç ýyllap onuň başujunda oturdyň. Seniň ony äkitmedik ýeriň galmady... Prins adalaryna, Şweýsariýa äkitdiň... Emma kysmatdan gaçyp gutuljak gümanyň ýok. Ol geçen gyşda dünýäden ötdi, sen bolsaň bu ýitgiden özüňe gelip bileňok, ýüzüň-gözüň edil hassanyňky ýaly. Ýöne munuň Feridä hiç hili dahyly ýok. Sen başga birini söýüpdiň... Kamran ajymtyk ýylgyrdy:

— Ýok, daýy, gepime ynanýan ýok, sizem ynanmarsyňyz, muny geň-taň bir zat hasap edersiňiz. Men dürli gyzlara göwün beripdim, hatda çynlakaý halanlarym hem bardy. Ýöne siz ynanaýyň, dünýäde hiç kimi Feridäni söýşüm ýaly söýmändim. Eziz beý dişleriniň arasyndan syzdyryp:

— Düşünýän, bu ýaman söwda, ýaman söýgi bolupdyr — diýdi.

— Daýy, sizem ynanmarsyňyz diýdim-ä. Hiç kim ynananok. Müjgän telim ýyldan bäri menden gaty görüp ýör, Feridäniň adyny hem tutduranok. Ol birsyhly: «Seniň Feride barada dil ýarmaga-da hakyň ýok» diýýär. Ejemem, daýzamam, hemmesi şeýle. Men diňe Nermin bilen Feride hakda gürrüň

edip bilýän. Häzir Nermin on ýedisinde. Feride geleninde Nermin ýaňy ýedi ýaşyndady. Feride onuň ýadyna çala düşýär, ol o barada: «Meni hiňňildikde uçuran gyzyl köýnekli doganjygym...» diýip ýatlaýar. Ony gyzyl köýnekli doganjygy hakda gürletjek bolup, men, gör, ne azaplar çekdim.

— Kamran, sen örän geň adam. Ýagşy, onsoň, ol, beýleki zenan näme?

— Ol näsag aýaldy. Onuň men zerarly ölmegi ahmaldy. Feridäni almak umydymy doly ýitirip, oňa nebsim agyransoň Münewwere öýlendim. Ine, bar bolany.

— Muňa düşüner ýaly däl. Sen bir düşnüksiz adam, Kamran!

— Dogry aýdýaň, daýy. Näme edip, näme goýýanymy özümem hiç bilemok. Diňe bir zady anyk bilýän, olam meniň Feridä bolan söýgim. Ol ýüregimde öçmejek yz galdyrypdyr. Göwnüme bolmasa, demimi sanap ýatyrkam hem, ony ýatlap aglarmykam diýýän... Lukmanlar maňa howaňy üýtgetmeli, dynç almaly diýenlerinde, ilkinji nobatda, Tekirdag barada oýlandym. Ynha, onsoň siz meni öz çakylygyňyz bilen gelendir, oba toýlarynda hezil edip wagtyny geçirmekçidir diýip, pikir edýänsiňiz... Gaty görmäň, bu ýere puja çykan arzuwymyň galyndylaryny çöplemäge geldim.

— Ýagşy, sen bir samsyklyk edipsiň diýeli, ýöne ony düzetmäge hiç hili ýol ýokmudy, näme?

— Daýy, hata goýberdim, haýynlyk etdim. Feride bizden öte gaharly gitdi. Sorap-idäp onuň nirededigini bilsem-de, duşuşmakdan birden çekindim duruberdim. Feridäniň diňe bir ýüregine ýara salynman, mertebesi hem kemsidildi. Ýat illere çykmagyň oňa nähili kyn bolandygyny özüň biliber. Meni ýarym ýyl hem geçipgeçmänkä göräýse, onuň gahar-gazaba münüp, birtopar kelesaňlyk etmegi mümkindi. Men zordan ýazyň çykaryna garaşyp, ýol şaýymy tutup ýördüm, ony işleýän ýerindäki oba mekdebinden taparyn öýdýärdim, onýança, nägehan kesel meni bürdi-de taşlaýdy, üç aýlap ýorgandüşekli ýatmaly boldum. Men B.-e Çalyguşynyň yzyndan gidenimde eýýäm gijä galan ekenim. Maňa ol näsag kompozitora aşyk boldy diýdiler; onuň şaglawugyň ýanynda oňa deprek çaldyrandygyny, biwepa başyny söýgülisiniň dyzyna goýup onuň gözlerine bakýandygyny aýtdylar. Daýy jan, özüňiz pikir edip görüň, şol gözlere näçe ýyl intizar boldum, olary diňe özümiňki, diňe özümiňki saýýardym, ine, onsoň bir gün... Kamran sözüne dyngy berdi, kellesini deňiz tarapdan öwüsýän şemaldan gorajak bolýan ýaly, paltosynyň ýakasynda gizledi, soňra ýene-de balykçylaryň ýakýan otlarynyň alawlaýan çägesöw kenaryna dikanlap seretdi. Eziz beýiň hem keýpi gaçdy.

— Kamran, oglum — diýip, ol söze başlady.

— Şonda sen ikinji gezek ýalňyşdyňmykaň diýip gorkýan. Eger-de Çalyguşy beýle etmişlere baş goşýan, ähli zady çalt ýatdan çykaryp, kellesiniň ugruna gidýän gyzlardan bolan bolsa, ol bireýýäm bagtly bolardy. Hemme zat başgaçamyka diýýärin. Kamran ýene-de ajymtyk ýylgyryp, başyny ýaýkady:

— O jähetden arkaýyn boluň, daýy! Feride eýýäm iki ýyldan bäri örän bagtly zenan. Maňa ony gören, oňa belet adamlar gürrüň berdiler. Onuň adamsy, goja lukman örän baý adammyş. Feridäniň joralarynyň biri — raýat emeldarlaryny taýýarlaýan mekdepleriň gözegçisi bolup işleýän dostumyň aýaly oňa bir gezek Guşadasynda gabat gelipdir. Çalyguşy üýtgemändir, öňküsi ýaly, köp gepläp, gülüp, degişýär diýdi. Feride jorasyna şäherden birnäçe sagatlyk uzaklykda ýerleşýän mülkde ýaşaýan ýetimleri terbiýeleýändigini, ol ýerde ýigrimi töweregi çaga bardygyny gürrüň beripdir. «Men örän hoşbagt» diýipdir. Ol adamsyndan ýarym sagatlap hem aýrylyşyp bilmeýärmiş. Jorasy Stambul hakda, dogan-garyndaşlary barada söz açmakçy bolupdyr. Emma Feride oňa gulak hem asmandyr-da: «Ol şäheri hem, ol adamlary hem ýatlasym gelenok» diýipmiş. Daýy, Feridäniň öňünde günälidigimi bilýän, gödeklik edipdirin. Ýöne, iň bolmanda, siz bir adyl boluň-a. Ol meni juda çalt unudypdyr. Ýogsa-da meniň nalam kime derkar? Bolýa-da, gürrüňi uzaldyp oturmaly. Arabadan düşüp, pyýada gideýin. Ýol erbet, çaýkap heläk etdi. Ýoluň ak bolsun!

— Bäh, bi emeldarlary, mydam zeýrenişip ýörler! Bu ýoly birnäçe ýyl mundan ozal özüm çekdiripdim. Özümem potratçy hökmünde Güne bişipdim. Ýok, seni ýol çaýkap, ýol heläk edýän däldir. Töhmet atmaňy bes et. Ýedi ýyl mundan ozal meni mutasarrifiň wezipesinden aýryp, gör, nähili gowy iş edipdiler. Bar, oglum, seýil et. Ýöne kän eglenme. Gojalyk daýzaňy-da, meni-de üýtgetdi: eger gijä galaýsaň, ol ynjalyksyzlanar, men bolsam açlygymdan akylymdan azaşaryn. Kamran köpriniň ýanynda arabadan düşdi. On ýyl mundan ozal ol şunuň ýaly awgust gijesinde bu köprüde çüýrän tagtalaryň üstünde oturyp, aýaklaryny suwa sallapdy. Ynha, ol üç hepde bäri Tekirdagda myhmançylykda bolýardy, her gün agşamaralar şu ýere gelip, garaňkynyň ümüş-tamyşlygynda oý-pikire çümüp, bolýan ýerine dolanýardy. Bir gün Müjgän (adamsy wagtlaýynça Anadola iş saparyna gideni üçin, ol çagalary bilen Tekirdaga gelipdi) Kamrana:

— Sen juda ýadaw görünýäň. Daşa giden bolara çemeliň? — diýdi. Kamran gamgyn ýylgyrjaklap:

— Bildiň, Müjgän. Örän daşa... On ýyl mundan öňki geçmişime gitdim... — diýdi. Ol ýene-de bir zatlar diýjek boldy, emma Müjgän, barybir, hiç zada düşünmeýändigini aňdyrjak bolup hyrçyny dişledi.

— Şeý diýsene! — diýip, ol şobada çykanyna ýeňsesini öwürdi. Müjgän telim ýyldan bäri Kamrana gaharlanyp ýördi, zenan kalbynyň emr edişi ýaly, hötjetlik bilen kejigýärdi. Kamranyň ýanynda Feride barada bir gezek hem dil ýarmandy. Kamran bagyň içi bilen assa ýöräp gelýärdi. Iňrik garalyp ugrapdy, ýöne Günüň şuglasy garşydaky dagy öçügsi ýagtyldyp durdy. Gije düşüp gelýärdi. Asman ýapraklarynyň gyrasy solup ugran giçki benewşä meňzeýärdi. Ýaş ýigit agaçlaryň arasyndan geçýän ýodada aýak çekdi-de, käte agaç tomzajyklarynyň ýylpyldysy görünýän ýaşylymtyl garaňkylyga uzak wagtlap seredip durdy. Ol bir gezek şu ýodajykda Feridäni görüpdi. Onuň egninde deňizçileriň geýýän keltejik köýnegi bardy, papagynyň astyndan saçlary burum-burum bolup çykyp durdy. Bu Kamranyň şu günki ýaly ýadynda: ynha, Çalyguşy onuň öňünden ýöräp barýarka, ökjesiz köwüşjiginiň burny bilen daşjagazlary depip goýberýär.

Wagt geçip durdy. Kamran öýdäkileriň biynjalyk bolup ugrandyklaryny bilýärdi, emma howlukjak bolanokdy, bu ýodajykdan ýitiren bagtynyň yzyny gözleýän ýaly, bilgeşleýin ädimini haýallatdy. Uzakda derwezäniň öňünde zenan sudury göründi. Ol Müjgändi. Her gije diýen ýaly oguljygy bilen gezim edýärdi, çaganyň goltugyndan tutup, oňa ýöremäni öwredýärdi. Çykanyny gören Müjgän oňa elini salgady:

— Kamran, näme mytdyllap gelýäň-le? Bu wagta çenli sen nirede bolduň?

— Aý, hiç, Müjgän... Howa gowy bolansoň... Bu gün Müjgäniň ýanynda çagasy ýokdy, şonuň üçin hem onuň bolşy düýpden başgaçady. Onuň hemişeki perwaýsyz ýüzi juda howsalaly görünýärdi.

— Saňa näme bolýar? — diýip, Kamran geňirgendi. Bir zatlar diýjek bolsa-da, gelin sesini çykarmady. Olar derwezäniň öňünde asylgy çyranyň gögümtil ýşygyna ýagtylyp duran howla girdiler. Müjgän bir ädim yza tesip, elini haýada tarap uzatdy-da:

— Seret, kim gelipdir... — diýdi. Kamran yzyna gaňrylanda golaýynda Feridäniň ýylgyryp duranlygyny gördi. Göreçleri mawumtyl öwsüp, dodaklary gülümsireýärdi, ýöne ýüzi argyn görünýärdi. Hawa, Kamranyň öňünde duran Ferideди. Ol hemişe gözlerini ýumanda, Feridäni şeýle göz öňüne getirýärdi. Ol garaşylmadyk ýagdaýa allaniçigsi boldy, ajaýyp düýşden jyda düşmekden gorkýan dek, gözlerini ýumdy, soňam aljyraňňy halda daýanara bir zat gözleýän ýaly, daş-töweregine ýaltaklap seretdi. Olar içinde harasat gopduryp, biri-birlerine sessizüýnsüz seredişip durdular. Dodaklary güljek bolýardy, gözlerine bolsa düwme-düwme ýaş aýlandy. Müjgän häzirki pursadyň agyrdygyny duýan ýaly, Feridäniň elinden tutup, ony Kamranyň ýanyna eltdide, degişmä salyp:

— Iki aýal doganyň çagalaryna dogan diýseňem bolar. Feridäniň erkek dogany bolmany üçin, seni onuň dogany saýsaňam bolar, Kamran, şonuň üçin uýaňa «Hoş geldiň!» bir diý — diýdi. Kamran öňe süýşdi, Feridäniň saçlaryna dodaklaryny degrip, ýuwaşja, çawuş çakýan ýaly:

— Feride hanym, sizi ýene görýänligime şatdygymy beýan etmäge söz tapýan däldirin — diýdi. Bu sözler Feridä tekge berdi.

— Sag boluň, Kamran beý, menem örän şat... Çalyguşynyň öňküleri ýaly päkize, mylaýym sesinde az-maz nala duýuldy. Çat açan billur hem şeýle ses çykarýar.

— Haçan geldiňiz?

— Şu gün günortanlar. Stambula on gün mundan ozal gelipdim, ol ýerde hiç biriňiziň ýokdugyny eşitdim. Daýzalarymy, ähli garyndaşlarymy göresim gelýärdi. Siziň hem käbiriňiziň meni göresiňiz gelendir diýip pikir etdim. Onsoňam syýahat etmäge öwrenişen adam üçin Tekirdaga gelip gitmek nämemiş? Şeýle dälmi, Kamran? Müjgän ýene gürrüňe goşuldy:

— Ýagşy, ýöne, hanym beý, bu resmilik nämä gerek? Siziň uýa-dogan saýylýanlygyňyzy aýtdym ahyryn. Şonuň üçinem Feride sen Kamrana agabeý diýseň, dogry bolardy. Olaryň ikisi hem uýaldy. Feride ýaýdanjyrap:

— Dogrudan-da, Kamran, adyňy şeý diýip tutmak bolar-a? — diýdi. Kamranyň jogabyna garaşyp, ol, kimdir birini görmekçi bolýan ýaly, garaňkylyga tarap dikanlap seretdi.

— Goý, isleýşiň ýaly bolsun, Feride — diýip, Kamran sussupeslik bilen jogap berdi.

— Goý, ýüregiň nämäni küýsese, şonuň ýaly hem bolsun... Ahyrsoňy parahat gürleşip ugradylar. Feride öz syýahaty barada sanlyja söz bilen gürrüň berdi:

— Stambulda bir işim bardy. Soň bolsa, aýdyşym ýaly, sizi göresim geldi. Lukman maňa iki aýlap dynç almaga rugsat berdi. Siziň hemmäňiziň sag-salamatdygyňyzy görüp, köp şat boldum! Ýöne, ynha, seniň derdiň welin, Kamran... Men ony Stambuldakam eşidip, örän gynandym. Ýanýoldaşdan beýle ir jyda düşmek agyr düşýändir. Ýöne seniň ogluň bar-a. Allam Nejdete enesine berilmedik ömri bersin! Görmegeý ogluň bar, Kamran! Ony gören badyma haladym! Biz bada-bat ysnyşdyk, ol tä agşama çenli gujagymdan düşmedi. Men çagalar bilen derrew ysnyşýaryn. Feride kem-kemden özüni dürsedi. Onuň sözlerine, hereketlerine arkaýynlyk, şadyýanlyk aralaşdy, ozalkylary ýaly, bälçik çaganyň häsiýetlerini ýada saldy. Kamran onuň sesine diň salyp, gülümsireýän dodaklaryna, ýarym garaňkylykda ýyldyraýan owadan gözlerine seredip, heziller etdi. Ol indi hiç zat barada pikir etmedi, kemteresinden Feridäniň başga bir adamyň aýalydygyny, bir aýdan — bir ýarym aýdan bu bagtyň düýş ýaly bolup gitjekdigini hem unutdy. Ol özüniň gaýdyp gelenini içerdäkileriň bilmegini islemeýärdi. Emma gynansa-da, muny eýýäm aňypdylar. Muny Nermin uly ili bilen gygyryp, hemmelere jar edipdi. Soňra ol derwezäniň ýanyna ylgap baryp, Feridäni bagryna basypdy.

— Seni ýatdan çykarmanlygyma doganjygym Kamran hem şaýatdyr. Feride jan, gyzyl köýnekli uýamyz hakynda Kamran ikimizden köp ýatlan ýokdur. Şeýle dälmi, Kamran?

II

Şol agşamky şamlyk baýramçylyk şagalaňyna öwrüldi. Eziz beý saçak başynda çaga ýaly bälçireýärdi.

— Wah, Çalyguşy, sen meni düýpden keçmaňlaý etdiň goýaýdyň: Her gezek sesiň ýadyma düşeninde, aglaberesim geldi. Gör, men seni nähili gowy görýän ekenim! Çalyguşy dogduk öýüne birnäçe ýyldan soň gaýdyp gelipdi, hemmeler ony görmek umydyny üzüpdi ýogsa. Ol, göýä, söýgüdir bagtyýarlykdan doly şol ýyllaryň şatlykdyr mähirini öz ganatlary bilen alyp gelene meňzeýärdi.

Hemmeler şadyýandy, her kim tolgunýardy, ol açyk penjirelerden girip, çyralaryň töweregine perwaz urýan kebelejiklerdir teneçirleriň ganatlaryny kakyşlaryny ýada salýardy. Diňe agşamlyk naharynyň ahyrynda adaty bir zat barada gürrüň berip oturan Besime daýza birden aglaberdi. Ol:

— Üns bermäň. Feridäniň ejesi Güzide ýadyma düşdi-de aglaýdym — diýdi. Feride Kamranyň ogly Nejdeti dyzyna alyp, oňa üzüm iýdirýärdi. Ol soňra başyny aşak salyp, ýüzüni çaganyň saryja saçlarynyň arasynda gizledi. Wessalam. Bir minutdan soň, onuň ozalky şadyýanlygy gaýdyp geldi. Besime hanym adamsy bilen Trabzonda ýaşaýan Nejmiýe barada gürrüň açdy.

— Biçäräniň başyna bir bela inipdir... Geçen ýyl ol gyzjagazyny ýitiripdir... Pahyrjyk täjihorazdan heläk bolupdyr... Feride uludan demini alyp:

— Daýza, men muny bilýän, gaty agyr kesel. Meniň gyzym hem täjihorazdan ýogaldy.

— Diýmek, seniň çagaň hem barmydy? — diýip, Äşe daýza ör-gökden geldi.

— Biziň mundan habarymyz hem ýok... Feride gamgyn halda başyny atyp:

— Wah, siz ony gören bolsadyňyz? Şeýlebir gowuja gyzdy! Owadanjady! Derdinden gutulmady-da — diýdi.

— Feride, ol näçe ýaşyndady? — diýip, ýene Äşe daýza gyzyklandy. Feride dodaklaryny büzüşdirip:

— On üç ýaşyny doldurypdy. Men oňa çarşab tikip, gaýynene bolaryn öýdüp ýördüm. Saçagyň başynda oturanlar gyzyl gyran gülüşdiler.

— Wah, Çalyguşy, sen ömürboýy bälçiräp, ömürboýy hokga çykarjak ýörjek-dä! — diýip, Eziz beý seslendi. On üç ýaşly gyz hakyndaky hekaýat hemmeleriň gülküsini tutdurdy. Feridäniň bolsa gözleri ýene ýaşdan doldy, ol Nejdeti öňküsinden hem beter bagryna basdyda, Munise barada gürrüň bermäge başlady, onuň sesi gitdigiçe naýynjar, gitdigiçe gamly çykdy. Şol agşam olar gijä çenli oturdylar. Eziz beý tolgunýardy:

— Feride, gyzym, ýoldan aryp gelensiň, git-de ýat — diýdi. Feride muňa gülüp jogap berdi, gujagynda bireýýäm uka giden Nejdeti bagryna berk basdy.

— Daýy jan, zyýany ýok. Siziň ýanyňyzda has gowy dynç alýaryn. Ýekelik halys ýüregime düşdi. Feridäniň ýyldyrap duran mawy gözleri, ýokarky kiçijik dodagy ýylgyrýardy. Ol dynman gürleýärdi. Ol ýene-de öňki Çalyguşylygyna dolanyp gelipdi. Gürrüňiniň diňlenýändigini, jemalyndan doýup bilmeýändiklerini görüp, ol sözleri terslin-oňlyn ýoýuşdyrdy, dodaklaryny näz-kereşme bilen gyşardyp, dilini çykaryp, söýülýändigini, näme etse, geçiljekdigini bilýän çaga ýaly, owurtlaryny çişirip, dynman gürledi. Onuň goja daýysy Eziz begenjinden ýaňa serhoş bolup, köne endiklerinden saklanybilmedi-de, köne degişmesine tutdy. Feride kiçijikkä, Eziz daýysy onuň alkymjygyndan tutup, zor bilen dodaklaryndan ogşardy-da: «Ah, garagolja Çalyguşy, sen meniň üljämden ogurlapsyň? Hany, olary gaýdyp ber!» diýerdi. Ol oturanlaryň gülküsi astynda Feridäniň alkymyndan alyp, onuň gazaply garşylygyna garamazdan, şol hereketini gaýtalady. Soňra ýegeniniň ýüzüne dikanlap seredip:

— Çalyguşy, etjek alajyň ýok. Özüň günäkär. Öýli-işikli zenan bolsaňam, göwnüň henizem şol oglanlygyňdaky ýaly. Hatda ýüzjagazyň hem çaganyňky ýaly. Kim muňa ýaşajyk gelin diýer? — diýdi. Kamranyň ýüzi boz-ýaz boldy. Şol pursatda ol Feridäniň başga birine degişlidigini ilkinji gezek duýdy.

## III

Iki gün geçipdi. Kamran Feridäni hiç görmeýärdi. On ýyl mundan ozal Feride Tekirdagda öz boýdaş gyzlarynyň birentegi bilen jora bolupdy. Indi olar öýli-işikli bolup gidipdi. Joralary oňa ynjalyk berenokdy, birsyhly myhman gelip, uzynly günläp gaýdanokdylar, soňam ony ýanlary bilen äkidip, tanyşlarynyňka ýa-da seýilbagyna gezelenje çykarýardylar. Çykanynyň içinden ýanyp-bişýänine Müjgän heşelle kakýardy. Ol gözleri gülüp dursa-da, gynanan kişi bolýardy.

— Heý, beýle-de bir zat bolarmy? Olar Feridäni öz gününe goýanok. Ýogsam-da Çalyguşy, ozalynda dynç almaly, hasratlaryny unutmaly... Şu wagtyň içinde Kamran Feridäni diňe iki gezek: bir-ä agşam nahary wagtynda, birem köçede egni çarşably myhmançylykdan gaýdyp gelýärkä görüpdi. Üçünji günüň säheri aralaşypdy. Kamran hemişekilerinden ir, daň agarmanka oýandy. Köşkdäkiler ýatyrdylar: Kamran penjiräni açanda Feridäniň bagda gezim edip ýörenligini gördi. Feride penjiräniň açylýan gapysynyň jygyldysyny eşidip, başyny galdyrdy-da, dogup gelýän Günüň şöhlesine gözlerini gyrpyldadyp seretdi, eliniň aýasy bilen maňlaýyny kölegeletdi:

— Kamran beý, turduňyzmy? Siziň endikleriňiz üýtgäp gidipdir oguşýan! Öňler sizi oýarjak bolsaň, bir penje daş alyp penjirä zyňmalydy, gyşyna bolsa gar taşlamalydy. Sizem birneme anadolyly bolup gidipsiňiz. Anadolyda şu wagtlar oýanaýsam, meni utandyrýardylar; «Ýalta gyz, gün dogýança-da ýatmak bolarmy?» diýýärdiler. Häzir Feride ozalky şadyýan, galjaň Çalyguşydy. Onuň sesi şildiräp akýan, ýürege serginden tämiz howa çaýýan suwuň sesini ýada salýardy. Kamran çekinjeňlik bilen:

— Feride, menem baga çykaýsam bolarmyka? — diýip sorady. Eliniň aýasy bilen Günden goranyp durşuna Feride, öňküleri ýaly, sesindäki ýaňsylamany bildirmejek bolup:

— Eger säheriň çygy lälijek teniňize zeper ýetirer öýdüp gorkmasaňyz, erbed-ä bolmazdy. Men size Anadolylaryň hezzetini ederdim — diýdi. Feride Kamrany ýaýbaň şahaly hoz agajynyň ýanyna alyp baryp, agşamdan unudylyp galan bir kürsüde oturtdy.

— Indi, Kamran beý, maňa birazajyk garaşyň.

— Biz resmiligi taşlaly diýşipdig-ä?

— Biraz tagapyl ediň, öz-özünden bolar gider: Men birden beýle biedeplige ýürek edip biljek däl. Kamran gülümsiredi.

— Ýöne bu biedepligiň aňrybaşy bolýar ahyryn, Feride. Muny saňa gadagan edýärin. «Siz, Kamran beý...» diýip eşidenimde, üstümden gülünýän ýaly görýärin. Feride-de gülümsiredi-de:

— Bü-ýä dogry, siz mamla... Sen mamla. Indi bolsa, süýt gyzdyryp bermäge rugsat et.

— Feride, haýyş edýän, azara galma.

— Nähak hötjetlik etme. Anadolyly zenanyň iň eý görýän merhemeti oňa hyzmat etmäge, islän zadyny etdirmäge ygtyýar bermekdä.

— Şeýle diýdi-de, Feride degişme äheňinde, ýöne sözüni gussaly dowam etdirdi:

— Çünki erkek adamyň göwnünden turmaga, onuň öwgüsine eýe bolmagy diňe ýekeje mümkinçiligimiz bar — olam hojalyk işlerini göwnejaý alyp barmak. Feride gitdi. Onuň ýap-ýaňyja ukudan oýanyp, eli mis küýzeli, bagda gury çybyklary çöpläp ýören bagban bilen edýän gürrüňi eşidilýärdi. Ahyrsoňy, ol bir bulgur bugaryp duran süýt alyp geldi.

— Kamran, bu meniň saňa hödür etmekçi bolan süýdüm-ä däl. Ýene üç günden — bu gün haýsy gün-ä? Hawa, penşenbe güni säher ir bilen seni myhmançylyga çagyrýan. Men seni şol goýundan saglyp alnan süýtden doýraryn, görersiň welin, ol jadyly, müşk ysly süýtdä. Muny nädip edýänligimi

gizlin saklaýaryn. Onuň nädilip edilýänligi bilen gyzyklanmaýarmyň? Eý, toba, bu nä biedeplik. Beýle bolsa, gel, bu syry saňa açaýyn. Goýny üç günläp armyt bilen bakýan... Sen üşeýäň öýdýän. Howa birneme çigregrägem. Ýa-da sen Besime daýzamyň maňa käýinmegini isleýärmiň? Ol: «Däli gyz, oglumy üşedipdir?» diýip hüňürdär. Dur, men bir sowukdyr çyga öwrenişip giden adam. Ine, al şarfymy. Feride boýnundaky gyzyl ýüň şarfyny sypyrdy-da, Kamranyň egnine atdy, Kamran bolsa säher çygyndan azap çekýän ýaly, ýuwaşja titredi. Ol başga bir agşamy ýatlady, göz öňüne getirdi. Bu on ýyl mundan ozal bolup geçipdi. Kiçijik okuwçy gyz keltejik köýnekli, gara öňlüklidi... Olar bagda uly daşyň öňünde durdular. Gyz gök paltosyny çykardy. Çaga barmajyklary benewşe syýa batypdyr. Şonda gyzjagaz «Seni kesellerden goramak indi meniň borjumdyr» diýipdi.

— Kamran, sen garry adam ýaly-la? Süýdüňi döküp, dyzlaryňy ýakarsyň... Näme üçin sen beýle çuň pikire çümdüň?

— Hiç. Bir zat ýadyma düşdi-de...

— Meniň hem ýadyma bir zat düşdi. Seniň egniňdäki ýaglygy görüp, saňa «Kamran hanym» diýip degenim şu günki ýaly ýadymda — diýip, Feride Kamrana pikirini aýtmaga päsgel berjek bolýan ýaly, sözüni böldi.

***

Feride garşysyndaky aşhana oturgyjyna geçdi. Onuň egninde tutuk reňkli Bursa ýüpeginden biçilip tikilen, zenan göwresini ýapyp duran ýeňil, ýaýraň gasynly giň köýnegi bardy. Ol tirseklerini dyzynda goýup, eňegini aýasyna diredi, şeýdibem barmaklary bilen ýaňaklaryny ýapyp, gürrüňe başlady. Kamran onuň çym akdan nurana ýüzüni ilkinji gezek ýakyn aralykda gördi. Onuň göwnüne Feride birneme horlanyp, duluklary içine giden ýalydy. Şu zerarly Feridäniň gözleri has-da uly, çekgelerindäki çalaja göze ilýän kölege olary garaldyp görkezýän ýalydy. Bäş ýyl mundan öň Feridäniň gözleri ýanar durardy, häzir bolsa olar oda çirkizilen gülleri ýada salýardy. Gözleri, öňküleri ýaly, gülümsiräp, öňküleri ýaly ýazyksyz, batyrgaý bakyp durdy. Emma Kamran olaryň çuňňurlygyny, düýbüni öňküleri ýaly şekilde görüp bilmeýän ýalydy. Feride anadolyly gyzlar ýaly, saçlaryny öňünden açyp, yzyndan bolsa ýogyn iki örüm edip goýberipdi, saç syk örüleni üçin maňlaýynyň hem çekgesiniň hamlaryny dartyp, gaşlarynyň burçlaryny çalaja galdyryp durdy. Şu zerarly onuň dury, näzik hamynyň astyndaky inçejik gögümtil damarlar has-da aýdyň görünýärdi. Kamran Feridäniň diýýänlerine onçakly düşünmeýärdi, ol diňe onuň sesine diň salyp, ondan lezzet alýardy. Ol Feridäniň ýüzüniň maşgala durmuşy gülala-güllük bolan ýaş gelinleriň ýüzlerine düýpden meňzemeýänligine üns berdi. Onuň ýüzüniň reňki ýolunman solmaly bolan güllerde, söýülmän garran gyzlarda duş gelýän gyzzyrmaly al reňki ýada salýardy. Säher şuglasy bu ýüzi şeýlebir näzik, şeýlebir manyly görkezýärdi. Ýaş ýigit jadylanan ýaly bolup otyrdy. Onuň aglaberesi geldi. Kamran jebri-jepalaryň gyz keşbini beýle gözel görke getirip biljegi barada hiç haçan pikir etmändi.

Feridäniň dodaklary birsyhly gülüp durdy. Dury ses ýene-de çala çat açan billur ýaly, gamgyn ýaňlandy. Feridäniň ýaşlygy ýadyna düşüpdi. Kamran ýürek edip, onuň soňky ýyllarda nähili ýaşandygyny sorady. Feride agras görnüşe girip, başyny ýaýkady.

— Kamran, ýadyma düşenok. On bäş ýaşaýançam bolup geçen zatlaryň bary, ilkinji gezek Tekirdaga düşüşim — hemmesi ýadymda-da, galan zatlar, duman ýaly gaýmalaşyp, hiç zat huşumda däl. Feridäniň gözleri-de duman büräne meňzedi. Ol kellesini bir ýana burdy-da, uzaklara bir ýere seretdi.

***

Her niçik hem bolsa, Feride öz ömrüniň soňky ýyllary barada gürrüň açmaly boldy. Ol Hajy kalfa, Zeýnileriň muhtary, geň häsiýetli Rejep ependi barada gürrüň berdi. Onuň ýüzi gülüp dursa-

da, gözlerinde, hereketlerinde düşnüksiz bir argynlyk duýuldy, şonda ýaraly ýüregiň iňňildisi ýaly, çat açan billuryň açyk-aýan bildirip duran sesine meňzeýän sözlerinde has ýiti duýulýardy. Feride derýanyň kenary hakdaky gürrüňine geleninde, Kamran oslanylmadyk halda gaşlaryny çytdy-da: «Belki, ol ýer Feridäniň deprek çalýan magşugynyň dyzyna kellesini goýup onuň ýüzüne sereden ýeri — şaglawugyň ýanyndaky ýerdir» diýip içini gepletdi. Çalyguşy ýene-de öz durmuşynyň käbir bolgusyz sahypalary barada gürrüň berdi, soňam tötänden diýen ýaly:

— Kamran, sen entek Haýrullah beýiň suratyny hem gören dälsiň — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi. Ol boýnundaky suratly altyn gülýakasyny sypyrdyda, ony çykanyna uzatdy. Ýaş ýigit duw ak bolup, suraty eline aldy. Feride surata onuň bilen bile seretmek üçin boýnuny uzatdy.

— Kamran, oňa seret. Gör, nähili görmegeý? Gör, nähili mähirli! Şeýle dälmi? Ýaş ýigit Feridäniň ýüzüne bakdy. Feride bolsa şekili delmuryp, mylaýymlyk bilen synlady, şeýdip, Kamranyň seredýänini hem aňmady. Megerem, bu Kamranyň durmuşyndaky iň ajy, iň ejirli, iň gazaply pursat bolan bolsa gerek! Diýmek, Feridäniň päk, näzik, nepis gözelligi gödek keşpli äpet çal saç goja şam bolan bora çemeli! Kamranyň hyýalyna elhenç zatlar gelip geçdi. Ol Feridäniň bu gojanyň elinde çabalanyşyny, onuň süzük gözlerinden utançdan ýaňa çym gyzyl bolan ýüzüne boýur-boýur ýaş akýandygyny, ýazyksyz çaga dodaklarynyň medet dileýän ýaly kemşerýänligini göz öňüne getirdi. Çalyguşy Kamranyň ýüzüne seredenokdy, ýöne onuň edip oturan pikirlerini welin aňýardy, ol birden tisgindide, suratly gülýakany boýnundan asyp:

— Kamran, indi bolsa bagyşla, men gideýin... Bu gün bize myhman gelmelimikä diýýärin — diýdi...

## IV

Çalyguşynyň dogduk öýüne gelenine ýaňy on gün geçipdi. Ýöne Eziz beý her agşam:

— Görýäňizmi, çagalar?.. Öýüňiz täze keşbe gelen ýaly bolaýandyr. Bu gezek Çalyguşy garlawaç ýaly, ganatlary bilen bahar alyp geldi... Ýöne haýp, ýene bir gün geçdi-dä! — diýip gaýtalaýardy. Feride gülýärdi:

— Daýy jan, bu gorkunç däl. Birnäçe ýyldan ýene-de rugsat diläp, gezmäge gelerin. Hapa bolmaň. Onsoňam öňümizde ýene telim gün bar ahyryn. Näme üçin biz şatlygymyza wagtyndan öň awy goşmalymyşyk? Çalyguşy ozalky Çalyguşa öwrüldi. Ol tupandan soň ýaldyrap çykýan Günüň nuruna açylan bägül ýaly açyldy. Ol ýene jaýda ýaşaýan çagalara baş bolup, olar bilen oýnap başlady. Müjgäniň üç ýaşly gyzy bilen Nejdetden başlap, tä on sekiz ýaşyna giden Nermine çenli hemmeler Çalyguşa gysmyljyrap, ertirden agşama çenli onuň yzyndan galmadylar, şeýlelik bilen, olar jaýy uly şatlyk, uly şowhun, gülki bilen doldurdylar.

Käte olar şeýlebir çenden çykýardylar welin, ulular olara haý-küş etmeli bolýardy. Çalyguşynyň galdawlygy hemmeleri heýjana getirýärdi. Sebäbi, her näme diýseňem, olar ozal Kamran ikisi adaglydy, şonuň üçinem hemmeler soňky bäş ýylyň içinde bitişip başlan köne ýaralaryň birden açylmagyndan heder edýärdi. Ýöne Feridäniň barha möwç alýan şatlygy, ony uzakdan synlamakdan başga zat islemeýän Kamranyň bolsa ýumşaksy hem-de aladasyz bagtyýarlygy olary birneme köşeşdirdi. Diňe daýzalary ätiýajy elden bermeýärdi, olar ýaş juwanlaryň arasynda «aga» bilen «uýa» diýen köne gatnaşyklary dikeltmek üçin ellerinde baryny edýärdi. Näsag çaganyň ýatan otagynda gaty gürlenilmeýşi ýaly, olaryň barlygynda hem gussaly geçmişi ýatlamaýardylar. Käte Eziz beý Feridä oslanylmadyk sowallary berýärdi:

— Bizde myhmançylykda köpräk bolup bilmeýärmiň? Emma Feride jogap deregine öňkülerinden hem beter suslanýardy.

— Daýy, bu mümkin däl. Çalyguşy hem başga bir öýüň enesi, onuň-da ýoluna göz dikýänler bar — diýip jogap berdi.

***

Kamran myhmany körpeje Nejdetden gabanýardy. Olary bir-birinden aýyrmak üçin çaganyň Çalyguşynyň elinde uklajak wagtyna çenli garaşmalydy. Bir gezek Kamran şeýle ýagdaýyň şaýady boldy. Feride gamgyn halda çaga:

— Hany, Nejdet, aýt... Ýene bir gezek daýza, daýza, daýza — diýip aýt — diýdi.

Oglanjyk boýun bolmady, sary saçlyja başyny ýaýkap:

— Eje, eje, eje... — diýdi. Kamran:

— Feride, oňa azar berme, goý, «eje» diýse diýsin. Nämesi erbet? Belki, çaganyň şeýle diýesi gelýändir — diýip, ýaýdanjyrap aýtdy. Feride hiç zat diýmedi, ol eglip, Nejdetiň saçjagazlaryny esli salymlap sypalady.

## V

Bir gezek ir bilen Kamran penjiräniň ýuwaşja kakylmagyna oýandy. Ol munuň kimdigini badabat aňdy... Beýdip diňe Feride ukudan oýaryp biljekdi. Çalyguşy ony ýene-de ullakan hoz daragtynyň ýanyna irki ertirlige çagyrýardy. Stoluň üstünde eýýäm onuň wada beren armyt ysly süýdi bark urup durdy, gapdalynda kiçijik çörekler bilen mürepbä meňzeş gyzyl reňkli bir mejimejik bardy. Feride şol mürepbeden çörege çalyp, Kamrana uzatdy:

— Bular öz elimiň hünäri. Çörekleriň adyny-ha bilemok welin, mürepbä-hä gülbeşeker diýýärler. Feride ýene-de pessejik aşhana oturgyjyny aldy-da, Kamranyň aýaklarynyň öňünde çökdi.

— Indi bolsa, Kamran, aýdyp otur. Gülbeşeker saňa ýaraýarmy?

— Ýaraýar — diýip, ýaş ýigit ýylgyrdy.

— Sen gülbeşekeri gowy görýärmiň?

— Gowy görýän.

— Ýok, Kamran, beýle däl... «Men gülbeşekeri gowy görýärin» diýip aýt.

— Men gülbeşekeri gowy görýärin — diýip, Kamran gaýtalady, ýöne bu geň hokganyň manysyna düşünmän güldi. Feridäniň ýaňaklary nar ýaly gyzardy, gözleri uçganaklap, utanjyna kirpikleri titir-titir etdi. Ol Kamrana tarap eglip, tolgunma bilen:

— Kamran, hany, ýene bir gezek: «Men gülbeşekeri gowy görýän» diýip aýt — diýip haýyş etdi. Ýaş ýigit onuň tirpildeýän dodaklaryna keýp edip seretdi; dodaklar isleýän zady berilmedik çaganyňky ýaly, çalaja gyşaryp gitdi.

— Men gülbeşekeri örän gowy görýän. Örän gowy görýän... Seniň isleýşiň ýaly, gowy görýän... Feride begenip, ellerini çarpdy. Onuň dodaklary gülüp, gözlerinden boýur-boýur ýaş akdy. Ol bolgusyz bir zada lapykeç bolan ýat adamy utandyrjak bolýan ýaly, öz-özüne igendi:

— Bu nä samsyklyg-a, el hünäriňi öwendikleri üçin beýle begenmek nähili samsyklyg-a! Feride gözýaşyny syldy, emma ýaş şol syrykdy durdy, syrykdy durdy. Birden ol güňleç gygyrdy-da, eli bilen ýüzüni tutup, aglap, öýe tarap ylgap gitdi.

***

Birnäçe günden soň, agşamaralar Kamran bilen Eziz beý öýlerine gaýdyp gelýärdi. Çagajyklaryň bolsa olary gördükleri sowgat — miwe, süýji, şokolad — hantamaçylygynda derwezäniň öňünde hatara durup garaşmak edähetleri bardy. Kamran olara sowgat paýlap durşuna, birden aýaklarynyň astyna bir penje daşyň şagyrdap düşenligini duýup galdy. Ol iň soňky çaganyň sowgadyny berdide, töweregine garanjaklady. Görse, ýanynda Çalyguşy dur. Ol ullakan kaştan agajynyň golaýynda durdy, eli bilen bir yşarat edýärdi.

— Munuň manysy siziň üçin düşnükli bolsa gerek, Kamran beý? Sebäbi bulardan başga menem bar ahyryn... Her gezek çykanyna degjek ýa-da oňa temmi berjek bolanynda, Feride hemişe oňa «siz» diýip ýüzlenýärdi.

— Siz meni wagtyndan öň hasapdan öçürene meňzeýärsiňiz — diýip, ol ýylgyryp sözüni dowam etdi.

— Hany, meniň paýym? Näme, öňki etmişleriňiz ýatdan çykaýandyr öýdýäňizmi, ependim? Siz ýa meniň dymýanymyň hakyny berersiňiz, ýa-da şu gün agşam nahar başynda çynaryň ýanynda bolan wakany gürrüň bererin. Feride Kamrana diliniň uçjagazyny görkezip, gülmäge başlady, ol on ýyl mundan öň şu derwezäniň öňünde hem şeýdipdi. Kamran paltosynyň jübüsinden bir guty çykardy. Ol:

— Näme, entek hasaplaşmanmydym, Feride? — diýip sorady.

— Gör, munuň jüpüne düşäýşini! Dek şu gün içi romly şokolad süýjülerini satyn aldym. Olary ýeke özüm iýmekçidim. Emma syryňy paş etjek diýip dursalar, ne alaç bar mende... Feridäniň ýüzüne çaga şatlygy çaýylyp gitdi.

— Bu ne ajap! — diýip, ol şadyýan seslendi.

— Ýöne bir şert bilen, Çalyguşy: süýjini agzyňa özüm tutduryp berjek.

— Nädip?

— Ap-aňsat. Men muny on ýyl mundan öň şeýtjekdim. Kamran süýjini aldy-da, Feridäniň dodaklaryna ýetirdi. Feride bir pursatlykça ikirjiňläp durdy-da, süýjini dodaklary bilen çekip aldy. Kamran ondan özelenip haýyş etse-de, ikinji süýjini hem şu terzde iýmäge Çalyguşy razy bolmady. Feride:

— Hany, bäri ber. Şamlyk naharyndan soň, ony Nejdet ikimiz iýeris — diýdi.

— Feride, ýör şol aýmança çenli gideliň. Deňze syn ederis. Ol örän gözel! Hem gürleşeris, hem deňziň owadanlygyna syn ederis.

— Bolýar. Ýöne gutyny öýe eltip gaýtmaly. Bir minut garaş. Kamran ilkinji gezek Feridäniň tenine el degirmäge ýürek etdi, ol onuň elinden ýapyşdy.

— Ýok, Feride, men ynanamok. «Bir minut garaş...» diýersiň-de, soňam gelmersiň. Geläýeniňde-de, haçan we nähili geljegiňi kim bilýär... Biler bolsaň, eýýäm saňa ynamym gaçyp ugrady. Feride jogap bermedi başyny aşak salyp, Kamranyň gapdaly bilen ýöräberdi. Şol agşam Kamran keýpsiz, lapykeçdi. Ol mundan artyk saklanybilmän birsyhly zeýrenip, üzlem-saplam, başly-barat gürleýärdi. Deňze garaňkylyk aralaşypdy, uzakdan süri-süri bolup guşlar uçuşyp gelýärdi. Kamran:

— Seret, Feride, bahym senem olar ýaly uçup gidersiň, şeýle dälmi? — diýip seslendi. Feride dymýardy.

— Sen bir zady aýt: eýsem, sen daýzalaryň, çykanlaryň, uýalaryň, ähli dostlaryň bilen, çagalygyň geçen ýerleri bilen gynanman — zat etmän aýrylyşjak gidiberjekmi? Feride ýene jogap gaýtarmady.

— Eýsem, sen öz öýüňde hoşbagt bolup, başgalara-da bagt eçilýärkäň, sensiz ýetim galjak öýe ýüregiň awamazmy? Feride jogap bermedi, hatda diňlejek hem bolmady. Ol galamynyň ujy bilen gutynyň ýüzüne bir zatlar ýazyşdyryp, çyzyşdyrýardy. Kamran:

— Jogap bermek isläňokmy? — diýip sorady. Onuň sesinde gatyrganma duýuldy. Çalyguşy çykanynyň ýüzüne pikirli seretdi-de:

— Bagyşla, Kamran, başga zadyň pikirini edip, seniň näme diýeniňi hem eşitmändirin. Birwagtlar eşiden, soňam unudan köne bir aýdymym ýada düşdi... Bilmedim, ol aýdym näme üçin hut şu wagt ýadyma düşýärkä? Ýene-de unudaýmaýyn diýip, ýazyp aldym, ine, onuň sözleri. Okaryn diýseň, okaý. Bagyşla, üşedim, öýe gideýin — diýdi. Kamran Feridäniň bulaşyk haty bilen ýazylan dört setiri okap çykdy: Gepletme sen meni, haýyşym, eý, ýar! Kalbymda öçmejek alawlar ýanýar! Şatlyk-gaýgym sensiň, birehim agýar! Kalbymda öçmejek alawlar ýanýar!

## VI

Bu wakanyň üstünden dört gün geçipdi. Feride Kamrandan gaça durup başlady. Ol onuň ähli mekirliklerine, özi bilen ýeke galjak bolup gurýan sapalagyna düşünip, ondan sypýardy, kesekileriň ýanynda çykany bilen gürleşeninde, ol onuň ýüzüne seredenokdy, gözüni sowýardy. Dördünji gün diýlende, agşamaralar öýdäkileriň bary çagalary alyp, myhmançylyga gitdiler. Olar agşam azanynda gaýdyp gelmelidiler. Daşarda gyňyr şemal tozan baryny sürüp barýardy, töwerekdäki baýyrlaryň üstünde köwsarlap, zaryn-zaryn şuwlaýardy. Kamranyň öýde oturmaga takady galmandy, ol gezim etmäge çykypdy. Agaçlar şapyrdaşyp, göze görünmeýän ýagşyň derdinden yranyşyp-yranyşyp gidýärdiler. Çäge tüweleýleri alyslara uzalyp ýatan ýoly kesip geçip durdy. Kamranyň ýüz-gözi tozandan dolýardy, ol her bäş minutdan aýak çekip, şemala ýeňsesini öwrüp durmaly bolýardy. Ýalazy baýyrjygyň üstünde Kamranyň birnäçe daş harsaňlaryna gözi düşdi. Gapdalda inçejik pessaýja agaç ýalaňaç şahalaryny şemala yrap otyrdy. Kamran ýoldan sowlup, gaýanyň ýanyna bardy-da, onuň ygyşak tarapynda dyzyny epdi. Töwerekde iňlär siňek ýokdy, edil çölüstanlyk ýalydy. Tebigatyň gözelligi hiç haçan beýle jansyz, beýle biweç, durmuş hiç haçan beýle nämut görünmändi. Birden uzakda, suwuň içinden geçýän ýaly bolup ýatan ýolda bir adam peýda boldy. Ala-mula eşiginden çen tutsaň, ol zenan maşgalady. Kamran näme edip — näme goýýanyny özi hem bilmän, baýyrdan düşdi-de, oňa tarap ugrady. Birnäçe minutdan soň, ol Nerminiň gülgün çarşabyny tanady. Gyz hem ony gördi-de, uzakdan saýawanyny bulady. «Geň zat. Näme üçin Nermin beýlekiler bilen däl? Näme üçin ol ýeke?» diýip, Kamran geň galdy, ädimini çaltlandyrdy. Gyz başyny egip barýardy, ol eli bilen eteklerinden ýapyşyp, beýleki eli bilenem ýyrtylyp, guş ganatlary ýaly bolup şemala galgaýan çarşabynyň ýapynjasyny tutýardy. Kamran ahyrsoňy gyzyň ýüzüni görenden onuň ýüregi çalt urup başlady: Nerminiň gülgün reňkli çarşabyny geýip gelýän Feridedi. Olaryň arasy birnäçe ädimdi. Onýança şemal Feridäniň elindäki saýawany gaýdyryp alyp gitdi. Ol çirkin gygyryp, saýawanyň yzyndan ylgajak boldy, emma onýança şemal onuň eteklerini galgadyp, ýapynjasyny hem galdyryp goýberdi, saçyny bulaşdyrdy. Kamran aýny wagtynda ýetişen ekeni. Ol gyrymsy agaçlaryň ýanyndaky saýawany tutup, paltosynyň syýy bilen Feridäni ýelden gorady, oňa çarşabyny düzetmäge kömekleşdi.

— Kamran, saňa duşanym gowy bolaýdy. Şemal, edil Çalyguşy sürüleri ýaly, üstümden inip, tas uçuryp alyp gidipdi. Ol ýene nämedir bir zat diýjek boldy, emma şemal ony ýene başyny aşak

salyp, gözlerini, agzyny ýummaga mejbur etdi. Olar ýol bilen ýöräp ugradylar. Kamran, öňküleri ýaly, paltosynyň syýy bilen ony şemaldan gorajak boldy. Feride özüne gelip dil açypdy. Ýöne onuň gülküsi tutýardy. Ol jak-jak gülüp, munuň sebäbini sakyna-sakyna düşündirmäge durdy:

— Näme üçin gülýänligimi bilýärmiň, Kamran? Myhmançylykda otyrkak, birden bazara gitmelidigim ýadyma düşdi. Emma egnimde ýeldirmäm bardy, ol geýimde bolsa köçä çykmak gelşiksiz-ä. Nermin dadyma ýetişäýdi. Ine, şeýdip, Nerminiň çarşabyny geýip, bazardan çykyp gelýärkäm bir serkerde yzyma düşüp başlady. Ol yzymdan ýetip: «Nermin hanym, siz bärdemidiňiz? Bu nä garaşylmadyk bagt, hanymependim!» diýdi. Nermin pahyr maňa delalat etmekçi bolupdy, emma ol öz aýybyny özi açdy oturyberdi. Şeýlebir gülkim geldi welin, saklanybilmän, pyňkyryp goýberipdirin. Serkerde öte geçenligini bilip, ökjäni göterdi... Elbetde, Nerminiň ýerine esli ýaşan zenany görse, nätsin-dä?.. Kamran ýylgyrdy. Feride sözüni dowam etdi:

— Ýogsa-da, gyzyň syryny saňa açyp juda galat iş edipdirin. Ýaňra dilimi wagtynda saklap bilemok-da. Gadyrdan, Allanyň hatyrasyna, hiç kimiň ýanynda gürrüň etme. Bolýarmy? Kim bilýär... Uzagyndan Nerminiň hem ony halamagy mümkin... Şonda olara ýagşylyk etdigiň bolar...

— Söz berýän, Feride. Ýöne Nermin entek juda çaga ahyryn.

— Mümkin...

— Şeý diýeninde Feridäniň sesi naýynjar çykdy.

— Ýöne çaga ýüregi çaklaýşyň ýaly bolmaýar. Ýaş juwanlar esli salymlap dymşyp gitdiler. Şemal ýatyşypdy. Olar ädimini haýallatdylar. Olar ýoluň gutararyny islänokdy. Kamran gamgyn halda oýlanýardy: «Ýap-ýaňyja-da tebigat maňa jansyz ýatan boş ýer ýaly, özüm bolsam biderek adam ýalydym, indi bolsa gülgün reňkli çaga çarşably owadan zenany şemaldan gorap, men çäksiz bagtyýar adam. Bu hemişe-de şeýle bolup biljekdi. Islän bolsam, bu kiçijik owadan zenany hoşbagt edip, özümem bagtyýar bolardym... Wah, bolmady-da!» Feride içini gepledip, ýuwaşja ýöräp barýardy. Birden ol ýene dil açyp, biderek bir zat barada gürrüň edýän ýaly, arkaýyn gürläp başlady:

— Näme diýseňem, bu kiçijik syýahat şähdimi açdy. Indi bu täsir telim ýyllap ýadymdan çykmaz. Daýzalarymy, sizi göresim gelip, ýüregim gyssa, ýene gelerin. Ýyllar geçer, saçlarym agaryp başlar. Seniň hem saçlaryň agarar. Biz duşuşanymyzda ýene begenip, aýralyşanymyzda az gynanarys. Kim bilýär, haçanam bolsa birwagt hemişelik gelmegim hem ahmal. Şeýle dälmi? Sebäbi muňa durmuş diýerler. Her hili zat bolup biler. Sen bolsaň hakyky agam bolup galarsyň. Gojalar ýeke-ýekeden bizden ara açarlar, biz bolsa birek-biregiň gadyryny has gowy bileris, adamlaryň kemçiliklerine has geçirimli bolarys. Biziň soňky ýyllarymyz çagalygymyzyň geçen ýerinde geçer. Onuň sesindäki çat açan billuryň ýaňy has aýdyň eşidilip ugrady, ony gussaly, hasratly äheňe saldy. Ýoldan ýany çagaly gedaý aýal geçip barýardy. Aýakýalaňaç çaga Feridäniň töwereginde diriň-diriň böküp, horja eljagazlary bilen onuň köýneginiň eteklerini sypalap ugrady. Kamran aýak çekip, ol aýala pul uzatdy. Kiçijik ýetimler bilen oýnamaga öwrenişen Feride mylaýymlyk bilen oglanjygyň başyny sypalady. Olar ýene ýoluny dowam etdirip ugranlarynda gedaý aýal:

— Allam sizi bir-biriňizden aýyrmasyn!.. Allam bu gözel hanymy saňa ýar etsin! — diýdi. Ýaş juwanlar biygtyýar aýak çekdiler. Kamranyň kalbynda toplanan agyry-yza onuň gözlerinde, aýnadaky ýaly aýdyň göründi.

— Feride, bu zenanyň näme diýenini eşitdiňmi? Feride jogap bermedi, emma ýaňaklaryndan iki sany iri gözýaş damjasy, togarlanyp gaýtdy... Olar ýoluna rowan boldular, ýöne bir-birlerinden esli aralykdan ýörediler.

***

Olar garaňky gatlyşanda öýlerine golaý geldiler. Şemal ýatyşypdy. Dowamly göreşden ýadaşan agaçlar uka batypdy. Suwuň boýundaky gaýalar, sadabyň lowurdysy ýaly, dürli-dürli öwsüp otyrdy. Kamran:

— Entek ir ýaly-la, Feride — diýdi. — Biziňkiler şäherden gaýdyp gelmändirler. Belki, gaýalaryň ýanynda gezim ederis? Feride ýaýdanjyrady:

— Bagyşla, Kamran, men gidip, eşiklerimi çalşyraýyn, şemal halys saçlarymy bulaşdyryp taşlady. Onuň sesinde argynlyk duýuldy. Ýarym sagat mundan öň gülgün çarşaby janly zat ýaly onuň döşüne, dyzyna erjel ýapyşyp, mylaýym galgaýardy, indi bolsa ol zenanyň egninde puç bolan arzuw ýaly sallanyp durdy. Feride ýadaw halda derwezäniň öňündäki uly daşa çökdi-de, çägäniň ýüzünde saýawany bilen ömri ýaly bulaşyk, gözgyny çyzyklary çekmäge başlady. Biraz soňrak Kamran egnini egnine degrip onuň ýanyna çökdi-de elini eline aldy. Feride allaniçigsi boldy, ol gaçmakçy bolýan ýaly, aljyrap, töweregine garanjaklady. Ol birnäçe gezek uludan demini aldy, göreji elhenç lowlap, şobada-da öçüp gitdi, çekinjeň, tabyn hala geldi. Ol titräp duran buz ýaly sowuk beýleki elini Kamrana uzatdy. Olar şeýdişip, birek-birege gysmyljyraşyp, gözlerini süzüşip, esli salymlap oturdylar. Kamranyň çekgeleri tyrsyldap ugrady. Ol: «Ynha, Feridäniň barmaklary meniň elimde titräp dur. Eýsem, jadyly düýş oraşan bolaýjakmyka?» diýip içini gepletdi. Ahyrsoňy ol gözüni açdy. Feride ýene düýşünde aglaýan çaga ýaly, içini çekdi we agralan başyny Kamranyň egnine atdy Kamran her gezek gobsunanynda Feridäniň özüne berk gysmyljyraýandygyny, elini has berk gysýandygyny duýdy. Onýança-da onuň lebleriniň öz-özünden:

— Men Gülbeşekeri gowy görýärin... — diýip pyşyrdady. Gapynyň jygyldysy ýaşlary ukudan oýanmaga mejbur etdi. Çalyguşy tüpeň sesine ürken guş ýaly, ýerinden syçrap turdy. Öňden Nermin ýöräp gelýärdi. Feride oňa tarap okdurylyp, ony tolguna-tolguna bagryna basdy, gyzyň ýüzünden-gözünden şapba-şupba ogşady. Beýle uly şatlygyň sebäbine hiç kim düşünmedi. Çalyguşynyň ýap-ýaňyja argynlygyndan nam-nyşan galmady. Ol körpeleri eline alyp, ýokaryk-ýokaryk bökdürdi. Olar bolsa çirkin-çirkin gygyryşdylar. Hemmeler öýe gireninde, Feride garaňky dälizde birneme yza galyp, çykanyna garaşdy, ol golaýyna geleninde:

— Taňryýalkasyn, Kamran — diýip, ýuwaşjadan pyşyrdady.

## VII

Ertesi Feride ýene şähere ýeke gitdi-de, günortadan soň halys ýadaw halda geldi. Şonda-da ol, hemişekisi ýaly, çagalary ýygnap, jaýyň ýeňsesinde hiňňildik gurup ugrady. Kamran Eziz beýiň ýaňra myhmanynyň ýanyndan gaçyp geleninde bagda, hiňňildikde Feride bilen Nejdet otyrdy. Feride güýjünde baryny edip uçýardy. Nejdet çirkin-çirkin gygyryp, çaga pişik ýaly onuň boýnundan aslyşýardy. Äşe daýzasy on ýyl mundan ozalkysy ýaly:

— Feride, gyzym, guduramaňy goý! Çagany ýykarsyň!.. — diýip gygyrdy. Ketjal Çalyguşy:

— Daýza, nämäni alada edýärsiňiz? Nejdetiň esasy eýesi zeýrenenok ahyryn. Dogry dälmi, Kamran? — diýip, şadyýan jogap berdi. Feride her bir çaganyň göwnünden turjak bolup, olary nobatma-nobat üwreýärdi. Çagalaryň iň ulusy bolsada iň gorkagy Nermin çirkin-çirkin gygyryp hiňňildikden bökdi. Ahyrsoňunda, Feride hem böküp ýere düşdi. Onuň saçlary buýr-bulaşyp, derçigen ýüzüne ýelmeşip durdy. Ol ýüpüň gylçyklaryny aýyrmak üçin aýalaryny bir-birine sürtdi-de:

— Uçman galanyňyz ýok gerek? — diýip sorady. Kamran ýaýdanjaňlyk bilen:

— Sen meni unutdyň, Feride! — diýdi. Çalyguşy bialaç ýylgyrdy. Ol «ýok» diýmek islemedi, «bolýar» diýmäge-de ýürek etmedi. Onuň nazary hiňňildigiň ýüpünden taýyp, agajyň şahalaryna düşdi. Ol kimdir biriniň Kamranyň arkasyny tutaryna garaşdy.

— Nätmeli? Bilmedim — diýip, Feride hümürdedi.

— Göwnüme bolmasa, hiňňildik bizi götermese gerek. Müjgän, sen nähili pikir edýäň? Müjgän eli bilen ýüpe ýapyşdy-da, Kamranyň ýüzüne dikanlap seretdi. Ol:

— Gep ýüpde däl — diýdi.

— Feride halys surnukdy. Kamran, oňa bir syn et. Göwnüme bolmasa, argyn zenana iş bolsaň günä bolaýmasa. Feride garşy çykjak boldy, emma Müjgäniň sözleriniňdir garaýyşlarynyň manysyna düşünip, ol garagolluk eden çaga ýaly, utanyp, ýaýdanyp, başyny aşak saldy.

— Hawa-da, gaty ýadadym. Hakykatdan hem, Feridäniň ýüzi solgundy, gözleri öçügsidi. Kamrana siňe seredip durşuna, Müjgän:

— Sen bu gün meniň pikir edişimden hem birehim — diýip, ýuwaşja gürledi.

— Näme üçin? — diýip, ýaş ýigit hem ýuwaşja sorady. Müjgän Kamrany bir çete çagyryp:

— Göreňokmy onuň halyny? Sen entegem onuň durmuşyny, ýüregini harlanyňy az görýärmiň? — diýdi.

— Müjgän...

— Biz näçe ýyl bir-biregi görmedik. Feride aýralygyň ajysyna çydap bilmän, öýke-kinesini unudansoň geldi. Onuň derdi birneme ýeňledi. Sen bolsaň ýaňy bitip ugran ýarany ýene gorjap başlaýarsyň...

— Müjgäniň gözlerine ýaş aýlandy.

— Ol ertir yzyna gaýdanynda nähili ejir çekjekdigi barada oýlanýaryn... Hawa, Kamran, Feride ertir gaýdýar. Hemme zat taýýar. Indi ol öz durmuşy barada-da, ýüreginde gopýan harasatlar barada-da maňa gürrüň berenok. Oslanman durkak gitjek bolmagy hem garaşylmadyk ýagdaý. Näme, beýle howlugýaň-la? — diýip soranymda, ol adamsyndan gelen haty bahanalady. Munuň ýalanlygyny bilýän. Ol senden gaçýar, görgüli näçe wagtlap jebir çekmeli? Muny ýöne ýere aýdamok, Kamran. Aýrylyşmagyň oňa juda agyr degjeginden gorkýan. Feride güýçli, öte güýçli adam, ýöne ol zenan maşgala ahyryn. Sen onuň öňünde günäli! Köýen durmuşyna günäkär! Aýralygyň öň ýanyndaky iň soňky sagatlarda onuň özüni mertlerçe, parahat tutmagy üçin eliňde baryny etjek bol! Gaýrat et! Kamran esgi ýaly agardy.

— Sen diňe Feridäniň köýen durmuşy barada gürrüň edýäň. Onsoň meňki nähili?

— Oňa özüň günäkär.

— Müjgän, beýle birehim bolma!

— Düşün, eger ýagdaý başgaça bolan bolsa, menem başgaça gürlärdim. Ýöne häzir elimizden gelýän zat barmy näme? Feride başga biriniň aýaly, ol el-aýagy bagly adam. Görüp durun, senem öte betbagt. Indi saňa gahar edemok. Ýöne başga alajam ýok. Feridäniň ir bilen gitjekdigini hemmeler bilýärdi. Emma hiç kes bu barada dil ýarmaýardy. Agşamlyk nahary wagtam hiç kimden ses-seda

çykmady. Eziz beý öňküsinden hem beter gojalan, çagşan ýalydy. Ol Feridäni ýanynda oturdyp, onuň eginlerinden sypalady, eňeginden tutup, ýüzüni özüne tarap öwürdi-de, gözlerine bakyp:

— Wah, Çalyguşy! Sen gojalan çagym ýüregime ýara salýaň-da — diýdi. Şol agşam hemmeler ir dagaşdylar.

## VIII

Jaýdakylar uka gideninde ýarygije bolupdy. Müjgän otagyndan daş çykdy. Onuň egninde ýukajyk ýaglyk, elinde bolsa kiçijik şemdan bardy. Ol daraklygyna basyp, käte bir aýak çekip, Kamranyň otagyna ýetdi. Otagda ne ses, ne-de yşyk bardy. Ýaş zenan gapyny ýuwaşja kakyp:

— Kamran, doganjygym, ýatyrmyň? — diýip pyşyrdady. Gapy açyldy. Bosagada Kamran peýda boldy. Ol hatda egin-eşiklerini hem çykarman ekeni. Şemiň öçügsi yşygy onuň solgun, ýadaw ýüzüne düşüp durdy. Öçügsi yşyk gözüni gamaşdyrýan ýaly, ýygy-ýygydan gözlerini gyrpdy.

— Kamran, sen entek ýeriňe geçmänmidiň?

— Görüp dursuň-a...

— Onda çyrany öçürmäň näme?

— Bu gije yşyk gözümi gamaşdyrýar.

— Sen garaňkyda näme işleýäň? Kamran ajymtyk gülümsiredi.

— Hiç zat. Derdimi, agyrymy egisjek bolýaryn. Onsoň sen näme üçin beýle bimahal çagy gelipsiň-le? Saňa näme gerek? Müjgän diýseň tolgunýardy.

— Biler bolsaň, täsin bir täzelik bar! Gam çekme, Kamran, özüňi ele al. Häzir bilersiň... Müjgän otaga girdi, şemi stoluň üstünde goýup, seresaplylyk bilen gapyny çekdi. Ol näme diýjegini oýlanýan ýaly, dymdy. Ahyrsoňy tolgunmasyny dep etjek bolup, gürrüňe başlady:

— Gadyrdan Kamran, gorkma. Saňa bolgusyz bir zat aýtjak däl. Tersine, bu örän gowy täzelik. Ýöne sen tolgunjak bolsaň... Müjgän doganyny köşeşdirjek bolýardy, özi bolsa ondan hem beter tolgunýardy. Onuň gözlerinde ýaş göründi, sesi sandyrap çykdy.

— Gulak as, Kamran. Agşam Feride ýanyma geldi. Bolşy geň, hemişekilerinden üýtgeşik. Ol: «Müjgän, öz syrymy diňe saňa aýdyp biljek. Senden ýakyn adamym ýok. Seniň ýene bir syrdan habarly bolmagyňy isleýän. Sen ony ertire çenli, men gidýänçäm, hiç kime aýtma. Soň kime aýtsaň, şoňa aýt. Siziň hemmäňiziň meniň oslanmankam gelişime haýran galandygyňyzy bilýän. Muňa ýüregim gysyp, aýralyga çydap bilmedim diýdim. Hawa, bu dogrudy. Ýöne esasy sebäp ol däldi. Bu ýere iň arzyly adamym ölüm ýassygynda ýatanda oňa beren wadamy berjaý etmäge geldim. Müjgän, size ýalan sözlemäge mejbur boldum. Adamym üç aý mundan öň düwnük keselinden ýogaldy...» Feride şeý diýip, başyny egnime atdy-da, ses edip aglady. Gözýaşlaryny zordan saklap, ol gürrüňini dowam etdirdi: Lukman ölmänkä meni ýanyna çagyryp: «Feride, indi mätäçlik çekersiň öýdemok, bar mirasym saňa geçýär. Ýerini bilip harçlaýan adam üçin bu pul ömrüniň ahyryna çenli ýeter. Ýöne meni başga bir zat azara goýýar. Zenan maşgala baý bolanda-da ýeke ýaşamaly däl. Pul bir zat, söýgi, mähir düýpden başga zat. Feride, eger sen arkaýyn ölmegimi isleseň, ölenimden soň Stambula, garyndaşlaryňka gitjekdigiňe ant iç. Eger olarda hemişelik galasyň gelmese, iň bolmanda, ol ýerde iki-üç aý ýaşa. Durmuş diýeniň yzy görünýän zat däldir. Belki, garyndaşlaryň irde-giçde saňa gerek bolar. Ýa-da seniň bir gün maşgala mähirini küýsemegiň ahmal... Bir söz bilen aýdanyňda, Feride jan, seniň garyndaşlaryň bilen ýaraşjakdygyňy bilsem, arkaýyn ölüp biljek, seniň ykbalyň barada gaýgy etjek däl...» diýdi. Aglap oturyşyma, lukmana iň soňky islegini berjaý etjekdigime wada berdim. Ýöne bu-da oňa az göründi. Ol öňki adaglym bilen ýaraşmagymy haýyş etdi, Kamran irde-

giçde agaň bolar diýdi. Lukman sürgüç bilen möhürlenen, Kamrana elin gowşurmaly bukjamy maňa uzatdy. Ol: «Bu bukjada birwagtlar meni örän gynandyran bir köne depder bardyr. Ony ozalky adaglyň hökman okap çykmagyny isleýän. Ony gowşurjakdygyňa wada ber...» diýdi. Müjgän, indi sen bar zady bilýäň... Eziz lukmanym ak ýürekli, halal adamdy. Onuň pikirine görä, garyndaşlarym bilen ýaraşmak durmuşda ýeke galmakdan halas edip biljek ýeke-täk zatdy. Ýöne ol munuň nähili hupbatly boljakdygyny bilmeýärdi. Lukmany Munisäniň gapdalynda jaýlap, Stambula gaýtdym. Onuň bu sargydyny berjaý etmegiň kyn düşjekdigine diňe şol ýerde düşündim: maňa Münewweriň aradan çykanlygygny habar berdiler. Şol ýerde özüm hakynda örän ýaramaz zatlaryň aýdylýandygyny eşitdim. Eger-de Kamranyň aýaly aýatda diri bolan bolsa, onda garyndaşlara birnäçe günlük gezmäge gelmegim, örän tebigy zat bolup görünerdi: Sebäbi men dul galan zenan, adamym golaýda ölen... Emma häzir welin siziň hemmäňiz, hatda Kamran, hatda meni hemmelerden gowy tanaýan Müjgän, sen hem men barada nähili ýaramaz pikir etjekdigiňizi diňe Hudaý bilýär. Siz: «Başyny alyp gitdi-de, telim ýyllap sergezdançylyk etdi, başyndan geçmedik zat ýok, kim bilýär, ol bu bende bir hasap bilen özüni goja satandyr... Indem Kamranyň başynyň boşdugyny eşidip, bäş ýyl mundan öň terk edip, näletlän öýüne gaýdyp gelendir. Ýene-de şol pirim...» diýersiňiz. Belki, siziň käbiriňiz, akgöwünli, merhemetlileriňiz, başgaça pikir etseler-de edýändirler, ýöne olaryň ýanynda-da başym hemişe aşak boljakdyr...»

Müjgän barha tolgunýardy, onuň ýüzi gamgyndy.

— Wah, Kamran, sen onuň gürrüňlerini bir diňleseňdiň — diýip, ol sözüni dowam etdi:

— Feride şeýlebir aglady, şeýlebir örtendi. Onuň soňky sözlerini hiç ýadymdan çykaryp bilemok. Ol, ine, şeýle diýdi: «Dogduk öýümden gaçyp, gören günlerimi aýdyp, soňuna çykar ýaly däl. Durmuşda datmadyk ajym galmady. Nähili ýowuz zerurlygyň durmuşa çykmaga mejbur edişini, eýsem, aýdyp bolarmy? Eger-de durmuşynda köp gowgalary başdan geçiren, üstesine, maşgalaly bolmaga hem ýetişen ýigrimi bäş ýaşly aýal özüne päk, el degirilmedik gyz diýse, ýüzüme, tenime hiç haçan erkek adamyň dodaklary degen däldir diýse, uly il gülüp: «Munuň kezzapdygyny!» diýer. Şeýle dälmi, Müjgän? Beýle däl diýip subut etjek gümanyň ýok. Başga hiç zat aýtjak däl. Lukmanyň Kamrana niýetlän bukjasynda näme bardygyny bilemok. Belki, ol ýerde üýtgeşik bir zat bardyr! Köp jebri-jepa duşsam-da, merhumyň iň soňky islegini berjaý edýärin. Ýöne iň soňky ädimimi ätmäge mundan artyk mejalym ýok. Ertir hemmesi ýerbe-ýer bolar. Bu bukjany sen gämä münemsoň Kamrana berersiň...» Müjgän dymdy. Durmuşyň iň agyr pursatlarynda-da özüni ýitirmeýän ýaş zenan bu gezek hem aljyraňňylyga düşmedi, ýöne çaga ýaly, zaryn aglady.

— Kamran, biz gaýdyp Feridäni ýeke goýmaly — diýip, ol doganyna sandyraýan ellerini uzatdy.

— Eger gerek bolsa, ony zor bilen saklaly. Geçmişde näme bolan bolsa-da, şonlugyna galsyn, ýöne siz bir-biriňizden aýrylyşmaly dälsiňiz. Görýän welin, bu aýralyga siziň ikiňizem döz gelip bilmersiňiz. Kamran üstünden gyzgyn suw guýlan ýaly boldy. Gör, niçe umyt döredi! Gör, näçe hasrat döredi!.. Bu juda arzuwçyl adam üçin diýseň çökder gelýärdi. Telim günläp özüni bilmän ýatan nähoş ýaly ol oý-pikirlerden oýanyp, daş-töweregine garanjaklady-da, gözlerini birsyhly gyrpyldadyp başlady. Müjgän ýaglygynyň aşagyndaky gyzyl sürgüç bilen möhürlenen bukjany eline aldy.

— Feridä beren wadamyň tersine, muny saňa häzir gowşurýaryn. Ýaş gelin ýaglygyny düzedişdirip, gitmäge hyýallandy, emma Kamran ony saklady.

— Müjgän, senden bir zady haýyş etmekçi. Sen bu işe hemmelerden köp gatnaşdyň. Şonuň üçin bukjany bileje açyp, içindäkini bileje okaly. Stoluň üstünde çyra durdy. Müjgän ony ýakdy. Kamran bukjany açdy. Onuň içinden ýene bir bukja bilen iri-iri ýazylan bir hat çykdy. «Oglum, Kamran beý! Size bu kagyzy ýazan adam ömrüniň bir bölegini kitaplara, bir bölegini bolsa durmuş

atly manysyz söweşde ýaralananlara bagyş eden bir gojadyr, megerem, bu hat siziň eliňize düşinçä, onuň pany jahan bilen hoşlaşaýmagy hem mümkindir. Diňe sulhumyň alan biçäre bendesi üçin iň soňky gezek ýagşylyk edýändirin diýen umyt meni ölüm ýassygynda ýatyrkam şu setirleri ýazmaga mejbur etdi. Günlerde bir gün uzakdaky obanyň köneje bir jaýynda şugla kimin arassa, arzuw deýin owadanja stambully kiçijik gyza duş geldim. Siz dumly-duşy gar basyp ýatan aňzak gyş gijesini göz öňüne getiriň: penjiräni açýaňyz welin, şol bada-da garaňkyň içinden bilbiliň hoş owazy gelýär. Ynha, şol pursatda şuňa meňzeş bir hala düşdüm. Bu näzik, päk gyzjagazy, Gudratyň seýrek duş gelýän ajap gözelligini bu garaňky oba haýsy näletsiňmiş täleý, haýsy tötänlik getirip taşladyka? Görsem, onuň ýürejigi aglap dursa-da, gözleri, dodaklary gülüp dur. Ol meni özüni il bähbidi üçin pida edýän diýen akyla sygmajak ertekisi bilen aldajak boldy. «Wah, eýjejik gyzjagaz! Seniň bu ertekiňe nädip ynanaýyn? Men seniň Stambulda taşlap gaýdan kemakyl, nadan ýigidiň däl ahyryn!» Onuň süýji düýşi ahyryna çenli görmäge goýman oýadylan çaganyňky ýaly gara gözleri, tagaşyksyz, ýaýdanjaň hereketleri, titräp duran dodaklary maňa ähli zady aýan etdi. Ozallar Leýlisini gözläp çöl söken Mejnun barada köplenç hezil edip oýlanardym. Feridä duşanymdan soň, bu köne rowaýaty unudyp, asylly, arassa, ajap, päkize mawy gözli kiçijik Leýlini ýatlap başladym. Ol sansyz-sajaksyz gabyrly güňleç obalarda söýgi barada hakykata öwrülmejek düýşlerden teselli gözläp ýören täze döwrüň Leýlisidi. Iki ýyl geçeninden soň, biz ýene duşuşdyk. Gyzy ýene şol öňki keseli guradyp barýardy. Wah, näme üçin ony şol ilkinji gören günüm eýeriň öňüne basyp alyp gitmedimkäm? Näme üçin ony zor bilen Stambula, dogduk öýüne äkitmedimkäm? Bu meniň uly ýalňyşymdy. Biz ikinji gezek duşuşanymyzda, iş-işden geçipdi, siz öýlenen ekeniňiz. Ol entek çaga-la, görjegi öňünde-le, sizi unudar-la diýip pikir etdim. Feride bir gezek näsaglanda onuň gündeligi tötänden elime düşdi. Bu ýaş ýürege salnan ýaranyň nähili çuňdugyna şonda düşünip galdym. Gyz gündeliginde bütin durmuşyny beýan edipdir. Onuň sizden ýüz öwürmejegine ymykly göz ýetirdim. Ony edil öz eziz çagam ýaly edip bejermek isledim. Emma arabozar adamlaryň betpygyl hileleri maňa beýtmäge hem päsgel berdi. Şonda mende ony bir gowy adama durmuşa çykarmak pikiri peýda boldy. Emma bu hatarlydy. Onuň adamsy hernäçe gowy bolsa-da, ol Ferideden söýgi talap etjekdi. Bu gyzjagazym söýmek üçin doglup, söýgi zerarly dert çekýärdi, islemeýän adamyny söýmek onuň üçin dowzahyň bäri ýany boljakdy. Birini söýýän halyňa başga biriniň gujagyna dolmak ony heläklemegi mümkindi. Gyzy halas etmelidi. Feridäni gelinligim eden kişi boldum, dirikäm ony goramagyň küýüne düşdüm. Şeýtsem, ölenimden soň, az-owlak emlägim, birnäçe mülk oňa gün görmäge doly mümkinçilik berjekdi. Gyýa seredilýän gyz bolup ýaşandan dul aýal bolup ýaşamak oňa ýeňil düşjekdi. Irde-giçde onuň arzuwynyň hasyl boljakdygyndan umydymy üzemokdym. Durmuşda duş gelmeýän zat barmy? Siziň ýanýoldaşyňyzyň aradan çykmagy ähli zadyň üýtgejekdigine bil baglamaga maňa ýene bir umyt berdi. Siz barada Stambuldan birsyhly habar aldym durdum. Belki, bu ýitgi siziň maşgalaňyzy juda gynandyrandyr, ýöne ol maňa hem şeýle täsir etdi diýsem, öte geçdigim bolardy. Feridäni bu ýalan nikadan boşadyp, size gaýtaryp bermäge amatly wagt gözläp ýördüm. Bu işime adamlaryň näme diýjegini-hä bilemok welin, ähli gep-gürrüňleri, gybatlary bireýýäm jähenneme iberipdim. Edil şol wagtam keselim beterläp ugrady, indi sanlyja aý wagt galandygyna düşünýärdim. Jikme-jik ýazyp oturmagyň geregi ýokmuka diýýärin. Feridäni bir bahana bilen Stambula ibererin, onsoň ol bu haty size berer. Men oňa, gowy belet boldum. Ol täsin gyz. Onuň hötjetlik etmegi, bir zatlar toslap tapmagy hem mümkin. Sen muňa üns berme, ony ýanyňdan hem goýberme. Gerek bolsa, daglylaryň gyz alyp gaçanlarynda edişi ýaly, oňa berkiräk daraş. Bilip goý, ol seniň gujagyňda öläýse, diýmek, onuň bagtdan öldügi saý. Şuny-da açyk aýdaýyn, men seniň aladaňy edemok. Özüm bolsam-a, saňa öýüň pişigini-de rowa görmezdim. Emma alajyň ýok-da. Bu kelesaň gyzlara hiç zat düşündirjek gümanyň ýok. Olary sen ýaly boş, doňýürek adamlara nämäniň maýyl edýändigine düşünip bilýän däldirin. Indi ýurduny täzelän Haýrullah». Sözsoňy. Bukjada Feridäniň gündeligi bardyr. Geçen ýyl biz Alajagaýa baranymyzda, men bildirmän, arabadaky sandyjagy aldym. Sandykda gündelik ýatan ekeni. Hernäçe

bildirmedik hem bolsam, onuň juda gynanandygyny gördüm. Bu gündeligiň irde-giçde gerek boljakdygy barada pikir edipdim, diýmek meniňki dogry eken.

**IX**

Ýaşlar gök sahaply gündeligiň soňky sahypasyny agdaranlarynda daşary ymykly ýagtylyp, bagdaky guşlar oýanypdy. Kamran ýadawlykdan hem gaýgy-hasratdan agralan kellesini depderiň saralan kagyzyna egip, köp ýeri gözýaşdan ýaňa öçügşen, mährem setirjikleri telim gezek ogşady. Olar gündeligi bir ýana goýmakçy bolanlarynda Müjgän gök sahaby çyranyň ýanyna eltdi, siňe-siňe seredip:

— Bu entek bary däl, Kamran. Sahapda-da bir zat ýazylypdyr. Ýöne gök kagyzyň ýüzündäki syýadan baş çykarmak kynrak. Ýaş juwanlar çyranyň peltesini düzedip, ýene-de gündeligiň üstüne egildiler. Olar şu aşakdakylary kynlyk bilen okadylar: «Düýn gündeligimi hemişelik ýapdym. Nika gijesinden soň ýatlama ýazmakdan-ha geçen, kemteresinden aýna-da seredip bilmen, hatda gürlemäge-de dilim ysmaz öýdýärdim. Emma... Ine, düýn gelin boldum. Sil suwuna gaçan ýaprak ýaly, çäresiz bir ýagdaýda akymyň ugry bilen gitmeli boldum. Diýlen zatlaryň baryny etdim, hiç zadyň gaňryşyna gaýtmadym, hatda lukmanyň Izmirden getiren uzyn ak köýnegini hem geýdim; saçyma kümüş sapaklaryny örmäge-de rugsat berdim. Emma özümi uly aýnanyň öňüne eltenlerinde, birden gözlerimi ýumup goýberdim. Bar edenim şol. Ähli görkezen garşylygym şol boldy. Adamlar meni görmäge geldiler. Mekdepde bile okan ozalky kärdeşlerime çenli geldi. Olaryň özüm hakda näme diýýänlerini eşitmedim, diňe hemmelere birmeňzeş, naýynjar ýylgyrmaga jan etdim. Bir kempir ýüzümi synlady-da:

— Garry peläketiň bagty getiripdir. Durnajygyň edil gözjagazyndan uraýypdyr-da! — diýdi. Haýrullah beý öýe agşam nahary wagty gaýdyp geldi. Onuň egninde uzyn syýly sürtügi, dolmuş göwresini gysyp duran korseti bardy. Elwan reňkdäki ajaýyp boýunbagy bir tarapa gyşarandy. Halym teň bolsa-da, saklanybilmän ýuwaşja güldüm. Garrynyň üstünden gülmäge hakym ýok diýip pikir etdim, onuň boýnundaky boýunbagyny aýryp, başgasyny dakdym. Haýrullah beý gülýärdi-de:

— Berekella, gyzym, berekella! Sen ýetdirgisiz hojalykçy bolup ýetişersiň. Ýaş gelin bolmagyň özüňe nähili peýdalydygyny sen görýärmiň? — diýdi. Myhmanlar dagaşdylar. Biz aşhanada äpişgäniň öňünde ýüzbe-ýüz bolup oturdyk.

— Balam, meniň näme üçin eglenenimi bilýärmiň? — diýip, Haýrullah beý gürledi.

— Munisäniň ýanyna baryp gaýtdym, onuň guburyna güldür birnäçe zer sapaklaryny eltip gaýtdym. Gyzyň saňa aýtmaga çekinse-de, meniň bilen ýeke galanynda ýygy-ýygydan: «Abajygym gelin bolanynda saçyna zer ýüplükleri örer, menem örerin» diýýärdi... Bilbiljigimiň saryja saçjagazyna özümem şu sapaklary örerdim. Ýöne alajyň ýok-da... Saklanybilmän, äpişgä tarap öwrülip, aglamaga durdum. Gözýaşlarym bu gussaly güýz agşamynda äpişgäniň aňyrsyndaky duman ýaly çala görünýän gözýaşlardy. Olar şobada kirpiklerimde gurap gidýän gizlin gözýaşlardy. Hemişekileri ýaly, bu agşam hem biz esli salymlap aşakda, aşhanada oturdyk. Haýrullah beý burçda kürsä geçip, äýnegini dakdy-da, dyzyna goýup ullakan bir kitaby açdy. Ol:

— Hanym gelin, öýlenen ýigit kitap okamaly däldir. Ýöne sen meni bagyşla. Onsoňam biynjalyk bolma, gijeler uzyndyr, seniň gowy görýän ertekiňi okamaga wagt bolar — diýdi. Atynan ýaglygymyň aşagyndaky başymy has-da aşak egdim. Wah, bu goja lukman diýsänim! Ony öňler gaty gowy görerdim, indi bolsa diýseň ýigrenýän! Diýmek, derdi-azarym zerarly başymy egnine goýanymda ol... Diýmek, ak kirpikleriň astyndan görünýän ýazyksyz gök gözler maňa aýal, geljekki aýaly hökmünde garapdyr-da!.. Sagat on biriň zaňyny kakýança şeýle ünjüli pikirlere gümra bolup,

özümi horlap oturypdyryn. Lukman kitaby stoluň üstüne taşlady-da gerindi, pallap, kürsüden turdy. Ol:

— Hanym gelin! — diýip maňa ýüzlendi.

— Ýatar wagt boldy. Ýör! Tikip oturan zadym elimden gaçdy. Ýerimden turup, stoluň üstündäki şemdany aldym, ýapaýyn diýip, penjiräniň ýanyna bardym-da, esli salymlap agşam garaňkylygyny synlap durdum. Meniň kellämde: şu wagt gaçyp, garaňky köçelerde sumat bolaýsam näderkä? diýen pikir peýda boldy.

— Gelin, hanym — diýip, lukman seslendi.

— Sen juda gamgyn görünýän ýaly-la. Bar, hany ýokaryk çyk. Onbaşa käbir tabşyryklary berenimden soň, menem bararyn. Lukmanyň garry hyzmatkäri bilen goňşymyz egin-başymy çalşyrdylar, ýene elime şemi tutdurdylar-da, meni adamymyň otagyna alyp bardylar. Haýrullah beý henizem aşakdady. Elimde şemdany tutup, şkafyň öňünde, sowukdan ýaýdanýan ýaly, ellerimi döşümde gowşuryp durdum. Titreýärdim, şemiň ýalynjygy herdem saçlarymyň ujuny çirkizip gidýärdi. Ahyrsoňy dälizde, basgançakda aýak sesi eşidildi. Otaga Haýrullah beý geldi, ol ýöräp gelişine aýdyma hiňlenip, sürtügini çykarmakçy bolýardy. Meni görüp, ol ör-gökden geldi.

— Gyzym, henizem ýataňokmy? Bir zat diýjek bolup agzymy gymyldatdym welin, dişlerim dişlerime degip, şakyrdap başlady. Lukman golaýyma gelip, gözlerime dikanlap seretdi.

— Gyzym, saňa näme boldy? Sen meniň otagymda näme işleýärsiň? — diýip geňirgendi. Birden batly gülki otagy gaplap aldy.

— Gyzym, belki, sen... Lukman gülküden ýaňa düwündi. Soňra dyzlaryny şapbatlap, elleri bilen agzyny tutdy-da:

— Diýmek, sen bu ýere... Ah, ýeňilkelle diýsänim! Sen, hakykatdan hem, ikimiz är-aýal bolandyrys öýdýäňmi? Ah, sen utançsyz diýsänim! Ah, utançsyzyň biri utançsyz! Alladan gork! Atañ ýaly adama sen... Otagyň diwarlary çaýkanyp gidene çalym etdi, jaýyň depeligi üstüme inen ýaly boldy.

— Ah, sen betpäl ýürekli ýeňilkelle! Sen gije köýnekli meniň ýatýan jaýyma gelmäge utanmadyňmy! Şol pursatda özümi synlasym geldi. Ýüzümiň näçe reňkde lowlap ýanýandygyny bolsa, Hudaý bilsin!

— Lukman beý, walla, ant içýärin.. Muny nireden bileýin. Maňa şeýtmeli diýip aýtdylar.

— Goý, olar galat bir iş etjek bolupdyrlar diýeli. Sen näme?.. Her hili zat barada oýlanyp biljek welin, beýle zat ýatsam-tursam, ýadyma düşenok, bu ýaşdan soň utançsyz bir gyz namysyma, degnama deger öýdüp, güman hem edemok. Eý, Hudaý, bu nä iş, bu nä ahwalat? Dodaklarymy dişläp ganadypdyryn, şol wagt ýer ýarylsa, men girjekdim. Ýerimden gozgananymda ol wäşi lukman äpişgäniň ýanyna ylgap gelip, boýnuny uzatdy-da:

— A, gyz, golaýyma gelme, gorkýan, walla, häzir penjiräni açyp, gygyrýan. Dostlar, dadyma ýetişiň! Meniň ýaşymda maňa... Mundan artyk diňläp durup bilmän gapa tarap ylgadym. Emma şobada-da yzyma dolanyp geldim. Muny näme üçin beýdenimi hem bilemok. Kalbymyň emrine boýun boldum.

— Atam, ata janym — diýip, perýat edip, goja lukmanyň boýnuna bökdüm. Ol meni bagryna basdy, maňlaýymdan ogşady-da, ýüreginiň töründen çykýan ses bilen:

— Gyzym, balam! — diýip eňredi. Bu ata öpüşini, sandyrap duran bu mährem dodaklaryň öpüşini, hiç haçan ýadymdan çykarman.

***

Öz otagyma gelip, hem agladym, hem güldüm, garaz, dergazap boldum, lukman öz otagyndan meniň diwarymy kakyp başlady:

— A gyz, sen jaýy göçürýäň! Bu nämäniň galmagal-a? Sebäbi gybatkeş goňşularym «Garry peläket, gelni ertire çenli agladyp çykdy» diýip, günä ýöňkeseler, nädeýin? Ýöne lukmanyň özem galmagaly az etmedi. Ol otagda eýläk-beýläk gezmeläp, käýinen kişi boldy:

— Eý, Allam, sen ar-namysymy bu zamanyň gyzlaryndan gorawer! Şol gije biziň lukman ikimiz herimiz öz otagymyzda on gezek dagy oýandyk. Biz birek-biregiň diwaryny kakyp çykdyk, horaz bolup gygyryşdyk, guş bolup jürküldedik, gurbaga bolup warryldadyk.

***

Ine, gelin bolşum barada berjek gürrüňlerimiň bary. Ajaýyp häsiýetli lukmanym şeýlebir päk göwünli, şeýlebir halaldy, ol, hatda biziň nikamyzyň ýalandygyny hem maňa duýdurmandyr. Eý, Taňrym, onuň ýanymda men entek ýeňles bir gyz... Biziň mukaddes dostlugymyzda Haýrullah beý özüniň erkek kişidigini ýadyndan çykarypdy, emma men özümiň zenandygymy unutmandym.

Erkekleriň aglabasy ýaramaz, birehim bolýarlar — bu jedelsiz zat. Zenanlaryň ählisi bolsa gowy, mylaýym adamlardyr — bu-da jedelsizdir. Ýöne az hem bolsa, kalby päk, niýeti düzüw erkekler hem duşýar, emma şeýle päkligi siz aýallaryň arasyndan hiç haçan tapmarsyňyz».

## X

Feride öňkülerinden hem ýadaw, mejalsyz halda oýananynda eýýäm sagat on ikilerdi, Gün süýr depä çykypdy. Ol sapagyna howlugýan mekdep okuwçysy ýaly allaniçigsi boldy-da, ýatalgadan böküp düşdi.

— Nädäýdiň, Müjgän! Bu gün gidýärin ahyryn! Näme üçin siz meni oýarmadyňyz? Müjgän hemişekileri ýaly, arkaýyn jogap berdi:

— Telim gezek gelip gitdim, senem ýatyrsyň. Ýüzüň şeýlebir argyn görnensoň, oýarmaga dözmedim. Gorkma, entegem seniň çaklaýşyň ýaly giç däl. Onsoňam bu gün gäminiň boljagy-bolmajagy belli däl. Deňizde gom turýar.

— Men hökman gidäýmeli.

— Kakamdan duralga gidip, ol ýagdaýy bilip gelmegi haýyş etdim. Ol taýyn bolup oturmagy tabşyrdy. Eger gämi gelse, ol yzyňdan paýtun iberer ýa-da özi geler. Feride gaýtjak gününi düýpden başgaça göz öňüne getirýärdi. Müjgän körpelere seredýärdi, daýzalary hemişekileri ýaly gürrüň bilen, gülki bilen gümrady. Kamran bir ýaňa sumat bolupdy. Feride gussa batyp başlady. Ol özüne onçakly üns berilmeýänine gatyrganýardy. Müjgän ýuwaşjadan:

— Feride, saňa bir ýagşylyk etdim: Kamrany jaýdan çykaryp goýberdim. Ol hem saňa artykmaç dert bolmajak bolup, edenime däl diýmedi.

— Indi ol gaýdyp gelmezmi?

— Seň bilen hoşlaşmak üçin duralga barmagy mümkin... Muňa begendiň gerek? Feridäniň gözleri gamly göründi, dodaklary müňküldedi. Çekgesi elhenç agyrýardy, ol agyryny birneme köşeşdirjek bolup, çekgelerini barmaklary bilen owkalaýardy.

— Hawa, hawa, sag bol... Gaty gowy edipsiň... Feride hoşallyk sözlerini başly-barat aýdyşdyrdy, göwnüne bolmasa, ol çagalyk ýyllarynyň söýgüli dostunyň ýüregi üçin ymykly ölüp, gaýdyp onuň bilen ýaraşmajak ýalydy. Günortan naharynyň öň ýanynda oňa goňşularyndan — ýerli häkimiýetiň başlygyndan çakylyk getirip gitdiler. Ol ähli maşgalasynyň şähere gaýdyp gelmegi mynasybetli hem-de Feridäniň hormatyna günortanlyk nahar berýärdi.

— Bu nähili beýle bolar! Häzir meniň yzymdan gelýärler ahyryn — diýip, Feride garşy çykdy. Daýzalary ony:

— Feride, gitmeseň aýyp bolar. Olar bu ýerden bäş minutlyk ýolda. Onsoň hem taýýarlanmak nämä gerek. Diňe egniňe çarşabyňy atsaň boldugy — diýip köşeşdirmäge durdular. Bu nä boldugy? Eger ozal daýzalary ony ene hökmünde mähir bilen gurşap alan bolsa, indi ony ullakan pişikçe-de görenoklarmyka? Feride olary görmejek bolup beýlesine öwrüldi-de:

— Bolýar, men razy — diýdi. Sagat üç töwerekleridi. Feride ýapraklary solşup ugran çyrmaşykly bassyrmanyň astyndan ýola seredýärdi. Birden ol:

— Müjgän, bir paýtun gelýän ýaly-la. Ýalňyşmaýan bolsam, ol meni äkitmäge gelýär öýdýän — diýip gygyrdy. Edil şol wagt hem uzakdan, kenardaky agaçlaryň aňyrsyndan gämi göründi. Feridäniň ýüregi agzyna geldi. Ol:

— Gelýär! — diýip gygyrdy. Baga aljyraňňylyk aralaşdy. Hyzmatkär zenanlar ýapynjalary alyp gelmek üçin iki ýana ylgaşlaýardy. Feride daýzalaryna:

— Irräk çykaýyn, siz soň baryberersiňiz — diýdi. Olar Müjgän bilen bile bagyň içinden gabatlap gitjek boldular, ýöne derwezäniň öňünde oslagsyz ýerden aşpez aýala sataşdylar.

— Siziň yzyňyzdan geldim, hanymlar — diýip, garry aýal olara ýüzlendi.

— Jenaplar siziň yzyňyzdan paýtunly gelipdirler, sizi soraýarlar. Eziz beý bilen Kamran ýaş zenanlara ikinji gatda dälizde gabat geldi.

— Ynha, iki sany dälişgen myhman gelipdir. Galmagal etmäň! — diýip, Eziz beý gürledi. Soňra ol Feridäni boýdan başa synlady-da:

— Ezizim, bu näboluşdyr, üsti-başyň öl-suw... — diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.

— Gämi gelipdir... Eziz beý ýylgyrdy-da, Feridäniň ýanyna bardy, alkymyndan tutubam gözlerine dikanlap seretdi.

— Gämi gelmesine geldi welin, munuň saňa dahyly ýok. Seniň ýanýoldaşyň göwnänok. Feride bir ädim yza çekilip, aljyraňňy halda:

— Daýy, näme diýdiňiz-ä? — diýip hümürdedi. Eziz beý barmagy bilen Kamrany görkezip:

— Gyzym, seniň ýanýoldaşyň, ine, şu bolmaly. Meniň bu ýerde hiç hili dahylym ýok — diýdi. Feride çirkin gygyryp, ýüzüni tutdy. Ol tas ýykylypdy. Onýança biriniň eli onuň tirseginden goltgy berdi. Feride gözüni açanynda, Kamrany gördi. Eziz beý keýpihon halda:

— Ahyrsoňy Çalyguşymyz kapasa düşdi. Ýeri, nähili onsoň? Men seniň çykjak bolup urnuşyňy göresim gelýär. Göreli, çykaýarmykaň? Feride elleri bilen ýüzüni tutmakçy boldy, emma Kamranyň berdaşly elinden sypyp bilmedi. Ol başyny sowmak üçin kellesini iki ýana ýaýkady, emma ol birsyhly ýaş ýigidiň çiginlerine, döşüne degip gaýdýardy. Eziz beý öňküsi ýaly gülüp, sözüni dowam etdi.

— Seniň garyndaşlaryň saňa gapan gurdular, Çalyguşy. Ol dönük Müjgän seni satdy. Merhum lukman hem seniň gündeligiňi Kamrana iberipmiş, goý, Allam Haýrullah beýiň jaýyny jennet etsin. Depderi alyp, kazyň ýanyna gitdim, oňa käbir sahypalaryny görkezdim. Kazy paýhasly adam ekeni, şonuň üçinem ol Kamran ikiňiziň nika şertnamaňyzy derrew düzetdi. Düşnüklimi, Çalyguşy? Şu günden şeýläk bu ýaş ýigit seniň ýanýoldaşyň, onsoňam men onuň gaýdyp seni ýeke goýmajagyna ynanýaryn. Feride uly ili bilen aglady, hatda onuň gök gözleri çym gyzyl bolup, göreçlerinde gyzyl ýylpyldy göründi.

— Çalyguşy, kejirlik etme! Biz seniň begenýänligiňi görüp durus ahyryn. Indi sen yzym bilen: «Daýy jan, sen hemmesini gül ýaly gurapsyň. Hut isleýşim ýaly gurapsyň» diýip gaýtala. Eziz beý bu sözleri Feridä zordan diýen ýaly gaýtalatdy. Soň ol otagyň gapysyny açyp, dabaraly ýylgyrdy-da:

— Şerigatyň adyndan ygtyýarly edildim. Çalyguşynyň adyndan... bagyşlaň, Feride hanymyň adyndan Kamran beý bilen nikalaşmaga razydygymy aýdýaryn. Hany, siz doga okaň, bizem bärden: «Omyn!» diýeris — diýdi, soň Feridä tarap öwrülip:

— Aýtjak zadyň barmy, Çalyguşy! Ah, sen garagoljyk diýsänim! Barmak boýly halyňa bize, gör, näçe ýyllap görgi baryny görkezdiň! Onsoň gördüňmi? Saňa nähili hile gurdum — diýip seslendi. Bag tarapdan çagalaryň sesi eşidildi.

— Häzir uzyn-uzyn gutlaglar, el öpmeler başlanar — diýip, Eziz beý sözüni dowam etdirdi.

— Bulary biz agşama goýalyň. Men entek görlüp-eşidilmedik toý suprasyny taýýynlaýyn. Hany, janlyrak bolsana, oglum! Siziň ýaňramalaryňyzdan näme peýda bar. Göwnüme bolmasa, siziň bir-biriňize aýtmaly zatlaryňyz bar ýaly. Görýäňmi ýeňseki çykalgany? Şu darajyk basgançak bilen aýalyňy alyp git, uzak-uzak ýerlere, islän künjegiňe alyp git. Soňam bileje gaýdyp gelersiňiz. Kamran Feridäni merduwanyň ýanyna getirmek üçin elinden zor bilen çekdi. Onýança, bir ýerden Müjgän böküp çykdy. Joralar gözýaş döküşip, ogşaşmaga başladylar. Eziz beý ýüzünden düwme-düwme bolup akýan gözýaşlary bildirmejek bolup, batly sümgürindi-de, hakyky danyşment görnüşine girip, elini silkdi:

— Eý, üljämi alan Çalyguşy! Eger başgalara-da ogurlyk öwretseň, sen almytyňy alarsyň! Hany, ony maňa ber! Biz hasaplaşmaly!

— Şeý diýdi-de, Eziz beý Kamranyň entek hem elinden tutup duran Feridesini ýokaryk göterdi, gaýym öpüp, ýene-de ýaş ýigidiň gujagyna itekläp goýberdi.

— Şu gije biz seni deňiz gomundan halas etdik. Ýöne indi saňa çypar «gom» howp salýar. Ol deňiz gomundan has elhençdir. Goý, Alla saňa ýar bolsun, Çalyguşy! Ýaş juwanlar darajyk basgançakdan aşak düşdüler. Olar, hamala, ganat baglan ýalydy. Kamran Feridäni bagryna basýardy, onuň barmajyklaryny berk gysýardy. Feridäniň köýnegi basgançagyň ýapyşalgasyna ilişdi. Olar uludan demini alşyp, birsellem aýak çekdiler. Gelin köýneginiň etegini çekip aljak boldy. Onýança, Kamran tolgunyp:

— Feride, seniň ýene meniňkiligiňe ynanybilemok!.. Kalbymy muňa ynandyrmak üçin men seniň agramyňy öz ellerimde synap görmeli — diýdi-de, gyzy çaga göteren ýaly edip, eline aldy. Feride demini sojap alýardy, ýigidiň elinden sypjak bolup, galpyldaýardy, çarşabynyň astyndan bolsa saçlary galgaýardy. Kamran olara dulugyny degrip gysmyljyrady, gyz teniniň golaýlygyndan gany gyzyp ugrady. Onuň güýjüne güýç goşuldy. Kamran ony göterip, aşak äkitdi. Gyz doňan ýaly bolup, uçuda gaýyp barýan adamlarda bolşy ýaly, demi tutuldy. Ol hem gülýärdi, hem aglaýardy. Gapynyň ýanyndaky sekide ol ýalbarmaga durdy:

— Kamran, maňa sered-ä. Bu ýagdaýda bir köçä çykyp bormy? Rugsat berseň, bir minutlykça ýokaryk çykyp geleýin, eşiklerimi çalşyraýyn. Derrew gelerin. Kamran gyzy goýbermän, gülüp:

— Bu mümkin däl, Feride! Beýle ýagdaý diňe bir sapar bolýar. Onsoň elime düşeniňden soň, seni gaýdyp goýberibilmen — diýdi. Feridäniň garşylyk görkezmäge takady galmady, ol ýüzüni Kamranyň döşüne goýdy-da utanjaňlyk bilen:

— Sen şonda gidenime özüm ökünmeýändirin öýdýäňmi? — diýip boýun aldy. Kamran Feridäniň ýüzüni görmeýärdi. Ol diňe söýgülisiniň ýaňaklaryny, dodaklaryny sypalaýan barmaklaryna gyzgyn gözýaşlaryň damýandygyny duýdy. Ýaş juwanlar ýoldan gujaklaşyp barýardylar. Öňlerinden iki sany balykçynyň gelýändiklerini görüp, olar bir-birlerinden çekildiler. Olar gürleşmän diýen ýaly barýardylar. Birek-birek bilen bileje ýöräp barmak, gör, nähili bagtdy! Göwreleriň golaýlygy olary serhoş edýärdi. Ynha, üzümçiligiň içinden geçýän ýoljagaz. Bu ýolda Kamran on ýyl mundan ozal Feridä duşupdy.

— Feride, belki, bu ýerler seniň ýadyňdan çykandyr? — diýip, ýaş ýigit Feridäniň çigninden emaý bilen ýapyşyp sorady. Gyz uzaga, ýoljagazyň gözden ýitip gidýän ýerine seredip ýylgyrdy.

— Diýmek, ýadyňda-da? — diýip, Kamran gaýtalap sorady.

Feride ýuwaşjadan içini çekdi, arzuwyna ýylgyrýan ýaly, Kamranyň ýüzüne manyly bakyp:

— Eýsem, meniň şol pursatdaky şatlanyşymy ýatdan çykaryp bolarmy? Kamran Feridäniň ýüzüni öwüräýmeginden, şeýdibem, özüniň onuň gözlerini görüp durmagyndan mahrum bolaýmagyndan çekinip, onuň alkymyndan tutdyda, haýaljakdan hem ýuwaşjadan şeýle diýdi:

— Eziz Feridäm, biziň betbagtçylyklarymyzyň bary şu ýerden başlandy. Gözüň köp zat görüp, köp ejir çekendigine, şonuň üçin hem olaryň maňa düşünjekdigine ynanýaryn. Seni söýemde sen oýundyr garagolluklardan başga hiç zat bilmeýän ýeňlesje, bälçijek gyzdyň. Sen el bilen tutup bolmaýan Çalyguşydyň. Seni jan-dilden söýüpdim, her gün ir bilen oýananymda saňa bolan söýgimiň barha güýjeýändigini duýýardym. Mundan hem utanýardym, hem gorkýardym. Käte seniň syrly bakyşlaryň, aýdýan sözleriň meni oda-köze salýardy. Emma keýpiň çalt-çalt üýtgäp durdy. Käte-käte mydam gülüp duran jadylyja çaga gözleriňde täze bir zat uçganaklap görnerdi: ol näzikden duýgur gyz ýüreginiň oýanyp ugramagydy. Ol şol pursatda-da gaýyp bolup giderdi. Şonda öz-özüme: «Ýok, bolubiljek zat däl, bu çaga maňa ynanmaz? Ol meniň durmuşymy köýdür...» diýerdim. Eýsem, seniň beýle wepaly bolup, bütin ömrüňi maňa bagyşlajagyňy, bütin ýüregiňi maňa berjegiňi nireden bileýin? Sen, belki-de, meni göreniňde reňkiň gaçýandygyny, dodaklaryň titräp başlaýandygyny bildirmejek bolup gaçansyň. Emma muny guş ýeňilligi hasap edip, jebir baryny çekdim. Indi sen, Feride, maňa bir zat aýt: beýle belent wepa, beýle nepis ýürek Çalyguşynyň kiçijik gursagyna nädip sygdy?

— Şeý diýip, Kamran birsellem dymdy. Onuň ap-ak, näzik çekgelerinde burçak-burçak der peýda boldy. Ol başyny aşak salyp, ýuwaşja gepledi! Feride, şunuň bilen derdim egsilmedi. Seni öz kölegämden-de gabandym. Çünki dünýäde, söýgi ýaly wagt geçdigiçe sowaşmaýan, garramaýan duýgy ýok ahyryn. Käte: «Birden Feridäni söýmämi goýaýsam, onuň lezzetli, jadyly duýgularyndan mahrum bolaýsam» diýen pikir hem kelläme gelmän durmady. Şonda ýanyp gutarmasyndan hem gaýdyp tutaşmazlygyndan gorkulyp söndürilen ot ýaly, menem, seniň keşbiňi ýüregimden sogrup taşlamaga çalyşdym. Feride, dagda bir ot gülleýändir, ýöne onuň ady häzir ýadymda däl. Eger şol otuň ysyny yzygiderli ysgap dursa, adam başga hiç zady duýmaýar... Ine, şeýdip, käte jadyly ysy duýmak ukybyna gaýdyp gelmek üçin biz başga gülleriň gözlegine çykýarys, beýleki, goý, ol «sary gül» bolsun, gülleri ysgap başlaýarys. Şol jadyly güli hut onuň bark urýan ysynyň özüniň heläk edýändigini bilýärin, adamlar olary ýolup, ellerinde mynçgalaýarlar. Feride, seniň jebri-jepalardan

ýaňa çöküşen gözleriň, gaýgy-ünjüden ýaňa ýadan eýjejik ýüzüň heläk etdigiňçe hoşboý ys saçýan güljagazy ýadyma salýar. Sen maňa düşünýänsiň-le? Çünki seniň gözleriň eýýäm gülmesini goýdy, sen meniň bu manysyz görünýän sözlerimi ýaňsylaýan dälsiň-le? Feride, ukusy gelýän çaga ýaly, gözlerini ýumdy. Onuň kirpiklerinde ýaş damjalary göründi... Ol görülen görgülerden juda ýadapdy, dyzy diýen etmeýärdi. Diňe Kamranyň elleri ony ýykylmakdan saklaýardy. Feride ukuda ýatan ýaly, diňe dodaklary bilen:

— Görýäňmi? Çalyguşy hemişelik öldi... — diýip pyşyrdady. Kamran Feridäni gujagyna öňküsinden hem gysdy, ol hem ýuwaşlyjak bilen:

— Aýyby ýok. Çalyguşa bolan söýgimiň baryny başga birine bagyş etdim. Onuň adyna Gülbeşeker diýýärler... Kamran şoňa çenli takatsyz, mejalsyz ýatan zenan göwresiniň birden janlanyp, titräp ugranlygyny duýdy.

— Kamran, beý diýme, ýalbarýan! Feridäniň kellesi heniz hem ýaş ýigidiň döşündedi. Ol başyny az-kem arka atyp, ýüzüni Kamrana tarap galdyrdy. Onuň kä güýjäp, kä peselýän deminden boýny titräp, gök damarlary tyrsyldaýardy, ýaňaklary lap-lap gyzyp, gözlerinde gyzyl uçgunlar oýnaklaşýardy. Kamran:

— Gülbeşeker... Gülbeşekerim... Diňe meniň Gülbeşekerim — diýip, hötjetlik bilen gaýtalaýardy. Durşy bilen galpyldaýan Feride aýak üstüne galdy, ýaş ýigidiň çiginlerini bagryna basdy; göwnüme bolmasa, onuň bedeniniň bar gany dodaklaryna toplanan ýaly, ol ýokarlygyna tarap uzady...

***

Feride Kamranyň gujagyndan çykyp, güýçli teşnelikden soň, durnaň gözi ýaly dury çeşmeden ykjam ganan guş kibi janlandy. Ol Kamranyň nazaryna duşmajak bolup, başyny o ýan-bu ýan burdy, üst-başyny batly kakyşdyrdy-da:

— Gaty aýypdyr, Allam, aýypdyr!.. Muňa sen günäkär... Çypbakaý çynym, sen günäkär — diýip hümürdedi. Golaýdaky agajyň şahasynda bolsa çalyguşy jak-jak edip saýrady.

***(Soňy).***